# J U M A  H U D A Ý G U L Y



# Salyr soňy Sarahs...

***Taryhy etnografiki roman – mozaika***

## I

## Köne Sarahs kime degişli bolmaly?..

Ahal tekeleri tarapyndan iňňän gaýduwsyzlyk bilen berk goralan Gökdepe galasy synandan üç ýyl soň, 1884-nji ýylyň ýedinji ýanwar güni Güljemal hanyň ýolbaşçylygynda geňeş geçirip, Mary tekeleriniň Orsyýede meýletin birikmek barada mejbury karar kabul etmekleri, Pendi ýaýlalarynda agyp-dönüp ýören sarykaryňam şol karara özakymlaýyn goşulmaklary netijesinde türkmen topragy tutuşlygyna diýen ýaly Orsyýetiň ygtyýaryna geçdi. Çünki, Lebapda oturan ärsary türkmenleri-hä Buhara bilen birlikde birwagtlar Orsyýetiň düzümine giripdi. Hazarýaka ýomut türkmenleri, hususan-da Maňgyşlakda, Çelekende oturan japarbaýlar we atabaýlar bolsa Gökdepe söweşindenem öň Orsyýetiň raýatlygyny kabul edipdirler.

Şeýlelikde, Orsyýet türkmen sähralyklarynyň üsti bilen Owganystana, ondanam Hindistana aralaşmak baradaky baryp-ha Pýotr birinjiniň döwründen bäri edip gelýän arzuwyna doly ýetip bilmese-de, garaz, onuň bäri ýanyna, ýagny, Şeýhu-Jüneýide-hä baryp ýetdi. Hazar deňzinden başlap tä, Bathyz belentliklerine

çenli bolan aralygy öz ygtyýaryna geçirdi we ahyrsoňunda bir egnini Owganystana bir egninem Eýrana diredi.

Ýöne ine, hemişe Mary sebitlerine degişli edilip gelnen, Eýranyň Täze Sarahsyndan uzak bolmadyk aralykda Tejen, derýasynyň sag kenarynda ýerleşýän Köne Sarahs welin şol wagt eýesiz ýatyrdy. Degre-daşy tozap ýatan, ilatsyz boş meýdandy. Onda ir döwürlerden bäri oturan, şol topragyň hakyky eýeleri hasap edilýän salyr türkmenleri-hä 1832-nji ýylyň güýzünde, Eýran tagtynyň mirasdüşeri şazada Apbas Mürzäniň ýolbaşçylygynda edilen elhenç çozuşdan soň zir-zöwran bolşup Ýolötene, Çärjewe, Meýmenä tarap bosupdylar. Ýer-suw ýetmezçiligi zerarly on sekizinji asyryň başlarynda Ahal tekelerinden bölünip gaýdyp, ilki Gäwersde, Abywerdiň Bäşgala diýen ýerinde, soň Tejen derýasynyň aýaklaryndaky Garrybentde oturan, Apbas Mürzäniň ýokarda agzalan çozuşy sebäpli salyrlar gidenden dört ýyl soň, ýagny, 1836-njy ýylda Hojamşükür hanyň we Oraz Ýaglynyň ýolbaşçylygynda Sarahsa gelen tekeler bolsa Eýranyň çapawulçylykly hereketleri zerarly bu ýerde uzak ynjalybilmändiler we 1858-nji ýylda Gowşut han olary Mara, Murgap derýasynyň boýlaryna alyp gidipdi.

Şeýdibem, Tejen derýasynyň sag kenary bilen tä, Hyrada çenli uzalyp gidýän dilkawja zolak – Köne Sarahs boşap galypdy.

Dogry, Gökdepe galasy synandan soň, ors hökümetiniň şol etraplara hem gadam goýaýmagynyň ahmaldygy baradaky sarsgynyň ýaňy bir ýaýran wagty, Eýran hökümeti Köne Sarahsy öz halky bilen ilatlaşdyrmaklyga synanyşyk edipdi. Hatda Köne Sarahsyň on iki kilometrlik demirgazyk – günbatarynda ýerleşýän Gowşut han galanyň golaýynda Tejen derýasynyň sag kenaryna diräp diýen ýaly Ruhnabat harby berkitmesini gurdurmaga girişipdi. Ýöne, uzak ýyllaryň dowamynda goňşy türkmen taýpaarynyň öwez-alamanlaryndan we käbir çapawulçylykly toparlaryň talaňçylyklaryndan ýaňa bizar-peteňleri çykan serhetýaka Eýran halky Köne Sarahsa göçüp gelmeklige döwtalap bolmandy. Ruhnabat berkitmesiniň gurluşygy bolsa, ors hökümetiniň talap etmegi netijesinde doly gurlup gutarylmanka togtadylypdy.

Eýsemde bolsa Köne Sarahs ors hökümetine ýeke bir Eýran serhedine eňek diremegi üçin gerek boldumyka?

Ýok! Ýeke bir onuň üçinem däl. Ol ýer oňa özüniň güýç-kuwwatyny birsyhly Eýrana güjeňläp durmak, ony hemişe gorky astynda saklamak üçinem iňňän amatlydy. Şeýlede bu gadymy ýurt giden bir tekiz meýdan bolup ors harbylary özlerine garaşly türkmenleri az sanly güýç bilen doly gözegçilikde saklap biljekdiler. Ýagny, Köne Sarahs olara gözegçilik nokady hökmünde hem hyzmat edip biljekdi.

Şonuň üçinem ol haýal etmän Sarahsy eýelemelidi. Eýran hökümetiniň ony özünden öň ilatlaşdyrmagyna ýol bermeli däldi. Özünem mümkin boldugyça çalt, şeýle-de, hut türkmenler bilen ilatlaşdyrmalydy, öz hasabyna geçirmelidi, raýatlyga almalydy.

Orsyýetiň şu mesele boýunça aşaklyk bilen alyp barýan özara gepleşikleri, Köne Sarahsa bolan meýli Eýran hökümetine basym äşgär boldy we ol hem Köne Sarahsy öz halky bilen orslardan öňürti ilatlaşdyrmak we şol sebiti öz ýurdunyň çägine gutarnykly goşmak höwesi bilen gaýtadan joşup başlady. Eýran şasynyň hut

özi, bu barada Maşatda oturan dikmesi, Horasanyň general-gubernatory Alymerdan hana haýdan-haý görkezme berdi. Şol iş üçin hiç-hili çykdajydan gaçmazlygy tabşyrdy.

Orsyýetiň Tährandaky ilçisi Melnikow hem özüniň ygtybarly çeşmeleriniň üsti bilen, Eýran hökümetiniň bu tutumyndan habardar boldy we telegraf arkaly Peterburga gyssagly habar ýollady. Köne Sarahsy öz halky bilen ilatlaşdyrmak baradaky Eýran hökümetiniň düýn-öňňünlikde öňe süren syýasatynyň öňüni almak üçin, ol ýeri eýýäm Orsyýetiň raýatlygyny kabul eden Maryly teke türkmenlerinden ýa-da saryk türkmenlerinden doldurmaklyga ygtyýar bermeklerini sorady.

Peterburg Melnikowyň teklibini goldady we onuň Aly hezretleri Beýik imperator bu işe gönüden-göni gözegçilik etmekligi Zakaspiý oblastynyň naçalnigi general Komarowa hem-de Kawkaz harby okrugynyň goşun ýolbaşçysy knýaz Dondukowa tabşyrdy.

Ady agzalan adamlar Ak patyşanyň görkezmesine şeýle bir ilgezek ýapyşdylar welin, bu işe türküstanyň we türkmenleriň, galyberse-de tutuş Gündogaryň taryhyny, dilini, däp-dessurlaryny ýagşy bilýän adamlary hem çekmek bilen, meseläniň garaşylyşyndan hem has oňyn çözgüdini tapdylar.

Ýagny, Köne Sarahsy Melnikowyň öz telegrammasynda teklip edili ýaly maryly tekelerden ýa saryklardan däl-de, taryhy möwrütleriň öwrümlerinde dürli sebäplere görä ol ýere gelip-gidip ýören, uly bolmadyk bir böleg-ä häzir Maryda, esasy bölegi bolsa Eýranyň Horasan welaýatyna degişli Zurabat diýen ýerde, üç ýyl bäri mejbury ýagdaýda oturan Köne Sarahsyň hakyky eýeleri hasap edilýän salyr türkmenlerinden doldurmaly diýen karara geldiler.

Ýüze çykan mesele boýunça Tährandan telegramma gelen gününiň ertesi, ýagny, 1884-nji ýylyň 14-nji maý güni, öňürt-ä Maryda oturan iki ýüz öýli salyry, ondan soň bolsa haýal etmän, olaryň Zurabatda oturan uly bölegini Sarahsa göçürip getirmek barada Mary okrugynyň naçalnigine gyssagly buýruk ýolladylar.

Ozaldanam Apbas Mürzäniň çozuşyndan bäri ata-watanlaryny küýsäp ýören mazaly salyrlar ors hökümetiniň özleri üçin eden bu elmaýyşlyklaryny köp-köp minnetdarlyk bilen kabul etdiler we ur-tut goşlaryna ýapyşdylar.

Kimsi arabaly, kimsi düýeli ýa eşekli, aglabasy bolsa arkasy sähelçe ýükli pyýadalardan ybarat göç 1884-nji ýylyň 28-nji maý güni, ir bilen başly-baradrak hem bolsa bir toplum bolup, Marydan Sarahsa tarap ýola düşdi. Olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, ýanlaryna podpolkownik Alyhanowyň ýolbşçylygynda iki ýüz sany atly kazak goşuldy.

Barýan göçi sag-salamat Sarahsa eltip, ol ýerde ýerleşdireninden soň, Zurabatda oturan salyrlary Sarahsa göçürip getirmek baradaky edilmeli aladalar hem Mary okrugynyň naçalnigi tarapyndan Alyhanowyň boýnuna atyldy. Ýöne, howlukmaçlyk ýa dyzmaçlyk edip Eýran hökümetiniň wekilleri bilen urşa ýa uly dawa getirip biljek gapma-garşylykly hereketlere girmeli däl, gödek gürleşmeli däl. Ähli zat halkara diplomatiýasynyň gadymdan gelýän berk düzgünlerine hem-de talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmaly.

***

Marydan gaýdan göç, 1884-nji ýylyň maý aýynyň otuz biri güni göç Sarahsa geldi. Olar tire urug, bölek hasabynda kowçum-kowçum bolup bölündiler we hersi öz saýlap alan ýerlerinde, hususanda Köne Sarahs galasynyň we musulman äleminiň iň uly alymlarynyň biri, meşhur Mäne babanyň hem mugallymy hasap edilýän Abylfazyl Sarahsynyň kümmetiniň günorta tarapynda, häzirlikçe howul-hara ýerleşdiler.

Alyhanow bolsa haýal etmän özüniň iki ýüz atlysy bilen Gowşuthan gala bardy. Uruş alamatlary bolmaz ýaly kazaklary şol ýerde galdyryp özi birnäçe milisionerler bilen pars berkitmesi bolan Ruhnabada tarap ugrady. Baryp, galanyň derwezesiniň agzynda goş ýazdyrdy. Çadyr dikdirdi. Atlaryň eýerlerini aýryp derýanyň boýundaky bol biten otluk meýdana goýbermek barada soldatlara görkezme berdi. Aýak ýeter ýaly ýerlere aýlandy, derýanyň kenaryna baryp, okgunly akýan, popurrykdyr-porruk garyşykly melemtil sil suwuny synlady. Ondan soň birmeýdan daş-töweregini gurşap alan, gür goýy hem salkyn saýaly, towlam-towlam ýüpleri sallanyşyp duran toraňňylaryň, şorumtyk ysly, ösgün, her şahasy baldyr ýaly ýylgynlaryň arasynda aýlandy, güsürdeşip, ondan-oňa uçup-gonup ýören sülgünleriň, käkilikleriň kä kölegeden, kä gür gamyşlyklaryň arasyndan, käte-de söwütleriň çür depesinden eşidilýän ýakymly owazlaryny, ownuklu-irili dürli guşlaryň bir heňe goşup çalýan nagmalaryny hezil edip diňledi. Mahlasy, sähelçe salymlyk hem bolsa dünýäniň ähli aladalaryny, uruş-gowgalaryny we dawa-jenjellerini unutdy. Täzeje aw etini iýmäge, umuman aw etmäge höwesi hernäçe güýçli bolsa-da, tüpeň sesini çykaryp, gele-gelmäne serhetde howsalaly ýagdaý döretmezlik üçin ol meýlinden el çekdi.

Ors atlylarynyň beýle duýdansyz peýda bolaryna garaşmadyk bolsalar gerek, Alyhanow dagy gelende Ruhnabadyň derwezesinde hatda parslaryň garawullaram ýok ekeni. Diňe şol günüň ertesi kelte boýly, keltejik aýakly, ullakan ala gözleri oýnaklap duran, burunlak, uçlary iki erninden aşak sallanyp duran ýogyn gara murtly kiçi çinli bir pars ofiseri iki sany uzynak serbazyň öňüne düşüp geldi we olary Ruhnabadyň girelgesinde garawul goýdy. Özi gybyrdyklap gelip Alyhanow bilen harbylarça salamlaşdy. Eýran Sarahsynyň komendanty Haýdarguly handan salam gowşurdy. Näme maksat bilen gelendiklerini sorady.

Orsyýetiň raýatlygyna giren Marynyň bir bölegi hökmünde Tejen derýasynyň sag kenary, şol sanda Köne Sarahs hem bize degişli – diýip, Alyhanow sypaýyçylykly jogap berdi. Ýene soragyň barmy diýen manyda çalarak gyýaklabraga-da juda kelteligi üçin boldan biçilen harby lybasyň içinde birneme gülkünjiräk görünýän ofiseriň ýüzüne şonuň üçinmi ýa başga bir sebäbe görämi, gülümsiräp garady.

Milisionerleriň biri onuň aýdanlaryny pars diline terjime etdi. Ofiser aşak bakyp durşuna jogaby üns bilen diňledi. Ýöne, hiç hili garşylykly pikir aýtmady. Jedelleşjegem bolmady. Sesini çykarman, gitdi-de, ýap-ýaňyja goýan garawullaryny galaýň agzyndan aýyrdy. “Got-got” edip ýene-de Alyhanowyň ýanyna gaýdyp geldi. Ýaňky aýdanlaryny Haýdarguly hana ýetireri ýaly hata ýazyp bermegini haýyş etdi. Bu meseläniň entek has ýokary derejelerde çözülýändigini, maslahatlar, gepleşikler geçirilýändigini, şol zatlar bir ýüzli bolandan soň, iki tarapyňam degişli

edaralarynyň has takyk görnüşde hat üsti bilen habardar ediljekdigini aýdyp, Alyhanow onuň ol haýyşyny kanagatlandyrmakdan ýüz öwürdi.

Pars ofiseri düşbülik hem boýun sunujylyk bilen baş atdy. Alyhanow bilen hiç bir kinesiz, mertebeli hem mynasyp hoşlaşdy. Ilerligine tarap elini salgap, "ýöräň" diýen manyda serbazlaryna yşarat etdi. Üçüsiniňem ümzügi Täze Sarahsa tarap gönükdi.

Şondan soň Alyhanowam ol ýerde uzak eglenmedi. Ýanynyň milisionerleri bilen Gowşuthan gala bardy we ol ýerdäki kazaklaryň bir wzwodyny alyp gaýdyp, üç günden çalyşmak şerti bilen, serhet goragçylary hökmünde Ruhnabatda goýdy. Gowşuthangalada hem şol şert bilen şonça güýç galdyrdy. Esasy güýji bolsa, Köne Sarahsda, derýanyň sag kenaryna golaý ýerde ýerleşdirdi.

Indi ol özüne buýrulan ikinji hem esasy ýumşa amal etmeklige girişmelidi. Hut şol niýet bilenem ol özüniň hat-petek ýöredijisi molla Sähedi ýanynyň bäş-alty sany jigidi bilen Zurabada iberdi. Ol şol ýerde oturan salyr türkmenleriniň kethudalary, hususan-da Teke han bilen duşuşmalydy, göç meselesi barada gürleşmelidi, egerde döwtalap bolsalar, onda ors hökümetiniň gol kömegini gaýgyrmajakdygyny aýtmalydy. Ýüze çykan ýagdaýy, syýasatyň ugruny düşündirmelidi. Düşünişmelidi. Olary Alyhanowyň ýanyna gepleşige çagyrmalydy. Has gowusy gyssagly suratda kethudalaryň özlerini alyp gelmelidi.

## II
## Ors–Eýran gepleşikleri

Orsyýetiň Köne Sarahs babatdaky täze syýasaty bilen Eýran hökümetini hiç bir bassyr-ýussursyz açykdan-açyk habardar etmekligi ilçi Melnikow özüniň borjy hasaplady. Degişli adamlar bilen bolan duşuşykda Sarahs topragy, onuň Orsyýete degişli bolmalydygy barada gürrüň etdi. Marydan iki ýüz öýli türkmeniň göçürilip getirilendigini aýtdy. Ýöne, Zurabatda oturan salyrlary ol ýere göçürip eltmek üçinem degişli çäreleriň görülýändigi barada welin dil ýarmady. Çünki, tabşyryk şeýledi. Eýranyň içki meselesine degişli, nägileçilik döredip biläýjek ol gürrüň häzirlikçe hiç ýerde gozgalmaly däldi. Ol mesele salyrlaryň öz syýasy hereketleri arkaly çözülmelidi.

Elbetde, Orsyýetiň Zurabatly salyrlar babatdaky içki syýasatyndan bihabar bolsa-da, Köne Sarahsa eýýäm iki ýüz öýli türkmeniň göçürilip getirilendiginden, ol ýerde iki ýüze golaý soldatyň gulluk edip ýörendiginden Eýran hökümetiniň onsuzam habary bardy. O zatlar bilen Eýrana degişli Tejen derýasynyň çep kenarynda ýerleşýän Täze Sarahsyň komendanty Haýdarguly han güni degişli adamlary, şol sanda şany hem habardar edipdi. Ýöne, ol topragy öz ilaty bilen özleşdirmekligiň höwesinde gezip ýören şanyňam bu meselede aňsat-aňsat ýan beresi, gaýra tesesi, agzyna golaý duran lukmany "mesaňa" diýýäge-de başga birine berip goýberäýesi gelmedi. Iň bolmanda garşylyk görkezip galasy, netije berse-bermese bagtyny synap göresi geldi.

Şonuň üçinem, ol Eýranyň Orsyýetdäki ilçisi Ýahýa han Müşireddowlä, Ak patyşa Aleksandr II bilen golaýda boljak duşuşygy mahaly Köne Sarahsyň ykbaly barada ýörite gürrüň gozgamaklygy tabşyrdy. Edilmeli gürrüňiň mazmunyny terzini

salgy berdi. Işiň juda gyssagdygyny, sähelçe haýal-ýagallyk etse, gürrüňi edilýän topragyň öz ellerinden ömürlik gidäýmeginiň ahmaldygyny öwran-öwran nygtady.

***

Geçirilmeli gepleşigiň iki tarap üçinem iňňän möhümdigini, gaýry goýulmasyzdygyny degişli adamlaryň ýanynda öwran-öwran ýanjamak bilen, Ýahýa han, Onuň Aly hezretleri Beýik imperator Aleksandr ikinjiniň özüni öň bellenen möhletden has irräk kabul etmekligini gazandy.

Gepleşige Orsyýetiň Daşary işler ministri hem gatnaşdy.

Eýran ilçisi turuwbaşdan Köne Sarahs barada söz açdy. Orsyýetiň türkmen topragyny eýeländigi, türkmenleri öz raýatlygyna alandygy babatda Eýran hökümetiniňem, şanyň hut özüniňem hiç hili nägileçilikleriniň ýokdugyny, ýöne, onuň ine, Köne Sarahsa hem öz goşunyny salmagynyň welin şa hezretlerini birneme ynjalyksyzlandyrýandygyny syzdyrdy. Soňundanam:

– Köne Sarahsda türkmenler ýaşamaýarlar, şonuň üçinem ol toprak siziň eýelän ýerleriňize girmeýär we köpden bäri Eýran hökümeti tarapyndan gözegçilikde saklanýar. Egerde Köne Sarahsyň Eýrana degişlidigini ykrar etseňiz, şa Sizden köp-köp hoşal bolardy – diýdi.

– Ýok! Beýle zat bolup bilmez – diýip, Imperator onuň bu pikirine çürt-kesik garşy çykdy. – Çünki, Köne Sarahs dünýä kartasyna eýýäm Orsyýetiň bir bölegi hökmünde girdi. Häzir boş ýatan hem bolsa, aslyýetinde ol sebit türkmenlere degişli. Türkmenler bolsa häzir Hazar deňzinden başlap tä, Guşga çenli uçdantutma biziň raýatlygymyzy kabul etdiler. Şol sebäpdenem ol ýurdy Eýrana degişli etmek barada hiç hili gürrüň bolup bilmez... – Imperator çalaja ardynjyrady-da, ýerinden turdy, iki ýana gezmeläp ýörşüne Ýahýa hanyň ýüzüne-de seretmän, edil öňküsi ýaly pessaý, ýöne, sagdyn gürledi. – Biziň soldatlarymyz barmazynyň edil öň ýanam Köne Sarahs tozap ýatan boş meýdandy. Egerde öňde-soňda ol ýerde biri oturan bolsa, o-da türkmenlerdi. Türkmenleriň at toýnaklarynyň oýnagyna öwrülen şol ak meýdana Eýran hökümeti henize çenli aýagynam sekmändi. Öz halky bilen ilatlaşdyrybam bilmändi.

– Biz ol ýeri ilatlaşdyrmakçy...

– Indi-hä ol barada asla agzabam oturmaň. Onsoňam egerde gerek bolsa, şolar ýaly tozap ýatan ýerler häzir siziň öz Horasan welaýatyňyzda-da az däl. – Ol birdenkä, ilçä tarap çakganlyk bilen öwrüldi-de, ajymtyk ýylgyrdy. – Öň eýelik edip bilmedik ýerleriňize indiden soň, ors ýaragynyň arkasyndan eýe boljak bolmagyňyz gelşikli-hä däl...

Imperatoryň biliner-bilinmez kinaýa gatyşykly ýumşajyk ýaňsy bilen aýdan bu sözüne aşak bakyp dyzynyň üstündäki açyk depdere sag elindäki gyzyl galam bilen bir zatlary bellik edip oturan harby ministr “myssa” ýylgyrdy. Başyny galdyryp ilki patyşanyň, soňam ilçiniň ýüzüne seretdi. Harby ministriň nazary bilen nazary howada kaklyşan Ýahýa hanam bialaç ýylgyrdy. Ýöne, juda ebeteýsiz, müýnli ýylgyrdy. Çalajada gyzardy. Soň uýaljyrap aşak bakdy. Aljyrap jübülerini sermeleşdirdi. Öý eýesiniň aýdanlary bilen ylalaşýandygynyň alamaty hökmünde usullyk bilen baş atdy. Şondan soň oňa eýran şasynyň hut özüniň öz agzyna salyp beren ikinji teklibini orta ataýmakdan başga alaç galmady.

– Biziň beýik şamyz Köne Sarahsyň Orsyýet bilen Eýranyň arasyndaky bitarap meýdança hökmünde ulanylmagyna hem garşy däl.

Imperator ýerine geçip oturdy. Şol bir sowukganlylygy bilen öňküsindenem kesgin gürledi.

– Bular ýaly meselä-hä biz asla seretmegem islemeýäris. Çünki, Köne Sarahsa eýýäm biziň raýatlygymyza giren türkmenler göçüp gelip ugradylar... – Ol ilçä tarap gyýalabrak garady-da, öňküsine görä birneme ýumşagrak terzde gürledi. – Şu mesele boýunça başga-da aýtjak zadyňyz barmy?

– Bar.

– Aýdyň.

Eýle bolsa biziň mertebeli şamyz iň bolmanda birnäçe aýa çenli Sarahsdaky harby otrýadyňyzy ol ýerden çykarmagyňyzy Sizden haýyş edýär.

Ýahýa hanyň birsyhly ýan berip barmagy, Köne Sarahsa eýe çykmakda Eýran şasynyň özi üçin hiç hili mümkinçilik görmeýändigini, bu meseläniň gürrüňsiz Orsyýetiň bähbidine tarap çözüljekdigini äşgär etdi. Onuň soňky haýyşy bolsa, ýüze çykan ýagdaýdan Eýran şasynyň mümkin boldugyça öz mertebesini, türkmenler we duldegşir türkmen topragy babatdaky ähli etsem-goýsamlary puç bolan we şowsuzlyga uçran ynjyk duýgularyny şondan artyk kemsitdirmänräjik baş alyp çykybilse galan zatlara kaýyl bolandygyny aňladýardy.

Her niçik hem bolsa, onuň ol haýyşynynda Eýran üçin üýtgeşik bir utuşyň ýokdugyny, agzalan ýer barybir eýelenenden soň özi üçinem uly bir ýitgi däldigini, esasanam Gökdepä edilen harby ýörüş mahaly az-owlak hem bolsa eden hyzmatyny göz öňünde tutup, egerde şonuň üçin amatly ýagdaý dörese, ýagny Marydan gelip eýýäm Köne Sarahsda ornaşan we mundan buýana hem ondan-mundan geljek türkmenler üçin Eýran tarapdan hiç hili howpuň abanmajakdygyna gözi doly ýeten halatynda şanyň şol haýyşyny kanagatlandyrmaklygyň özi üçin gaty bir müşgül iş däldigini patyşa Aleksandr ikinji belent mertebeli hem-de hemişe işi rowaç adama mahsus bolan agraslyk bilen howlukman aýtdy.

Muny Daşary işler ministri hem baş atyp makullady. Depderine ýene-de birnäçe bellikler etdi.

Imperatoryň soňky jogaby Ýahýa hana hem kem ýaramady. Iň bolmanda bir meselede eglişik gazanan adam hökmünde ol uludan demini aldy-da, hoşallyk bilen baş atdy, ýerinden turdy, bagyr basyp minnetdarlyk bildirdi.

Şondan soň ol Köne Sarahs barada gaýry bir meseläni öňe sürjegem bolmady. Çünki, birinjiden-ä Orsyýetiň Köne Sarahsy eýelemeginde Eýranyň öz bähbidem ýok däldi, ýagny, türkmenleri öz raýatlygyna almak bilen, Orsyýet Eýranyň asyrlarboýy böwrüne sanjy bolup gelen gündogar serhedini howpsuzlandyrýardy, türkmenler tarapyndan mundan buýana hiç hili alamançylygyň ýa çapawulçylygyň bolmajakdygyny kepillendirýärdi. Eýranyň gündogar serhedini jähekläp ýatan Tejen derýasynyň sag kenary tutuşlygyna Orsyýetiň ygtyýaryna geçipdi. Başga biriniň telpegine dawa edip durmagyň bolsa geregem ýokdy, netijesem görnüp durdy. Gijä galandygyňy, aýgytly pursaty elden giderendigiňi boýnuňa alaýmakdan başga alaç ýokdy.

Şonuň üçinem, gepleşigiň barşynda gelnen netije bilen şany habardar etjekdigini aýdyp, Ýahýa han imperator bilen hoşlaşdy.

Bolup geçen bu duşuşygyň mazmunyny Orsyýetiň Daşary işler ministri hem öz gezeginde Tährandaky ilçisi Melnikowyň dykgatyna günübirin ýetirdi. Ol özüniň giňişleýin telegrammasynda garalan meseläniň gutarnykly çözülendigini, şanyň özi ýa-da onuň ministrleri bilen boljak islendik duşuşykda Köne Sarahsa degişli meseleleri gozgamazlygy, bardy-geldi Eýran tarapyndan gozgalaýanda-da, Imperatoryň Ýahýa hana aýdan sözlerinden ugur almaklygyň maksada laýyk boljakdygyny duýdurdy.

Ýöne, şanyň özem Ýahýa hanyň Aleksandr II bilen geçiren gürrüňçiliginden we ol ikisiniň gelen netijelerinden kanagatlanan bolsa gerek, Melnikow bilen bolan soňraky duşuşyklarynda ol bu mesele barada hiç zat aýtmady.

## III
## Salyr türkmenleri barada taryhy maglumatlar

### 1. Sarahs haçan gurlupdyr?..

Ýogsa-da, ors hökümeti näme üçin Köne Sarahsy ala-böle salyrlara dahylly etdikä? Taryhy nukdaý nazardan garanyňda bu hakykata laýyk gelýärmikä?

Elbetde, şemal bolmasa çöp başy gymyldamaýar. Herki zadyň özüne ýetik sebäbi bolýar. Salyr türkmenleriniň Köne Sarahsa beýleki türkmen taýpalaryna görä has dahyllydyklaryny subut edýän taryhy maglumatlar bir ýa iki däl. Mysal üçin, miladynyň ýedinji asyrynda, araplar yslamyň ýaşyl tuguny parladyp, häzirki türkmen topragyna aralaşan wagtlaram gadymy oguz taýpalarynyň biri bolan salyrlar Sarahsda otyrdylar. Şonda olar beýleki oguz-türkmen taýpalary bilen bilelikde, bir wagtlar Oguz han tarapyndan yglan edilen “Gök taňryçylyk” dinlerini uzak wagtlap, iňňän tutanýerlilik bilen gorapdyrlar.

Elbetde, salyrlaryň içinde: “Şu şäheri biziň ata-babalarymyz gurupdyrlar, hut şonuň üçinem biz ony öz ata-watanymyz hasap edýäris, diýip ýapyşyp ýatany ýok. Bu şäheriň haçan gurlandygyny, kim tarapyndan düýbüniň tutulandygyny asla bilýänem ýok. Taryhy çeşmelerem bu barada her dürli habarlar berýärler.

Mysal üçin, XII asyrda ýaşap geçen Merwli taryhçy as-Samany özüniň “Atlaryň geneologik kitaby” atly işinde: “Sarahs Eýranyň efsanaýy patyşasy Keýkowus döwründäki bir garakçynyň ady bolupdyr. Ol häzirki Sarahsyň oturan ýerinde ýaşapdyr we şäheriň düýbüni tutupdyr, isgender Zülkarneýin bolsa ony dowam etdiripdir” diýip ýazýar.

Orta asyr arap taryhçysy Ýakut hem özüniň 1224-nji ýylda ýazan “ýurtlaryň sözlügi” diýen kitabynda umuman, as-Samanynyňka meňzeş maglumat berýär, şeýle hem: “...Parslaryň aýtmaklaryna görä, Keýkowus patyşa Judarzyň Sarahs atly ogluna mülk üçin ýer bölüp beripdir, ol bolsa şol ýerde şäher gurdurypdyr hem-de oňa öz adyny dakdyrypdyr” diýip, sözüniň üstüne goşýar.

Pars taryhçysy we jugrafiýaçysy Kazwini bolsa, 1340-njy ýylda ýazan “Ýürekleriň eşreti” atly çeşmesinde: “Sarahsy Afrasyýap türk gurdurypdyr”, diýýär.

Görşümiz ýaly Köne Sarahsyň düýbüniň haçan, kim tarapyndan tutulandygy barada anyk bir maglumat ýok.

Ýöne, bir zat welin belli. Ýagny ol iňňän gadymy şäher. Munuň şeýledigine Isgender Zülkarneýniň Orta Aziýa eden ýörüşlerine hatda ondan has irki we has soňraky döwürlere degişli çeşmelerde hem bu şäheriň adynyň edil şu günkisi ýaly “Sarahs” görnüşinde gelýädigi-de aňyrýany bilen şaýatlyk edýär.

Salyr türkmenleriniň Sarahs şäherine dahyllydyklaryna goltgy berip biljek ýene bir zat, o-da bu taýpanyň Sarahsdanam has irki, aslyny baryp-ha Oguz han atamyzdan alyp gaýdýan iňňän gadymy halkdygydyr. Egerde bu şäheri Afrysyýabyň gurdurandygy çyn bolsa-ha onda salyrlar Sarahsa çak edilişindenem has irki döwürlerden bäri dahylly bolýarlar. Çünki, Afrasyýap Salyr hanyň garry atasy Oguz hanyň, kakasy Gara hanyň kakasydyr.

## 2. Salyryň asly kim bolupdyr?

**Salyr han.** Köp adamlaryň ýalňyşlyk bilen pikir edişleri ýaly, salyrlaryň aňyrysy Salyr Gazan däl-de, ýow güni hemişe atasy Oguz hanyň çeriginiň sol ganatynda duran Dag hanyň birinji ogly Salyr handyr. Onuň nesil şejeresi şeýle: Salyr han – Dag han – Oguz han – Gara han – tur serkerdesi Afrasyýap türk. Oguz hanyň öz ogullaryna, agtyklaryna hormat derejesini bermek üçin diken on iki çadyrynyň arasynda Salyr hanyň orny çepden üçünji çadyrdyr, göş üleşigindäki paýy çep aýagyň aşyklysydyr, aşpezi Eýmir, attutary Kalaçdyr, guşy bürgüt, tagmasynyň şekili gazaýak. Adynyň manysy “gylyçly”, “salgyr”, “söweşjeň” diýmekdir.

**Salyr Gazan.** Ýüzýyllyklaryň, belki-de müňýyllyklaryň geçmegi bilen, Salyr hanyň nesli ösüp-örňäp köpeldi we salyrlar atly uly bir oguz taýpasy emele geldi. Salyr Gazan bolsa, taryhy ýagşy bilýän adamlaryň habar bermeklerine görä, sekizinji, dokuzynjy ýüzýyllyklarda, oguzlaryň iň soňky gezek köplük bolup üýşen ýerlerinde, ýagny Syr suwunyň hem-de Amyderýanyň aşak akymlarynda, Gazygurt we Garajyk daglarynyň degrelerinde öz taýpasynyň içinden dörän erdemli soltan ýigitdir.

Ýaşan ýerine ýanap, oňa “Garajygyň gaplaňy” hem diýer ekenler. Çünki, “gazanfer” sözi arap dilinde gaplaň, şir diýmekligi aňladýar.

Rowaýat edilşi ýaly onuň “Gazan” ady içinde aş bişirilýän ullakan gazan bilen, onuň şon deý ullakan gazanda nahar iýýändigi bilen däl-de, “gazanfer” sözi bilen baglanyşyklydyr.

Şol döwür oguz patyşalygy salyrlara ýetipdi. Salyr Gazan bolsa külli oguzyň soltanydy. Häzirki türkmen taýpalarynyň hemmesi şol döwür Salyr Gazanyň raýatlygyndadylar, olaryň hemmesi bir il bolup Salyrlaryň özlerine içki salyrlar, beýleki türkmenlere bolsa “daşky” salyrlar diýilýärdi.

Hut şonuň üçinem, Salyr Gazan öljek wagty: “...Salyra meniň ruhum bakar” diýende ähli türkmen taýpalaryny göz öňüne tutupdy.

Oguzlaryň ruhy atasy hasap edilen, öň Düýeli Kaýy, Ynal Ýawy han ýaly oguz şalaryna wezirlik eden, gaýypdan aýdan sözleriniň hemmesi durmuşda aýan bolýan bolar-boldajyny, geler-geldejini öňünden oraşan görýän meşhur türkmen ozany Gorkut ata Salyr Gazana hem wezirlik edipdi, onuň geňeşdary, külli oguz iliniň maslahatçysy bolupdy. Ol özüniň dünýä belli “Gorkut ata” kitabyny hem Salyr Gazana bagyşlapýazypdy. Goşgy hem kyssa bilen onuň edermenliklerini,

batyrlygyny akyl-paýhasyny taryplapdy. Bitiren işlerini gahrymançylykly hereketlerini taryha salypdy.

Salyr Gazan dürli sebäplere görä ägirt uly çäklere ýaýran, dürli hanlyklara, begliklere bölünen, sähraýy oguz parçalaryny hem öz raýatlygyndaky oguzlarabirikdirip, Oguz han tarapyndan berkarar edilen, gadymy Oguz döwletini gaýtadan dikeltmek barada hem ägirt uly tagallalar edipdi.

Şeýle hem ol diňe döwlete ýolbaşçylyk etmek bilen çäklenmän, eýsem oguzlaryň özüne tabynlykdaky böleginiň hem köp tagallalar edipdi. Ömrüniň soňky ýyllarynda bolsa, Mekgä gidip "Hajy" bolup gelipdi.

**Salyr Ugurjyk.** Ondan bäri gaýtsak, salyrlaryň aňyrsy Salyr Ugurjyk, ýagny, Ugurjyk alpdyr. Ol seljuk soltany şa Mäligiň hökümdarlygy synandan soň, Diňli begiň ýolbaşçylygynda Sarahsdan Horasana, Farsa, ondanam Yraga göçen salyr iliniň içinden çykan alp ýigit. Şejere boýunça onuňam aňyrsy Salyr Gazana, soň Salyr hana, Dag hana, ondan soň baryp Oguz hana direýär. Oguz han bolsa ýokarda agzap geçişimiz ýaly, Gara hanyň ogly, Afrasyýap türküň agtygydyr.

Salyrlary Yraga elten Diňli beg dünýeden ötenden soň, salyr begligi Ugurjyk alpa ýetdi.

Şol wagt Yrakdaky oguzlaryň patyşalygy baýandyr iline degişlidi. Ol ýerdäki salyrlar hem şolara gulluk edýärdiler. Ýöne, bir sebäbe görä, Baýandyr begi bilen Salyr Ugurjygyň sözi azaşdy. Uruş-dawa turaýmak ähtimallygy ýüze çykdy. Ýöne, baýandyrlar bilen darkaş gurara ol wagt Salyr Ugurjygyň uly goşunam ýokdy, ýarag-esbaplaram üpjün däldi. Üstesine halkam azlyk. Şonuň üçinem, ol bir gije ýüzüni garaňka tutup, dokuz ýüz öýli salyr we özüne goşulan ýüz öýli garkyn bilen Yrakdan çykdy.

Bir durman Şemaha geldi. Ol ýerde mesgen tutdy. Oturdy. Emma, Baýandyr begi ony ol ýerde-de ynjaltmady. Goşun tartyp üstüne geldi. "Ýagydan ýaý boýy..." diýip, Salyr Ugurjyk ähli ulusy bilen ol ýerdenem göterildi. Kryma geldi. Ol ýerinem özi üçin bisereşgenräk gördü-de, Itil (Wolga) derýasynyň boýuna bardy. Ýöne, goş ýazdyrmady. Geçdi. Baryp, Ýaýyk (Ural) derýasynyň degrelerinde düşledi.

Şol zaman şol ýerlere Alageň we Garagaş ýurdy diýerdiler. Oturymly halky kaňly, hanlary bolsa Gökdonlydy. Salyr Ugurjyk onuň ýanyna bardy. Salam berdi. Baş egip, bagyr basdy. Ahwallaryny birin-birin beýan etdi. Kömek, ýardam, pena sorady.

Gökdonly onuň haýyşyny kahagatlandyrdy.

Ol ikisi şol ýerde ençeme ýyllap goňşuçylykda oturdylar. Ýagşy gatnaşyklarda boldular. Ynjaşmadylar, agyryşmadylar.

Ýöne, "dost bar ýerinde duşmanam bar" diýleni. Nämähremleriň duşmançylykly hereketleri netijesinde ahyry ol ikisiniňem aralaryna tow düşdi we gep-gürrüň ula ýazmanka, Ugurjyk ol ýerdenem göteriläýenini kem görmedi.

Onuň beýle duýdansyz hem özünden bidin gaçyp gitmegini Gökdonly juda ýokuş gördi. Namys etdi. Öz mertebesiniň kemsidildigi äsgermezlik edildigi saýdy. Goşun jemläp yzyndan kowgy gitdi. Ýetip harb etdi. Ýedi ýüz öýlüsini elinden alyp galdy.

Salyr Ugurjyk üç ýüz öýlüsi bilen gaçyp gutuldy. Az ýöräp, köp ýöräp, özüni Maňgyşlaga atdy. Garahan diýen ýerde mekan tutdy.

Şol ýerde üç ýyl oturdy. Parahatçylykda ýaşady. Dördülenji ýyl diýlende gara bulut ýaly üstüne abanyp bir ýerden ýene-de Gökdonly peýda boldy.

Güýjüniň örän azdygyna garamazdan Ugurjyk oňa güýçli gaýtawul berdi we ili bilen bilelikde ýagydan gaçyp gutuldy. Zar-zelil baryp maňlaýyny Abulhan daglaryna diredi. Bu wagt oňa Balkan diýerler. Şol ýeri mesgen edinip, ömrüniň galan bölegini şol ýerde geçirdi. Ösdi. Örňedi. Köpeldi.

Ençeme asyrlaryň geçmegi bilen, şol ýerde onuň nesillerinden başga-da birnäçe türkmen taýpalary şaha ýardy.

On sekizinji asyrda, salyrlaryň Hywa, Buhara sebitlerinde oturan döwürleri. ýaşap geçen, Şirgazy han medresesinde Magtymguly bilen bile okan, türkmeniň nusgawy, taryhçy, bilermen şahyry Şeýdaýy Salyr Ugurjyk barada şeýle diýipdi:

Körhan ogly Ugurjyk alp,
Gezdi türk ilin at salyp,
Görogly oňa at galyp,
Paç alyp geçdi sag-soly.

Salyr Ugurjygyň yzyna düşen salyr boýunyň nesli we ondan gaýdan türkmen taýpalary Abulhan, Üstýurt, Maňgyşlak sebitlerinde tas, on sekizinji asyryň aýaklaryna çenli oturdylar özlerini tutdular we güýçli taýpa hökmünde dünýä sahnasyna çykdylar. On altynjy asyrda bolsa, şol sebitdäki ähli türkmen taýpalaryny özüne birikdirýän meşhur “salyr birleşigini” döretdiler.

Öz ata-watanlaryny şo-ol, Diňli begiň ýolbaşçylygynda seljuklar döwründe taşlap giden mähriban ýurtlaryny, gadymy Sarahs topragyny, welin olar hiç haçan ýatlaryndan çykarmadylar. Ony hemişe küýsäp gezdiler. Ol ajaýyp ýurt baradaky hakydany nesilden-nesle geçirdiler.

Ýöne, oguzyň iň irki we iri taýpalarynyň biri bolan salyrlar, Diňli begiň, Salyr Ugurjygyň o ýan, bu ýan göçüşleri ýaly, soň-soňlaram, dürli sebäplere görä, dargamaklaryny dowam etdirdirler, azalmak bilen boldular. Salyr ýaşulylary ýaňy-ýaňylaram özara gürrüňçiliklerinde: “Mundan alty ýüz ýyl gowrak öň biziň uly bir bölegimiz Samarkandyň üsti bilen Çyn-Maçyna aşyrdyrlar. Ana, şonda şolaryň baştutany Akman beg serhetden geçjek wagtlary göçi saklapdyr we yzyna seredip uludan demini alypdyr-da: “Häk, atyň depeli ýaly bölejigimiz galdy-ow” diýipdir. Muňa olaryň hemmesem hapa bolupdyrlar. Şondan soň tä Hytaýa barýançalar ýollaryny gyýyla-gyýyla dowam etdiripdirler. Ana, şol näbelli sebäbe görä, şolardan üzülip galan bölek biz bolmaly” diýip gürrüň ederdiler. Häzir Sary deňziň gyrasynda “Salarlar” diýen at bilen ýaşap ýören uly bolmadyk şol halk salyrlaryň “akman” tiresi bolmaly. Akmanlaryň dogany hasap edilýän garamanlar bolsa, olardanam has öň, seljuklar döwründe Ruma gidipdirler we soň Osmanly döwletiniň düzümine giripdirler. Olar häzirem şol ýerde öz atlaryna ýörite welaýat bolup otyrlar.

Gepiň gerdişine görä aýtsak, Zurabatda oturan salyrlaram üç bölekden ybarat bolup, biri garamanlardyr. Galan ikisi: Kiçiaga we Ýalawaç. Olaryň umumy hany hasap edilýän Ýazmuhammet Teke han hem garamanyň “begboluk” urugynyň “sapalak” şahasyndandyr.

Şu günki gün Sarahsda oturan garamanlaryň içinde Salyr Ugurjygyň salgysyny berýän, “Ükürjikli” diýen bir urugyň bardygyny hem ýatlasak, şejereýi yzygiderlilik has-da aýdyňlaşar.

### 3. Salyr türkmenleriniň ýaýrawy.

Salyr türkmenleriniň barha we barha azalyp gidip oturmagyna sebäp bolan taryhy ýaýrawlar baradaky gürrüňimizi dowam etdirsek, onda öňi bilen olaryň bir böleginiň baryp-ha on ikinji asyryň ikinji ýarymynda, Eýranyň iň uly we günorta welaýaty, birwagtlar Diňli begiň ýolbaşçylygynda Yraga barýan salyrlaryň belli bir möhletlik düşläp geçen ýerleri bolan Farsda biraz soňrak, Salyrlaryň başga bir böleginiň Salyr hanedanlygyny döredendiklerini we seljuklaryň döwlet gurumynda essasy orunlaryň birini eýeländiklerini hem aýtmak gerek.

Olar ol ýere Syrdeýanyň boýundan awşarlar bilen bilelikde bir toplum hem bir akym bolup, bir wagtyň özünde barypdyrlar.

Ata-watandan hernäçe uzakda, ýat illerde bolsalaram, olar asyllaryny unutmadylar we hatda çykaran pullarynyň ýüzüne hem öz hesil başylary Salyr hanyň “gazaýak” tagmasyny basdylar. Ogul-gyzlaryna öz gadymy atlaryny dakypdyrlar.

On bäşinji asyrda, Osmanly döwletiniň Kaýsar, Tokat, Amasýa, Siwas welaýatlaryna hökümdarlyk eden meşhur kazy, ajaýyp şahyr, beýik serkerde Burhaneddin Siwasly hem gelip çykyşy boýunça Orta Aziýaly salyrlardandy. Onuň ata-babalary mongol çozuşlary döwründe howpuň öňünden sowulmak üçin Ruma göçüpdiler.

Burhaneddiniň kakasy hem öz wagtynda güýçli kazy hökmünde özüni ile tanadan adamdy.

Adyndanam belli bolşy ýaly, Burhaneddiniň hökümdarlyk edip oturan ýeri Siwas bolup, onuň ilatynyň aglabasy salyrlardan ybaratdy.

Ol Tohtamyş, Demir agsak ýaly güýçli serkerdeleriň çar tarapa, şol sanda Ruma hem owsun atýan, wehim salýan döwründe ýaşapdy. Ýöne, ol olaryň hiç biriniňem haýbatyndan çekinmeýärdi, ätiýaç etmeýärdi. Olara bolan garaýyşyny öz şygrynda ol şeýleräk beýan edipdi:

Bu dünýäde bir Allaha sygynmyşamuz,<br>Tohtamyş nä olur, ýa ahsah Temur!

Şeýle-de ol: “Düşekde ölen ýigit murdar olur”, “Är ýigidiň matalygy ärlik olur”, “Kim gäw bolup şahyny bulasa gylyçdan öler” diýen ýaly nakyla öwrülip giden setirleri galdyrdy.

Umuman alanyňda, seljuklar döwründe-de, ondan öňem, soňam, beýleki türkmen taýpalary bilen bir hatarda, salyrlar hem, Rumyň türkmenleşdirilmegi babatda ähmiýetli orny eýeläpdirler.

Salyr taýpasy ýokarda ýazyp beýan edişimiz ýaly taryhy sebäplere görä, ýeke bir biri-birinden bölünip aýrylyp, o ýan, bu ýan göçmekligiň, sözüň doly manysynda dargamaklygyň däl, eýsem “gol biter, gol ýiter” diýlişi ýaly, öz içinden birnäçe uly-

uly toparlaryň şaha ýaryp çykmaklary, özbaşdak pudaklara öwrülmekleri netijesinde hem san taýdan kem-kemden azalmak bilen boldy.

On ýedinji asyrda ýaşap geçen Hywa hany, taryhçy Abylgazy Bahadyr hanyň şol döwrüň türkmen ýaşulylarynyň haýyşy boýunça ýazan "Türkmeniň nesil daragty" atly kitabynda beýan etmegine görä, teke, ýomut, saryk, ärsary, burkaz ýaly uly-uly türkmen taýpalary öz asyllaryny salyrlardan alyp gaýdýarlar. Munuň hakykatdan-da şeýledigini häzirkizaman türkmen etnografiýa ylmy hem doly ykrar etdi. Muny meşhur türk alymy Faruk Sümer hem özüniň "Oguzlar – türkmenler" atly kitabynda tassyklady.

Dürli sebäplere görä salyryň özünden bölünip dünýäniň dürli künjeklerine ýaýran, ýöne henize bu güne çenli öz taryhy atlaryny saklap ýören böleklerininěm, şaha ýaryp başga-başga taýpalara öwrülen böleklerininěm soňabaka hersiniň aýratynlykda öz ykballary, öz taryhlary emele geldi. Bu olaryň hersiniň baran ýurdy, şol ýeriň syýasy wakalary bilen baglylykda şeýle boldy. Olaryň her bölegi barada bir kitap ýazmak mümkin.

Biziň häzirki etmekçi bolýan gürrüňimiz bolsa, aňyrsy Afrasyýapdan, Oguz handan, Salyr handan gaýdýan, soň Salyr Gazan, Salyr Ugurjyk ýaly alp ärler tarapyndan serkerdelik edilen salyrlaryň esasy böleginden bölünip galan, ata-watanlaryny hiç haçan terk etmedik, nesibe-takdyr bilen gidäýende-de hiç haçan unutmadyk, hemişe ony telwas edip gezen, ilkinji mümkinçilik bolan wagtam gaýdyp gelen, häzirem bir wagtlarky ullakan oguz halkyna wekilçilik edip, has takygy mirasdüşerlik edip Sarahsda oturan salyrlaryň kiçijik bir böleginiň soňraky ykballary barada bolar.

O ýan, bu ýan dargan salyrlaryň Sarahs topragyny asyrlarboýy öz aňlaryndan çykarman saklaýyşlary ýaly, häzirki Sarahsda oturan salyrlaram taryhy sebäplere görä nesibeleri çekip oturyp gaýdan ýurtlaryny häli-häzire çenli ýatlaryndan çykaranoklar.

Käbir garry aýallar biz oglanrak döwürlerimizem öýlänaralar, heniz posýolaga-da çykyp ýetişmedik obamyzyň köne kysymda gurlan, üstüne goýlan agaçlarynyň ujy çat maňlaýlaryndan, çykyşyp duran pessejik jaýlarynyň işigindäki kölegesi goýy hem giň, ullakan şatudyň aşagynda gurlan ala bagly ak sallançagy aýaklary bilen yrap, elleri bilenem pişge süýüp, sary gaçan ak dasdarlaryny şemala ykjadyp, kösseýişen gözlerini ýumjukladyp oturyşlaryna zorrukdan gelen pessaý hem gyryljak sesleri bilen:

...Maňgyşlagyň maňlary,
Maňrap geler ýanyňa...
– diýşip, hüwdi aýdardylar.

Ýalňyşmaýan bolsam şonda olaryň gözlerine çyg çaýylýardy. Kaňşyrawuklary tüteýän ýaly bolýardy. Bokurdaklary dolýardy. Owazlary sandyrap kem-kemdenem içlerine düşýärdi we kalplarynyň töründe bir ýerlerde ýitip gidýärdi. Gözleriniň öňünde bolsa, ata-babalarynyň oturyp gaýdan ýurtlary: Maňgyşlak, Üstýurt, Balkan sebitleri janlanýardy.

Elbetde, adamyň hakydasy ýaly uzakçyl hem berk zat ýok. Ganam şonuň ýaly. Oňa bir giren zat aňsat-aňsat çykmaýar.

# IV
# Sarahs ýolunda
## 1. Hywa

On sekizinji asyryň ortalaryndan soň, suw ýetmezçiligi zerarly Maňgyşlak, Üstýurt, Balkan sebitlerinden gaýdyşlyk bolanda-da Hywanyň üsti bilen Buhara, ondanam emir bilen ylalaşyp Sarahsa aşarys diýen niýet bilen salyrlar öz gadymy ata-watanlaryny nazarlap gaýdypdylar.

Çünki, ilatsyzdygyna garamazdan şol wagt Sarahs Buhara emirligine degişlidi.

Ýöne öňlerinde duran ýol edil salyrlaryň öz pikir edişleri ýaly beýle bir aňsat ýa ýeňilem bolmady. Hywadaky goňratlar hanedanlygynyň düýbüni tutan Muhammet Emin han şol wagt, ýagny 1782-nji ýylda, Buhara tarapyndan öz üstüne edilen hüjümi serpikdirip, häkimiýeti ýaňy bir doly suratda öz eline alypdy-da, salyrlaryň gös-göni Buhara geçip gitmek babatdaky pikirlerini öz üstüniň basgylanmagy, mertebesiniň kemsidilmegi saýdy we kinesini gaty bir ýüze çykarybermese-de, geçiren gepleşiklerinde her-hili hoş sözler, boş wadalar bermek bilen, salyr kethudalaryny iň bolmanda “wagtlaýynça” şol ýerde düşlemeklige yrdy we olary Köneürgenjiň çäklerinde ýerleşdirdi. Hut şonuň üçinem, salyrlaryň Sarhasda oturýan soňky nesilleriniň arasynda henize – bu güne çenli: “Salyr soňy Sarahs, galyberse Köneürgenç, Maşat-Misrianam diýsemmikäm ýa diýmesemmikäm”... diýen nakyl şekilli bir söz dilden düşmän gelýär.

Salyrlaryň Maşat-Misrianda haçan we onuň niresinde, näçe wagtlap, kim döwründe oturandyklary we ol ýerden haýsy sebäbe görä, nädip gaýdandyklary barada bizde hiç-hili maglumat ýok. Ýöne, taryhy nukdaý nazardan alanyňda olaryň Hywada-da gaty bir uzak durmandyklary welin belli.

Çünki, olar ol ýerde ynjalmadylar. Has takygy ynjaltmadylar. Käte salyrlaryň öz günäsi bilen, käte bolsa ýerli halkyň günäsi bilen aram-aram, dürli görnüşdäki oňşuksyzlyklar ýüze çykdy durdy.

Salyrlaryň ol ýerden belli-külli göterilmeklerine sebäp bolan iň soňky dawa bolsa baryp iki tarap üçinem iň bir ynjyk meselä – ar-namys meselesine diredi.

Waka şeýle bolup geçdi: Salyrlardan bir ýigit ýerli Hywa ilatyndan bolan biriniň gyzy bilen halaşdy. Sözaýdyjy ugratdy. Ýöne, göwünlidigine garamazdan, hossarlary gyzlaryny ol ýigide bermejekdiklerini aýtdylar. Halys bolmansoň ýigit söýgülisini alyp gaçdy.

Ine, şundan soňam turdy bir topalaň. Iki tarapam ýaraga ýapyşdy. Gaty uly bolmasa-da, garaz, harapçylyk boldy. Ara iki tarapyňam atly-abraýly adamlary, işan-mollalar goşuldylar, ortalyk halklardanam goşulanlar boldy, barybir peýda bermedi.

Salyrlar şol wagt külli türkmene, Hywa, Buhara meşhur, hatda Eýran, Owgan ýurtlarynda-da tanalýan şahyrlary Şeýdaýyny öz atlaryndan gyzyň hossarlarynyň ýanyna ýolladylar. Emma o-da: “gzyy gaýtaryňdan” başga jogap alybilmän geldi.

Ýöne, salyrlaryňam gyzy aňsat gaýtaraýaslary gelmedi. “Bize sygynyp gelen aşyk-magşugy “mesaňa” diýýäge-de, ellerine berip goýberibersek ýalňyş iş etdigimiz, günä gazandygymyz bolar” diýdiler. Bu meselede hususan-da Şeýdaýy aýagyny berke diredi. Ol ýigit bilen gyzyň at-ýaragyny besläp ýol şaýynam mäkäm tutdy-da, assyrynlyk bilen gaçyryp goýberdi. “Bir durman şu ýerden göni Etrege baryň, Magtymguly şahyra sygynyň, meniň adymy berseňiz ol sizi penalar, ýöne kimdigiňizi nähili ýagdaý bilen barandygyňyzy onuň özünden başga kişä aýtmaň, galanyny özi oňarar”, diýdi.

Şondan soň dawa hasam güýçlendi. Aýylganç çaknyşygyň, ullakan gan dökülşikligiň döräýmek ahmallygy ýüze çykdy. Ýagdaý şeýle bir bulaşdy welin soňabaka taraplaryň haýsysynyňky dogry, haýsysynyňky ýalňyş biler ýaly bolmady. Iň ýamanam ýitirim bolandan soň gyzyň hossarlary: “Gyzymyzy başda-da zor bilen aldylar, süýrediler, göwnedip alnan zat ýok, ol göwnäp gaçanok” diýişip, häkimlere arz edip başladylar. Olaryň arz edýändiklerini görüp salyrlaram arz edip ugradylar, ýöne, nirä barsalaram mesele gyz tarapyň peýdasyna çözüldi durdy. Ahyram iş baryp hanlygyň baş kazysyna ýetdi. Oňa iki tarapam bir wagtyň özünde arz etdi. Ýöne, baş kazy salyrlary diňlemegem islemedi. “Siz bu ýerde myhman hökmünde otyrsyňyz, emma muňa garamazdan ýerli halka sütem edipsiňiz, namyslaryna degipsiňiz, gyz süýräpsiňiz, şu zatlardan soňam uýalman kazyga arz etýäsizmi...” diiýp, öz öňünde gol gowşuryp duran salyr ýaşulylarynyň üstüne haýbat atdy. Oglanyň ýakyn hossarlaryndan birnäçesini günäkär hökmünde tussag etdi, birnäçesini “gyzy tapýaňçaňyz” diýip, girew hökmünde alyp galdy, birnäçesine bolsa ummasyz möçberdäki pul jerimesini saldy.

Şondan soň salyr kethudalary hanyň ýanyna üýşüp baryp, meseläniň oňyn çözülmegi üçin, şu işe onuň özüniň gaýtadan garamagyny haýyş etdiler. Baş kazyny adalatsyzlykda, tarapgöýlükde, ýüzgörüjilikde aýypladylar. Tutulan, saklanan adamlaryň goýberilmegini, salnan jerimeleriň aýrylmagyny soradylar. Onuň dogry çözgüt tapjakdygyna bil bagladylar.

Han meselä hakykatdan-da täzeden seretdi, ýöne, baş kazynyň gelen netijesiniň üýtgewsiz galdyrylýandygy barada karar çykaryp, aşagyna-da salyr ýaşulylarynyň hut gözleriniň alnynda gol çekdi. Soňundanam: “Başgaça çözmek üçin meniň gyz bilen gürleşip görmegim, ýigide öz razylygy bilen gaçyp barandygyny onuň öz agzyndan eşitmegim gerek, onuň üçinem ony meniň alnyma alyp gelmegiňiz gerek...”diýdi.

Üstesine şol ikarada ar aljak maksady bilen hywalylaram türkmenleriň bir gyzyny “güpbasdy” edip alyp gaçdylar. Ýene-de iki tarapam ýaraga ýapyşdy. Bar zat ýene-de täzeden başlandy. Ýöne, bu gezegem türkmenleriň gepi ýer almaý. Nirä ýüz tutsalaram: “Siziň gyzyňyz özi göwnäp gidipdir, zorluk ýok” diýen içýakgyç gürrüň eşitdiler.

Paltalary daşa degen salyr kethudalary şondan soň işiň has-da çylşyrymlaşmagynyň öňüni almak üçin, üýşüp maslahat etdiler we: “Her edip, hesip edip Hywadan göterilmeli. Baryp Buhara emirinden özleriniň Sarahsa iberilmeklerini towakga etmeli – diýen netijä geldiler. – Ýöne, her niçik hem bolsa göç barada Hywa hanyna duýdurmaly. Razy bolsa-ha bolany, goýbermejek bolup aýak diräp dursa-da güýç ulanmaly welin mundan artyk bu ýerde durmaly däl”.

Öňde duran mesele uludy. Halk bolsa hansyz. Şonuň üçinem şol pursat bir dogumly ýigidiň öňe çykmagy, ähli aladany öz boýnuna almagy tutuş taýpany bir agza bakdyrmagy zerurdy.

Maslahatyň iň soňky meselesi ine, hut şu sowaly orta atdy.

Tire hanlarynyň ählisiniň nazary kiçiagaly Tenege tarap gönükdi. Bu olaryň: "Şu orna biz senden başga mynasyp adamy görmeýäris" diýdikleridi. Çünki, şu çaka çenli ýüz beren ähli wakalarda aýdylsa-aýdylmasa Tenek özüni öňe tutýardy. Iň howply, hatarly pursatlarda-da batyrgaýlyk görkezýärdi. Ol bu gezegem gaýra gaýşyp durmady. Agyr ýüki iki aýtdyrman öz egnine aldy.

Şol günüň ertesi ol ähli tire we urug hanlaryny, işan-mollalarydyr – kazylaryny hem alyp Hywa  hany Muhammet Emin hanyň ýanyna ugrady Huzuryna baryp gelen netijelerini açyk aýtdy.

– Biz watana aşmak hakynda netijä geldik, bizi goýberiň, han aga – diýdi.

Myhmanlarynyň gozganjyrap ugrandyklaryndan onsuzam az-kem habarly han Tenek sözüni soňlaýança ukusyna garjaşan çaga ýaly gözlerini gamaşdyryp, ýüzüni turşaýdyp oturdy, soňam kethudalara tarap ilk-ä dodagyny, soňam barmagyny çommaltdy.

– Watanyňyzyň bardygyny siz näme şu gün bildiňizmi? Gelende nireden geldiňiz? Ýüz ýyllap nirede oturdyňyz? Ýedi ýüz ýyllap nirede bolduňyz? Kim-kimleriň gapysynda kül dökdüňiz?

Tenek sowukganlylygy elden bermedi.

– Herki zat öz wagtynda bolýandyr, herki zat nesibe-taktyra tartýandyr, pelegiň gerdişi Biribara baglydyr, özi aýlanmasa ony el bilen aýlap ýa durzup bolýan däldir, her bir bolmaly zat diňe şonuň yradasy bilen bolýandyr, asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyzyň ýat ýerlerde mysapyrlyk çekendikleri üçin biz günäkär däldiris.

Han onuň sözleriniň manysyny tirjegem bolmady. Gorsanjyrap oturşyna öňküsine görä birneme pessaýrak, ýöne, şol bir janyýangynlylygy bilen "gyjyr-gyjyr" etdi.

– Siz bir oňşuksyz hem kejir millet ekeniňiz. Asla siz ata-baba şolar ýaly adamlar. Mana, ine, biri-biriňiz bilenem şon deý. Şondaýlygyňyz üçinem şu güne düşüpsiňiz. Jyn ýaly dogapsyňyz. Mana, şon deý uly taýpadan şun deý kiçkine bir bölek galypdyr. Şu ýere geleliňiz bärem-ä günüňiz bir bolsa urşuňyz iki. – Ol gabat garşysynda gol gowşuryp duran kethudalara tarap çokgaja sakgally temegini taýzartdy. – Siz gelen günüňizden bäri meň böwrüme sanjy bolup ýapyşdyňyz. Düýnki dawada-da günäkär siz-z!.. Indem "gitjekde-gitjek" bolşup, dyzaşyp dursuňyz... – Ol oturan ýerinde "tarp" etdirip sag aýagyny ýere urdy. – Gidibilişiňize gidiň hany göreýin! Ädimiňizi bir ädiň! Goýbermese uruş ederis, diýipsiňiz, düýnki maslahatyňyzda, hany, görkeziň näme gaýratyňyz bolsa...!

Tenek entegem edep saklap parahat gürledi.

– Biz hiç ýerde-de, hiç haçanam degmedige degmändik han aga. Ýöne, degdirmändigem. Bu ýerde-de şeýtdik. Diňe öz mertebämizi goradyk. Mundan buýana-da şeýderis. Gerek bolsa siziňkinem gorarys. Goran gezeklerimiz bolandyram. Minneti egri gylyçdan çekýändigimizem çyndyr. Günäkär bolsak welin gylyjymyzy gynyndanam çykarýan däldiris. Düýnki dawada-da biz günäkär däl.

Ýöne kazy-kelanam, siziň özüňizem şol meseläniň bize tarap ters çözülmegini isleýäňiz, günäkär bolmasagam günäkär hasaplanmagymyzy isleýäňiz. Bizi öz raýatlygyňyzda: “Ýat itiň guýrugy ýamzynda bolar” diýen ýörelge boýunça ýaşatjak bolýaňyz. Ýöne biz muňa razy däl. Bize beýle hossarçylyk gerek däl. Biz öz siňegimizi özümiz gorap bilýän halkdyrys. Şonup üçinem, siz bizi goýberiň. Şunça ýyl bir toprakda ýaşadyk, duzuňyzy iýdik, indem süýjülik bilen hoşlaşalyň. Onsoňam... – Tenek aşak bakyp, az-kem böwrüni diňläp durdy-da, başyňy silkip hanyň ýüzüne seretdi – Onsoňam, olar ýaly artykmaçlyk edýän bolsak, oňşuksyz, tertipsiz bolsak böwrüňize sanjy bolýan bolsak, bizi beýdip bu ýerde saklajak bolup azara galyp ýörmäňyz näme? Goýberiň-de dynyň-da...

Gahardan ýaňa tas ýarylara gelen han ýarpy göwresini elendirip, iki baka owsun atyp oturşyna ulyili bilen gygyrdy.

– Goýbermen diýdimmi, goýbermen! Men indi sizi mugyra getirmeli borun. Getirinem! – Ol tumşugyny diň – göge tutdy. – Ketirämen tiýdim, ketirämen! Suz bilen kelmäsäňiz küýç bilen ketirämen! Dagy-duwwara demiňiz çykmaz ýaly etämen! Ajyňyzdan ulmasaňyz kalan zatlarga kaýyl bolar ýaly etämen!..

– Göç meselesi eýýäm çözüldi han aga. Biz indi barybir gidýäs. Bu-da bir bilseňiz-ä aýtman-diýmän göteriliberdiler diýip, kine etmezligiňiz üçin sylap gelşimiz. Bilmeseňizem...

Tenegiň diýseň sowukganlylyk bilen aýdan bu sözi hany tas däliredipdi. Ol ýerinden turup iki ýana urunmaga başlady.

– Ah, şeýlemi-i!.. siz indi menge minnet-de kylasizmi? Abaý-da atasizmi?

– Nähili düşünseňiz şoň ýaly düşüniberiň han aga.

– Onda siz meniň gylyjymyň üstünden ätläp geçmeli borsuňyz.

– Biz oňa-da taýýar han aga. – diýdi-de, Tenek hanyň ýüzüne aşaklyk bilen ýöne, gyýalabrak garady. – Biz hemme zada taýýar. Biz hemme zady göz öňüne tutduk. Watana barýan ýolda bize hiç zat böwet bolup bilmez, hiç kim päsgel berip bilmez...

Han gözlerini agdar-düňder etdirip dişlerini gyjady, şol bolşy bilenem ernini bir tarapa gyşardyp zoraýakdan ýylgyrjak boldy.

– Ol ýol siziň üçin öň-ä gaty uzak bolupdyr, indem giç bolaýmasa.

– Hiçden giç ýagşy diýipdirler, han aga.

Tenek tertibi saklap hana baş egdi-de, dogumly ädimler bilen çykalga tarap ugrady. Kethudalaram hatarlaryny bozman, onuň yzy bilen arz diwanynyň haşamlanan, mähnet agaç gapysyna bakan ýöneldiler.

Köpüsiniň uly alada galyşlary ýaly, han olaryň hiç birinem tussag etmedi. Düzgüni bozmady. Öz häkimligini ulanyp diýdimzorluk görkezmedi. Ilçiler babatda halkara düzgünini bozmady. Bar eden zady kethudalaryň yzyndan:

– Bolýa! Meseläni meýdan çözer! – diýip, gygyrdy.

***

Köşkden gelişleri ýaly, Tenek kethudalaryň başyny bozman öz öýüne çagyrdy. Aýgytlaýjy maslahat geçirdi.

Öňi bilenem: – Görşüňiz ýaly hanyň bizi goýbermejegi-hä çyny. Biziňem mundan artyk bu ýerde durmajakdygymyz çynymyz – diýip, söze başlady. –

Diýmek, bir ýol galýar, o-da Hywadan uruş bilen çykmak. Elbetde, uruş gowy zat däl, ýöne, bizde başga çykalga ýok.

Kiçiaganyň ýeýke urugynyň ekabyry, hemişe özüniň dogumlylygy, batyrlygy, şeýle-de dogry sözlüligi bilen tapawutlanýan, tutuş taýpa tarapyndan Tenek bilen deň-derejede sylanýan, Öde Meňli atly süňňi irimçek, ullakan ak ýüzli daýaw ýigit desbe-dähel Tenegiň sözüni tassyklady.

– Dogry, bizde ata çykmakdan, gylyja girmekden başga alaç ýok.

Öde Meňliniň çep gapdalynda oturan inisi Gurban Meňlem onuň bilen deň gopdy.

– Goý, dawany gylyç çözsün...

Hemmelerem şol sözi gaýtaladylar. Gelnen netijäni makulladylar. Tassykladylar.

Ýaşulylaryň maslahaty bilen göçe ýolbaşçylyk, bolaýan ýagdaýynda söweşe serkerdelik etmek, Tenegiň özüne tabşyryldy. Öde Meňli bilen Gurban Meňli bolsa oňa kömekçi edilip bellenildi.

***

Her niçik hem bolsa salyrlar handan rehimdarlyga garaşypdylar. Düzgün-nyzamly uly bir ýurduň hany bolup, bäş öýli taýpa bilen gylyç çaknyşdyrar, uruş eder öýtmändiler. Öň bizsiz oňupdyr, mundan buýana hem oňar, gahary gaçyşandan soň düýnki aýdan sözlerine puşman eder, gelip ýaraşar, hoşlaşar, ak ýol arzuw eder, ugradyp goýberer öýdüpdiler.

Ätiýaçdan goşunyny ähli serenjamy bilen taýyn edip goýan hem bolsa, öz gezeginde hanam türkmenlerden ökünje, gaýtmyşyma garaşýardy. Özüne raýat bolup oturan bäş öýli halk beýdip özi bilen döş direşip, darkaşa girer diýip asla oýlamaýardam. Düýn näme diýenem bolsalar öýlerine baransoňlar demlerinden düşüşerler, ýalňyşandyklaryna düşünerler, toba gelerler, ýaraşyk üçin adam ibererler, göç meselesini goýbolsun ederler, diýip tama edýärdi.

Şonuň üçinem, ol ertesi ir turup, ýola garap oturdy. Türkmenlerden çapara garaşdy.

Gün guşluga galyberende türkmenlerden hakykatdan-da çapar geldi, ýöne, ol ötünç däl-de, söweş çakylygyny getirdi.

– Biz göçe-de, toýa-da taýýar, han aga, haýsyna gatnaşasyňyz gelse geliberiň – diýip, ol Tenegiň hut öz adyndan aýtdy.

Bu sözi eşidip han syçrap ýerinden galdy. Gany bir demde depesine urdy. Gazaby joşdy. Gahary hetden aşdy. Ala donunyň syýnyny galgadyp, bir duran ýerinde pyrlanyp durşuna ellerini galgadyp ulyili bilen gygyrdy.

– Saklaň! Baryny saklaň! Birinem goýbermäň! Garşylyk görkezenlerini bolsa gylyçdan geçiriň – diýip, ertirden bäri daşyny gallaşyp duran goşun ýolbaşçylaryna buýruk berdi. – Ähli raýatlara göz bolar ýaly, soň birem “dymp” etmez ýaly ediň!..

Öňdenem taýýar bolup duran hanlyk goşun bu buýrukdan soň haýal etmän ýola düşdi. Köneürgenjiň çäginden çykyp-çykmanlalaram göçüň öňüni kesdi. Göç durdy. Urşuň gutulgysyzdygy iki tarap üçinem aýdyň boldy. Göçegçileriň arasyndan çagalaryň çykylyklary, aýallaryň agysy, gyk-baklary eşidildi. Erkek adamlaryň “haý-küş” edýän haýbatly sesleri iki baka at segredip ýören serenjamçylaryň

bokurdaklaryna sygdygyndan gygyryp berýän görkezmelerem oňa goşuluşyp, uly zenzelä öwrüldi.

Tenek goşuny öňden üçe bölüp, birine Öde Meňlini, beýlekisine Gurban Meňlini ýolbaşçy belläpdi. Özi bolsa üçünji bölegi boýnuna alypdy.

Häzir ol Gurban Meňli bilen Öde Meňlä göçüň öňüni goramaklygy, adamlary, mal-garalary penalamaklygy özüniň yşarat etmegi bilenem hersi bir tarapdan Hywa goşunynyň üstüne çozmaklygy tabşyrdy. Özem amatly ýer tapyp, ýigitleri bilen hanlyk goşunyň yzyna aýlandy. Gelip ýeňsesinde durdy. Öňünden şertleşişi ýaly, üç gezek tüpeň atyp yşarat edenden soň, Gurban Meňli bilen Öde Meňli ikisi hanyň goşunyny iki taraplaýyn gysyp başladylar. Güýçli gysyşyň şatysyna çydamadyk goşun yzyna döndem welin, Tenek öz atlylary bilen onuň çat maňlaýyndan çykdy. Aljyran goşun garşylyk görkezmekden geçen, gaýtam dert-azar gabawdan çykyp gaçmaklygyň tärini gözläp başlady. Üç tarapdan gylyç salýan ýigitleriň: “Ýa Alla! Ýa Sarahs baba! Ýa, Salyr baba! Ýa Salyr Gazan” diýýän sesleri gylyçlaryň “jarkyldysyna”, “tüpeňleriň käte bir çykýan “tarkyldysyna” goşluşyp, atlaryň aýaklarynyň astyndan göterilýän totdyr-tozanlar bilen bilelikde dik asmana galdy.

Şorumtyk, ajy der astynda gylyjyny o ýan, bu ýan salgap ýören Tenek:

– Gysajyň agzyny açyň, ýigitler! Goý, gitsinler! Bize gan däl-de ýol gerek! Hun däl-de, Watan gerek! – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrdy. – Garşylyk görkezmeýänlere asla degmäň!..

Gysaç açyldy. Ajalyň agzyndan sypan han goşuny yzyna garaman gaçdy. Gaýym galalaryna olar hatda öz tozanlaryndanam esli aralyk öň baryp girdiler.

Göç ýola düşdi. Gyk-bak, galmagal kem-kemden köşeşdi. Atly-ýaragly ýigitler tä, Hywanyň çäklerinden çykýançalar ätiýaç üçin göçüň daşyny goraglap gitdiler.

Indi öňde Buhara bardy.

## 2. Buhara

Salyrlar gelen wagty Buharanyň emiri öň özbekleriň ownuk “maňgyt” tiresiniň hany bolan Daniýar begdi. Ol Buhara emirligine raýat bolup oturan birnäçe taýpalary onlarça ýyl bäri agzybirlikde, jem saklap bilmän kösençlik çekip gelýärdi. Üstesine, Hywa eden hüjümem şowsuz tamamlanypdy-da, emirligiň içindäki abraýyny hasam pese düşüripdi.

Şonuň üçinem, ol salyr türkmenlerini diýseň göwünjeň garşylady. Köp-köp hoşal boldy. Sylap gelendikleri üçin minnetdarlyk bildirdi. Ýeňişleri bilen gutlady. Çünki, birinjiden-ä salyrlar emirlikdäki öňden oturan taýpalary berk tutar ýaly taýyn hem uly güýç bolup biljek. Egerde Hywa hanynyň goşunyny çym-pytrak edip gaýdan bolsalar, onda bu babatda salyrlara arkaýyn bil baglap bolar. Ikinjidenem türkmeniň iň bir atly-abraýly, gadymy taýpasynyň Hywa hanlygyndan çykyp, onda-da güýç bilen çykyp özünden raýatlyk sorap gelmekleri Emir üçin elýetmez bagt. Dereje. Sylag. Şöhrat.

Ýöne, olaryň ur-tut Sarahsa gitmeklige idin soramaklary welin oňa ýaramady. Şeýle-de bolsa syr bildirmezlige çalyşdy. Aýlawly gürledi.

– Gelen bolsaňyz gowy ediňsiňiz. Hywany terk edib-ä asylam oňarypsyňyz. Ýöne häzirlikçe Sarahsly gürrüňiňizi goýuň. Çünki, golaýda bolup geçen Horasan wakalary zerarly Eýran bilen onsuzam aramyz gowy däl. – Daniýar beg syrly ýyldyzdy – Eşidişime görä, sizem bir kakabaşrak halk bolmaly. Hywadakyňyz ýaly ol ýerde-de dek oturmarsyňyz-da... maňa bir... Meniň bolsa bu ýerde-de öz ýüküm özüme ýetik. Özümiziňkileri oňuşdyrmagam dert. Siz gowusy şu ýerde galyň. Men size ine, gowy ýer bererin. Gorarynam. Kömegem ederin! Sizem maňa gerek wagty ýetdik kömegiňizi edersiňiz. Şeýdip, arkalaşyp ýaşabersek juda hem ýakşi buladi ku. Sarahsyň bolsa gaçyp gitjek ýeri ýok. Şu çaka çenli garaşypdyr, ýene-de bäş-üç ýyl garaşar. O barada meniň entek Eýran bilen çözlüşmeli meselelerimem bar.

– Bizi goýberiň, hormatly emir – diýip, Tenek bagyr basyp durşuna tüýs ýüreginden syzdyrdy. – Endamymyzdan derimiz gaýdyp, süňňümiz sowamanka gyzgynymyz bilenjik Watana aşaly. Eýran bilenem baranymyzdan soň özümiz düşünişeris.

– Türkmenlerde: “Gonsaň ýer, munseň at, alsaň heleý bor” diýen bir nakyl bardyr – diýip, Emir gürrüňini öňküdenem beter daşdan aýlap ugrady. – Men size myhman ýigit, häzirlikçe saýatlaryň ýanyndan ýer bereýin. Köne garyndaşlaryňyzdyr, oňuşarsyňyz. Topragy gowy. Mes. Suwuň ýakasy. Şunça wagt bäri gaçyp-tezip ýören bir bölek taýpa üçin men-ä şundan artyk nähili kömek etjegimi bilemok.

– Bize kömek edesiňiz gelse ýurdumyza goýberiň emir aga.

– Ýurt siziňki dä-äl, meniňki-i... diýende emiriň gözleri hanasyndan çykaýara geldi. Sag ýumrugy bilen “pat-pat” etdirip döşüne kakdy. – Sarahs maňa degişli. Ol ýere kimi iberip kimi ibermezligem meň öz işim. – Birdenkä dartgynlylygyň emele geläýmeginden howatyr eden emir derhal sesini pessaýlatmak, sözleriniň terzine ýumşaklyk äheňini çaýmak bilen boldy. – Onsoňam men aýdýan-a... Ýaňy aýtdym-a... häzirlikçe diýdim-ä... Soň, ine, wagty geler welin o meseläňize-de serederis. O sebiti men bolmanda-da hemişelik boş goýubilmen-ä... Ýa-da däninim, siz barkaňyz o ýere başga birlerini iberip bilmen-ä... o ýurduň hakyky eýesi siz-ä... häzir gitseňiz welin menem bulaşdyrarsyňyz, özüňizem bulaşarsyňyz. Horasan bu wagt edil otly ojak ýaly.

Elbetde, emiriň özüni alyp barşam suw gysymlan ýaly süwümsiz sözlerem, uçup-gonuň galkyjaklap oturşam Tenege ýaramady. Ony kethudalaram halamadylar. Onuň özlerini bu ýerde alyp galjak bolup näme üçin beýle yhlas edişine-de düşünibilmediler. Käbirleri bolsa: “Dogrudanam şu mesele azajyk tagapyl etmekligi talap edbän bolaýmasyn” diýip, taýpadaşlaryny Emir bilen ylalaşmaklyga çagyrdylar. Gele-gelmäne güýç ulanybermäge bolsa çekindiler. Şeýle ediläýen ýagdaýynda heniz deminden düşüp ýetişmedik Hywa hanynyňam ahmyrdan çykmak üçin özara dil tapyşmaga-da gelip, emire goşulaýmagy juda ahmaldy.

Şonuň üçinem, häzirlikçe olara emir bilen ylalaşaýmakdan başga alaç galmady.

***

Salyrlary Sarahsa göçmekden saklamaklyk, iň bolmanda Daniýar begiň öz düşünjesine görä hökmany zerurlyk bolup durýardy. Çünki, “syýasat”, “Eýran,

“wagtlaýynça” diýip, hernäçe özelensde-de, bu meselede onuň gorkýan zady düýbünden başga. Ýagny, birinjiden-ä erkinlik söýüji türkmenleriň ol ýere bara-barmana özleriniň Buhara raýatdyklaryna garamazdan, Eýran hökümeti bilen dil tapyşaga-da ur-tut onuň raýatlygyna geçäýmekleri ahmal. Ikinjidenem şeýle bolaýan ýagdaýynda Daniýar beg salyrlar bilen bilelikde Sarahsam elden giderjekdi.

Bu bolsa onuň üçin mugtja emgekden başga hiç zat däl.

Şeýle-de, Sarahsa baranlaryndan soň salyrlaryň gylyçlaryna daýanaga-da özlerini Buhara-da, Eýrana-da garaşly däl erkin halk hökmünde yglan edip oturybermeklerem ahmal. O-da Daniýar begiň öňünde içi täze-täze kelle agyrylardan doly birgiden meseläni keserdip goýjak.

Üçünjiden bolsa salyrlaryň hem Eýran, hem Hywa bilen ykdysady, söwda bähbitleri babatda ylalaşaga-da şolaryň ikisi bilenem gowy gatnaşyklara girmekleri we Buharadan ýüz öwürmekleri bolup biläýjek zat. Bu welin, Daniýar begiň Sarahsyň hem-de salyrlaryň üstünden agalyk sürmek baradaky hüçjetlerine düýbünden ters gelýär. Şonuň üçinem, ol başarsa hiç wagtam salyrlary Sarahsa ibermekçi däl.

Asyl-ha şolar ýaly, hatarly serhetýaka zolagy ilatlaşdyrmak hökmanmy, ýa gowusy ol ýeri giň giden öri meýdanlary üçin çarwaçylykda ulanmalymy, ine şu zatlar barda hem ol entek-entekler otlanmaly.

Häzirlikçe bolsa ol bu barada Tenek bilen gürleşmeli. Ony özüne çekmeli.

Ol hut şeýle hem etdi. Salyrlaryň görkezilen ýerde ornaşan günleriniň ertesi Tenegi çagyryp şeý diýdi.

– Taýpaňyzyň göç meselesini yza çekmekde sen maňa kömek et. Bu babatda menem saňa degerli kömegimi bererin. – Şeýle hem ol bu zatlaryň Buhara –Eýran syýasaty bilen, esasanam salyrlaryň howpsuzlygy bilen baglydygyny ýene bir gezek nygtady. – Halkyňa-da şeý diýip düşündir. Ýogsam olar bir birgiden garamaýakdyr, haýryny-şerini bilmezler. Men bir zat diýsem-ä asylam ýamanlykdyr diýip, düşünerler. Mümkinçilik dörän güni welin, men özüm siziň öňüňize düşüp eltip gaýdaryn.

Tenek oňa ynandy. Hakykatdanam salyrlaryň bähbidini arap gürleýändir öýtdi. Muny ol il-halkynyň öňünde hem aýtdy. Ynandyrdam. Şeýdibem olary haçana çenlidigi belli bolmadyk bir möhlet bilen şol ýerde galmaklyga yrdy.

***

Her niçik hem bolsa salyrlar ol ýerde saýatlar bilenem, beýleki türkmendir-özbek taýpalary bilenem ençeme ýyllap oňşukly oturdylar. Özleriniň ylalaşykly halkdyklaryny degmedige degýän däldiklerini subut etdiler.

Goňşularam özlerini olaryň öz boluşlaryna barabar alyp bardylar. Hiç hili dawa-jenjelsiz ýaşadylar. Gyz aldylar, gyz berdiler, garyndaş boldular. Ýöne, belanyň körügi düýbünden başga tarapdan gopdy. Oňşuksyzlyk salyrlaryň öz arasynda döredi.

Öňi bilen-ä köpçülik gondalaw tapdy. Wagty bilen göçli gürrüňiň gozgalmaýanlygyndan, asla onuň ýatdan çykarylyp barylýandygyndan närazyçylyk bildirip bäşleň-üçleň kä Tenegiň, käte Öde Meňlidir Gurban Meňliniň ýanyna gatnap ugradylar. Baryp emir bilen gürleşmeklerini talap etdiler. “Indi emiriň aýdan

wagtam ýetdi hetdem ýetdi, egerde siz baryp gürleşmäge çekinýän bolsaňyz, onda baryp oň bilen özümiz gürleşjek” diýdiler. Elbetde, Tenek olaryň bu gepini emire günübirin ýetirdi. Ýöne kanagatlanarly jogap alyp bilmedi. Köpçülik muňa hasam kejikdi.

Soňabaka olara Öde bilen Gurbanam goşuldy-da, ikortada Tenegiň bir özi galdy oturyberdi. Kyn ýagdaý döredi.

Şol wagtam kimden çykandygy belli däl: “Egerde özüni salyra baş han edip bellese, Tenek göçli gürrüňi günübirin galdyrmaga emiriň öňünde söz berenmişin”, diýen gürrüň ýaýrady. Muňa kim ynandy, kim ynanamady. Ýöne, tüýs bolmajak bolsa bolmaz, diýleni, şol gürrüňiň yzysüre Tenek ýaşulylary ýygnady-da, emire bolan başky ynanjyna görä:

– Agalar, entegem göçli gürrüňiňizi goýuň, dynç oturan halky gorjamaň, wagty gelen güni emiriň özi aýdar, o-da dert-azar bize ýagşylyk etjekden... – diýdi, welin, gaýtam indi şol gürrüňe öňki ynanmadyklaram ynandylar-da, ýagdaý bütinleý çylşyrymlaşdy duruberdi.

Tenek barada ýaýran soňky gürrüň esasanam Öde Meňli bilen Gurban Meňlini otdan alyp suwa saldy. Olaryň ikisem Tenegiň ýanyna bardylar-da, iki gözüniň içine iki ýerden dikan garap duruşlaryna:

– Biz özümiz han saýlamaly bolaýanymyzda-da, senden başgany saýlamazdyk. Emir saýlaýanda-da biz seniň hanlgyňa garşy bolmarys, ykrar ederis. Ýöne, egerde sen hanlygyňy halkyň göç meselesini galdyrmaklyga söz berip, satyn almakçy bolýan bolsaň, aýdylyşy ýaly emir ikiňiziň araňyzda şeýle gürrüň bolan bolsa, onda ony bizem ykrar etmeris, halkam ykrar etmez. Göç meselesinem günübirin güýçlendireris. Uzaklaşdyrman göçerisem. Sen onsoň öz emiriň bilen şu ýerde galyber.

Tenek muňa ör-gökden geldi. Bu gürüňňiň ýalandygyny, egerde ynanmasalar ertiriň özünde emir bilen ýüzleşibem biljekdigini janyndan syzdyryp abtdy.

Doganlar muňa razy boldular. Diýlen wagty emiriň ýanyna bardylar. Gepleşişleri ýaly ol ýere Tenegem geldi. Öde Meňli ýüze çykan gümürtik gürrüň boýunça Tenek bilen ýüzleşmekligi emirden talap etdi. Öz gezeginde muny Tenegiň özem haýyş etdi.

Emiriň muňa şeýle bir gahary geldi welin, ol ýerinden turup ýigitleriň üstüne sürüneninem, ýumruklaryny howada galgadyp sesiniň ýetdiginden gygyrybereninem bilmän galdy.

– Egerde saýlasym gelse men Tenegi häzir siziň gözüňiziň öňünde-de baş hanlyga saýlabilýän, ýöne, menden beýle zady talap ederçe, pylany biln ýüzleş diýerçe siz kim bolupsyňyz? Kazymy? Kelanmy? Ýa ýurt eýesimi? Öz araňyzda dörän dawany baryň-da öz araňyzda çözüşiň! Bolmasa-da ho-onha, emirligiň baş kazysy ba, şoňa ýüz tutuň!

Hywa dawasyny ýatlap, kazynyň gepiniňem emiriňkiden aýry çykmajakdygyna gözleri ýeten aga-ini ol meseläni şondan artyk çişirjegem bolmadylar-da, salyryň ähli garamatyny öz üstlerine alýandyklaryny ilk-ä emire, soňam ulusa mälim etdiler we emiriň rugsadyna-da, Tenegiň ygtyýaryna-da garaşmazdan, halky haýal etmän Buharadan göçmeklige, Sarahsa tarap ýola düşmeklige çagyrdylar. Tenegiň özüne-de:

– Ýaýran gürrüň ýalan bolsa-ha senem biz bilen bile goşuňy düwersiň, çyn bolsa-da tarapdarlaryň bilen galarsyň. Şu seniň üçin iň soňky synag. Synagdan geçseň öňki sylagyň. Şu ýerden ugran pursatymyzdan başlap biz seni özümiziň baş hanymyz hasap edýäs. Bolmasa-da...

Tenek ýene-de kyn güne galdy. Egerde ol häzirki aýdylanlar bilen ylalaşsa, onda ýene-de il gözüne hanlyga kowalaşyp şeýden ýaly görünjek. Etmese-de ýene-de halk özi barada ýalňyş pikirde boljak. Halky goýberse-de emiriň aýdyşy ýaly baransoňlar olara nämeleriň garaşýandygy belli däl.

Üstesine şol döwür emirem ony ýanyna çagyrdy-da, Öde Meňli dagy bilen tirkeşip ýüzlenmäge gelendigi üçin mazaly käýedi. Gatyrgandy. Ýöne, ýaýran şol ýalan gürrüňi üçin çynyrgatsa il üçin has bähbitli boljagynam aňdy. Şonuň üçinem kim näme diýse-de, gybatdyr gürrüň bolsa-da, seni salyra baş han edip bellemek meniň pikirimde hakykatdan-da bardy, ýöne, men muny saňa syzdyramokdym... ine, indi görýän welin syzdyrmadygym gowam bolaýypdyr. Sen barybir halkyňa gepiňi ýöredip biljek däl ekeniň. Hanlyk ukybyň ýok ekeni. Dogry, serdarlyk, serkerdelik ukybyň ýok däl, söweş güni goşuna ýolbaşçylyk edibiljek sen muny Hywadan gaýdanyňyzda-da subut etdiň, ýöne, o başga hanlyk başga... Men indi salyryň içinden özüniňkilere buýrup, gepini düşündirip biläýjek başga birini gözlemeli bormukam diýýän – diýdi.

Emiriň bu sözleri Tenegiň namysyny joşdurdy. Ganyny gaýnatdy. Düýn-öňňünjik Hywadan öz eli bilen alyp çykan halkynyň bu günki gün beýdip özüne gulak salman, aýdanlaryna ynanman, gaňryşyna gaýdyp duruşlaryny hasam gaty gördi. Hanlygyň hatyrasyna däl-de, Sarahsa barylandan soň Horasanyň bulaşyklygy sebäpli bolup biläýjek heläkçilikden halky halas etmekligiň hatyrasyna gaýrata galmaklygy, şeýdibem hem-ä halky göçden alyp galmaklyga, hemem özüniň gepini düşündiribilýän dogumly ýigitdigini hana-da, halka-da äşgär etmekligi ýüregine düwdi.

Şonuň üçinem ol öňi bilen-ä özüniň bu göç bilen Sarahsa gitmejekdigini, asyl-ha göçe ýol bermejekdigini, çünki, häzirki wagtda ol ýere göçüp barmaklygyň bütin ulus üçin howply hem hatarlydygyny, möwriti gelen güni özüniň ilden öňürti ýola düşjekdigini halka düşündirjek boldy. Şu hereketini ol han saýlanmaklygyň hatyrasyna edýändir öýtseler asla özüni serdar hasap etmezliklerine hem garşy däldigini aýtdy.

Emma, bu-da hiç hili netije bermedi. Gaýtam ol Tenege garşy çykýan Öde bilen Gurbanyň il içindäki abraýynyň artmagyna itergi berdi.

Şeýtsem netije bermezmikä, diýen umyt bilen, Tenek şondan soň etini gataltdyp ozaldanam inçe bolmadyk sesini hasam ýognadyp başlady. Gep gaýtarjak bolýanlaryň üstüne dyzady, bir zady iki aýtdyrýanlaryň üstüne at debsiledi, käbirlerine gamçysyny çommaltdy, hetden aşyberende gylyjynyň bagjagyny ýazdyryp, dessesinden gysymlady, garaz, öňki Tenek şü, diýseň tanar ýaly bolmady.

Şeýdip barşyna ol bir gün halys hetden aşyp Öde Meňli bilen garpyşdy. Dawa Gurban Meňlem goşuldy. Tenek muňa hasam gyzdy-da, at üstünde “has-has” edip oturşyna:

– Iki öýli ýeýkäňizem alyň-da göteriliň şu ýerden! Baranyňysoň başyňyza nä iş düşse-de men günäkär däl. Maňlaýyňyzdan görüň. Ýöne, ili azdyrmaň. Gününi

bulamaň. Men ony barybir size çaýkatdyrman. Il göçer, ýöne wagtynda göçer – diýdi. – Size aýagynyň aşagyndan aňryny görübilmeýän akmaklar diýerler...

Egerde göç meselesi bilen wagyz geçirip, taýpany agyr ýola itekläp ýörmelerini bes etmeseler, ikisinem emire ýetirmän özüniň jezalandyrjakdygyny, iliň garamatyny boýnuna alyp ýören adam hökmünde şoňa hakynyň bardygyny taýpanyň her bir wekiliniň özüne hökmany suratda gulak asmalydygyny hem ol sözüniň soňunda nygtap-nygtap aýtdy.

Öde Meňliniň muňa şeýle bir gahary geldi welin, at bökdürip Tenegiň daşyndan aýlanyp ýörşüne:

– Seňki indi belli. Sen synagdan geçmediň. Ýöne, men indi aňyrsy iki günüň içinde halky göçürerin. Dadyňam bar, nirä ýetirseň şoňa ýetir – diýdi.

Gurban Meňlem atyny çarpaýa galdyryp gylyjyny gynyndan çykardy-da, Tenege tarap dalawlatdy.

– Howwa! Eliňden näme gelýän bolsa et! Näme gaýratyň bolsa görkez!

Tenek diňe şondan soň özüne geldi. Uruşanlary ýaraşdyrmaly halyna özüniň urşa baş boljak bolup durşuna utandy. Birdenem gorky basdy-da, at başyny Buhara şäherine tarap öwürdi. Haýal etmänem emiriň huzyryna girdi. Ömür etmeýänini edip, özüniň düýn-öňňinki egindeşlerini Daniýar begiň öňünde ýamanlamaga durdy. Öde Meňliniň öz inisi bilen gozgalaň turuzýandygyny, salyryň aglaba bölegini alyp, olaryň bu gün erte göteriläýmekleriniň ahmaldygyny aýtdy. Ýurt eýesi hökmünde ara goşulmagyny, emirlikdäki hemişelik hereket edýän harby güýjüni ulanyp, göçüň öňüni almagyny, halky heläkçilikden halas etmegini Öde bilen Gurbany bolsa wagtlaýynça, halk göç keselinden köşeşinçä tussag etmegini zyndanda saklamagyny haýyş etdi. Emir Tenegiň haýyşyny kanagatlanma bilen kabul etdi. Şol günüň ertesi salyrlaryň üstüne goşun sürüp bardy-da, ýola düşjek bolup duran göçlerini dargatdy. Göçi goraýjylar birbada garşylyk görkezjek boldular, ýöne, agzalalyk, Tenegiň öz taraplarynda däldigi üstesine taýpanyň esli böleginiň Tenegiň tarapynda durup özlerini göçdenem, söweşdenem çetde tutmaklary basym öz netijesini berdi. Ýeňiş emiriň tarapynda boldy. Ol Öde bilen Gurban Meňlini tutup gollaryny arkasyna daňdyrdy we atyň öňüne salyp, paý-pyýada köşge alyp gitdi. Barşy ýalam başbozar, emirligiň içinde agzalalyk döredýän, topalaň turuzýan adamlar hökmünde, hiç hili kazyçylyk işlerini geçirmezden, ur-tut dar meýdanyna eltip ikisinem jezalandyrdy.

Salyrlar bu işi eden emirem bolsa, sebäbini Tenekden gördüler. Şonuň üçinem, üýşüp ýanyna bardylar-da oňa:

– Tenek, sen mert ýigitdiň, munuň şeýledigini Hywadan gaýdyşlyk bolanda öz gaýratyň bilen görkezdiň. Tutuş taýpa baş bolup biljekdigiňi subut etdiň. Şu ýerde oturan ýyllarymyzam sen Emir bilen ylalaşykly işleşmek arkaly ulus üçin köp zatlar etdiň. Ýöne, azdyň. Özüňi han saýdyň. Egerde hanlyk islän bolsaň ony biz saňa emirsizem berip bilerdik, emma seň dogumyň hanlyk derejesini götererden pesräk ekeni. Injigiň ejizräk ekeni. Şoň üçinem, ulus seni hiç haçan öz hany hökmünde ykrar etmez. Syrtyňy emire diräp bu gün salyryň iň bir eý görýän, gaýratly, atyň dişi ýaly ýigitleriniň ikisini öldürden bolsaň, erteki gün işdäň açylyp belki, onusyny öldürdersiň. Bu bolan işden soň han hasap etmeg-ä beýlede dursun, halk seni asla adamam hasap etmez... diýdiler.

Öldürilenleriň on dört ýaşlarynda bir inileri bardy, adyna Işbaşy diýerdiler, ine şol welin Tenege hemmelerdenem ýowuz darady. Ol Tenegiň çat maňlaýynda, kiçijik ýumruklaryny düwüp, on iki süňňi bilen sandyrap durşuna iki gözüniň içine seredip:

– Ýigit çykan günüm senden agalarymyň aryny almasam, atamyň ogly bolmadygym – diýdi! – Diňe gan! Hun hakda gürrüň ýok!

Tenek Öde bilen Gurbanyň ölmüne özüniň sebäpkär däldigini, "jeza beriň" diýip emire ýüz tutanynda-da olaryň beýle zalymlyk bilen öldürilmegini däl-de, bary-ýogy "haý-küş" edilmegini çalarak gorkuzylmagyny haýyş edendigini düşündirjek boldy. Emma onuň ol sözlerine hiç kim ynanmady. Asla ynanjagam bolmadylar. Diňlemedilerem. Aýtjaklaryny aýdyp, diýjeklerini diýenlerinden soň olaryň barysy ýüzlerini sallaşyp onuň ýanyndan daşlaşmak bilen boldular.

Şondan soň onuň öňki tarapdarlaram gapdalyndan sokga-sokga sogrulyşdylar-da, köpçüligiň tarapyna geçdiler.

Ulusyň ýaşulylary ony hatda Öde bilen Gurbanyň patasyna-da eltmediler. "Gelse-de kowuň, düşege ýanaşdyrmaň" diýip, bäş-üç sany ýigidi sakman goýdular.

Halys aljyran Tenek şondan soň ullakan ak ýüzüni bolşundanam beter aktam edip ýene-de emiriň gaşyna bardy.

– Sen ýalňyş hereket etdiň emir aga. Meni öz halkyma duşman etdiň, ynsabymyň öňünde ýüzügara etdiň. Bu işe meniň dahlymyň ýokdugyny halka aýdyp ber, meni nähak günäden halas et – diýdi.

– Seniň günäsizdigiňi Hudaý bilýändir.

– Olar ony Hudaýdan soranoklar, emir aga, menden soraýalar.

– Senden sorasalar meniň ýanyma iberäý.

Goşunsyz galan serkerdäni emiriň şondan artyk diňläsem gelmedi. Çünki, ýaşulylaryň aýdyşy ýaly onuň indi oňa geregem ýokdy. Şeýdip nähak gan Tenegiň boýnunda galdy. Ondan halkam, emirem ýüz öwürdi.

Hem Tenekden, hem emirden göwni geçen salyr ulusynyň nägileçiligi bolsa, şol elhenç wakadan soň hasam güýçlendi. Kim tarapyndan, haýsy tarapa ugrukdyrylýandygy belli bolmadyk ulus indi ne Tenege, ne emire, hiç kime boýun egmeýärdi.

Howlukmaçlyk edip, hakykatdan-da ýalňyşandygyna Daniýar beg diňe şondan soň düşünip galdy. Üstünden höküm sürmek üçin, kömpleriň aýdyşy ýaly golastyňdaky halkyň agzyny alartmaly däl-de, özüňden birini ýolbaşçy belläp, agzybir saklamaly ekendigine-de göz ýetirdi. Çünki, salyrlar onuň özüne-hä öňem gulak asanokdylar, soňky wakalardan soň welin Tenegiň üsti bilenem täsir edip bilenok. Üstesine Tenegiň tarapdarlarynyňam göçegçilere goşulmaklary bilen, salyrlar ýene-de öňküleri ýaly kuwwatly güýje öwrülipdiler. Şonuň üçinem, ýene-de bir sähelçe säwlik goýberdigi Hywa hanynyň başyna düşen ahwalatyň öz başyndanam inäýmeginiň ahmaldygyna emir aňryýany bilen göz ýetirdi.

Ýöne... Bulaşyklyk ýene-de salyrlaryň öz içinden gopdy.

Ýokarky ganly wakadan ylaýyk üç ýyl geçenden soň, ýaňy bir on sekizini dolduran Işbaşy özüni kemsiz kämillige ýeten ýigit hasap etdi-de, öň söz berşi ýaly Tenegi ar meýdanyna çagyrdy we başa-baş söweşde ony gylyç bilen çapyp öldürdi.

Özüni tutuş ulusyň baş hany diýip, yglan etdi. Il-günüüň ähli garamatyny öz üstüne aldy.

Onuň bu hereketine garşy çykan bolmady. Çünki, halka hakykatdan-da han gerekdi.

Emir welin onuň hanlygyny ykrar etmedi. Emiriň ynamdar adamsyny öldürip, emirlikde baş-başdaklyk döredendigi, öz-özüne han diýip, emiri äsgermezçilik edendigi üçin, ony derhal tussag etjekdigini, zyndana taşlajakdygyny, haýal etmänem agalarynyň yzyndan jähenneme ýollajakdygyny, asyl külli salyry ýerinden gozganmaz ýaly, galan ömürlerini nesilme-nesil emirligiň gumuny garbap geçirerleri ýaly etjekdigini aýdyp, Işbaşynyň iberen adamlarynyň öňünde haýbat atdy.

Muny eşidip, şol günüň özünde ýanynyň ýigitleri bilen Işbaşynyň özi emiriň köşgüne geldi. Nökerlerini daşarda goýup, özi hanyň ýanyna girdi. Öňünde dik durup pert-pert gürledi.

– Tussag etjek diýipsiňiz, zyndana atjak diýipsiňiz, emir aga! Tutuň, tutubilýän bolsaňyz, atyň zyndana atybilýän bolsaňyz, ine men! Soňky gün armanly bolmaň! Men ardan-a çykdym, indem seň ýurduňdan çykjak. Halkymam alyp gitjek! Hoşlaşjakmy ýa gylyçlaşjakmy?

Onuň bu sözleriniň aňyrsynda tebigy batyrlygam bardy welin, esasy zat köşgüň daşynda bäş ýüzdenem gowrak saýlama ýigitlerem gylyçlaryny bulaýlaşyp onuň yşaratyna garaşyp durdular. Emiriň arz jaýyna hatda olaryň her daýym bir “haýkyryşýan” seslerem gelip durdy.

Ýöne emirem kiçi girim adam däl. Onuňam daşynyň goragy ýetik. Hatda köşgiň içindäki ýasawullaryň özem türkmenleriňkiçeräk bar. “Häh” diýdigi ýene müňlerçe adamdan ybarat goşunam köşgüň agzynda häzir edip bilýär. Şonuň üçinem, ol Işbaşynyň haýbatyndan gorkdy ýa ätiýaç etdi diýib-ä bolmaz, ýöne gaty bir batyrynybam bilmedi. Has takygy han halyna dargursaklyk edip, dar ýerde gan döküşesi, köşgüň içini hapalasy gelmedi.

– Men näme diýen bolsam ederin, özem senden soraman ederin – diýip, zerli donunyň üstünden guşagyny guşanyp siltenjiräp durşuna aýtdy. – Özüňňem şu ýere çakylyksyz gelişiň iň soňky gezek bolsun! Çünki, men seniň hanlygyňy ykrar etdemok, etmen! Göç meselesinem agzyňa alaýma. Butnadygyňyz baryňyzy ýer bile ýegsan kylaman.

– Maňa siziň ykraryňyzam gerekgä, emir aga ygraryňyzam gerekgä. Butnap-butnamazlygam bizler sizlerden sorap durmarys. Päsgel berjek bolsaňyzam... – Işbaşy “şowurdadyp” gylyjyny gynyndan sogurdy. – Ine, şunuň tygly tarapy bilen sözleşeris... – Gylyjyny gynyna salandan soň ol birhili köşeşen ýaly boldy. – Goşunyň barlygyna, ok-ýaragyň köplügine-de gaty bir buýsanyberme, biziň sanymyzyň azlygyna-da gaty bir begeniberme çünki söweşde iş bitirýän san däl-de, gaýratdyr. Ýürekdir. Ol güni ak meýdanda türkmen ýigitleriniň her biri döwe döner, her biri seňkileriň onusyna taý geler...

Işbaşy şondan soň emiriň rugsat bererine-de garaşman batly gadamlar bilen iki tarapy saklawly, haşamlanan mähnet gapa tarap ýöneldi.

– Man sizge korsataman! – diýip emir demi-demine ýetmän durşuna ýasawullaryna Işbaşynyň köşkden hiç hili päsgelçiliksiz çykyp gitmegini üpjün etmekligi tabşyrdy. Serkerdelerine bolsa goşuny söweşe taýar etmeklerini buýurdy.

***

Egerde şol gezekki ikitaraplaýyn haýbat atyşlygyň bolan gününiň dek ertesi Buharanyň şäher ilaty, hususan-da söwdegärler, senetçiler, jerçilerdir-dükançylar emir Daniýaryň we onuň köşk emeldarlarynyň salýan dürli görnüşdäki salgytlarynyň möçberlerinden dat edip, gozgalaň turuzmadyk bolsadylar, duýdansyz dörän şol ýagdaýdan gorkup, ýüregi ýarylara gelen Daniýar begem häkimiýeti ur-tut il içinde özüne görä köp-köp akylly hasap edilýän ogly Şamyrada tabşyrmadyk bolsady, onda emir bilen ýaş türkmen hanynyň arasynda bolaýmagy gutulgysyz boljak ýagdaýa gelen soňky wakalaryň näme bilen gutarjak ekendigini, ykbalyň kime gülüp bakjak ekendigini, salyrlaryň soňky ykballarynyň nähili boljak ekendigini aýtmak kyn. Her niçik hem bolsa ýagdaý gowulyga tarap ugur aldy. Şamyrat Buhara ilatynyň tamasyny ödedi. Öňi bilenem emirlikde düzgün-nyzamy gowşadandyklary hem-de kanunçylyklary berjaý etmändikleri, şeýdibem halkyň gozgalaň turuzmagyna sebäp bolandyklary üçin köşk emeldarlaryndan: ýokary derejeli döwlet işgäri, ýerine ýetiriji häkimligiň baştutany, döwlet diwanynyň ýolbaşçysy, şerigat we adam hukugy boýunça ýurdy dolandyryjy, hakykaty ýüzünde emiriň orunbasary hasaplanýan Döwlet guşbegini we Nyzammeddin kazyny jezalandyrdy. Yz ýany bilenem Buhara ilatynyň ençeme salgytlardan boşadylýandygy barada perman çykardy. Ýatyrylan salgytlaryň ählisine derek “jul” diýlip atlandyrylýan täze ýeketäk salgyt girizdi. O-da diňe uruş döwri goşuny saklamak üçin niýetlendirilen salgytdy we parahatçylyk döwründe ýöremeýärdi. Şamyrat emirlik üçin ýörite altyn pul hem çykartdy, Kazylyk häkimiýetini öz eline aldy. Amyderýanyň öň elden giderilen çep kenaryny, Balhy, Merwi gaýtaryp alyp, Buhara emirligine goşdy. Owganystanyň hökümdary Demir şa bilen üstünlikli söweşler alyp bardy we netijede Türkistanyň özbekler bilen täjikleriň ýaşaýan ýerleri bolan günorta welaýatyny öz garamgyna geçirdi.

Emir Şamyrat salyrlar, olaryň baky arzuwlary bolan Sarahs babatda hem kakasy ýaly kejirlik edip, emele gelen düwnüň çignini has hem çigişdirjek bolup durmady-da, iňňän oňyn çözgüt tapdy.

Ýagny, Eýran bilen söwda gatnaşyklaryny etmekde Sarahs Buhara üçinem, Hywa üçinem ir döwürlerden bäri amatly nokat bolup durýardy. Hut şol sebäplem ol ikisiniň arasynda şol ýer üçin basdaşlyk höküm sürýärdi.

Gürüňi edilýän döwürde hem köpden bäri Buhara degişlidigine garamazdan, Hywa hany dürli bahanalar bilen Sarahsa göz dikip ýördi-de, emir Şamyrat salyrlary şol ýere iberip Sarahsy özüniň daýanç nokadyna öwürmekligi makul bildi we ur-tut göçe rugsat berdi.

Bu örän dogry çözgütdi. Çünki, ol şeýtmek bilen hem-ä telim wagtlap kakasynyň kellesini agyrdan, emirlik üçinem ençeme wagt bäri içagyry bolup duran salyr meselesinden dynýardy, hemem Sarahsy hak eýelerine gowşurýardy, şolaryň üsti bilen ol ýerde öz daýanç nokadyny döredýärdi şeýdibem bir okda iliň edişi ýaly iki däl-de üçtowşan urýardy.

Onsoňam, öz arzyly mekanlaryna meýletin goýberendigi üçin salyrlaryň özleriniňem oňa ömürlik minnetdar boljakdyklaryna, ol ýurdy gözleriniň göreji ýaly eý görjekdiklerine Hywadanam, Eýrandanam ähtibarly gorajakdyklaryna şek-şübhe ýok we asla bolubam bilmez. Ikiçäk gürrüňçilikler mahaly bu barada Şamyrat çekinibräk hem bolsa kakasyna-da aýdýardy, emma akyl çägi gaty bir giň bolmadyk Daniýar beg oňa gulak asmaýardy.

Gelen netijesini Emir Şamyrat salyr kethudalarynyň özlerine-de aýtdy. Olardan köp-köp gowulyklara garaşýandygyny duýdurdy.

Işbaşy bilen bolsa aýratynlykda, ikiçäk gürleşdi. Ýörite tabşyryklar berdi. Üstünden geçýän söwda ýoluny parahat saklamaklygy, Eýran bilenem, Hywa bilenem, asla hiç kim bilenem dawalaşmazlygy, oňşukly gatnaşmaklygy, arkasynda dag ýaly bolup duran Buhara emiriniň, abraýyny saklamaklygy maslahat berdi. Han hökmünde ykrar edýändiginiň subutnamasy hökmünde emirliginiň adyndan möhürli hat ýazyp berdi.

Işbaşynyň özem, salyr jemgyýetem onuň bilen doly razylaşdylar. Hoşallyk bildirdiler.

Göç ýola düşdi.

## V
## Sarahs

Sarahsa gelip ornaşanlaryndan soň, salyrlar halk tarapyndan “Sarahs baba” diýlip atlandyrylýan, ylmy dünýäde Abyl-Fazyl Sarahsy hökmünde tanalýan şahsyň kümmetiniň başynda ilk-ä ullakan sadaka berdiler, soňam Işbaşynyň ornaşan ordasynyň golaýyndaky beýik, ak depäniň üstünde gurnalan toý şagalaňyna ýazdyrdylar.

Şol toýdur-sadaka Işbaşy birnäçe gün öňünden çapar iberip, ýeke bir Mary, Ahal, Tejen, Pendi ýaly içinde türkmenler oturan belli-belli sebitleri däl, eýsem olaryň aralarynda, gyrak-bujaklarynda ýerleşen ownuk obalara, syrgynlara, kürenlere, hatda Maşatda, Tähranda, Horasanda ýaşaýan pars ekabyrlaryna çenli çagyrdy. Gelen myhmanlary bir menzil öňünden çykyp hut özi garşylady, hut özi hem hyzmat etdi. Ata-watanlary bolan şu topraga hemişelik gelendiklerini, ähli goňşy halklar bilen agzybirlikde ýaşamak, dostlarça gatnaşmak niýetleriniň bardygyny aýtdy. Resmi suratda gelendikleriniň delili hökmünde, degişli adamlara Buhara emiri tarapyndan berlen möhürli haty görkezdi. Olaryň şanyna at çapdyrdy, göreş tutdurdy. Aýdym aýtdyrdy, saz çaldyrdy.

Myhmanlaram olary sag-aman watanlaryna gowşandyklary bilen çyn ýürekden gutladylar, begençlerini paýlaşdylar, täze ýurtda uzak ýyllar ömür sürmeklerini, goňşulary bilen hemişe mähribançylykly gatnaşyklarda bolmaklaryny arzuw etdiler.

Gidenlerinde bolsa Işbaşy olaryň hersini sowgat-salamlar bilen esli ýola çenli ugradyp goýberdi.

***

Asyrlarboýy arzuw edilip ýetilen birenaýy durmuş başlandy. Işbaşy tarapyndan tertip-düzgünli han tutumy girizildi. Başynyň ýaşdygyna garamazdan ol ulusy öz agzyna bakdyrmaklygy başardy. Halk oňa boýun sundy. Talaplaryny berjaý etdi. Kiçi ulyny, uly kiçini sylady. Birewiň deňinden hiç kim salamsyz geçmedi. Goňşy goňşusyny ynjytmady, hiç kim kişiniň malyna göz dikmedi. Ar-namys mertebe ähli zatdan belentde goýuldy. Goňşy halklar bilen ara tow salyp biläýjek gelşiksiz hereketler etmek ullakan aýp iş hasap edildi. Metjitler guruldy, çagalary okutmak ylym-bilim bermek işleri ýola goýuldy. Gyzlar halanlaryna bardylar, oglanlar saýlanlaryna öýlendiler.

Ýöne, üç ýyl geçip-geçmänkä, tussumandan diýen ýaly Işbaşy bir dert tapyndy-da, uzak ýatmanam ýogaldy. Salyr ulusy şondan soň ýene-de uzak wagtlap baş hansyz galdy. Her urug, tire bölek öz ownuk hanlarynyň diýeni bilen boluberdi.

Umumy han saýlamaklygyň zerurdygy her ädimde köre hasa görnüp duran hem bolsa, şu mesele boýunça salyr kethudalarynyň üýşüp çaşmalarynyň hemmesi netijesiz gutardy. Her tire her urug öz hanynyň baş hanlyga saýlanmagyny isledi. Bu ýagdaýa hatda Buhara emiriniň özem oňyn täsir edip bilmedi. Dogry, ol käte kimdir birini Işbaşynyň ýerine belleýändigi barada Sarahsa hat ýa çapar gönderýärdi, käte bolsa halky agzyna bakdyryp biläýjek haýsydyr bir atly-abraýly, barjamly adamyny Buhara çagyryp eline hanlyk ýarlygyny berip goýberýärdi, emma tirebaşylarynyň üm etmekleri netijesinde halk olaryň hiç birinem unamaýardy,ykrar etmeýärdi. Şeýdip halk ýene-de hansyz galýardy.

Ýöne, hemmeleri haýran edýän bir hakykat bardy o-da şolar ýaly baş-başdaklygy başlaryndan geçirýändiklerine garamazdan, salyrlar ol ýerde özlerini kem-kemden, ähli tarapdan şeýle bir erkin duýup başladylar welin, soňabaka ýeke bir Eýrana ýa Hywa däl, eýsem özlerini şu ýere daýanç hökmünde ýollan Buhara emirligine hem tabyn däl ýagdaýa geçmekligi başardylar.

Şeýle-de bolsa, uly söwda ýolunyň üstünde oturýandyklary sebäpli olar Eýran bilenem, Hywadyr-Buhara bilenem dil tapyşmaly bolýardylar we olar bu wezipäniňem hötdesinden ökdelik bilen gelýärdiler.

Sebitdäki çalt-çaltdan üýtgäp duran syýasy ýagdaýlaryň netijesinde soňabaka Buhara özüniň Sarahs ilatyna bolan täsirini bütinleý ýitirdi.

Şonuň üçinem, Hywa hany Muhammet Rahym hanyň Horasana eden ýörüşleri döwründe, salyrlar şu günki bähbitleri üçin düýnki günüň kinelerini unutdylar-da, Hywanyň tarapynda durdular, hatda oňa maddy kömegem berdiler.

Hywa hanynyňam özi üçin uly güýç bolup biljek bu türkmen taýpasy bilen galan ömrüni öýkeli halda geçiresi gelmedi we ur-tut ýaraşyga girip olary güýç hökmünde-de, daýanç nokady hökmünde-de mazaly ulandy. Olaryň serdar, beg, han hökmünde öňe çykan adamlaryny häli-şindi Hywa çagyryp sylaglady. Hatda Horasan welaýatyndan basyp alan galalarynyň käbirlerini käte salyrlara peşgeş beräýdigem bolýardy. Salyr kethudalarynyň Hywa çagyrylyp, diwan işlerine gatnaşdyrylýan gezeklerem az däldi. Hanyň köşgünde hemişelik wekil hökmünde oturdylýan adamlaram bolýardy, ýöne, Sarahs sähralyklaryna bolan küýseg olaryň birinem ol ýerde uzak oturtmaýardy we şeýle içgysgynç durmuşdan basymrak dynmak üçin derhal yzlaryna dolanmak bilen bolýardylar.

Şeýle-de beýleki raýatlyklardan tapawutlylykda şol döwür Buhara, Eýran ýa Hywa tarapyndan Sarahsda hiç hili dikme, dini hadym ýa edara ediji syýasy guramalar ýokdy.

Diňe şujagaz tymsallaryň özem şol döwürde salyr türkmenleriniň sebitde näderejedäki ähmiýetli güýç bolup durandyklaryna subutnama bolup biler.

Ykdysady hal-ýagdaýlary babatda hem olar iňňän baý ýaşaýardylar. Çünki, Sarahsyň mes toprakly ýeri bol suwy bardy. Bu bolsa, olara oba hojalyk önümlerini köp öndürmäge bol-elin iýmäge, agyzlaryndan artanlaryny goňşy ýurtlara äkidip satmaga mümkinçilik berýärdi.

Ter öleňli otluk ýaýlalarda süri-süri mallary, bedew atlary gezýärdi. Halyçylyk sungatynyň hili belent derejede bolup, taýpa ummasyz girdeji getirýärdi. Düýe ýüňünden dokaýan çäkmenleri bolsa "salyr çäkmeni" diýen at bilen külli Horasanda, Hywa we Buhara bazarlarynda giňden meşhurdylar hem-de iň geçginli harytlaryň biri bolup durýardy.

Bu zatlardan başga-da, Köne Sarahsyň amatly söwda ýolunda ýerleşýändigi üçin, salyrlar öz üstlerinden ötýän kerwenlerden paç görnüşinde hem arsyz köp pul gazanýardylar. Olaryň söwda işlerine gatnaşýardylar, bähbitlerine goşluşýardylar, käte bolsa araçyllyk edýärdiler. Üstlerinden ötýän kerwenler arkaly, gytaklaýy n, bilniksizräk hem bolsa, gul söwdasyna gatnaşmak arkalam peýda görýärdiler. Çapawulçylyk, alamançylyk bilen özleri görnetin meşgul bolmasalar-da, delalçylyk etmek bilen şol zatlardanam bähbit gazanýardylar. Köp halatlarda beýleki türkmen taýpalarynyň garakçylykly hereketleriniň guramaçylary bolup durýardylar. Olary şol iş üçin gerek bolan at,ýarag we beýleki derwaýs zatlar bilen üpjün edýärdiler hem-de alaman şowly bolan ýagdaýynda oljanyň ýarysyna özleri eýe bolýardylar.

Şolar ýaly gatnaşyklary olar Horasanyň ýerli häkimiýetleri bilenem saklaýardylar. Mysal üçin, şolaryň biri Ybraýym Hozar bir gezek özüniň haýsydyr bir bäsdeşiniň garşysyna göreşer ýaly salyrlardan bahasy müň tümene barabar bolan mukdarda birgiden at satyn aldy. Şonça puly nagt hasaplaşar ýaly pulunyň bolmandygy zerarly, şonda ol özüniň uly ogluny aýaly we çagalary bilen bilelikde girew goýdy.

Mahlasy, salyrlaryň Sarahsdaky ýagdaýlary şol wagt şeýle bir gowudy welin, on ýedinji asyrda, Maňgyşlakda oturan döwürlerindäki rowaçlyklaryny ýada salýardy. Taryhy mütdetden alanyňda gaty bir uzak bolmadyk geçmişde galan şol döwür olar Orta Aziýany Orsyýet bilen baglanyşdyrýan söwda ýolunyň, ýagny Hazar deňzindäki buhtalaryň başlangyç nokatlarynyň ählisiniň hojaýynlary bolup durýardylar.

Şeýle baýdyklaryndan, şeýle amatly ýerde ornaşandyklaryndan başga, Sarahsda oturan döwürleri olar ata-babalarynyň irki şöhratlaryndan hem peýdalanýardylar, uly güýç we edermen halk hökmünde ähli türkmen taýpalary we türki kowumlar, horasan begleri, şeýle-de eýran hökümeti tarapyndan hormatlanýardylar, sylanýardylar.

Ýöne, 1825-nji ýylda Hywa hany Muhammet Rahymyň ýogalyp, onuň ornuna ogly Allaguly hanyň geçmegi, onuňam inisi Rahmangulyny uly goşun bilen birnäçe gezek Horasana talaňçylykly uruşlra ugratmagy, şol ýörüşleriňem belli bir derejede Sarahs bilen, şeýle-de onuň ýaşaýjylary bilen bagly bolmagy, ol ýerde oturan salyr

türkmenleriniň ýagdaýlaryny görnetin üýtgetdi. Öňde-soňda Eýrana edilen talaňçylyklara, hususan-da Horasanyň ýerli hanlarynyň Eýran hökümetine garşy göreşmekleri üçin at-ýarag bermek, gul söwdasy türkmenler tarapyndan edilýän garakçylyklary, alamanlary guramaçylyklaşdyrmak ýaly eden ýalňyş hereketleri bolsa, olary ahyry hiç haçan düzedip bolmajak uly bir betbagtçylygyň üstünden eltdi.

Umuman ýagdaý şeýle boldy. Maşat şäherine goşun sürüp gelen Rahmanguly ullakan şowsuzlyga sezewar boldy we goşunynyň galak-gaçak bölekleri bilen bilelikde özüni zordan Sarahsa atdy.

Eýran serkerdeleri gelip salyrlardan Rahmangulynyň özlerine berilmegini talap etdiler. Emma salyrlar olaryň ol talaplaryny berjaý etmekden ýüz öwürdiler. Ähli güýçlerini jemläp, eýran goşunynyň öňünde demir gala dek berk durdylar. Rahmangulyny goradylar.

Ýöne, Rahmangulam dek ýatmady. Ol Sarahs galasyndan çykman ýerli halkdan uly goşun toplady we gabaw aýrylandan soň gidip Eýranyň çetki galalaryna, obadyr-şäherlerine çozuş etdi. Emma barybir ýeňiş gazanyp bilmedi. Ýene-de şowsuzlyga sezewar boldy. Onuň bilen giden salyr ýigitleriniň köpüsi şol şowsuz söweşleriň pidasy boldy.

Yzly-yzyna ýüz beren bu şowsuzlyklara çeti gyzan Rahmanguly öz talaňçylykly ýörüşlerini bes etmekden geçen gaýtam howlukmaç suratda Hywa gitdi-de, özbeklerden, garagalpaklardan ybarat üç müň atly goşun toplap derhal yzyna gaýtdy. Bir durmanam Sarahsa geldi. Salyrlardyr-saryklardan toplanan atly goşunam olaryň üstüne goşdy-da, zut gitdi, niredesiň Maşat diýip.

Emma, bu ýörişi hem oňa şöhrat getirmedi.

Halys paltasy daşa degen Rahmanguly ýene-de aýagyny süýräp zordan Sarahsa geldi. Ýöne bu gezek ol ýerde eglenmeg-ä däl, hatda dem-dynç almaga hem bogny ysmady. Aýak üstünden duz datdy-da, Hywa tarap ýola düşdi.

Inisiniň hiç hili netije bermedik ýörüşlerini haýal etmän Allaguly hanyň özüniň dowam etdiresi, han tagtynyň beýle bir gowşak däldigini, gylyjynyň beýle bir kütek däldigini ýeke bir Horasana däl, eýsem külli Eýrana bildiresi geldi.

Şonuň üçinem ol 1826-njy ýylda öz goşuny bilen Eýranyň Jam welaýatyna bardy, ol ýerde hernäçe assyrynlyk bilen hereket edendirin öýtse-de, Allaguly hanyň nirede, näme edip ýörendigi Eýran hökümeti tarapyndan wagtynda duýuldy. Goşun ýyldyrym çaltlygynda Jama geldi we Hywa goşunyna berk gaýtawul bermek bilen, Allaguly hany nökerlerini taşlap gaçmaga mejbur etdi.

Allaguly han hem inisi Rahmanguly ýaly durman Sarahsa bardy. Ýerli halkyň özüni bir gaýym gorajakdygyna gözi ýetip duranam bolsa, ol ýerde uzak ynjalyp bilmedi. Haýdan-haý ýola düşmek bilen boldy. Hä diýmänem Hywa bardy.

Şeýle-de bolsa, "ýykylan göreşden doýmaz" diýenlerini edip, Allaguly han şolar ýaly talaňçylykly ýörüşlerini Eýrana 1830-1831-nji ýyllarda hem dowam etdirdi durdy.

***

Bolup geçen şol wakalaryň aglabasy Eýranyň Orsyýet bilen uruş ýagdaýynda duran döwürlerine gabat gelipdi we Hywa hany onuň şol aljyraňňylyklaryndan peýdalanypdy.

1828-nji ýylyň fewral aýynyň 21-ine, Töwriziň 50 kilometrlik golaýyndaky "Türkmençaý" diýen obada Eýran bilen Orsyýetiň arasynda, serhet meselesi boýunça duşuşyk geçirildi. Oňa synçy hökmünde Angliýa hem gatnaşdy.

"Türkmençaý" şertnamasy diýen at bilen taryha giren bu duşuşyk 1826-1828-nji ýyllar aralygynda dowam eden Eýran-Orsyýet urşunyň soňuna nokat goýdy. Onda hususanda 1804-1813-nji ýyllarda ýüz beren Eýran-Orsyýet urşunyň tamamlanmagy mynsybetli Garabagyň Gülüstan obasynda geçirilen "Gülüstan şertnamasy" diýip at alan Eýran-Orsyýet gepleşiklerinde kabul edilen borçnamalaryň netijelerine we ýerine ýetirilişine täzeden seredildi.

Oňa Orsyýet tarapyndan Beýik Imperatoryň general-adýutanty Iwan Paskewiç bilen general-adýutant Aleksandr Obreskow, Eýran tarapyndan bolsa şazada Apbas Mürze gatnaşdy.

Gepleşigiň özi we şonuň bilen baglanyşykly deslapky gepleşikler Orsyýetiň Kawkazdaky dikmesiniň diplomatik kanselýaryýasynyň naçalnigi meşhur ýazyjy A.S.Griboýedow tarapyndan taýýarlanyldy.

"Türkmençaý şertnamasynyň" netijesinde Eýran Araksyň aňry ýüzündäki Eriwan hanlygyny, Nahiçewan hanlygyny, Deşti Mugany we Hazar deňziniň ýakasyndaky Lenkarany Orsyýete berdi. Eres derýasy araçäk diýlip yglan edildi.

Şeýle-de, uruş döwründe ýetiren zyýanlary üçin, Eýran Orsyýete 20 million rubl kontribusiýa töledi.

Özüne düşen çäkleri edara etmek üçin Orsyýet Tiflisde ýörite gubernatorlyk açdy.

Eýran bilen aralykda bolup geçen hem bolsa, "Türkmençaý şertnamasy" Orsyýetiň Orta Aziýa bolan ykdysady we syýasy täsirini giňeltmegi üçinem oňaýly şertler döretdi. Şol meşhur şertnamadan soň, Orsyýet ýaly uly hem güýçli döwlet bilen alnyp barylan, soňy netijesiz gutaran uruşdan eli boşan Eýran hökümetiniň indi has wajybrak hereketlere baş goşasy, has takygy öz daş-töweregini tertipleşdiresi geldi.

Öňi bilenem ähli ünsüni Horasana gönükdirmekligi, onuň öňde-soňda özüne garşy göreşen hanlaryny şeýle hem olara hertaraplaýyn goltgy beren Sarahsly türkmenleri mugyra getirmekligi, berk temmi bermekligi, ondan soň Mara, Hywa, Buhara ýörüş edip ol töwerekleri hem öz düzgünine salmaklygy ýüregine düwdi.

Ýeňil bolmadyk bu işi amala aşyrmaklygy tagtyň mirasdüşeri, "Türkmençaý şertnamasynda" Eýran şasyna wekilçilik eden şazada Apbas Mürze öz üstüne aldy.

Ol muňa diýseň erjel ýapyşdy. Turuwbaşdanam Habuşanyň hany, Eýran hökümetiniň gyr duşmany hasap edilýän Ryzaguly hany tutup ili we maşgalasy bilen birlikde Maşada sürdi.

Hywa hany Allaguly han özüniň uzak bolmadyk geçmişdäki ýarany bolan Ryzaguly hana ýardam etmek üçin goşun tartyp geldi.

Emma Apbas Mürzäniň tutan işini soňuna çeli alyp barjakdygy çynydy, tutumy uludy, serenjamy güýçlidi, hereketleri gazaplydy, özüni alyp barşy aýgytlydy, tutanýerlidi. Şonuň üçinem, ol Allaguly hanyň goşunyna şeýle bir berk

zarba urdy welin, han kim bilen iş salyşýandygyna, gelmesiz ýere gelendigine diňe şondan soň düşünip galdy we derhal yzyna dolanmak bilen boldy.

Habuşandan soň Apbas Mürze Türbet galasyna hüjüm etdi. Ony sözüň doly manysynda tozdurdy. Ymaratlaryny weýran etdi. Hany Muhammet keraýyny bolsa Ryzagluy hanyň yzy bilen Maşada ugratdy.

Şeýdip, Horasandaky işlerini birýüzli edeninden soň, Apbas Mürze öz göwnüne düwen niýetiniň ikinji tapgyryna geçdi. Sarahs galasyny hem ýer bilen ýegsan etmek üçin, ýüzüni şol tarapa öwürdi. Ýörişe başlamazyndan öň Goçandyň, Keletäniň, Deregözüň hanlaryny ýanyna çagyryp, derhal Hywanyň raýatlygyndan çykmaklaryny we Eýranyň raýatlygyna girmeklerini özi bilen bilelikde Sarahsa çozmaklaryny talap etdi.

Şeýdibem ol 1832-nji ýylyň güýzünde, aglabasy Horasanyň iň abraýly we görnükli serkerdesi, meşhur Ýalntuş hanyň ýolbaşçylygyndaky horasanlylardan we döwletiň hemişelik hereket edýän serbazlaryndan ybarat toply-tophanaly goşuny Köne Sarahsa boljak ýörüşe taýýar etdi.

Apbas Mürze goşuna müň tümen bergisi üçin ogly, gelni we agtyklary salyrlarda girew saklanýan Ybraýym hany hem goşdy. Çünki, Ybraýym han salyrlardan Eýran hökümete garşy däl-de, öz şahsy bäsdeşiniň garşysyna göreşmek üçin kömek alypdy.

***

Öz üstlerine abanýan agyr howpy ynamdar adamlaryň üsti bilen wagtynda duýan salyrlar: “Uruşmalymy ýa däl” diýen teklip boýunça gyssagly maslahat geçirdiler. Öňi bilen “uruşmaly” diýen teklip goldandy. Ýöne köpçülik: “Betbagtçylygyň öňüni almak üçin, her dürli sylag serpaýlar bilen üpjün edilen, elli adamdan ybarat ilçiler Noparyny Apbas Mürze bilen gepleşik geçirmekleri üçin Maşada ibermeli” diýlen ikinji bir pikiri goldady. Şol topar ýörüşiň öň ýany ýagny, 1832-nji ýylyň awgust aýynyň ikinji ýarymynda agzalan topar Maşada gitdi. Ýöne, Apbas Mürzäniň hut öz buýrugy boýunça, olary Maşada giren ýerlerinde sakladylar. Şazadanyň ýanyna ýa şähere-hä däl, hatda yzlaryna-da goýbermän, şol ýerde ýesir hökmünde alyp galdylar.

Apbas Mürze bolsa goşunyny Mazendaranyň, Akderbendiň üsti bilen sürüp, Tejen derýasyna bardy. Pulhatyn köprüsinden geçip Gyzylgaýa geldi we 1832-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Sarahs galasyna golaý ýerde, Nowruzabatda goş ýazdyrdy.

Haýal etmänem öz goşun serkerdesi Tahmasp Mürzä iki müň atly bilen Sarahs galasyna hüjüm etmekligi buýurdy.

Buýruk ýerine ýetirildi. Ýöne hüjüm garaşylan netijäni bermedi. Ol goraýjylar tarapyndan güýçli garşylyga sezewar boldy. Yza serpikdirildi. Tahmasp Mürzäniň goşunyndan köp adam wepat boldy.

Bir bölek türkmen taýpasyndan gele-gelmäne beýle garşylyga garaşmadyk Apbas Mürze şondan soň topçularyň emiri Suhrab hany ýanyna çagyrdy.

Galany topa tutuň!..

Suhrab hanam baş serkerdäniň sözüni iki gaýtalatmady. Baş egip bagyr basdy-da, topçularynam alyp gala tarap ýörüş etdi. Serbazlaryň toplaryny süýreşip

gelişlerinden nämäniň-nämedigini aňan goraýjylar öz söýerlerini has penalyrak ýere eltdiler-de, top okunyň düşäýjek ýerlerinde öňden bäri özlerinde saklanýan gol-aýaklary bagly ýesirleri oturtdylar.

Bu emel örän gowy netije berdi. Aralary mazaly seýrekläberenden soň, ýesirleriň biri zynjyrlaryny "alaşakyrdy" etdirip ýerinden turdy-da, emedekläp diýen ýaly diwara çykdy.

Byradyrlar! Atmaň! Atýan oklaryňyzyň barysy gelip bize degýä. Biz şol ýerde otyrys – diýip, parsça gygyrdy.

Şondan soň galanyň içine top okunyň düşmesi seýrekledi. Kem-kemdenem galdy. Her gezek howadan top oky güwläp gelende, ýere düşüp ýarylanda lükgesi bilen eýläk-beýläk agyp-dönüp, alazenzele turzup ýören ýesirlerem köşeşdiler. Uludan demlerini alyp, özlerini ýere goýberdiler. Käbiri arkan, käbiri ýüzün düşüp ýatyşlaryna sessiz-üýnsiz aglaşdylar, özlerini goramagy, sag-aman çagalarynyň arasyna barar ýaly etmegini Biribardan dileg etdiler.

Ara düşen bu böwşeňlikden peýdalanyp, salyrlaryň iň sylagly adamlary bolan Bally Mähremiň, Annagurt hanyň Nazarmuhammet hanyň we Berdimyrat hanyň baştutanlyk etmeginde salyr kethudalary gyssagara üýşdiler-de, aýak üstünden maslahat etdiler. Maslahat artykmaç gan dökmän ýaraşyk etmeli, Apbas Mürzäniň ýanyna ýene-de adam ibermeli, galadaky üç müň sany ýesiri, Maşatda ýesirlikde saklanýan elli sany salyr ilçisiniň aýallaryny şeýle hem Ybraýym hanyň birwagtlardan bäri özlerinde girew saklanýan ogluny we maşgala agzalaryny hem şolara goşmaly, diýen karara geldi.

Şeýle hem edildi. Maslahatyň gelen kararyna görä Nazarmuhammet han bilen Berdimyrat han galada galdy. Gitmeli adamlaryň öňüne düşüp, ak baýdak göterip barýan Bally Mährem bilen Annagurt han aýgytly sypatda, dogumly ädimler bilen galadan çykdylar, hiç kimden hiç hili garaw görmänem göni Nowruzabada, Apbas Mürzäniň düşelgesine bardylar.

Ýesirleriň gollary, aýaklary bu wagt boşdy. Ybraýym hanyň maşgalalary bolsa bir çetden topbak tutup gelýärdiler. Asylam olar aýratyn öýde, hakly-hukukly erkin saklanýardylar, hiç kim olara ýesir ýa duşman hökmünde garamaýardy, olar hatda ýagşa-ýamana hem gatnaşdyrylýardylar, ekinlerden hasyl ýygnalanda paý berýärdiler.

Donlaryny çöwre hem çümre bürenip barýan sary dasdarly salyr aýallar bärden baranyşlary ýaly Apbas Mürzäniň öňünde durup aglaşdylar. Ellerini öwsüşip iki ýana ýaýkanyşyp haraý islediler, Maşatda ýesirlikde saklanýan ärleriniň boşadylmagyny haýyş etdiler.

Bally Mährem bilen Annagurt han hem öz gezeklerinde olaryň haýyşyny gaýtaladylar, soňam galadan gabawyň aýrylmagyny soradylar. Ylalaşyga gelmeklerini, ýaraşyk baglaşmaklaryny towakga etdiler. Ýesirleri, girew goýlanlary getirendiklerini aýtdylar. Ýene näme şerti bar bolsa diňläp biljekdiklerini, razy boljakdyklaryny, bitirjekdiklerini duýdurdylar.

– Hormatly şazada! – diýip, aýak üstünde gol gowşuryp duran Bally Mährem umumylykda aýdylan sözleriň dowamy hökmünde sadyklyk bilen sözüni dowam etdirdi. – Egerde öz raýatlygyňyza kabul edip, penakärçiligiňizde saklamaklyga razy bolsaňyz biz hemişe size gulluk etmäge taýýar. Biz häzir Hywa hanyna-da, Buhara

emirine-de raýat däl. Öňem her gezek olara bialaç raýat bolýardyk. Sebäbi biz bir hossarsyz kiçi halk. Kim ýüz berse şony özümize hossar saýýas. Diýjek bolýanym bize hakyky hossar gerek, daýanç söýenç gerek. Biziň ümzügimiz hemişe-de size tarapdy. Asylam Buharada-da, Hywada-da ynjalman şu ýere gaýdandygymyzy, şu ýere özümizi ölümiň öýünde atandygymyzy siz özüňiz bilýäňiz-ä. Şonuň üçin, biz biçäreleriň towakgasyny kabul ediň.

Hernäçe gaharly hem bolsa, mäşbürünç, gyrçuw sakgally, boldumly ýüzünden nur dökülip duran, gabakman, agras bakyşly, garaýagyz, daýaw bu kişini Apbas Mürze üns bilen diňledi. Tä gepläp bolýança sözüni bölmedi. Soňam: senem bir zat diýjekmi diýen manyda Annaguly hanyň ýüzüne seretdi.

Annguly han çalarak ardynjyrady. Çalaragam öňe süýşdi. Asuda, ýöne diýseň ynamly gürledi.

– Biziň hemmämiz Bally Mähremiň aýdanlary bilen ylalaşýas. Halkyň gelen netijesi şol. Salgyt, nöker babatda-da siz näme diýseňiz şol bolar.

Apbas Mürze şol bir parahat görnüşini bozman, ýöne, hökümly gepledi.

– Siz maňa raýat boljakdygyňyzy aýdýaňyz. Mundan buýana siz maňa isleseňizem raýat bolarsyňyz, islemeseňizem. Gullugam edersiňiz. Pajam tölärsiňiz. Getirdik diýýän ýesirleriňizi, Ybraýym hanyň girew goýan maşgalasynam men siziň eliňizden berseňizem alaryn, bermeseňizem. – Şazada sözüne biraz dyngy berdi-de, içki pikirlerini ýüzlerinden aňmakçy bolýan ýaly birlaý öz goşunbaşylarynyň ýüzüne seredip çykdy. Soň ajymtyk ýylgyryp, nazaryny ilçilere dikdi. – Bu diýýän zatlaryňyz siziň şu ýagdaýyňyzdaky islendik adamyň aýdaýjak sözi. Siz bu wagt ýagdaýdan çykalga gözleýäňiz. Tilkilik edýäňiz. Sapalak atýaňyz. Maňa ýaraýjak söz gözleýäňiz. Islän wagtym men sizden nökerem alaryn, islendik möçberde salgydam salaryn. Ýöne... – Ol ellerini dyzlaryna diräp ýerinden turdy. Iki-baka gezmeläp başlady. – Bolýa, goý, şeýle bolsun. Men size ynanaýyn. Ýöne, häzirlikçe o zatlaryň barysyny bir gyra goýalyň-da siziň yhlasyňyzy synamak üçin bir zat edeliň. Ýagny, ähli tireleriňiziň iň edermenlerinden batyrlaryndan saýlap, bäş ýüz atlyny şu günüň özünde bize getirip beriň. Goý, olar biziň şu ýerden başlap tä, Mara, Hywa, Buhara çenli etjek ýörüşlerimize gatnaşsynlar, özlerini görkezsinler, biziň sylag-serpaýlarymyza mynasyp bolsunlar, ynamymyza girsinler, siziň şu wagtky berip duran wadalaryňyzyň boş däldigini subut etsinler...

Çykgynsyz ýagdaýa düşen kethudalara Apbas Mürzäniň aýdanlary bilen sessiz-üýnsiz ylalaşaýmakdan başga alaç galmady. Şonuň üçinem olar aşak bakyp duruşlaryna biri-birleri bilen nazarlary arkaly sözleşdiler.

Bally Mährem aýdylanlar bilen razydyklaryny hemmeleriň adyndan goşun başlygyna mälim etdi.

– Hoş bolgaý şazada. Aýdylanlara amal etmäge biz taýýar.

Atan oky nyşana degen serkerde hoşwagt ýylgyrdy.

– Ötägidiň...

Göraýmäge ylalaşyk gazanylan ýalam boldy. Şazadanyň şertini hernäçe agyr gören hem bosalar, taýpany uruş belasyndan, gyrgynçylykdan sowar ýaly garaz bir çykalga tapylandygy üçin kethudalar Hudaýdan müňde bir razy boldular. Gitmäge hyýallandylar.

Ýöne, tüýs: “Pelegiň agyp dönmesi bir pursatlyk” diýenleri boldy.

Kethudalar entek çadyrdan çykyp-çykmankalar, häliden bäri şazadanyň daşyny gallaşyp duran Horasanly serkerdeleriň barysy birden herekete geldiler. Salyrlar bilen beýle ylalaşyga gelinmegine garşydyklaryny şazada aýdyp, kiçiräk “goh” turuzdylar. Gepleşigiň gelen netijesiniň ýatyrylmagyny, salyrlar bilen gylyç arkaly gepleşilmegini, güýç görkezilmegini şazadadan talap etdiler.

Sarahsa sen çozmasaňam horasanlylar bolup, biz çozarys, sebäbi o baýlyklary olar biziň agzymyzdan kakyp alyp topladylar – diýşip, gygyryşdylar.

Ýalantuşyň garjaşyk sesi beýlekileriňkidenem has janyýangynly çykdy.

Bu taýpa baran ýerinde özüniň gyňyrlygy, başbozarlygy bilen ýakasyny tanadýan halk. Şu ýerde-de şeýtdiler. Asla oňşuk diýen zadyň nämedigini bilenoklar. Muny diňe biz, şu ýere göçüp gelenleri bäri bular bilen iş salşyp ýören horasanlylar bilýäris. Hywa hanyna syrtlaryny diräp, biziň galalarymyzda hojaýynsyraşyp ýörüşleri düýn dälmidi? Eýran hökümetine garşy topalaň turzan Horasan beglerine at, ýarag kömegini beren näme şular dälmidi? Indem raýatlyk ýatlaryna düşenmişin. Gysaja düşenlerinden soň sadyklyk görkezjeklermişin. Dogan boljaklarmyşyn.

Türkmen ýaşulylary ýüzlerini aktam edişip Apbas Mürzäniň ýüzüne seredişdiler.

Apbas Mürze gyýa bakyp durşuna Ýalantuşyň ýüzüne-de seretmän, diýseň parahat gürledi.

– Sen mamla, serkerde. Bularyň günäsi uly. Jezalary ölüm. Şonuň üçinem bular bilen uruş etmeli. Ýeňmeli. Ýöne, uruşsyz ýeňiş gazanjakdygyňa gözüň ýetip durka söweş etmek, gan dökmek, pida çekmek nämä gerek? Öňi-soňy boýun bolup duran adamlary gyrmak nämä gerek? – Ol ýuwaşja ädimler bilen ýöräp, Ýalantuşyň ýanyna bardy. Alkymyna dykylyp, iki gözüniň içine seretdi. – Ýa uruş bolsa sen öz serbazlaryňdan hiç biri ölmez öýdýäňmi? Ýa galadakylaryň barysy bigaýratdyr öýdýäňmi? – Şazada ilçilere tarap öwrüldi. – Baryň! Gidiň-de ýaňky şertimiz halkyňyza ýetiriň. Maslahatlaşyň. Siz özara düşünişip bilseňiz biz tarapdan hiç zat üýtgemez – Ilçiler çykmaga hyýallandylaram welin, henizem deminden düşübilmän “has-has” edip duran Ýalantuş bir bökende baş serkerdäniň sol tarapynda peýda boldy. Boýnuny uzadyp gulagyna bir zatlar diýdi. Apbas Mürze makullaýjylyk bilen baş atdy, gözlerini gypyrjyklatdy-da, sag elini henizem gözleri serkerdelerden aýrybilmän ýaýdanjyrap duran Annagurt hana tarap uzadyp, kabul edilşigiň dowamynda birinji gezek sesini gataltdy. – Dur! – Maşatdaky tussag kethudalaryň aýallary bilen sen şu ýerde galarsyň. – Soň ol Bally Mähreme tarap barmagyny çommaltdy. – Sen bolsa bile gelen beýleki adamlaryň bilen git-de gepleşigiň gelen netijesini özüňkilere ýetir. Jogabyny getir. Özem çalt getir. Ylalaşykly habar bilen gelseň-ä... – Ol Annagurt hana, şeýle hem eýýämhaçan bir çetde yzlaşyp ugran aýallara tarap barmagyny çommaltdy.

–...Bularam boşadarys, Maşatdaky ýesirlerem boşadarys, bolmasa-da... – Ol çalaja ýylgyryp Ýalantuşa tarap baş atdy. – Bolmasa-da ine, şularyň diýenleri bolar. Arany gylyç çözer.

***

Bally Mähremiň agyr ýük astynda galan ýaly ýegşerilip gelşi, ýoldaşlarynyň bolsa ondanam ep-esli yzdan aýaklaryny süýreşip gelişleri, aralarynda Annagurt hanyň, ärlerini soramaga giden aýallaryň ýokdugy häliden bäri diwaryň üstüne çykyp, ýola garap duran salyrlaryň uly-kiçi barysyny haýykdyrdy.

Gala girişleri ýaly hemmeler Bally Mähremiň daşyna üýşdi. Bally Mährem dik duran ýerinde ýagdaýy düşündirdi. Apbas Mürzäniň talaplaryny, aýallar bilen Annagurt hanyň girew hökmünde alnyp galynandygyny aýtdy.

– Men-ä adamlar şeýdäýmesek bolmaz öýdýän... – diýibem sözüni tamamlady. Gapdalda ýatan ullakan gara töňňäniň üstüne çökdi. – Galanynam özüňiz çözüň... Söz sizden.

– Howwa-la şeýtmesek bolmaz. Ylalaşyga geläge-de belaň öňünden sowlalyň, wessalam... – diýip, kimdir biri ur-tut Bally Mähremi goldady. – Ýesirlerimiz onda ýatyrlar, aýallarymyz munda otyrlar, galanlarymyzam gyryp gutarjak bolsa...

Başga-da ylalaşyga gelmekligiň, uruşsyz boýun bolmaklygyň tarapyny tutanlar boldy.

Ýöne, hemişe şular ýalyda bolşy ýaly, bu gezegem batyrlar, hususan-da ýaşlar o pikire garşy çykdylar. Ýaşulylaryň beýdip, Eýran serkerdesiniň näzini çekip, ýaýdanjyrap duruşlaryny ýokuş gördüler. Namys etdiler. Taýpanyň belent mertebesiniň, asyrlardan bäri gelýän şan-şöhratynyň aýak astyna oklanmagy, basgylanmagy hasap etdiler.

– Söweşmek gerek. Üstümizi basgylap ötübermeli adamlar däldigimizi görkezmegimiz gerek – diýşip, olar ýaşulylyaryň daşyny diwar deý gurşap duruşlaryna gylyçlaryny syryp depelerinde bulaýlaşdylar. – Şularam Hywalylardan dogumly däldirler, olary ýeňdikmi, bularam ýeňeris. Gerek bolsa daşardan kömek sorarys. Teke garyndaşlaram, saryk garyndaşlaram ýüz tutsak ýak diýmezler.

– I-i-i... Osmanly ýurdundaky, Hytaýdaky salyrlaram ýak dizmezler, habar etsek... – diýip, saryýagyz, inçesagat, ýüzi menek-menek, keselbenträk görünýän bir ýigit garaçyny bilen "gyjyr-gyjyr" etdi. – Hä?... Hm?.. Şö dämi? – diýip, daş-töweregine gözledi. Aýdanlaryny tassyklatjak boldy.

Ýöne, ony goldanam bolmady, terslänem. Ýerli-ýerden:

– Ýak, senem-ä... – diýişdiler-de, ýüzlerini bir ýana sowşup başlaryny ýaýkaşdylar oňaýdylar. – Bolmajak zadyň gürrüňini etmeli bolsa edil iki paý ýaly-ow senem...

Nazarmuhammet han sowukganlylyk bilen, ýöne, ýüreginden syzdyryp şeý diýdi:

– Men siziň batyrlygyňyza-da, janyňyzy orta goýup söweşjekdigiňize-de aňyrýany bilen ynanaýan, ýigitler. Bu zatlary kiçi dilden bärde aýtmaýandygyňyzam bilýän. Ýöne bu wagt ýagdaý başgaça. Gelen goşun haýsydyr bir welaýatyňky, hanlygyňky ýa emirligiňki däl. Serkerdesem haýsydyr bir gala begi ýa hany däl, şazada! Şanyň mirasdüşeri. Aňyrsynda uly döwlet duran, tejribesem, serenjamam ýetik goşun. Horasanyň birleşen güýçlerini hasap etmäniňde, hökümet goşunynyň özem ýeterlik. Şonça goşun bilen bir kiçijik taýpanyň üstüne gelmeklerem biziň üçin uly sylag. Hormat. Ýöne, biziň ýagdaýa dogry baha bermegimiz, hetdimizi tanamagymyz gerek. Egerde şeýtmesek halkymyzy gaty erbet güne salarys. Sizem gaýra gaýşyp durmaň-da, çekgä-dartga geläýiň. Onsoňam biz ölümiň öýünde ýeten

Watanymyzda otyrys. Şonuň topragynyň üstünde durus. Ýeňäýseg-ä ne ýagşy, ýeňiläýsek welin ýene-de muny taşlap gitmeli borus. Ýene-de muňa zar bolmaly borus. Aýallarymyz, çagalarymyz babatda-ha aýdybam oturmaýyn welin, barymyzyň baryp Eýranyň ýa Hywanyň gul bazaryna düşäýmegimizem ahmal.

Ýaşlar barybir ýeň bermediler.

– Ýeňilmeris!..

– Gul bolmarys!..

– Biz hökman ýeňeris!..

– Watany taşlap hiç ýana-da gitmeris!

– Hut şonuň üçinem söweşmegimiz gerek!..

– Boýun egeniň bilen nä gul bolmarys öýdýäňizmi?..

– Gula gul bolanyňdan-a öleniňem gowudyr...

– Ýa-a-, i-i-i...

Berdimyrat hanam Nazarmuhammet hanyň pikirini goldap, ýaşlary ylalaşyga çagyrdy.

– Nazar han dogry aýdýa. Şu gezek ýagdaý şeýle. Başga ýol ýok. Siziň barýan ýoluňyz garaňky.

Ýaşulylardanam ýaşlaryň tarapyny tutanlary boldy. Aýal-gyzlaryň:

– Dat bizi dirije oda atjak bolýaňyz, gajarlara gyrnak etjek bolýaňyz – diýen ýaly namys oýaryjy, dogum duýgularyňa daýandyryjy sözler bilen eňreşmekleri netijesinde mesele ýaşlaryň peýdasyna çözüldi.

***

Habar geler salym ötdem welin, Sarahs galasy tarapdan Apbas Mürzäniň düşelgesini nazarlap, dor atyny uçganakladyp gelýän bir ýigit göründi. Ol sesýetim ara geldi-de, atynyň jylawyny çekdi. At bir säginen ýaly etdi-de, birdenem iki art aýaklarynyň üstüne galyp öň aýaklaryny howada kelemenletdi. Eýesiniň habar bermekçi bolýan zadyny ondan öňürti buşlamakçy bolýan ýaly, dumly-duşy ýaňlandyryp kişňedi. Üstünde oturan uzynak, bugdaý reňkli, gara silkme telpekli, egni gyrmyzy donly ýigidiň Gün şöhlesine gülbüräp duran gylyjyny bulaýlap, parsça aýdan sözlerem onuň sesine goşulyşyp, akly-gyzyllyja çadyrlaryň dik depesinde köwsarlady.

– E-eý, gajarlar! Geliberiň! Biz size goşunam beremzok, boýunam bolamyzo-ok! Ýesirlerimizem boşadyň!..

Ýanynda duran serkerdeleriň hemmesi birden Apbas Mürzäniň ýüzüne seredişdiler. Ol häliden bäri gaşlaryny çytyp, gaharyndan açylybilmän köwejekläp ýören Ýalantuşy ýanyna çagyrdy. Elini egnine goýdy.

– Ine, indi seniň diýeniň boldy. Şu günki hüjüme-de özüň ýolbaşçylyk et. Horasanlylary öňe sür. Salyrlardan ejir çeken şolar bolsa, goý şolaram hemmeden öňürti ahmyrdan çyksynlar...

Ýalantuş zynjyrdan boşan ýaly ylgap baryp golaýdaky depejigiň üstüne çykdy-da, aýalary bilen agzyny penalap, henizem atyny bökdürip, gyljyny bulaýlap duran ýigide tarap gygyrdy.

– Häzir barýas! Ýesirleriňizem alyp barýas!..

***

Şeýle baý ýaşaýandyklaryna garamazdan, şol wagt salyrlaryň galasy diýseň köne, üstesine-de şeýle bir kiçijikdi welin, olaryň şol galada goranmakçy bolýandyklaryna pars goşunyndaky serbazlaryň uçdantutma hemmesi geň galdy.

Her niçik hem bolsa olar şol galalaryna girdiler. Hamala tärimleriniň gözeneklerinden ok geçmejek ýaly, daşyna oralan gara keçelerini serbazlaryň gylyçlary kesmejek ýaly özlerini öýleriniň içine atdylar. Iň soňky taýýarlyk işlerini tamamladylar. Iň batyr hem mergen ýigitler bolsa diňleriň atyşhanalaryna girdiler.

Söweşe ýolbaşçylyk etmegi salyrlaryň iň ekabyry hasap edilýän Bally Mährem öz üstüne aldy. Onuň ähli buýruklaryny birkemsiz we iki aýtdyrman ýerine ýetirjekdiklerine ýigitleriň barysy biragyzdan söz berdiler.

Diwarlaryň daş ýüzündäki pagsadan salnan pessejik jaýlarda ir wagtlardan bäri Maşatdan gelip söwda edip ýören täjir jöhütler ýaşaýardylar. Ine, şolar welin ýene-de sanlyja sagatdan ýer bilen gögüň gapyşjakdygyndan hamala bihabar ýaly özlerini arkaýyn alyp barýardylar. Çünki, uruş bolmaz, kethudalar şazada bilen hökman ýaraşyk baglaşarlar öýdýärdiler. Apbas Mürzäniň adalatly hereket etjekdigine bil baglaýardylar.

Şonuň üçinem, “dabyrdyklaşyp” gelýän Horasan goşunynyň at toýnagyndan göterilýän tozan olary juda aljyratdy. El ýüzünde duran harytlaryny nirä bukjaklaryny bilmän iki-baka elewreşdiler. Pessejik jaýlaryna bir girdiler, bir çykdylar, ikibir-üçbir üýşüşip bir zatlaryň maslahatyny etdiler, bir oturdylar, bir turdylar, bir kem-kemden ulalyp gelýän çaňdyr-tozana, birem galanyň diwarlaryndaky diňlerde ýerleşip ok-ýaraglaryny häzirleşip, duşmanyň ýoluna eserdeňlik bilen garaşýan ezber hem erjel ýigitlere tarap taýly gezek seredişdiler, ellerini asmana serşip, Biribardan delalat islediler.

Ýöne, gala golaýlaşan badyna Ýalantuş olary tanady we adam iberip, goş-golamlary blen birlikde derhal Maşada tarap ýola düşmeklerini tabşyrdy. Galadan saýlanýançalar maý bermek üçin, goşunyň bir bölegine türkmenleriň öň dürli iş bilen o ýan, bu ýan gidip, indem gaýdyp gelýänlerini tutmak, ellerinden zatlaryny almak, garşylyk görkezenlerini duran ýerinde çapmak, aman dilänlerini ýesir almak, has barlyraklaryny, abraýlaraklaryny bolsa girew ýa soň pula çalyşmak üçin jöhütler bilen birlikde göni Maşada ugratmak barada buýruk berdi.

Soň saý-sebäp bilen galanyň daşynda galan, bäşleň-üçleň türkmen öýlerini serbazlaryna talatdy, alybilmedik zatlaryny zaýalatdyrdy, mal ýataklaryny, agyllaryny, ot-iýmlerini otlatdy.

***

Pars goşunynyň içinde Eýran-Orsyýet urşy döwründe ýesir düşen, “Türkmençaý şertnamasyna” laýyklykda dört aýyň dowamynda boşadylmaly, emma näme üçindir henize çenli boşadylmadyk, gaýry milletlerden bolan urşujylaram bardy. Apbas Mürzäniň teklibi boýunça, Ýalantuş şolardan gürjüleri we çerkesleri galanyň iki gapdalyndaky garymlaryň golaýynda, ors soldatlaryny bolsa galanyň diwarlarynyň gabat garşysynda ýerleşdirdi.

Pyýada serbazlara galany dört tarapyndanam gabamaklygy, şeýle-de, onuň ähli taraplarynda atyşhana çukurlaryny gazmaklygy tabşyrdy.

Şol işler tamam bolandan soň, Ýalantuş öz topçularyna galany top okuna tutmak barada buýruk berdi.

Tä, agşama çenli, yzyny üzmän galanyň içine toplardan ok ýagdyryldy. Galanyň içini elhenç zenzele gaplap aldy. Sygyrlar bögürişip, eşekler aňňyryşdylar, atlar kişňeşip, düýeler “bar-bar” bagyryşdylar, geçiler çekreşip, goýunlar mäleşdiler, towuklar “wak-wak” edişip o ýan bu ýan gaçdylar, ýerläp-ýerläp uçdylar, uly mallaryň käbirleri däbşenekleşip ýataklaryndan çykdylar we galanyň içindäki erewde-berewligiň aýylganç keşbini öňküsindenem beter has elhenç görnüşe saldylar.

Şeýle-de bolsa, ok degip garny ýarylan, başsyz galan bäşdir-üçdir ulyly kiçili mallary, ot düşüp ýangyn döredendigi sebäpli ähli öý goşlary küle öwrülen käbir hojalyklary, ýataklary, howlulary, top okunyň gyýçagyndan heläk bolan ýekeje adamy hasap etmeseň atyşygyň bütin dowamynda goraýjylardan hiç hili ýitgi bolmady.

Diwaryň üstünde we dişleriň içinde durup juda ökdelik bilen atýan mergen ýigitler duşmanyň bir ädimem öňe süýşmegine maý bermediler.

Garaňkynyň düşmegi bilen top oklarynyň gelip düşmesi bütinleý kesildi.

***

Goraýjylar uzynly gijäni gezek-gezegine şöwür çekip, çirim etmän geçirdiler. Daňdanyň ümüş-tamyşlygynda bolsa galadan atylyp çykdylar-da, dünýeden bihabar, süýji ukuda ýatan serbazlaryň çadyrlaryna çozdular. Ep-eslisiniň janlaryny jähenneme iberdiler.

Türkmen ýigitleriniň duýdansyz ýagdaýda görkezen bu gahrymançylyklary duşmany diýseň aljyratdy. Bujagaz köneje galanyň içinde oturan bäş öýli taýpadan olar asla garşylyk bolaram öýtmeýärdiler. Türkmenleriň bu aýgytly hereketleri hatda ors-eýran urşuna gatnaşan Apbas Mürzäniň özünem haýykdyrman durmady.

***

Şol wakadan birnäçe wagt öň, Horasana eden nobatdaky ýörüşleriniň iň soňkusyny tamamlap Hywa gelýän wagty, Allaguly han öz wepaly hyzmatkäri Muhammetnyýaz Ýasawulbaşyny ätiýaç üçin bir garnizon goşun bilen Maryda galdyryp gaýdypdy.

Apbas Müräniň Horasanda edip ýören soňky hereketlerinden habarly, salyrlaryň üstünden geçdigi onuň bir durman Mara, ondanam Hywa geljekdigine gözi ýetip duran, şeýle-de özüni ençeme şowsuzlyklara uçradandygy üçin, horasanlylardan ýaňa içi ýanyp duran Allaguly han, haýal etmän, Sarahsa ugramak, salyrlara kömek bermek barada Mara – Muhammetnyýaz Ýasawulbaşa buýruk gönderdi.

Ýasawulbaşy hem haýdan-haý ýomutlaryň tanymal kişisi Durdy kel serdaryň, teke beglerinden Teran beg bilen Oraz perwanaçynyň, saryklardan molla Öwez serdaryň, müjewürlerden Baba şyhyň, Muhammet şyhyň hem-de Ýary şyhyň, ataly serdarlardan Şir atanyň ýolbaşçylygynda algyr bürgüt kimin gaýduwsyz ýigitlerden uly bir leşger düzüp Sarahsa ýollady.

Olar Sarahsa gelişleri ýaly duýdansyz turan tupan deý, indi birneme özlerini tijäp gaýtadan gala zabt edip ýören duşmanyň üstüne howala boldular. Bir zarbada derbi-dagyn etdiler, ençemesini ýesir aldylar. Ýalantuş galan goşuny bilen göz-gülban halda özüni zordan henizem Nowruzabatda goşunyň esasy bölegininiň ýanynda bolýan Apbas Mürzäniň huzuryna atdy.

Bu ýagdaý galany goraýjylary ilk-ä diýseň geň galdyrdy. Olar öz gözlerine ynanmajak boldular, asla kömege gelenleriň kimdiklerinem bilmediler. Nämäniň-nämedigine göz ýetirenlerinden soň welin, şeýle bir begendiler, duran-duran ýerlerinde ýumruklaryny düwüşip, gylyçlaryny bulaýlaşyp:

– Bizler halas bolduk! Bizler indi azat! Doganjyklarymyz geldi, olar bizleri halas etdiler! – diýşip, gygyryşdylar. Derrewem galalaryndan çykdylar-da, kömege gelen goşun bilen bilelikde duşmanyň ätiýaçlykda duran böleginem dyza çökermek üçin gykuwlaşyp Nowruzabada tarap at goýdular. Pyýadalara galanyň töwereginde bolmaklygy, naçarlary, oglan-uşaklary, garrylary goramaklygy tabşyrdylar.

Halkyň galanyň içindäki şol, goraga mätäç bölegi bolsa begençlerine aglaşdylar. Halas edendigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdiler.

– Men aýtdym-a, gelerler diýdim-ä – diýip, şo-ol, ýüzi menekli saryýagyz ýigit atlylaryň arasy bilen ýüzini tot-tozan edip barşyna “jyňňyl-jyňňyl” etdi. Ony hiç kim eşitmese-de çep gapdaly bilen at gorduryp gelýän garaýagyz gartmaç pyýada eşitdi. Derrewem jogabyny berdi.

– Näme bular Hytaýdan ýa Osmanly ýurdundan gelendirler öýtýäňmi?

– Aý, haýsam bolsa zyýan-a degmez.

Oňa çenlem Nowruzabada golaýladylar.

Şondan soň, Apbas Mürze Horasanlylara demlerini dürsemek üçin maý hem bermedi-de, jeň meýdanyna özüniň uruş başlanaly bäri ätiýaçda duran döwletlik goşunyny sürdi. Demgir duran şa goşuny ur-tut hem ýadaw, hem uruşdan halys bizar bolan türkmen ýigitleri bilen Marydan gele kömekçileriň arasyna girdiler we hersini bir tarapa gysyp başladylar.

Söweş diýseň gazaply boldy. Oňa çenli Ýalantuşyň ýap-ýaňyja ýeňse beren, Horasanlylardan ybarat goşunam özüni dürsedi-de, sallam-sajagrak, öňli-soňlurak hem bolsa hökümet goşunyna gelip goşuldy.

Söweşiň jogapkärçiligini indi Apbas Mürzäniň ýeke özi üstüne aldy. Ol jeň meýdanynyň ähli mümkinçiliklerinden şeýle bir ussatlarça peýdalandy welin, galany goraýjy ýerli türkmenler özlerine kömege gelen goşun bilen hatda hoşlaşybam ýetişmediler.

Kömege gelenlerem ýagdaýyň birdenkä beýle çylşyrymlaşanyny görüp, ur-tut atlarynyň başyny gelen ugurlaryna bakan öwürmek bilen boldular. Sarahslylaram sap atyp gabawdan çykdylar we duşmanyň öňünde kelterak bir öwrüm edäge-de, “gykuwlaşyp” yzlaryna dolandylar, gelibem ýap-ýaňyja uly umyt bilen çykyp giden derwezelerinden kürseşip girdiler.

Begençlerine aglaşyp oturan naçarlar indi ýene-de gara günleri üçin aglaşmaga başladylar.

Bally Mährem hemmeleri mertlige, ejizlige, esasanam duşmana syr bildirmezlige çagyrdy.

Olaryň hemmesi ýene-de diňe öz güýçlerine bil baglamalydyklaryna ýa ölmeli ýa almalydygyklaryna, üçünji bir ýoluň ýokdugyna düşündiler. Şonuň üçinem, hüjüm näçe gazaply bolsa, garşylygam şonça güýçli boldy. Soňabaka goranyşa gollary çomuç ýaly gelinlerem barmaklary sülük ýaly sülmüreşip oturan gyzlaram goşuldylar. Hatda garry-gurtylaram, oglan-uşaklaram gollaryny gowşuryp oturmadylar. Güýçleriniň çatdygyna görä ýetdik kömeklerini berdiler. Nazarmuhammet han, Berdimyrat han ýaly diňe galanyň içindäki ýagdaýa serenjam berip ýören adamlaram söweşe goşuldylar.

Goşun şondan soňam dokuz gije-gündizläp galanyň daşyny gabap ýatdy. Häli-şindi uly goh hem galmagal bilen ähli tarapdan çozdy durdy. Toplaryň birsyhly ýaňlanyp duran gümmürdisinden ýaňa galadakylaryň gulaklary kamata geldi.

Şeýle-de bolsa, olar duşmanyň ähli çozuşlaryny erjellik bilen yza serpikdirdiler. Göreşi tutanýerlilik bilen dowam etdirdiler. Dogum, gaýrat, çydamlylyk görkezdiler. Şol aralykda hem Nazarmuhammet hanyň aýy-güni ýetik aýaly ogul dogurdy. Ony ogly bilen bilelikde, ýanynyň on bäş sany atlysy bilen, galadan çykarmak we Ýolötene ugratmak salyrlara başartdy.

***

Ýöne olaryň gahrymançylyklary welin uzaga çekmedi. Çünki, ok-ýarag, azyk-suw ýetmezçiligi halky halys egbarlatdy. Ýadawlyk basdy. Ýaralanýanlaryň sany artdy. Her dürli keselçilikler ýüze çykdy. Günüň-gününe köpelip gidip barýan ölüm-ýitim bolsa adamlaryň aňkasyny aşyrdy.

Bally mährem ýaly iliň öňüne düşüp, halkyň ruhuny göterip ýören dogumly adamlaryň wepat bolmagy bolsa, Nazarmuhammet han, Berdimyrat han ýaly diri galan kethudalaryň öz ýagdaýlaryna gaýtadan seretmeklerini talap etdi.

Olar her tiräniň, urugyň, bölegiň baştutanlaryny bir ýere ýygnadylar-da, ýüze çykan ýagdaýy göz öňüne tutup, iň bolmanda halkyň galan bölegini bir bu, köptaraplaýyn gyrgynçylykdan halas etmek üçin, goranyşy bes etmeli, duşmana boýun egmeli, galany tabşyrmaly diýen teklibi orta atdylar.

Elbetde, dyzmaç ýigitler bu gezgem başdaky ýaly kethudalaryň gelen netijeleri bilen ylalaşmajak boldular.

Ýöne, Nazarmuhammet han bu gezek olara juda berk darady. Bütin süňňi bilen saňňyldap durşuna:

– "Gury namys göt ýyrtar" etjek bolmaň, ýigitler – diýdi. Hor, uzyn hem aksowult barmaklaryny ýeke-ýeke bükdi. – Ok ýok, ýarag ýok, gylyja girere bolsa adam sanymyz az, çozara ýagdaýymyz ýok, diňe goranyp oturmaklygyň bolsa soňy barybir şoňa barýa... ýa salyryň tohmunyň tükenmegini isleýäňizmi?..

Şondan soň ýigitlerem hakykatyň gözüne göni seretmeli boldular. Başga bir çykalganyň ýokdugyna göz ýetirdiler. Ýaşulylaryň aýdanlary bilen razylaşdylar. Uludan sowuk demlerini aldylar-da, gylyçly gollaryny aşak goýberdiler.

Gepleşige gitmeli adamlaryň kim-kimler bolmalydygy belli edilmänkä-de duşman ähli diwarlar boýunça özüniň nobatdaky hüjümine başlady. Üstlerinden aşyryp galanyň içine atmak arkaly topçular olary penaladylar.

Ýöne, galany goraýjylar bu gezek olara hiç hili garşylyk görkezmediler. Elleri ak baýdakly, derwezeden tasaşyp çykan adamlaryň ýaraşyk baradaky gygyryşyp aýdýan sözlerine ne serbazlar, ne olaryň serkerdeleri hiç km üns bermedi. Şondan

soň galanyň içindäkileriň hemmesi diýen ýaly “aman” dileşip dyzlaryna çökdüler. Aýallar ýüzlerini ýyrtyşyp saçlaryny ýaýdylar, depelerinden penje-penje gum guýdular, aglaşdylar.

Galanyň bu gezek hiç hili garşylyksyz alnandygyna ilk-ä haýran galan, soňam uçursyz begenen Ýalantuş öňdäki hatarlaryň birinde horasanlylara buýruk berip ýören ýerinden atyny däbşenekledip geldi-de, derwezeden urup girdi. “Aman” dileýänleriň üstüne howala bolup durşuna gylyjyny çoçjaýdyp:

– Indiden soň bize amanyňyz gerek däl! Bizem indi size syrtyňyzy Hywa diräp, bize görkezenje oýunlaryňyzy görkezeris! – diýdi. Soň gylyjynyň ujuny gapdalynda buýruga garaşyp duran serbazlara tarap gönükdirdi. – Şorug konug[1]...

Şol buýrukdan soň, näçe günläp dowam edip gelen gyrgynçylykly uruşdanam has aýylganç talaňçylyk başlandy.

Bu ýagdaýy görüp, ýaş ýigitleriň uly bolmadyk bir Nopary täzeden gylyçlaryna ýapyşdylar. Ýaşulylar indi olara bir zat diýjegem bolmadylar. Asla bu wagt hiç kimiňem hiç kim bilen işi ýok. Her kim öz başyna gara gaý.

Derwezeden birneme gijräk giren Apbas Mürze “aman” dilänlere aman bermändigi, serbazlary ur-tut talaňçylyga küşgürendigi üçin, Ýalantuşy halkara diplomatiýasynyň düzügnlerini bilmeýän, körzehin serkerde hökmünde aýyplap üstüne gygyrdy, apyla-sapyla sowulandan soň temmi berjekdigini aýdyp, garaçyny bilen haýbat atdy. Hälki, bir bölek ýigidiň täzeden söweşe başlandygyny görübem, Ýalantuşa tarap elini silkdi-de atynyň başyny şol tarapa öwürdi.

Garşylyk görkezýän ýigitleriň sany otuzdan köp däldi. Ýöne, olar öz daşlaryny gabap alan iki ýüzdenem gowrak serbaza şeýle bir garşylyk görkezýärdiler welin, daşyndan seredeniňde serbazlar däl-de olaryň özleri hüjüm edýäne meňzeýärdi. Käte bir tarapa gysyp-gysyp serbazlary ýaý görnüşine getirýärdiler, käte ortalaryna girip olardan tegelek halka ýasaýardylar. Ýöne, halkany böwüsmek, galadan çykyp gaçmak hakynda welin pikirem etmeýärdiler. Çünki, olar bu wagt dirilik üçin däl-de, ölüm üçin söweşýärdiler, gaçyp gutulmak üçin däl-de, iň soňky demlerine çenli söweşip, Watanyň, topragyň öňündäki borçlaryny berjaý etmek, ganlaryny şoňa garmak, gurban bolmak üçin göreşýärdiler. Ajal – diýen söz ol wagt olar üçin öz hakyky manysyny ýitiripdi.

Howwa, olarda başga niýet ýok. Şonuň üçinem, hiç zatdan gorkanoklaram, hiç zady ýatlaryna-da salanoklar. Ho-ol ýerde durup özlerine tarap telpeklerini bulaýlaşýan Nazarmuhammet handyr Berdimyrat hanyň näme diýýändiklerini bolsa aňşyranoklaram, aňşyraslaram gelenok.

Her demsaýy ýitgi çekýändiklerine garamazdan, serbazlaryň sany köpelmese azalanok. Çünki, olara gelip goşulýan köp. Ýigitleriň sany welin gitdigiçe azalýar. Türkmen ýigitleriniň içinden olara-da gelip goşuljak kän, ýöne, olary birinjiden-ä han-begler goýberenoklar, ikinjidenem aýal-gyzlar, çagalar, garrylar çyr-çykylyk bolşup öňlerini gabsaşyp durlar.

Ine-de söweşýän ýigitleriň sany ona, bäşe, üçe geldi.

---
[1] Başlaň... (parsça)

Şol wagtam Apbas Mürze serbazlara “Duruň!” diýip buýruk berdi. Serbazlar çekilenlerinden soň ol gözleri ganguýma gyzyl bolan, üsti-başlary sal-sal, tyg degmedik, gan çykmadyk ýeri galmadyk türkmen ýigitlere:

– Bar, gidiberiň, siz azat – diýdi. Soň serbazlara ýüzlendi. – Degmäň! Goý gitsinler.

Ýigitler welin ýerlerindenem gozganmadylar. Üçüsem bir wagtyň özünde, edil öňünden dilleşilip goýan ýaly gylyçlaryny çep gursaklaryna dirediler-de, özlerini atlaryndan dikbaşaşak goýberdiler.

Apbas Mürze şol üç ýigidi aýratyn bir ýerde, hormat bilen jaýlamaklygy türkmen ýaşulylaryna tabşyrdy.

Islendik uruşda bolşy ýaly bu gezegem salyrlaryň ähli emläkleri ýeňijileriň haýryna geçdi. Olara ummasyz olja düşdi. Aýal-gyzlary ýesir edip, serbazlaryň bir böleginiň ugratmagy astynda Eýrana sürdiler. Olardanam başga ýene üç ýarym müň öýlini maşgalasy bilen birlikde günübirin dagdan aşyrdylar. Şolaryň arasynda Annagurt han we onuň bilen bilikde Apbas Mürzäniň Nowruzabatda girew alyp galan adamlary, Maşatda tussag ýatan elli sany ilçiniň aýallary hem bar.

Apbas Mürzäniň bir özi üç müň öýli salyra we üç ýüz sany saýlama bedew ata eýe boldy. Däne gorlarynyň hemmesi syrylyp-süpürilip Maşada äkidildi. Galalary ýumrulyp, obalary ýer bilen ýegsan edildi.

Bu elhenç gyrgynçylyk we talaňçylyk, salyr türkmenleriniň baryp-ha Oguz han döwründen bäri gelýän şan-şöhratlarynyň hem-de soňky döwürlerde Horasandaky, şeýle-de Merkezi Aziýadaky eýeleýän ähmiýetli orunlarynyň kem-kemden, soňy bilen gutarnykly suratda aşak gaçmagyna günleriiniň ýaşmagyna esas goýdy.

Şondan soň olar gaýdyp galynmadylar. Uzak wagtlap yzygiderli suratda, harby şowsuzlyklary, tozgunçylyklary, göçhä-göçlükleri ynjytmalary, kemsidilmeleri başdan geçirdiler we oguz-türkmen taýpalarynyň şejeresinde iň irki orunlaryň birini eýelän, güýçli taýpa bolanlygyndan üçünji derejeli, türkmeniň iň bir garyp hem ejiz taýpasyna öwrüldiler.

Öňden göz öňüne tutup gelşine görä, şondan soň Apbas Mürze beýleki türkmen taýpalarynyň üstüne – Mara, Ýolötene, Pendä ondan soň Hywa, Buhara tarap ýörüş etmelidi. Olaram özüne tabyn edip, tutuş sebitde agaýana höküm sürmelidi.

Bu niýetini onuň hiç hili ýitgisiz, goşunyna pida çekdirmezden, abaý hem syýasat arkaly amala aşyrasy geldi. Çünki, onuň pikiriçe, salyr türkmenleriniň şahyna urlan taýak, beýleki türkmen taýpalarynyňam süňňüni syzlatmalydy, yşarat bolup hyzmat etmelidi.

Şonuň üçinem, ol, şol wagt Tejen derýasynyň aşak akymyndaky Garrybent diýen ýerde oturan tekelere, salyrlaryň öňden bäri Ýolötende oturan bölegine, Marydaky saryklara hat iberdi. Şol hatynda ol agzalan taýpalaryň gowulyk bilen öz raýatlygyna girmeklerini hem-de yzygiderli suratda, bellenen möhletde paç töläp durmaklaryny talap etdi.

Sarahsdaky salyr türkmenleriniň düşen gözgyny ýagdaýlary garyndaş hem golaý goňşy hökmünde öňi bilen Ýolötende oturan salyrlara has agyr täsir edip di.

Üstesine, sarahslylaryň gyrgynçylykdan we ýesirlikden diri sypanlaram yzanda-çuwan bolşup, şol tarapa bosupdylar.

Edil şol döwrem ol ýerde öňden oturan salyrlara Apbas Mürzäniň talap haty gelip gowuşdy.

Sarahsdan gelen salyrlar-a eýýäm Eýranyň raýatlygyna girdi hasap. Öňden oturanlaram ur-tut maslahat çagyrdylar-da: "Şeýtmesek bizem garyndaşlarymyzyň gününe düşeris" diýen gorky bilen köp çekeleşibem oturman, Eýranyň raýatlygyny kabul etmeli diýen netijä geldiler we gelen kararlaryny aýan etmek üçin, Apbas Mürzäniň ýanyna ýedi adamdan ybarat ilçi ugratdylar.

Salyrlaryň iki bölegininem Apbas Mürzä boýun sunmaklary, raýatlyk sorap hem hat, hem ilçi ibermekleri, Hywa hanynyň Ýolötendäki dikmesi Muhammedemin begi otdan alyp suwa saldy. Eden töwellalary welin salyrlaryň ýele ýanyndanam geçmedi. Ahyram ol ýüze çykan ýagdaý bilen hany elinjek habardar etmek üçin, Ýolöetende öňden oturan salyrlaryň içinden Hywa hanyna wepaly bolup galmaklyga, Eýranyň raýatlygyny kabul etmezlige yrybilen adamlaryny – bir işany, şeýle-de birnäçe ýaşulyny ýanyna alyp, günübirin Hywa depdi.

Apbas Mürzäniň özüne haýbat atyp ýazan haty bilen tanyşdyrmak maksady bilen, Mary galasynyň baştutany Nurmuhammet baý hem şol bir wagtyň özünde şol tarapa jünedi.

Özüne raýat bolup oturan salyr tükrmneleriniň Sarahsda beýle naýynsaplyk bilen çapylmaklary, talanmaklary, galalarynyň ýumrulmaklygy, ýurtlarynyň ýer bilen ýegsan edilmegi, ebetde, Hywa hanynyňam çetini gyzdyrman durmady. Ol muny salyrlaryň üsti bilen özüniň äsgermezlik edildigi saýdy. Namys etdi. Şeýle-de bolsa, ol Eýrana goşun sürüp, öz raýatlarynyň aryn-a alyp beribilmedi welin, ýöne, her-hal elli müň tümen puly elinje töläp bäş müň sany salyry ýesirlikden-ä boşatdy.

Egerde, ajal ara düşüp, bar zady başgaça çözmedik bolsady, onda ýeke bir Hywa hanlygyna raýat bolup oturan däl, eýsem beýleki türkmen taýpalarynyňam başyna Apbas Mürzäniň nähili külpetler saljak ekendigini, Sarahsda başlanan şol gyrgynçylygyň haçan nirede we nähili ýagdaýda gutarjak ekendigini bu günki gün, şunça wagt geçenden soň aýtmagam kyn, çaklamak ondanam kyn. Üstesine, onuňam göwni edil Ak patyşanyňky ýaly ýeke bir goňşy oturan türkmen taýpalaryny – Maryny, Hywany we Buharany boýun egdirmek däl, eýsem, şol ýurtlaryň üsti bilen Balha, Hyrada çenli baryp ýetmek barada hem telwas edýärdi.

Emma, Eýran tagtynyň mirasdüşeri, şazada Apbas Mürzäniň bolup ýörşi, göwnüne düwen niýeti Biribara-da ýakmadyk bor-a çemeli, Horasany mugyra getirip, Sarahsy çapandan ylaýyk bir ýyl soň, ýagny, 1833-nji ýylda ol birdenkä kemçilik tapdy-da, dünýäniň bar aladasyndan dynyp, bakyýa bakan hemişelik göç eýledi.

Horasan, külli türkmen taýpalary, Mary, Hywa, Buhara barysy bilelikde, uludan, sowuk demlerini aldylar.

Şondan soň bir ýyl geçip geçmänkä, Fethaly şanyň özüniňem aradan çykmagy bilen, köşk emeldarlarynyň ünsüni Apbas Mürzäniň arzuw edip giden etsem-goýsamlaryndan ymykly sowan, özara içki agzalaçylyklar, dawalar, göreşler, söweşler başlandy.

Bu bolsa, Hywa hanynyň az wagtlyk elden gideren ýerlerini, hususan-da türkmen topragynyň günorta çäklerini, şol sanda Sarhasy hem yzyna gaýtaryp almaklygyna mümkinçilik döretdi.

## VI
## Ýolöten

Hywa hanlygynyň tabynlygyndaky parahat durmuş birsydyrgyn, öz akymyna gidip duran hem bolsa, Sarahsdan gaýdan salyrlar ol ýerde ymykly ornaşanlaryndan soň, megerem ätiýaç üçin bolsa gerek, ol ýerde öňden oturan garyndaşlary bilen bilelikde, meşhur Ýolöten galasyny gurdular.

Ýöne, özlerini Apbas Mürzäniň çapawulçylyklaryndan gorap bilmändigi, öz raýatlygyna salmak üçin atan haýbatlaryna jogap berip bilmändigi üçin beýleki türkmen taýpalary ýaly salyrlarhem Hywa hanyna bolan nägileçiliklerini dillerinden düşürmeýärdiler. Bu barada olar hatda Hywa hanynyň öz aralarynda ýaşap ýören dikmeleriniň ýanynda hem açykdan-açyk aýdýardylar.

Hywa hanynyň raýatlygyndaky türkmenleriň aňyna ornaşan we ýüreklerinde kine goýan şol syýasy ýagdaý elbetde, wagty bilen Buhara emiri Nasrulla hem baryp ýetdi. Onuň bu ýagdaýdan peýdalanasy geldi we derhal özüne bähbitli işleri amala aşyrmaklygy ýüregine düwdi.

Şol niýet bilenem ol öz adamlaryny gizlin halda türkmenleriň arasyna iberip, ýüze çykan ýagdaýyň magadyna ýetdi, hakykatdygyna göz ýetirdi we 1841-nji ýylda, türkmen taýpa begleriniň hersine aýry-aýrylykda, aşaklyk bilen hat gönderdi.

Şol hatynda ol türkmenleri Hywanyň raýatlygyndan çykyp öz raýatlygyna girmeklige çagyrdy. Egerde şony edip bilseler, Alla görkezmesin welin, bardy-geldi düýnki ýaly Eýran ýa başga biri bilen bulaşyklyga düşäýen halatlarynda Hywa hany ýaly syrtyny çöpe diräp durman, duşman bilen döş direşip öz raýatlaryny gorajakdygyny öwran-öwran tekrarlady.

Hernäçe ýaşrynlyk bilen edýän hem bolsa, onuňam bu hereketleri barybir Hywa hanyna aýan boldy.

Şonuň üçinem, on ýedi ýyllap Hywa hanlyk eden we soňky Horasan wakalarynyň esasy sebäpkäri bolan Allaguly hanyň ornuna ýap-ýaňyja, geçen Rahymguly han derhal goşun toplady-da, Mary sebitlerinde oturan türkmenleriň üstlerine ýörüş gurnady. Ýöne, harb etmedi. Gaýtam Daşgorgan, Anthoý, Galaýynow ýaly ýerlere baryp, ýerli ilat bilen gowy gatnaşyklara girdi. Han-begler bilen mylakatly gürleşdi. Buhara emiriniň hajyk-hujuklaryna ynanmazlyklaryny haýyş etdi.

Şondan soň ol hazarylar bilenem arasyny sazlap, Tagtabazara tarap gitdi. Ondanam günorta, Eýran serhetlerine sary ugur aldy.

Horasandaky işlerini bitirip yzyna gaýdyşyn ol Pendide düşläp, türkmenlerden zekat ýygnady, jemşidileri bolsa näme üçindir Hywa sürdi. Saryk we salyr beglerine gymmat bahaly serpaýlar ýapdy.

Şeýlelikde, Rahymguly han Mary sebitlerindäki raýatlary bilen özüniň öňki gatnaşyklaryny ýola goýdum, olary razy etdim, öýke-kinelerini ýazdym. Buharanyň öz garşysyna aşaklyk bilen gurnan hilesiniň öňüni aldym hasap etdi.

Ýöne, ol munuň bilenem çäklenmedi. Gorkan öňürtilär etdimi ýa öňürti ursam emiriň sussuny basaryn öýtdümi şondan laýyk bir ýyl geçenden soň ol Buharanyň hut özüne urgy bolyp biläýjek ýörüş gurnady, ýagny, Çärjewe hüjüm etdi.

Emma, bujagaz çäreler barybir Mary sebitindäki türkmenleriň Hywa hanyna bolan öňki nägilelikli gatnaşyklarynyň, öýke-kineleriniň öňüni alyp ýa-da olaryň Buhara bilen saklaýan aragatnaşyklaryny togtadyp bilmedi.

Muny Rahymguly hanyň özem aňdy.

Şonuň üçinem, kellesini juda köp agyrdan bu meseleden gutarnykly dynmak üçin, 1843-nji ýylyň aýaklarynda ol öz dogany Muhammet Emin ynagy şol ýerde tertip-düzgüni ýola goýary ýaly, serenjamy hertaraplaýyn üpjün edilen goşun bilen, Mary sebitine ýollady. Muhammet Emin baryp, Hywanyň Marydaky dikmesi Ýazmuhammet baýyň galasyn da ýerleşdi. Edil şol wagtam oňa Buharalylaryň Hywa hanlygyna ýörüşe taýýarlanýandyklary barada habar gelip gowuşdy. Muhammet Emin yzyna dolanmaga agasyndan ýörite buýruk almadyk hem bolsa, gelen habardan özüçe many çykardy-da, Marydan göterildi we Hywa tarap ýola düşdi.

Olaryň bu aljyraňňylyklaryndan peýdalanyp, tekeleriň, saryklaryň we salyrlaryň öňdenem Hywa goşuny bilen uruşmaklyga taýýar bolup duran birleşen güýçleri Marydan çykyp-çykmanka Muhammet Eminiň gaýdyp barýan goşunynyň üstüne çozdy. Hywalylar dyr-pytrak bolşup, gaçmaga mejbur boldular.

Şondan soň türkmenler yzlaryna dönüp, Muhammet Eminiň ýap-ýaňyja düşläp giden galasyna geldiler, ony taladylar, gala eýesi Ýazmuhammet baýyň özüni bolsa, Hywa hanyna gulluk edendigi üçin, ilen-çalanlary bilen bilelikde jezalandyryp öldürdiler.

Mary we onuň sebitleri şondan soň uzak wagtlap Buhara raýat bolup oturdy. Şol döwür Maryda Buharanyň dini we syýasy dikmeleri ot urdylar, halkyň içinde wagyz-nesihat işlerini geçirdiler, Buhara emirliginiň şertini düzgünlerini ýöretdiler. Kazyçylyk işlerinem şolar alyp bardylar.

Mary sebiti bilen Byhara emirliginiň arasyndaky söwda gatnaşyklary şol döwür henize çenli görlüp-eşidilmedik derejede gowulaşdy. Salyr- we saryk täjirleri Repetek ýoly bilen at tezegini guratman Buhara gatnadylar.

Olar hususan-da däne söwdasy bilen meşgullanýardylar. Bu bolsa şol döwür Murgap derýasyndaky Soltanbendiň dikeldilip işe girizilmegi we suwarymly ýerleriň köpelmegi bilen baglydy.

Buharanyň Marydaky edara ediş merkezi şol wagt Baýramalydy. Ýöne, Marydaky Ýazmuhammet baý galasy hem entek öz ähmiýetini ýitirmändi. Ol ýerde hususan-da saryklar ýaşaýardylar.

Hywanyň welin henizem Mary sebitinden el çekesi gelmeýärdi. Ony Buharanyň elinden gaýdyp almak üçin dürli tärler bilen häli-şindi şol tarapa owsun atýardy, käte saklanyp bilmän penjesini uzadaýýan gezeklerem bolaýýardy.

Onuň şol çyrpynmalarynyň esasylarynyň biri hökmünde, Buharanyň elinden alyp, öz tabynlygyna geçirmek üçin, Hywa hany Rahymguly hanyň 1844-nji ýylda, Ýolötende oturan salyrlaryň üstüne eden çozuşyny mysal görkezmek bolar.

Şonda, daşyndaky bar bolan ähli emlägini, mal-mülküni taşlap, salyrlaryň barysy öz salan galalarynyň içine ýygnandylar.

Ýöne, Hojanazar Selim atly bir barly adam özüne gulak asýan hem-de özi ýaly Hywa hanyna wepaly hasap edýän adamlary bilen bilelikde gala girmekden, goranyşa goşulmakdan boýun towlady we galanyň daşynda galdy. Goşun birmenzillik ýola gelip goş ýazdyrandanam derhal şol ýere bardy we öz yzyna düşüp gelen adamlaryň ählisiniň adyndan hana sadyklyk bildirdi. Garyndaşlyk gatnaşyklarynyň juda gaýymdygyny göz öňünde tutup, ýany bilen alyp gelen adamlaryny galadakylaryň garşysyna ulanmazlygyny haýyş etdi. Han onuň haýyşyny ýagdaýa düşünmeklik bilen kabul etdi we kanagatlandyrdy.

Goşun gozgandy. Gala gabaldy. Top oklary "gümmürdeşip" dumly-duşdan galanyň içine ýagmaga başlady. Goh, zenzele asmana göterildi.

Henizem baş hansyzdyklary sebäpli aralarynda doly derejede agzybirlik ýok hem bolsa, goraýjylar örän tutanýerlilik bilen söweşdiler. Ruhdan düşmediler. Duşmana aýgytly hem berk gaýtawul berdiler.

Apbas Mürze bilen Sarahsda bolup geçen söweş tejribelerini ulanmak arkaly, gijelerine galadan çykybam uruşdylar, duşmana duýdansyz, agyr-agyr zarbalar urdular. Gerek ýerinde söweşe bu gezegem aýal-gyzlaram, garry-gurtularam, oglan-uşaklaram goşuldylar.

Dyzmaç ýigitleriň biri top oklarynyň seýreklän mahaly ara düşen böwşeňlikden peýdalandy-da, diwaryň üstüne çykyp sesiniň ýetdiginden gygyrdy.

– E-eý, porsy gaýralylar! Siz näme, ala-böle bäş öýli salyryň üstüne süssenekleşip gelýäňiz? Salyr näme siziň bajyňyzy ýemetdimi? Ýa eneňiziň aşagyny gorsadymy?..

Onuň bu sözi duşmana baryp ýetdimi ýa ýetmedimi, magat düşündilermi ýa düşünmedilermi, belli däl ýöne, şondan soň hüjüm görnetin güýçlendi. Top oklarynyň gelip düşmesi öňküsindenem kän ýygjamlaşdy.

Hälki ýigit şol sözleri hiç kime geňeşmän, öz kellesi bilen aýdan bor-a çemeli, galanyň içindäki ýaşulylar ýerli-ýerden oňa tarap telpeklerini bulap aşak çagyrdylar. Ýanlaryna gelenden soň oňa erbet käýýediler. Bular ýaly uly söweşde özbaşdak hereket etmeli däldigini, eden-etdiligiň hiç haçan gowulygyň üstünden eltmeýändigini, asylam, duşmanyň bolaýanda-da namysyna degiji sözler aýtmaly däldigini düşündirdiler.

Ýaşulylaryň şol diýenlerine söweşe ýolbaşçylyk edip ýören ekabyrlaram goşuldylar. Şeýle ýagdaý ýene bir gezek gaýtalanaýsa, söweşe gatanşmak hukugyndan mahrum etjekdiklerini ol ýigide duýdurdylar.

Dagaşjak bolup durkalaram ýaşlardan biri ýüzüni küsserdip:

– Ýa, i-i... Uruşdyrda, näme edeňde näme... Ýa indi öldüreňde bolýa-da sögeniňde bolmyýamyşynmy? – diýdi.

– Howwa! Bolmyýa!.. Düýbünden bolmyýa! – diýip, beýleki ýigide käýýäp duran ýaşuly indi synyny silkip oňa tarap öwrüldi. – Tyg ýarasy biter, öleniň ýerine ertesi ýene biri doglar, ýöne, söz ýarasy bitmezem, ýitmezem, ýüküň haýsy tarapa agjagy bolsa belli däl. Ertir uruş gutaraga-da, şol sözüň ýeňilen tarapy, esasanam şol sözi aýdan adamyň özüni uruşdanam ölümdenem beter elhenç bir zadyň üstünden eltmegi mümkin. Sebäbi, namys diýlen zat ýeke sende däl hemmede-de bardyr. Onsoňam sen duşmanyň enesi ýa uýasy bilen urşaňok, näme gaýratyň bolsa agzyň bilen porsap durma-da, özüne görkez... Salyryň üstüne geleni üçin bolsa sen ondan

gaty görme, gaýtam sag bolsun aýt, minnetdarlyk bildir. Çünki, gelen bolsa ol sende güýç özüne mynasyp bardygyny bilip gelendir, görüp gelendir. Gaýtawul görmejek ýerine hiç kim taýagyny çoçjaýdyp biriniň üstüne barmaz...

Ýigit öz günäsini boýnuna aldy. Gaýdyp bular ýaly hereket etmejekdigine söz berdi.

Şondan soň her kim ýerli-ýerine bardy. Söweş tä giç agşama çenli dowam etdi.

Ol şol günüň ertesem, birigünem soňky günem, ondan soňkusy günem, mahlasy bir hepdeläp, bir aýlap dowam etdi.

Şeýle-de bolsa, agyr artilleriýasynyň, gabaw serişdeleriniň bardygyna, goşun serenjamynyň hemmetaraplaýyn üpjündigine garamazdan, Rahymguly hanyň hut öz ýolbaşçylygyndaky Hywa goşuny Ýolöeten galasyny syndyryp, goraýjylaryny boýun egdirip bilmedi.

Ahyram dagy nätjeklerini bilmän, olar galanyň töwerek-daşyndaky göze iläýjek zatlary talamaga başladylar. Öýleriň içindäki alyp bolaýjak zatlaryň barysyny oljaladylar, alyp bilmediklerini bolsa öýüň özi bilen bilelikde otladylar. Iş, zähmet gurallaryny, çagşytdylar, agyllary, kümeleri ýumurdylar, guýulary gömdüler, pagsa jaýlary ýykdylar.

Şol wagtam edil, Apbas Mürze bilen Sarahsda bolan çaknyşykdaky ýaly bir ýerden bir bölek goşun peýda boldy-da, Hywa goşunyny bir ujundan gyran-jyrana salyp başlady. Salyrlar bu gezegem bir bada olaryň kimdikleriniem bilip bilmediler.

Birdenem diwaryň üstünde tüpeňine ok sürüp duran ýigitleriň biri galanyň içindäkilere tarap öwrüldi-de, telpegini bulap başlady.

– E-eý, bylar Sarahslylar ýaly-la-eý!...

Şol ýerde duranlardan ýene birem onuň aýdanlaryny tassyklady.

– Howwa e-eý, şolar –e-eý!

Hemmeler diwara tarap çozdular.

Gelenler dogrudanam şol wagt Sarahsda oturan teke garyndaşlardy.

Olaryň arasynda meşhur Gowşut han hem bar. Ýöne, ol entek han däl. Şol wagt ol ýaňy bir ýigrimi bir ýaşynyň içinde bolup, tegelekden gelen ak ýüzli, ortadan ýokarrak boýly, döşi giň, ýaýbaň eginleri terezilenip duran dolmuş, süňkleri iri, süňňi berk ýigit. Ol kömege gelen topara ýolbaşçylyk edýär ekeni.

...Şondan soň galany goraýjylaram daş çykyp, Hywalylar bilen aç-açan, meýdan söweşine girişdiler. Onsuzam bir aýlap galany alyp bilmän, lapykeç halda serimsal bolup ýören goşun indi iki güýjiň arasynda-ha asylam durup bilmejekdigini duýdy-da, assa-ýuwaş yza tesmek bilen boluberdi.

Diňe şondan soň salyrlar Sarahsdan gelen teke garyndaşlary bilen atdan düşüp, gujak gerşip, gadyrly salamlaşdylar, görüşdiler. Şeýle kyn pursatda kömege gelendikleri üçin köp-köp minetdarlyk bildirdiler.

Şeýle hem olary üç gün myhman aldylar. Hezzet-hormat etdiler. Ýeňiş toýuny toýladylar.

Hormat bilenem hoşlaşdylar.

***

Buhara emiri welin, ýüze çykan bu ýagdaýdan ýene-de özüçe peýdalanmak isledi. Wagtynda duýup, wagtynda kömege ýetişmändigi üçin ötünjem soramady-da, Hywa hanyna ýaňadan göz görkezerleri ýaly saryklara, Ýolötendäki salyrlara ýeterlik mukdarda goşun iberdi.

Türkmenler muny uly minnetdarlyk bilen kabul etdiler.

Şondan soň Marydan-Hywa, Hywadan-Mara yzygiderli suratda talaňçylykly ýörüşler gaýtalandy durdy.

Bu ýagdaý Buhara emiriniň gökdäki dilegini ýerde gowşurdy. Çünki, onuň esasy maksady – iliň eli bilen ot gorsamak, türkmenleriň üsti bilen Hywany birsyhly biynjalyk edip durmak, ony güýçden gaçyrmak. Onsoňam özara jenjelleri zerarly goý, türkmenleriňem, Hywa hanynyňam eli oňa ýetmesin. Goý, biri-birleri bilen sermenekleşsin ýörsünler.

Ýöne, pelegiň çarhy Buhara emiriniň emri bilen aýlanmaýar, taryh öz öwrümleri üçin hiç kime geňeşmeýär.

...Horasan häkimleriniň biri Salaryň 1846-njy ýyldan başlap, tä 1850-nji ýyla çenli dowam eden, iňlisleriň meçew bermeginde, Eýran hökümetiniň hut özüne garşy turzan gozgalaňy netijesinde hem Eýranda, hem türkmen topragynda bolup geçen bulam-bujarlyklardan soň, dürli syýasy sebäplere görä, Mary sebitindäki türkmenler, şol sanda salyrlar hem ýene-de Hywanyň ygtyýaryna geçidler.

Wakalar umuman alanyňda şu aşakdaky tertipde bolup geçdi.

Salaryň gozgalaňy türkmen han-begleriniň ünsüni tussumandan özüne çekdi. Aňyrsynda kim-kimleriň durandygyndan bihabar, Garaoglan hanyň ýolbaşçylygynda Ahal tekeleri, Oraz hanyň hem-de Gowşut hanyň ýolbaşçylygynda Sarahsly tekeler oňa göwünjeň kömege geldiler. Maşady almaga we onda bir ýyldanam gowrak saklanmaga ýardam etdiler.

Haçanda hökümet goşuny Maşady gabawa salanda Maryly türkmenler oňa üç müň adamdan ybarat goşun iberdiler.

Maşady elden giderenden soň, Salar gaçyp özüni Ahal tekeleriniň arasyna atdy.

Ýöne, Salara bolan dostlukly garaýyşlary, goldawlary ilk-ä Ahal tekeleriniň öz aralarynda agzalalyk döretdi. Ýagny, tohtamyşlara has köp üns berýär diýen düşünje bilen otamyşlar ondan öýkelediler. Kine etdiler. Öýke-kinäniň dawa-jenjele ýazaýmagyndan ätiýaç edip, Salar ur-tut ol ýerden göterildi. Sarahsly tekeleriň arasyna geldi.

Nämäniň-nämä sebäp bolandygyny aýtmak kyn, ýöne, Salar şol ýere baranyndan soň Sarahsly serdarlar Oraz han bilen Hojamşükür han öýkeläp, öz diýen adamlary bilen bilelikde Sarahsdan çykyp gitdi we baryp, Mary ýolunda ýerleşýän Garaburun diýen ýerde düşledi. Oňa ondan-mundan başga-da gelip goşulanlar köp boldy. Tutumy gitdigiçe giňeldi. Şol ýere ýygnanan ilatyň içinden Aganyýaz perwanaçy, Omar beg we Mustapaguly kazy ýaly tanalýan hem täsirli adamlary ýanyna alyp, Hojamşükür han şol ýerden göni Hywa gitdi. Baryp Muhammet Emine sadyklyk bildirdi.

Olaryň ýoklugyndan peýalanyp, Hojamşükür hanyň garşydaşlary Garaburuna çozdular we taladylar.

Muňa gahar edip, Muhammet Emin han 1847-nji ýylda Mary sebitine goşun sürdi. Ol gelşi ýaly Baýramaly han galasynda ýerleşen saryklary gabady.

Garaburunlylar bolsa şol ýere Hywa hanyna salama geldiler. Boýun sundylar, sowgatlar berdiler, hezzet-hormat etdiler.

Gabawda oturan saryklara Sarahsly tekeler kömege geldiler. Ýöne, Hywalylar olara aýgytly hüjüme geçmäge maý bermediler. Şeýle-de bolsa, galany alyp ýa saryklary boýun egdiribem bilmediler. Şonuň üçinem, endiklerine görä galanyň daşynda talaňçylyk işlerini geçirdiler, ekin meýdanlaryny tozdurdylar, Soltanbendi ýykdylar.

Umuman, şeýdip, Mary sebitiniň gündogar böleginde ýaşaýan türkmenleri derbi-dagyn etdim hasap edeninden soň, Muhammet Emin han Hywa dolandy.

1848-nji ýylda ol indi ikinji gezek, Sarahsly tekeleriň garşysyna ýörüş etdi. Tutuş Mary sebitinden ýygnanandyklaryna garamazdan, türkmenler ýeňlişe sezewar boldular we mejbury suratda Hywa bilen ylalaşyk baglaşdylar.

Sarahsly tekelerden soň Ahal tekelerem Hywa tabyn bolýandyklaryny boýunlaryna aldylar.

Şol ýylyň özünde saryklar bilen salyrlaram özlerini raýatlyga almagyny haýyş edip, Hywa ilçi iberdiler.

Ine türkmenleriň ýene-de Hywa hanyna raýat bolmaklarynyň gysgaça beýany şundan ybarat.

Ýöne, bu zatlaryň hemmesi türkmenleriň Hywany özlerine hakyky hossar saýýandyklary üçin däl-de, hatda, zerurlyk ýüze çykandygy üçinem däl-de, mejbury ýagdaýda bolup geçdi.

Hywa hany haýdan-haý türkmenleriň arasyna öz dikmelerini, hadymlaryny we syýasy wagyzçylaryny iberdi.

Horasan bulagaýçylyklaryna gatnaşandyklary hususan-da Salar bilen ýakyn aragatnaşykda bolandyklary üçin, on dokuzynjy asyryň kyrkynjy ýyllarynyň ahyrlaryndan, ellinji ýyllaryň ortalaryna çenli, Mary sebitinde ýaşaýan türkmenleriň esasanam tekeleriň ýagdaýy, Eýran hökümeti bilenem juda oňşuksyz halda boldy.

1850-nji ýylda Salary tutup, jezalandyranlaryndan soňam Eýran hökümeti türkmenlerden öç almasyny bes etmedi. Ahal we Sarahs tekelerine ol has-da rehimsiz darady.

Şeýlelikde, tekeler iki oduň: Hywanyň hem Eýranyň arasynda çykgynsyz ýagdaýda galdylar. Öz raýatlygyna alan hem bolsa, Hywa türkmenleri doly suratda gorap bilmedi.

Şonuň üçinem, türkmenler, Hywa doly göwün bermeýärdiler, bu meselede esasanam Ýolöetende oturan salyrlar erjellik görkezýärdiler. Olar Hywa hanynyň öz aralaryndaky wekillerini her hili ýollar bilen birsyhly ýanadylar ýördüler we ahyrsoňy gaçyp gitmäge mejbur etdiler.

Şolar ýalyda Hywa türkmenleriň üstüne özüniň jeza beriji goşunlaryny sürýärdi, ýöne, Mary sebitinde ýaşaýan teke, saryk, salyr, türkmenleriniň birleşen güýçleri her gezek olara berk gaýtawul berýärdi, hüjümlerini yza serpikdirýärdi, gaçyp gitmäge mejbur edýärdi.

Hywanyň hanlygy türkmenleriň başyndan diňe 1855-nji ýylda Sarahsda, Gowşut hanyň baştutanlygyndaky teke türkmenleri bilen bolan söweşde ýeňlip, Muhammet Emin hanyň özem öldürilenden soň sowuldy.

Şol söweşde uly bolmadyk goşun bilen Gowşut hana Eýran hem kömek etdi.

***

Şeýle-de bolsa, Eýran barybir tekeleri ol ýerde ynjaltmady. Uzak ynjalyp bilmejekdiklerini tekeleriň özlerem duýdular. Şonuň üçinem, aždarhanyň agzyndan aýrylmak üçin, 1857-nji ýylda Mara, Murgap derýasynyň ýakasyndaky suwarymly ýerlere göçdüler. Öň şol töwereklerde oturan saryklar bolsa, Pendi sähralyklaryna tarap süýşdiler. Ýolötende oturan salyrlaram öz gezeklerinde ol ýerden göterildiler-de, otuz ýyla golaý wagt bäri zaryny çekip ýören Watanlaryna – Sarahsa bakan rowana boldular.

Sarahs şol wagtam ne Hywa, he Buhara, ne Eýrana, hiç kime degişli däldi. Şeýle-de bolsa, Eýran hökümeti salyrlara ol ýerde ornaşmaga rugsat bermedi we Eýranyň Horasan welaýatyna degişli Zurabat diýen ýere göçüp barmaklaryny talap etdi. “Otursaňyz-a ho-onha, şol ýer, oturmasaňyzam gelen ýeriňize gidiberiň” diýdi. Olaryň Apbas Mürzäniň gyrgynçylygyndan öň, Sarahsdaky sürgünli döwürlerini ýatlatdy. Indi o zatlara ýol berilmejekdigini duýdurdy.

Şol elpe-şelpeligiň ahyrsoňy özlerini nämeleriň üstünden eltendigine gözi ýetip duran salyr kethudalaryna edilen teklip bilen ylalaşaýmakdan başga alaç galmady.

## VII
## Zurabat

Zurabat Köne Sarahsdan 120 wýorst çemesi uzaklykda, Tejen derýasynyň ýokary akymlarynda, çep kenarda ýerleşýär. Oňa barmak üçin, öňürti derýanyň sag kenary bilen akymyň tersine, günorta tarap, tä Pulhatyn köprüsine çenli gitmeli, ondan çep kenara geçmeli we ýene-de ýokarlygyna tarap ýöremeli. Halk ony öz dilinde heniz-henizlerem “Zirewe” diýip atlandyrýar. Pars dilinde ol “güýç şäheri, “güýçli şäher” diýmekligi aňladýar. (Zur – zor, güýçli, abat – şäher.)

Heniz düýn-öňňünki agyr göçüň ýadawlygyndanam doly aýňalyp ýetişmedik halk ygym-sogum bolşup ýene-de ýola düşdi. Aýaklary gan-gabarçak bolan aýallar çarkandakly ýol bilen entirekleşip baryşlaryna:

Alla jan, hiý bu göç-gon biziň başymyzdan aýryljak dälmikä? Aýagymyzyň ýer tutan wagty bolmazmyka – diýşip hünübirýan aglaşdylar. Olaryň perýadyna çagalaram goşuldylar.

Nazarmuhammet hanyň ýolbaşçylygyndaky garamanlardan we öz hanlary bolmansoň köp wagt bäri iki bölünen ýalawaçlaryň bir böleginden ybarat birinji topar-a Zurabatda, Berdimyrat hanyň ýolbaşçylygyndaky kiçiagalardan hem-de ýalawajyň beýleki böleginden ybarat ikinji topar bolsa Zurabatdan on-onki çakyrym ýokarrakda ýerleşýän Garadepe diýen ýerde ornaşdy.

Zurabatda-da, Garadepede-de halkyň oturşy başly-baradrak. Bitertip. Bölek-bölek. Şolaryň her kowçumy bir tire, urug ýa-da haýsydyr bir tiräniň bir bölegi.

Mysal üçin garamanlar: ükürjikli, sapalak, halyl, çulum, alam, kiçiagalylar: eýke, musa, ýagup, saýat, ýaýçy, ýalowaçlar: gurt, hebip, kerimaga, şeterrik ýaly böleklerden ybarat. Olaryň begsi, sakar ýaly has ownuk tireleri bolsa ol wagt Owganystanyň Meýmene diýen ýerinde otyrdylar.

Kowçumlaryň has uluraklaram, has kiçiräklerem bar. Käbirleri bolsa birigip, küren tutup otyrlar.

Her tiraniň baş hanynyň oturan küreni beýlekilere görä ulurak. Onda bäşleň-üçleň ak öý, işiklerinde ýatak, howly mal-gara görünýär.

Ownuk tireleriňem hersiniň öz hany, kethudasy bar. Olaryňam ýaşaýyşy, güzerany hiç neneň däl.

Köpçüligiň öz ýagdaýy welin el-halrak.

Umumy baş han ýok, ýöne, gyzzy gyzza gelende hemmesi Nazar han bilen Berdimyrat hanyň agzyna bakýalar. Islendik mesele köpçülik we ownuk tire hanlary bilen bilelikde maslahatlaşyp çözülýär.

Tertip-düzgüne seredýän, dawaly meseleleri aýdyňlaşdyryp berýän umumy kazylary, şeýle hem baş kethudalary bar.

Zurabat Sarahs ýaly mes toprakly ýurt däl. Suw köp, ýöne ol çagylly, daşly, egrem-egrem dar jülgeleriň, baýyrlyklaryň saýlaryň içi bilen zymdyrylyp akyp gidip barýar, töwereginde ekin ekere amatly ýer ýok.

Zurabadyň köne harabaçylyklaryna golaý ýerde bolsa ekin üçin az-owlak ýer bar-da, suw ýok. Ýap gazyp derýadan alara-da halkda güýç-kuwwat, harajat, serişde iş gurallary ýok.

Üstesine-de ýurt çyg, şorluk, gamyşlyk. Ýüzüni ýaşyl kerepler örten, hiç hili hereketsiz we peýdasyz ýatan arnalardaky, kölçelerdäki ýata suwlardan göterilýän agyr yslardan ýaňa demiňi alar ýaly däl. Çybyn-çirkeý bolsa Gün ýaşandan tä daňdana çenli adamlary dik oturdýar. Hiç kime-de aňsat däl welin, bu ýagdaý hasam çagalary heläk edýär.

Üstesine, şol zatlar zerarly keselçilik baram döräp gidip otyr. Keselçiligiň soňy bolsa gürrüňsiz, gyrgynçylyga eltýär. Adam jaýlamak, öli ugratmak dagy soňabaka adaty bir pişä öwrüldi. Adamlaryň agysy tükendi. Taýpa san taýdan göz-görtele azaldy. Üstüne bütinleý ýitip gitmek howpy abandy. Toý-tomaşa, märeke, meýlis ýat boldy.

Her niçik hem bolsa gelen ýyllary Eýran hökümetinden karzyna däne alyň, onda-munda ýer açyp, bolşuna görä bugdaý ekdiler. Onuňam köp böleginde-hä hiç zat bitmedi, bitenjelerem meňki bolsun diýer ýaly hasyl bermedi. Hasyl beräýjeklerem bişip ýetişmänkä suwsuzlykdan ýaňa gurady.

Umuman, şol ýylky hasyl arly ýyl iýmäge ýa bergilerini üzmäge-hä däl, asyl indiki ýyl üçin tohumlyga-da ýetmedi.

Ýylyň-ýylyna gaýtalanyp duran şu ýagdaý salyrlary Eýran hökümetiniň öňünde ýurt bergidary edip goýdy.

Şeýdip on bir ýyl dyrjaşdylar, has takygy açlyk bilen, ölüm bilen göreşdiler. On ikinji ýyl diýlende Nazarmuhammet han bilen Berdimyrat hanyň ýolbaşçylygynda, her obadan bir wekil bolup, Tährana gitdiler we edil şanyň özüni görüp bilmeselerem Eýran hökümetiniň degerli adamlary bilen duşuşyp, özleriniň

ata-watanlaryna goýbermeklerini haýyş etdiler. Olaram gyssagly suratda şa bilen maslahatlaşyp, wekillere şeýle jogap berdiler:

– Bolýa. Biz sizi goýberýäs. Şa muňa razy. Ýöne, bir şert bilen: Siz Eýran serhetini Mary tekelerinden we saryklardan goramaly. Şolary geçirmeli däl. Galkan bolmaly.

Salyr kethudalary özara maslahatlaşdylar-da: “Tekelerem, saryklaram öz garybymyzdyr, ýagdaýymyza düşünerler, bizden kine edip durmazlar, bizem bir olaryň öňlerinden çykyp, döşlerine döş direşip durmarys, olaram bir gelip, üstümize dyzap durmazlar, galanam nebibedir, häzirlikçe şu ýagdaýdan bir çykalyň” diýişdiler.

Şeýdibem öz öňlerinde goýlan şerti kabul etdiler.

***

Olaryň getiren hoş habarlaryna halk diýseň begendi. Her kim ýerli-ýerden göç şaýyny tutup ugrady. Aýallar bu gezegem aglaşdylar, ýöne, gynançlaryna däl-de, begençlerine agladylar.

Şondan soň köp wagt geçmänkä, agyr göç Zurabatdan çykyp, derýanyň çep kenary bilen Pulhatyna geldi, ondan geçibem sag kenary syryp, Köne Sarahsa bakan ugur aldy.

...Her kim öý dikmezden owal maňlaýyny ýere urup, ýurduna togap etdi. Topragyna ogşady. Tozuny gözüne sürtdi.

Ýöne, entek doly ýaýrap-ýazylyp ýetişmänkälerem aňryujy boljak bolsa bolaýmaly iş gopdy.

Eýran hökümeti bilen özleri babatda şolar ýaly şertnama baglaşandyklaryny eşidip, Gowşut han salyrlardan juda gaty gördi. Gahary geldi. Şonuň üçinem, nökerlerine olaryň ähli mallaryny sürüp gaýtmaklygy buýurdy.

Han aýtdy gutardy. Tabşyrygy derhal ýerine ýetirdiler.

Düýn-öňňünlikde “Alla, Alla” bilen Zurabadyň kynçylyklaryndan sypan salyr ýaşulylary Nazarmuhammet han bilen Berdimyrat hanyň ýolbaşçylygynda indi ellerini ýeňleriniň içine sokuşyp, çalaragam eglişip, mallarynyň yzy bilen Mara tarap ýola düşdüler. Gowşut hanyň gaşyna baryp, mallarynyň gaýtarylyp berilmegini haýyş etdiler.

– Bizler şeýle şerte kaýyl bolmaly bolduk, han, çünki, siziň alamançylyk etmeýändigiňizem, şondan ötri siziň şol ýolda bize hiç haçan gabat gelmejekdigiňizem, iki ýeke ogrular üçin, bolsa siziň beýdip, ýemedip durmajakdygyňyzam bilýäs, şoň üçinem...

Gowşut han gaharyny gizlejegem bolmady. Şeýle-de bolsa hem-ä ilçilik edähedini bozmazlyk, hemem han hökmünde sypaýyçylygy elden bermezlik üçin başardygyndan parahat gürlemäge çalyşdy.

– Gep mende däl, garyndaşlar, berlen sözüň, baglaşylan şertiň manysynda... – diýende tegelekden gelen boldumly ak ýüzi al öwsüp gitdi – Biziň kimdir biri tarapyndan biri-birimize garşy goýulýandygymyzda. Hamala teke bilen saryg-a ýol urup ýören talaňçylarmyşyn, sizem ol ikisi bilen Eýranyň arasyndaky adyllyk ölçegimişiňiz.

Nazatmuhammet han öz eden hereketlerini aklamaga çalyşdy.

– Zirewede oturarlyk ýok, han... soň bosa...

Gowşut han ýüzüni ýerden galdyrman oturşyna kesgitli gürledi.

– Öň näme, sizi bu ýerden biri zor bilen kowdumy? Gitmäge mejbur etdimi?

– Ýak. Hiç kim kowanok. Özümiz gitdik. Watan diýip gitdik. Ýöne Horasan häkimleri bizi öz ýurdumyzda oturtmadylar. Soň... osoň... O ýerde-de güzeran bolmansoň Sarahsa goýbermeklerini haýyş etdik... Olaram...

–Näme, bizi ynjaltmadyk adamlar ol ýerde sizi ynjaldarlar öýtdüňizmi? Onsoňam... – Gowşut han kinaýaly ýylgyrdy. – ...Onsoňam öňki gezek oturanyňyzda gözleriniň oduny alypsyňyz-a olaryň.

–Bizde indi olar ýaly güýç ýok, han. Bize indi öz güzeranymyz gaýgy. Geçenden bolsa peýda ýok.

– Näme diýseňizläň, garyndaşlar – Gowşut han wekilleriň ýüzüne ýekän-ýekän garap çykdy. – Indiden soň gep guzladyşyp oturmakdan peýda ýok. – Ol ýüreginden syzdyryp gepledi. – Şu ýere göçüp gelseňiz-ä mallaryňyzyň hemmesini başy bitin gaýtaryp berýäs. Oturyň, il boluň, biziň iýenimizi iýersiňiz, içenimizi içersiňiz, aç ýerimizde aç, dok ýerimizde dok bolarsyňyz. Adybir türkmenimiziň bir bölegi beýdip, göreniň gapysynda gul bolup, ýetimsireşip ýörseler bize-de ýakyp baranok. Ahal bilen Mary birikdi. Nurberdi hany bolsa baş hanlyga göterdi. Saryklaram hyýalynda. Ärsarylar bilen ýomutlaram hemmämiziň birigip bir hanlyk, ýagdaý bolsa döwlet döretmekligiň tarapdary. Şol güne ýetibilsek, Sarahsa sizi biziň özümiz göçürip elteris. Sebäbi, ol ýer siziň asly mekanyňyz, ata-watanyňyz... Bolmasa-da.... – Han ýüzüni bir gapdala sowdy. – Bolmasa-da ho-onha gidiň-de Eýranyň serhetini goraberiň, gaýratyňyzy görkeziberiň. Göwün islegiňiz şol ýerde garyndaşlaryňyz bilen garpyşmak bolsa tekelerem, saryklaram sizi uzak garaşdyrmazlar. Bararlar... Barmasalaram barar ýaly ederis...

Salyr kethudalary Gowşut hanyň garşysyna hiç zat aýdyp bilmediler. Aýdara delil tapmadylar. Çünki, han dogry aýdýardy. Döwletlilige bir agza bakmaklyga ündeýärdi.

Şonuň üçinem, olaryň barysy birden başlaryny atyşyp, özleriniň rasydyklaryny bildirdiler.

***

Sarahsa gelişleri ýalam uly-kiçi, aýal-erkek ulusy bir ýere jemläp, gürrüňçilik geçirdiler. Gowşut hanyň sözlerini birin-birin beýan etdiler. Başga bir ýoluň, çykalganyň ýokdugyny aýtdylar. Düşündirdiler.

Halk ýene-de goşuna ýapyşdy. Göç ýola düşdi. Aýallar ýene-de aglaşdylar. “Wah gaýdyp barjak bolsak, aslynda ol ýerden gaýtmalam däl ekenik” diýşip, yzlaşdylar. Özlerini şeýdip, iki ýana entedip ýören han-begleriň adyna nägilelikli sözler aýtdylar.

Ýöne, nätjek, ýol uzak, gök yrak, gözýaş bolsa çäkli, adam başy daşdan gaty diýlenem bir zat bar, wagtyň geçmegi bilen ol ähli zada kaýyl bolýar. Olaryňam orta ýola ýetmänkäler gözýaşlary gurady, göwünlerine giňlik aralaşdy, hersi öňde duran durmuş baranlaryndan soňky güzeran barada biri-birleri bilen pikir alşyp başladylar.

## VIII

## Mary

Gowşut han salyrlary oturymly obalaryň arasynda, her hatarda, bäş-on öýlüden aralaşdyryp, bölek-bölek oturtdy. Hemsaýa hökmünde saklady.

Şeýle-de, ol Işbaşy ýogalaly bäri baş hansyz göçüp-gonup ýören salyrlara garrylygy sebäpli düýn-öňňünlikde hanlygyny tabşyran garaman hany Nazarmuhammet hanyň kyrk ýaşlaryndaky ogly, uzyn boýly, aksowult ýüzli, uzyn gara sakgally, hemişe gara çäkmen geýip gezýän Ýazmuhammedi hem-ä kakasynyň ornuna, hemem külli salyra baş han edip belledi.

– Başsyz ilde kuwwat bolmaz, çünki, "baş bolmasa göwre läş" diýipdirler. Bir agza bakmaýan il hemişe hor bolar, özüçe bar-ýog-a bakna bolar – diýdi.

Onuň bu teklibini salyr kethudalary ikelläp goldadylar. Özleriniň ençeme ýyl bäri çözüp bilmän ýören meselelerini bir demde çöp döwen ýaly edip berendigi üçin minnetdarlyk bildirdiler.

Onuň bilen razylaşmadyklar bolsa, beýle uly serkerdäniň garşysyna gidip bilmejekdiklerine, barybir gepleriniň ýer tutmajakdygyna gözleri ýetip duransoň kinelerini içlerinde saklamaly seslerini çykarman oňmaly boldular.

Şondan soň köp wagt geçmänkä, kiçiaga hany Berdi hanam garrandygyny bahanalap, hanlygyny ýigrimi ýaşlaryndaky ogly, orta boýly, juda garaýagyzlygy sebäpli eýýäm "Gara ýüz" lakamyny almaga ýetişen, guýlan kenek ýaly berk bedenli Meňli hana tabşyrdy.

Gowşut han onam ykrar etdi we salyrlar babatdaky häli-şindi ýüze çykyp durýan dürli meseleleri şol ikisiniň üsti bilen çözdi, näme talap etse-de şolaryň üsti bilen etdi. Umuman, ähli babatda hem ol özüni salyrlar bilen oňşukly, parasatly adam hökmünde alyp bardy. Egindeşlerindenem şony talap etdi. Olary saýry saýmazlyklaryny, gelmişek diýip kemsitmezliklerini, namyslaryna, gan-hun meselelerine diräýjek hereketlere baş goşmazlyklaryny tabşyrdy. Hak-hukuklaryny hem öz raýatlygyndakylaryňky bilen deň etdi. Umuman, Keýmir körüň "teke deňlik" syýasatyny ýöretdi. Soň-soňlar ýerli halk tarapyndan "gara çäkmen" adyny alan Ýazmuhammet han bilen-ä hasam ysnyşykly gatnaşdy. Baryşdy, gelişdi, köp-köp märekeleri, teşwüşleri bile sowuşdy, möhüm meseleleri bilelikde maslahatlaşdy, geňeşdi, çözgütler tapyşdy.

Ýazmuhammediň umumy hanlyga özleri tarapyndan däl-de Gowşut han tarapyndan saýlanmagy janlaryna ýakmadyk, ýöne, seslerini çykarybilmedikler bolsa öz ýanlaryndan görübilmezçilik edip aşaklyk bilen: "Muny biz saýlamadyk, tekäň hany saýlady, şonuň üçinem, bu biziň hanymyz däl, tekäň hany..." diýen ýaly gürrüňler ýaýradyp başladylar.

Şondan soň köpçüligem ilk-ä ogryn-dogrynrak, soňam açykdan-açyk, ýöne, göwnüýetmezçilik bilen däl-de, asla göwünlerine zat getirmän, Ýazmuhammede "Teke han" diýip başladylar. Şeýdibem onuň ady orta ýaşdan soň "Teke han" boldy gidiberdi. Gaty bir golaý paryndaşlary bolaýmasa, soňabaka onuň hakyky ady tutlmadam diýen ýaly.

Ýöne, Ýazmuhammet hanyň özem muny gaty bir ýokuş görüp durmady. Gaýtam: "Kakamyň bir oglunyň ady Ärsary. Meňkem Teke bolan bolsa tüýs bolaýan ekeni" diýip, "loh-loh" güldi ýördi.

Gowşut hanyň 1878-nji ýylda, il içinde Aly mülhit diýlip tanalýan ors içalysy tarapyndan köwşüniň içine iýji sepilip öldürilmegi ähli türkmen taýpalary bilen bilelikde Teke hany hem biçak gynandyrdy. Ors hökümetiniň şeýle namart işler edýändigine, esasanam halkyň hanlaryny ýok etmeklige ürç edýändigine geň galdy. Gökdepe urşunyň öň ýany, Nurberdi hanyň hem ors içalylary tarapyndan awylanyp öldürilmegi ony hasam howsala saldy. Dogrudanam bu halkdan gaça duranyň kem däl ýaly-la, diýen düşünje döretdi. Göwnüne bolmasa, orslaryň Gazawatdaky eden gyrgynçylyklary Ahal bilen Mara-da golaýlap gelýän ýaly bolup göründi.

Munuň hakykatdanam şeýledigi Gowşut hanyň ölmünden ylaýyk bir ýyl soň, ýagny, 1880-nji ýylyň tomsunda bolup geçen Ahalteke urşunda belli boldy.

Diýmek, Ors baýarlary ýurda hüjüm etmezden öň kümsük ýollar arkaly onuň iň gowy ogullaryny ýok edýär. Şonuň üçinem, ondan mümkin boldugyça daşrakda durmaly. Eýrana aşmaklygyň dogry bolaýmagam ahmal. Çünki, ors diňe Ahal, Maryny alany bilen oňmaz.

Ýöne, Gökdepe söweşem, Nurberdi hanyň ölümem entek öňde.

Teke han häzir Gowşut hanyň düşeginde otyr. Salyrlaryň indiki ykbaly, Gowşut hanyň ornuna kimiň saýlanjakdygy, täze saýlanan hanyň on ýyl bäri göz tussagy bolup oturan salyrlara nähili garajakdygy, ony öz ýurtlaryna goýberjekdigi ýa goýbermejekdigi barada oýlanýar.

***

Gowşut han ýogalandan soňam salyrlar Maryda üç ýyl gowrak oturdylar. Şol aralykda Gowşut hanyň ýerine hiç kim han saýlanmady. Mynasyp adam tapylmady. 1880-nji ýylyň aprel aýynda Ahal we Mary tekeleriniň hany Nurberdi han hem ors içalylar tarapyndan zäherlenip öldürilenden soň, onuň şol ýerdäki ikinji aýaly Güljemal han Mara han bellendi.

Gökdepe urşunyň gyrgynçylyklaryna sapak edinip, Maryny Orsyýete uruşsyz birikdirmek baradaky ownukly-irili hysyrdylar bilenbaşagaý bolan bolsa gerek, güljemal han salyrlaryň Sarahsa göçmek baradaky meselelerine seretmedi.

Şonuň üçinem, 1881-nji ýylda Gökdepe söweşi tamamlanyp ahal serdarlary ors hökümeti bilen ýaraşyk baglaşanlaryndan soň, Teke han ýanyna öz egindeşlerinden birnäçesini alyp, ýörite Ahala gitdi we özleriniň öňki mekanlaryna – Sarhasa goýbermeklerini Mary kethudalaryndan haýyş edip bermegini sorap, Dykma serdara ýüz tutdy.

Diňe şondan soň olara ýene-de Köne Sarahsa gaýdyp barmaklyga mümkinçilik döredi.

Ýene-de goşlar düwüldi, ýene-de ýola düşüldi, aýallar ýene-de aglaşdylar. goňşy-golamlar bilen ajy gözýaşlar içre hoşlaşdylar.

## IX.
## Ýene-de Zurabat

Ýöne, bu gezegem olara Sarashda ornaşmak nesip etmedi. Maşatda oturan Horasan walisi Eýran hökümetiniň adyndan gepläp, olaryň ýene-de Zurabada gitmelerini talap etdi.

Hywa hanlygam, Buhara emirligem bireýýämden bäri Orsyýetiň tabynlygynda bolansoň, ol wagt Sarahsyň üstündäki öňki çekeleşikler ýokdy we Eýran indi ony ymykly özüne galandyr öýdýärdi. Goňşy oturan türkmen taýpalarynyň Orsyýet tarapyndan birsyhly boýun egdirilip gidip oturylmagy bolsa onda gabanjaňlyk duýgusyny döredýärdi. Şol işi özüniň başaryp bilmändigi üçin kemsinýärdi. Şonuň üçinem, ol entegem bolsa, iň bolmanda Tejen derýasynyň sag kenaryny Köne Sarahs bilen bilelikde tä Bathyz belentliklerine çenli öz halky bilen ilatlaşdyrmaklygyň kül-külüne düşüp ýördi. Galyberse-de Zurabatda otursalar salyrlar göniden-göni Eýrana degişli boljakdylar we ne Orsyýet ne Angliýa hiç biri syýasy taýdan olara öz täsirlerini ýetirip biljek däldiler, şeýle hem salyrlar Eýran üçin hem-ä öndüriji güýç hemem zerurlyk ýüze çykan wagty ulanar ýaly taýyn duran goşmaça harby güýç bolup hyzmat etjekdi.

Hut şol maksat bilenem Horasan häkimleri salyr kethudalaryny Zurabada göçüp gitmeklige yrmak üçin hiç hili harajatdan, hajyk-hujuklardan gaýtmadylar. Sylag-serpaýlaryny gaýgyrmadylar. “Bu gezek öňki ýaly bolmaz, biz size bol suwly gowy ýer bereris, isleseňiz şol ýerde oturyp ekin-dikinleriňizi derýanyň sag kenarynda, hatda bir wagtkyňyz ýaly Sarahsa gelibem ekip bilersiňiz” diýdiler. Häzir Sarahsda oturmagyň howpludygyny, bu gün, erte Orsyýetiň eline düşäýmekleriniň ikuçsuzdygyny, egerde şu ýer parslaşdyrylsa, resmi taýdan Eýrana degişli bolup galjakdygyny, ine, şondan soň salyrlary göçürip getiräýenlerinde-de hiç kimiň dawa edip bilmejekdigini öwran-öwran tekrarladylar.

Her niçik hem bols Sarahsda galmak meselesi boýunça Teke han başgada birnäçe kethudalar bilen bilelikde bir gezek Maşada, iki gezek Tährana gidip geldi. Şanyň iň ýakyn adamlary bilen birnäçe gezek duşuşdy, gürrüňdeş boldy, delillerini aýtdy. Ahyrsoňunda-da: “Adamlar, men-ä razylyk beräýendirin” diýip, sus halda gaýdyp geldi.

Şu meselede elbetde, sylag-serpaýlaryň, boş wadalaryň abaý-syýasatlaryň hem aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolandygy çyn, ýöne, esasy zat: Orsyýetiň eline düşmezlik üçin häzirlikçe Eýranyň jümmüşine aralaşmak, soň, Sarahsy Eýran ymykly öz adyna geçirenden soň, Horasan häkimleriniň wada berişleri ýaly, ata-watana dolanyp gelmek. Orsyýede raýat bolandan öz Watanyňda ýaşap Eýrana raýat bolanyň ýagşy...

***

Ýöne ýene-de aldanandyklaryna salyrlar Zurabada gelen günleriniň ertesi göz ýetirdiler. Eýran hökümeti diňe tohumlyk däne kömegini berdi-de, ekin, sürüm üçin wada beren guraldyr-enjamlaryny bermedi. Asyl-ha agzamadam. Özleri agzasalaram eşitmezlige saldylar. Üstesine yzlaryna gitmezlikleri üçinmi ýa halkara syýasaty bilen bagly bolan başga bir maksat bilenmi, her obanyň golaýynda garawul durar ýaly diňli, kiçiräk galaly garnizon gurup, hersinde-de on-on bäş sany atly-ýaragly serbazy gullukda goýdy.

Şol serbazlar gije-gündiz salyrlaryň her bir hereketlerini sypdyrman synlaýardylar, yzarlaýardylar, dürli ýollar arkaly gürrüňlerini diňleýärdiler we sähelçe üýtgeşiklik boldugy ýa eşidildigi günübirin ýokarlaryk ýetirýärdiler. Oba bir myhman düşläp geçse-de, derhal Maşadyň gübernatoryna, ol ýerdenem Tährana aýan bolýardy. Şol gelip giden adamyň kimdigi, nireden gelendigi, nirä barýandygy anyklanýanýardy. Bir eşek guzlasa-da, "bir salyr köpeldi" diýen ýaly habar möhüm täzelik hökmünde paýtagtda oturan uly çinli çinowniklere baryp ýetýärdi. Olardan ýaňa aýal-gyzlar çagalaryny gatyrak agladyp bilmeýärdiler, oglan-uşaklar tamdyr towluk jygrama çöplemek üçin obadan sesýetim uzaklyga-da gidip bilmeýärdiler. Ýetişen gyzlar, gelinler-ä ýany adamsyz goňşy obalara toýa-tomga gitmäge-de zar boldular.

Serbazlaryň bor-bolgusyz bahanalar bilen halka azar beräýmelerem bardy. Gyz-gelinlere göz gyzdyrýan, ogryn-dogryn lak atýan gezeklerem bolman duranokdy.

Şol zatlar sebäpli ar-namysy joşa gelen ýigitler käte uwnup-çydaman atlanýardylar we ýaraglaryny besläp gazap bilen garnizona çozýardylar.

Şolar ýalyda goňşy obalaryň golaýyndaky garnizonlarda gulluk edýän serbazlaryň kömege gelmegi bilen urşuň has ula ýazyp, wakanyň ikitaraplaýyn gyrgynçylyk bilen tamamlanýan halatlary hem bolýardy.

Şolar ýaly aýylganç wakalaryň sarsgynam elbetde, günübirin baryp hökümet ýolbaşçylaryna, şanyň hut özüne ýetýärdi. Olaram öňi bilen-ä garnizonyň göwrümini ulaldýardylar, serbazlaryň sanyny köpeltýärdiler, soňam öz sypaýylaryny iberip ganly çaknyşyga gatnaşan türkmen ýigitlerini tutup alyp gidýärdiler, Maşada ýa Tährana eltip, işini kazyýete geçirýärdiler, derňew geçirmezden günäkärlernip, zyndanlara dykylýardylar. Şol adamlaryň gaýdyp gelýänlerinden gelmeýänleri köp bolýardy. Satyn alara bolsa halkda pul ýokdy. Iň ýamanam olaryň aňyrsynda direnip duran döwlet, hökümet hossar ýokdy.

Bu diýdimzorluklar, sütemler hamala diýersiň şeýle biçäre halkyň, kiçijik taýpanyň öňküdenem beter gözüniň oduny almak, ruhuny çökermek ýüreklerini çakmak üçin ýörite edilýän ýalydy. Ýöne, salyrlaryň Zurabatdaky görýän görgüleriniň barysy ol däl. Ol diňe durmuşyň syýasy tarapy. Esasy kynçylyk ykdysady ýagdaý. Hasylsyzlyk. Olaryň güzeranlaryny bolşundanam beterleşdirýän zat ana, şol.

Şonuň üçinem, bir ýyl näçeräk eýle çytraşyp, bagty synap görenlerinden soň, Eýran hökümeti bilen gepleşip goýuşlary ýaly geljek ýylyň ekini derýanyň sag kenaryna geçip ekmeli, diýen netijä geldiler.

Şeýle hem etdiler.

Derýanyň amatlyrak ýerinden suw sowup, "Kärizli", "Adam ölen" diýen ýaly düzlük we ýarym baýyrlyk ýerlerde, "Gyzylgaýanyň" eteklerinde güýzlik bugdaý üçin bolşuna görä ýer açdylar sürdüler, şüdügäri tekizläre malalary, kündeleri bolmansoň üstünde adam oturdyp, petde-petde gyzgan süýrediler.

Sürümiň hili gowy bolmansoň bugdaý kelegräk bitdi. Bitenjesem çüte. Käbirinde-hä asla başam ýok. Şeýle-de bolsa öňki gezekdäkilerine görä ganymat. Käbir oýtagrak ýerlerdäki biten hasyl bilen-ä asylam oňuşmazça däl. Garaz, edil Zurabatdakydan, Gardepedäkiden ganymat.

Oragyň öň ýany, sil suwunyň derýadan agyp gaçan ýerleriniň gyrmançasyny açyp düme eken gawundyr-garpyzlary, kädileri welin edil, "Başyna gören ýaly" diýenleri boldy. Tomus, şol zatlar bişensoň gaýnadylan sökler, serilen kaklar degirmen-degirmen bolup dullaryny doldurdy. Gyş azyk ýükleri ýetdi. Özlerinden artanjalaryny bolsa goňşy pars obalaryna, hatda Maşada çenli äkidip satdylar. Az-owlak pul gazandylar, gerek zatlaryna çalyşdylar, azal, mala, künde ýaly iş gurallaryny edindiler. Hatda işe goşar ýaly öküz satyn alanlaram boldy.

Gürrüňimiz gury maglumat bolup gidip otuzmazy ýaly, şol gidişlikleriň arasynda bolup geçen, Sarahsda oturýan salyr türkmenleriniň arasynda heniz-henizlerem ýatlanyp gelinýän gyzykly bir wakany şu ýerde ýazyp beýan etmegimiz gerek.

***

Ortadan uzynrak boýly, saryýagyz, goňrumtyl ösgün gaşlary küle gaçan gakylyk ýaly gögümtil, bulançak gözleriniň üstüni örtüp duran, özi-de bilmezden iki agzynyň birinde sögünjiräp gepleýän, sesi boguljagrak, diňlense-diňlenmese dili dek durmaýan orta ýaşlaryndaky, çyn ady Allamyrat, ýöne, Apby lakamly bir daýhan kişi ulagy bolmansoň Maşada-ha gidip bilmedi welin, köneje horjunynyň iki gözünem kakdan doldurdy-da, ýanyna daşkynrak garyndaşy, ýagny, ýegen ugry, öwünjeňligi üçin il içinde Kully köwek adyny alan, entek öýlenmedik, ýöne şonuň aladasynda gezip ýören, gürrüňçiligiň arasynda "zeleli ýok" diýmäge derek "zezeli ýok" diýmeklige endik eden, özi ýaly hortabrak ýöne birneme uzynagrak, hünni gara birinem ýanýoldaş edindi-de, zut gitdi, niredesiň golaýdaky bazarly pars galalarynyň biri diýip. Özlerem paý-pyýada Ýolboýy edýän gürrüňlerem alyp barýan harytlarynyň takmynan näçeden geçjekdigi, näçeräk peýda gazanyp boljakdygy, şol pula nämeler alsalar gowy boljakdygy barada. Egerde şu gezek söwdalary oňsa, onda telim gezek gatnap, hatda gyşa goýan kaklaryna çenli satyp pula öwürmek barada göwün ýüwürdýärler.

Kully köwegiň göz öňüne köp pul gelýän bor-a çemeli, her gezek şony agzanda agzy suwjarýar-da, "şi-ip" etdirip dişiniň suwuny sorýar. Her daýym durup, "liňk" etdirýär-de, arkasyndaky kakly haltasyny ýokary silkip iki kebzesiniň arasynda jaýlaşdyrýar. Sähelçe haýal-ýagallyga ýol berse, söz gezegini Apby agzyndan kakyp alaýjak ýaly ara salym salman gürrüňini dowam etdirýär. Düşenje pulunyň gylyny gyşartman öýüne eltjekdigini, öňden ýygnap goýanjasynam üstüne goşup, ýetmese ondan-mundan belki-de Apby daýysyndan az-kem karz alyp gowy at, iň bolmanda kündä goşar ýaly ýa-da indiki gezek münüp kak satmaga Maşada gider ýaly işe werzişräk bir ýaby aljakdygyny öwran-öwran gaýtalaýar.

Apbam gezegini boş geçiräýenok. Kully köwek sähelçe sägindigi, kime diýýäni belli däl:

I-i... Gyňkeýin... – diýýär-de, dilini ýalmandyryp, "tükezzybanyna" tutup ugraýar. – Aýtsaň-a Gulmyrat jan, Apby aýtdy bolýa, aýtmasaňam içiň ýanyp barýa, şu ömrüme Nartäç kelapaňa ýekeje gezegem täzesar köýnek geýdirenim ýadyma düşenok. Ýagdaýym bolmady. Boýamyş biz bilen eşek alagadan başga zat gören däldir, şo görgüli... – Apbynyň gözlerine ýaş aýlanýar, bokurdagy dolýar,

hamsygýar. – Ine, şu gezek sowdam oňsa welin, “gyňkeýin” şoňa bir gowy köýneklik mata almasam bolmaz.

– Dogry aýdýaň, Apby daýy şü ka-aýt, pars şalarynyň öz aýallaryna äpberýänlerinden äpber özüňem...

– Hň-ň... Hakyt şöýtjek, - diýip, Apby jojugyny emdirýän meýdan doňzy ýaly “hyňk-hyňk” edýär-de, aýak çekip, arksyndaky ýüküni ykjamlaýar. – Soň ýüregimde arman galmaz ýaly gyzyma-da äpberjek şo matadan bir kişiligini. Pulum ýetse ogluma balaklyk mawudam aljak. Yzyma pul getirjek-gä, sowjak! Näme edeýin men onça puly çagalarym şo ýagdaýkalar.

– Olara alaňň-a zezeli ýok welin, Apby daýy puluňy sowup gutarmankaň öz üsti-başyňam bir ýemet... bite... ýogsam çagalaryň-a o hili geýnip ýörseler, senem beýdip ýörseň... birhili ýemeräk bor... “Pylanyň pylanysy şeýdip ýör” diýseler, garyndaş aralykda bize-de gowy dä... Özümizem bir namysjaň adamlar bolamyzsoň...

Onuň ýüreginden syzdyryp, garaçyny bilen aýdan bu sözleri Apbynyň girre gaharyny getirdi.

– Ýa-a..., gyňkeýinm, seňňem egniňde ýalpyldap duran keşdeli kürte göremzok-laý... Ýalpyldasa-da kirden ýaňa ýalpyldaýan bolaýmasa. Ýakaň kiri haçan görseň damagyňy çaljak bolup dur. Şoň üçinem utanmaly bolsa biz utanmaly. Biz namys etmeli seň ýaly ýegenimiziň barlygy üçin...

Kully köwek şondan soň bilip galdy daýysynyň göwnüne degenini. Kellesiniň gyzgynyna aýtmasyz zatlaram aýdyp goýberendigine puşman etdi. Ýöne, nätjek, söz agyzdan sypansoň yzyna aljak gümanyň ýok. Günäkärdigiňi boýnuňa alanyňam sesiňi çykarmazlyk bilen subut edäýmeseň.

Şondan soň esli waglap aralarynda gep-gürrüň bolmady. Diňe aram-aram Kullynyň dişiniň suwuny çekişi, käýarymam öz-özi bilen gepleşýän ýaly: “Ä-äý, zezeli ýok-la-laý...” diýýän gyryljak sesi eşidildi durdy.

Ýöne, ýol uzak, ýük agyr, gepleşmän gitjek bolsaň ýüküňem öňküňden iki esse agralýa, ýolam uzalýa.

Ýoluň iň kyn hem howply ýeri bolan “Eşek gerşinden” geçip beýik bir baýryň düýbündäki çeşmäniň başynda dynç almak üçin aýak çekenlerinde welin Apby durup bilmän ýaryldy. Ol “şildir-şildir” edip telperje akýan dury çeşmäniň içindäki owunjak balyklary synlap oturşyna ýüzüni-gözüni gamaşdyryp:

– Al-aýt, bi gyňkeýinler gyş aýlary suw doňanda nirede ýatýakalar – diýdi.

Kully köwegem ony uzak garaşdyrmady.

– Nirede ýatarlar öýdýäň, tala çykyp ýatýandyrlar.

– Goýsaň-aýt – diýip, Apby “tarsa” ýerinden turdy. – Gala çykyp ýatar ýaly olar näme sygyrdyrmy?...

Gapdallarynda başga adam bolmansoň olaryň oýnudyklaryna ýa çynydyklaryna düşer ýaly bolmady. Özlerem bilen däl bolsalar gerek, şondan soň-a asylam gepleşmediler.

***

Barmaly obalaryna gijräk, bazar sowulansoň bardylarda, ätiýaç üçin obadaşlarynyň birinden salgysyny alyp gaýdan öýlerine myhman düşdüler. Gulzar

atly daýaw, murtlarynyň ujuny ýeňsesinde çatybermeli, ullakan ala gözleri birneme gussalyrak hem ýadaw görünýän, sag aýagy täbigräk bolansoň çep tarapyna gyşarylyp, ganatlarynam çalarak galgadyp ýöreýän, gepi-sözi ýakymly, mährem adam özüni sorap gelen adamlary mähirli kabul etdi. Öýüne ýat myhman gelendigine begenýändigini bildirmek üçin goňşy-golamlaryna tarap buýsançly garady.

Şol aralykda-da Kully köwek:

– Apby daýy, sögünmän gepleşjek bolaweri – diýmäge ýetişdi. – Düşünselerem, düşünmeselerem gowy däl-dä...

– Ýa, i-i... Sögünip men nä “gyňkeýin” bylarda algym bamy? Ýa arym köýüpmi... – diýip, henizem öýkesinden doly açylybilmedik Apbam “hoňňul-hoňňul” etdi.

Gulzar olaryň özara gürrüňlerine ünsem bermän öýüne saldy. Töre geçirdi. Saçak ýazdy. Baryndan orta goýdy. Aýaly, çagalary bilen tanyşdyrdy. Ýaryny parsçalap, ýarysyny türküçeläp ondan-mundan gürrüň etdi, garaz, myhmanlarynyň içini gysdyrmady.

Umuman, ol göwniaçyk adamkärçilikli, myhmansöýer adam ekeni. Baýam däl, garybam däl. Öz güzeranyny aýlap, ýören, telekeçi adamdygy bildirýär.

Apbam gabat gelse-gelmese, ýerine düşse-düşmese, öňe-yza omzap onuň “hä”-sini ýetirdi oturdy. Söz berşi ýaly sögünçden saklandy.

Kully kän gürrüňe goşulmady. Çep tarapyna tirsekläp, aýasynam dulugyna diredi-de, olaryň gürrüňlerine diň saldy oturdy. Nahardan soň orta şerbet, suw ýaly zatlar geldi welin, Apby horjunyndan iki towlam kak çykaryp ortadaky içi halwaly, gyralaryna gögümtil gülüň suraty nagyşlanan tegelek hem telper ak läläniň içinde goýdy. Ýoldaşyna görä birneme jomardyrakdygyny öý eýeleriniň duýandygyny syzdyrmakdan ýaňa ýüreginiň üsti süýjäp gitdi. Bir azajyk pezzeräýen bolaýmagam ahmal.

Elbetde, saçagyň üstünde zat kän. Kakdan süýji zatlaram bar. Asyl süýjüň özem bar. Ýöne, kak bir geň zat bolansoň, Gulzaryň çagalarynyň barysynyň gözi birden şoňa dikildi.

Gulzar kaky çakgysy bilen deň-derman bölüşdirdi-de, çagalaryna paýlaşdyrdy. Aýalyna-da berdi. Aşyk ýalysyny kesip alyp öz agzyna-da saldy.

– Çoh şirin – diýip, dodaklaryny “şapbyldatdy”. “Şip-şip” etdirip, barmaklarynyň uçlaryny ýalaşdyrdy. Aýalam öz paýyny çeýnäp-çeýnemez “gulkuldadyp” aňyrsyna geçirdi-de:

– Hup-hup, heýli hup, heýli şirin[1] – diýdi.

Olar-a bir ýagdaýa düşünýän uly adamlar, şoň bilen oňdular, dört sany deňemigräk gyzlaram paýlaryny iýip bolanlaryndan soň kirpikmen garaja gözlerini horjuna tarap gönükdirmezlige çalşyp süýem barmajyklarynyň uçjagazlaryny bir enaýy çukurjyklyja eňejiklerine direşip, seslerini çykarman oturyberdiler welin, ýöne ine, bäş ýaşlyja Bedil atly oglanjyk Apbyny gaty kyn güne saldy.

[1] Ýagşy, ýagşy, örän ýagşy, örän süýji... (parsça)

Ol paýyny iýip bolandan soňam ejesiniň dyzynyň üstünde oturan ýerinden iç işikde diwara söýelgi duran içi kakly horjuna tarap barmagyny çommaltdy-da, palçyk iýen ördek çagasy ýaly “war-war” etdi.

– Näne, ga-ak!..

Bu onuň kak diledigidi.

Muňa öý eýeleri birhili boldular. Hatda gyzjagazlara çenli ýerli-ýerden Bedile tarap gözlerini alartdylar. Eneler-ä dyzyny silkip oglanjygy gowy galtady, ýumrugynam maňlaýyna çenedi-de, “häýt” diýip, haýbat atdy. Ýöne, çaga ne enesiniň, ne uýalarynyň aýdanlaryna, eden yşratlaryna ünsem bermedi. Gaýtam ýaňky sözüni ýene bir gezek, özem edil şol bir labyzda gaýtalady.

– Näne, ga-ak!..

Apby: Bu gezek sen çykaraý birki burum, diýen manyda Kullynyň ýüzüne seretdi. O-da derrew ýüzüni bir tarapa sowdy. Esli wagtlabam Apba tarap seretmän oturdy. Irkiljirän boldy.

Çaga üçünji gezek dillenende welin Apby saklanyp bilmedi. “Hasyr-husur” horjunyna ýapyşdy. Ýene-de iki towlam kak çykaryp ortada goýdy. Bedil ejesiniň dyzyndan böküp düşdi-de, läläniň içindäki kakyň iki towlamynam kakyp aldy. Gulzar ilk-ä bir erbet käýejek ýaly oňa tarap gazaply seretdi, soňam ýüregi dözmän terzini gowşatdy-da, megerem, uýalaryň bilen bölüşip iý, diýen bolsa gerek, parsyçalap bir zatlar diýdi.

Bedil welin bölüşjegem bolmady-da, elindäki kaky bada-bat kakasynyň eline tutdurdy. Ejesiniň dyzyna mündi. Ýüzüne haraýly seredibem kakly horjuna tarap barmagyny çommaltdy.

– Näne, ga-ak!..

Ýaňky kaky üleşdirip oturan Gulzar bu gezek ogluna çyny bilen gaharlandy. Paýyny berende-de kakly elini silkeläp, abaý edip berdi. Gaýdyp diläýme diýen manyda agzyny-burnuny towlaşdyrdy.

Çaga gorkan bolsa gerek, tä kakyny iýip bolýança gözjagazlaryny tegeläp kakasynyň ýüzüne seretdi oturdy. Dodaklary bolsa kemiş-kemiş etdi. Iýip bolandan soňam dillenibem bilmän, horjundan gözünem aýrybilmän serimsal boldy oturdy.

Gulzar gürrüň bilen çaganyň ünsüni sowjak boldy. Aýalyna ýumuş buýrup gördi. Ýöne ejesi dolanyp geldigi Bedil onuň eteginden aslyşdy-da, horjuna tarap göz aýlap:

– Näne, ga-ak... – diýdi.

Çaganyň hünübirýan aglabererinden ätiýaç edip, Apby gör indi näçenji gezekdir, elini horjunyna tarap uzatdy. Içine elini sokdy. Gulzaryň garşylygyna, aýalynyň “Dat, indi gerek däl” diýip edýän gykylygyna bakman bu gezek öňküleri ýaly ikem däl-de, üç towlam kak çykaryp orta goýdy.

Şu ýagdaý birnäçe gezek gaýtalanandan soň, Gulzar ýene-de ogluna käýedi. Ýöne, çaga göýä diýersiň onuň aýdýanlaryny eşitmeýän ýaly. Asla piňine-de däl. Şonuň üçinem, indi birneme nebsi ejizläp ugran Apbynyň göwnüne Gulzar oňa häki bir göz üçin käýeýäýändir diýen güman gitdi. “Meň oglum bolsun şol gyňkeýin, nädersiň bir gezekde mum-helim bolaýsa” diýip, içini gepletdi. Biliner-bilinmez dişini gyjady.

Ýöne, Gulzaryň welin çynydy. Ol ogluna berk daramaga dözmeýärdi. Dört gyzyň yzyndan doglan ýeke oglul bolansoň ony asylam läligräk saklaýardylar, aňryujy ýagdaý bolsa gaňryşyna gaýtmajak bolýardylar. Muny ol ahyry, halys unupçydamansoň Apbynyň ňzüne-de aýtdy. Soňam uly adam bilen gürleşýän ýaly edip myhmanlaryň kaky ýörite satmaga getirendiklerini, daň bilen bazara çykarmalydyklaryny düşünje puluna-da çagalary üçin bir zatlar alyp gitmelidiklerini Bedile düşündirdi. Çaga welin diňledi-diňledi-de, ýene-de ýüzüni ejesine bakan öwrüp:

– Näne, ga-ak!.. – diýdi.

O tama äkitjek bolsalaram etmedi. Aglady. Zor bilen alyp gitjek bolsalar welin öňküsindenem beter, çabalanyplar aglady.

Şeýle-de bolsa, ol indi kaky gaty kynlyk bilen iýýär. Has takygy özüne zor salyp iýýär. Ujundan dişläp alýar-da, göwünli-göwünsiz gäwüşäp oturşyna näçeräk galanyny bilmekçi bolýan ýaly elindäki bölege seredýär, her daýymam kä açylyp, kä ýumulyp gidýän gözlerini süýji ukuda ýatan uýalaryna, içi kakly horjuna aýlaýar. Arasynda irkilen ýalam edýär-de, birdenkä tisginip oýanýar, hasyr-husur elindäki kaka agyz urýar-da, doly çeýnäp ýetişmänkä ýene-de ymyzganýar.

Oňa seredip, içini tutup oturan Apby: “Indi-hä “gak” diýmäge ýaraýmasaň gerek, kerahta bolduň, gyňkeýniň çagasy” diýip, öz ýanyndan oýlanýar. Ýöne onuň ojagaz umydam hasyl bolmady. Indi iki gözünem ymykly uky büren çaga elindäki kakyň iň soňky dişlemini aýasy bilen iterip-iterip agzyna dykdy-da, durşuna şire, sary şepbik bolup duran elini indi belki iýesi gelip däl-de, ilkagşamdan bäri eden endigine görä, Apbynyň indi mazalyja gowzan içi kakly köneje horjunyna bakan galgatdy. – Näne, ga-ak!.. diýmäge ýetişmedi. Agzyny açyp-açmanka boýny bir tarapa “şalkyldap” gaýtdy.

Apbynyň horjunyna tarap uzan eli howada doňup galdy. Muny görüp Gulzaram: “Gerek däl” diýen manyda ellerini ýaýyp yşarat etdi.

Çaga indi hakykatdanam kak gerek däldi. Ol artykmaç iýmekden ýaňa aşa düşüpdi, laky-tak durupdy, ýadapdy we ysgyndan düşüp, özünden gidipdi. Kak dileýämi ýa hyýalynda henizem iýip otyrmy, eňegi entegem çalarak gymyldaýar, gäwüşeýär, tamşanýar, iki erninden bolsa şire gatyşykly şepbeşik sary suw dynman akyp dur.

Gulzar ýüzüni sallap ýerinden turdy-da, çagasyny eline alyp, tördäki otaglaryň biirne geçdi.

– Waý, dat, waw eýla-a!...[1] – diýip, birki ýola ellerini öwüsdid-e, aýalam onuň yzy bilen çykdy. Çagasynyň derdini şondan görýändigini nygtamakçy bolýan ýaly, aňyrky gapa ýetip-ýetmänkä gaňryldy-da, gazaply nazary bilen köneje horjunyň ozaldanam sary gaçan gzölerini para-para etdi. Ondan soň: ol nazaryň neşterleri gelip onsuzam içi ýanyp duran Apbynyň hortap göwresine sanjyldy.

Ol henizem horjunynyň öňünde gala ýaly bolup berk oturan Kulla göügidijilik bilen seretdi... içini gepletdi. “Bu gyňkeýniň hem-ä horjuny gowzamady, hemem melamata galmady. Men bolsam... Pataşyň tazysy ýaly bolup...”.

[1] Waý, indi men nätsemkäm... (parsça)

Daşyndan bolsa diňe içini güldürip, gözlerini ýyldyradyp oturan Kully eşider ýaly edip:

– Gagyldap geçen gyňkeýin-ä kakyň jümüni üzdi-ow – diýdi.

Şeý diýmek bilen ol Kullydan iň bolmanda dil kömegine garaşdy. “Howwa-aý, ol-a şony oňarmady-aý, “gak-gak” diýip seni halys jüllük-köten goýdy-aý, eýelerem “haý-küş”dagam edäýenoklar-aý... diýdirjek boldy. Ol bolsa göwni bir ýaly uzyn-uzyn pallady-da:

– Aý, hi-iç-laý, zezeli ýok-laý, janyňy ýakmasan-aý... – diýdi.

Ine, şunda welin Apby ýaryldy. Oturan ýerinde ýer ýumruklap, dişinden syzdyryp, ýuwaş, ýöne, diýseň ýangynly gepledi.

– Howwa-da, seň üçin hiç-dä, seň üçin zeleli ýok-da, sebäbi zelel çeken men-dä... seň içiň gülýä-dä...

Oňa çenlem zulmat gyzardy. Daň agardy. Onda-munda horazlar gygyryşdylar. Köçeden mal sürüp barýan adamlaryň “haýt-haýtlary” paýtunçylaryň “şakyr-şukurlary” eşidildi. Hä diýmänem Gün dogdy.

Bediliň aladasynda bolup gijäni çirim etmän geçiren är-aýal bilen howul-hara hoşlaşdy-da, Apby mazaly gowzan horjunyny egnine atyp daş çykdy.

Agyr horjunyň aşagynda ýegşerilip barýan Kullam sessiz-üýnsiz onuň yzyna düşdi. Ýoldaşynyň böwenemjek geçiniňki ýaly dyňzap duran horjunyna gözi düşenden Apbynyň derdi täzelendi. Gaýdyp baransoňlar oba ýaýrajak ýoknasyz gürrüňleri aňyna getirip özünden-özi kejigip başlady. “Deň gidip deň gelenem bolsalar, Kully Apbydan köp söwda edipdir, köp pul gazanypdyr, köp zat getiripdir” diýerler. Apby zadynyň köpüsini bir garybyň saçagyna goýupdyr, ajy doýrupdyr, sogap gazanypdyr” diýmezler, “Kully syrnyh ekeni öýünde ýatyp, duzuny iýibem öý eýesine kakyndan dadyrmandyr” diýmezler, diýip gaýybanasyndan obadaşlaryna-da gyjyndy. Asyl şol sözleri kim-kimleriň aýtjagyna çenli göz öňüne getirip: “Ölüň, bigaýratlar! Özüňiz-ä öýüňizdenem çykyp bileňoz, çykanlary bolsa görüp bileňzok” diýdi. Ahyram: “Dogry-da, aýtsaň-a Apby aýtdy bolýa, aýtmasaňam içiň ýanyp barýa...” diýip, ýene-de özüni-özi köşeşdirdi. Şeýle-de bolsa öz ýanyndan Kullynyňam eýini ýetirmän durup bilmedi. “Diýseň-diýmeseň sen gyňkeýniň çagasy, zor sen. Bu bolşuň bilen sen ýaby-ha däl, atam alarsyň. Şol ikisini bile alaýmagyňam ahmal. Şu ýerden bir pars gyzyny satyn alan şol atyň syrtyna mündürip äkidäýmegiňem mümkin. Sebäbi, sen şoňňaly adam, biz bolsak muňňaly adam. Seň bir gytjyňy keýin, Kully-y”... diýip, tä, baryp bazaryň bir çetinden giryänçäler kesanasyndan derisine saman dykdy gitdi oturdy. Gyjyndygysaýam oňa bolan ýigrenji artdy. Soňabaka dagy gözüne Kullynyň keşbi şeýle bir betgelşik göründi welin, asyl, şoňa tarap seredesi gelmedi.

Şonuň üçinem uzynly gün bir ýerde ýanaşyk oturan hem bolsalar biri-birleri bilen gepleşmediler. Durup bilmän Kullynyň özi lak atsa-da Apby jogap bermedi.

Oba gaýdyp gelenlerinden soňam Apby ýegenine ýüz bermedi. Salam berse-de almady. Alsa-da göwünli-göwünsiz aldy. Olaryň bu gatnaşygyny aňyp ol, bu sorasa-da, sebäbini aýtmady. “Aý biz bir zat diýsek Apby aýtdy bor, gowusy aýtmazlykdyr”... – diýdi-de, sorag bereniň gapdalyndan turdy ötägitdi. Aýalynyň ýanynda welin ýegeni bilen ara düşen sowuklygyň sebäbini aýtman durup bilmedi.

Soňundanam: “Dagy-duwara şo gytjyňňy keýin bilen bir ýana gitsem atamyň döli bolmadygym...” diýýip, çyna berimsiz şert etdi.

***

Gawun, kak satyp iş gurallaryny kämilleşdirendikleri sebäpli daýhanlar indiki ýyl bugdaýdanam gowy hasyla garaşdylar. “Şeýdipjik gidiberse halkyň sanlyja ýyldan galynyp gidibermegem ahmal” - diýşip, kethudalar uly umytda boldular. – Bergimizi üzeris, bäş-on çuwal bugdaýy dulumyza söýäris, garnymyzy doýrarys, özümizden artanynam näme, geçen ýylky gawun satyşymyz ýaly o ýan, bu ýan äkidip satarys...” diýişdiler.

Ýalawajyň ownuk “eýýar” tiresinden Rahmannazar atly bir käsipkeş, ussa adam-a “ýagşy niýet ýarym döwlet” diýlen nakyla eýerip, aýal-gyzlaryň agyr zähmetini ýeňilleşdirmek üçin, derýanyň amatlyrak ýerinden suw çirtip aldy-da, mesenesi hemişe dolup-daşyp, dyňzap duran şowy beýik hem batly suw degirmeninem gurnady. Garnizonlarda gulluk edýän we günde-günaşa gurluşygyň gidişini synlamaga gelýän serbazlaryň, goňşy pars obalaryndan gelýänleriň üsti bilen pars diliniň täsirine düşüp, salyrlar ony “Asyýa” diýip atlandyrdylar. Ýeri gelende aýtsak asman sözi hem degirmen sözi bilen badaşýar we “as-man” ýagny, degirmene meňzeş diýmekligi aňladýar. Beýleki türkmen taýpalary degirmene “Haraz” diýýärler. Ýöne, bu hem barybir baryp maňlaýyny pars diline direýär we “Eşek degirmeni” diýmekligi aňladýar. Ýagny, har-eşek, as-degirmen.

Nähili atlandyrylandygyna garamazdan, Rahmannazaryň guran degirmeninden salyrlaryň tamalary uludy. Tährandan, Maşatdan serişde baryny getirip, ussalaryny Hywadyr, Buharadan çagyryp, çykdajy baryny eden Rahmannazar eýýaryň özüniňem öz degirmeninden tamasy uludy. Ol desga hem-ä halkyň güzeranyny gowulandyrmalydy, hemem eýesine ummasyz girdeji getirmelidi.

Şol umyt bilenem, uly il bolup, basymrak oragyň düşerine, bugdaýyň bol hasyl bererine garaşyp başladylar.

Edil garaşyşlary ýalam boldy. Ýöne, täze ýerde, tarpdan peýda bolan ekinçiligiň öten ýylky hasylyndan çalarak dadyp galan syçandyr-alakalar ol täzelik barada bu ýyl özleriniň has uzagrakdaky kowumdaşlaryna-da irgözünden buşlap ýetişdilermi, nämemi ýaňy bir bişip, agza-burna gelip ugran dänäni olar daýhan oraga başlamazyndanam kän öň öz hinlerine daşap başladylar.

Adamlar olary “ýaman algydarlar” diýip atlandyrdylar we ur-tut oraga girişdiler. Ýöne bu çäre peýda bermedi. Gaýtam “algydarlaryň” işini öňküsindenem has aňsatlaşdyrdy. Öň özleri baldagyny kertip, ýatyryp, ondan soň hoşasyny owradyp alýan bolsalar, indi harmandan taýýar däne daşaberdiler. Harman bolsa daýhanlaryň gözleriniň öňünde ýere siňip, peselip gidip barýar. Syçanlaryň şu meselede özlerinden kän-kän emelkeş ekendiklerine daýhanlar harmanlary gözleriniň öňünde peselip ugrandan soň düşünip galdylar. Göçürip gördüler welin, harmanyň ýatan ýerinde hinden ýaňa barmak basara boş ýer ýok. Edil galbir ýaly. Göz-göz bolup dur. Hemmesiniňem içi torgaý düwündiräýjek zire-zire arassa bugdaýdan doly.

Hasyr-husur çuwalmy, haltamy, gap-gaçmy tapan zatlaryna salyp harmanam hinlerdäki bugdaýlaram öýlerine daşadylar. Harman ýerlerini täzelediler. Ýöne, o-da peýda etmedi, çünki, birinjiden-ä syçandyr-alakalar günübirin olaryň yzlaryndan oba bardylar we edil öňküleri ýaly emin-erkin bolmasa-da garaz, ogryn-dogrynlyk bilen öýlerindenem öz ýetdik paýlaryny aldylar, ikinjidenem olar barybir eýýäm hasylyň içini üzüpdiler, ep-esli bölegini “ammarlaryna” daşapdylar. Garaz, daýhana öz almaly hakyndan syçandyr-alakalaryňka görä, juda az paý ýetdi.

Gemrijilerden, beýle äsgermezçilige garaşmadyk adamlar şondan soň içleriniň ýangyjyna olara “garakçylar” diýip täze at goýdular we hukugy haklaryny yzyna almak üçin, elleri çuwaldyr-çanakly garakçylaryň “amarlaryna” bakan ýöriş etdiler.

Olaryň gelýänini aňyp “garakçylaryň” ählisi hinleriniň agzyna çykdylar-da, üýşüp gaýtawul bermekçi bolýan ýaly iki art aýaklarynyň üstünde duruşlaryna “omyn” edýän dek iki öň aýaklaryny çommaltdylar, daş-töwereklerine ýaltaklaşdylar. Birdenem “zybyrt-zybyrt” bolşup hinlerine sümüldiler-de zym-zyýat boldular. Şondan soň olary gördüm-bildim bolmady.

“Ammarlardan” welin şeýle bir däneler çykýardy, ony görüp daýhanlaryň käbirleri: “Haý, halalyň bolsun, bugdaý-a asyl şulara ýygdyraýmaly ekeni...” diýenlerinem duýman galýardylar.

Ýöne nätjek, hernäçe yhlas etseňem, meýdandaky hinleriň hemmesini köwüp çykyp bolaýanok. Hemmesini tapybam bolanok. Käbirleri bolsa asla elýeterden daşda. Düýbüne ýetýänçäň gazyla-gazyla guma garylyp ýitip gidýänlerem az bolanok. Garaz, harmanyňdan duluňdaky söýelgi çuwalyňdan ýa uryňdan susup alanyň ýaly däl-dä.

Bugdaýyň-a şeýdip gutumy gaçdy. Edil boş çykmasalaram garaz, garaşyşlary ýal-a bolmady. Iýmäge goýsalar tohumlyga ýetmedi. Tohumlyga goýsalar Eýran hökümeti bilen hasaplaşara zat galmady.

Daýhanlaryň bar umytlary ýene-de bakja önümleriniň öten ýylky ýaly bitginli bolaryna bagly bolup galdy.

Ýöne, o-da tersine bolup çykdy. Bakja ekinleri ýaňy bir agza-burna geldi welin, her biri bir gujak ýarym gujak ne gözel waharmanlaryň, hytaýydyr, akbişerleriň, her biri tokly ýatan ýaly garrygyzlardyr-göktorlylaryň bir çetinden şagaldyr-tilkiler parçalap başladylar. Özlerem edil biýaranyň düýbünden düwüp, topragyň iň gowy iýmitlerini özüne siňdirip ulalan goldüýbi, süýji gawunlardan saýlap-saýlap iýýärler. Dogrusy, iýibem gaty bir gönendirip baranoklar-da, parçalaýarlar. Gawuny ýaryp belli bir has süýji ýerini datýarlar-da, baryp ýene-de başga birine ýapyşýarlar. Alakalarypky ýaly aňyrlaryna basjak aladalary ýok. Şonuň üçinem, yzlaryndan baryp zadyňy alyp gaýdara, azu-köp hasaplaşyp içiňi sowadara ýagdaý ýok. Ähli azabyň gözüň öňünde ýere siňip gyzyl-ýaýyrt bolup ýatyr. Ýagdaý şeýle bolansoň öten ýylky ýaly ekiniň başynda kak sermek, sök gaýnatmak hakda-ha gürrüňem ýok, daýhanlar hasylyň birinji ýüzüni ýygdylar-da kim ulagly, kim pyýada gök ternelerine çenli ýygyp oba çekdiler. Ýöne, barybir onuň bilenem mesele çözülmedi. Sebäbi, bakja diýeniň bugdaý ýaly bir ýygymda sowulaýanok. Yzly-zyyna düwüp, ýetişip gidip otyr.

Şonuň üçinem, ilk-ä gijelerine gezek-gezegine garawulçylyk çekdiler. Barybir bolmady. Gijede-hä garawula eýgertmediler welin adamlaryň gözlerine güýdüşip

şagallar gijekiden galan işlerini gündizlerine ediberdiler. Özlerem gitdigiçe ökdeleler. Adam bar ýa ýogam diýenoklar-da, “haýda-waý” bolşup, ulyilleri bilen “walalaýlaşyp” bir çozýalar welin, şo-ol, gadymky wakany gözleri bilen gören iki-ýeke ýaşuly adamlar: “Apbas Mürzäniň serbazlary çozandakydanam aýylganç şulaň sesleri” diýşip ýakalaryny tutýarlar-da bir gyra çekilmek bilen boluberýärler.

Birmeýdan gezekleşip, elleri tüpeňli obanyň itleri bilen, gije-gündiz garawullabam gördüler. O-da netije bermedi. Tüpeňleriň oklary gutardy, itler laky-tak durdylar, garaz, “ogra mal kän” diýenleri boldy. Hasyl ýetişse olaram zaýalap ýetişdiler. Özlerem hakykatdan-da biri-birlerine habar ýetirýälermi, nämemi gün-günden köpelip gidip otyrlar.

Bu ýagdaý uly-kiçi, aýalu-erkek hemmelerem haýykdyrdy welin, bir ýyl bäri oturan-turan ýerinde: “Şu ýyl-a gyňkeýin Gulzaryňka sowulman göni bazara geçerin, juda bolmasa birinden ýarpysyna ulag alyp Maşada giderin –diýip, göwün ýüwürdip ýören Apbyny atdan ýykylan ýaly etdi. Oturyp şagallaryň ýedi pyşdyna çenli nälet okady. – Wah, gyzylja gurtdan azan-a bu “gytjyňňykeýinler” aňyrsy düzüw däl-ä bylaň!...

Özem gije duran bilenem sakmançylyk etdi, gündiz duran bilenem. Elinde taýagyndan başga zady bolmasa-da, tüpeňliler bilenem durdy, itiniň ýokdugyna garamazdan itliler bilenem durdy. Telim günläp şeýdip, söwür çekip ylgap ýörensoň birhili ýadadymy, nämemi, beýnisem üýtgän ýaly boldy-da, bir gün hakyt çatmasynyň agzynda çöküne düşüp, ulyili bilen aglamaga başlady. Wagty bilenem goýmady. Gaýtam gitdigiçe örç aldy.

– Öten ýyl öýtdüň, by ýyl böýtdüň, böýderiň ýaly men näme Seň arpaňy ham ordummy – diýip, arasynda Hudaýa nalyşam etdi.

– Goý how, goý! Beý diýme! Nalama! Osoňam bi bela ýeke seň başyňda däl ahy... Hiç kimiňem käsesi pülpüleme bolup duranok, ala-böle... – diýşip, ondan-mundan ylgaşlaşyp gelen adamlar oňa ýerli-ýerden göwünlik berdiler, höre-köşe etdiler, köşeşdirjek boldular.

– Wah, menem şoň ýeke özümiň başymda däldigi üçin aglaýan-da – diýip söweriniň patasyna daş obadan gelen garyndaş ýaly indi dik durup iki eli bilenem ýüzüni tutup aglady. – Aýdypdyrlar-a gyradeňlikden Hudaý saklasyn diýip. Bir özüňde bolmasa ilden karz diläp bolýa, uly ilde bolmasa kimden dilejek?

– Aý, şonda-da Hudaýa bir nalyş etme, how, Apby daýy, – diýip, bir ýerden ýegdekläp ýetip gelen, şol-ol kak satylşykdan bäri onuň-munuň üsti bilen ýaňy bir gepleşip ugran Kully çat maňlaýynda çöküne düşüp iki gözüniň içine seredip oturşyna aýtdy.

– Näme etmän? Oňa etmän kime edeýin men nalyşy. Saňa edeýinmi? Osoňam, bar, men hiç diýeli, beýdip yzly-yzyna yrsgyndan kesip durady ýaly halk näme edipdir Oňa? – Ol ýaşly gözlerini daş-töweregindäki harap bolup ýatan, bakjaçylyga aýlady. – Muňa bir sered-ä! Öň-ä “gyňkeýin” bermän... Berenden soňam beýdip... Birini syçandyr-alaka, beýlekisini şagaldyr-tilkä şam edip... Ata-babalarymyzam-a gün görmändirler, onda-munda enäp-tenäp...

Ony ahyry il içinde iň sylagly adamlaryň biri, ýaşy bir çene baryberen molla Ýegenmyrat köşeşdirdi. Sözüniň täsirli bolmagy üçin, onuň çyn adyny tutup gürledi.

– Goý, Allamyrat goý. Aglama-da, Hudaýdan dilgirem bolma. Belki bir günämiz bardyr, horlaýandyr, gowusy şoň pikirini edeliň.

– Etmeli bolsa edeliň-dä onda! Biz-ä bir zat diýsek Apby aýtdy bolýa, aýtmasagam içimiz ýanyp, aňrymyz tütäp barýa...

Tüýs, "Däliniň müň gepi telek, bir gepi gerek" diýenleri boldy. "Şu taýpanyň dogrudanam Allanyň öňünde günäsi bar bolaýmasyn, ýogsam beýdip, baran ýerinde orun tapman, ornaşan ýerinde hasyly bitmän, bitäýende-de gurt-guşa şam bolup, ata-watandan siwa bolup ýörmezdi" diýen meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin, salyr kethudalary hut şol gijäniň özünde molla Ýegenmyrat başlyklaýyn Teke hanyň öýune ýygnandyrlar. Kethuda ýa han-beg bolmasa-da meseläni orta atan adam hökmünde Apynam çagyrdylar. Çünki, kim näme diýse-de, hernäçe "haý-küş" etselerem Apbynyň agysy, ýürek awusy hemmäniňem, hatda han-begleriňem, molla Ýegenmydyň hut özüniňem kalbynda bardy. Şol ýylyň hasylyna halkyň uly umyt bilen, edil Aýa,Güne garaşyşy ýaly garaşandygam çyndy. Şonuň üçinem, yzly-yzyna ýüz berip duran, tutuş halkyň ykbalyna, gün-güzeranyna täsir edýän şol şowsuzlyklar barada oturyp pikir etmezlik maslahatlaşdyrmazlyk, ýol gözlemezlik mümkin däldi.

...Maslahatda her kimiň pikirini açyk aýtmaga rugsat berildi.

– Aý, biz bir owalebetde ters pata berlen taýpa biz. "Başyň birikse agzyň birikse başyň birikmesin", diýlen. Bar belaň başy ana, şol. Öňkülerimizem şoň üçin öz ömürlerini zir-zöwrançylykda geçiren, belli bir ýerde kül dökmedik... – diýen ýaly halys göwnüçökgünlilik bilen gürlänlerem boldy. – Şol şeýle bolmasa giden bir uly halkdan bölüne-bölüne şular ýaly bäş öýlüsi galmazd-a...

Ýene birem:

– Hälem bolsa uly taýpalaryň birine goşulalyň-da dynalyň, ýeke özümiz hiç ýerde-de başymyzy çaramyýas – diýdi.

– Dogry şol. Asla Marydan gaýtmalam däldik... – diýip, üçünji biri ony goldady. – Tekelere goşulşyp, şolar bilen ilibiri bolup ýaşabermelidik... Etli-ganly, garaýagyz, orta ýaşlaryndan geçiberen, az gepli, salyryň baş kethudasy Begnazar sesini boguljyradyp:

– O zatlaryň barysy ýer-suw bilen bagly adamlar. Aslynda maryly tekeleriň özleremAhaldan şol sebäpli gaýtmadylarmy näme? Nirä barsaňa, öňüňde şol mesele keserer. Kim, saňa öz agzyndan kesip ýer-suw berer? Onsoňam bu wagt türkmen taýpalarynyň barysy Orsyýetiň raýatlygyna geçdiler. Galan bir Mary. O-da şoň ugrunda. Eşidişimize görä Güljemal han Ahalda ornaşan ors baýarlary bilen ylalaşmak barada hat alyşýarmyşyn... – diýdi. – Indiden soň haýsy tarapa gyşarsaňam Orsyýetiň golastyna düşersiň. Hatda Hywa bilen Buharada Orsyýete ýan berdi şu wagt.

Gürrüň şu ýere ýetende Apby tarsa ýerinden turdy-da, gollaryny galgadyp durşuna ýüzüni syçjak itiň ýüzi ýaly eňşeýdip:

– Adamlar! Biz şu ýere näme üçin ýygnandyk? Hä? – diýdi-de, ulyili bilen gygyrdy. Gyň... gyňke... – diýip, sakawlaý-sakawlaý, "bazzyk" eden sözüniň yzyny aýtmakdan zordan saklandy. – Bir taýpa goşulmak üçinmi? Ýa-ak! Biz bu ýere Hudaýyň öňünde näme günämiziň bardygyny seljermek üçin ýygnandyg-a. Ana şoň

gürüňňini edeliň! Ýogsam ugur-utga ýog-a bu aýdylýan zatlarda. Netijesiz-ä myň bary.

– Edil beýle-de däl, Allamyrat diýip, molla Ýegenmyrat onuň adyny doglaly bäri indi bir günüň içinde ikinji gezek dogry tutdy. – Günämiziň ýa ýalňyşan ýerimiziň bar bolmagy ahmal, ýöne, bar bolaýanda-da, şoň jezasyna barabar jebri biz ýeterlik derejede çekdik. Şoň üçinem bu meselde Hudaýy günäkärläp, oň bilen kazylaşjak bolup oturmaklygyň manysy ýokmuka diýýän men-ä...

– Gürrüň kazylaşmak barada däl-de, gyň... gyň... günämizi ýuwmak barada, ýulunmak barada barýar. – diýip, Apbam şol bir diýenini tutdy oturdy. – Meň pikirimçe, Hudaý ýoluna ullakan sadaka bermeli. Ajy doýurmaly. Ýalaňaja don ýapmaly...

Häliden bäri sesini çykarman agzyny müňküldedip oturan baş kazy molla Oraz ajymtyk ýylgyrdy-da, ýüzüni ýerden galdyrman, ýöne, kesgitli gürledi.

– Içinde dokuň bolmasa kim-kimi doýursyn? Baýyň bolmasa kim-kime don ýapsyn? Senmi? Ýa menmi? Han beg diýeniňdedem-ä bir artyk-süýşük zat ýok. Onsoňam Hudaý seň hudaýolyňa zar däldir, ýa garny aç bolup, aş hantama bolup bizlere jebir görkezýän däldir. Bu zatlaryň başga bir emmasy bardyr.

– Bileliň-dä onda şoň emmasyny! Aýdyň-da onda näme etmelidigini! Biz bir zat diýseg-ä...

– Bermeli bolsa hudaýoly bereris. Mal tapylar – diýip, ýalawaçlaryň içinde iň baýy hasaplanýan Jumadurdy baý söze goşuldy. – Aslynda-da hudaýoly bermek garybyň däl-de dokuň borjy. Hudaý doka diýýä: sen meň beren baýlygymy ýeke özüň holtumyňa dykyp oturma, garyp bendelerime-de ber, ryskyňy bölüş, ýogsam eliňden alaryn, diýýä. Salyrda-da gaty bir tüçjar bolmasa-da Hudaýy razy edibiljek barly adamlar tapylar. – Ol ýeke-ýeke barmagyny büküp başlady. – Ine, mende bar, Ýazmuhammetde bar, Meňli handa bar, başga-da goşuljaklar bar bolsa-ha goşulsynlar, bolmasa şolarmyz bolubam bir zat ederis. Gep onda däl. Ýöne, şony şeýdenimiz bilen mesele çözülermikä? Gep ine, şunda!...

– Çözüler! Çözülmese-de ugruna ýykylyp bir göreliň... – diýip Apby indi öňküsine görä birneme çekinjeňräk seslendi. – Zyýany-ha degmez. Iň bolmanda adamlar bir günlükçe doýa-garna hezil-ä ederler.

Onuň soňky sözüne ýylgyrmadyk galmady diýseňem boljak. “Haý, Apbyň bar bolsun” diýip çalaja seslenenlerem boldy. Umuman maslahat başlanaly bäri dowam edip duran dartgynlylyk birneme gowşady. Howasy ýumşaşdy. Ahyram baý beýleki ýok, her kim baryndan orta goýmaly diýen netije bilen maslahaty jemlejek boldular.

Emma muny Teke han göwnemedi.

– Ýok, adamlar, beýtmäliň. Beýtsek biri-birinden kem galmajak bolup ýene-de halk heläk bolar. Esasanam garyp-gasar kösener. Asla onça zady iýere adamam tapylmaz. Ýaňy Jumadurdy dogry aýtdy, sadakalyk maly biz özümiz çykararys...

Şeýle hem etdiler.

Molla Ýegenmyrat, Eýeberdi ahun, Abyt işan dagy hudaýoly berilýän ortalyk ýerde oturyp dogaýy-dilegler etdiler.

Ýöne, maslahat günem köpleriň aýdyşy ýaly, salyryň başyndan yzly-zyzna inýän apatlar onuň bilenem sowlup gidibermedi. Gaýtam öňküsindenem has mojugrak zatlar başlaryndan indi.

***

Güýz düşdem welin, bir ýerden gögüň ýüzüni duman deý büräp, ýeriň ýüzüni syrgyn deý sydyrdyp çekirtge sürüsi geldi. Ol sary aždarha ýaly "haşyldap" günortadan, dag tarapdan geldi-de, öňünden çykan zady ýalmap, ýuwdup, demirgazyk sary süýşüp ugrady. Özüniňem ne öňi bar, ne ardy. Ýeke bir ekin-dikiniň galan-gaçanlaryny, gögerip oturan iki-ýeke agaçlary däl, gara öýlere, gapylarda ýatan gury agaçlara, odun-çöplere, öý-esbaplaryna çenli bir ujundan syryp-süpürip ýalmap-ýuwdup barýar.

Ol hiç kime, hiç zada hüjüm edenok. Çakanogam, dişlänogam-da, ýöne, geçip barýar. Geçen ýerinde welin diş synçgara çöp goýanok. Teýim-takyr. Ol o zatlary iýýämi ýa ýöne leýs edip gidip barýamy belli däl. Iýýän bolsa doýaýmaly, ýene ajygýança bes edäýmeli ýaly. Keýpine zaýalaýan bolsa-da ýadaýmaly, dynç alaýmaly ýaly. Emma ol doýanogam, ýadanogam. Ne gije, ne gündiz hereketsiz wagty ýok.

Bu hadysa adamlary alakadyr-şagallardanam beter aljyratdy. Çünki, alaka diňe bugdaýlaryny şagallar gawunlaryny zaýalan bolsa, bu nägehan ozaldanam garyp halkyň galanja zatlarynam ýok edip gidip barýar.

Has geň ýeri ol bela goňşy oturan pars obalaryna deger-degmez, diňe Garadepe bilen Zurabadyň üstünden aşyp, derýanyň boýy bilen göni Köne Sarahsa, ondanam Tejene "Ýolbarslynyň" ýylgynlygyna tarap süýşýär. Ondanam guma siňip gidýär. Ýeri-gögi gaplap barýan bu agyr sülsadyň garşysyna göreşmek üçin elbetde, döwlet derejesindäki uly güýç, kuwwat, serişde gerek. Güzeranyny zordan aýlap, ondan-oňa göçüp-gonup ýören kiçijik taýpada bolsa ol zatlaryň birem ýok.

Ýöne, olaram barybir gollaryny gowşuryp oturaýanoklar. Içiňde janyň bolsa oturmak mümkinem däl. Şonuň üçinem, gije-gündiz barysy aýak üstünde. Birinden dynsak bir peýda, diýşip onda-munda ot ýakýarlar, tüsse goýberýärler. Iň bolmanda has degerliräk, gerekliräk zatlarynyň, hususan-da ir-iýmişleriniň daşyna tapan zatlaryny ornaşdyryp guma gömýärler, meşige salyp agzynam mazaly bitirýärler-de, suwa salyp goýýarlar.

– Şularyň et iýmeýänem bir gowy zat, ýogsam barymyzy iýip gutarardylar – diýip, kimdir biri bir gezek ot ýakyp ýörkäler ýarym degişme bilen aýtdy-da, öz sözlerinden gorkýan ýaly töweregine gorkuly garady. Hiç kim oňa üns bermedi. Jogap gaýtaranam bolmady.

Şol ýagdaýda adamlara iň ýakyn hossar "garasar" diýlen guş boldy. Olar çekirtgäniň yzysüre bir ýerden peýda boldular-da, olary bir ujundan "paýhynlamaga" başladylar.

Halk birbada olaram çekirtgeleri iýýändirler, garynlary doýansoň uçar giderler ýa-da aşa düşüp ondan bütinleý ýüz öwürerler öýtdüler.

Emma, bu beýle bolmady. Olar edil ýokardan buýruk berlen ýaly duýdansyz gelen myhmanlar bilen aldym-berdimli söweşe girdiler. Asmandan "şaglap" inýärler-de, towsuşyp barýan çekirtgeleriň üstlerine abanýarlar, ganatlaryny gerip duruşlaryna çüňkleri bilen garbap alýarlar, başlaryny iki-baka ýaýkap, silkeläp, ilk-ä mazaly ysgyndan gaçyrýarlar, janserek edýäler, soňam gazap bilen ýeriň ýüzüne pylçap urýarlar, onuň bilenem çäklenmän, ujy ýiti dyrnakly aýaklary bilen

basgylaýarlar, mynjyradýarlar, peşäp guma garýarlar. Bütinleý hatardan çykandygyna, mundan buýanky ýörişe goşulmajakdygyna gözleri ýetenden soňam uly hyruç bilen başga biriniň üstüne topulýarlar. Ýadaman, ýaltanman, günuzyn şol bir hereketlerini gaýtalaýarlar. Bu ýagdaý hemmeleri haýran galdyrdy. Halkyň halys öçeňkirläp barýan umydyny oýardy, ruhlaryna ruh goşdy, göwrelerine gurp berdi.

Olaryň bolup ýörüşlerini synlap duran Kully köwek bir gezek begenjini daşyna çykaranynam bilmän galdy.

– “Dert beren Alla dermanynam bile biýr” diýenleri çyn ekeni-ow, görýäňizmi, edil biri yzlaryndan baryp kömege çagyryp gaýdan ýaly... – Soň ol gapdalynda içini tutup, iki bükülip oturan Apba ýüzlendi. – Hä? Hm? Dogry aýdýan gerek Apby daýy?

Apby ony goldamady. Henizem köşeşmedik köneje agysyny aglady.

– Ýa, “gyňkeýin” bile berýän bolsa nä, şagal bilen syçanyňkynam beräýmeli eken-dä...

“Kime näme diýip duranyňy bir bilýäňmi how sen”, diýen manyda töwerek-daşdakylaryň barysy birden oňa tarap üşerilişdiler. Ýöne, her kim içinden: “Aý, jany ýanan taňrysyna gargar” diýenleridir-dä diýen pikire uýandyrlar-da sesini çykaran-a bolmady. Her kim ajymtyk ýylgyrdy-da, başyny ýaýkady oňaýdy.

...Belli bir wagta çenli işlänlerinden soň, ýere çyrşalan çekirtgelriň endamlaryndan syzylyp çykýan şirelerden ýaňa guşlaryň çüňkleri çyr-çyrşak bolýar-da, gamaşyp başlaýar. Biri-birine ýelmeşýär. Açylyp-ýumulmasy kynlaşýar. Çekirtgeleri wagtly-wagtynda garbap tutup bilenoklar, tutaýanlarynda-da aýryp, zyňyp bilenoklar. Şonda olar agyzlaryndaky öli çekirtgeleri penjeleri bilen çekeläp aýyrmaly bolýarlar. Beýle ýagdaýda “iş” edil öňküsi ýaly şüweleňli gitmeýär. Guşlar welin barybir pişelerini taşlamaýarlar. Uçup gidýärler-de, baryp bir suwly ýere gonýarlar. Suw ulurak bolsa gyrasynda durup, telperräk bolsa içine girip, öňi bilen-ä çaýkap-çaýkap penjelerini, çünklerini, çüňkleridir-penjeleri bilen bolsa endamlaryny ýuwýarlar, kellelerini suwa sokup ýykarýarar, çümýärler, paşyr-paşyr edip silkinýärler, mazaly arassalananlaryndan soňam uçup gidýärler-de baryp ýene-de öz “işlerini” dowam etdirýärler.

Bu zatlary mazaly synlap duran baş kazy mola Oraz:

– Golaýa suw çekmeli. Juda bolmasa howuz etmeli, çukur gazmaly-da, şony suwdan doldurmaly... – diýip, gapdalynda duran kethuda Begnazara ýüzlendi. – Ýogsam her gezek suw gözläp daşa gitmeli bolýalar, wagt ýitirýäler, ýadaýalar...

Molla Orazyň bu teklibini ýeke bir Begnazar däl, hemmelerem goldadylar. Şonuň üçinem, ur-tut, ýerli-ýerden işe girişdiler. Guşlar süýşdigisaýy bularam şol tarapa suw çekip gitdiler oturdylar. Suwy eltip bilmedik ýerlerinde çukur gazdylar, aýallar oglan-uşaklar bolsa, çelekdir-setilli, elleri bilen suw daşap çukurlary doldurdylar.

Bu çäre gowy netije berdi. Çekirtge sowulansoň garasarlaram adamlar bilen hoşlaşýan ýaly Zurabadyň üstünden üç-dört gezek öwrüm etdiler-de, gara bulut süýşen dek asmanyň ýüzi bilen, Garadepä tarap ýöneldiler. Ondan soň nirä gidendiklerini bilýän ýok, ýöne şol guşlary salyrlar soň-soňlaram uly hormat bilen ýatladylar ýördüler. Saý-sebäp bilen obanyň içinde görnäýseler, öňlerine däne

sepdiler. Hamala olar adam diline düşünýän ýaly, şo-ol, birwagtky eden kömekleri üçin minnetdarlyk bildirdiler.

Howwa, çekirtge belasyndan dynanlaryndan soň salyrlar ýene-de üýşüp ,aslahat etdiler. Onda: “Näme üçin sadaka-sogap bilenem bela başymyzdan sowulmady, gaýtam güýjerledi çekirtge çozdy, bilgije zada gitmelimi” diýen sorag ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle-de: “Her edip, hesip edip Sarahsa aşmaly bu ýagdaýda biz ýa açlykdan, ýa keselçilikden gyrlyp gutararys” diýlen meselä hem seredildi.

Birinji mesele babatda öz pikirini aýtmaklygy Teke han molla Ýegenmyratdan haýyş etdi.

Molla Ýegenmyrat daýaw göwresini leňňerledip, selçeň hem gögümtil-ak öwüsýän sakgalyny sypalap oturşyna gyýagrak gözlerini süzdürip şeý diýdi.

– Adamlar, çekirtgeden öňem aýdyldy şu gürrüň, ýene-de aýdýas, beren sadakamyz üçin eýtmedi, beýtmedi diýip Hudaýdan nägile bolmaň. Haklaşjagam bolmaň. Ol biziň berýän hudaýýolylarymyza zar däl. Ol bir Hudaýyň adyndan Hudaýyň öňünde sogap gazanmak maksady bilen, ajy, garyp-pukarany doýurmak üçin berilýän aş. “Siz-ä şeýtdiňiz welin, şoňa derek alyň menem size şuny berýän diýen ýaly edähet Hudaýyň düzgüninde ýok. Ol berende-de, alanda-da hiç kimden hiç zat tamakin bolup almaýar, tamakin bolup bermeýär. Onuň öz hasaby bar. Ol hasapdan biziň başymyz çykmaz. Şonuň üçinem, bu zatlaryň sebäbini maňlaýymyzdan göräýmesek men-ä bilmedim-ow... .

Aşa tolgundymy, nämemi, molla Ýegenmyradyň süňklek çekgesindäki damarlar tirpildedi, elleri çalarak sandyrady.

Şolar ýalyrak terzde başga-da gürrüň edenler köp boldy. Teke hanam, Meňli hanam, baş kazy molla Orazam, baş kethuda Begnazaram asla hemmelerem molla Ýegenmyradyň aýdanlary bilen razylaşýandyklaryny aýtdylar. Umumy pikir gelnen netije şeýle: “Hudaýdan dilgir bolmaly däl, başa inýän muşagatlyklary asla Ondan görmeli däl. Haýsydyr bir günäsi üçin taýpany Hudaý ýazgarýandyr diýen düşünjedenem el çekmeli. Çünki, günä köpçülik bolup edilmeýär, ol bir bolup, ýekebaralykda edilýär, tutuş bir taýpanyň şu derejä çenli aşak çökeri ýaly günä gazanan bolmagy mümkin däl. Dogry, halkyň öz şasy sebäpli günä galýan pursatlaram bolýarmyşyn, ýöne, salyrlarda häzir şa-da ýok, ol özbaşdak döwletem däl. Sütem göräýmese, baran ýerinde hiç kime sütem eden ýerem ýok...”

Şunlukda birinji mesele çugdamlanyberdem welin, ikinji meselä geçilýändidigini yglan etjek bolup oturan Teke han birdenkä gozganjyrap, ardynjyrap ugran Abyt işana ýüzlendi.

Abyt belki senem bir zat diýersiň şu barada. Geçen gezegem geplemän oňduň. Bu gezek bir aýt bir zat.

Şondan soňam esli wagt aşak bakyp, ýuwdunjyrap oturan Abyt işan köpçüligi köp garaşdyrýan bolaýmaýyn, diýen manyda töweregindäkilere birlaý göz aýlap çykdy-da, endigine görä çalaja ýylgyryp:

– Aýdylmaly zad-a bar öz-ä – diýdi. – Umuman, Ýegenmyrat aganyň aýdanlaram, köpçüligiň gelen netijejesem dogry. “Hudaýdan bidin çöp başy gymyldamaz” diýilse-de, bar zady başdanaýak Hudaýyň üstüne atyp oturybermek dogry däl. Elbetde, biri ýogalsa-da “Hudaýyň işidir” diýilýär. Bu dogry. Çünki

Hudaý her kime kesgitli ömür berýär. Sanalgysy dolan günem alyp gidýär. Çünki, Ol ony oňa amanat berýär... – Abyt işan ýüzüni ýerden galdyrman iki baka oýkanjyrady. – Ýöne, “Oglan howlugar, tudana wagtynda bişer” diýenem bir nakyl bardyr, ana, şonuň aňyrsynda ullakan many ýatyr. Ýagny, her bir bolmaly zat wagtyndan öňem bolmaz, soňam bolmaz, ylaýyk wagtynda bolar. Başa geljek zat gelmeli wagty geler, gitmeli wagtam gider. Şoňa çenlli ony bolduraýyn, diýip boldurybam bolmaz, boldurmaýyn diýip boldurmanam bolmaz. Pelegiň çarhyny özi aýlanmasa el bilen herekete getirip bolmaz. Herekete gelen güni saklabam bolmaz... –Abyt işan tebigy ýygralygy bilen “myssa” ýylgyrdy-da, Teke hanyň ýüzüne seretdi. – Wagtymyzy alýa diýmeseňiz şu meselä degişli men size bir tymsaljyk aýdyp beräýeýin?...

Teke hanam birenaýy ýylgyrdy-da, tutuş göwresi bilen Abyt işana tarap owsun atdy.

– Şeýtsene...

Teke han şeý diýensoň, beýlekilerem ýerli-ýerden: aýtda-aýt!... boluşdylar.

Ozalam iki sany dost bar ekeni... – diýip, Abyt işan ýüzüni-gözüni çynlakaý sypata salyp söze başlady. – Hersem bir ýurduň şasy ekeni. O bolýa, bu bolýa, ýagy çapýa, halkyň agzy alarýa, bir ýyl gurak gelýä, bir ýyl suw joşýa, mallar gyrylýa, garaz, dürli sebäplere görä günlerde bir gün ýurt dargap şol iki dostuň biri patyşalygyn-a bir ýitirýä, üstesine özem garyp düşýä. Öňki dost-ýarlarynyň, paryndaşlarynyň barysy ondan ýüz öwürýä. Hatda öňki gullaryndan, gyrnaklaryndan iş sorap barsa-da bermändirler. Şeýdip ýörkä bir gün oturyp oýlanýa-da: “Gel-aý, şol dostumyň ýanyna bir baryp göreýin-le, ýaman etse kowar, alyb-a galmaz” diýen netijä gelýär. Az ýöräp, köp ýöräp, ýanyna barýa. Bolan işi birin-birin beýan edýä. Dostam ony diňleýär-de, baş wezirini çagyryp: “Şu adamy hammama salyň, ýuwundyryň, geýindiriň, garnyny doýruň, gije myhman alyň, ertir ir bilenem öňüne ýüz goýun salyň-da ugradyň, öri meýdanlarynam görkeziň” diýýär. Aýdyşy ýaly edýärler. Garyp düşen şa bu ýagdaýa begenjeginem bilenok, gynanjagynam. Gowy garşy almady, diňlemedi, kömek etmedi diýer ýal-a däl. Ullakan bir gönendirip zadam ýok. Şeýle-de bolsa çörek pulum-a gazanaryn-da, diýen niýet bilen goýunlaryny sürüp gidiberipdir. Ýöne, öň mal bakyp görmedigi üçinmi ýa maňlaýyndanmy, bir gün-ä güýçli doly ýagyna on goýnuny buýdurypdyr, soň bir gün apy-tupan turup şonçasyny guma garypdyr, ýene pylançasy gyş doňup ölüpdir, ep-eslisini gurt çapypdyr, ýylan çakypdyr, käbirleri gaýadan uçupdyr, ondan galanjalaram ýazyna ir çykan gyrtyçlary mör-möjek bilen garbap iýipdirler-de çişip ölüpdirler, garaz, ol görgüli göni bir ýyldan soň taýagyny egnine atyp ýene-de şol, patyşa dostunyň huzuryna barypdyr. O-da edil öten ýylkysy ýaly ony üns bilen diňläpdir-de, baş wezirini çagyryp, ýene-de ýüz goýun berip goýbermekligi buýurýar.

Garyp düşen şa bilen bu gezegem öňki ykbal gaýtalanýar. Ol ýene-de dostunyň ýanyna gaýdyp gelýär. Ana, şol gezek welin patyşa baş wezirini ýanyna çagyrýar-da: “Şu adama pylan welaýata häkim edip goýuň. Özüň git-de ýerli emeldarlar bilen tanyşdyryp gaýt, hemmeler şuňa boýun egsinler” diýýär.

Häkim bellenen kişi hezil edip özüne berlen welaýata gidýär, öň şa bolup gören adam, ýurdy nädip edara etmelidigini adamdan soramaly däl, ähli zady ýerli-

ýerinde dürs alyp barýar. Edenem ugruna. Bagtyna ýylam gowy gelýär-de, welaýatyň ekini ýere-göge sygmaz derejede hasylly bolýa. Mallaram gyşdan-a bir sag-aman çykýalar, üstesine önümliliklerem görlüp-eşidilmedik derejede ýokary bolýa.

Iň bir gowy görelde görkezen welaýat häkimi hökmünde şa dosty ony ýanyna çagyryp köşkdäki iň uly wezipeleriň birini berýä şol ýerde üç ýyl işländen soňam ony öňki ýurduna şa edip goýýa.

Şonda garyp düşen şa dostundan: “Sen näme üçin gelen dessime maňa welaýaty beräýmediň ýa köşge işe alaýmadyň, goýun beren bolduň, çopan eden bolduň, özüňem telim ýola gaýtaladyň durduň, munuň hikmeti näme?.. diýip soraýar. Onda şa: “Ol wagt seňki ýöränokdy. Şalygyňam şoň üçin ýitiripdiň. Egerde gelşiň ýaly welaýaty beren bolsam, onda sen welaýatam bulaşdyrardyň, halkynam heläk ederdiň. Şeý diýip özüňe aýtmak bolsa şol wagt birhilidi. Gelşiksizdi. Oňa wagt, soň özüň düşünmegiň, şonuň şeýledigine göz ýetirmegiň gerekdi. Indi seňki ýöräp ugrady. Mundan beýläk seň öňüňde müşgül iş bolmaz, edeniň ugruna bolar durar” diýip, jogap beripdir. – Abyt işan gürrüňiniň täsirini aňmakçy bolýan ýaly, “myssa” ýylgyrdy-da, aşaklyk bilen oturanlaryň hersiniň ýüzüne birlaý seredip çykdy. – Görşümiz ýaly adamlar, bu bolýan blaşyklyklary biz Ýegenmyrat aganyň aýdyşy ýaly Hudaýdanam görmäliň, taýpamyzyň günäsi sebäplidirem öýtmäliň-de, wagtlaýynça başymyzdan inen şowsuzlyklar döwri diýip düşüneliň. Ol şowsuzlyklaryň basym başymyzdan sowuljakdygyna umyt baglalyň. Taryhda salyryň sürgünli döwri bolupmy, ýene-de bolar, bu zatlaram häki bir barýakaň bolaýmaly zatlardyr. Hiç zat bir durşuna duryan däldir. Bir adam bolsun, halk bolsun başyndan döwran sowlubam biler, ýaňky garyp düşen şanyňky ýaly gaýdyp gelibem biler. Biziňkem şeýle bolar. Hökman gaýdyp geler. Eselen günüň eljiräp, peselen günüň aljyrap, Taňryňa gargap oturmak namartlyk bolar. Her ýolda merdanalyk ýagşydyr. Ýöne bagtymyz haçan, nädip, nähili ýagdaýda, nirede açyljak, ine şony welin men aýdyp biljek däl... O zatlar diňe Hudaýyň özüne aýandyr .

Abyt işan sözüni tamamlanyndan soňam esli wagtlap hiç kimden ses çykmady. Her kim aşak bakyp içini “hümletdi” oturdy. Arkan gaýşyp uludan sowuk demlerini alanlaram, aşaklyk bilen biri-birlerine soragly bakyşanlaram boldy.

Dymyşlygy häliden bäri sesini çykarman oturan Eýeberdi ahunyň gyryljakdan gelen ýogyn sesi bozdy.

Eşitdiňiz dämi, adamlar? Birinji mesele barada şundan dogry tymsaly, şundan dogry hem ýerlikli sözi hiç kim aýdyp bilmezmikä diýýän men-ä... Başga gep-gürrüň gerek däl. – Ol agyr oý astynda gözlerini agdar-düňder edip, Teke hanyň ýüzüne seretdi. – Indi ikinji meselä geçäý, Ýazmuhammet.

Uzaga çekmän, ikinji meseläniňem netijesini çugdamlaşdyrdylar: Her zat etmeli, Eýran hökümetiniň islendik şertine kaýyl bolmaly welin, onuň razylygyny alyp Zurabatdan göterilmeli. Sarahsa göçmeli. Salgydy köpräk tölemeliem bolsa, goşun üçin adam bermelem bolsa ýok diýmeli däl. Mahlasy, Abyr işanyň aýdyşy ýaly haçan açyljakdygy näbelli ryskyň geljek gününe garaşyp, gol-gowşuryp oturmaly däl-de, hereket etmeli, şonuň aladasynda bolmaly, şol günüň golaýlaşmagy üçin, şol arzyly pursata ýetmek üçin göreşmeli. Orslar eýelemänkäler özümizi

Sarahsa atmaly. Ony özümiz eýelemeli. Şol ýerde ornaşyp, özümizem Eýrana raýat bolup otursak, orslaram batyrnyp bilmez.

***

Şondan soň salyr kethudalary her niçik hem bolsa ýyly boş geçirmezlik üçin, çekirtgäniň yz ýany, halk üçin ýene-de Eýran hökümetinden tohumlyk karz däne alyp, üstesine-de şärikli ýagdaýda, ýagny, ýarpasyna, derýanyň sag tarapynda ýöne, Zurabadyň deňräginde güýzlik bugdaý ekdiler.

Şeýle hem, assa-ýuwaşlyk bilen, dürli ýollar arkaly Maşatdaky Horasan häkimine arzlaryny ýetirip başladylar. Özleriniň Köne Sarahsa goýberilmeklerini haýyş etdiler. Şol ýere barybilseler ýagdaýlarynyň gowulaşjakdygyny, uzaklaşdyrman öňki-soňky bergilerini üzüp biljekdiklerini şoňa ýakyn adamlara düşündirdiler, mümkin bolan ýagdaýynda onuň özi bilen duşurmaklaryny haýyş etdiler.

Horasanyň şol wagtky walisi Maşalla han gepe-söze, hal-ýagdaýa düşünýän, ýuka ýürekli, mysapyr adam bolup çykdy. Elbetde, ol salyrlaryň mundan üç ýyl öň Zurabada indi ikinji gezek mejbury göçürilip getirilmegine sebäp bolan häkim däldi. Ol başgady. Ony golaýda şa öz ýanyna çekipdi we ýerine şuny belläpdi.

Täze häkim salyr ýaşulylaryny kabul etjekdigi barada degerli adamlaryň üsti bilen Zurabada habar gönderdi.

Kethudalar ony uzak garaşdyrmadylar. Habary alyşlary ýaly dokuz adam bolup ýola düşdüler.

Horasan walisi olary güler ýüz bilen kabul etdi, üns berip diňledi, öňki-soňky başlaryndan geçiren ahwalatlaryny eşidip gynandy, duýgudaşlyk bildirdi.

– Waý,waý,wa,! Wah, wah,wah!.. Hiý, beýle-de bir zat bolarmy? Ondanam bir güzeran bolarmy? Öňem-ä gün görmänsiňiz welin, bu ýere gelibem... Ah-wah, Ah-wah!... – diýip, şo-ol başyny ýaýkady oturdy. Gürrüňçiligiň soňunda özüniň tizara Zurabada barjakdygyny, ýagdaý bilen ýerinde tanşyp gaýtjakdygyny, meseläni basym çözüp berjekdigini janykdy.

– Ekin ekere başga-da ýer kän ahyry, beräýmeliler ekeni, nämüçin bermediler, nämüçin beýtdilerkä? – diýip, garaçyny bilen aýtdy.

Aýdyşy ýalam etdi.Zurabada gelip, eşiden zatlarynyň barysyny gözi bilen gördi. Öňküdenem beter gynandy. Nebsi agyrmakdan ýaňa gözlerine çyg çaýyldy. Gitjek wagty taýpanyň aýal-erkek, uly-kiçi, tas, ählisini diýen ýaly daşyna ýygnap, hökman kömek etjekdigini, Sarahsa, iň bolmanda Horasanyň başga bir has hasyllyrak, suwlurak ýerine göçürmäniň aladasynda boljakdygyny, ýöne, öňürti bu barada şanyň hut özi bilen gürleşip görmekligiň gerekdigini, çünki, bular ýaly uly hem iňňän çalt çözülmeli derwaýys meseläni bir özüniň çözüp bilmejekdigini halys ýürekden syzdyryp, dabaraly suratda aýtdy.

Muňa hemmeler begendiler. “Hudaýa şükür. Ol biziň dilegimizi eşitdi. Abyt işanyň diýen güni golaýlaşdy. Ine, indi basym ýurdumyza gowuşarys, zulumdan dynarys, ýasdan çykarys...” diýşip ýeňillik bilen dem aldylar. Hiş habara garaşdylar.

Bu gün erte tutjak bolup duran toýlaryny Sarahsa göçülip barylaryna goýanlaram boldy.

Ýöne, olaryňky bu gezegem paşmady. Edilen arzuw-umytlaryň, ýagşy dilegleriň barysy puç boldy. Çünki, gelen habaryň mazmuny garaşylyşyndan düýpgöter başgaça bolup çykdy.

Ýagny, Maşalla han söz berşi ýaly salyrlaryň aladasyny edip ugradam welin näme üçindir ur-tut işinden boşadyldy. Nirä gidenem mälim bolmady. Onuň ornuna pes boýly, göwresi togalak ýüzi hyrsyz häsiýeti yzgytsyz, käse ýaly ullakan, agy sary, garasy bulançak gözleri göreniňden ýüregiňi bulaýan Alymerdan han bellendi.

Salyr kethudalary Allany çagyryp Teke han başlyklaýyn onuňam ýanyna bardylar. Kynlyk bilenem bolsa kabulhanasyna girdiler. Arzy-hallaryny aýtdylar.

Emma Alymerdan han olary düýbünden başgaça garşylady. Asla diňlemegem islemedi. Kömek ederis, goldarys, diýen ýaly sözleriň dagy üstündenem barmady. Gaýtam içýakgyç soraglar, kinaýaly gürrüňler bilen ýaşulylary kejikdirdi, ozaldanam “güwläp” duran kellelerini bulaşdyrdy. Özem birhili olaryň kyn günlerine begenýän ýaly:

– Siziň Eýran hökümetine öňem-ä ummasyz däne bergiňiz bar ekeni welin, bu ýylam-a alypsyňaz ep-eslini. Şonuň üçin siz indi o ýan, bu ýan gitmek barada-ha pikirem edip oturmaň. Siz indi galan ömrüňizi Eýranyň haýryna işläp geçirmeli borsuňyz. Indiki nesilleriňizem şeýtmeli bolarlar. – diýdi. Egerde aýdylana gulak asman, ogryn-dogryn aňryk geçäýseňizem belli biliň, barybir bizden sypmarsyňyz, sypaýanyňyzda-da, baryp orsuň penjesine düşersiňiz. Ol bolsa sizi ýeke bir gulam etmez-de, diniňizdenem çykaryp öz dinine salar.

Teke han ähli ýaşulylaryň adyndan gürledi.

– Biz bu wagt jan gerekmi-pyçaga geldik, han. Keselçilikden, açlykdan, horlukdan ýaňa adamlarymyzyň Hudaý bilen kazylaşarlyk derejede aňkalary aşdy. Çagajyklarymyzyň, aýal-gyzlarymyzyň ýagdaýy hasam erbet. Şonuň üçinem, gürrüň bu wagt ygtykat barada däl-de, bir döwüm çörek, halky agyr ýagdaýdan alyp çykmak barada barýa.

Alymerdan han ernininiň bir tarapy bilen ajy ýylgyranda gözleri öňküsindenem beter gorkunç göründi.

– Adamlarymyz açlykdan gyrlyp gutaryp barýa, diýdiňiz, hiý, han-beglerden, işan-mollalardan gününi görübilmän açlykdan ýa keselçilikden öleni barmy? Ýa ala-böle olaryň ekinleri gowy bitäýýämi? – Teke han bir zat diýjek bolup owsunyp-owsunmanka Alymerdan han ikinji soragyny suňşurdy. – ....Onsoňam: gürrüň ygtykat barada däl, diýýäňiz, eýsemde bolsa garnyňyzy doýurjak diýseler, orslara imanyňyzy sataýjakmysyňyz? ...Diniňizden ýüz öwüräýjekmisiňiz?..

Şondan soň-a Teke han oňa jogap berjegem bolmady. Egindeşlerem oňa şony aýtdylar. “Muň bilen eňekleşip oturandan peýda ýok, Ýazmuhammet, gideliň” diýdiler.

Şeýdibem ýerlerinden turdular. Alymerdan han hatda olar bilen hoşlaşmadam. Hamala myhmanlaryny sylamaýandygyny bildirmekçi bolýan ýaly, beýlekisine öwrüldi-de, häliden bäri öz gapdalynda oturan wekilleri bilen bir zatlar barada gürleşiberdi.

***

Şondan soň ol türkmen obalarynyň golaýlaryndaky garnizonlaryň sanyny köpeltdi. Galalaryny öňküdenem beter berkitdi. Serbazlarynyň sanyny artdyrdy. At, ýarag, azyk-suwluk ýagdaýlaryny hasam gowulandyrdy. Gözegçiligi güýçlendirmeklerini, türkmenleriň ýekeje ädimlerinem sypdyrman yzarlamaklaryny obalarda edilýän gürrüňçilikleriň ählisiniň many-mazmunlaryny derhal özüne ýetirip durmaklaryny, munuň üçin ýerli halkyň arasyndan "çawuş" tutunmaklaryny serbazlardan talap etdi. Bu iş üçin ýeterlik derejedäki pul serişdeleri bilen üpjün etjekdigini aýtdy.

Ýöne, galan tabşyryklary nägerek-eýle ýerine ýetse-de, tükrmenlerden "çawuş" tutunmak meselesi başa barmady. Asla bu baradaky teklip bilen serbazlar kimdir birine ýüz tutubam bilmediler. Tutaýanlarynda-da kanagatlanarlykly jogap alyp bilmediler. Şeýle-de bolsa olar "şugulçy" üçin, goýberilýän pullary "şolara berýäs" diýen ýaly ýalan sözlere perdelenip öz jübülerine urdular. Ýöne, öňünden berilýän ýalan maglumatlar bilen , halkyň iş ýüzündäki hereketleriniň deň gelmezligi basym olaryň syryny açdy. Alymerdan han hut şu mesele boýunça serbazlaryň köpüsini ýerinde jezalandyrdy, temmi berdi, käbirlerini bolsa Maşada eltip kaza tabşyrdy we watan dönügi hökmünde zyndana taşlatdy, käbirleri üçin bolsa hossarlaryndan köp mukdarda pul aldy.

Ondan ýaňa halys paltalary daşa degen salyr ýaşulylary ahyram özara maslahatlaşdylar-da, bu barada Eýran şasynyň hut özi bilen duşuşyp görmek gerek, diýen netijä geldiler.

Elbetde, şa bilen duşuşmak üçin Tährana gitmeli. Özem Alymerdan handan bidin, oňa bildirmän gitmeli. Çünki, onuň özlerini Tährana tarap ýekeje ädimem ätdirmejekdigine kethudalaryň gözleri ýetip dur.

Olar şeýle hem etdiler. Iki gezek gitdiler. Ýöne, şanyň huzyryna welin barybir girip bilmediler. Üçünji gezek baranlarynda bolsa, halys ýüredüşgünç gepe-söze gulak asmaýan, bitertip adamlar hökmünde, kethudalaryň birnäçesini tussag edip alty aýa golaý zyndanda oturtdylar. Bir gowy zat – olaryň arasynda Teke han ýokdy. Ol şo gezek başga bir möhüm mesele bilen başagaý bolup gidibilmändi.

Türkmenleriň öz üstünden aşyp, Tährana gatnap ýörmekleri Alymerdan hana hakykatdan-da ýaramady. Şonuň üçinem, Nasreddin şanyň döwlet işi bilen Maşada geljegini eşidip, salyr ýaşulylarynyň dördünji gezek eden synanyşyklaryny hut özi puja çykardy. Şonda, degişli adamlar salyrlaryň duşuşmak isleýändiklerini asla, şanyň özüne duýdurmadylaram. Gaýtam gödeňsi hereketler edip, paýyş sözler aýdyp kowdular, güýç ulandylar, garaz, "Ýer gaty, gök yrak" diýenleri boldy. Güzeran-a çekip-çydardan kyn, çykalga bolsa ýok. Çar tarapyň ýapyk. Gaçyp tezip Sarahsa aşaly diýseler, Eýran hökümeti olary barybir ol ýerde-de ynjaltjak däl. Öňem şol ýerde oturtman şu ýere süren şolar. Mara ýa Ýolötene dolanaly diýselerem, o ýerde-de şol, ýer-suw meselesi öňlerinde keserip dur.

Galyberse-de daş gulakdan eşidilişine görä, Maram Orsyýet bilen birikjek bolup ýörmüşin. Üstesine-de Orsyýetem Sarahsa göz dikip ugranmyşyn. Asyl, ol ýer Eýran ikisiniň arasynda dawalymyşyn. Tereziniň agramly tarapam ak patyşanyň elindemişin. Ýagdaý şeýlekä ol ýere barsaň öz aýagyň bilen belanyň üstünden bardygyň, oduň üstünden basdygyň boljak. Ine, onsoň diniňden aýryl-da, doňuz eti

bilen arak iç-de ýör. Ýagdaýyňam şu wagtkysyndan erbet bolaýmasa gow-a bolmaz. Iň bolmanda ors baýarlary gazananjaňy eliňden alarlar oturarlar.

***

Salyrlaryň şeýdip, özlerini nirä urjaklaryny bilmän, janserek bolup ýören wagtlary, ýagny 1884-nji ýylyň başlarynda, Mary tekeleriniňem Güljemal hanyň ýolbaşçylygynda geňeş geçirip, Orsyýede birigendikleri baradaky habar dürli ýollar arkaly Zurabada gelip ýetdi.

Bu täzelik salyrlaryň gaýgy-aladalaryny hasam artdyrdy. "Maryny alan bolsa, ors hökümeti aňyrsy iki günden Sarahsam alar, sebäbi, ol Mary sebitini tutuşlygyna, hususan-da Tejen derýasynyň sag kenaryny özüne degişli hasap edýärmişin.

...Birdenem Zurabada: "Ors hökümeti hakykatdan-da Sarahsy alypdyr. Içine goşunam çekipdir. "Gel gaýratyň bolsa" diýip, Eýrana ýumrugynam görkezipdir diýen ýene bir habar gelip gowuşdy. Ol habardaky maglumatyň has gyzykly ýeri bolsa, ine şu aşakdakylardan ybarat: Orslar Sarahsa öz orslaryny däl-de, Maryda oturan salyrlary göçürip getiripdirler. Olary eýýäm Köne Sarahsyň ýokary çetinde ýerleşdiripdirlerem, Eýranda oturan salyrlaram Sarahsa göçürip eltmekçimişin, çünki, olar Sarahsyň ata-baba salyrlara degişlidigini bilýälermişin. Olar Eýrana-da hut şeý diýip aýdanlarmyşyn. "Bäş öýli salyry watanyndan siwa edip, itiň gününi görkezip ýörmüşiňiz, utanoňyzokmy!.." diýenmişin. Alymerdan hana dagy: "Her ýan ýatsaňam men Sarahsa göçürip getirýän şolary, şu ýere gelýänçäler biriniň bitiniň burny ganasa-da jogabyny senden soraryn. Seň ýaly possuk gula dagy öz salyrlarymy horlatdyrman" diýenmişin. Ýerli ilatyň dini-ygtykaty bilen-ä asla işi ýokmuşyn. "Hudaý birdir, hemmämizem şoňa tarap barýas. Ýöne, herimiz bir ýol bilen barýas..." diýýämişin. Özleriniňem salyrlar bilen ata-baba garyndaşlyklaram barmyşynmy, nämemi...

Bu zatlara halk dogrusy ynanjagynam bilmedi ynanmajagynam. Çünki, şolar ýaly imrindiriji täzelik nijembir wagt bäri alasarmyk hem egbar ýagdaýda oturan adamlar üçin edil, bulutsyz asmanyň ýüzünde ýyldyrym çakan ýaly bir zatdy.

Ýöne, her niçik hem bolsa halkyň muňa ynanasy gelýärdi. Hemmeler şol agyz suwarydyjy gürrüňiň çyn bolup çykmagyny isleýärdi.

Şonuň üçinem, şol habar gelen gününiň ertesi Garadepeden Meňli hanam çagyryp, Teke han başlyklaýyn gyssagly maslahat geçirdiler we şu karara geldiler: "Sarahsa adam ibermeli, ol ýere gelen ors baýarlary bilen gürleşmeli, eşidilen habaryň anygyna ýetmeli, egerde aýdylýanlar rast bolup, ol ýere göçüp barmagymyza hemaýat etjekdiklerem çynlary bolsa, din dawalaram ýok bolsa, onda olaryň ol teklibine ikelläp razy bolmaly, ýagdaýlary başdanaýak düşündirmeli, kömek etmeseler biziň bu ýerden özbaşdak baş alyp çykyp bilmejekdigimizi düşündirmeli...".

Şondan soň ol ýere ibermeli adamlaryň sanawyny düzmäge başladylar.

## X
## Hoş habar

Tüýs: “Hassasy gutuljak bolsa tebibi garşy geler” diýenleri boldy. Kethudalar entek ol ýere gitmeli adamlarynyň atlarynyam belli edip ýetişmänkäler Alyhanowyň gepleşik geçirmek üçin ýörite iberen wekili molla Sähediň özi ýanynyň adamlary bilen salam berip gapydan giräýdi.

Görkezilen ýere geçip oturanlaryndan soň molla Sähet özüni tanyşdyrdy. Näme maksat bilen gelendigini, Ors hökümetiniň düýp matlabynyň nämedigini aýtdy, soňky döwrüň syýasy wakalaryny jikme-jik gürrüň berdi. Ors hökümeti we onuň syýasaty baradaky eşiden habarlarynyň dogrudygynt tassyklady. Soraglaryna jogap berdi. Käbir zatlary gaýtalap-gaýtalap düşündirdi.

Apbas Mürzäniň çozuşyndan soň, onlarça ýyl bäri şol urgudan aýňalyp bilmän ondan-oňa göçüp-gonup, Watan zaryny çekip ýören adamlaryň gözüne şolar ýaly hoş habary getiren molla Sähet şol wagt Hudaýtarapyn ibrilen Jebraýyl perişdäniň hut özi bolup göründi.

Şonuň üçinem, gatnaşmaly adamlaryň başlarynyň öňemdigine görä, ýap-ýaňyja öz işini tamamlan maslahat täzeden açyldy.

Irimçek hem-de uzynak göwresini yranjyradyp oturan, salyryň iň okuwlysy hem ýaşulysy hasap edilýän Eýeberdi ahun Teke han bilen “üm”arkaly aň alyşdy-da, usullyk bilen daş-töweregine göz aýlady.

– Abyt işanyň araky aýdyp beren tymsalyndaky ýaly biziňkiňem indi ýöräp ugran bolaýmagam ahmal:

– Belki şeýle bolaýady-da...

– Agzyndan Hudaý eşitsin ahun aga...

– Ýa Rebbin-älemi... – diýen ýaly sesler eşidildi.

Eýeberdi ahun: yzyny özüň dowam etdiriber diýen manyda Teke hana tarap baş atdy.

Molla Sähediň gözüne iňňän nurana hem salyhatly görnen uzyn boýly, uzyn gara sakgally, gara çäkmenli, aksowult ýüzli, elli üç, elli bäş ýaşlaryndaky Teke han içki begenjini gizlejegem bolmady.

– Bu gün biziň gökdäki dilegimiz ýerde gowuşdy. Ýap-ýaňyja-da düşen ýagdaýymyzdan çykalga gözläp, çäresini tapypbilmän otyrdyk. – Ol çat maňlaýynda oturan molla Sähede mähirli seretdi. – Ine, bu myhman ýigit bize tüýs bir garaşýan, ýöne, ýatsak-tursak ýadymyza-oýumyza düşmejek habarymyzy getirdi. Düýn-öňňünlikde gulagymyza degen, ýap-ýaňyja-da takygyny bilmek üçin adam ibereli diýip oturan habarymyzyň çyndygyny, özüniňem hut şol mesele boýunça şu ýere iberilendigini öz agzy bilen aýtdy... – Teke han uludan demini aldy-da, myhmanyň ýüzüne soragly bakdy. – Elbetde, ol ýere biziň barmaga meýillidigimiz barada gürrüň ýok. Asla biz öňki gezekler gelenimizde-de şol ýurt diýip geldik. Ýöne, hersinde-de Eýran hökümeti bizi ol ýerde oturtmady. Ol indem bizi bu ýerden goýbermez. Sebäbi biz olara bergidar. Şu ýylyň bugdaýam şolar bilen ýarpasyna ekilen. Üç ýyl bäri tohumlyk dänäni şolardan alýas. Üzlüşip bolsa bilemizok. Şu ýagdaýda dogrusyny aýtsak ogryn-a däl, dogryn gitmegem gelşiksiz. Üstesine daş-töweregimizem atly-ýaragly serbazlardan doly. Olar biziň ýekeje hereketlerimizem sypdyranoklar. Maram Orsyýede birigipdir, diýen habar ýaýraly bär-ä halys gonçlaryna gor guýulana döndi. – Han molla Sähede tarap eglip ýuwaşja pyşyrdady.

– Biz bu ýerde göz tussagy. Arzy-halymyzy bolsa diňlänoklar. Gaýtam aýtdygymyzsaýy beter edýäler.

– Bu zatlaryň barysyna siz baryp Alyhanowyň özüne aýdarsyňyz – diýip, molla Sähet pert-pert gürledi. – Ol size kömek eder. Eýran bilen araňyzam açyp berer. Algy-bergili meseläňizem çözer. Sebäbi onuň arkasynda Ak patyşanyň hut özi dur. Sarahsa diňe salyrlary göçürip eltiň diýenem şol.

– Ak patyşamy?

– Howwa-a...

– Bäýip-bä-ä... – diýip, sadadygy daşyndanam bildirip duran, ýüzi goturaky agzyndan tüýküligini syçradyp gepleýän kiçiräk bir tiräniň baştutany hökmünde çagyrylan kellesi şyr takyr Otjan kel atly bir kişi oturan ýerinden molla Sähede tarap omzady. – Ak patyşa şol oturan ýerinden şu ýerdäki iki öýli salyryň aladasyny edip otyrmy?..

Molla Sähet öz gürrüňiniň köpçülige şeýle berk täsir edendigine diýseň begendi.

– Howwa-a... – diýende ýüregi joşmakdan ýaňa gözlerine çyg çaýyldy. – Şonuň hut özi alada edip otyr. Bizem şonuň buýrugy bilen şeýdip ýörüs... Marydaky salyrlaram Sarahsa şoň görkezmesi bilen getirildi.

Otjan kel ýene bir gezek:

– Bäýip-bä-ä... – diýeninden soň, ýap-ýaňyja zarp bilen galdyran oturýerini indi usullyk bilen öňki ýerinde goýdy. – Errekgemen-nä-ä!..

Molla Sähet onuň soňky sözüne düşünmedi. Has takygy salyr şiwesidir öýtdi. Hakykatda welin beýle söz salyrda-da ýok. Asla onuň manysam ýok. Hiç zady aňladanok. Ol söz Otjan keliň öz önümi. Çagalykdan agzynyň werziş eden endigi. Bir zada garaçyny bilen geň galsa ol ilk-ä usullyk bilen kükregini ýelden dolduraga-da: “Bäýipb-ä-ä...” diýip pyşgyrmaly, ýeli boşandan soňam: “errekgemenn-ä-ä!” diýip, ulyili bilen gygyrmaly. Şeýtmese ynjalyp bilenok. Ýüregi ýerine gelenok.

Ýöne onuň düýbünden ýat adamlaryň, onda-da uly bir döwletiň ygtyýarly wekilleriniň ýanynda, düýpli meseläniň çözülýän wagty beýdip, ýeke özüniň alagalmagal bolup oturşyny kethudalar halamadylar. Ony çagyrandyklary, iň bolmanda sesini çykarman oturmaklygyny öňünden tabşyraýmandyklary üçin puşman edýän ýaly, gözlerini tegeleşip, biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Baş kethuda Begnazar: “...Gysyp otur” diýen manyda, aşaklyk bilen öz ýüzüne seredip batly-batly ardynjyrandan soň Otjan kel ýalňyşyna düşündi, gyzaryp aşak bakdy, oturan ýerinde götinjekläp yza süýşdi, gaýdybam sesini çykarmady.

Molla Sähetdir, onuň ýanyndakylar welin, öý eýeleriniň beýle oňaýsyz ýagdaýa düşendiklerini aňmadylaram.

– Men indi gaýdaýyn, adamlar – diýip, myhman kethudalaryň ýüzüne ýekän-ýekän garap çykdy. – Esasy mesele boýunça gürrüň etdik. Düşünişdik. Men siziň haýyşyňyzy Alyhanowya ýetirerin. Sizem näme, öz araňyzda ýene bir gezek maslahatlaşyň, halkyňyza sala salyň, netijäňizem aýdarsyňyz-da. Ýetirersiňiz-dä... Ýöne, köp garaşdyrmaň. Howlugyň. Sebäbi bu wagt her sagat gymmatly. Hasaply. Hemme zady çözýän şol. Edilen sähelçe haýal-ýagallygyň özi döwlet möçberinde, asyrlara barabar säwlikleriň üstünden eltäýmegi mümkin.

Ony köpçülik bolup ugratdylar.

Soň ýene-de dolanyp öýe girdiler. Götermeligi üçin Otjan kele usullyk bilen käýediler. Ýerden ses çykdy Otjan kelden çykmady. Razylygyň alamaty hökmünde şo-ol, aşak bakyp, kellesini silkdi oturdy.

Şondan soň maslahat bir gijäniň içinde indi üçünji gezek täzeden başlandy.

Teke han adamlardan öňi bilen şu gelen habaryň iňňän gizlin saklanmagyny, takyk bellisi bolýança hiç kimiň, hatda öz öý agzalaryna hem duýdurmazlygyny haýyş etdi. Soň hemmeleriň göç baradaky öz gutarnykly pikirlerini aýtmaklaryny sorady.

– Asyl-ha bu meseläni beýdip, çözjek bolup çekeleşip oturmalygyň geregem ýok... – diýip, giriş hökmünde onuň özi gysgaça söz sözledi. – Bu mesele öň çözülen. Maý boldugy eglenmän göterilmelidigi hemmä belli. Ýöne, tertip-düzgün diýibem bir zat bar. Islendik mesele, çözgüdi aýdyň bolaýanda-da amal edilmezinden ozal orta atylaýmaly. Maslahatlaşylaýmaly. Her kimiň pikiri diňleniläýmeli. Öňümize düşjek bolup duranam kadaly-kanunly, şaly begzadaly uly bir döwlet bolansoň bu örän möhüm... Şoň üçinem, kim näme pikir edýän bolsa aýdybermeli. Kimiň gidesi gelmeýän bolsa onam çekinmän aýdybermeli.

Hemmeler Eýeberid ahunyň ýüzüne seredişdiler. Ahun köpçüligi uzak garaşdyrmazlyl üçin, çalarak ardynjyrady-da söze başlady.

– Ýazmuhammet dogry aýtdy. Bu mesele maslahata mätäç däl. Çözgüdi öň çözlen. Günübirin göçmelidigem belli. Şular ýaly mümkinçiligiň dörärine biz gör, näçe wagtlap garaşdyk. Ine, indi şunam sypdyraýsak welin galan ömrümize ata-watanymyzy görmäne zar borus. Çünki, ähli türkmen taýpalary eýýäm Orsyýetiň raýatlygyna girdi. Bir biz galdyk. Hä diýmänem ors hökümeti Eýran bilen arasyny ýapar. Serhet çeker. Şeýtmejek bolsa ol onlarça ýyl bäri Eýran şasy bilen onda-munda yzly-yzyna duşuşyp, Mugan daglaryny, lenkerany, Türkmensährany öz hasabyna geçirer ýörmezdi. Şonuň üçinem, sähelçe haýal-ýagallyk etsek, serhediň bäri ýüzünde galarys. Ýeke bir Sarahsdan däl, külli türkmen topragyndan, ähli kowumdaşlarymyzdan aýra düşeris. Biri-birimize saýry ýat adamlar bolup galarys... – Eýeberdi ahun süňklek, damarlak ellerini kelteräk ýaýdy. – Ine, meň-ä aýtjak zatlarym şu, adamlar.

– Diýmek, siz göçüň tarapdary-da? Gutarnykly pikiriňiz şo-da?

– Howwa. Meň gutarnykly pikirim şol.

– Ýagşy-y... – Teke han oturan ýerinde göwresini dikeldip köpçülige nazar aýlady. – Ýene kim geplejek? Şol wagtam onuň gözüniň gyýgy sag gapdalynda galgaýan kelteräk bir gola düşdi. – Hä-ä... Oraz senmi? Aýtjakmy bir zat? Aýt, aýt...

Baş kazy molla Oraz endigine görä gözlerini süzüp, sag eliniň inçe hem süňklek görünýän süýem barmagynam aýdym aýdýanyňky ýaly dik ýokary çommaldyp söze başlady.

– “Elli gepden belli gep” adamlar – diýende, onuň sesi göwresine görä-de, dilli tüýdügiňki has inçe çykdy. – Egerde Sarahsy orslar alan bolsalar, ýaňky ýigidiň aýdyşy ýaly bize-de: gelsinler, şu ýerde diňe şolary ýaşatjak, sebäbi, şolar şu ýeriň hakyky eýesi, diýýän bolsalar, arkalarynda-da Ak patyşanyň hut özi duran bolsa, özümizem şu ýagdaýdakak bize başga näme gerek? – Ol Teke hana ýüzlendi. – Ýaňy sen rast aýtdyň, Ýazmuhammet bu ýerde çözjek bolup çyglyp oturar ýaly

çiginli mesele ýok. Bar zat oň çözlen. Ras, mümkinçilik döredimi, günübirin göterilmeli...

– Bolýa. – Teke han köpçülige göz aýlady. – Ýene kim?

– Menem bir agyz aýdaýaýyn...

Baş kethuda Begnazar özüniň gyryljak sesi bilen boguljyrap gepledi.

– Birhili öňki aýdylanlary gaýtalaýan ýalam bolýan welin, şonda-da... – Ol gysymyny, agzyna guýguç edip birki ýola üsgürinjiredi. – Şol ýere baryp ornaşybilsek, ekin ekip, hasyl alyp açlykdan, horlukdan, keselçilikden, bergiden-borçdan halky alyp çykybilsek dogrudanam bize başga näme gerek? Gaýtam beýdip, bir zady müň gezek gaýtalap wagt ýitirip oturmalyň-da, häziriň özünde ugralyň. Alyhan diýilýäniň ýanyna! Niýeti ýaman bolsa Ak patyşa bize geňeşmän, Sarahsy öz orslaryndanam dolduryp bilerdi. Şeýdäýende-de onuň çekgesine çaljag-a ýok.

Begnazar sözüni tamamlaryna mähetdel Teke han Meňli hanyň ýüzüne seretdi. Çalaja baş atdy.

– Howwa?.. Meňli?... Sen?..

Garalygyndan ýaňa ýaňaklary ýalpyldap duran geplemezegräk gepläýende-de "pert-pert" gepleýän Meňli han çalarak gozganjyrady. Çalaragam ardynjyrady.

– Umuman, aýdylan zatlar dogry. Menem elbetde, göçüň tarapdary. Men muny ähli kiçiagalylaryň adyndanam aýdyp biljek. Ýöne, ine, ýaňy myhmanyň ýanynda-da gozgaldy şol mesele Eýran bilen algy-bergili meseläni çözmän, algydaryňy razy etmän, ýüzüňi garaňka tutup, gaçyp gidibermegem-ä birhili. Ýaňky ýigidiň aýdyşy ýaly bu meselede parslar bilen orslaryň özleri gepleşip, özleri dil tapyşybilseler-ä ne ýagşy, birden, o-da başa barmasa welin... Gelşikl-ä däl öz-ä. Kyýamat güni alnymyzda goýuljak ters işi etjek bolýan-a däldiris-dä hern-ä?..

– Aý, Meňli senem-ä! Şu ikiarada-da kyýamaty orta sokan bolup, muşakgat ýazdyryp otyrsyň-ow... – diýen-de Teke hanyň aşaky dodagy eňegi bilen bilelikde titir-titir etdi. – O mesele orta goýlanog-a bu wagt. Häzir diňe göçmelimi, dälmi diýlen meselä seredilýä, halkyň şo baradaky pikiri soralýa. Gidesi gelýän-ä: gitjek, diýýä, gidesi gelmeýänem: gitjekgä, diýýä. Başga gürrüň ýok.

– Göç barada men öz pikirimi aýtdym. Men şoň tarapdary.

– Ine, mynyň bolýa. Ýaňky diýeniň, bolsa enşalla ertiriň özünde Alyhanyň ýanynda çözleris. Bergili mesele birýüzli edilmese, biz hakykatdanam gidibilmeris. Ol namartlyk bolar. Egerde nesibämiz göterilip gidäýsegem, heran-haçan üzlüşjekdigimizi boýnumyza alyp, gideris.

Şondan soň molla Ýegenmyradyň teklibi boýunça, şu meseläni süýndürip oturmaklygyň geregi ýok hasap edildi.

Teke han Abyt işana-da söz bermekçi boldy, ýöne, ol endigine görä, "myssa" ýylgyrdy-da, köpçüligiň aýdanlaryndan artyk aýdara zadynyň ýokdugyny aýdyp söz sözlemekden boýun gaçyryd.

Şol wagtam Maryda oturylan döwürleri teke garyndaşlara goşulyp, Gökdepe galasyny goraýjylara kömek bermek üçin Ahala giden, Teke hanyň daşkynrak garyndaşy Öwezgeldi batyr atly daýaw, çekge süňkleri çykyşyp duran, tegelek ýüzli gabakman saryýagyz ýigit ýaýbaň egilerini ýaýkyldadyp oturyşyna bir elini ýokary galdyryp, maslahaty ýapmak üçin ýaňy bir agzyny açan Teke handan söz sorady.

Han rugsat berendenem gaýşarylybraga-da her kimiň ýüzüne bir garap, ýognas sesi bilen, howlukman “lepbil-lüpbülräk” gürledi.

Gitmäge mümkinçilik döräni gowy zat, akgalar! Bergili meselämizem oňyn çözüläýse-hä hasam gowy. Ýöne, bir zady pikir ediň: O ýere barybam orslaryň golastyna düşjek bolsak, onda bizň Watanymyza gowuşdygymyz-a bolmaz. Bir aždarhanyň agzyndan sypyp, beýlekisiniň agzyna baranyň bilen beladan gutuldygyňam bolmaz. Ýurdumyzyň mazasynynam bilmeris. Çünki, Watan biziňkem bolsa, eýesi olar bor. Biz bolsak olaryň guly borus!...

Ýap-ýaňyja edilen duýduryşy eýýäm ýadyndan çykaran Otjan kel ýene-de gykylyklap başlady.

– Aý, guluň guly bolandan-a orsuň guly bolanyňam gowudyr-laý...

Hiç kimden ses çykmady. Öýüň içinde şeýle bir ümsümlik höküm sürdi welin, Otjan kel gepsiz-gürrüňsiz öz ýagdaýyna düşündi. Ýerliksiz gepländigini, asla özüniň ara goşularynyň islenmeýändigini, halanmaýandygyny ýene bir gezekaňdy. Şonuň üçinem, çym-gyzyl boldy-da, edil öňküsi ýaly aşak bakdy oturyberdi. Öwezgeldi batyr sözüni dowam etdi.

– ...Men şunuň şeýle boljakdygyna yşanýan. Sebäbi, gözüm bilen gördüm şolaryň nähili rehimdardyklaryny. Olar tekeleri şeýle bir gyrdylar, ne ýaş, ne garry, ne aýal, ne erkek hiç kimi gaýgyrmadylar. Gala synansoň, halk açlykdan ölmezlik üçin, öz gallalaryny olardan diläp almaly boldular. Olar Gazawatdaky türkmenlerem şeýtdiler. Hazar deňziniň ýakasyndaky ýomutlara-da ilki bize berişleri ýaly süýji söz, boş wadalar berip, soň, aýaklary ýer ruransoň işikdäki düýelerine çenli “bagyrdyp” ellerinden aldylar, üstlerindäki gara öýlerine çenli sypyryp alyp gyş oduny edindiler. – Öwezgeldi batyr uludan dem alyp oturşyna töweregine göz aýlady. – Gepiň gysgasy olaryň zalymlyklary gajarlaryňkydan kän beter. Bular-a gyssanan wagtyň tohumlyk däne berýäler, ýagşy-ýaman ýer berýäler, olar bolsa gaýtam duluňdakynam syryp-süpürip alyp gidýäler...

– Gökdepede uruş boldy, Öwez!... – diýende molla Orazyň sesi öňkülerdenem kän çasly çykdy. – Uruş bolan ýerde bolsa gyrgynçylygam bolýar, ýykgynçylygam. Talaňçylygam bolýar, diýdimzorlugam. Egerde Apbas Müräniň Sarahsa eden çozuşyny gören bolsaňyz, onda gajarlary orslara görä ynsaply saýmazdyň. Umuman o zatlara ors bolsun, hyrs bolsun, pars bolsun halk däl-de, uruş günäkär. Sebäbi urşuň edähedi şeýle. Ýüzi, häsiýeti şolar ýaly. – Molla Oraz öňünde duran okarany eline aldy, içindäki paşyrdap duran düýe çalyndan owurtlap bokurdagyny ölledi. – Ýöne, olar ýaly zadyň hiç birinem indi senem görme, Alla jan hiç kime-de görkezmesin. Elbetde ahally garyndaşlara eden jebirleri üçin orslar günäkär. Oňa söz ýok. Hudaý olara iru-giç göz görkezer. Tekeleriň aşa mertlik, gahrymançylyk görkezendiklerem çyn. Ýeňiljekdigiňe, güýç, ok, däri, ýarag taýdan asgyndygyňa gözüň ýetip durka-da şolar ýaly uruş serenjamlary ähli tarapdan üpjün patyşalyk goşunyň garşysyna eliň ýalaňaç gylyçly çykmak her kesiň babaşarjak işem däl. Ýöne, şolar welin, şony şeýtdiler. Şol, seň diýýän günüňe düşjeklerini bilip duranam bolsalar etdiler şony. Watan diýip jan berdiler, jan aldylar. Gan dökdüler. Orslaram ony gaty gördüler. Sebäbi, basybalyjynyň edähedi şeýle! Öňünden “lepbeý” diýip, eliň duz-çörekli çykmasaň halanok. Gaty görýä. Şonuň üçinem, şol ýerde şeýle boldy. Ýaňky seň agzap geçen aýylganç wakalaryň ýüz berdi... – Molla Oraz: köp

gepleýän-ä däldirin, diýen manyda Teke hanyň ýüzüne seretdi. Ol hem: aýdyber diýen terzde yşarat edenden soň sözüni dowam etdirdi. – Ýöne, ine, maryly garyndaşlar welin, düýbünden başgaça hereket etdiler. Uruşsyz boýun boldular. Biz olaryňka-da däl diýip bilmeris. Sebäbi olar urşuň netijesizdigine Gökdepäniň mysalynda göz ýetirdiler. Halky gyrgynçylykdan halas etdiler. Ýa-da ine, alyp görsek, ärsary türkmenleri Buhara bilen, saryklar bolsa Mary bilen bilelikde birikdiler. Kenarýaka ýomutlar-a baryp-ha nä wagtlardan bäri Orsyýetden raýatlyk sorap başladylar. – Molla Oraz Öwezgeldi batyryň ýüzüne çiňerildi. – Görşüň ýaly batyr her kim, her zaman öz ýagdaýyna, döwrüň, syýasatyň ýagdaýyna görä hereket edýä. Bizem şöýtmeli. Başga ýagdaý ýok. Çünki, göreşde-de, söweşde-de, syýasatda-da kim güýçli bolsa şol ýeňýä. Ýeňen adamyňky welin ýalňyşam bolsa dogry bolýa. Ýeňleniň asla gepi diňlenmeýärem, ýolam almyýa. Türkmenler ýöne ýere: “Agzy gyşygam bolsa baý ogly gürlesin” diýen däldir. Çünki, ejiz bolup güýçliniň ýanynda gürleseň seňki hakam bolsa özüň günäkär borsuň. Özüňi uranyň palta hakynam tölemeli borsuň. – Molla Oraz gurak-gurak ýuwdundy. Ýagdaý şeýle, ýöne nätjek, aýagyňy ýorganyňa görä uzadaýmasaň başga çykalga ýok. Şu wagt ortarada somalyp galan bir biz. Biziňem urşara-ha ýagdaýymyz ýok. Asyl ors hökümeti “urşaly” diýip üstümize dyzabam duranok. Gaýtam: geliň, kömek edeýin, Watanyňyza eýe edeýin, diýip, çagyryp dur. Onsoňam eger-de ahally serkerdeler şolar ýaly ganly çaknyşyklardan soňam ors baýarlary bilen barlyşyp, saçaky gatnaşyp ýören bolsalar, Dykma serdar, Magtymguly han, Gulbatyr serdar ýaly şol urşa ýolbaşçylyk, orsuň men-men diýen ýanarallary, bolköýnekleri bilen döş direşen adamlaram bu gün olar bilen ýaraşyp, Ak patyşanyň huzuryna gidip-gelip, hyzmatyny edip ýören bolsalar biz nämüçin ikirjiňlenmeli? Egerde aňyrlarynda bir bet niýetleri bolup, onam häzirlikçe bildirmeýän bolsalar onda onçasyny soň görübiris. Öwezgeldi batyr dişini gyjap ýüzüni kese sowdy.

–Soň başga zat göräýmeseňiz, Oraz akga...

Molla Orazyň beýnisiniň içinde ýyldyrym çakan ýaly boldy. Inçemik göwresi elenip gitdi. Hernäçe syr bildirmejek bolsa-da gatyrgananyny bilmän galdy.

–Aý, Öwwi han... – diýende sesi juda ynjyly çykdy. – B... B... Birinjiden-ä edep sakla. Ikinjidenem gepiň manysyna düşün. Ýa şu aýdylanlardan başga ýol, çykalga bamy? Bilýäňmi? Aýt, bilýän bolsaň... Ýa gidesiň gelenokmy Sarahsa? Gal onda... Ýöne, gep bu ýerde sen ýa men barada däl-de, uly il barada barýa... Adam iki ädim ätjek bolsa, öňürti hökman şoň birinjisini ädäýmeli. Başga ýagdaý ýok.

Indi birneme deminden düşüşen Öwezgeldi batyr diňe şondan soň ýan berdi.

Menem ýaňky zatlary göçe garşy bolanym üçin däl-de, häki bir maglumat üçin aýtdym, Oraz akga “Orsdan ataň bolsun, biliňde paltaňam bolsun” diýen nakylyň ýöne ýere döremändigini ýadladaýaýyn, diýdim. Şol zatlar barada hem birazajyk oýlanyp görmegiňizi isledim.

Batyr ýigit bilen kazynyň arasynda bolup geçen bu agyr hem gussaly gürrüňden soň geplän bolmady. Hatda Teke hanyň özem esli wagtlap aşak bakyp içini hümletdi oturdy. Diňe, ýola düşmek üçin gitmeli adamlaryň kim-kimlerdigini basymrak belli etmek baradaky teklip orta atylandan soň köpçülige täzeden jan girdi.

***

Şol gijäniň özünde ýola düşdüler.

Her kim öz ýanyndan öňde duran mesele, düýnden bäri yzly-zyyna üç gezek geçirilen maslahatdaky edilen gürrüňler, orta oklanan pikirler, esasanam Öwezgeldi batyryň janyndan syzdyryp aýdan sözleri barada içinden oýlanyp barýar. Bolar-boldajyny, geler-geldejini öz aň mümkinçiligi boýunça ölçerýär, dökýär. Ugruna çykylan bu işiň soňunyň näme bilen gutarjakdygyna göz ýetirmäge çalyşýar.

Diňe Pulhatyn köprüsine gelenlerinden soň barysynyň dili açyldy. Çünki, haçanlar bina edilendigem bilinmeýän bu ajaýyp desga gije bolsun, gündiz bolsun, uly ýa kiçi, aýal ýa erkek bolsun tapawudy ýok, duşundan geçeni biparh goýmaýar. Kalbyny gozgaýar. Bilesigelijiligini artdyrýar. Sungata bolan söýgüsini joşdurýar. Ol barada bir zatlar eşidesi, bilesi gelýär.

Ilkinji gezek görýän adam bolsa hökman onuň üstünde düşleýär. Dürli taraplarynda durup içgin-içgin synlaýar, aşagyna girip çygjarmakdan ýaňa damjalary bulduraşyp duran hüjrelerini, edil düýn-öňňün gurlan ýaly tämiz hem berk görünýän daş diwarlaryny uly höwes bilen synlaýar. Sowuklaç, çygly hem hoştap howasyndan dem alýar. Köpleriň gözi bilen görmedik, ýöne, owazasyny eşidip, görmekligi höwes edip ýören zadyny görendigine buýsanýar, şeýle bagty miýesser edendigi üçin ykbalyndan minnetdar bolýar.

Bu gezegem şeýle boldy. Ýolagçylaryň arasyndan ilki "hümür-smür", soňam ondan-mundan gep-gürrüň eşidilip başlady. Öňi bilenem Molla Orazyň inçejik sesi çykdy. Ol gadymy köprüniň garaňkyda sudur bolup görünýän keşbine seredip özünden – özi:

– Büýem-ä ýat bolup galar-ow, Sarahsa göçsek, – diýdi.

Muny hiç kim eşitmese-de, atyň üstünde irkiljiräp gelýän Begnazar eşitdi. Ol tisginjiräp gözüni açdy-da, alasarmyk halda, bolşundanam beter boguljyrap gepledi.

Nämol? Näme ýat bolar? Kim ýat bolar?

Köpri.

Pulhatynmy-y?..

Howwa.

Bä-ä... Eýýäm şoňa geläýdikm-aý?.. – Begnazar köprä tarap boýnuny süýndürip seretdi-de, ýene-de molla Oraza sorag berdi. – I-i... Nämüçin ýat bolsun ol? Ger durarys-a...

Nädip geljek Orsyýete raýat bolsaň?

Ukudan açylyşan bolsa gerek, Begnazaryň sesi birneme durlanyp başlady.

– Hä, bolaňda nä?..

– Bolsaň bu ýere gelibilmersiň. Sebäbi Eýran muny özüne alar. Bu serhediň bärisinde galar.

– Sen serhediň nireden çekiljegini näbilýäň?

– Ýaňky gelip giden ýigit aýt-da, Tejen derýasy serhet bolmaly diýd-ä.

– Bolsa bolubersin, barybir ors muny Eýrana bermez!

– Ýa , senem-ä!.. Ors bu ýere ýaňy geldi. Eýran bolsa muňa müň ýyl bäri eýelik edip otyr. Onsoň bereri-bermezi bormy oň? Osoňam kim gurduran bolsa eýesi şol bor-da.

– Eýran gurduranmyşynmy muny?

– Onda kim gurdursyn. Ady aýdyp dur-a, Pulhatyn diýip. Aýduwlaryna görä muny Eýranly bir baý, pully aýal gurdurypdyr. Şoň üçinem, Pulhatyn, ýagny, Pully hatyn diýlipdir.

Diýseň-diýmeseň Oraz, hatynam, pulam pars söz-ä däl bolmaly. Ikisem türki söz. Parslar aýala hatyn diýenoklar-da "zen" diýýäler. Pula bolsa tümen diýýäler. Şonuň üçinem munuň adyna seretseň-ä biziňkiler gurduran bolmaly. Ýöne "pul" sözi bu ýerde köpri manysynda gelýän bolsa onda hakykatdanam parsça bolýa. Çünki, "pul" diýmek parsça köpri bolýa. Şoň üçinem, manysy "pully hatyn" bolanok-da, "hatynyň gurduran köprüsi" bolýa... Ýöne, haýsy hatyn? Kim ol? Ine, şol welin belli däl.

Şundan artyk jedel edere Begnazaryňkyça-da gory bolmadyk molla Oraz gylyjyny gynyna salyp gyra çekilmek bilen boldy.

– Aý, biziňk-ä bir eşitmiş how, Begnazar. Haýsynyň dogrudygyny welin, Hudaý bilsin.

Olaryň tas ula ýazan jedeli hemmeleri ukudan açdy, özüne çekdi, gyzyklandyrdy. Teke han gapdaly bilen jylaw deňläp barýan Abyt işana ýüzlendi.

– Sen näme pikir edýäň bu barada, Abyt? Hiý takyk bir jogaby ýokmy muň seň okan kitaplaryňda.

Abyr işan molla Oraz bilen Begnazaryň aýdanlaryny ret etmeli boljakdygyna gynanýan ýaly birneme böwrüni diňläp gidenden soň:

– Bar han aga, jogaby bar. – diýdi. Şol wagt onuň endigine görä, "ýyrş" edenini Teke han garaňkylygam bolsa aňdy. – Köne ýadygärlikleriň hemmesiniňki ýaly taryhy kitaplarda muňňam döreýşi barada maglumat bar. – Hemmeler atlaryny debsileşip oňa golaý geldiler. Molla Oraz bilen baş kethuda Begnazar ikis-ä ony hasam alkymladylar, hatda bu geň gürrüňi eýeleri bilen deňine diňlemekçi bolýan ýaly, atlaram burunlaryny arçaşyp, gulaklaryny keýerjekletdler. Şol dem olaryň toýnaklaram topraga degmän, howanyň ýüzünden gaýmalaklap barýan ýaly bolup duýuldy. – Munuň ady Temir leň soltanyň ogly Şahruhyň aýaly Göwherşatbike hatynyň ady bilen baglanyşykly. Ýagny, Begnazaryň Göwherşatbike hatynyň gurduran köprüsi diýeni hakykata golaý gelýä, ýagny bu ýerde "pul" sözi köpri manysynda gelýä. Özem parsça. Ýöne, dogry aýtjak bolsaň "pul" däl-de, "pool" diýmeli. Biziň dilimizdäki sowulýan puluň muňa dahyly ýok. Yzyndaky "hatyn" sözi welin türküçe.

– Diýmek onda "Pulhatyn" pully hatynyň gurduran köprüsi bolanok-da, "Hatynyň gurduran köprüsi" bolýa-da?

– Howwa, han aga, hut şeýle şol. Özem biri parsça, biri türküçe bolan iki sözden durýa.

Özüniňkiniň hakykata golaý bolup çykanyna ýüregi joşan Begnazar gürlände sesi "şyg-şyg" edip, bokurdagyndan zordan çykdy.

– Aýtdym-a men, ýaňy, şöýledir şol diýdim-ä...

– Nä döwürlerde gurlan zatka bi, Abyt – diýip, häliden bäri sesini çykarman içini hümledip gelýän Meňli hanam gürrüňe goşuldy. – Biz aklymyzy bilib-ä şu-da ba. Özem gaty berk gurlupdyr.

Garaňkyda eşidilmez ýa aňşyrylmaz öýtdümi, nämemi Abyt işan ömründe etmeýänini edip gaty gürledi:

– Mundan dört ýarym ýüz ýyla golaý öň gurlan zat bi, Meňli akga. Kakasy ýogalandan soň Şahruh Horasan, Mazaendaran, Sistan welaýatlaryna hökümdarlyk edýä. Ol kakasynyň basyblyjylykly ýörüşleriniň netijesinde bolan ýykgynçylyklary düzetmekde, weýran bolan galalary şäherleri dikeltmekde, ýadygärlikleri abatlalaşdyrmakda meşhurlyk gazanypdyr, il arasynda uly şöhratdan peýdalanypdyr. Iň bärkisi biziň iň belet, özümize has ýakyn ýadygärlik bolan Sarahs baba kümmeti hem şol döwürde düýpli abatlandyrylypdyr. Syn etseňiz şoň öň tarapy güberçekli nagyşlar bilen bezelendir, ana, şo-da şo döwürde edilen. Onuň aýaly Göwherşatbike hatynam öz adamsy ýaly il bähbitli haýyr-sahawat işleri bilen meşgullanypdyr. Şu, biziň gürrüňini edip barýan köprümizem şol gurdurypdyr. Habaryňyz bar bolsa şu wagt Maşatda Göwherşat metjidi bardyr, ana, şo-da şol aýalyň gurduran desgasy bolmaly...

Abyt işan sözüni tamamlady.

Esli mahal hiç kimden ses çykmady. Molla Oraz bilen Begnazar ikisi ýerli-ýerden özbaşlaryna bir zatlar diýişdiler, ýöne, näme diýendiklerini aňşyran bolmady. Her niçik hem bolsa, Abyt işanyň jogaby köp zatlary aýdyňlaşdyrdy. Ýolagçylaryň arkasyndan agyr ýük aýrylan ýaly boldy.

– Be-e... Beýle eken-ow bi asyl. – diýip, Meňli han ukudan açylan ýaly bir haýukdan soň ýuwaşja seslendi. – Şu çaka çenli eşitmeýşimizi, bilmeýşimizi diýsene. – Şondan soň ol ýarym degişme bilen, Abyt işana degişli edip: – Aýdaýaňog-aý senem... – diýdi.

Oňa çenlem Pulhatynyň üstüne çykdylar. Sag kenara geçdiler we Gyzylgaýanyň etegini syryp, Nowruzabadyň üsti bilen Köne Sarahsa tarap ugur aldylar.

Daň saz beriberende Görogly şadessanynda ady duşýan meşhur Buldurgassap galasynyň, entegrägindenem Weýeňňäm şäheriniň harabaçylyklaryna ýetdiler.

Günüň dogmasy bilen bolsa Abyl fazl Sarahsynyň kümmeti, onuň aňrysyndan bolsa gadymy Sarahs galasy elesläp göründi.

## XI
## Alyhanowyň huzyrynda

Podpolkownik Alyhanow salyr kethudalaryny Gowşuthangalada, soldatlar tarapyndan, Tejen derýasynyň boýundaky bol biten ýylgynlardan ýyglyp, kazarma hökmünde gurlan, käbir ýerlerinden Günüň şöhlesi geçip duran ägirt uly, giň hem beýik çalmaryň içinde kabul etdi. Musulmança salamlaşdy. Hemmeler bilen ýeke-ýeke, ikelläp görüşdi. Saglyk-amanlyk soraşdy. Öňünden ýazlyp goýlan tämiz düşekçeleriň üstünde oturtdy. Duz-çörek hödür etdi. Özem olar bilen bile oturyp naharlandy. “Bissimilla” bilen başlap, töwür bilen tamamlady. Hormat goýup myhmanlara el galdyrtdy.

Şol zatlardan soň myhmanlar onuň nä milletdendigini sorajagam bolmadylar. “Hä-ä, musulman ekeni...” diýdikleri bolsa gerek, biri-birleriniň ýüzlerine seredişip baş atyşdylar-da, oňaýdylar. Musulmanlar bilen şeýdip, oňşukly işleşip, iň bir wajyp

meselelerinem olara ynanyp bilýän bolsalar, onda, diýmek orslaryň özlerem musulmançylyga, gepe-söze düşünýän salyhatly adamlar bolmaly.

Hezzet-hormatdan soň Alyhanow öz myhmanlaryna Orsyýetiň türkmen topragyna aralaşmagynyň düýp sebäbini Orsyýet-Owganystan-Hindistan söwda ýolunyň açyljakdygy, şol ýoluň bolsa Türküstanyň, hususan-da türkmenleriň üstünden geçip gitjekdigi, şol ýoluň howpsuzlygyny üpjün etmekligiň bolsa bu ugurdaky iň bir zerur çäreleriň biri bolup durýandygy bilen düşündirildi. Bu ikortada Orsyýetiň şondan başga üýtgeşik bir bahbidiniň ýokdugyny öwran-öwran tekrarlady. Başda prsça bilen türküçäni garyp gürlän hem bolsa, soň sap orsça geçdi. Molla Sähet terjime etdi.

Podpolkownik ors ýaragynyň türkmen topragyna asudalyk getirjekdigini, mundan buýana Eýran tarapyndanam, Buhara ýa Hywa tarapdanam hiç hili çapawulçylygyň, alamançylygyň bolmajakdygyny buýsanç bilen aýtdy, özleriniňem şolar ýaly hereketler etmeli däldiklerini duýdurdy.

Onuň: ors ýaragy türkmenlere asudalyk getirdi diýmegi häliden bäri içini hümledip oturan Öwezgeldi batyra ýakmady. Onuň ýerinden towsup turaga-da: siziň nähili asudalyk getireniňizi men bilýän, diýip gygyrasy geldi. Olar ýaly hereket etmeli däldigine gözüni ýetirenden soňam Otjan kel ýaly bar zady bir özi bulaşdyryp oturybermezlik üçin, ýüzüni bir gapdala sowdy-da, ajymtyk ýylgyrdy, iki eli bilenem başyny tutdy.

Onuň içki howsalasyndan bihabar podpolkownik şol bir badyhowalygy bilen sözüni dowam etdirdi.

– Biz bilýäs, az hem hossarsyz taýpa bolaňyzsoň siz köp horluklar çekipsiňiz, bir gidipsiňiz, soň ýene gelipsiňiz-de ýene-de gidipsiňiz. Sebäbi sizi bu ýerde oturtmandyrlar, oturtsalaram ynjaltmandyrlar. Molla Sährdiň maňa aýtmagyna görä, siz häzirem Zurabatda göz tussagy ýagdaýynda otyrmyşyňyz. Egerde tiz wagtyň içinde göçüp gelibilseňiz welin, onda biz siziň şu ýerde ornaşmagyňyza kömek ederis. Çünki, bu ýeriň indi Eýrana dahylly ýeri ýok.

Öňki gören görgüleriňiziň barysy geçmiş bolar. Siz erkin hem parahat ýaşarsyňyz.

Alyhanow aýtmaly zatlaryny aýdyp boldum edeninden soň, özüňizem bir zat aýdyň, diýýän manyda Teke hana tarap gaşlaryny gerip baş atdy.

– Bu ýere göçüp gelmäge biz ikelläp razy – diýip, Teke han endigine görä ýuwaşjadan hem saldamly gürläp başlady – Owalebetde barymyzyň islegimizem şol. Ýöne... Eýran hökümeti bizi o ýerden goýbermejeg-ä bor. Iň bolmanda algy-bergisini ara sokar. Şony biryüzli etmesek öz göwnümize-de jaý däl. Şonuň üçinem, göç meselesinde siz bize nähili kömek edip bilersiňiz? Esgerleriňiz bilen baryp, alyp gaýdyp bilermisiňiz? Bergimizden welin biz dänemizok. Haçanam bolsa biz ony olar bilen üzülişeris.

Alyhanow çürt-kesik jogap berdi.

– Ýok! Ony biz edip bilmeris. Çünki, atly-ýaragly derýanyň aňyrsyna geçmäge biziň hakymyz ýok. Ol ýerde oturan adamlary alyp gaýtmaga-ha asla-da hakymyz ýok. Bu halkara syýasatyna ters gelýär. Bir döwletiň serhetini bozup içine girmek, oňa uruş yglan eden ýaly bir zat bolýar...

Öwezgeldi batyr uludan demini aldy-da, ukudan açylan ýaly gözlerini açalak-ýumalak edip başyny galdyrdy, ýüzüni ynjyly çytdy-da öz-özi bilen gürleşýän ýaly ýuwaşlyk bilen:

– Gökdepä çozanyňyzda, Gazawatda ýomutlary gyranyňyzda näme şol düzgüni bilmeýädiňizmi... – diýdi.

Onuň bu sözlerini Alyhanow eşitmedi. Teke han bolsa eşitmezlige saldy. Podpolkownige terjime edip bermändigi üçin molla Sähede minnetdarlyk duýgusy bilen garady. Soň gazaply nazaryny Öwezgeldi batyra tarap aýlady. Alyhanow sözüni dowam etdirdi.

– ... Ýöne ine, özüňiz başyňyzy çarap derýadan bäri geçibilseňiz welin, biz sizi garşylabam, gorabam, bosgunlar hökmünde kabul edibem bilýäs. Oňa Biziň hakymyz bar. Bu ýerde esasy zat siziň öz razylygyňyz we başarnygyňyz.

– Biz ony başararys – diýip, Teke han ynamly gürledi. – Biz göç-gona werziş bolan adamlar. Şu ýere gelenimizden soň goraljagymyzy bilsek galan zadyň hötdesinden geleris. Razylygymyz barada bolsa başda aýdyşym ýaly hiç hili gürrüň bolup bilmez. – Ol öz wekillerine ýüzlendi. – Dogry dälmi adamlar?

– Dogry.

– Biz razy.

– Asyl biziň ýetip bilmän ýören arzuwymyz şol.

– Ak patyşaň ömri uzak bolsun.

– Özüňem sag bol.

Başga-da kän zatlaryň başy agyrdyldy. Iň soňunda wekiller egerde göçüp geläýen ýagdaýlarynda özlerine ekin üçin nireden we näçeräk meýdan bölünip beriljekdigi bilen gyzyklandylar. Mümkin bolsa şol ýerleri görkezmegini Alyhanowdan haýyş etdiler. Teke han bolsa:

– Ýer-suw ýeterlik bolsa men ýeke bir Zirewedäki däl, eýsem Meýmendäki begsilerem, sakarlaram Çärjewdäki salyrlaram, onda-munda ygyp-sogup ýörenlerem Sarahsa ýygnaryn – diýdi. – Şoň üçinem, bize ýer köp gerek bolar.

Alyhanow şol günüň özünde olar bilen bilelikde Tejen derýasynyň sag kenaryny syryp, Sarahsdan tä, Gyzylgaýa çenli aralykdaky ekin üçin ýaramly, suw çekip bolaýjak ýerleri ýokarlygyna paý-pyýada aýlandy. şol ýerleri karta geçirdi. Birnäçe bellikler etdi. Onam ikä böldi-de, günorta-gündogar bölegini Marydan göçürilip getirilen we Zurabatdan geljek salyrlara, demirgazyk-günbatar bölegini bolsa Teke hanyň aýdyşy ýaly ondan-mundan geljeklere berjekdigini aýtdy. Ýol planşetini ýygnaşdyryp durşuna:

– Entegem bu ýerleri biz size çen bilen berýäs, geljek adamlaryň sany köpeliberse, hemmä deň-derman bolar ýaly gaýtadan, başgaçarak bölmeli bolarys – diýibem sözüni tamamlady.

Teke han oňa nämedir bir zatlar diýjek bolup çemelendi. Şol wagtam gulagynyň agzynda Öwezgeldi batyryň ýuwaşjadan aýdan ýangynly sesi ýaňlandy.

– Ýazy akga, öz ýurdumyzda, öz ýerimizi, öz suwumyzy gaýry biriniň özümize paýlap durşuny, öz zadymyzy kimdir birinden diläp alyp durşumyzy nähili görýäň?..

Bu sözler ozaldanam jany ýanyp duran hana juda erbet täsir etdi. Gaňrylyp Öwezgeldi batyra garanda ýüzünde gahar-gazap duýuldy. Oňa ýakmazsyz bir zat

diýäýerli göründi. Dodaklary müňküldäp, uzyn gara sakgaly tutuş süňňi bilen bilelikde saňňyldady. Şeýle-de bolsa ýat adamlaryň ýanynda onuň bilen dawalaşybermekden saklandy. Öwezgeldi batyryň bir özi eşider ýaly dişinden syzdyryp, diýseň sowukganlylyk bilen şeý diýdi:

– Aýdýanyň dogry, Öwezgeldi. Ýöne, bir zady köp gaýtalaýaň. Onsoňam bu mesele agşamky maslahatda çözüldi. Bir zat aýtmaly bolsa aýdyldy. Häzirlikçe bizde şundan başga çykalga ýok. – uzyn göwre Öwezgeldi batyryň üstüne abandy. – Ýa özüň şu ýerleri şundan soraman alyp biljekmi? Alyp beribiljekmi?

–Ýok, on-a edibiljek däl, Ýazy akga. Ýöne, meňkem bir jan durmazlyk. Edýän sapalaklaryna gözüm ýetip duransoň dymmaga kararym ýetenok. Ine, şeýdip assa-ýuwaş ýeriňi-ýurduňy, erkiňi-ygtyýaryňy mazaly eliňden alanlaryndan soň, hanlygyňam eliňden alarlar welin, soňabaka şu eden işleriňe ökünip, puşman edip, bir çetde kibtiňi gysar durarsyň.

– Aljak bolsalar şu gün alaýsynlar, batyr şu hanlygy menden. Elden gidenine gynanar ýaly köşgi-eýwanly, bagly-bakjaly, arkasynda atly-ýaragly leşgerleri direnişip duran sapaly hanlyk mende öňem bolmandy, häzirem ýok. Bolmazam! Men bu zatlary hanlygyň keýpi bilen däl-de, ulusyň bähbidi üçin edip ýörün. Şony şu zar-zelillikden, tükeniksiz göç-hä-göçlükden dyndarmak üçin öňüne düşüp ýörün. Şol zatlaryň amala aşjagyna gözüm ýetse, men öz hanlygymdan şu günüň özünde döwtalap el çekmäge-de taýyn.

– Ýa-ak, Ýazy akga, olar hanlygyňy senden bu wagt berseňem almazlar. Sebäbi bu wagt sen olara gerek. Iň bolmanda öňlerine düşüp salyrlary Sarahsa eltmegiň üçin gerek. Çünki, Sarahs bu wagt dawaly ýer. Olar ony Eýranyň elinden almaklygyň tärini gözleýärler. Bizi şol ýere eltip, öz raýatlygyna-da salybilse, onuň işi bitýä. Ýa-da sen olar bizi Sarahsa bolup ýörüşlerimize nebsi agyryp eltjek bolýandyrlar öýdýäňmi? Ýa-ak, özlerine gerek bolandygy üçin şeýdýäler. Işlerini bitirenlerinden soň welin, olar ýeke seň däl, ähli türkmen taýpalarynyň hanlarynyňam hanlyklaryny ellerinden alarlar.

Teke han özüne erk etmek üçin beýnisine zor salmaly boldy.

–Şu gün bir halky batgadan alyp çykaly. Şu gün bir özümize bähbitli tarapyny saýlap alaly, soňuny soň görübiris. Öz göwün islegimize görä hereket eder ýaly bizde güýjem ýok, kuwatam. Bolaýanda-da bizem beýleki türkmen taýpalaryndan gaýratly däldiris. Bularyň garşysyna şolaram durup bilmediler, bizem durup bilmeris. – Teke han halys janyndan syzdyryp gepledi. – Senem indi mundan artyk atyňam ýeke çapma, meň ýüregimem çişirme. – Han indi garaçyny bilen gaharlandy. – Alyhanowa tarap baş atdy. – Ýa sen häziriň özünde şuň bilen “jirk-mirk” bolmagymy isleýäňizmi? Sarahsa göçüp geljekgä, halk Zirewede galmak isleýä, siz bilen il bolasy gelenok, diýeýinmi? Şeýdeýinmi? Şeýtsem halkyň mundan buýanky ykbalyny öz egniňe alybilersiňmi?.. Irdim men indi seň şol “mydy-mydy” gyjytly gürrüňleriňden.

Birneme öteräk geçenini aňan Öwezgeldi batyr hany şondan artyk tolgundyrmazlyk üçin uludan demini aldy-da, bir gyra çekildi. Olaryň diýseň dartgynly ýagdaýda bolup geçen dartgynly ýagdaýda bolup geçen özara gürrüňlerini hiç kim eşitmedi. Molla Sähedem olara tarap gulaklaryny gabardyp durmady.

***

Hoşlaşmazlaryndan ozal Alyhanow salyr kethudalary bilen oturyp, göç meselesini ýene bir gezek gutarnykly maslahatlaşdy, çugdamlasy. Gelnen netijä görä, salyrlar-a haýal etmän, bu gün-erte Zurabatdan göterilmeli, Alyhanow bolsa Pulhatyndan geçilen ýerde derýanyň sag kenarynda öz kazaklary bilen kömege taýyn bolup durmaly. Her bir ediljek hereket, hususan-da göçüň ugrajak wagty birek-birege iňňän takyklyk bilen ýetirilmeli. Üýtgeşiklik ýüze çykdygy habar ibermeli. Eýran tarapy hiç zat duýmaz ýaly, mümkin boldugyndan gizlin hereket etmeli.

Oňa çenlem Gün ýaşdy. Garaňky düşdi. Şondan soň wekiller-ä Zurabada gitmek üçin Pulhatyna tarap ugradylar, Alyhanow bolsa öz ýanyna alan bäş-alty sany soldaty bilen Sarahsa bakan gönükdi.

Ol häzir ýadaw. Ýatasy gelýär. Ukusy tutýar. Şonuň üçinem, oňa at üstünde oturmak kyn. Şeýle-de bolsa, soňky iküç günüň içinde bitirilen işiň lezzeti, Onuň Aly hezretleri Beýik Imperatoryň hatyrasyna indiki edilmeli işleriň süýjümtik aladalary ondan entek-entekler gowşamazlygy, ruhuny sagdyn, bedenini berk saklamaklygy talap edýär.

Daş-töwerek bolsa tüm garaňky. Diňe atlaryň gumaksy ýere urulýan tutuksy toýnak sesleri, burunlarynyň "parryldysy", käte-de özara gep alyşýan soldatlaryň argyn sesleri eşidilýär. Aram-aram çyzylýan otluçöpleriň gyzgylt hem öçügsi şöhlesi soldatlaryň ýadaw ýüzlerini sähelçe wagtlyk ýagtyldyp gidýär. Temmäki tüssesiniň, onuň daşyna oralan kagyzyň ajymtyk ysy arassa howa ýaýraýar. Özüniň çilim çekmeýändigi üçin bu ýagdaý Alyhanowa gaty bir ýarap baranok. Şeýle-de bolsa sesini çykaranok. Özündenem bäş beter ýadaw soldatlara gaty-gaýrym hiç zat diýenok.

Akmaýanyň ýoly açyk asmanyň ýüzünde öwrüm ýasap gözýetimde bir ýerlerde ýitip gidýär. Daş-töwerekden çarlaklaryň irginsiz sesleri eşidilýär.

## XII
## Göçüň geňeşi

Alyhanowyň ýanyndan gaýdyp gelen gijeleriniň ertesi, Teke han-a Zurabatda, Meňli hanam Garadepede her obanyň ownukly-irili tiredir-uruglarynyň ýaşulylaryny, düzgünden çykmazlyk üçin Otjan kel ýaly her gezek duýduryş alyp ýörenlere çenli ýygnap, göç meselesi boýunça öňküdenem has giňişleýin maslahat geçirdiler. Mola Sähediň getiren habary, ýüze çykan ýagdaý, özleriniň şol mesele boýunça Sarahsa gidip gelişleri, ors serkerdesi bilen bolan gürrüň, gelinen netije barada giňişleýin gürrüň berdiler. Tä, goşlary daňmak pursaty gelip ýetýänçä göç barada hiç kimiň, ýanynda dil ýarmaly däldigi bu gezek hem her kime iňňän berk sargaldy.

Teke hanyňkyda ýygnananlaryň arasynda boýy keltejik bolansoň oturanyna-turanyna göz ilmeýän, hor, burnunyň ujy çaýkeliňki ýaly patallagynyň üstüne abanyp duran, ak köýnek-balagynyň üstünden ýakasy gyzyl syzgyly täzeje gök don geýnen, başy gytygrak telpekli, Otjan kel ýaly bäş-on öýlüden ybarat öz hataryna kethudalyk edip oturan, sözleriniň ýerini çalşyp, dürs gepläp bilmeýän köplenç

maslahaty bulaşdyrýandygy üçin, şular ýaly ähliumumy mesele bolaýmasa kän bir çagyrylybam ýörülmeýän, orta ýaşdan agyberen bir kişi bardy, adyna Jumasapar diýerdiler. Ine, öz ýagdaýyndan bihabar şol adam bu gezegem hamala maslahata çagyrylan adammyşyn-da, gollaryny kelemelledip ilden öňürti söz aldyda, gamyş beklenen ýaly hamçygrak görünýän gözlerini gymyldatman, boýnunam bir tarapa gyşardyp, Tek hana ýüzlendi.

– Ýememi osoň, Ýazmuhammet, daşyljak güni göçmüşinmi oň?

Ýagdaýyna belet bolansoň Teke han onuň näme diýjek bolýanyny gaýtalatjagam bolmady.

– Ýak, Jyma akga, daş däl. Başarsag-a häziriň özünde göterilibermeli welin, oňa ýagdaý ýok, ýöne, aňry gitse üç gün.

Soragyna kanagatlanarly jogap alan Jumasapar monça boldy. Tumşugyny taýzardyp daş-töweregine göz aýlady.

– Aý, bolýa-la oňňaly bolsa diýibem, endigine görä sag eliniň süýem barmagyny burnunyň aşagyna syhap: – Hümh... – etdirdi-de, burnuny çekdi. Yzyndaam: – Çü-ü-ýf – etdirip goýberdi.

Öňki maslahatlara gatnaşyp görmediklerem öňi bilen orak, algy-bergi meselesini gozgadylar! Teke han olara-da gelnen netijäni düşündirdi. Garaz, göçe garşy çykan bolmady. Gaýtam hemmeler begendi. Bir gynandyran zat-o-da meseläniň ýaşrynlygy. Öýe baryp heleýiň ýanynda şolar ýaly sisetli gürrüňleriň edilendigini şoňa hut özüňňem gatnaşandygyňy, pikiriňi aýdandygyňy aýdyp bolmajaklygy.

Maslahat: Hut ertiriň özünde hem Zurabatda, hem Garadepede bir wagtyň özünde uly toý tutulmaly. Şol toýuň şu ýerde tutuljagyny ýalawajyň barly adamlarynyň biri, araky uly sadakany sowan Jumadurdy baý, Garadepedäkini bolsa Meňli hanyň özi öz üstüne almaly, ana, şol toýlaryň şagalaňlarynyň arasy bilenem galapyn ýekebaralary, hossarsyzlary, uly göçüň aýagyna eýermejek garry-gurtulary, ýaş çagalary, agsak-towsak mallary serbazlaryň gözlerine güýdüşip ulagly-pyýada ugratmaly. Esasy göç şol günüň ertesi agşam, ýarym gijeden soň göterilmeli, diýen netijä geldi.

Maslahata gatnaşyjylaryň biri, abat mallaram şol kelte göç bilen sürülse soňky göçe ýeňillik bordy, diýen teklibi orta atdy. Muňa Jumasaparam goşuldy.

– Howwa-aýt, şol-a biçeme däl-aýt. Çopana çekenlere şeý diýip, aýtsaň, olaram şumatdan sürüberseler-ä kemem däl ýaly-aýt...

Ýöne, o pikir köpçülik tarapyndan goldanylmady.

Söz almaga çekinip, hiç zat diýmän turmaga-da namys edip oturan Otjan kel maslahatyň soňlaberenini aňdy-da:

–Bäýipbä-ä-ä – diýip, süýkdürdi-de içini ýelden doldurdy. Hemmeler şoňa tarap üşerilişdiler. “Errekgemen-nä-ä” diýerine sabyrsyzlyk bilen garaşdylar. Ýöne, o-da, şony duýup bilgeşleýin etdimi ýa ýöne, ekabyrlardan gep eşiderin öýdüp çekindimi, garaz, köpçülik hernäçe garaşsa-da ol şol sözi aýtmady. Içine ýuwutdy-da, dikilen gazyk ýaly aşak bakyp, sarsman oturdy.

Şondan soň adamlar turmak bilen boldular. Birdenem Teke han:

– Wiý-ý... – diýip, aýasy bilen buduna urdy. Entek turup ýetişmedik Begnazar bilen molla Oraza ýüzlendi. – Nazarly mergene habar edilen däldir-ow...

– Şeýledir-ow şol... – diýip, Begnazaram ahmyrly seslendi. Dodagyny dişläp başyny ýaýkady.

Teke han ýaňy bir gapa ýönelen Jumadurdy baýy ýanyna çagyrdy.

– Sen gaýrat et-de, Meňlä habar ýetir. Nazarly mergen şoň obasyna glaýdyr. Goý, adam ibersin. Özi gitse-hä hasam gowy.

Jumadurdy baý derhal Garadepä tarap ýola düşmek bilen boldy.

Il örensoňam gitmän, bir zat aýtmakçy bolýan ýaly Teke hanyň töwereginde köwejekläp ýören Abyt işan ahyry maý tapdy-da:

– Ýazy akga, Döwletdurdy tüýdükçiniňem-ä ýagdaýy agyrlaşýa... – diýdi. – Birden şu ikortada nemedäýse dagy nemetmeli bormuka ýa nememi?..

Teke han şondan soň Abyt işandan başga ýanyna molla Oraz bilen Begnazaram alyp, halyny sorap gaýtmak üçin Döwletdurdy tüýdükçiniňkä ugrady.

Gidip barýarkalar daşlaryndan syn edeniňde Teke hanyň göwresi beýlekileriňkiden has belent, howaly göründi. Gür gara baglygyň içinde biten ýalňyz derege meňzedi.

## XIII
## Döwletdurdy tüýdükçi

Apbas Mürzäniň Sarahsa eden çozuşynyň öň ýany Döwletdurdy tüýdükçi ýigrimi bäş ýaşlaryndaky syrdam boýly, inçemik, ak ýüzli, burny gönümel, boýny dutaryň sapy ýaly dik hem uzyn, goýun gözleri mähirli, görmegeý, alçak, märekemän ýigitdi.

Ýöne, şeýle ýaşdygyna garamazdan, ol eýýäm ýeke bir Sarahsda, Ahalda, Maryda ýa Pendi töwereklerinde oturan türkmenleriň däl, eýsem külli Eýranda hem meşhurlyk gazanan ökde tüýdükçidi. Hususan-da ony Horasan welaýatynda oturan parslar, azerbaýjanlar we kürtler özleriniň toý dabaralaryna köp çagyrýardylar.

Baryp-ha şol ýerlerde hem şeýle islegli bolmagyna onuň ýeke bir şol halklaryň sazlarynam edil türkmen sazlary ýaly ussatlyk bilen çalmaklygy başarýandygy däl, eýsem olaryň bagşylarynyň ýanynda sazandarlyk etmekligi hem başarýandygy sebäp bolýardy.

Şolar ýaly çakylyklaryň hemmesine ýetişjek bolup ylgap ýörşüne onuň öz obasynda tutulýan toýlara gatnaşybilmeýän gezeklerem bolýardy. Soňabaka-ha ol asylam gatnaşykdan galdy diýen ýaly. Öz obadaşlarynyň ýat ýurtlarda hem gyzylyň gyryndysy ýaly gereklenýändigi üçin, obadaşlary oňa başda buýsanýardylar, begenýärdiler, o hakda biri-birleriniň ýanynda agyz suwardyşyp gürrüň edýärdiler. Ýöne, soňabaka welin, onuň beýdip, ýat illerde-hä toý sowup, öz obalarynyň toýlaryna-da gatnaşman ýörşi salyrlary kejikdirip başlady. Dost-ýarlary dogan-garyndaşlary, esasanam ata-enesi özleriniň ýalňyz ogullaryny alada edip ugradylar. Çünki, onuň indi aýlap, hepdeläp däl, hatda ýyllabam yzyna köwlenmeýän halatlary bolýardy. Hossarlary diňe Eýrana söwda ýa ýitik gözläp gidýän obadaşlaryndan kimdir biri o hakda habar getirip, diridigini, bir toýda saz çalanyny gözleri bilen görendigini magat aýdanyndan soň köşeşýärdiler, eginlerinden ýük aýrylan ýaly uludan demlerini alyp, biri-birleriniň ýüzüne ynjalykly nazar bilen garaýardylar, hoş habar getireniň söýünjisini berýärdiler we ýerlerinden turup, işli-işlerine gidýärdiler.

Şu ýagdaý uzaga çekenden soň obadaşlaram kine etmäni goýdular-da, ýene-de edil başdakylary ýaly oňa guwanyberdiler. “Jany sag bolup, biziň saz sungatymyzyň şanyna şöhrat getirip, ony ýat illere ýaýyp ýörse bize şol bes...” diýdiler.

Eýranda haýsydyr bir asly Sarahsly türkmen sazandasynyň iňňän meşhurdygy, oňa öz toýunda saz çaldyrmak üçin men-men diýen gala hanlarynyň, şäher begzadalarynyň özara nobata duryandyklary baradaky gürrüňler Sarahsyň, Ahalyň üsti bilen Mara, ondanam Hywa, Buhara çenli baryp ýetende welin olaryň öz sazandalaryna bolan guwançlarynyň çägini söz bilen beýan eder ýaly bolmady. Agyzdan-agza geçip gelýän şol ýeldaýy gürrüňleriň berýän maglumatlaryndan çen tutsaň, Döwletdurdy tüýdükçiniň gazanjam ummasyz ulumyşyn we günlerde bir gün onuň öýlenmek üçin tirkeşi dokuzdan on hatar kerweni gyzyldyr-kümüşden mas ýükläge-de, Sarahsa geläýmegem ahmalmyşyn.

Elbetde, ol gürrüňleriň gyzyldyr-kümüşli we kerwenli tarapy birneme howaýyrak, berbesräk bolsa-da, onuň sungatyna, şöhratyna we dabarasyna degişli taraplary çyndy. Çünki, türkmen sazandasynyň Horasan hanlarynyň arasyndaky meşhurlygy baryp Eýran şasy Fethaly şanyň hut özüne-de ýetdi. Başda kän üns bermedigem bolsa, häli-şindi gulagyna degip duran bu habar bilen şa ahyry içgin gyzyklandy we emeldarlaryna buýruk berdi. Haýsydyr bir köşk dabarasynda diňläp görenden soň, şanyň oňa göwni ýetdi. Sylag-serpaý etdi. Hoşlaşjak wagtam: “Basym daşary ýurtlardan köp adam geljek. Uly dabara boljak. Şonda men seniňem bolmagyňy, myhmanlara saz çalyp bermegiňi isleýän” diýdi.

Uly bir ýurduň patyşasynyň özi bilen şeýle içgin gyzyklanandygy, hünärine uly baha berendigi üçin, tüýdükçiniň öz sungatyna bolan höwesi artyp kalbyndaky hyjuwy derýa deý möwç urdy.

Bu habar edil günübirin bolmasa-da, öz döwrüniň hereket ediş mümkinçiligine görä, basym türkmen topragyna, şol sanda Sarahsa-da baryp ýetdi.

Öz aralaryndan çykyp giden bir pukara ýigidiň şolar ýaly belent derejä ýetendigini, şa mertebesine mynasyp bolandygyny “bismillä...” diýip, sag aýagy bilen köşgüň bosagasyndan ätländigini eşidensoňlar-a onuň haçanam bolsa bir gün hakykatdan-da altyn-kümüş ýükli kerweniň başyny çekip geljekdigine Döwletdurdy tüýdükçiniň obadaşlarynda şek-şübhe galmady.

“Döwletdurdy tüýdükçiniň at-owazasynyň şeýdip, beýgelip barşyna hemmeden beter begenýän, guwanýan, ýöne, onuň uzak wagtlap oba gara bermeýänine halys ýüreginden gynanýan, kerwensiz, altyn-kümüşsiz bolsa-da, egninde gara başyny göterip gelerine kaýyllyk bilen garaşýan bir ynsan bar, o-da Ýazsoltan.

Ol asla-da, Döwletdurdynyň hiç haçan, hiç ýana gitmezligini isleýärdi, ony kem-kemden özünden daşlaşdyryp barýan tüýdüginden gabanýardy. Her gezek ýat ile ugradanda: “Indiberi köp eglenme. Her gezek kerwen geçse öňünden çykyp, tä, Sarahsdan çykýança aýakýalaň gapdalyndan ylgap, jaň sesi eşidilse diňşirgäp ile ryswa boldum...” diýýärdi. Şolar ýaly pursatlaryň birinde Döwletdurdam oňa: “Bor. Şu gezekden soň kimden çakylyk gelse-de gitmen. Asla hiç ýere-de gitmen. Sarahsdan çykman. Gelşim ýaly hossarlaryňa sawçy ibärin. Ine, onsoň toý tutarys-

da, ikimiz hemişe bileje ýaşarys. Maňa öz ilimiň toýdur-tomaşasam ýetik bor... – diýipdi.

Ýöne, barybir tüýdük Ýazsoltandan üstün çykdy. Uly sungat iki juwanyň arasyna düşdi. Bar zat garaşylyşyndan, ýaş tüýdükçiniň öz söwer ýaryna söz berişinden, äht edişinden başgaça boldy. Ykbal olar bilen düýbünden başgaça oýun etdi. Ara günler aýlar däl-de, ýyllar, baky aýralyk düşdi.

...Söz berşi ýaly Fethaly şa Döwletdurdy tüýdükçini basym köşge çagyrdy. Resmi döwlet işi bilen daşary ýurtlaryň birinden gepleşige gelen myhmanlaryň hatyrasyna gurlan oturylşykda ony hem öz aýdymçy-sazandalary bilen bir hatarda oturtdy. Saz çaldyrdy. Köşk bagşylaryna sazandarlyk etdirdi.

Myhmanlarynyňam göwünleriniň ýetendigini görüp, şanyň Döwletdurda bolan hormaty hasam artdy. Ençeme wagtlap ony öz ýanynda saklady. Häli-şindi diňledi. Täze-täze aýdymdyr-sazlar döretmegini ilk-ä haýyş, soňam talap etdi. Şeýdip barşyna ol türkmen sazandasynyň özi bilenem, sazy bilenem şeýle bir öwrenişdi welin, asla ony ýanyndan goýberesi gelmedi.

Bir günem saz diňläp, "bag-bag" açylyp oturan wagty ol Döwletdurda köşkde ymykly galmaklygy teklip etdi. Egerde şoňa razy bolsa ep-esli engam, mülk, mal, pul, hemişelik wezipe, aýlyk wada berdi.

Onuň pikiriçe, döwletsiz, diwansyz, ondan-oňa göçüp-gonup ýören çarwa halkyň içinden çykan sada ýigit özüne edilen bu teklibi elýetmez bagt saýmalydy, begenmelidi, şanyň aýagyna ýykylyp, tozuny gözüne sürtmelidi, ömürboýy hyzmatynda boljakdygyny aýdyp, bagtyýarlykdan ýaňa gözlerinden ýaş dökmelidi.

Emma, Döwletdurdy tüýdükçi şany haýranlar galdyryp, eden bu teklibinden ýüz öwürdi. Ýöne, diýseň sypaýyçylykly sözledi. Ýerinden ör turup barmaklary bilen bagyr basdy. Baş egdi.

–Bildiren ynamyňyz, beren wadalaryňyz, öňki-soňky eden elmaýyşlyklaryňyz, şeýle belent mertebä mynasyp görendigiňiz üçin Taňry ýalkasyn, şahy älem! Döwletiňiz artsyn. Rysgalyňyz yrylmasyn. Ýöne, men bu ýerde galyp biljek däl. Göwnüm gije-gündiz türkmen sähralyklaryny, onuň özüm üçin mähriban adamlaryny, dogan-garyndaşlarymy, dost-ýarlarymy küýseýär. Toý-tomaşalaryny, ula goýberilen ýüwrük atlaryny, uruşgan itlerini, sarç inerlerini göresim gelýär...

Şa uly göwresini kiçeldip oňa töwella etdi.

–Weý, göresiň gelse, sen islendik wagty öz obaňa gezelenje gidip bilersiň. Men oňa asla garşy bolman. Dagdan aşan ýeriň öýüňdir-dä, näme...

–Gowusy siz islän wagtyňyz çagyryň, men gelip size hyzmat edip gideýin. Onsoňam... – Döwletdurdy tüýdükçi esli wagt oýurganyp oturdy. – Onsoňam ol ýerde meň ýoluma garap oturanym bar.

–Gyzmy?

–Howwa.

–Men saňa bu ýerden ondan-da gözel gyz tapyp bererin...

–Men oňa söz berdim, şahy älem. Sözüňden dänmek bolsa dowzaha barabar ýaman işmişin...

–Onda men ony şu ýere getirip, saňa nikalap bereýin. Toý tutaýyn. Harajatyny özüm çekeýin...

–Muňa ol gyzyň özem, ata-enesem razy bolmaz.

–Ata-enesini razy etmek üçin men olaryň islän zadyny bereýin. Agramlaryna-agram altyn çekmelem bolsa gaýgyrman. Özi barada aýdanymyzda bolsa, seni söýýän gyz muňa razy bolman bilmez. Seniň üçin ol islendik ýere, hatda dowzaha-da razy bolar.

Döwletdurdy tüýdükçiniň agzyna gelenem şu boldy. Ol uludan demini aldy-da, göwnüne hiç zat getirmän:

–Dogry aýdýaňyz, şahy älem, ol gyz dowzaha razy bolar, ýöne, bu ýere bolmaz... – diýdi.

Şa ýaryldy.

–Näme sen indi meniň ýurdum dowzahdan-da ýamandyr diýjek bolýaňmy?..

Döwletdurdy ýalňyşandygyna indi düşündi.

–Ýok! Ýok! Beý diýjek bolamok, şähy älem! Men ýöne öz obasyndan çykmaz diýjek boldum— diýip, özüni aklara bahana gözläp başlady.

Şa welin indi gazabyny gizlejegem bolmady.

–Sen bir gadyrbilmez nadan ekeniň! Şu ýurt seni adam etdi. Şöhratyňy beýgeltdi. Şu ýurduň halky seniň adyňy arşa göterdi. Indem sen bu ýurdy-ha dowzaha, onuň adamlaryny bolsa dowzahylara meňzedip otyrsyň. – Ol ýerinden turdy-da, gazabyna bäs gelibilmän iki ýana gezmeläp başlady. – Asla bu hakda men saňa maslahat salmanam bilerdim. – Teklibiniň ret edilmegini öz hyzmatkäri tarapyndan kemsidildigi hasap eden şanyň, gazaby gitdigiçe joşdy. – Ýasawul! – Işikde iki sany ýasawul peýda boldy. – Tä, köşkde galmaga razy bolýança zyndanda saklaň. Onda-da bolmasa, yzyny tapmaz ýaly, tapaýanda-da il-gününi, ýurduny görüp guwanmazy ýaly iki gözünem oýuň-da, paý-pyýada dagdan aşyryp goýberiň!..

***

Dört ýyl zyndanda otursa-da, Döwletdurdy tüýdükçi köşkde galmaga razylyk bermedi. Watanyndan dänmedi. Zaryny welin çekdi. Has beterem Ýazsoltan üçin çekdi. Onuň bu halyna dözmän zyndanda bile oturan pars adamlaryndan: “sen barybir bu ýerden çykyp bilmersiň, byradar. Ýazsoltanam görübilmersiň. Şoň üçinem, derhal köşge razy bol-da, bu ýagdaýdan dyn, hem-ä görer gözüňi halas edersiň, hemem söýgüliňe gowuşarsyň” diýenleri köp boldy. Emma, sazanda olar bilen ylalaşmady. “Heý, çöl jereninem bir köşkde saklap bolarmy? Hiý, sähra bilbilinem bir kapasa salyp bormy? Bu olaryň ikisi üçinem ölme barabar ahyry” diýdi.

Şeýle-de bolsa, ol günlerde bir gün hakykatdan-da şanyň ikinji buýrugynyň ýerine ýetirilerinden, gözüniň oýulyp il-gününi, Ýazsoltany görmekden ömürlik mahrum bolaryndan gorkýardy. Şonuň üçinem, Hudaýdan bir gudrat döräge-de, bir söý bilen özüniň zyndandan çykaryny, jezadan halas bolaryny dileýärdi.

Entek zyndana düşmänkä başlanan Eýran-Orsyýet urşunyň tamamlananynam, Apbas Mürzäniň Sarahsyň üsti bilen Mary sebitlerine ýörişe hyýallanýanynam, Sarahsy çapanynam, ylatyny gyryp, mallaryny talanynam, diri galanlarynyňam

Ýolötene tarap bosup, müňlerçesiniň Eýrana sürüleninem Döwletdurdy tüýdükçi zyndanda otyrka üzlem-saplamragam bolsa eşidipdi. Bi oňa ölümdenem beter täsir edipdi. Öz ýakyn adamlarynyň, Ýazsoltanyň Eýrana sürlüpdirmi, Ýolötene gidipdirlermi, ýa öldürilipdirmi, nä hala düşendiklerini bilmän gije-gündiz gan aglady. Zyndanyň sowuk hem daş diwarlaryna ura-ura maňlaýyny ýara etdi.

Ilki şazada Apbas Mürzäniň, bir ýyldan soňam Fethaly şanyň özüniň ýogalandygy barada yzly-yzyna, duýdansyz diýen ýaly ýaýran habaram ony köşeşdirmedi. Iň ýamanam ol wakalar tüýdükçiniň ykbalyna täsir etmedi. Çünki, şa ölse-de, onuň permany öz güýjünde durdy. Ol bendihananyň uly işgärleriniň biriniň demir sandygyndamy, ýa köşk diwanyndamy, garaz bir ýerde üýtgewsiz halda ýatyrdy.

Her niçik hem bolsa özüniň söýgüli sazandasyny beýle birehimlik bilen jezalandyrmaklyga Fethaly şanyň ýüregi gyýmadyk bolsa gerek, ýogsam geçen möhlet ony synagdan geçirerden, bellisini ederden, hökümi ýerine ýetirerden has köpräkdi. Belki, ol ölmezinden öň özüniň şol ýowuz permanyny üýtgedendir? Belki-de, ýatyrandyr? Egerde şeýle bolsa onda ol Döwletdurdy tüýdükçä aýan ediläýmeli, boşadylaýmalam ýaly.

Umuman bu ýerde düşünişmezlik, nämälimlik kän. Ýöne, ine indi Fethaly şanyň özi ölenden soň nähili bolar? Ykbal indi haýsy tarapa öwrüm eder, ol belli däl. Çünki, şanyň ölmi bilen baglylykda hem ýurtda, hem köşkde, hususanda hemişekisi ýaly Horasan welaýatynda dörän syýasy gowuşgynsyzlyk zerarly ol zatlara hiç kimiň eliniň ýetmezligem mümkin. Şonuň üçinem, haçan serediljegem, haçan bellisiniň ediljegem, şunça ýyllara çeken garaşmak gussasynyň haçan gutarjakdygam belli däl.

Ýöne, her zadyň iki tarapy bar diýleni. Şol başagaýlykdan peýdalanyp, öň, dünýäniň düzüw, ykbalynyň sürgünli wagtlary gazanan, erkinlikde gezip ýören eýranly dostlaryna bir tär bilen ugruny tapyp, Döwletdurdy tüýdükçini zyndandan gaçyrmak başartdy. Şeýle-de bolsa gözlegiň, aňtawyň juda güýçli bolandygy sebäpli, sazanda ýurtdan çykmak, iline aşmak welin miýesser etmedi. Şonuň üçinem, ol ýene-de şol, ýerli dostlarynyň kömegi bilen, musulman äleminiň ägirdi, türkmenleriň arasynda “gyzyl ymam” ady bilen meşhur bolan Ymam Rzanyň kümmetine özüni atdy. Eýran hökümetiniň kanuny düzgünine görä, özüni mukaddes saýylýan islendik ýere-öwlüýalara, metjitdir-medereselere, guburlara atan günäkär eldegirilmesizlige eýe bolýar. Oňa “best”, ýagny, “bestde oturmak” diýilýär. Şol düzgüni hiç kim, hatda şanyň özü-de bozup bilmeýär.

Döwletdurdy tüýdükçi şeýle ýagdaýda ýedi ýyl oturdy. Bir gowy zat, dostlary oňa nijembir ýyl bäri aýra düşen tüýdügini getirip berdiler, saz çalmaga, içini egismäge mümkinçilik döretdiler. Dogry, musulmançylykda olar ýaly ýerlerde saz çalmak, aýdym aýtmak bolmaýar, ýöne, o-da özüniň şol pişesini ile äşgär etmezlige çalyşdy, ýagny birinjiden-ä ammar hökmünde ulanylýan ýerzemine girip, ýarym gijeden soň, hatda kümmetiň hyzmatkärleriniň, gullukçylarynyň süýji uka giden wagtlary, onda-da şowhunly, toý mukamlaryndan däl-de, gamgyn, ýas mukamlaryndan, usullyk bilen, ýuwaşjadan çaldy. Tüýdügini köpçülige görkezmezlige çalyşdy. Soň-soňlar il içinde uly meşhurlyk gazanana “ymamlar” atly sazyny hem ol şol ýerde döretdi.

Ahyram wagtyň geçmegi, köşk emeldarlarynyň köpüsiniň diýen ýaly çalşylyp, Fethaly şanyň ýowuz permanynyň ýatdan çykyşmagy, könelişmegi netijesinde salyr ýaşulylary täze hökümet agzalarynyň üsti bilen Fethalynyň ýerine geçen şanyň ýanyna ýörite baryp, köp-köp engamlar bermek arkaly ony boşatdylar we öz ýurduna alyp gaýtdylar.

***

...Öz ilinden öňli-soňly ylaýyk on iki ýyl aýra düşen Döwletdurdy tüýdükçi şonça ýyllap arzuw eden ýerini-ýurduny, şanyň köşgüne çalyşmadyk il-gününi öňki ýerinde görüp bilmedi. Ol Sarahsda diňe sähel wagtlyk aýak çekip, öten-geçenlere, uruşda wepat bolanlara aýat okady we Ýolöten sary rowana boldy. Ýer bilen ýegsan bolup ýatan köne ýurduny görüp, sazandanyň ýüregi yza çekdi, gözlerinden ýaş dökdi. Şunça aýralykdan soň, kalbynda dörän şol gozgalaňy köşeşdirip biläýjek hiç hili nyşan tapylmady.

Hatara oturan owadan öýler, baý howlular, obanyň bu çetinden girip ol çetinden çykýan ýylan yzy dek egrem-bugram gumaksy ýollar, geleni-geçeni dumly-duşa ugradyp duran kerwensaraýlar, buýsançly galalar barysy haraba öwrülipdir. Ýarak ýa häpbeki itleriň, derýa boýundaky ter öleňli çemenlikden doýup gelen, emjekleri tulum ýaly süýtli sygyrlaryň, ýorgalap ýöränlerinde gerşinde bir okara süýt goýsaň gaýmagy bozulmajak, göreniňde göwnüňi göterýän kelte bykyn, boýny deraz boz atlaryň kişňeşýän sesleri, öý arasynda iki-baka okkessirme geçýän çybyk atly çagalaryň, olara “haý-küş” edýän sary dasdarly aýallaryň gykylyklary, on dördi gijäniň şems olan Aýynyň ýagtysyna obanyň ortarasyndaky ak inişden inip-çykyp, läle kakyşyp ýören gyzlaryň ýakymly owazlary eşidilenok. Gum-guklyk. Ne toý, ne märekä, ne şowhun, ne şagalaň, hiç zat ýok.

Iň ýamanam hiç ýerde Ýazsoltan görnenok. Öňünden ylgap çykanok. Köpçüligiň arasyndan ogryn-ogryn bakanok, “Näme üçin sen beýle uzak eglendiň” diýip gözleri bilen sorag berenok. Gelip boýnuna zyňanok...

Ýolötene baranlaryndan soň ähli ýakynlarynyň ýogalyp, bir özi galandygy sebäpli, bütin ulus, uly-kiçi, aýal-erkek barysy Döwletdurdy tüýdükçiniň ýakyn garyndaşlarynyň biriniň öýüne gözaýdyňa ýygnandy. Hemmeler öz hususy ýitigini tapana döndi. Begendi.

Şolaryň arasy bilen Ýazsoltanam geldi. Ýöne, ýeke däl, elinde bir, yzynda-da iki sany ýaňy aýak bitenje çaga ylgaşlapjyk ýör. Iki ellerem ejeleriniň eteginde. Ol görgüli il ýaly Döwletdurdynyň gaşynda oturyp: “Gözüň aýdyň, sag-aman gelipsiň” diýibem bilmedi. Çep egnini işigiň söýesine ýaplap, gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, şo-ol delmuryp durdy. Näme diýjek bolsa-da ýüreginden diýdi. Dodaklary gymyldasa-da içinden ses çykmady.

Döwletdurdy tüýdükçi onuň ýürek nalasyna düşündi. Näme diýjek bolýanyny aňdy. Ýüregi bilen syzdy. Şonuň üçinem, gam-gussanyň gubaryndan ýaňa çalaja çyzylýan gözleriniň nazary bilen: “Men seni günäkärlämok Ýazsoltan, nijembir ýyllap ýoluma göz dikip garaşyp oturanyňam bilýän, başyma düşen zatlary bolsa öz maňlaýymdan, takdyrymdan görýän. Bu-da bir bizi sergezdançylyga salyp özi gökde gerdan bolyp ýören pelegiň oýnudyr. Bize indi diňe merdana bolmak galýar.

Çagajyklaryň, ýan ýoldaşyň bilen uzak ömür sürmek miýesser etsin, menem maňlaýymdakyny görerin...” diýdi.

Sazandanyň wagtyndan ir kösseýişen gözleri bilen aýdan bu sözlerine Ýazsoltan düşündi. Baryp-ha jahyl wagtlary gözünden uçan, ine indem ýaşyny kemsiz alan goja dek geleniň-gideniň öňünde bir düýrmek bolup oturan söýgülisiniň gara köýük bolan ýaraly ýüreginden çykýan agynyň zaryna o-da sessiz-üýnsiz ses goşdy.

Edil näme diýýändiklerini aňşyrmasalaram, olaryň şeýdip, sessiz aglaşyp, sessiz sözleşip oturandyklaryny il-günem duýdy. Olar: “E-eý, pany dünýä! Senden hiý, armansyz geçen barmyka? E-eý, çarhy pelek! Seň hiý öz ugruňa aýlanjak wagtyň barmyka?..” diýşip, uludan demlerini aldylar-da, assa-ýuwaş dagaşmak bilen boldular.

Şondan soň Ýazsoltanam uzak eglenmedi. Eglenesi gelmedi. Ýok, eglenesi geldi, ýöne, eglenmäge ejap etdi. Gapdalynda ýeke özi somalyp oturmaga il-günden çekindi. Gapydan çykjak wagty bar güýjüni jemläp bärsine öwrüldi. Bir zatlar diýjek boldy. Emma eteginden aslyşyp, ýeňinden çekeleşip duran çagalary oňa sözläre maý bermediler. Oňa çenlem elindäkijesem aglap başlady.

Ýazsoltana didelerinden dyňzap çykan ajy gözýaşlaryny gara zähmetden ýaňa eýýämhaçan jaýryk atyp ugran aýalary bilen süpürip, ümdüzine gidibermekden başga alaç galmady.

Her niçik hem bolsa Döwletdurdy hossarsyz-a däl. Daşgynrak agalaram, inilerem, uýalaram, daýydyr-ýegenlerem bar. Iň bir esasy zat bolsa şolaryň ählisiniň ornuny tutup biljek ili-güni bar. Ana, şolar ony ýekesiretmezler. Öýlendirerlerem, öý-işigem ederler, aýaga galyp gitmäge-de, şonça ýylyň azaply argynlyklaryndan aýňalmaga-da kömek ederler.

Ýöne, hem durmuşyň, hem yşgyň uran agyr zarbasyndan ýaňa süňňi juda lagşan sazanda bedenine ornan ýadawlykdan aňsat-aňsat aýňalyp bilmedi. Öýlenmekdenem, öý-işik bolmakdanam bir syhly ýüz öwrüp, diwana ýaly oba arasynda aýlandy ýördi. Günüň ýaşan ýerinde ýatdy, dogan ýerinde turdy. Gaty bir zerur bolaýmasa ýuman agzyny açmady. Hiç kim bilen gürleşmedi.

Ýöne, wagt diýen bir zat bar. Uzagyň ujundan ol ähli zady ýerli-ýerinde goýýar. Ähli ýaralary bejerýär.

Wagtyň geçmegi bilen Döwletdurdam assa-ýuwaş açylyşdy. Ile-güne goşulyşdy. Garyşdy. Ýagşa-ýamana gatnap başlady. Dogan-garyndaşlarynyň kömegi bilen etli-ganly, daýaw, gabaklary gözleriniň üstüni örtüp duran, adamsy dagda mallar üçin guýy gazyp ýörkäler üstüne daş gaçyp ýogalan, çagasyz ýeke oturan Ýagşygül atly bir gelne öýlendi.

Bagtyna Ýagşygül oňşukly, adamkärçilikli, etiniň agyrdygyna garamazdan hyzmata gaýym, öýüne yssy, adamsyna mähirli, edil ady ýaly ýagşy adam bolup çykdy. Iki ogul, bir gyz dogrup berdi.

Çaga gözi düşendensoň-a Döwletdurdy hasam açylyşdy. Özüni ymykly dürsedi. Bir günem özüniň bir wagtlar meşhur sazanda bolandygy ýadyna düşdi. Ençeme ýyl bäri ellenmän tärimden asylgy duran tüýdügini usullyk bilen eline aldy. Könelişip giden gabyndan çykaryp eýlesine-beýlesine seretdi. Syryşdyrdy,

süpürişdirdi. Içinden suw akytdy. Çaýkady. Gurandan soň naýly tarapyny agzyna ýetirdi. Dişine diredi. Üfledi.

Sazandanyň öýünden çykan owaz bütin obany aýaga galdyrdy Pendi ýaýlalarynyň üstünde pel-pelläp, Bathyz belentliklerine tarap ýaýylyp gitdi.

Ençeme wagt bäri gözünden uçan, söýgüli sungatynyň birdenkä gaýdyp gelenine begenen halk, hä diýmän Döwletdurdynyň öýüne ýygnandy. Içerä sygmandyklary sebäpli olaryň köpüsi öýüň daşyna halkalaýyn aýlandylar. Soňabaka golaý-goltumda oturan goňşy obalardanam atly, eşekli, pyýada, ygym-sogum geldiler durdylar.

Bu – Döwletdurdy tüýdükçiniň sazanda hökmünde ikinji gezek dünýä inişidi.

Tüýdügiň şol gezekki sesini eşidip, Döwletdurdyny günde-günaşa görüp-köýüp ýörmezlik üçin baryp-ha onuň Eýrandan gelen döwürleri goňşy obalaryň birine göçüp giden Ýazsoltanam paýu-pyýada, ala-tozan turzup geldi. Daşarda oturyp saz diňledi. Döwletdurdynyň adam hökmünde-de, sazanda hökmünde-de indi ikinji gezek dünýä inendigine uly il bilen bilelikde begendi. Saza-da, sazanda-da guwandy.

Onuň gelenini eşidip Döwletdurdynyňam yşgy göterildi. Öňküsindenem has hyjuwlandy. Ilkiagşam "Pelek ömrümden" başlanan saz şol gije daňdanaralar "Bady saba" bilen tamamlandy. Onda-da sazanda özüniň ýadandygy üçin däl-de, diňleýjileri şondan artyk ýadatmazlyk, olaryň gündizki aladalaryna päsgel bermezlik üçin goýdy.

Ýazsoltan bu gezegem hemmelerden soň gaýtdy. Döwletdurdy bilen salamlaşyp, hal-ahwal soraşyp, tüýdügini täzeden eline alandygy bilen gutlap şondan soň gaýtdy. Gaýtjak wagty:

– Ozalda bizi aýra salanam şu tüýdük. Ýöne, indi bir goýma şonyňy. Tä, ömrüň ötýänçä çal. Şoň sesi çykyp dursa menem ýaşar ýörerin, ölmäne elim degmez... – diýdi.

Döwletdurdy tüýdükçi şondan soň ýene-de toý-tomaşalara gatnap başlady. Öňküleri ýaly uzak ýerlere, ýurt aşyp gitmese-de, Ýolöten, Pendi töwerekleriniň çakylyklaryndan irinmedi. Käte Mara-da gidiberdi.

Senedi hossarsyz galmaz ýaly ol ýaş ýigitlerden bäş-üç sany şägirt tutundy. Şolaryň arasynda Gaýyp atly ýigit tüýdüge has yhlasly bolup çykdy.

"Är garrar heňňam garramaz" diýleni, şondan soňam uly iliň başyna düşen ähli külpetleri, göç-gonlary, zar-zelillikleri onuň bilen deň-derman çeke-çeke, Döwletdurdy tüýdükçi ömrüniň galan böleginem paýawlady. Öýkeniniň sary gidip ýetmişem arka atanyndan soň bolsa, Gaýyba ak pata berdi. Mundan bu ýana öz ornuny şol adamyň tutjakdygyny bir uly toýda, agyr märekäniň içinde aýtdy. Şondan soň Gaýybyň ady – Gaýyp tüýdükçi boldy.

Zurabada soňky gezek göçüp gelenlerinde Döwletdurdy tüýdükçi segsene ser urup ýördi. Onsuzam mazaly tapdan düşen göwrä Zurabadyň kesel ýaýradyjy çybyndyr-çirkeýli, zeýli hem petiş, demikdiriji howasam ýaramadymy, nämemi, garaz, şondan soň ol egbarlap başlady. Hä diýmänem ýanyny ýere berdi. Gitdigiçe-de gaýra tesdi.

Ine şondan bärem onuň jan dalaşyna girip, ajal bilen darkaş gurap ýatyşy. Haýsy gün, haýsynyň ýeňjekdigini bolsa, Biribardan başga bilýän ýok.

***

Ekabyrlar baranlarynda Döwletdurdy tüýdükçi ýaňy bir ymyzganan ekeni. Başujynda akja ýaglyk bilen onuň ýüzüni ýelpäp oturan Ýagşygül apa myhmanlara gözi düşenden agyr göwresini götermek üçin iki elinem ýere diredi-de, "hyk-çok" edip galdy, entirekläp ýanlaryna geldi. Öýüň içidigine garamazdan, sag eliniň aýasyny gözleriniň üstüne kölegeledip ýeke-ýeke ýüzlerine seredip çykdy. Teke hana gezek gelendenem:

– Heý-wa-a... Ýazmuhammet bi senmidiň asyl – diýip, begençli seslendi. Iki eli bilen sag golundan gysymlap görüşdi. Beýlekiler bilenem şeýtdi. – Geliň geçiň... Ine, şu ýerdejik oturyberiň. Ýa dyşaryk keçe atdyraýynmy?

Teke han:

– Ýa-ak-la, syrkaw soramana gelibem daşarda otursak bolmaz-a – diýdi-de, Ýagşygül apany ýanyndakylar bilen tanyşdyrmaga başlady. – Büý-ä Begnazar, büýem molla Oraz, ine, bi, Aý gören tat ýaly ýyrşaryp duranam Abyt işan...

Salyryň iň abraýly adamlarynyň gelendigine begenmekden ýaňa Ýagşygül apa näderini bilmän, iki baka zowzuldap ugrady.

– Hä-ä... Allanäme... Geleniňiz gowy... Gelen döwlet...

Ýerli-ýerlerinde ornaşansoňlar Teke han ýene-de Ýagşygül apa ýüzlendi.

– Nädýä, akgamyz gowulaşýamy?

– Aý, ýagşy öz-ä... – Ýagşygül apa hamala bir aýtmasyz zady aýdan ýaly birdenkä böwrüni diňledi. – Nädjek-de, Ýazy jan, şeý diýmeli bolýa-da...

– Howwa-da, çykmadyk janda umyt ba" diýleni-dä, umydy elden bermeli däl-dä.

– Şo-da. Iki gije-gündizden bär-ä halys uhlap bilenok. "Ah" çekip, iki-baka urnup ýatyr. Häli-şindem: "?Meni Sarhasa äkidiň, şol ýerde jaýlaň..." diýýä. Birdenem "Ýa Yma-am... Ýa dida-ar... Ýa gamho-or..." diýýä-de, ýumruklary bilen kükregine urup başlaýa...

– Iýip-içýän zady bamy?

– Ýa-ak-la... Iý-iç nämişlesin. Telim gündir indi agzyna zat almaýanyna. Düýn bir käsejik atalajyk bişirip berdim. Al, iýagaý şujagaşy, içagaý, diýýän welin, eger-eger... ýuman agzyny açanok.

Aýalynyň gümür-ýamyrynamy ýa syzgyr ýürek myhman gelenini aňdymy, garry sazandanyň ýumuk gözleri çalaja çyzyldy. Opurylan ojak ýaly agzynyň içine gidip ýatan dodaklary müňküldedi. Ardynjyradygy bolsa gerek, ilkä kükregi "hyjyrdady" soňam bokurdagy "hykyr-hykyr" etdi. Düýbünden röwşeni galmadyk öçügsi gözlerini haýallyk bilen myhmnalara tarap aýlady. Tamşandy.

Ýagşygül apa ozaldanam taýyn duran suwly käsä sähelçijik pagta batyrdy-da, adamsynyň dodaklaryna çaldy. Birki damjasyny agzyna damdyrdy.

Şol wagtam sazandanyň ogullary salam berip gapydan girdiler. Myhmanlar bilen görüşdiler. Hersi bir tarapdan söýget berip, kakalaryny dik oturtdylar. Daş-töweregine ulyly-kiçili ýassyklardan tekýe goýdular. Has amatly bolar ýaly arkasyny tärime ýapladylar.

– Hm-m... hm-m... – edip öýüň içine haýallyk bilen ser salyp oturan sazandanyň gözleri kem-kemden ulaldy. – Eý-ho-oý... Eý-ho-oý.... – diýen gyryljak, “şyggyldyly” ses çykdy.– Bir zat diýjek bolýandyr öýdüp, hemmeler oňa tarap üşerilişdiler. Teke han ýapyrylyp gulagyny oňa golaýlatdy. Sazanda ýene-de şol bir sözlerini gaýtalady. – Eý-ho-oý... Eý-ho-oý....

Ýagşygül apa ak hasadan tikilen köneje dasdarynyň bir gyrasy bilen gözüniň ýaşyny süpürdy. Burnuny çekip Teke hana ýüzlendi.

– Ine, ýaňky aýdanym şü meň, Ýazy jan. Düýn namaşamdan bäri bileni-biteni şol iki agyz söz.

Teke han: Hiý, bir zat aňdyňyzmy, näme diýjek bolýanyna düşündiňizmi, diýýän manyda oturanlaryň ýüzüne soragly seretdi. Olaram aýalaryny serşip, eginlerini gysdylar.

Oňa çenlem Döwletdurdy tüýdükçi öçügsi nazaryny bürşeýdip Teke hana dikdi. Özüne zor salyp, arasyny kesip-kesip, kynlyk bilen gepledi.

– Bagşy... Bagşy sazandalaram alyň-da... Er... Eritr agşam... Hem... hemmäňiz şü ýere üýşüň... Gaýy... Gaýybam bolsun, hökman araňyzda...

Şol wagt Gaýyp obada ýokdy. Bir sebäp bilen Ýolötene gidipdi-de, ertire çenli geljegi-gelmejegem belli däldi. Şeýle-de bolsa myhmanlaryň hemmesi birden diýen ýaly: “Bor-da-bor” boluşdylar. “Näme üçin” diýip soramaga welin hiç birinip bogny ysmady. Dogrusy olar tüýdükçi azajyk çaşandyr-da, çaýmaklap gepleýändir öýtdüler.

...Türkmençilikde bir ýörelge bar. Ýagny, bir-ä gudaçylyga, birem syrkaw soramaga barylanda uzak oturylmaýar.

Ekabyrlaram şol däbe eýerip, tizara turmak bilen boldular.

## XIV
## Toýuň başlanmagy

Şol günüň ertesi öňünden bellenilişi ýaly hem Zurabatda, hem Garadepede bir wagtyň özünde toý hysyrdylary başlandy.

Zurabatda tutulmaly toýuň ähli hysyrdylaryny, gerek bolsa çykdajylarynam öz boýnuna alan Jumadurdy baý öten agşam toý sähedi bugdaý oragyndan soňa bellenen obadaşy Allamyrat goturyň öýüne bardy. Şeýle-şeýle ýagdaý ýüze çykdy, gudaň bilen gürleş-de, sähediňi ertire geçir – diýdi. Sebäbini düşündirdi, ýöne, bu hakda hiç kimiň, hatda öz çagalarynyň ýanynda hem dil ýarmazlygyny haýyş etdi. – Gudaňa-da başgaça düşündir. Ýöne, toý adatdakylardanam has şowhunly bolsun, çykdajysy meň bilen – diýdi.

Şondan soň Allamyrat goturam gidip, goňşy obalaryň birinde ýaşaýan gudasy Esen bilen gürleşdi. Esen ör-gökden geldi. Entek özüniň taýýar däldigini aýtdy. Beýle gyr-gyssaglygyň sebäbini sorady. Allamyradam takyk bir zat aýdyp bilmänsoň ýüzüni iki ýana sypajakladyp oturşuna:

– Aý, bir zad-a bar how şu ikortada mendenem gelip haýyş etdiler. Ähli han-begleriň talaby şü, kimem bolsa biri hökman toý edäýmeli, diýdiler. Garadepäňem ýagdaýy şeýlemişin...

Han-begleriň atlary ara düşensoň Esenem ykyrganmasyny goýdy.

– Aý, bolýa-da olar ýaly bolsa. “Il oňlasa atyňy soý”, diýipdirler.

Şondan soň Allamyrat gotur ýeke-ýeke üstlerine baryp, toý güni geçiriljek çärelere, tomaşalara kethudalyk etmeli, hyzmat etmeli adamlar bilen gürleşdi. Gelmeli bagşylara çakylyk gönderdi.

Allamyradyň özem edil baý bolmasa-da, gaty bir garyp ýigidem däl. Hatda orta daýhandanam ýokarrak diýseň boljak, ýöne, görer-göze-de kemçiligi görnüp duran oglunyň nika toýunyň gyr-gyssagragam bolsa tutumynyň men-men diýen barly adamlaryňkydanam uly boljakdygy, şüweleňli geçjekdigi ony has begendirdi.

Bu ýagdaý kakasyndanam beter öýlenjek oglan Çölini begendirdi. Ýöne, ony begendiren zat toýuň dabaraly ýa iliňkä görä köp-köp şowhunly geçjekdigi däl-de, bolmaly wagtyndan kän öň, onda-da hut ertiriň özünde, tussumandan tutulmagy. Toý sähediniň orakdan soňa bellenenени gulagyna degeli bäri ol:

– Ozak haçan gutazýakaz-aý, ozak? – diýip, baran ýerinde göz-gülban bolar ýörerdi. Şol soragy ol ejesine-de bererdi.

Dogrup beren ilkinji çagasynyň ýigit ýaşyna ýetendigine garamazdan birhili oýnatgyrak, iň ýamanam ýagyrnysy hükgi, kükregem öňe çykyp duransoň boýny bokur, göwresine görä kän uly görünýän kellesi çiginleriniň içine gidip duran, aýaklary kiçijik, şol bolşy bilen sesem çilimi köp çekýän uly adamyňky ýaly zorruk, dilem ujundan ary çakan dek, “wazyk-wuzzugrak” ogul bolup ýetişendigi üçin bir özi günäkär ýaly äriniň ýanynda-da il-günüň öňünde-de kemsinip, oňa gözi düşdügi gözüne ýaş aýlap ýören Äşe bolsa gözünden boýur-boýur ýaş döküp:

– Beý diýme, oglum. Aýyp bor, il-gün geň görer – diýerdi.

Ýöne Çöli welin soňky habar gulagyna degenden ýene-de ejesiniň ýanyna ýüwürdi. Suwa goýberiljek gaýyk ýaly öňünde leňňer atyp durşuna:

– Dogzumykan-aý... apa, hä?.. Çynmykan-aý... – diýdi. – Eztiz agşama çenli gazaşmalymykan-aý...

Ejesem ýene-de hem aglap hem gülüp oturşuna şol bir aýdýan sözlerini gaýtalady.

– Çyn oglum, çyn. Sen ýöne onda-munda agzap ýörme – diýdi. – Birneme agrasrak bol. Deň-duşlaryň agzasalaram sen özüň bilmediksirän bol.

Hernäçe “boz-boz” diýse-de, Çöli diline buýrup bilmedi. Gaýtam, öňi bilen deň-duşlarynyň ýanyna ylgady. Täze habaryny buşlady. Olaram muny derhal oýnamak bilen boldular. Hemmesinden beterem aralarynda iň bir diline şeýtan siýenleri hasap edilýän Jangulynyň güni geldi. Ol hemişe Çölini oňa-muňa deňäp, üstünden güler ýörerdi. Bir gezek: “Munuň iç goşuny çykaraga-da, derýada müner ýaly gaýyk ýasasaň tüýs laýyk bolardy” diýse, ýene bir gezekde: “Aý, şun-a kellesini bokurdagyndan soguraga-da tüfdan etseňem bolman durmaz” diýerdi. Käwagtam: “Maýmynam şundan dörän bolaýmasa...” diýerdi. Beýlekilerem keýp edip gülüşerdiler.

Ine, Janguly bu gezegem şol oýnuna başlady. Çöliniň üstüne abanyp durşuna:

–E-eý, näme etjeg-eý, sen öýlenip? Ýa nätmelidiginem bileňokmy? Apaň aýtmadymy? Ýa men aýdaýynmy? Öwredeýinmi?.. – diýip gyssady.

Ýöne, oglunyň nirä, kimleriň ýanyna gidendigini aňan Äşe onuň yzysüre bardy-da, elinden tutup idirdedip ugrady. Janguly daga-da:

– Jan oşular, degmäýiň-dä şuňa, gaýtam arkasyny alyň-a, hossar bo-luň-a... – diýdi.

Ýeke Janguly däl, ulularyň arasynda-da käbir dili duzlyraklaryň oňa: “haý, şun-a Hudaý halys iş tapman oturan wagty ýasan bolaýmasa, diýýänlerem, “Aý, iş tapmazlykdan-a däldir welin, ýasara serişde tapmadyk bolaýmasa” diýýänlerem bar. Ýöne, olar ony Çöliniň özüne eşitdirip däl-de, özara gürrüňçilikde, dilleriniň keýpini görmek üçin aýdýarlar.

Ýöne: “At çapmaz, bagt çapar” diýlişi ýaly, Allamyrat gotur oňa şol bolşy bilenem gül ýaly gyz tapyp berdi. Gudasy Esenem bir pukara kişi bolansoň aýaly bilen maslahatlaşdy-da: “Gyzymyz hor-zar bolmasa, gapymyzdan aglap gelmese bolýa” diýip, dessine hoş söz berdi. Garyp öýde göwni çökgün ösen gyzam ata-enesine garşy çykyp durmady. Üstesine-de Çöliniň toýy şeýle möhüm, il bähbitli taryhy meseläniň çözgüdine gabat geldi. Bu barada adamlar indi ýene ýüz ýyldanam gürrüň ederler ýörerler.

Ýöne, entek halk köpçüligi anyk bilmese-de, bu toý bir günde sowulmaly. Ertesi agşam hemmeler göterilmeli.

Hakyna seredeniňde welin, salyrlarda däp bolup galyşy ýaly bu toý hem üç gije-gündizläp dowam etmeli.

Birinji gün: geňeş toýy. Onda esasy toý güni her kimiň öz başarnygyna görä näme etmelidigi bellenýär. Ýagny, şol zatlaryň geňeşi edilýär.

Ikinji gün: esasy toý. Onda geňeş toýy güni bellenen adamlaryň hersi ýerli-ýerinde durup, özüne tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirýär. Gelin getirilýär. At çapdyrylýar, göreş tutdurylýar, “altyn gabak” atdyrylýar, ýaglyga towsulýar, “keçe-keçe” oýnalýar. Agşamlyk nika gyýylýar. Bagşy aýtdyrylýar.

Üçünji gün hyzmat edenler üçin toý. Çünki, olar hyzmatda bolandyklary üçin toý güni toýuň mazasyny görüp bilmeýärler. Hiç zada tomaşa edip, bagşy diňläp bilmeýärler. Üçünji gün welin şolaryňky. Hatda olar üçin ýörite bagşam aýtdyrylýar. Şeýle-de, eden hyzmatlary üçin hersine sylag-serpaý ýapylýar.

Ana, şondan soň aýal-gyzlaryň toýy başlanýar. Olaryň birine: “Ýeňňe görşi” diýilýär. Onda toý gününiň ertesi gelni atasy öýüne alyp gidýärler. Ýöne, Gün öýleden agmanka ony yzyna getirmeli.

Ondan soň “dasdar” toýy. Bu baş salmak diýen ýaly bir zat. Dasdar ýaş gelinlerde sary, ýaşy durugşan aýallarda ak reňkde bolýar. Ol her kimiň gurbuna görä ýüpekden ýa-da hasadan bolup bilýär. Köplenç körpe ogluny öýerende ýa agtygy bolanda aýallar indi gartaşdym diýen manyda sary dasdarlaryny aýryp ak dasdar oranýarlar. Bu zenanlar üçin uly dereje hasaplanýar. Olaryň hersi şol derejä ýetmekligi arzuw edýärler.

Dasdar toýundan soňam aýal-gyzlaryň ownukly-irili hysyrdylary telim güne çekýär.

Ýöne, ýaňky aýdyşymyz ýaly bu gezek beýle bolmaz. Ähli zat bir günde tamamlanar.

Hyzmat edenleri bolsa Allamyrat gotur Sarahsa baransoňlaram razy edip biler. Aýallar welin öz dasdar toýlaryny iki daşyň ortasynda bolsalaram, degirmene salsalaram sypdyrmazlar.

***

...Toýuň serenjamyny, tutumyny gözden geçirmek üçin ekabyrlar toý güni ir bilen toýhana ýygnandylar. Allamyrat gotur olary güler ýüz bilen garşylady. Öýüne saljak bolsa göwnemediler. Çäreleriň geçiriljek ýerlerine bakan ýörüş etdiler. Ekabyrlaryň öňüni çekip barýan Teke han, Abyt işan Allamyrat we Jumadurdy baý dagylar Meňli han ýok. Ol Garadepede tutulýan toýa hem-de şu gije ugradylmaly kelte göçe gözegçilik edip ýör. Üstesine Nazarly mergeni habardar etmekligem şonuň üstüne atyldy. Molla Ýegenmyrat bilen Eýeberdi ahun biraz yzrakdan gelýärler.

– Her niçik hem bolsa halk göçüljekdigini aňaýana meňzeýär. Köpüsiniň toý bilen serleri ýok. Edil aýaklary bişen ýaly elewreşip ýörler – diýip, Jumadurdy baý toý ýerinden saýlanyşlary ýaly güňleç seslendi. – Ýa meniň göwnümemikä?

Teke han oňa tarap sowuklaç seretdi-de, näme üçindir ynjyly gürledi.

– Göwnüňe däldir. Çyndyr. Köneleriň aýdyşy ýaly temeni haltada saklap bolýan däldir. Aýtmaň diýip sargalan adamlar aýtmasyz zady öýlerine baryşlary ýaly iň bolmanda aýallaryna aýdandyrlar. Aýllar eşidenden soňam özüň bilýäň...

Han-begleriň aýaklaryna eýerjek bolup özüne zor salyp gelýän Eýeberdi ahun “has-has” edip:

– Esasy zat ony serbazlaryň duýmazlygy – diýdi. – Şonuň üçinem, göwünlerine zat gelmez ýaly olara ýetişibildigiňizden iýmek-içmek daşaberiň. Özünem boldan tutuň. – Ol molla Ýegenmyradyň ýüzüne seredip çalarak ýylgyrdy – Dokluklaryndan ýaňa galara ýagdaýlary bolmasyn-la... Hä?....

Bulara ýolda goşulyp, ýan tazysy ýaly ýantaklaşyp gelýänleriň biri:

– Häýt, beýhuş derman bolaýsa... – diýdi.

Başga birem hili bir gep aýdylandyr öýdüp:

– Wah, bolanyna görä mergümiş bolaýsa diýsene. Palaç ýatyran ýaly ýatyr-da weli baryny...

Egin deňleşip barýan Teke han, Abyt işan, Jumadurdy baý dagylar öňlerini ýylan kesen ýaly üçüsem birden sakga durdylar. Ýüzlerini aktam edip ýaňky gürrüňi aýdanlaryň ýüzlerine seretdiler. Ýalňyşandyklaryny bilen bolsalar gerek, ekabyrlaryň otlukly nazarlaryna gözleri düşenden, olaryň ikisem ýüzlerini aktam edip, gaýra tesip başladylar. Ýöne, Teke hanyň olary barybir boş goýberesi gelmedi.

– Birinjiden-ä bizde siziň ol diýen zatlaryňyzyň birem ýok, bolaýanda-da olar ýaly bigaýrat hereketleri biz etmeris. Siz ýaly nadanlara-da etdirmeris. Asyl-ha türkmen olar ýaly namart oýunlara baş goşýan däldir. Ol gylyja girer, ýöne beýle iş etmez...

Allamyrat gotur her ýerden bir basmarlap bardy-da, näme etjeklerini bilmän buruljyraşyp duran hälki ikisiniňem golundan tutup itekläp, goýberdi.

– Güm boluň, şu ýerden. Toýda-da görünmäň!..

Şol wagtam Zurabadyň günbatar tarapyndaky baýyrlyklaryň üstünde jarçynyň sesi ýaňlandy. Ol hä diýmän mergenleriň ýaryşa başlajakdyklaryny habar berdi.

Henizem Teke hanyň aýdan sözleriniň täsirinden çykybilmän, yzyndan gaharly garap duran ekabyrlar şondan soň olardan ünslerini sowdular-da, topbaklary bilen atyşhana tarap ýöneldiler.

Şol wagt olara Begnazar bilen molla Orazam gelip goşuldylar.

Ýöne, atyşhana olardan öň gelenlerem kän ekeni. Köpüsem awa-şikara mergençilik sungatyna höwesek ýaşlar. Özlerem ala-goh. Bir zadyň jedelini edýärler.

Beýleräkden bolsa bäş-alty sany ýetginjek sozanda-guýruk bolşup şol tarapa barýarlar. Olaryň arasynda öýlenýän ýigit – Çölem bar. Onuň üsti-başy beýlekileriňkiden üýtgeşik. Bezemen. Ýöne, ýaman dert Janguly oňa bu ýerde-de gün berenok. Eýlesine- beýlesine geçip bir zatlar diýýär. Durup-durup eşiklerini synlaýar. Soňam çümmügi bilen tutup egnindäki ýalpyldap duran şahy matadan tikilen kürtäniň o ýerinden bu ýerinden çekýär-de: “Kimiň egnindedirin diýip ýalpyldaýaň, gyňkeýiniň kürtesi, ýyrtyl...” diýýär. Soň onuň mawutdan tikilen täzeje gyýma balagyndan çümmükläp çekýär: “Kimiň aýagyndadyryn öýdüp öwşün atýaň, gyňkeýniň binamys balagy, ýyrtyl...”. Ondan soň köneje köwşüniň burny bilen Çöliniň gat-gat gönden tikilen gyrmyzy köwşüniň böwrüne kakýar: “Kimiň aýagyndadyryn öýdüp gülgün öwüsýäň, gyňkeýiniň hokgasy, Gagşa...”.

El ýaly gyzgynjak çöregiň daşyna goýnuň aka bişen ýagjymak garnyny dolap oňa käte bir agyz urup gelýän Çöli welin Jangulynyň ol hereketlerine kän bir ünsem berenok. Käte bir:

– E-eý, aýzyl-eý... Gowy bol-eý... Apama aýdazyn-eý... – diýýär-de, göwni bir ýaly ýoluny dowam etdiriberýär.

Bolýan oýna içleri byjyklap alyp barýan bor-a çemeli, gapdalyndakylaram “diriň-diriň” böküşýärler. Özlerem “hikirde-hikir”.

Oňa çenlem oglanlar atyş meýdanyna golaýladylar. Özleri bilen bir wagtyň özünde diýen ýaly ol ýere ekabyrlaryňam ýetip gelýändiklerini, arasynda Çöliniň kakasy Allamyrat goturyňam bardygyn görüp, Janguly ilk-ä sesini peseltdi, soňam usullyk bilen bir gyra çekildi. Gaty daşlaşmanka-da Çölä garap ýuwaşlyk bilen:

– I-i-i-i gyňkeýniň çagasy, apaňa aýtýançaň-a honha, kakaň geçip barýa, şoňa aýt – diýmäge ýetişdi. – Utanaňzokmy apaňy orta goşmana...

Allamyrat gotur ýetginjekleriň ýöne ýere Çöliniň daşynda gaýmalaklaşmaýandyklaryny aňdy. Usullyk bilen olara golaýlady-da, ogluna tarap gözüni alartdy. Dişini gyjap: bar, ýok bol, şu taýdan diýen manyda sessiz-üýnsiz haýbat atdy. Başyny silkip yşarat etdi.

Hernäçe gidesi gelmese-de Çöli görkezilen tarapa ýönelmeli boldy. Şondan soň Allamyrat ýeke-ýeke ýetginjeklere, hususan-da Jangula alaryldy. Ýöne, olara gidiň diýip bilmedi. Asla hiç zadam diýmedi.

***

Atyşhana üçin Zurabatdan ýokarlygyna uzap gidýän baýryň etegindäki dilkawja, şyr-ak takyr meýdan saýlanyp alnypdyr. Bir çetde syrdam, uzyn agaç dikilip, ujundaky ommujak şahadanam palaw kädi asypdyrlar. Ondan ýigrimi ädim çemesi aralykda bolsa mergenler özara “hümürdeşip” durlar. Aram-aramam üşerilişip kädä seredýärler, aralygy ädimläp görýärler, ýüzün ýatyp nili şahly hyrly

tüpeňleriniň ujuny kädä çeneýärler. Soň ýene-de nämedir bir zadyň maslahatynymy ýa jedelinimi edip gaty ses bilen gygyryşmaga başlaýarlar.

Agajyň düýbünde-de üýşmeleň az däl. Şol ýerde pökgüje garnyny gaýşardyp, dik-depesine garap duran kelte boýly, ýüzi tes-tegelek, ýaňaklary ýaňy bolan çaganyň budy ýaly tep-ter, burnunyň çep ganaty çalarak ýirik, gözleri gyýagrak ýigit ekabyrlaryň öz ýanlaryna gelýändiklerinden bihabargöwresine laýyk gelmeýän inçejik sesi bilen "jyňňyl-jyňňyl" etdi.

– Häý, mergenler-ä "altyn gabak" atjaklar-ow...

Bir ýaňagynyň tas ýarysy diýen ýaly peşehordaly, garaýagyzrak, hanasynyň içinden çala görünýän kiçijik gözleri çap-çal, jedelkeşlikde bütin taýpa ýakasyny tanadan Gurtýaz atly uzynakdan gelen daýaw bir ýigidem:

– Birinjiden-ä ýaryşyň ady "altyn gabak" däl-de, "altyn tabak" Kelew han. Şoňa görä bu agajyň ujundakam hakyna seretseň kädi däl-de "tabak" bolmaly, onda-da altyn tabak bolmaly – diýdi.

– Näme, kümüş tabak bolanda bolmyýamyşynmy?

– Bolýan däldir-dä. Bolýan bolsa başda "altyn tabak" diýmezdiler-de "Kümüş tabak" diýerdiler.

– Kädi bolanda kümşüň bolmaýşy-ha birtüýleg-ow, Gurtýaz halypa.

– Tüýlegem bolsa, tüýsüzem bolsa şeýle şol.

Ýaşka kel bolandygy üçin Kelew lakamyny alan Atdy, has takygy Atamyrat köne endigi boýunça "hyrt-hyrt" etdirip ýeňsesini gaşady.

– Onda bu ikiorta "gabak" sözi nireden geldikä?

– Aý, Ahmet sakaw ýaly dilikelçigrägiň biri bir ýerde aljyrap gabak diýendir-de, seň ýaly çalasowadyň birem alyp "göterendir, şeýdibem "gabak-gabak" bolup gidiberendir.

Atdy kelewiňem aňsat ýan beresi gelmedi.

– Çalasowat diýen bolup how sen bu adamlara göwniýetmezçilik etme. Men kiçijikkäm molla Ýegenmyradyň ýanyna tutuş üç gün gatnapdyryn. Ol kakama: "Men seň munyňy okudyp biljekgä, ylym urar-da başyma bela bor, gaty ýiti bi" diýipdir. Eýeberdi ahuna berjek bolsa o-da almandyr. "Molla Ýegenmyradyň başarmadyk işini men başarman" diýipdir. Ýöne, özbaşdak kän kitaplary waraklap çykdym men. Göroglynyň dagy ähli şahalaryny ýatdan bilýän. Şonda-da "altyn gabak" diýlip ýazylan-a...

– Nämüçin şeý diýilýäni ýokmy onsoň oň o ýerde?

– Aý, ýok. Nämüçindig-ä ýok.

– Onda otur.

– Özüň gotur.

– Gotur diýemok men, otur diýýän.

Olar diňe ekabyrlar öz aralaryna gelenlerinden soň seslerini kesdiler. Salamlaşdylar. Görüşdiler. Teke han olardan näme hakda jedelleşýändiklerini sorady. Aýtdylar. Teke han mergenleri çagyrtdy. "Şu ikisiniň jedelini çözüp beriň" diýdi.

Mergenleriň içinde Teke handan sähelçe ýaşrak, Hotjy atly godolajyk, kellesi şyr takyr, geplände çürnügini çommaldyp gepleýän gaýşarylybrak, ýaýkanjyrap, howlukman ýöremäni gowy görýän şortarak biri bardy, ana, şol agy sallanyp ýatan

giň, gyýma balagynyň çep jübüsinden ýalpyldap duran, dürli nagyşlar bilen bezelen gyzyl nas kädisini çykardy-da, ilk-ä “pöňk” etdirip, gaýyşdan sünnälenip ýasalan seçekli dykysyny aýyrdy, soňam agzyny dişine degrip “tyrk-tyrk” etdirdi. Diliniň aşagyny doldurandan soňam nasyň badyna eýýämhaçan çerrelip ugran gözlerini ýaldyradyp Teke hanyň ýüzüne seretdi.

– Aý, biz-ä han aga gabakmy, tabakmy, kümüşmi ýa gyzylmy, kädimi ýa gawunmy.... – Ol elini agaja tarap ülňüp goýberdi. – Ýa şo ezden... – Ol indi Atdy kelew bilen Gurtýaza tarap baş atdy. – Ýa şo ýezde sü ikisiniň bizini asýaňyzmy, tapawudy ýok, uz diýselez bolýa... Manysam şol oň biziň üçin, beýlekisem....

– Abyt?

– Howwa, han aga.

– Özüň bir zat edäýmeseň-ä...

Abyt işan “ýyrş” etdi-de, bir ädim öňe süýşdi. Sag elini Gurtýazyň sol egnine goýdy.

– Manysyny düşündirip bilmese-de, Atamyratdyňky dogry. Aslyýetinde bu hakykatdan-da “altyn gabak” bolmaly. Çünki, biziň gadymy türki dilimizde “gabak” sözi “halka” diýmekligi aňladýa. Altyn gabak bolsa altyn halka, ýagny altyn egremçe diýildigi bolýar. Gadym döwürlerde tüpeň bolmansoň söweşlerde-de, awşikaralarda-da, toý-tomaşalarda-da ýaý bilen peýkam atylypdyr. Şonuň üçinem ... – Abyr işan dikilgi agajyň ujundaky kädä tarap barmagyny çomaltdy. – Şonuň üçinem şular ýaly toýlarda agajyň ujundan bular ýaly kädi däl-de, halka, onda-da hakyky gyzyldan ýasalan halka asypdyrlar. Ana, şoňa-da “altyn gabak”, ýagny, “altyn halka” diýlipdir. Kim ýaýdan atan peýkamyny şonuň içinden geçirip bilse, şol altyn halka şoňa berlipdir. Peýkamyň ujuna-da ýukajyk ýüpek ýaglyk daňar ekenler, halkadan geçeni bilner ýaly. Käte golaýrak aralykdan hakyky tylla ýüzük goýubam atyşypdyrlar. Birnäçe ýüzügi hatarlap goýup, şolaryň hemmesiniňem içinden geçirişmeşek oýnalan gezeklerem bolupdyr. Görşüňiz ýaly, “tabak” sözüniň bu ýerde dahly ýok.

Gurtýaz aýasy bilen ýüzüniň ýanyk tarapyny sypalap durşuna ahmyrly gürledi.

– Kelew han aldy-ow, onda bu gezek?

Atamyradyňam jogaby nagt boldy.

– Kelewiň almyýan gezegi ýokdur. Siziň ýöne maňa göwnüňiz ýetenok, “kelew-kelew” diýşen bolup... – Atamyrat telpegini çykaryp, alabeder bolup duran kellesini gaşady. – O-da bolnan kelmi, bolunmadyk kelmi, Hudaý bilsin...

Utulanyna namys eden Gurtýaz küşşüklenen çaga ýaly “ýyrş-ýyrş” edip Abyt işana ýüzlendi.

– Indi näme, adamlar gyzyl halka tapmansoňlar ýa oňa güýçleri ýetmän kädi asýalarmyka? Allamyrat goturam-a tapman duranyň çagas-a bolmaly däl. Üstesine bu gün Jumadurdy baýam oň arkasynda durmuşyn.

– Oň sebäbi neme... – Abyt işan öňküsindenem has pessaý gürledi. – Oň sebäbi ýaňky aýdyşym ýaly mergenler indi ýaý atyp däl-de tüpeň atyp ýaryşýalar. Tüpeňiň okuny bolsa birinjiden-ä kiçijik halkanyň ýa egremçäniň içinden geçirip bolanok, geçiräýeniňde-de geçenini geçmänini bilip bolanok, galybersede gyzyl ot bolup barýan gyzgyn gülle seň halkaňy kül edip goýberýä. Kädini ursaň welin böwri

deşiler, içi döküler, çigidi çaşar, urulany bildirer, soňam alaga-da täzeläýmeli. Degmese-de içiň ýansyn diýýän ýaly hallan atar durar, görene göz bolup... Gepiň gysgasy başky görnüşinden diňe ady galan şuň...

Abyt işanyň düşnükli hem gyzykly gürrüňlerini hezil edip diňlän Teke han, Atamyrat bilen Gurtýazyň ýüzüne taýly gezek seretdi.

– Düşündiňizmi indi?

Olaryň ikisem birden gürledi.

– Düşündik, han aga. Kemi galmady. – Soň olar Abyt işana ýüzlendiler. – Taňryýalkasyn, işan aga.

Nyşananyň manysyny aýdyp berendigi üçin Abyt işana mergenlerem minnetdarlyk bildirdiler.

–Meşgul bolýan zadyň many-mazmunyny bilseň birhili hünäriň gadry artan ýaly bolaýýan ekeni – diýişdiler.

Şondan soň Teke hanyň rugsat bermegi bilen ýaryş başlandy. Esli wagtlap nyşanany mergenleriň hiç birem urup bilmedi. Muňa janköýerleriň arasynda kejikmedigi-hä galmady welin, şu ýere gelenlerinden soň ekabyrlara goşulan Jumasapar hasam darykdy. Ol agzyny gaçyp guzlaýan çypar towugyň art-bujak deşigi ýaly "müňk-müňk" etdirip diň-gögüne garady-da:

– Hä aýt, Mergenli Nazar bolan bolaýsa-ha beýle bolmazdy welin... – diýdi. – Aýdan sözüniň eden täsirini aňmak üçin öz okunyň daşyndan bir gezek pyrlandy-da, gapdalyndakylaryň hersiniň ýüzüne, ýeke-ýeke jüýjerilip çykdy. – Hä?.. Hm-m?.. Şöýderdi gerek?.. – Soň ol endigine görä, sag eliniň süýem barmagyny burnunyň aşagyna syhap goýberdi. – Hümh –çü-üýf...

Gurtýaz aňyrsyndan dyňzap gelen gülküsini zordan saklady.

– Hä, Nazarly mergen bolanda näderdi öýdýäň, Jyma akga...

– I-i-i... O bolan bolsa beýdip, bylar ýaly oklaryny "pys" geçirip durmazdy-da, ýeke gezekde däninim kädisini okuň içinden parran geçirerdi. Hümh-çü-üýf... Iň bolmanda Pataş bolanam bolsa bulardan gowy bolardy.

Edil şol wagt toýhana tarapdan arkasy ýükli ýaly ýegdekläp gelen Apbam oňa goşuldy. Ekabyrlaryň ýanynda sögünmejek bolup özüne hernäçe zor salsa-da bolmady. Sypdy.

– Ýa d, kädi bylary uraýmasa by gyňkeýinlerden kädi uran bolasy ýok-laý... – Ol hekgerdi-de, mergenlere tarap haýbat atdy. – E-eý, boluň-eý, çaltrak! Urjak bolsaňyz-a uruň, bolmasa-da şol kädini düşürip öz boýnuňyzdan asýas...

Gurtýaz hezil edip güldi.

– Gadym döwürlerdäki ýaly altyn halka bolan bolsa-ha boýunlaryndan asaýanyňyzda-da gaty görmezdiler welin Apby akga, bu arman neme-dä, kädi-dä... – Ol "püf-f" etdirip aýasy bilen agzyny tutdy, birgeňsi ýylgyrdy. – Özem çüýrükmi, nämemi...

– Dogry aýdýaň Gurtýaz, aýt, ýüz görme. Biz bir zat diýseg-ä gyňkeýin, Apby aýtdy bolýa, aýtmasaňam ine, özüň görüp dursuň, içiň ýanyp barýa...

–Aý, "Apby aýtdy bolýa, Apby aýtdy bolýa" diýen bolup, Apby akga senem aýtma kemini goýaňok-la. Aýdybilýäň-le...

Teýeneli sözleriň, kinaýaly gülküleriň kem-kemden köpelip barýanyna namys etdilermi ýa han-begleriňem seredip durandyklary üçin birneme tijendilermi, mergenleriň biri ahyry kädiniň böwründen “pöňküldetdi”.

Şol “pöňküldi” bilenem häliden bäri, bardygam bildirmeýän, araky eşiden käýinjinden soň ekabyrlaryň ýanynda kän bir batly geplemezlige jan edýän Otjan keliň:

– Bäýip-bä-ä-ä!.. – diýen çasly sesi eşidildi. Kädi “patlap” ýere düşendenem yzyny suňşurdy. – Errekgemen-nä-ä!..

Ýöne, onuň ojagaz gykylygy dagy tomaşaçylaryň turzan şowhunlarynyň arasynda eşidilmedem. Hatda ekabyrlaryň arasynda-da gep-gürrüň, hereket güýçlendi. Nyşanany uran mergeniň ýakynlary, obadaşlary bolsa: “Haý, biz ýeňdik-de – biz ýeňdik” bolşup gygyryşdylar. Telpeklerini göge zyňyşdylar. Kimdir birem ylgap baryp eýleräkde peýwagtyna otlap ýören hortabarak çakan ýaba böküp mündi-de, obasyna baryp obadaşlaryna buşlamak üçin debsiläp başlady. “Haý, şeterrik, gözüň aýdyň ho-ow” diýip, eýýämden gygyrybam ugrady. Ýöne, ýaby näme üçindir çapmady, şo-ol, duran ýerinde towsaklap bökdi durdy. Ýabynyň duşaklydygyny “çapar” diňe tomaşaçylar: – E-eý, duşagyny çöz, duşagyny – diýip, gygyryşanlaryndan soň bilip galdy.

Şondan soň ýaş oglanlaryň biri agaja dyrmaşyp, ujuna başga kädi asdy.

Apby oňa seredip durşuna garaçyny bilen söýünçli seslendi.

– Haý, gyňkeýiniň çagas-a edil maýmyn ýaly-ow. – Onuň bilenem kanagat etmän agajyň düýbüne bardy-da, syrylyp aşak düşüp gelýän çepiksije oglanyň ýüzüne çiňerildi. – Inim, hiý, atańda-eneňde maýmyn gatanjyň bamy?..

Oglanjyk sypaýyçylyk bilen “ýyrş” etdi-de, sessiz-üýnsiz köpçülige siňip gitdi.

Ýaryş dowam etdirildi.

Ekabyrlar şol ýerden göni, atlaryny çapyşyga taýýarlap, çapyksuwarlara iň soňky tabşyryklaryny berip ýören seýisler bilen görüşmek üçin at meýdanyna tarap gitdiler.

Atyşhanada galanlar olaryň yzlaryndan seredip duruşlaryna Abyr işanyň uly-uly ýerlerde, daş ýurtlarda okap gelen okumyş, sowatly adamdygy, ylymly bolmaklygyň adamy gör nähili belent hem parasatly hormata mynasyp görkezýändigi barada her hili gürrüňler etdiler.

Jumasapar ýaly ýaşy beýlekilere görä, birneme galarak, ony ir döwürlerden bäri tanap gelýän adamlar bolsa Abyt işan barada köp-köp gyzykly gürrüňler, hekaýatlar aýdyp berdiler.

Şolaryň iň gyzyklysam Gülbeden atly owadan gelin bilen baglanyşykly, Zymýan peri hakyndaky hekaýat.  Ine, şony welin şu ýerde ýatlap geçmesek bolmaz. Toýam goý, öz akymy bilen dowam edibersin. Oňa biz ýene-de dolanyp geleris.

## XV
## Zymýan peri

Abyt işan obadaşlarynyň aýdyşlary ýaly hakykatdan-da akylly, ylymly üstesine-de diýseň adamkärçilikli adam. Ol salyrlaryň Ýolötende oturan döwürleri,

on dokuzynjy asyryň ortalarynda dünýä indi. Onuň ilkinji halypasy kakasy. Ol oňa ýaşlykdan hat-sowat, aýat-töwür öwretdi. Salyrlaryň Sarahsa göçüp, Gowşut han tarapyndan ikinji gezek Mara getirilen döwürleri bolsa, Lebaba, Idris baba medresesine okuwa iberdi. Şol ýerdenem başyny çarap, Abydyň özi Hywa, Buhara ýaly uly şäherlere gitdi, şol ýerlerdäki yslam dünýäsine meşhur dini ojaklarda okady. Soňabaka ol ylym bilen şeýle bir imrindi welin, onuň Gazan şäherine, Osmanly ýurduna çenli gidip, uly-uly pirler, özbaşdak taglymat döreden dini hadymlar bilen duşuşandygy, özüniňem bir ýol ýasap ýörendigi, şonuň üçinem, dünýägaraýşyny has giňeltmek maksady bilen basym Arabystana, Hindistana gidip gelmekligi maksat edýändigi baradaky habarlaram oba arasyna ýaýrap ugrady.

Köpler kakasy muňa gynanar, "Ýekeje oglumdan jyda düşdüm-ow", diýip eňräp, ahy-zar çeker öýtdüler. Emma tersine boldy. Ol oglunyň at-abraýynyň şeýdip, gün-günden artyp gidip barýandygyna begendi. Asla meniň ondan garaşýanym umydym, tamam şol. Özümiň höwes edip ýetip bilmedik derejäme goý, ol bir ýetsin. Ýöne, ýekeje gezegem bolsa arasynda bir, gelip gitse, öýlendirsem, borjumy berjaý etsem, şondan soň ýene gidibersin..." diýip, oturan-turan ýerinde gürrüň etdi ýördi.

Ýöne, oňa ogluny öýermeg-ä däl, asla görmegem miýesser etmedi. Aýak üstünde gezip ýörkä bir kesel tapyndy-da, "tapyr-tupur" düşege ýykyldy. Uzak ýaşamanam ýogaldy obanyň aksakgallary: "Hernäme diýse-de ony diri aýraçylyk maýyrdy. Ogly ýanynda gezip ýören bolsa entek-entek ajala per bermezdi" diýdiler.

Abyt işana-da günübirin habar ýolladylar. Ýöne, ara daş, ýol yrak habar barýança, ol gelýänçä kakasynyň kyrky sowuldy.

Şeýle-de bolsa onuň gelen güni obanyň ähli adamlary täzeden ýygnanyşyp aýat okadylar, ondan-mundan söhbet etdiler. Söz arasynda onuň indiden soň yzyna gitmezligini, obada galmagyny haýyş etdiler. "Basym biziň Sarahsa göçäýmegimiz ahmal, ol ýerde çagalarymyzy okudar ýaly molla gerek bor. Eýeberdi ahun bilen molla Ýegenmyradyň bolsa öňkülikleri ýok. Olar indi toýda-ýasda aýada-töwüre ýarasalaram zor bolduklary. Şoň üçinem, biz şol işe senden gabyl adam göremizok, gal, öý-işik bol, öz topragyňa kök ur, ataň ojagyna eýelik et..." diýdiler.

Abyt işan ýaly ýumşak halal süýt emip ulalan adam üçin başga näme gerek? Hiý, ol şolar ýaly döwletli, akylly-başly, mamla sözleri aýdyp oturan adamlaryň öňünde gaýra gaýşyp bilermi? Bilmez! Obadaşlary aýtdy, haýyş etdi – gutardy! Esasanam ony özi gitse ata-enesiniň gapysynyň ýapyljakdygy gynandyrdy. Çünki, öz-ä ýeke diýen ýaly, özünden uly bir uýasy bardy, o-da kişi maşgalasy birwagtlar çykyp, çagaly-çugaly bolup gitdi. Ejes-ä hasam ir, entek ol Lebaba gitmänkä ýogalypdy. Üstesine ýaşam otuza ser urdy.

Abyt işan galdy. Obadaşlarynyň tamasyny ödedi. Sowatlylygy bilenem, adamkärçiligi bilenem özüni ile aldyrdy. Daşyndan gyz ýaly utanjaň, ýuwaş geplemezek görünse-de, ol berilýän soraglara birsyhly ýylgyryp oturşyna howlukman, şeýle bir ussatlyk bilen jogap berýärdi welin, kä toýlarda käbir adamlaryň ony diňlejek bolup bagşydan galýan pursatlaram az bolmaýardy.

Halky iň bir geň galdyran zat bolsa, gelende onuň ýany bilen birgiden içi suratly kitaplar getirendigi boldy. Ol kitaplar Alyşir Nowaýynyň, Zahyreddin Babyryň, Mir Muhammet Abu Zeýdiň, içine Hyrat, Töwriz, Horasan

miniatýuraçylyk mekdeplerindäki hudožnikler tarapyndan suratlar çekilen kitaplarydy.

Türkmen bagşylarynyň aýdýan aýdymlary arkaly ýerli halk Nowaýyny Myraly hökmünde gowy tanaýar. Onuň Hyradyň häkimi Soltan Söýün bilen dost bolandygyndanam, ikisiniň arasynda dörän şorta sözlerdenem habarly. Türkmenlerde “Nowaýy”, “Yrak nowaýy”, “Nowaýy düşürimi” diýen ýaly sazlaram bar. Ýöne, ine, musulmançylygyň surat çekmekligi gadagan edýän wagty şolar ýaly ägirt adamlaryň kitaplaryna birgiden surat çekilmeginiň hikmeti nämekä? Onda-da Abyt işanyň öz aýdyşyna görä mundan üç asyr öň? Şol suratkeşleriň arasynda Begzat diýen bir türkmen ýigidem-ä bar ýaly.

Elbetde, bu zatlar barada hem obadaşlary Abyt işandan soraman durup bilmediler. Şonda Abyt işan “myssa” ýylgyrdy-da: “Ýa—ak musulmançylyk surat çekmegi gadagan edenok. Kurany Kerimde şeýle zat ýok – diýip olaryň henize bu güne çenli eşitmedik zatlaryny aýtdy-da, öňküdenem beter geň galdyrdy oturyberdi. – Pygamber aleýhyssalam diňe öz suratynyň çekilmegini gadagan etdi. Çekiläýen ýerinde-de ýüzi nykaplydyr – diýip, Abyt işan kitaplarynyň arasyndan Muhammet Abu Zeýdiň “Ymamlaryň taryhy” atly kitabyny eline aldy-da, içinden suratkeş Kasym ibn Aly tarapyndan çekilen: “Pygamberiň iň soňky ündewi” atly suraty görkezdi – Ine, görýäňizmi?.. Şu ýerde pygamberimiz ýüzi nykaply çekilen. Munuň düýp sebäbem goý o dünýäsi abat bolsun, pygamber aleýhyssalam haçanam bolsa bir wagt kimdir biriniň öz suratyny görüp: “Be-e Muhammedem biz ýaly adam ekeni-ow, ine görýäňizmi, hakyt pylana meňzäbem dur” diýmegini islemändir. Suratyna däl-de, ruhuna, taglymatyna uýmaklaryny isläpdir. Has beterem ol isaýylaryň Isa pygamberiň suratyna çokunmaklaryny, oňa Hudaý hökmünde sejde etmeklerini, Hudaýyň hem ogly, hem özi hasap etmeklerini, mukaddes ruhy hem üstüne goşup, üçlükden emele gelen bütewi bir zat saýmaklaryny uly ýalňyşlyk hasap edipdir. Hudaý birdir, ýeketäkdir, diýen düşünjäni öňe sürüpdir. Hut, şonuň üçinem, ol özüniň täze taglymatyny döredipdir. Suratyň özi bilen-ä onuň asylam dawasy ýok.

“Be-e...” diýşip, öňe-yza omzaşyp oturan adamlar şonda uludan demlerini aldylar. Abyt işan şeýle diýýän bolsa o zatlaryň dogrudygyn-a ynandylaram. Şeýle-de bolsa käbir towşanýüregräk adamlar janlaryny barlap görmek üçin, bu hakda molla Ýegenmyratdanam, Eýeberdi ahundanam soradylar. Olaram edil öň dilleşiň goýan ýaly: “Abyt işan aýdan bolsa dogrudyr. Asylam indiden beýläk şonuň diýeni bilen boluberiň” diýdiler.

Ylymdanam, şerigatdanam, syýasatdanam baş çykarybilýän, köp taraplaýyn düşünjeli adam bolandygy üçin, Sarahsa göçülip gelinmeginiň öň ýany, entek Maryda otyrkalar mollaçylygynyň, mugallymçylygynyňam daşyndan Teke han ony özüne ýakyn maslahatçy edip aldy.

Gökdepe urşunyň yz ýany, Sarahsa gitmeklerine kömek etmeklerini sorap, Dykma serdaryň ýanyna Ahala gidende-de ol Abyt işanam ýany bilen alyp gidipdi.

Ol ortadan-a ýokarrak, uzyndanam pesräk boýly, uçlary oda çirkizilen ýaly töwarlanyp duran goňrumtyl, gaty bir ösgün bolmadyk, ak ýüzüni jäheklâp duran inçejik sakgally, murtsyz, hemişe ýylgyryp ýörendigi üçin nurana keşpli, hiç haçan gatyrganmaýan, hiç kim bilen gaty gygyryp gepleşmeýän, görmegeý ýigit. Doga-

tumara ynanmaýar, pala, gurra uýmaýar, düýş ýordumlaryny ykrar etmeýär. Köpçüligem şoňa ündeýär. “Musulmançylyk ylmynda olar ýaly zat ýok. Olaryň barysy şeýtany pygyllar. Oňa yslam garşy. Bar zat diňe Allanyň yradasy bilen bolýandyr. Bolar-boldajyny, geler-geldejini diňe şol bilýändir. Doga-da ýalandyr. Kimde-kim dogalanandyryn öýdýän bolsa, ol öz-özüni dogalandyr. Şoňa öz-özüni ynandyrandyr, şeýtanyň ugruna gidendir” diýýär. Ol adamyň ahlaky päkligini bar zatdan ilerde goýýar. “Musulmançylyk – bu arassaçylykdyr. Özem ýeke bir beden arassaçylygy däl-de, eýsem kalp, ýürek, göwün arassaçylygydyr, pikir aýdyňlygydyr. Ýeke bir söz, hereket, beden arkaly däl-de, göz, garaýyş, niýet, pikir arkalam bet işlere baş goşmazlykdyr, günä etmezlikdir” diýip öwredýär.

Hut şeýle häsiýetleri üçinem, oňa uly-kiçi, aýal-erkek, hemmeler hormat goýýarlar. Ýetişen gyzlardan, dul gelinlerden oňa iki aýtdyrman barjaklaram az däl. Asyl şol barada Teke han başlyklaýyn ekabyrlaryň ählisi alada edibem ýörler. Bu gün-erte onuň aýagynyň ymykly duşaklanaýmagam ahmal.

Ýöne, ilçilikde her hili adam bolýar. Şu hekaýatyň baş gahrymany başy boş, ýaş, üstesine-de diýseň görmegeý, göwsi gaba, topuklary tekiz, ak mapraç, göz-görtele erbetlik edip, göze-başa düşüp ýörmese-de, görer-göze ýeňlesräk, dili duzly, oýun etmäni gowy görýän, hut şol häsiýetleri sebäpli melamata golaýrak, syrdam syratyna gelşip duran Gülbeden atly gelnem şol, her hilileriň biri. Dogrusyny aýtsaň, ol ilk-ä Abyt işandan tamakin boldy. Onda-da gaty tamakin bold-a! Asyl ol özüni almaz öýtmedi. Maman apa ýaly gepi ötgür, köpi gören eýýär heleýleriň ýanynda birnäçe gezek gyltyzraga-da syzdyrybam gördi. Bolmajagyna gözi ýetensoňam oýunmy-çiglige salan bolup, Abyt işany oýnasy, ar alasy, öz dili bilen aýtsak, şeýdenine görä hakyt, petugulysyny beresi geldi. Esasanam onuň doga-tumar baradaky düşünjesiniň üstünde döwnäsi, öz ugrunda däli-diwana edip, eňter-pelegini öwüresi, din, doga-tumar baradaky düşünjesini düýpgöter üýtgedip, oba arasynda şondan soň bütinleý başgaça saýrar ýaly edesi geldi.

Janyny barlap görmek üçin ol özüniň bu pikirini gepi alyşýan boýdaşlarynyň biriniň ýanynda ýaňzytdam. Ýöne, ol gelin Gülbedeniň ugrundan gopmady. Gaýtam alpetinden aldy. “Gysmalygyňy gys-da, öz ugruňa geziber kençini, Abyt işan diýilýäni Sary maňka däldir, saňa-maňa özüni oýnadar ýaly” diýdi.

Onuň Sary maňka diýýäni ömrüni öýlenibilmän ýekemydarlykda geçiren elmydama daşy samanly laý bilen suwalan ýylgyn kepbesiniň kölegesinde ötene-geçene syn edip, aýallara, gelinlere lak atyp oturan, sag diýseň sag däl, däli diýseň däli däl, söwdaýypisint, ýüzi hüýt-gara üstesine-de gapan keçe ýaly çyr-çyrşak, burnunyň tommaýy öýjük-öýjük, şeýle hem nas pürkülen ýaly ýap-ýaşyl, burnuna salyp “hüň-hüň” edip gepleýändigi üçin, “maňka” lakamyny alan, kim näme berse şonuň bilen oňňut edip, toýdan-toýa, sadakadan-sadaka süýrenip ýören hossarsyz, altmyş ýaşlaryndaky bir töwra, edil çaga ýaly ynanjaň, gaharjaň, iňňän sögünjeň adam.

Ýagdaýy şeýle bolansoň gelinler ony hakykatdanam oýnaýarlar. Bu meselede esasanam Gülbeden öňe saýlanýar. Bir söý bilen deňinden geçmeli bolaýsa dagy usullyk bilen aýak çekýär-de, süýnüp-sarkyp, sülmüräp durşuna “awuna” tarap göz astyndan sereder-de:

– Sary aga? Salamälik. – diýer. Birinji gezeginde jodap alyp bilmese ikinji geze salam berer. Sary maňka ukusyndan açylmadyk çaga ýaly “gyjyr-gyjyr” edip: “Wä-neýkim how, wäneýkim, bä-ä...” diýenden soňam öňküsinden-de beter halymsyrap: — Henizem şol oturşyňyzmy? Şol sallahlygyňyzmy? Öýleneňzokmy? Ýekemisiňiz? Ýekelik gursun. Ine, menem ýeke. Bolmasa men size baraýaýyn? Alarmysyňyz? – diýýär.

Oňa-da geregi şol. Oturan ýerinde otyrýeri bilen tä kölege gutarýança öňe tarap süýşeneklär-de, hasasyny galgadyp oturşuna ulyili bilen gygyrar.

– E-eý! Şynyňmy? Dognudanam başyň boşmy? O nä, öň aýtmadyň sen muny maňa? Hä?.. Hany gel bänik gen!.. Gen, gürneşeni.

Gülbeden bolsa ýuwaş-ýuwaşdan daşlaşan bolar. Näzirgär.

– Gelerin, Sary aga. Soň bir gün gelerin. Hökman gelerin. Bu wagt görseler rakyplar gep ederler. Sen ýöne garaş... Bomy?.. Garaşmasaň gaty görerin.

Şondan soň ynanjaňlyk häsiýeti tamam bolýar-da, Sary maňka özüniň gaharjaňlyk, sögünjeňlik häsiýetine geçýär. Kölegeden hasasy bilen ýer dürtgüläp hökürdikläp çykar-da, ýoluň ortarasynda Gülbedeniň yzyndan garap durşuna hamsygaýjak bolar.

– E-eý, ýenniňe keýin, dun-a, gürneşen-ä, düşünişen-ä... özüň aýtdyň-a... Menem ýeme diýdiň-ä. Ýemetjek diýdiňä, ýemedeli diýdiň-ä... – Ýa oýnajak bonýaňmy sen bu adamnary.

Gülbeden bolsa käte bir yzyna garap, göz güldürip, gaş kakyp barşyna ony hasam öjükdirer. Gurap sandan galan damarlaryny birehimlik bilen owkalar.

Şondan soň Sary maňka golaý goltumda oýnap ýören çagalaryň birini ýanyna çagyrar.

– E-eý, damagyna ...tüni benen gyňkeýiniň şagasy, bänik gen!.. – Çaga ýaşulynyň möhüm bir ýumşy bardyr öýdüp, iki bökende onuň ýanyna geler. Sary maňka elini Gülbedeniň giden tarapyna salgap: - Bar, o ýenniňe keýine aýt, kennebaşaýagam benjek diýýä, diý...

Onuň ýagdaýyna ýetik çaga ýaýdanar, ýöne, barybir Gülbeden eýýäm gözýetimde ýokdur.

Garaz, şeýdip Sary maňkany oýnap ýaman öwrenen gelniň indi Abyt işanam oýnasy geldi.

Hut şol maksat bilenem, salyrlaryň Marydan Zurabada indi ikinji gezek göçüp gelen döwürleri, günortanyň garaňkysy gatlyşyp, hemmeleriň özüni öýli-öýüne ýa kölegä atan wagty, geýibilen geýimini geýinen, dakynybilen şaýlaryny dakynan Gülbeden gözlerine sürme sürtüp, gaşlaryna wesme çekip, gollarydyr-barmaklarynam hynalady-da, sag aýagy bilen ätläp öýünden çykdy, ördek bakyşy bilen gyýa-gyýa garanjaklady, golaý-goltumda janly-jemendäniň ýokdugyna göz ýetiribem, ökjesi pes, topuklary tekiz, ak hem dykyz injikli aýajyklary bilen assa-ýuwaş basmarlap, niredesiň Abyt işanlar diýip, küreniň günorta çetindäki çürrüjek gara öýe tarap gadam goýdy.

Onuň pikirine görä, uly il ýaly şol wagt Abyt işanam günortan ukusyna giden bolmaly. Öýündemi ýa kölegedemi tapawudy ýok, esasy zat ýanynda adam bolmasa bolýa. Özüne meýil bildirip duran dul gelne gözi düşenden nädersiň sallah görgüli adamçyl erkek ýaly “bar-bar” bagyryberse.

Oňa ýuwaş diýýäler. Dogrudyr, ýöne, ol ýuwaşyň ýanynda ýuwaşdyr. Dogajada ynananok diýýäler, o-da dogrudyr, ýöne dogagöýe, jadygöýe duşmadyk ýerinde şeýledir. Ine, Gülbeden gelin ony şeýle bir jadylar welin, Hindistanyň jadygöýlerem gelip açyp bilmezler. “Gülbedensiz maňa dünýe gerekmez” diýip, zörleder durar.

Şu oýlara gümra bolup barýan Gülbeden kalbyndaky köräp duran şeýtany höwesiniň kem-kemden möwç alyp, halys hetden aşanynam, demligini gysyp ugranynam bilmän galdy.

Çaky welin dogry çykdy. Abyt işan hakykatdanam gara öýüň işigindäki dört aýakly teläryň aşagynda gurlan palçyk supanyň üstünde hem-ä siňekden hemem teläriň üstüne atylan örme gamyşyň yşlaryndan “jyklaşýan” şöhlejiklerden goranmak üçin ýüzüne kiçeňräk, owunjak gara nokatjyklar bilen bezelen ak ýaglyk ýapynyp, bir aýagyny beýleki aýagynyň üstüne atyp ýatan ekeni.

Oýarmaga dözmeýän ýaly, Gülbeden gelin assa basyp ýigidiň daşyndan aýlandy. Tä, mähri ganýança syn etdi. Kaddy-kamatyndan doýanyndan soň, içinde adam bar bolaýmasyn diýip, gara öýüň gapysyndan garady. Boşdugyna göz ýetirenden soň yza çekildi-de, gelip ýene-de işanyň üstüne howala boldy. Çalarak egildi. Yralap oýarmak üçin çep elini onuň sag egnine uzatdy. Batyrnybilmänem yza çekdi. “Ýa adyny tutup oýaraýsammykam...” diýip, içini gepletdi. Birdenem gara öýüň kölegesinde “şyglap” duran içi suwly, gyzyl toýundan ýasalan kiçijik jürdege gözi düşdi. Baryp ondan bir owuç suw aldy-da, daraklygyna basyp öý eýesiniň başujyna bardy. Barmaklarynyň arasyndan sarkyryp duran suwy bat bilen, süýji ukuda ýatan ýigidiň ýüzüne serpip goýberdi.

Abyt işan ýüzündäki ýaglygyny sypyrdy-da, “häh” etdirip, başyny ýassykdan galdyrdy. “Hasyr-husur” çep tirsegine söýendi. Sag eliniň gysymyndaky ýaglyk bilen ýüzüni-gözüni süpürişdirdi. Başujynda gara sudur bolup duran göwräni saýgarmak üçin ukudan hem suw damjalaryndan ýaňa gamaşyp duran gözlerini ýumjuklatdy. Gypyrjyklatdy. “Şaňňyrdap” duran “şaýly gelniň” kimdigini saýgarjak, tanajak boldy. Tananyndan soň bolsa onuň beýle biwagt, bu ýerlerde näme işläp ýörendigini biljek bolup jan etdi.

Elbetde Abyt işan öz obadaş gelniniň özüne-de häsiýetine belet. Ady dile düşüp ýörenem bolsa onuň ilden çykgynç bozuk hereketler edip ýörmeýäninem bilýär. Ýöne, edil häzir näme üçin özüni beýle bigelşik alyp barýandygyna, näme üçin özüni beýle haýasyzlyk bilen oýarandygyna uçursyz geň galdy. Näme diýjegini, näme sorag berjegini bilmän kösendi. Aljyrady. Iň bolmanda Gülbedeniň gözüne şeýle bolup göründi.

Şonuň üçinem onuň bu aljyraňňylygyndan peýdalanasy geldi. Öňürti dil ýarmagy, şeýdibem ýagdaýy öz eline almagy, ýigidiň üstüne sürünmekligi onuň sussuny basmaklygy makul bildi.

– Işan aga-a... – Ol Sary maňka soňundan edýän näzini Abyt işana öňünden edip başlady. – Heý-wa-a... ikimiz-ä deň-duşrakdyrysam welin, men guraýyn “aga” diýäýipdirin-dä... – Gülbeden süýnüp-sarkyp durşuna “alaşaňňyrdy” bolup iki ýana ýaýdanjyrady. – Ýa hiçmi? Diýibereýinmi? Şeýdäýeýinmi?..

Onuň agyz uluňyny halamadyk işan ýüzüni çytdy-da, syrylyp supadan düşdi. Baryp gara öýüň kölegesine çökdi. Arkasyny tärime ýaplap jürdekden suw içdi.

– Gelin saňa näme gerek?

– Sizlik bir işjagaşym bardy-da...

– Işiň bolanda-da adam şekilli oýarybam bilerdiň-ä...

– Wah, ol-a şeýle welin, men bir derde ulaşdym-da iki gün bäri näme edip näme goýýanymam bilemok, ýaňkynam öz erkime edemok men...

– Derde ulaşan bolsaň Maman apaň ýanyna gitmeli ekeniň-dä. Tebipçilikde şoň öňüne adam geçmeýänini bilýäň-ä. Meň bolsa o zatlardan bütinleý başym çykanok.

– Bilýä-än, işan aga, bilýä-än. Ýöne, meň mynym tebiplik däl. Ruhy dert. Özem şeýle bir  azarly-y... Asyl, arşda-kürsde janyma jaý tapamok. Oň-muň aýtmagyna görä maňa ýa-ha göz degipdir, ýa-da dogalapdyrlar. Maňa indi şolaňkydanam güýçli doga bolmasa açylmyýan. Onam diňe siz  başaraýmasaňyz...

Abyt işan aşak bakyp, böwrüni diňläp oturşyna ukudan oýanaly bäri ilkinji gezek, ýöne götermeligi üçin däl-de, endigine görä “ýyrş” etdi.

– Doga-tumar bilen adamyň ruhuna zeper ýetirip bolanok, gelin. Ol ýalan. Yslamda beýle zat ýok. Ol oňa garşy. Kurany Kerimdäki dogalaryňam hemmesi ýagşylyk dogalary.

– Ana, ana, üstünden bardyňyz, işan aga. Maňa geregi şol. Şol ýagşylyk dogardan birini okaň-da meni açyň, goý, ters doga edenleriň içleri ýansyn. Yslamyň jadygöýlikden güýçlüdigini bilsinler.

Abyt işan gelniň özünden aňsat el çekmejegini aňdy. Niýetinem aňdy. Maksadyna-da düşündi. Öz üstüne hüjüm edýänine göz ýetirdi. Onuň özündenem beter pirim oýlap tapmalydygynam duýdy. Şonuň üçin o-da indi onuň öz ýaragyny öz garşysyna ulanyp başlady.

– Hany onda açygrak aýt, näme bolýa? Başyň agyrýarmy? Ýüregiň howlukýarmy? Baldyryň syzlaýamy? Ýa iýeniň içiňe gidip, peşewiň suw bolup akýamy?

Gülbedeniň gökdäki dilegi ýerde gowuşdy.

– Bildiňiz işan aga, bildiňiz. Başymyň agyrýanynam, ýüregiň howlukýanynam bildiňiz. Özem ýöne-möne-de howluganok-da, howlap edil içegelerim bilen bilelikde agzymdan çykyp barýa-da. Gulagymyň agzynda-da: “Tur, öýden ylgap çyk-da, pylan ýere bar, şol ýerde biri saňa garaşyp dur” diýen ses ýaňlanýa. Yz ýanyndanam çat maňlaýymda-da bir gara sudur peýda bolýa-da: “Saňa garaşýan men, gel çaltrak” diýýä. “Kimuw-w sen” diýjek bolup elimi uzadýanam welin ýom-ýok bolýa-da, gözümden gaýyp bolýa gidiberýä. Soňky diýen zatlaryňyzam edil aýdyşyňyz ýaly. Dädirik çöp bilen çadyr sakgyjy dagy “arbaz-arbaz” içýän welin, eger-eger...

Gülbeden aglap başlady. – Waý, indi men näderkäm? Başymam boş, hossarymam ýok. Özümiňem diýen wagtym...

Arasy kesilen süýji ukynyň azaryna zordan döz gelip oturan Abyt işan indi Gülbedeniň hasam ugruna kowdy.

– Dert beren Alla dermanynam bile berýändir, dogan. Biz diýip gelen bolsaň bir alajyny ederis. Ýöne, yglama. Sen yglasaň menem birhili bozulýan... Onsoň ikimiziňem ejizlänimizi bilse kesel hezil eder. Üstümize sürner. Sen mert durup, menlik bolsaň welin, iki bolup biz belany hökman ýeňeris.

– Şömi?

– Howwa-a...

–Onda men yglajak-dä, işan aga. Özümem mert boljak. – Gülbeden tutuş göwresi bilen silkinjiredi. Özüni rastlady – serediň işan aga, ine men eýýam mert boldum. Yglamamam goýdum. – Ol ellerini bykynyna urup, temeginem dik ýokary taýzartdy. – Işan aga serediň, merde meňzedimmi?

– Edil özi bolduň.

– Onda bejergä başlajakmysyňyz işan aga? Haçan başlajak? Häziriň özündemi ýa birki günden geleýinmi? Öňürti okajakmysyňyz ýa doga ýazyp berjekmisiňiz? Ýa çüflejekmisiňiz? Nirede nemetjeksiňiz? Öýe salypmy ýa şu ýerdemi? Ýatyrypmy ýa dik duran ýerimdemi? Ýa gaşyňyzda “şykraýlyp” oturybereýinmi?..

Abyt işan ýüzüni çynlakaý sypata salyp ýerinden turdy. Gülbedeniň ýanyna bardy. Çat maňlaýynda durup ýüzüni-gözüni synlady. Birdenem:

– Hany gözüňi ýum!.. – diýdi. Abyt işanyň demi ýüzüne urandan süňňi saňňyldap başlan gelin gözüni ýumdy. Öz hasaby boýunça bir zatlara garaşdy. Emma tamasy çykmady. Onýança-da Abyt işan: - Açaý – diýdi. Balkyldap duran köşek gözler açylandanam: - Hi-ih! – etdirip içini çekdi. Gaýra tesdi. Şonda onuň gözlerinde gorky, ýüzünde ürki göründi. – Hä-ä... – diýip, aýasy bilen buduna urdy. Iki baka haýdap başlady. Kä asmana, kä ýere garady. Öwran-öwranam: - Wah-wah-wah... Wah-wah-wah... – diýdi. Hyrçyny dişläp başyny ýaýkady. – Häýt, häýt! Küş-küş! Ýok bol- diýip, asman sary kimdir birine haýbat atdy. Goluny bulap kowdy.

Häliden bäri uçnaklap duran gelniň özem onuň o bolşundan gorkup başlady.

Heý-wa-a... Işan aga-a?.. näm boldy? Ýa meň derdim siziň çak edişiňizdenem çökderräk ekenimi?

Aý, sen sorama, dogan, menem aýtmaýyn... sen ýaňy iki-üç günden geläýeýinmi diýýäň, ýekeje pursatam gijä goýmak bolanok myny...

Aýtdym-a men, gaty heläk bolýan diýdim-ä...

Aý, ýok, aýdyşyňdan dagy gaty beter bi... Hälem wagtynda geläýipsiň. Ýogsam dagy...

Hä, näme? Näme ýogsam?

Ýogsam alardy bi seni.

Alardy-y?

Howwa...

Eý, Huda-aý!.. nämemişin ol meni alar ýaly? Kimmişin? Aýdyň-a işan aga...

Aýtmana dilim baranok, dogan...

Aýtmal-a borsuňyz, işan aga...

Iň ýamanam ol maňa eýgerdenok. Ýaňy sen gözüňi ýumanyňda bir synandym, welin, hi-iç, bor ýaly däl. Gaty sarç ekeni o peläket...

Gülbeden çyna berimsiz çylbyrlyk edip başlady.

– Ganyma galmajak bolsaňyz aýdyň, işan aga. Näme ol? Kim ol? Maňa näme bolupdyr?

– Seni Zymýan peri urupdyr.

– Zymýan peri-i?

– Howwa, Zymýan peri.

– Kim bolýar ol?

Abyt işan aktam bolan ýüzüni kese sowdy.

– Aý, o-da bir gaýyp gezýän arwahlaryň biri-dä. Mahal-mahal oba aralaşyp şeýdäýmesi bar-da. Gözem edil, özüň ýaly gözel gelinlerde, owadan gyzlarda.

– Näme, erkekmi ol?

– Aý, her hilisi bolýa-da. Ýöne, saňa duşan-a erkek ekeni.

– Onda-ha gaty gorkunç däl bolmaly ol.

– Şeýlemi? Onda degmäýinem? Nemetmäýinemmi? Gaýtarmaýynanmy?

Ýok, ýok, deg. Aýyr ony ortadan. – Gülbeden böwrüni diňledi. – Näme, gaty nemedipmi o meni? Gaty urupmy?

Abyt işan aşak çökdi. Dikejegine oturdy. Sag eliniň aýasy bilen gytyk, goňrumtyl sakgalyny sipalady.

Gaty urupdyr. Ýaman dert özem ötegçi ekeni.

Gülbedeniň ýüzi üýtgedi. Gözleri ulaldy. Göwüsleriniň galyp-düşmesi ýygjamlaşdy.

– Ötegçi bolsa erbetmi?

– Aý, neme-dä, adam görmän çölde-gyrda gezip ýörensoň tilsimi güýçli bolýa-da olar ýalyň. Bu jelegaýlaryňka meňzemeýä-dä... – Abyt işan sözüni tamamlaryna mähetdel ýerinden turdy, ylgaşlap diýen ýaly öýe girdi, eglenmänem eli ullakan kitaply daş çykdy. Supanyň gyrasynda oturyp kitaby açdy. Sahypalaryny agdaryşdyryp, o ýerine, bu ýerine seredişdirdi. – Howwa, ine, edil aýdyşym ýaly ötegçi ekeni. Tüýsem gaty bozuk görünýä. – Ol ýene-de kitaby dörjeşdirdi. – Ýöne...

Gülbeden Abyt işanyň alkymyna dykyldy. Boýnuny uzadyp kitabyň içine seretdi.

– Hä, ýönäňiz näme işan aga?

– Ýönäm... O bedähediň dogasy bu kitapda ýok ekeni-dä...

– Wiý, ony näme siziň özüňiz ýatdan bileňzokmy?

– Wah, bilemok-da...

Obanyň iň okumyşy hasap edilýän atly-abraýly adamsyny öz çirtmegine düşürendigine begenmekden ýaňa gelniň kaňşyrawugy tütäp gitdi.

– Siziňem bilmeýän zadyňyz bar ekeni-ow, işan aga. Il-günüň aýtmagyna görä-hä Marynyň molla Töre ahunam size boýunmyşyn.

– O zatlar berbesdir, dogan, ynanma...

Onda beýleki kitaplaryňyzda bardyr-a. Kitap kän diýýäler-ä sizde. Aýduwlaryna görä içi suratlylaram barmyşyn. Gaýrat ediň-de şolaram göräýiň-dä...

– O kitaplar şygyr diwanlary. Dessanlar. Dini däl. – Ol elindäki kitabyň sahabyny Gülbedeniň ýüzüne golaýlatdy. – Boljak bolsa ine, şunda bolmaly, munda-da ýok.

Şondan soň kimiň-kimi oýnaýandygyny biler ýaly bolmady.

– Onda başga bir doga okaýyň.

–Başga doga oňa kär etmez.

–Kulhualla-da kär etmezmikä?

–Ýak. Olar ýaly dogalar-a asyl, bular ýaly zatlar-a garmak bolanok. Her zadyň öz dogasy, her doganyňam öz ulanylýan ýeri bar...

Gülbeden iki eli bilen başyny tutdy-da, ilk-ä iki-baka ýaýkandy, soňam gözlerini süzüp çalarak “yňrandy”.

–Waý, indi men nätsemkäm? Nä alaç etsemkäm? Haýsy gapydan barsamkam? Derdimi kime aýtsamkam?

Abyt işanam onuň özünden kem oturmady.

–Näme, beterlejek bolýamy?

–Bolýamy däl-de, beterledi asyl. Şu ýere gelenimdäkidenem kän beterledi.

–Aý, entegem beterlär gider oturar.

–Dogry aýdýaňyz, işan aga. Şu wagt ho-ol, içi suwly jürdegem gözme Ezraýyl bolup görünýä-dä. Ýerinden turaga-da üstüme zyňaýjak ýaly bolup dur.

–Çyndyr-çyndyr. Sebäbi biz onuň kimdigini bildik, adyny tutduk, ol indi biziň bilen tutluşyga girer, ýeňilmejek bolup her zat eder.

–Onda çaltrak nemedäýiň-dä, işan aga, kömek edäýiň-dä, Ol sizden başga adama eýgertmez.

Abyt işan kitabyny goltuklap öýüne girdi-de, kagyz-galam alyp çykdy.

–Kömek ederis. Kömek etmesek bolmaz. Ine, men saňa bir hatjagaz ýazyp bereýin welin, şony al-da göni molla Ýegenmyratlara git. Ýagdaýyňy aýt. Abyt işan iberdi diý. Ýalňyşmaýan bolsam Zymýan periniň dogasyny şol bilýän bolmaly.

Ol hat ýazmaga oturdam welin, eýýäm maksadyma ýetdim, mundan buýanky hysyrdylaryň geregi ýok hasap eden Gülbeden ynjalyksyzlanyp başlady.

–Aý, ýa-akla işan aga, ýazybam oturmaň-la, gerekgäl-e, bolmasa men oňaýaýyn-la, ind-ä birhili gowulaşanam ýaly-la.

–Ýa-ak, oň temmisini bermesek bolmaz. Negözel naçary göz-görtele eline berip goýberibersek oň dişinde et galar. Beýleki gyz-gelinlere-de erjeşip ugrar. Asyl hemmesini parçalaman gitmezem. – Haty ýazyp bolandan soň Abyt işan kagyzy dört epläp Gülbedeniň eline tutdurdy. – Aňsat-aňsat okalýan doga-ha däldir. Özem kyndyr. Agyrdyr. Molla Ýegenmyradam bir garry adam, okamajag-a bor, ýöne, meň adymy berseň ýak diýip bilmez. Okar. Özüňem: “Gaýrat et, molla aga, gadryňy bilerin” dagy diýersiň-dä... – Gülbedeniň ikirjiňlenýänini görüp, Abyt işan ony gyssady. – Ýöne howluk. Näçe çalt gitseň şonça gowy. Ýaňky gowulaşan ýaly boldum diýýäniňem şoň bir oýny. Şeýdip ol seni özüne öwrenişdirjek bolýa. Okatdyrmajak bolýa. – Abyt işan ömür etmeýän işini edip, aýaklary bilen ýer depdi. Çasly gygyrdy. – Bar, indi durma! Ugra-a!...

Gülbeden bir bökende “alaşaňňyrdy” bolup ýola düşeninem bilmän galdy.

Esli ýere baransoň ýene-de özüne geldi. Abyt işany oýnamaga gelendigi ýadyna düşdi. Ony öz göz öňüne getirşindenem beter oýnandygyna ynandy. Buýsandy. Elindäki hata seredip: “Baý, doga-tumara ynanmaýan ekniň-ä, baý, döwe-perä, jada beýlekä parh etmeýän ekeniň-ä... diýip, içinden telim ýola dagy gaýtalady. Ertiriň özünde, deň-duşlaryna Abyt işanyň düşen gününi gürrüň berip, gyzyl-gyran gülüşdirjekdigini göz öňüne getirip begendi.

Şol zatlara kanagat edip, şol ýerden göni öýüne gidiberse boljakdam welin, işdäsi açyldy-da, onuň indi molla Ýegenmyradam oýnasy geldi. “Aýtdym-a men, bularyň biri-ikisi dä, hemmesem oýnatgy, bilýän zatlary ýok” diýip, ertesi joralarynyň ýanynda öwünesi geldi.

Şeýdibem ýene-de şeýtanyň goluna düşdi. Sähelçe wagtdanam molla Ýegemyradyň gapysynda häzir boldy.

Günrotanyň yssysynyň doly sowulmandygy sebäpli ahun aga-da öýünde oýaly-ukuly ýatan ekeni-de, Gülbedeniň "şaňňyr-şuňňuryna" "hyk-çok" ýerinden galdy. Entirekläp gapynyň agzyna geldi. Iki elinem söýä diräp daşaryk boýnuny uzatdy. Gözlrini açalak-ýumalak etdirip çat maňlaýynda alazenzele turzup duran "şaýly gelne" geň galyjylyk bilen seretdi. Ýöne, ol agzyny açyp-açmanka Gülbeden elindäki haty uzatdy-da, habaryny bermäge durdy.

Meni siziň ýanyňyza Abyt işan iberdi, molla aga, kömek etsin, diýdi.

–Kime kömek etmeli men? Saňamy ýa oňamy?

–Maňa.

–Näm bolýa saňa?

–Ýaramok, molla aga. Iki gün bäri başym dertli. Galanam hata ýazylandyr. Bir zat tapynypdyrynmy, nämemi...

Ýaşy bir çene baran, çekgeleri süňklek, ýüzi tegelegiräk gözleri mazaly kösseýişen, ýaşuly adamlara mahsus zybrym ak geýinen molla Ýegenmyrat türkmençilik terbiýesine görä, ýeke wagty ýat maşgalany öýe çagyrmaga ejap edip, özi daş çykdy, öýüň kölege tarapyna aýlandy. Arkasyny gamyşa ýaplap dikejegine oturdy. Özi üçin ýörite iri harplar bilen ýazylan hatyň gatlaryny açyp gözüne golaýlatdy.

Gülbeden tä haty okap bolýança onuň çat maňlaýynda joňkarylyp, ýüzüne çiňerilip oturdy. "Iň bolmanda şüý-ä hiç zadyň ýokdugyny aňar, "Aý gelin sende derdem ýok, keselem ýok, Zymýan diýen perem ýok, onuň dogasam ýok, sen ýöne birazajyk was-wasa düşensiň-de, Abyt işanam tejribesizligini edip gaýtam ýüregiňi çişirip goýberendir, bar, arkaýyn gaýdyber öýüňe" diýer, birazajygam, käýýär öýtdi. Onuň ýüzüni hasam dykgat bilen synlady, gözleriniň içine dikanlady.

Ine-de, hata tiňkesini dikip oturan molla Ýegenmyradyň dodaklary müňküldäp, çekge damarlary çekip başlady. Ýygy-ýygydan başyny ýaýkady. "Wah-wah-wah..." diýip, ýumrugy bilen kükregine urdy. "Wah peläket, haý zaluwat" diýip, aýasy bilen buduna ýelmedi. Arasynda "öwhüldäp" dem aldy. Birdenem ünsüni hatdan sowdy-da, Gülbedene tarap nebsiagyryjylyk bilen seretdi.

–Sen-ä jan kelin gaty kyn derde duşupsyň. Aýtsam-a mana, seň göwnüň galjak, aýtmasamam zybanym kemjejek... Sen belaň gaty ulusynyň üstünden barypsyň.

Içi gülüp duran gelin birdenkä biynjalyk bolup başlady.

–Molla aga näme, meni dogrudanam Zymýan peri urupmy?

–Wah, onda-da nä urmak... Sen indi myndan açylybiläýseň ne ýagşy.

Molla Ýegenmyradyň ýüzi-gözi şol wagt şeýle bir üýtgedi welin, ony görüp Gülbedeniň özem dowla düşüp başlady. Indi ikinji adam, özem uly iliň öňüne düşüp ýören adam şeý diýensoň özüni hakykatdanam Zymýan peri kakan, zyýan tapynan, doga-tumara mätäç ýaly duýdy. Öz-özüne ynanyp, özi-de bilmezden öz pirimine özi çolaşyp başlady.

–Molla aga oýun edýäňizmi ýa çynyňyzmy?

–Biziň-ä oýun ýadymyza düşenok, keýgim. Ýöne, hernäçe gynansam-da menem saňa kömek edibiljek-gä. Sebäbi men şol doganyň ýarysyny bilýän-de, galan ýarysyny bilemok.

–Hany Abyt işan siz bilýänsiňiz diý-dä.

–Dogry, öň bilýädim, ýöne, gaty güýçli doga bolansoň ýadyňda saklamak kyn bolýa. Huşumyzam küteläşensoň-a...

Gülbeden gyssanyp başlady.

–Siz-ä meni birhili yşandyryp barýaňyz, molla aga.

–Aý, yşansaň yşan, yşanmasaň yşanma, biziňk-ä bir aýtmak. Dogasyny okap ony obadan kowmagam biziň borjumyz, ýöne...

–Hiý, o dogany dolulygyna bilýän ýokmuka bu jelagaýda?

–Bolmaly. Ýöne, birneme daşrak-da.

–Nirede?

–Garadepede.

–Kim ol?

–Eýeberdi ahun. Ana, şol bilýän bolmaly. Asyl okan ugram şol şoň. Ömrüni däli-tentek, zagba, siýek okap geçirdi. Senem açar şol. Peri bolsun, döw bolsun, jyn ýa arwah bolsun, tapawudy ýok, agzyny açanda ýa-ha sermagallakdan gaýdýalar, ýa-da "güpürdeşip" gaçmak  bilen boluberýäler. Sen ana, şoň ýanyna git.

–Şu günmi?

–Şu gün däl, şu pursatyň özünde.

–Şu tüp yssydamy?

–Zymýan peri seň yssyňa sowugyňa bakmyýa, kelin. Howlukmasaň ömürlik maýyp edäýer. Iň bolmanda gözüňi alar, diliňi baglar, aklyňy-huşuňy kemer, eliňi-aýagyňy şel eder, garaz, boş-a goýmaz. Galanynam özüň bil. Soňky gün aýtmadylar diýmeseň bolýa... – Molla Ýegenmyrat Abyt işanyň hatyny Gülbedene gaýtaryp berdi. – Me, şunam Eýeberdi ahuna görkezersiň. – Soň ol Gülbedeniň üsti-başyna "üm" etdi. – Bu, "şakyr-şukularyňy" bir taşlap git. Ýogsam "şaýly gelinmikä" diýip, ýolda-yzda duşanyň ýüregi ýarylar.

Şeý diýdi-de, molla Ýegenmyrat öýüne girip gitdi.

Şondan soň Gülbeden: "Toba, toba itiň oýnam bolsa göläň çyny", diýişleri ýaly bulaňň-a gara-çynlary" diýip, içini gepletdi. Ýöne, ynjalybilmedi. Gitdigiçe-de jegebesi darykdy. Gözleriniň öňi ümezläp, başy aýlandy. Molla Ýegenmyradyň gaýdyp çykmajakdygyna gözi ýetenden soň-a bütin dünýäde ýeke özi galan ýaly göwnüne her zatlar geliberdi. Asyl Zymýan peri ganatlaryny galgadyp üstüne sürnüp gelýän ýalam boluberdi.

...Bir bilýän zady öýüne baryp eşiklerini çalyşdy. Ýönekeýräk geýindi. Nädip Garadepäniň ýoluna düşenini, gaýdyrylyp gelşine gumak ýollardan nädip, ýeldirilip geçenini welin bilenok.

Ýolboýam Zymýan periniň öňünden çykaýmagyndan gorkup, içinden bar bilýänje dogalaryny okady. Munça azap çekip baranyna görä ahun aganyň öýünde bolaryny diledi. Gitdigiçe-de gorkusy artdy. Hamala Zymýan peri öňünde penjelerini ýaýyp duran ýaly: "Haýt! Küş! Ýok bol! Çekil! Aýna! Darak! Burç! Pyýaz! Pyçak!" diýip, haýbat atdy. Arasynda halys ysgyndan gaçyp ýykylan gezeklerem boldy.

Garaz, zoraýakdan özüni Garadepä atdy. Sorap-idäp Eýeberdi ahunyň howlusyny tapdy. Derwezesinden yranjyrap girdi. Hemmesi birmeňzeş, hatara oturan bäş-alty öýüň haýsyna barjagyny bilmän ýaýdandy. Howlynyň ileri çüňkündäki mal ýataklaryň ýanynda bir zatlara güýmenjiräp ýören hyzmatkär ýigitden ahun aganyň öýdedigini ýa ýokdugyny bar bolaýanlygynda öýleriň haýsyndadygyny soramak üçin şoňa tarap ýöneldi. Oňa çenli howlynyň beýleki çüňküne basylan, adam boýundanam beýigräk ýandak küdesiniň aňrysyndan üsgürinjirap, eli täp-täzeje mis kündükli, gök ýektaýyny ýelbegeý atynan, başyna ýukajyk gyzyl-ala reňkli hülleden selle oranan, ak köýnek-balakly Eýeberdi ahunyň özi çykdy.

Derdi hakykatdanam beterläp ugran gelin ylgaşlap öňünden çykdy-da, kündügini ýere goýaryna mähetdel, salam-helik ýok elindäki kagyzy ahun aganyň gözüne golaýlatdy.

–Ine, şuny Abyt işan bilen molla Ýegenmyrat iberdi.

Eýeberdi ahun dik duran ýerinde selçeň hem uzyn sakgalyny sypalap durşuna öz-özi bilen gepleşýän ýaly: “Amanmy kelin, gurgunmysyň...” diýdi-de, haty açyp okamaga başlady. Okap durka telim gezek dagy içini hümletdi. “Be-e...” diýip geň galyjylykly seslendi. Okap bolandan soňam, yzy bar bolaýmasyn, diýýän ýaly o ýerine bu ýerine hatda arkasyna çenli seredişdirdi.

Gülbeden gelin iň bolmanda Eýeberdi ahunyň özüni paş ederini, ýalan sözläp birtopar adamy azara goýup ýöreni üçin sypaýyçylyk bilen gatyrganaryny isledi. Hiç hili derde duşmandygyna öz-özüni ynandyrasy, kalbynda dörän howsaladan sag-aman gutulasy, hakykatdan-da açylasy geldi.

Ýöne, haty okap bolandan soň Eýeberdi ahunyň çeken nagrasy welin öňküleriň dagy çakam bolmady. Ol ellerini asmana serdi-de, özüne mahsus bolan ýogyn hem labyzly sesi bilen:

–Eý, Alla! Bular ýaly agyr apaty başyndan saljak bolsaň başga bir ýeňil kelle, dars-daban, eýýar heleýleriň birini tapmadyňmy? Ezip içäýmeli beýle eziz maşgalany munça belalara giriftar eder ýaly sen näme, ýeriňde-ýurduňda ýokmudyň? – diýdi. Onuň bilen bilelikde häliden bäri dolup-daşyp duran gelinem sesinde bary bilen hünübiryan aglap başlady. Ahun nagra çekmesini dowam etdirdi, yzyndanam çalarak egildi-de, o ýan, bu ýan owsun atdy. Efsun urdy. – Ah, sen Zymýan peri! Aram-aram oba gelip gyz-gelinleri çep ganatyň bilen kaka-kaka maňa ömürboýy iş-ä bolduň! Seň uran gelin-gyzlaryňy açjak bolup ysgyn-deramatdan-a aýryldym! Maýyplar boldum! Şu gezek bir seni gaýdyp gelmez ýaly etmesem bolmaz! – Eýeberdi ahun aşak çökdi. Gülbedeni köşeşdirdi. – Goý, kelin, goý! Aglama. Özüňem otur aşak – Zymýan periniň gaýtargy dogasyny okajakdyr öýdüp, Gülbedenem hasyr-husur onuň gapdalyna çökdi. Hakykatdanam doga okamak üçin tijenýän ýaly ahun gözlerini ýumup ýere bakdy. Soň göge garady. Başyny ýaýkap: – Häýt, wah... – diýdi. Molla Ýegenmyradyňky ýaly aýasy bilen o ýerine, bu ýerine kakyşdyrdy. Şol hereketlerini birnäçe gezek gaýtalandan soňam gözlerini “ýalpa” açdy-da, gelniň ýüzüne naýynjar seretdi. – Garrylyk ýetişip güýjüm gaçyşypmy ýa şoň özi indi halys azypmy Zymýan peri şu gezeg-ä maňa baş berenok, kelin. Hernäçe beýnime zor salsamam dogaň başy ýadyma düşmän dur-da. Başyny

okamasaňam galan ýerini okanyňdan peýda ýok. Düşjek-düşjegem bolýa welin, agzymdan kakyp alýa-da, kapyr...

Ahunyň bolup oturşy, aýdýan sözleri Gülbedene öňküdenem beter güýçli täsir etdi. Halys lagşatdy. Ýene-de aglap başlady.

–Edil maňa gezek gelende şeýle bolaýmalymy? Molla Ýegenmyrad-a yzy ýadyma düşenok diýýä. Sizem öňi ýadyma düşenok, diýýäňiz. – Birdenem bir zat ýadyna düşen ýaly aglamasyny goýup begençli seslendi. – Wiý-ý... Bolmasa molla Ýegenmyrat bilen bile okaýyň. Ol-a öňüni okasyn, sizem yzyny okaň. Ýa-da men ine bu gün yzyma gideýin-de, molla Ýegenmyrada öňüni okudaýyn ertirem siziň ýanyňyza gelerin welin, yzyny okaýyň...

–Ýak köşek, ony bötmek bolmyýa. Ol düzgüne ters gelýä. Öýdüp okalan dogaň hökmem bolmyýa. Ýöremeýä. Üstesine-de bötsek ýeke bir Zymýan peri däl, beýleki jyn-arwahlaram biziň üstümizden gülerler. Ejizläpdirler, diýerler. Özlerem barha köpelmek bilen bolarlar, ýygy-ýygydan gelip ýürege düşerler. Şu ýerde galaýmaklaram mümkin. Sebäbi olaryň gözlegi ylmyň gowşan, adamlaryň azan ýerleri.

–Waý, indi men nätsemkäm, ahun jan aga? Hiý, muň bir alajy bolmazmyka? Men indi şeýdip... aýny diýen wagtymda... ardurjy gidibermeli bormukam?

Eýeberdi ahun Gülbedene çyna berimsiz göwünlik berdi.

–Ýa-a-a, i-i-i... Ruhdan düşme. Aglama. Bir alajy bor...

–Şeýlemi ahun aga? Onda gaýrat edeweriň. Ind-ä şo bela öz gözüme-de görünýän ýaly bolup dur.

Eýeberdi ahun ýüzüni-gözüni çytyp, çynlakaý sypata girdi.

–Sen indi eglenme-de ho-ol, derýa golaý ýerdäki ene saýyň gyrasynda oturan küreniň ileri çetindäki ak öýe bar. Eýesine Mätjuma diýýändirler. Şoň uly ogly Orazmyrat tutuşlygyna bilýän bolmaly şo dogany. Düýn-öňňünlikde Maşada gidip, Gyzyl Ymamyň müjewüri̇nden öwrenip geldi şony. Zehini daş ýarýan ýaş ýigitdir. – Eýeberdi ahun uludan demini aldy-da, öňküsine görä has ýuwaşrak gepledi. – Ýöne , gijä galmajak bol. Sebäbi gije diýeniň bir jyn-arwahyň, döw-periniň jadysynyň güýçlenip, erbet pygyllarynyň rowaçlanýan pursaty bolýa. – Ahun häliden bäri bu geň ahwalata agzyny açyp syn edip duran hyzmatkär ýigide öýden döwetdir-galam alyp çykmaklygy buýurdy. Getireninden soňam Abyt işanyň iberen hatynyň gyrasyna bir zatlar çyrşaşdyrdy. Boldum edibem gelniň eline tutdurdy. – Mana! Barşyň ýaly sen-men ýok şuny eline tutdurgyn. Ýogsam, kakas-a ýüpek ýaly, adam welin, özi sypjykdyr. Ýöne, meniň belligimi görse ýagdaýa düşüner. Kömek eder.

Gülbeden şeýdip ol ýerdenem gitdi, Mätjumalara tarap. Ýöne, möhümi welin o ýerdenem bitmedi. Hata göz gezdirip bolansoň-a Orazmyrat gaýtam Eýeberdi ahunyň aýdyşyndanam beter sypajaklap başlady. Mazaly sühhüni saraldan soňam gelne başga biriniň salgysyny berdi.

–Bu gün-ä indi giç bor welin, ertir baraý oň ýanyna, kän bir biwagt barany halaýan däldir – diýdi.

Nädersiň şol gün irdenem bökjekläp ýören sagat gelin gijesi bilen ýatyp biläýse. Asyl, Zymýan peri bilen uzak gije tutluşyp çykdy diýseňem boljak. Özem ýeke bolansoň derdini paýlaşara-da adam ýok. Joralarynyň ýanyna giderdenem biwagt.

Ertesi irden köwşüni süýräp salgy berlen ýere bardy welin, o ýerdenem ýüz tapmady. Gülbedeniň derdi bolsa gitdigiçe güýjerledi.

Üçünji gün diýlende ol obanyň ortarasyndaky şyr-takyr ak meýdana çykyp: "Ho-onha ho-ol küňreli howlynyň çüňkünde-hä, biri ganatlaryny pasyrdadyp otyr, onuň beýle tarapyndaky ak öýüň üstünde bolsa başga biri daranyp otyr. Ikisiniňem gözi mende, petreýdişip iýäýjek bolýalar. Dag tarapdanam biri "şaglap" üstüme gelýär. Hüýt-gara birem süýr depämde aýlanyp ýör..." diýip, ala-goh turzup duran boldy.

Şondan soň tutuş il bolup ony o dertden nädip açyp boljakdygy barada gürrüň etdiler.

Şondan soň oňa: "Sen Maşada git-de, külli Horasana belli Gul molla görün, ýüzugruňa-da gyzyl Ymama zyýarat edip gaýt" diýdiler. O-da: "Men ýeke özüm ýagdaýym ýok", diýdi. "Onda git-de, Sarahs baba ýykyl, Mara bar-da, molla Töre ahundan doga al" diýenlerem boldy. O-da gidibilen ýerine gitdi. Aýak ýeter ýaly ýer bolsa bardy. Ahyram laky-tak durdy. Ýanyny ýere berdi. Alty aý diýlende zordan özüne geldi.

Abyt işanyň ýazan hatyny welin şol sebitde sowatly adam bar bolsa barysy okap çykdy. Gülbedeniň başyna düşen ahwalatam Horasandyr-Mara ýaýramasa-da Zurabatda, Garadepede, hatda Ýolötendir-Meýmenede oturan salyr obalaryna-ha ýaýrady. Ol wakany soň-soňlaram ýatlaşyp gülüşdiler ýördüler. Şindi-şindilerem ýatlap ýörenler kän.

Hatly-sowatly parasatly adamlaryň demine düşüp, tas dälilik derejesine ýeten, şol dertden ölmän zordan gutulan Gülbeden şondan soň özüniň hakykatdan-da degmesiz adamlara degendigine, süýkenmesiz adamlara süýkenendigine düşündi. Toba etdi, öňlerinde dyzyna çökdi. Sag-aman ölmän gutulandygy üçin güýjüniň ýetdigine görä ili ýygnap sadaka berdi, özüniň degsinjeň häsiýetinden, ýerliksiz oýunlaryndan el çekdi. Hatda Sary maňkany oýnamasynam goýdy. Dogry ýola düşdi. Ile goşuldy. Şondan soň oňa iki-ýeke hyrydar çykanam tapyldy. Ýöne, o zatlar biraz soň, Sarahsa göçülip barylandan soň boldy.

Abyt işanyň at-abraýy bolsa şondan soň hasam artdy.

Onuň Gülbeden gelni otlara salan şol, meşhur hatynda bolsa, ine, şu setirler ýazylan ekeni:

Eý, peri, Zymýan peri,
Zymýan peri ursun seni,
Eý bihaýa, bimahal,
Ukudan oýgardyň meni.

Eý gelin, algyn nesihat,
Sen dagy bir äre bar,
Et bilen ýag isteseň,
Ynjaldy-da Döwletýara bar.

Asyýa unun iýseň,
Rahmannazar eýýara bar,
Ogry, tirýekkeşi diýseň,

Ol Ojuk murdara bar.

Obadan är tapmasaň,
Penşenbe gün bazara bar,
Onda-da takat tapmasaň,
Tümmek gabrystana bar.

Kelläň özüňde bolmasa,
Açyk ýatan mazara bar,
Ala daglar kabul etmez,
Daglar içinde gara bar.

Eý, peri, Zymýan peri,
Zymýan peri ursun seni,
Eý bihaýa bimahal,
Ukudan oýgardyň meni.

## XVI
## Toýuň dowamy

...Ekabyrlaryň aýlawa barmaklary bilen at çapyşygy hem başlandy. Ýeňijilere Teke han hut öz eli bilen baýrak gowşurdy.

Ondan soň olar üýşüp göreş meýdanyna bardylar. Döşleri gapak ýaly, baldyrlary ýogyn galyň-galyň pälwanlar il agalaryna gözleri düşenden damaklaryny arçaşyp, ellerine tüýkürişip, öňkülerindenem has tijenmek bilen boldular. Han aganyň öz elinden baýrak almak höwesi bilen garşydaşlarynyň guşaklaryndan ýapyşdylar.

Ol aladanam birýüzli edenlerinden soň, ekabyrlar öýli-öýlerine dagaşyp az-kem dynç aldylar. Aşaklyk bilen gijeki boljak kelte göçüň taýýarlyk ýagdaýyndan habar tutdular. Şol zatlar üçin jogapkär adamlara täze-täze tabşyryklar berdiler.

Gün gyzar ikindä golaýlandanam idäp-sorap Gaýybam tapdylar-da, oňa-da häziriň özünde özleri bilen Döwletdurdy tüýdükçiniň ýanyna barmalydygyny aýdyp, ýene-de toýhana geldiler. Bagşy aýtdyryljak ýere bardylar. Açyk meýdanda ýazylan täzeli-köneli halydyr-palaslaryň, keçeleriň üstünde ikibir-üçbir, özara gümür-ýamyr edişip oturan märeäniň bir çetinde dim-dik bolup duruşlaryna baş atyp, başly-baradraga-da salamlaşdylar.

Köpçülik welin onuň bilen oňmady. Sylanýan adamlara öz yzzatlaryny görkezmek üçin “gürre” ördüler-de, duran-duran ýerlerinde bagyr basyşyp, baş egişip salam berdiler. “Aleýik” aldylar. Gulluk bildirdiler. Käbirleri bolsa özlerini has yhlasly görkezmek üçin ylgap baryp, iki elleri bilen görüşdiler. Duran ýerinden “haýkyryp” salamlaşanlaram boldy.

Entek irräkdigi sebäpli dutarlaryny gaplaryndanam çykarman oturan bagşylaram ýerlerinden ýeňillik bilen galdylar-da, düşegiň gyrasyna gelip, ekabyrlar bilen birlaý görşüp çykdylar, hal-ahwal soraşdylar.

Han-begler üçin bagşylara golaý ýerde, ýüpek körpençeler ýazlyp goýlupdy. Köpçüligiň içinde märekä beýemçelik edip ýören, çyglyp hem gaty gygyryp gepleýän, ak sakgally, ak kirpikli, ýüzi çog-gyzyl, dodaklary tebsiräp durandygy sebäpli hemişe ýalmanyp ýören bir ýaşuly öňe çykyp, olardan şol ýere geçmeklerini haýyş etdi.

Emma Teke han oňa bu wagt özleriniň oturmakçy däldiklerini, bagşylaram alyp Döwletdurdy tüýdükçiniň ýanyna gitmelidiklerini bagşynam şondan gaýdyp gelenlerinden soň oturyp arkaýyn diňlejekdiklerini aýtdy. “Ýörüň” diýen manyda bagşylara yşarat etdi.

Bagşylar: “Munymyzam almalymykag-aý...” diýýän ýaly dutarlaryna tarap soragly seredişdiler. Ekabyrlaryň sessiz-üýnsiz öwrülip gidiberendiklerini görübem: gerek däl ýaly-la, diýen netijä geldiler.

Olar ýolboýam şeýle agyr halda ýatan hassanyň ýanyna beýdip, üýşüşip, onda-da gyr-gyssag barýandyklarynyň sebäbini bilibilmän kösendiler. Kethudalardan soramaga bolsa çekindiler.

Soraýanlarynda-da, garry sazandanyň ýanyna näme üçin barýandyklaryny han-begleriň özlerem bilmeýärdiler. Olara diňe: “Bagşy-sazandalaram alyň-da, erte agşam geliň” diýlipdi.

Baryp görseler Döwletdurdy tüýdükçiniň işigi kiçiräk toýhana öwrülen ekeni.

Daşarda içi çekdirmeli ullakan gazan “bygyr-bygyr” gaýnap dur. Bir tarapdaky timar bilen, rejelenip basylgy odunyň üstüne ýaňyja soýlan goýnuň bolluk bilen duzlanan derisi serilgi. Tamdyrdan çykan bäş-alty sany galyň hem ullakan, tegelek nany sazandanyň gelinleriniň biri repideli egninde göterip, hatara oturan öýleriň çepkisine ýetip barýar.

Ekabyrlar bu omalak-çomalaklygyňam nämäniň alamatydygyny bilip bilmediler. Ýöne, göwünlerine erbet zat getirmediler. Olar ýaly bolsa “gyk-bak” bolardy, “haý-waý” çykardy, eşidilerdi, habar barardy, diýip, öz-özlerini köşeşdirdiler.

Öýe girenlerinden soň welin, olar öz gözlerine ynanmajak boldular. Çünki, düýnjigem “has-has” edip, demini sanap ýatan bimar sazanda bu gün gap böwürde ýazylan gat-gat düşekçäniň üstünde arassa ak köýnekli, ak balakly, sakgal murty ýuwlup tämizlenen, daralan, bejerilen, saçy syrylgy uçmany ýaňy öwrenjek bolýan çaga kepdei ýaly ganatlaryny galkyjakladyp otyr. Söýget üçin daş-töweregine birnäçe ýassyk üýşürilipdir. Ogullarynyň hersi bir gapdalynda tekýe berşip otyrlar.

Sag gapdalynda bolsa ömürlik hemrasy, ady-abraýy, şany-şöhraty bolan tüýdügi ýatyr. O-da yhlas bilen syrylyp süpürilipdir. Arassalanypdyr.

Gelinleriniň ikisem girip-çykyp, hyzmat edişip ýörler. Olaryň biri bir okarany püre-pürläp “paşyrdap” duran göm-gök düýe çal getirdi. Ýagşygül apa okarany gelniniň elinden aldy-da, içine seredip:

–Heý-wa-a... pülnüleme edäýipdirler myny... – diýdi. Soň ony Teke hana uzatdy. – Al Ýazyjan, özüňem iç, ýldaşlaryňa-da geçir.

Myhmanlaryň gelenini duýansoň sazandanyňam ysgynsyz göwresi herekete geldi. Ogullaram ýerlerinden turup ekabyrlar bilen salamlaşdylar, görüşdiler. Kakalarynyň ýanyndan ýer görkezdiler.

Ýagşygül apa bolsa içki joşgunyny saklap bilmän, agzynyň ýetişdiginden samrap ýör.

–Akgaňyzam şu gün-ä ýagşy. Ertirden bäri size garaşyp ýatyr. – Ol uzak durmaga mejaly bolman aşak çökdi. – Bir hyýala-ha mündi öz-ä. Tüýdügine çenli taýynlap goýdy.

–Olar ýaly bolsa ýa-ha biziň bilen gidip toýda tüýdük çaljakdyr, ýa-da öýlenmegiň kül-külüne düşendir – diýip, ykjam ornaşmak üçin düşekçäniň üstünde oýkanjyrap oturan molla Oraz ara maýylganlyk girizmek üçin degişmä saldy.

Ýagşygül apa onuň oýnuna garaçyny bilen jogap berdi.

–Wah, käşge jan Oroz. Gutulyp gitjegini bilsem heleýi meň özümem äberjek şuňa.

Degişmä baş kethuda Begnazaram goşuldy.

–Haý näbileýin-dä. Häli bir Gülbeden ýaly gara saçly görmegeý gelniň goltugyndan tutup getiräýse janyňa-ha ýakmas-a gerek. – Begnazar suwly jürdek ýaly "şyg-şyg" edip güldi. – Oklawyňy dalawladyp ikisiniňem injigini uçraýmasaň...

Indi Ýagşygül apanyň özem oýna goşuldy.

–Ýak, hiç zat diýmen. Sag-aman gutulsa bolýa.

–Aý, başdaşy ýüzüne seredip otyrka Döw kakamyz beýle iş etmez-laý – diýip, aňsat-aňsat degişmä goşulmaýan Abyt işanam aşak bakyp ýylgyryp oturşyna ýuwaşja seslendi. – Ýöne ýaňky molla Orozyň aýdyşy ýaly biz bilen Allamyradyň toýuna gidip tüýdük çalmana taýýarlyk görüp oturan bolmagy mümkin. – Ol çalarak egildi-de, Döwletdurdy tüýdükçä tarap owsun atdy. – Ýa çakylyk has uzagrakdan geldimi, Döw kaka?..

Arkasyny tärime ýaplap birgiden ýassyklaryň arasynda yranjyrap oturan goja tüýdükçi gözi ýumuk hem bolsa sesiň nireden gelenini, kimden çykanyny soňky sözleriň özüne gönükdirilip aýdylanyny aňdy. Jogap berende kynlyk bilen, arasyny kesip-kesip gürledi.

–Howwa, işan jan, bu gezek çakylyk uzagrakdan geldi. Onda-da juda uzakdan geldi. "gitse gelmezden" geldi. O çakylykdan men boýun gaçyryp bilemok. Oňa meň hakymam ýok, elajymam ýok. – Goja gurak-gurak ýuwdunan-da bokurdagynyň ýumrusy "ligir-ligir" edip, telim gezek dagy aşak-ýokary inip çykdy. – Şonuň üçinem men sizi şu ýere çagyrdym. Oňňam sebäbi... sebäbi Üh-he... kh-he-e... Men size şu gün bir saz çalyp berjek... Ol siziň öňki eşiden sazlaryňyza girenok. Ol meniň ömürbeýanym. Ýeke meňkem däl-de, tutuş halkyň, adamzadyň ömürbeýany... Umuman, durmuş barada. Bu meniň şu agyr halda, ajal bilen jan dalaşyna girip ýatyrkam döreden iň soňky sazym. Muny öz ýanym bilen alyp gitsem görümde arkaýyn ýatybilmen. Yza bolsa ýol ýok. – Ol tutuksy nazaryny zoraýakdan diýen ýaly myhmanlara tarap gönükdirdi. – Gaýyp ýokmy araňyzda?

Bu gezek hemmeden öň Teke han seslendi.

–Bar,bar...

–Onda näme sesi çykanok oň?

–Aý, damagy dolup gepläbilenok.

–Hä-ä... Hm-m...

Oňa çenlem Gaýyp dyzanaklap diýen ýaly gojanyň ýanyna bardy. Golundan ýapyşdy. Ýuwduna-ýuwduna zordan gepledi.

–Men ine, bärde halypa. Şu ýerde. Seň ýanyňda.

Hamala şägirdini elläp görmekçi bolýan ýaly Döwletdurdy tüýdükçi gapdallaryny sermeledi.

–Şu ýerde bolsaň onda oturyber şu taýda... Beýleki bagşy-sazandalaram bamy?

–Bar, halypa, hemmesem bar.

Döwletdurdy tüýdükçi indiki sözlerini şolara degişli edip aýtdy.

–Sizem şu sazy diňläň. Öwreniň. Ýat bekläň. Gerek bolsa üstünde işläň. Ýöne, gylyny gyşartman indiki nesillere ýetiriň.

Her sözünde säginip "has-has" edip zordan gürleýän sazandanyň häziriň özünde alaga-da tüýdük çalyp başlajakdygyna dogrusy oturanlaryň biriniňem ynamy ýokdy. Her kim ol ýöne, öz ugruna gepläp oturandyr, aňy üýtgändir, çaýmaklap gepleýändir öýdýärdi. Emma goja geplemesini goýdy-da, sag eli bilen sermekläp sag dyzynyň ýaynda ýatan tüýdügini aldy. Naýly tarapyny kentlewügine diredi. Guşuň gursagy ýalyjak bolup galan kükregini ýelden doldurdy. Çalarak gobsundy. Üfledi. Howada galgap ugran tüýdükden "şyggyldy" gatyşykly pessaýja owaz çykdy. Horja barmaklaryň tüýdükdäki deşijekleriň üstünde gaýmalaklap ugramagy bilen öýüň içinde henize bu güne çenli hiç kimiň eşitmedik üýtgeşik bir sazy ýaňlanyp başlady.

Ol saz Döwletdurdy tüýdükçiniň tüýdüge doly güýjünde erk edip bilýän döwürlerindäki ýaly göçgünli çykmasa-da iňňän mylaýym, labyzly, siňňitli, zehiniňe batnykly eşidildi. Çünki goja tüýdükçi öz tüýdügini bu wagt barmaklary bilen däl-de, sary gaçan bimar ýüregi bilen çalýar. Şonuň üçinem, tüýdügiň içinden çykýan owaz durşy bilen nala, perýat, kükreginden çykýan bat bolsa ýel däl-de, efgan "ah" bilen "wah". Sazyň süňňünde bolsa, sazandanyň öz aýdyşy ýaly ýeke bir özüniň, öz taýpasynyň ýa türkmen iliniň däl, eýsem külli adamzadyň dogup-döräli bäri başyndan geçiren pajygaly ahwalatlary bar. Gören ýagşy günlerem, ýaman günlerem, sapaly çaglaram,. gussaly, gamgyn pursatlaram, çeken azaplaram, güzaplaram, gaty bir gysga-da bolmadyk ömrüniň dowamynda gabha pelek birle guran tükeniksiz darkaşlaram, başyndan inen heýhatlaram şonuň içinde. Her öwrümiň ahyrynda-da: "Eý-ho-oý... Eý-ho-oý..." diýen içi harpdan doly, iniňi tikeneklendiriji zaryn bir owaz öýüň içinde köwsarlap, tüýnüge tarap burugsap-burugsap gidýär.

Muny oturanlaryň hemmesi eşitdiler. Aýdyň gördüler. Sazyň beýanatlaryna, sazandanyň ahwalatlaryna düşündiler. Hususan-da, Döwletdurdy tüýdükçiniň öz isleýişi ýaly, bu sazy bagşy-sazandalar bek bellediler. Beýnilerine ýazdylar. Aňlaryna berkitdiler. Garry sazandanyň iň soňky deminde-de öz öňlerinde uly borç goýup gidip barýandygyna göz ýetirdiler. Ol uly borjy boýunlaryna aldylar.

Saz bolsa barha pessaýlap gidip barýar. Çünki, sazanda egbarlady. Jan haçan teslim etse edäýmeli ýagdaýa geldi.

Her niçik hem bolsa saz iň soňuna çenli dowam etdi. Tamam bolandanam sazanda tüýdügini agzyndan aýyrdy. Ýöne, ýerde goýmaga ýetişmedi. Elinden gaçyrdy. Gözlerini süzüp boýnuny bir tarapa gyşartdy. Oglanlary tutup ýetişmänkälerem "şalkyldap" arkan gaýtdy. Şol aralykda-da bir zatlar diýdi. Güňleç iňledi.

Oglanlary ony düşegiň üstünde ynjalykly ýatyrdylar-da, özleri eýýämhaçan örüşip ugran myhmanlary ýola salmak üçin gapynyň agzynda häzir boldular. Azajyk eglenmeklerini duz dadyp gitmeklerini haýyş etdiler.

Ogullarynyň mürähedine Ýagşygül apa-da goşuldy:

Heý,wa-a...Ýazmuhammet! Nahar pişip dur-a. Duz datman gitmäň-ä. Bäregem bükdürip otyryn-a men kelinlere.

– ...Nahary baryp toýdan iýeris, kelapa. Hassa bolsa rahatlyk gerek. Sag oturyň. Akgamyzyňam ahyry gelsin.

–Bor, Ýazy jan. Taňryýalkasyn. – Ýagşygül apa agyr göwresini zordan herekete getirip bir ädim öňe süýşdi. Teke hanyň alkymyna dykyldy. Pyşyrdap gepledi. – Oba arasynda bir "hyşy-wyşy" bar welin...

–Bar bolsa dogrudyr, Ýagşygül kelapa. Ýöne sen arkaýyn bol, bir üýtgeşiklik bolsa ogullaryň bilen habarlaşarys.

***

...Bagşylardyr-ekabyrlaryň gaýdyp gelmekleri bilen, bagşy aýtdyryljak ýerde seýregrägem bolsa üýşüp oturan märekä jan girdi. Hereket köpeldi. Käbirleri öňki oturan ýerlerinde gorsanyşsalar, käbirleri bagşylar üçin düşekleip goýlan ýere golaý süýşenekleşdiler. Täze gelenler ýerlerinden turup han-begler, bagşy-sazandalar bilen görüşdiler.

Ekabyrlaryňam özleri üçin bellenip goýlan ýere geçmekleri bilen, märekä nahar çekildi. Nahardan soň Abyt işan töwür etdi. Toýy gutlady. Ýagşy dilegler etdi. Içinden bolsa il-günüň bu gün-erte sag-aman öz ýurduna gowuşmagyny arzuwlady.

Şondan soň gezek bagşylara ýetdi.

Özleri üçin göre-gündizden ýazlyp goýlan galyň düşekçeleriň üstünde ykjamlanyşyp oturyşlaryna olar öňden işip, syntgylap goýan ýüpek kirişlerini gara gazmalaryna howlukman, uly söýgi bilen dakdylar. Üstünden sypalaşdyrdylar. Bir barmaklary bilen "tyryň-tyryň" etdirip ilki aşaky, soň şabram kakyp iki tarapynam sazladylar. Ondan soň üýşüp biri-biriniňkä düzdüler. Göwünlerine jaý bolandan soňam baş atyp makullaşdylar. Muny aňan märeke tolkun atyp başlady.

–Bolaweriň ho-ow!..

–Başlaň-a indi...

–Ýa, Alla!..

–Hany bir hezil beriň...

Bagşylar gaňrylyşyp, golaýlarynda oturan ekabyrlara tarap seredişdiler. Olaram öz gezeklerinde Teke hanyň ýüzüne bakdylar.

Teke han: "Başlaberiň", diýen manyda baş atdy.

Ozaldan gelýän edähleterine görä, döwür gurap oturan bagşylaryň hersi öz gezeginde şol bir heňe bir aýdym aýtmaly. Hiç kim özünden öňürti aýdylan aýdymy gaýtalamaly däl. Şonuň üçinem, özara ylalaşyp, bir aýdymy käte ikä ýa üçe bölüp aýdýan gezeklerem bolýar.

Muňa "bir aýlaw" diýilýär.

Aýlaw boýunça aýdylýan aýdymlar "ýapbyldakdan" başlanyp, kem-kemden ýokary perdelere çykylýar. Şondan soň hakyky synag başlanýar. Kimiň sesi nirede ýetmese, ol şol ýerde yza süýşýär-de, dutaryny dula söýäp, çekilýär oturyberýär.

Ýagdaý şeýle bolansoň, özüne göwni ýetýän bagşylar garşydaşlaryny aýlawdan çykarmak üçin her gezekki aýdymdan soň dert-azar çep elleriniň barmaklaryny dutarlarynyň gulaklaryna ýetirmek bilen bolýarlar. Muňa onuň garşydaşlary kejikýärler, özlerine göwniýetmezçilik edildigi hasaplaýarlar we göz görkezmek üçin olaram ur-tut dutarlarynyň tarlaryny çekmek bilen bolýarlar.

Netijede bagşylaryň arasynda bilniksiz bäsleşik, kejeleşik emele gelýär. “Öten agşamky toýda pylany ýeňdi” diýen ady her kimiň özi alasy gelýär.

Bu ýagdaý bagşylary ýeke bir basdaşlyga däl, eýsem görüpçilige çenli alyp barýar. Olary käte uly betbagtçylyklaryň üstünden eltýär. Içleriniň gyrylýan, içegeleriniň ýolunýan, ömürlik maýyp bolýan, hatda ölümiň üstünden eltýän gezeklerem bolýar.

Şonuň üçinem, obanyň kethudalary, toýuň beýemçileri, galyberse-de, han-begler hemişe olara “haý-küş” edip durýarlar. Kellegyzgynlyk edip biri-birlerine agram salmazlyklaryny, kast etmezliklerini haýyş edýärler. “Bize siziň “it urşuňyz” gerek däl, hezil bereniňiz gerek” diýýärler. Karamlyk ýa emel edip ýaryşýan bagşylara baýrak bermeýärler, soň “aýlawa” goýbermeýärler, gaýdyp orta çykarmaýarlar, asla toýa-da çagyrmaýarlar.

Tertip-düzgün diňleýjilerdenem talap edilýär. Ýagny, her bagşynyň obadaşlary, ilen-çalanlary, tiredeşleri, ýaşrak bolsa deň-duşlary oňa janköýerlik edýärler. Her aýdymdan soň, gerek bolsa arasynda-da onuň adyny tutup gygyryşýarlar, “how” çekýärler, “jukguldanda” şonuň jukguldysyna” goşup ökjelri bilen ýer depýärler, “haýt-haýt”, “häýt-häýt” diýşip goltgy berýärler. Ýa-da: “Aý, enteg-ä aýdym eşidemizok”, “Hany tijen...” diýip gižželeýärler.

Käte duýgulary hetden aşan janköýerler toparlarynyň arasynda dawa-jenjelem turaýýar. Ana, şolar ýalyda hem kethudalar ara düşmeli bolýarlar. Janköýerleriň has dyzmajraklaryny tertip-düzgüne göz-gulak bolmaklary üçin öňünden ýörite bellenen iki-üç sany işşekçer jahyllaryň kömegi bilen “hangöter” edýärler-de, märekeden çykaryp goýberýärler. Şondan soň ol märekä gelibilmän daşyndan aýlanyp ýörendir. Egerde şol bir bidüzgünçilik şol bir adam tarapyndan birnäçe gezek gaýtalansa, onda ol hem bagşa gelmekden bütinleý mahrum edilýär. Şonuň üçinem, olar duýgularyny mümkingadar öz içlerinde saklajak bolup jan edýärler, dawanyň turmagyna sebäp bolmazlyga, göze düşmezlige çalyşýarlar.

Şeýle ýagdaýda märekäniň şowhuny kada laýyk bolýar. Bagşylaryň aýdýan aýdymynyň sözleri märekä aýyl-saýyl eşidilýär, täsiri, terbiýeçilik ähmiýeti güýçli bolýar.

Tirebazlyk etmän, diňleýjileriň hemmesiniň deň-derejede janköýerlik etmegi bagşylara hem oňaýly täsir edýär, hyjuwlaryny güýçlendirýär, märeke bilen özlerini bütewi bir göwre saýmaklaryna, özlerini gowy duýup, aýdymlary öňkülerindenem has gowy edip ýerine ýetirmeklerine goltgy berýär.

Bar pişesini taşlap, hemişe bagşylaryň yzyna düşüp ýören märekemän adamlaram bar. Olara il içinde “yşky” diýilýär. Olar beýleki janköýerler ýaly şowhun turuzmaýarlar, duýgularynyň ugruna gidip gaty ses bilen “how” çekmeýärler, gopgun turuzmaýarlar. Aşak bakyp, gözlerini süzüp oturyşlaryna “hä-ä” edip käte bir başlaryny ýaýkaýarlar, hyrçlaryny dişleýärler, ellerini owkalaşdyrýarlar, gözlerine ýaş aýlaşyp: “Ýüregimi paralama meň, bagşy jan”,

“wah, men bir senden ir öleýin how, inim” diýen ýaly sözleri yzly-zyyna gaýtalaýarlar.

Olaryň sözlerini hiç kim eşitmese-de bagşylar eşidýärler. Aýdym-saza bütin durky bilen berilýändikleri üçin olara minnetdar bolýarlar we käte hut şolar üçin has belent perdelere çykyp, aýdýan gezeklerem bolýar. Şeýtmek bilen olar “yşkylaryň” aýdyma bolan teşneliklerini gandyrmaklyga, höweslerini kanagatlandyrmaklyga çalyşýarlar.

Ýöne, “yşkylara” aýdym-sazdan ganma ýok, gaýtam aýdymyň hörpi güýçlendigisaýy işdäleri açylýar. Ertesi: “Öten agşam sen toýda pylan zat diýdiň, pylan hili hereket etdiň” diýseler ýatlaryna salyp bilenoklar.

Yşkylar pul zyňmaýarlar. Çünki, olar özlerini bagşylaryň öz adamy hasap edýärler. Asyl olary bagşylaryň özlerem, il-günem şeýle hasap edýär.

Salyr bagşylarynyň aýdym aýdyş tertip-düzgünleriniň ýene bir häsiýetli tarapy mazaly gyzanlaryndan soň, aýdýan aýdymlary üçin olara diňleýjiler tarapyndan pul, mal zyňylýar. Pul ugrundan köplenç Eýran tümeni, ýüzüne alynky bir goly gylyçly ýolbarsyň şekli basylan gyranlyklar oklanýar. Seýregrägem bolsa Buhara, Hywa pullaram düşäýýär. Mal ugry bolsa her kimiň öz ýagdaýyna görä. Tokludan, çebişden başlap tä, köşekli düýä çenli galybermeli.

Ýöne, o zeýilli baýraklar diňe törde oturan hanlaryň, begleriň, baýlaryň elinden gelýär. O-da juda seýrek bolýar. Gizlin göçüň talabyna görä bu gezeg-ä olar ýaly uly baýraklar asla-da zyňylmaz. Bu gezek ähli güýç şowhuna, şagalaňa berler.

Iç işikde ýa o ýerdenem orun tapman daş işikde eginlerini gysyşyp oturan billeri kendir guşakly, aýaklary çepekli inçejik sesleri bilen käte bir: “Garyp”, “Ýekäniň”, “At bolar” diýen ýaly pukaratap aýdymlary buýruşyp buruljyraşyp oturan çekinjeň garyp görgülilerden-ä bagşylara asla zat ýok. Ýöne, ine, diňe söýgi baradaky juwanhalar aýdymlary diňlemäge höwes edip, dişleriniň suwuny çekişip oturan ýaş-ýeleňler, durmuşdan içi ýanan, maşgalasy oňmadyk, perzentsiz ýa aýalsyz, orta ýaşlaryndaky bendeler welin boş oturanoklar. Juda bir ýer urup ýerde galan bolaýmasa pul zyňman oturmak salyrda umuman namys hasap edilýär. Ady tutulman galan obanyň ýigitleri bigaýrat saýylýar.

Şonuň üçinem her obanyň oglanlary öz aralarynda pul toplaýarlar-da, bagşa aýdym buýurýarlar. Buýran aýdymlary aýdylmasa ýa juda eglenip aýdylsa özlerini äsgermezlik edilendigi, obalarynyň kemsidilendigi hasaplap, täzeden, öňküdenem köp pul toplap öňkä görä has agyzlyrak, has dogumlyrak birini bagşylaryň üstüne ýollaýarlar. O-da bagşylaryň aýdyp oturan aýdymlaryny tamamlap, gysgaça “arakesmä” çykan wagtlary tasap ýerinden turýar-da, bir bökende baryp, bagşylaryň üstüne howala bolýar. Arkan-ýüzün gaýşyp, elindäki pullary güjeňläp durşuna ilk-ä haýsy obanyň ýigitleriniň pul zyňýandygyny, haýsy aýdym üçin, özem indi näçenji gezek zyňylýandygyny aýdýar, soňam gollaryny giňden galgadyp, elindäki pullary bagşylaryň öňünde ýazylan ýaglygyň üstüne ýeke-ýekeden zyňyp başlaýar. Her zyňanda-da: “Ine, aýtmasaňyz! Mana aýtmasaňyz! Gaýratyňyz bolsa ýene-de aýtmaň! Ine, büýem şol aýdym üçin! Şüýem şol aýdym üçin! Hm-m... Hä-ä-ä..” diýip, ulyili bilen gygyrýar. Ýaz aýynyň kebelekleri ýaly howada gaýmalaşyp ýören kagyz pullaryň iň-soňkusy baryp emaý bilen ýaglygyň üstüne gonandanam maňlaý derini eliniň arka tarapy bilen çalyp, yzyna dolanýar. Gelip ýene-de obadaşlarynyň

arasynda ornaşýar. Hili bir iş bitiren ýaly gözlerini agdar-düňder edip, gormaýyp oturşyna “nätdim” diýen manyda, dost-ýarlarynyň ýüzüne ýeke-ýeke seredip çykýar. “Has-has” edip: “Hany şu gezegem bir aýtmasynlar bakaly şony, “kelleriň” kimdigini gözlerine görkezeris” diýip, tutuş göwresi bilen iki- baka owsun atýar. Gapdalynda oturanlaryň birem bagşylara tarap boýnuny süýndürýär-de: “Şü gezegem aýtmasaňyz lükgämiz bilen turup gidýäs” diýip, bagşylara haýbat atýar.

Umuman, şol wagt märeke gyzan bazara dönýär, hemmäniň kellesi göçýär, manyly sözler, güýçli owazlar, owadan hörpler diňleýjileri jadylaýar. Şol wagt olar üçin dünýäde başga iş-alada ýok. Her kim öz buýran aýdymyny wagtynda eşidibilse onuň üçin gaýry bir bagt ýok. Bu ýagdaýy bagşylaram ýagşy bilýärler. Märekäniň keýpini duýýarlar. Şonuň üçinem, olar islendik obanyň ýigitlerini öýkeletmezlige, buýran aýdymlarynyň birinem galdyrmazlyga çalyşýarlar. Şeýdibem märekäniň deňagramlylygyny saklamaklygyň hötdesinden gelýärler.

Şeýle ýagdaýda aýdym buýran toparlaryň hemmesi deň-derejede karar tapýarlar we öňküdenem beter has belent we çeküwli aýdymlary buýurmak üçin täzeden pul toplaşyp başlaýarlar.

Olaryň öňki öýke kinelerem, atýan haýbatlaram barybir kiçi dilden bärde. Aýdymyň jadyly humarynyň etdirýän oýny. Aýdym-saz tamam bolandan soň bagşylar öz diňleýjilerinden: “Janym akgam hezil berdiňden başga söz eşitmeýärler.

Bagşyçylygyň belläp geçmeli ýene bir düzgüni: ýokarky perdelere çykylandan soň pes aýdymlary buýurmak bolanok. Buýursaňam aýdylmaz. Ol hiç kim tarapyndan oňlanylmaýar we şony buýran kişi aýdym-sazdan daşdaky, märekä tötänden düşäýen hasap edilýär. “Aýdym tanaýşyň şu bolsa bar, git-de, ojaga ot sal ýa başga bir pişe tap...”, diýlip üstünden gülünäýmegem ahmal.

...Aňrysynda agyr göçüň, uly aladanyň ýatandygyna garamazdan, şol düzgün-tertipler bu toýda hem edil öňküleri ýaly başlandy, şol terzde hem dowam etdi.

“Sen-sen”, “Wahyt”, “Garybym” ýaly ýapbyldak heňlerden başlanan aýdymlaryň yzy sähel wagtyň içinde baryp “Gülkeşde”, “Zöhre jan”, “Köçe bagy”, “Şadilber” ýaly belent aýdymlara diredi. Orta ýazylan ýaglygyň üstüne üýşýän pullardan ullakan üýşmek emele geldi. Şol üýşmegiň çür başy bagşylaryň derläp duran depeleri bilen deňleşdi. Pullaryň baryp ýelmeşmezlikleri üçin, olar kellelerine-de ýokajyk ýaglykdan selle oramaly boldular.

Märeke welin şol wagt aýdym-sazyň jadylaýjy humarlarynyň çetinden ýaňy girip ugrapdy. Şolaryň arasynda muşt ýalyjak göwresini gaýkyjakladyp, gollaryny galgadyp oturan Jumasaparam bar. Ol sözüniň doly eşidilmegi üçin gowruň ýatyşaryna garaşdy. Ara böwşeňlik düşendenem:

–E-eý, geçiler! Bady-sabany aýtsaňyz bir bagşy sylagyňyz ba-a!- diýip, ulyili bilen gygyrdy.

Barjamlydygy üsti-başyndan, ýüz-gözündenem bildirip duran, dolmuş ýaňaklary ter, gabagy galmaýandygy sebäpli çep gözi çalaja çyzylýan, sakgal-murtsyz bir ýigit iki dyzyna galdy-da, ýüregi joşgun adamyň badyhowalygy bilen:

–Aý, Jymakga seňňem, gepilmän oturylan düşüň ýok – diýip Jumasaparyň öz agyz uluňyna görä gep atdy. – Ýöne geçiden mal bolmaz, mana, men bir köşek berýän seň şol aýdymyňa!... – Ol indi ýüzüni bagşylara tarap öwürdi. – E-eý, akgalar, aýdyň şol aýdymy. Köşegem ertiriň özünde gapyňyzda hasap edäýiň!..

Muny Jimasapar gaty gördi. Ýerinden turup ynjyly gürledi. – Sen... Sen... Köpüm mal-ow diýen bolup... Hondan bärsi bolan bolup... Hä-äý... Päh-eý... – diýdi-de, kynlyk bilen aşak oturdy – Hümh – çü-üýf...

Baý ýigidiň eden şol hereketini märeke-de, ekabyrlaram halamadylar. Çünki, hakykatdan-da baýlygyňa baýrynyp başga biriniň goýan baýragyny kemsitmek, zyňylan baýraga söz tapmak bolanok. Bu türkmençilikdäki ýazylmadyk kanunlaryň biri. Şonuň üçinem, ýaňky ýigidiň hereketi tertip-düzgüni bulaşdyrmak üçin edilen synanyşyk hasap edildi we köpçülik tarapyndan ýazgaryldy. Goýan baýragy häzirlikçe hasapdan öçürildi we aýdym-sazyň dowamynda, haýsam bolsa başga bir aýdym üçin özbaşdak zyňmagyna rugsat edildi. Köpçüligiň gyssagara, onda-da şeýle adyllyk bilen gelen bu kararyna bagşylaram köp hoşal boldular. Ýeňillik bilen uludan demlerini aldylar, dutarlaryna ýapyşdylar we diňe Jumasaparyň geçisi üçin, uly hyruç hem höwes bilen “Bady sabany” aýtdylar.

Köşek eýesem köpçüligiň gelen karary bilen ylalaşmaly boldy. Köşegini şondan bäş-alty aýdym soň, “Gideli gyzlar” üçin zyňdy. Ýöne bu gezek ol köşegi baran ýerinde süýtden horlanmazy ýaly, hemem bagşylaryň düýe gatyksyz kösenmezleri ýaly enesi bilen bilelikde zyňdy.

Nireden çykandygy belli däl, köpçüligiň bir ýerinden Otjan keliň:

–Bäýip-bä-ä!.. – diýen meşhur sesi eşidildi. Ol onuň yzyna-da märekäni uzak garaşdyrmady. – Errekgemen-nä-ä!..

Şeýdip, duýdansyz ýüze çykan köşekli meseleden ýaňy bir dyndylar welin, Ýaguplar bilen ýanaşyk oturan Saýat obasyndan gelen myhmanlaryň arasyndan Atak atly saryýagyzrak, uzynak, gözleri ýumjuklap duran bir ýigit syçrap ýerinden turdy-da, diňleýjileriň arasy bilen däbşenekläp bagşylaryň ýanyna bardy. Elindäki kagyz pullaryň bir ujundan tutup, depesinde galgatdy.

–Ine, pul şü, adamlar! Hemmesem “Garry ezizim” üçin. Saýatly ýigitleriň adyndan. Aýtmasaňyzam ýamaşekketdandan ýygnaga-da, üstüňizi puldan gömeris welin, saýatlylary gören ýeriňizde utanar ýörersiňiz...

Aýdym aýdyp oturanlaryň biri Täçmämmet bagşy. Beýlekisi Soltanýaz bagşy. Üçünjisine bolsa Mäti bagşy diýýärler. Sekiz ýaşlaryndaky tokarja oglanjygam onuň dyzyny ýassanyp otyr. Ol onuň ogly. Ady Oraz. Dutarçy sazanda-da bar, oňa Amannazar diýýärler. Ol aýdym aýdanok. Gyjak, gyjakçy ýok. Çünki salyr bagşylary gapdallarynda gyjak çaldyrmaýarlar. Olar şol düzgünlerini henize – bu güne çenli saklaýarlar.

Her gezekki aýlawa Täçmämmet bagşy başlaýar. “Garry ezizime-de” şol başlamaly. Ol şol aýdymyň heňine “Nejebini” aýtdy. Mes iner ýaly kükräp oturşyna eginlerini iki-baka ýaýkanjyradyp:

–Gul Nejep goladam düşendir wah-wah-eý-e, kyýa-amat boldy, ehe-he-eý-eý... – diýende dagy märeke oturybilmän, tereň derýa deý tolkun atdy durdy. Gollar howada gaýmalaklaşdy. Minnetdarlykly sözleriň yzy üzülmedi.

Gezek Soltanýaz bagşa ýetdi. Ol şol aýdymyň heňine:

–Nägehan sil geler daglaryň ýüzünden,
Derýasy bent olmaz baglamak bilen,
Dady-peryat eýlemäň gideniň yzyndan

Giden gaýdyp gelmez aglamak bilen.

–diýen aýdymy ýerine ýetirdi. Ortadaky pully ýaglygyň üstüne kükregini gerip, o ýan, bu ýan owsun atanda ýaňy bir çal sepip ugran gyrçuw sakgally çürüje eňegi üýşmek puluň iň ýokarkylaryna degip aşakylaryny ýelpäp-ýelpäp goýberdi.

Edil "yşkylar" ýaly bagşylar bilen bile ýatyp-turup ýören bolmasa-da. Şolaryň bäri ýany hasap edilýän, öýüni towga ýükläýmeli bolansoň il içinde "lütjek" lakamyny alan, ogulsyz-gyzsyz, Baky atly, orta ýaşdan geçeňkirlän, çolagrak bir garyp görgüli bardy, ana şol, aýdym soňlanyberende durup bilmän:

–Haý-haý, haý-haý! Jan ogul, han ogul! Böýtme! Ýüregimi paralama! – diýdi-de, "hork-hork" edip aglamaga başlady. Ýöne, gowry ýetik märeke onuň näme diýeninem, eden hereketlerinem aňşyrmady.

Başga bir gytygrak gara sakgally, inçejik burnunyň çep ganaty meňli, ullakan gözleri içiňden geçip barýan, boýy kelteräk ýigidiň bir dyzyna galaga-da, sag eliniň ýumrugynam howada galgadyp:

–Jana-a, Syltanýaz akga, jan-a! Jaňkyny döwensiň sen şu aýdymyň! Mendenem bir, öweç saňa şu aýdymyň üçin! – diýenini welin ýeke bir bagşydakylar däl, eýsem golaý-goltumda hyzmat edişip ýörenlere, hatda kelte göçüň arasy bilen, "Ýa, Alla" diýip, Sarahsa tarap ýola düşenlere çenli eşitdiler.

Aýdyp oturan namasyny gaýryp bolandan soň, Soltanýaz bagşy Mäti bagşa seredip baş atdy. Gaşlaryny gerdi.

Bu onuň: Indi gezek seniňki diýdigidi.

Mäti bagşy "Garry ezizimiň" hut özüni aýtmalydy. Çünki, ol onuň boýnuna alaja dakyp, öz adyna geçiren aýdymy. Şol aýdymy başga bir bagşy başga bir ýerde aýtsa-da: "Pylany pylan toýda Mäti bagşynyň "Garry ezizimini" aýtdy welin, edil özi bolaýdy" diýilýär. Aslynda buýran adamam şol aýdymy kimiň aýtjakdygyny bilip buýran bolmaly. Beýleki bagşylaryň öňürti başlabam şol aýdymy Mäti bagşa goýandyklarynyň sebäbem şol.

...Aýdymyň giriş öwrümleri edilip, ýola düşübermeli bolanda eti-gany ýerinde, tegelek ýüzli, sakgal-murty seýregräk, kellesine gyzyl hülle ýaglyk oranan Mäti bagşy: "Hö-öp..." etdirip demini içine çekdi, assa-ýuwaşdanam ony owaza öwrüp yzyna goýberdi. Bokurdakdan çykýan güýçli hem iňňän ýakymly ses petreýşip duran parlak ýyldyzlara baý, gara mahmal deý ýumşak arassa asman gümmeziniň astynda bir öwrüm etdi-de, şaglap aşak indi, goldan-gola ýaň salybam Tejen deryasynyň boýy bilen demirgazyga tarap ugrukdy. Ýelginine serbazlaryň agaçdan ýasalan gözegçilik diňlerini yrgyldatdy, gowşagrak ýerlerini "jygyldatdy, "Pulhatynyň" üstünden parran geçip, Gyzylgaýanyň goňras gaýalaryna sanjyldy, Nowruzabadyň baýyrlyklaryny tozadybam göni, gadymy Sarahsa bakan rowana boldy.

–Owalda aklymny haýran eýlediň,
Hylwat ýerde sözleýşeli söwdügim,
Agladyp gözýaşy girýan eýlediň,
Uzak döwran yzlaýşaly söwdügim.

Beýdiň soňy ilk-ä “hüžžüldä” soňam, “jukgulda” ýazdy, jukguldynyň soňy säkdirmä, onuň soňy bolsa gaýnatma syrykdy.

Märeke-de öz gezegini sypdyrmady.

–Jana-a-a!...

–Berekella!...

–Ja-anym akgam!..

–Ömrüň uzak bolsun!..

Baky lütjegiň sesi iň soňundan, ýöne, örän ysgynsyz çykdy.

–Men bir senden öň öleýin how, inim...

Bagşy hasam göterildi.

–Bagda bilbil saýrar, çekdigi zardyr,
Aşyga köýmeklik ozaldan bardyr.
Gerdeniň dutardyr, zülpleriň tardyr,
Saba turup sazlaşaýly söwdügim.

–Baý-ba-a-a!..

–Eý-ho-o-o!

–Errekgemenn-ä-ä!..

Baky lütjegem iki dyzyna galyp ýer sermäp ugrady.

–Haý-haý-haý!.. Jan ogul, jan ogul!.. beýtmäweri... Oňurgasyny ýazdyrýaň sen ol aýdymyň, çekirdenini aýyrýaň!...

Mäti bagşynyň sesi ýetjek derejesine ýetdi.

–Ýetim guzy kimin gezmegin mäläp,
Gözeller içinde men seni halap,
Ömrümi ötürdim näzli ýar aglap,
Gelse döwran yzlaşaly söwdügim.

Aýdymyň soňky beýdine gezek gelendenem hälki, şol aýdymy buýran, saý at obaly ýigit ýerinden hasanaklap galdy-da, iki elinem pul zyňýanlaryňky ýaly howada hallanladyp durşuna:

–Şeýdaýy diýr, diý, Oroz akga, Şeýdaýy diýr, diý!.. – diýip, zarynlady. – Ýürek joşguny ýetjek derejesine ýeten bor-a çemeli onuň bilenem çäklenmän, bir bökende bagşynyň ýanyna geldi, sag eliniň aýasyny Mäti bagşynyň gara der bolan egnine goýdy. – Şeý diýmeseň razy däldirin, akgam! Şo ýerini galdyrsaň gözümi açyp giderin!.. Soň ol eglip, Mäti bagşynyň ýüzüne çiňerildi. – Düşdüňmi akgam?..

Islendik üýşmeleňe gijä galyp gelmek endigi bolan Apby şol gezegem edil märekäniň çetinden girdi-de, birtopar adamyň arasy bilen ätmerläp geçip, bagşa golaýrak ýerde oturdy. “Garry ezizimi” buýran ýigidiň soňky sözlerinem eşitdi. Eşidişi ýalam:

–Ýa, gyňkeýiniň balasy, ölseň üç köpsen-aý, ýöne, beýdip, aýdym-a päsgel berip, märekäň badyny alyp bir durma-a... – diýip, garaçyny bilen gahar etdi. – Ýa kimiň şygryny aýdýantygyny şol adamlar bilýän däldirler öýtýäňmi?..

Saýat obaly ýigidiň uçup-gonup durşy dogrusy ýeke Apba däl, hiç kime-de ýaramady. Asylam aýdym aýdyp oturan wagty bagşa lak atmak, bir ýerine kakmak, onda-da arkasyna kakmak, çapyp barýan atyň öňüne kesek atan ýaly bir zat hasap edilýär. Ol ýagdaý bagşynyň özüne hasam erbet täsir edýär. Bady gaçýar, sowaşýar. Kejikdirýär. Toýnak kakyşyny ýitirýär. Netijede meýlisiň mazasy gaçýar.

Şonuň üçinem, saýatly ýigit Apbynyň aýdany bilenem ýerine geçip oturybermedi welin, han-begleriň arasynda oturan, baş kethuda Begnazar özüniň gyryljak sesi bilen pessaý, ýöne, diýseň hökümli gepledi.

–Otur how, Atak ýeriňe geç-de! Öz keýpiň ugruna gidip märekä-hä bir aýdym diňledeňok, üstesine bagşynam öz gününe goýaňok.... Häý! Çekibileniňizi çekip paň bolýaňyz-da, birentegiňiz.

Märekäniň içinde kethudalaryňam oturandygyny ýaňy bilen ýaly ol ýigit şeýle bir utandy welin, asla ýoldaşlarynyň arasyna barany bilenem ynjalykly oturyp bilmedi. Aşak bakyp oturşyna gorsanjyrady-gorsanjyrady-da, turdy ötägitdi. Ony görüp Apby Begnazara tarap boýnuny uzatdy.

–Bekgi akga oňardyň şun-a. Gowy etdiň. Biz bir zat diýseg-ä Apby aýtdy bolýa...

Ol zatlar şeýle bir çalt bolup geçdi welin, Mäti bagşy kimiň näme diýenini dogrusy aňşyrybam ýetişmedi. Gaýta pellehana golaýlan bedew at ýaly ümzügini barha öňe atyp, aýdymyň iň soňky setirlerini külterläp ugrady.

–Şeýdaýy diýr, gitmez synamyň dagy,
Göwsünde gurulmyş eremiň bagy,
Ol gara gözleriň ýagydyr-ýagy,
Ogryn-ogryn sözleýşeli söwdügim.

Aýdym gutardy. Köpçüligiň içinden ýene-de alkyşly sözler eşidildi. Ýeke bir Mäti bagşynyň däl, aýlawa gatnaşan beýleki bagşylaryňam, hatda Amannazar sazandanyňam şanyna öwgüli sözler aýdyldy.

Her gezekki aýlawdan, esasanam şular ýaly agyr aýdymlardan soň hemişe edilişi ýaly, dem-dynç almak hem söz alyşmak üçin bagşylar bu gezegem dutarlaryny usullyk bilen bir gyra goýdular. Ýüzlerinden, boýunlaryndan akýan derlerini ellerindäki ak ýaglyklary bilen süpürişdirdiler.

Hanlara mähsus bolan agraslyk bilen, häliden bäri sesini çykarman aýdym diňläp oturan Teke han onsuzam hemmelerden saýlanyp duran uzynak göwresini hasam dikeltdi-de, gara çäkmeniň üstünde öňküsindenem aksowult görünýän ýüzüni sag tarapynda oturan Abyt işana tarap aýlady.

–Şu aýdymyň özbaşyna taryham barmydy, Abyt? Sen aýdýamydyň şony?

–Howwa han aga bar. Özem Şeýdaýynyň hut özi bilen baglanyşykly.

–Sen onda bagşylar demlerini dürseýänçäler adamlara aýdyp beräý şony, zähmet görmeseň...

Abyt işan endigine görä "ýyrş" etdi-de, çalaja gozganjyrady, çalaja-da ardynjyrady. Çekinjeňlik bilen ýüzüni iki-baka sypajaklatdy. Ýektaýynyň synlaryny dyzlarynyň aşagyna dykyşdyrdy.

–Kynlyg-a ýok oň welin, ýöne, bulaň hemmesi eşidendir ony öň. Bilýändirler...

–Aý, şonda-da aýdyp goýber, belki aralarynda eşitmediklerem bardyr.

Işanyň ýaýdanjyraýanyny görüp, diňleýjilerem ýerli-ýerden: “Aýtda-aýt” diýşip, gygyryşdylar. “Henize çenli bir gezegem eşidemizok” diýenlerem boldy.

Zandy ýumşak Abyt işanyň köpçüligi özüne şondan artyk ýalbardasy gelmedi.

–Bu waka salyrlaryň Hywa, Buhara sebitlerinde oturýan döwürleri ýagny, mundan ýüz ýyl gowrak öň bolup geçipdir. – diýip, ol mylaýymlyk bilen söze başlady. – Aýdyşlaryna görä Şeýdaýynyň başdaş aýaly birhili bethüýräk, siltenjeňräk, geplände gepi-sözi tüýs, bir dawa-jenjele jabdak gelip duranrak, iň beterem hanysarak, üpül-süpülräk, kemhyzmatrak, şol bolşy bilenem özüni hondan bärsi tutýan, ärini özünden bir basgançak pes saýýan, edýänje işinem minnetli edýän üstesine-de gasygyna gan degmedik, hasylsyz-harmansyz bir töwra maşgala ekeni. O bendäniň güni bir bolsa äri bilen urşy iki ekeni. Özem onuň tüýs bir halamajak sözlerini aýdyp, ýakmajak hereketlerini edip ýörite kejikdirýän ekeni. Şeýle-de bolsa şahyr onuň bilen elli ýaşlaryna çenli ýaşaşypdyr, häsiýeti düzeler, çagasy bolar, akyllanar öýdüpdir. Emma üýtgän zat bolmandyr. Şol aralykda-da bagty çüwýämi ýa boljak işmi, garaz, şahyr özünden kän kiçi, başy boş, Aýjemal atly bir owadan gelin bilen sulhy alşyp ugrapdyr. Ol gelin Şeýdaýynyň ähli goşgularyny ýatdan bilýär ekeni, toýlarda bir çetde durup, aýdymlaryny diňleýär ekeni.. soňabaka olar gatnaşyk açypdyrlar, ýygjam-ýygjam duşuşyp, goşgy, dünýä, panylyk hem bakylyk, öý-öwzar, perzentsizlik dagy barada içginden-içgin gürrüňler edip ugrapdyrlar, biri-birlerini görmeseler kararlary ýetmändir. Şeýdaýy o barada:

Aşyk Şeýdaýy diýr, ýaryň elinden,
Agtaryp tapmadym, gyzdan-gelinden,
Säher wagty “hüw” diýp galdym ýerimden
Düşer Aýjemalym ýada ýaranlar.

–diýen ýaly yşky goşgular ýazypdyr. Bu ýagdaý Aýjemaly şahyra hasam golaýlaşdyrypdyr. Ýaş tapawutlaryna garamazdan, Şeýdaýy öňki aýaly bilen aýrylyşyp, Aýjemala öýlenipdir.

Durmuş guranlaryndan soň Aýjemalyň şahyra bolan hormaty hasam artypdyr. Söýgüsi zyýadalaşypdyr. Şüý-ä garry-ow, diýip, oňa äsgermezçilik etmändir. Özüni artyk saýmandyr. Häli-şindi “haşgyryp”, ýüzüni alyp yşgyny gaýra tesdirmändir.

Şeýdaýam ony şeýle bir gowy görüpdir welin, dünýä täzeden inen ýaly bolupdyr, öňküsine görä göz-görtele ýigdelipdir, ylhamy joşup, yşgy belende göteripdir. Oňa bagyşlap täze-täze goşgular goşupdyr. Özi bilenem şeýle bir ysnyşypdyr welin, gelninden aýrylyp hojagaz ýere-de gidesi gelmändir. Hatda, egnine küýzesini alyp derýa suwa gidende-de, “atymy suwa ýakjak” bahanasy bilen bile gidipdir, bile-de gaýdypdyr. At üstünde yzyna düşüp gelşine ony synlapdyr, ýörişine guwanypdyr. Gaz kibi moýmuldap barşyna gözi düşende bolsa, göwni göterilmekden ýaňa özüne göwni ýetýän ýaş ýigitleriň toý-tomguda gelin-gyzlara görünmek üçin edişleri ýaly, eýeriň üstünde syrtyny bir ýana taşlap ýanynrak oturypdyr-da, telpeginem gyşygrak geýäge-de:

Ýalan dünýäniň behişdi,
Gyzyl gülden täze gelin,
Ak ýüzleriň meňzär Aýa,
Ýaýkanyşyň gaza gelin.

Şeýdaýy diýr söz bolmasa,
Bakjada gülüm solmasa,
Zyýada gurur bolmasa,
Bermen ýüz-müň gyza gelin.

–diýip, öz ýanyndan gelnini taryp edipdir.

Adamsynyň şeýdip öz daşynda kebelekläp ýörşüne Aýjemalyňam göwni göterilipdir, her hili täze ýörüşler, näz-kereşmeler tapyp şähyryň heserini hasam güýçlendiripdir. Käte-de bir yzyna gaňrylyp, ördek deý gyýalabrak garaga-da, çep gözüni süzüp, gaşynam çalarak kakar ekeni-de, ýene-de öwrülip, ýoluny dowam etdiriberer ekeni welin, şolar ýaly-da şähyryň tutuş süňňi lerzana gelip atyň üstünde oturan ýerinde dodaklaryny ýalap galpyldaberer ekeni.

Ömrüniň soňky gürpünde şahyryň şeýle hoşwagt hala düşendigine il-günem begenipdir. “Wah, öň şeýtmelidi, bir nadany adam etjek bolup, ömrüni kül etdi” diýşip özara gürrüň edipdirler. Birneme gijräk hem bolsa şahyra şolar ýaly belent söýgi berendigi üçin Aýjemala-da minnetdarlyk bildiripdirler. Ol ikisini birwagtlarky ötüp giden aşyk-magşuklara meňzedipdirler.

Şeýdaýynyň özem özlerini ötüp giden aşyk-magşuklara meňzedip goşgular ýazypdyr:

Leýli diýip, Mežnun dünýäden geçdi,
Şirin diýip, Perhat daglary deşdi,
Aşyk Garyp ýedi ýylda gowuşdy,
Biz hem ýetsek şol myrada ýaranlar.

Aýdyşlaryna görä, özüniň “Gül-Senebur” atly yşky dessanynam şahyr şo-ol Aýjemalyň yşkynda şeýda bolup ýören döwürleri ýazanmyşyn... – Abyt işan bir aýtmasyz zady aýdyp köpçüligiň keýpini bozaýmaýyn diýýän ýaly, gaşyny çytyp, ýüzüni bir ýana sowdy. Esli wagt dymyp oturdy. – Ýöne... özüňiz bilýäňiz, hiç zat hemişelik dowam etmeýär. Herki zadyň bir ters tarapy tapylaýýar. Şeýdaýynyňkam şeýle bolupdyr. Şolar ýaly bagtyýarlykda ýaşap ýörşüni öňki aýaly oňa rowa görmändir. Içinden gyryndy geçiren şol görüplik ony öz gününe goýmandyr. Nädibem bolsa bir ýol bilen Aýjemaly abraýdan gaçyrasy, kowdurasy gelipdir. Şeýdibilse Şeýdaýy ýene-de özüni alar öýdüpdir.

Ine, hut şol niýet bilenem, ol bir gün halys hurşy gutaryp egbarlan, azardan çykybilmän öýünde düwdek bolup ýatan oba belli neşekeş, tüýkesme ogrynyň ýanyna barýar-da, az-kem pul berip, özüne geler ýaly edýär-d: “Meniň bir ýumşum bar, egerde şony bitirip bilseň kän pul bererin...” diýýär.

Neşekeş onuň aýdanlaryna razy bolupdyr. Näme etmelidigini sorapdyr. Aýalam: “Sen ertir Gün guşluk boluberende derýanyň güzerine bar-da, hyşalygyň içinde bukulyp otyr. Şol wagt Şeýdaýynyň odäkisi suw almana barar, yzy bilen sömpüldäp özem barar. Ine, onsoň odäki suw alyp, yzyna dolanar welin, oturan ýeriňden oňa tarap kesek zyň, bärsine bakaram welin, bukudan çyk-da, goluňy bula: “Bärik gel!” diýip, ýuwaşja seslen. “Düýn näme gelmediň”, diýip abaý eden bol. Şeýdaýyny görübem gaç” diýipdir.

Bol pula, imrinen ol ülhit buýrulan işi bolmalysyndanam has mojugrak edip ýerine ýetiripdir. Şeýdaýyny görübem özüni jeňňelige urupdyr.

Aýjemal welin oňa ünsem bermändir, sesinem çykarmandyr, gaçyp giden tarapyna gazap bilen garapdyr-da, ýoluny dowam etdiriberipdir.

Bu ýagdaýa şaýat bolan Şeýdaýynyň bar keýpi gaçypdyr. Göwnüne güman gidipdir. Gahar-gazapdan ýaňa birbada näme etjegini bilmän, saňňyldap kän durupdyr. Atynyň jylawyny elinden gaçyrypdyr. Uly höwes bilen gyşyk geýen telpegini maňlaýyna süýşüripdir, seçelenip duran buýralary bilen gözleriniň öňüni örtüpdir. Syrtynam eýeriň üstüne dürs goýupdyr. Daş-töweregindäki hyşagulpaklardyr-toraňňylaram başlaryny yraşyp üstünden gülýän ýaly, müýnürgäp aşak bakypdyr. Özüni namysa galan hasaplap erbet örtenipdir. Bir demde ýagyrnysy bükreýip, göreçleriniň röwşeni kemelipdir. Baryndan beterem ýüregine ot düşüpdir. Öýkeni ýellenipdir. “Men-ä muny gözümiň görejine deňäp... aýamyň üstünde saklap... gije-gündiz wasp edip, apalap ýörün, bu bolsa... meni garry görüp... ile belli bir iflis bilen azaýan ekeni-ow, adyma ysnat getiräýen ekeni-ow” diýip, içini gepledende dodaklary kemiş-kemiş edipdir. Gözlerine ýaş aýlanypdyr. Gabanç duýgulary şeýle bir güýçlenipdir welin, bolup geçen zatlaryň hakykatdygyna doly ynanypdyr. Gazaby ýetjek derejesine ýetip, beýnisinde ýyldyrym çakypdyr. Çaltrak öýüne ýetesi, Aýjemaly kowup bu masgaraçylygyň aşagyndan basymrak çykasy gelipdir. Şol maksat bilenem aýagynyň aşagyndaky atyny debsiläpdir. Emma hemişe sähel zada göterilip, uçganaklap duran at şol wagt ýerindenem gozganmandyr. Öňki edýän ýörüşlerini etmändir. Ýörese-de juda ýaltalyk bilen, diýseň haýal ýöräpdir. Hemişe nädip geçileni bildirmeýän, gözüne diýseň gysga görünýän ýoluň şol gezek Şeýdaýy üçin soňy gelmändir.

Öýüne gelip, küýzesini egninden düşüren gelin äriniň bolup gelşinden rejäniň geň däldigini aňypdyr-da: “Şahyr saklan! Meseläniň anygyna ýet! Şondan soň öldürseňem men kaýyl!..” diýip oňa tarap aýalaryny ýaýypdyr.

Şahyr welin ony diňlemegem islemändir. Agzyndan ak köpük saçyp, bütin durky bilen titräp durşuna: “Bar git! Ýok bol! Men sen ýaly biwepa bilen ýaşaşjak däl! Goý, seni meň yhlasym ursun! Ygtykatym ursun! Söýgim ursun! Sen menden talak! Talak, talak, talak!..” diýip gygyrypdyr. Onuň bu diýenlerini goňşy-golamlaram hatda köçeden geçip barýan bazarçylaram eşidipdirler. Durup-durup diň salypdyrlar. Şeýle parasatly, uly ile akyl berip ýören şahyr adamyň beýdip tutuş köçäni ýaňlandyryp durşuna geň galypdyrlar.

Şahyr bolsa adamçyl erkek ýaly gözlerini agdar-düňder edip gelnini gapa tarap itekläpdir. Aýjemal bolsa çykmajak bolup kän dyrjaşypdyr, gapynyň söýesinden ýapyşypdyr, bosagasyndan aslyşypdyr. “Hälem bolsa aýdan sözüňi yzyňa al, öýden çykmankam düşünişeli, soň bolmaz...” diýip, ýalbarypdyr.

Ýöne, onuň ol ahy-nalalary ol wagt şahyra täsir etmändir. Gaýtam Aýjemal ýalbardygysaýy namysy joşup, erk-ygtyýaryny elden gideripdir. Ahyram ähli güýjüni jemläp, bigünä gelni gapydan çykaryp goýberipdir.

Aýjemalam bir “ah” çekipdir-de: “Hä, şahyr ýalňyşdyň. Ýöne, indi bolmady. Indi men gitmeli boldum. Gazabyň gaçyşansoň ýalňyşandygyňa düşünersiň, puşmanam edersiň, ýöne giç bor...” diýipdir. Şeýdibem gözýaşyny seçe-seçe, yzyna garaý-garaý, öýünden çykyp gidipdir.

Şol obada öýlenibilmän ýören bir garyp, ýöne arassa ýigit bar ekeni. Aýjemal göni şol oglanyň öýüne barypdyr-da: “Sen meni şu günüň özünde nikalap al, ertire goýmak bolanok, özüňem hiç zat sorama, soň özüm düşündirerin” diýipdir.

Başy göge dirän ýigidiň begenjiniň çägi bolmandyr. Ol obasyndaky gurplurak adamlaryň birinden bir goýny nesýe alypdyr-da, goňşy-golamlaryny ýygnap üýşmeleň edipdir. Nika gyýdyrypdyr. Aýjemalam törde gelinsiräp oturmandyr-da, goluny çyzgap gelene-gidene hyzmat edipdir.

Oňa çenli şahyryňam gahary gaçyşyberipdir. Ötenden-geçenden Aýjemalyň nirä barandygyny, näme işläp ýörendigini üzlem-saplamragam bolsa eşidipdir. Özüniň ýalňyşandygyna düşünipdir. Neşekeş bilen azan bolanlygynda Aýjemalyň ur-tut oňa däl-de, başga birine baryp oturybermejekdigine, şu hereketinem ýekeje günem bolsa ile-güne başy boş, eýesiz, hossarsyz görünmezlik üçin edendigine göz ýetiripdir. Neşekeşiň kesek atan wagty sesini çykarman gaýdyberendigininiň sebäbiniň bolsa şerraýylyk edip, hiç zat ýok ýerden özüni ile ryswa edesiniň gelmeýändigi bilen baglydygyny bilipdir. Maşgalasyny ýaman gözden, ýaman dilden goramaly halyna gaýtam özüniňem betgümanlyk edip ony şolar ýaly çykgynsyz güne salandygy üçin gynanypdyr. Eden işine ökünipdir. Bu pirimiň nireden, kimden ýeteninem kem-kemden aňypdyr. Ýüregi howlap daş çykypdyr. Garyp ýigidiň işigindäki üýşmeleňe tarap boýnuny süýndürip durşuna, ýap-ýaňyjada öz öýüni bezäp oturan gelniň eýýämhaçan başga bir öýüň ody bilen girip, küli bilen çykyp ýörşüni, indi oňa özüniň hiç hili dahlynyň ýokdugyny ýüregine sygdyryp bilmän aglapdyr. Onuň bilenem derdi egsilmänsoň, näme edýänini özem bilmezden, eýýäm nika gyýlandygyndan bolsa bütinleý bihabar, “hyk-çok” edip, öz-özüne töwellaçy bolmak üçin toýhana tarap ugrapdyr. “Dähedem-dessemläp” diýen ýaly barypdyr. Horaşaja ojak bilen garyp külbäniň arasynda eli tabakly ylgaşlap ýören Aýjemalyň ýanyna baryp: “Men dogrudanam ýalňyşypdyryn, Aýjemal. Günämi öt. Ýör, gideli. Öýe baraly...” diýip ýalbarypdyr.

Gelin bir diňşirgrnipdir-de, uludan demini alyp: “Soňky tüýkülik sakgal ezmez” diýipdirler, şahyr, indi giç. Kerwen gitdi. Döwran ötdi. Göwün göç eýledi. Bagt guşy egniňden uçdy. Ýöne, özüňden gör, men indi şu ojagyň eýesi. Bir garyň ýigidiň halaly. Nikalysy. Namysy-ary. Göwnümi gapysyna bent edip, örkümi tärimlerine bagladygym bolan şu öýüň arassalygyny, başymy gara başyna deňäp bardygym şol ýigidiň mertebesini edil seniňkini goraýşym dek gorap saklamak meniň borjum. Indi bolsa gaýt, çünki, beýdip, “gideli” diýip, eýeli maşgalanyň üstüne ernip durmak sen ýaly atly-abraýly adam üçin aýp bor” diýipdir. Şeýdibem daş işikdäki “gübürdäp” duran ojagyna ot salmak üçin şo tarapa ýüwrüpdir. Eýýämhaçan dünýäsi daralyp ugran şahyr halys aljyrap onuň golundan aslyşypdyr. “Men sensiz oňup biljek däl, ekenim, Aýjemal. Şoňa gözüm ýetdi. Emma, seň bu

diýip duranlaryňam dogry. Men indi galan ömrümi jebir çekip geçirmeli boldum. Ýalňyşandygyma, şeýtanyň ugruna gidendigime-de düşündim. Ýöne, halys gussadan ölmezim ýaly iň bolmanda aram-aram habarlaşyp bir duraly. Juda bolmasa, mahal-mahal, pynhan ýerde duşuşaly. Geçen günlerimizi ýatlaşaly. Gelejegimizi yzlaşaly. Ýak, onam etjek-gä diýseň, märekä-meýlislerde, ýoda-yzda ogryn-ogryn gözleşeli, sessiz-üýnsiz sözleşeli, birek-biregiň ýüzüne bakyp, mähir-muhabetden, kaddy-kamatdan ganyşaly" diýip, ýaňky diňlän aýdymyňyzdaky aýdylýan ahmyrly sözlerini şonda ilkinji gezek aýdypdyr.

Aýjemal bolsa: "Ýak!... o diýeniň-ä asylam bolmaz!.." diýip, kesgitli aýdypdyr-da, ho-ol, kesek atan neşekeşiň yzyndan garandakysy ýaly şahyra tarap şeýle bir gazaply garapdyr welin, ol edil aýagyndan syrtmak salnan garry göhert ýaly iki eli bilen başyny tutup, "lampa" aşak çöküpdir.

Oňa çenlem daşyna adamlar üýşüpdirler. Ýerli-ýerden tutaklaşyp ýerinden galdyrypdyrlar. Süýrekläp diýen ýaly öýüne alyp gidipdirler.

Emma, Aýjemalsyz galan öý Şeýdaýynyň gözüne dar görnüpdir. Asyl bütin dünýä boşap galan ýaly bolupdyr. Giň jahan ony gysypdyr, gowrupdyr.

Şondan soň ol öýden çykmasyny, toýa-tomaşa barmasyny goýupdyr. Gije-gündiz gam çekipdir, hunaba ýuwdupdyr.

Ana, şol gussalaryň arasy bilenem ýaňky diňlän aýdymyňyzy döredipdir. Oňa saz düzüpdir. Ýüregi atygsap, halys gursagyna sygmadyk wagtam dutaryny gabyndan çykaryp, çig ýüpekden işip ýasan inçe tarlaryny pessaýdan düzer ekeni-de, hususanam sabanyň sergin çaglary şol aýdymy ýüregiňi dilip barýan zaryn, ýöne, pessaý bir owaz bilen aýdar ekeni.

Ony tutuş oba bolup diňlär ekenler, uly-kiçi hemmesi şahyryň düşen halyna tüýs ýürekden gynanar ekenler.

Ol aýdymy saý-sebäp bilen ir turan wagty Aýjemalyň özem diňlär ekeni. Aýdym gutarandan soňam bir "ah" çeker ekeni-de, tasap öýden çykar ekeni, şahyr bilen näçe wagtlap döwranlar süren jaýyna tarap seredip durşuna kükregine ura-ura ýüregiňi dilip barýan naýynjar ses bilen: "Ah, garry ezizim..." diýip, aglar ekeni.

Şeýdibem şol aýdymyň ady "Garry ezizim" bolup galyberipdir.

Ony şol döwrüň bagşylary bada-bat alyp göteripdirler. Üstünde işläpdirler. Belent perdelere çykarypdyrlar. Ösdüripdirler. Has kämilleşdiripdiler. Şeýdibem iň bir çeküwli aýdymlaryň birine öwrülipdir.

Olar ony soň-soňlaram aýdypdyrlar. Şeýdaýy ýurduny täzeländen soňam aýtmaklaryny dowam etdiripdirler. Görşüňiz ýaly olar ony ine, häli-häzirem dowam etdirip gidip otyrlar. Nesip bolsa mundan bu ýana-da arkama-arka dowam etdirip gider otyrlar...

Abyt işan hekaýatyny tamalap bolandan soňam esli wagtlap märekeden ses çykmady. Her kim uludan demini aldy-da, başyny ýaýkady oturdy.

Ahyram häliden bäri Abyt işanyň agzyna aňkaryp oturan Otjan kel ukudan oýanan ýaly boldu-da:

–Bäýip-bä-ä!.. – diýdi. – Gaty güýçli aýdym diýip ýördük welin, asyl aňyrsy güýçli ekeni-ow muň... Errekgemen-nä!..

Apbam:

–Gyň...Gyň... – diýdi-de, nirede, kimleriň ýanynda oturandygy ýadyna düşüp: – Edil dessan diňlän ýaly boldy-aý... – diýdi.

–Aý, dessan kemi ýok-la – diýip, onuň gapdalynda gözüne ýaş aýlap oturan Jumasapar hamsygyp gepledi. – Şahyr ýazýanlaram şolar ýaly dessanlardyr-da... Hü-ümh-çü-üýf...

Teke han ara düşen ümsümligi şowhuna öwürmek üçin bagşylara ýüzlendi.

–Hany, siz bir sowaşmaň.

...Bagşylar "Köne güzere" ýetenlerinde daň saz berdi. Howa sowady. Açyk meýdan bolansoň adamlar üşäp başladylar.

Hemişelik bolanda bagşylar şondan soňam öýe girip, tä Gün guşluga galýança aýtmalydylar. Ýöne bu gezek ony etmediler. "Aýdym soňy saz" diýipdirler, düzgüni bozmalyň, diýşip Amannazara üç sany saz çaldyrdylar. Şonuň üçünjisi "Balsaýat" boldy.

Şondan soň kimdir biri:

–Gulagyň garny bolmaz, siňegiň erni" diýipdirler, indi turalyň adamlar – diýdi.

–Gulagyň däl, gulanyň – diýip, eýýämhaçan örüşip ugran ekabyrlaryň arasy bilen gidip barýan Abyt işan oňa aýak üstünden düzediş berdi. – "gulanyň garny bolmaz" bolmaly. Gulan sözi gulaga öwrülipdir-de, adamlar indi ony ýalňyş ulanýarlar.

Kelte göç üçin jogapkärçilige bellenen adamlar bütin gijäniň dowamynda mahal-mahal, usullyk bilen gelip kethudalary, hususan-da Teke hany göçüň ýagdaýy bilen tanyşdyryp durdular. Olar ine häzirem bagşydan gaýdyp gelýän kethudalaryň öňlerinden çykyp, özlerine tabşyrylan ýumşuň doly ýerine ýetirilendigini habar berdiler.

Olaryň indi hemmesi birigip şu gije ýarymdan agansoň ýola düşjek uly göçe taýýarlyk görmelidiler.

Bu barada şu gün öýländen soň hemmeler, ýöne, juda berk tertipde habardar edilmeli.

Aýak üstünden eden iň soňky maslahatlarynam tamalap, az-kem dynçlaryny alyp, ýaňadandan duşuşmak üçin, dagaşmak çy bolup duran ekabyrlaryň gapdalyndan şol wagt çalarak entirekläp, çalaragam hiňlenjiräp barýan Baky lütjek geçip gitdi. Ýap-ýaňyja bir märekeden örendiklerine garamazdan ol han-begler bilen baş atyp salamlaşdy-da, ýolunam, hiňlenmesinem sol öňküsi ýaly dowam etdiriberdi. Ozaldanam geň häsiýetli, geplemezek, bukma kesel degen ýaly hemişe busup ýören bu adama onsuzam aladalary ýetik kethudalar kän bir ünsem bermediler.

Ol welin, aýdyma hiňlenenokdy-da, "paliýilliň-pal, paliýilliň-pal, paliýilliň-pal" etdirip dodaklary, dili bilen saz çalýardy. Onda-da ýap-ýaňyja aýdym-sazyň iň soňunda ýaňlanan "Balsaýady" çalýardy. Gerek ýerinde barmaklarynam işledýärdi. Şol saz beýnisine şeýle bir ornaşdy welin, asla ol indi onuň täsirinden aýňalyp bilenok: paliýilliň-pal, paliýilliň-pal, paliýilliň-pal...".

Gaýda-gaýmalaşyk bolup barýan adamlaryň arasy bilen aşak bakyp, süssenekläp barşyna ol öten agşamky ýabysyny daňyp giden ýerine geldi. Ýanbaşyndan torba asybermeli hor, gözleri çylpyklap, ýörände art-bujak deşigi

dokmaň mäkisi ýaly gelip-gidip duran, tüýleri gytyk hem hapa, reňki aksowultdan gelen melemtil, maňlaýynyň depeli çala bildirýän ýaby "munça wagtlap meni aç goýup nirä gitdiň-aý" diýýän ýaly eýesiniň ýüzüne soragly seretdi. Çalarak hokrandy. Baky bolsa: "paliýilliň-pal, paliýilliň-pal..." diýip ýabysynyň aýagyndaky ýüpüni çözdi. Myhyny sogurdy. Ýüpüni külterläp ganjygadan asdy. Şol bir heňe goşubam aýagyny üzeňňä basdy. Atlandy. "...Pal" diýibem syrtyny palçyldadyp eýere goýdy. Yranjyrap saz çalyp oturşyna, toýhanadan çykyp öýli-öýüne tarap barýan toýçular bilen gollaryny galgadyp özüçe hoşlaşdy. Ýabysynyň başyny öz obasynatarap öwürdi. "Pal..." diýip, ysgynsyz aýaklary bilen ýabysynyň böwrüne depdi.

Barjak ýeri gaty bir golaý bolmasa-da, ol tä gapysyna barýança saz çalmasyny goýmady. Baransoňzm goýmady. Egerde ýaby janaweriň özi ýatagyna baryp gazygynyň gapdalynda durubermedik bolsady, onda Baky lütjek özüniň öýüne geleninem bilmezdi.

Hälem bagtyna howa ýagtyldy-da, ýabysynyň ýataga girenini bilip, syrylyp ýere düşdi. "Pal..." etdirip aýagyny ýere goýdy. Häliden bäri dutar edinip gelýän gamçysyny eýeriň gaşyndan ildirdi-de: "paliýilliň-pal, paliýilliň-pal, paliýilliň-pal..." etdirip elindäki ýüpüň bir ujuny gazyga "gazykbag" edip daňdy, beýleki ujunam "paliýilliň-pal..." diýip, ýabysynyň aýagyna "kürmek" çaldy, "pal" diýibem çigdi.

Ýöne, "Balsaýat" onuň bilenem tamamlanmady. Ýatakdan çykyp gapysyna barýança-da, Baky saz çalmasyny dowam etdirdi. Işiginem: "paliýilliň-pal, paliýilliň-pal, paliýilliň-pal..." diýip, açdy-da, sag aýagy bilen: "Pal..." diýip, içerik ätledi. Ýaňyja biçilen gök kürre ýaly aýaguçda "hynçgyryp" oturşyna saza goşup üstki eşiklerini çykardy. Hersini bir tarapa zyňyşdyrdy. Oýaly-ukuly ýatan aýalynyň gapdalyna geçdi. Iň soňky gezek: "Pal..." diýibem, sermagallakdan gaýtdy.

Soň-soňlar, Sarahsa gelenlerinden soň aýalynyň onda-munda aýtmagyna görä, Baky ukudaka-da saz çalmasyny goýmandyr. "wagyr-wugur, lagyr-lugur" edip, "patanaklap" ýatyşyna, her gezek eýlesine-beýlesine öwrülende: "Pal-l..." etdirip, şol tarapky goluny kä köneje sowuk keçäniň, käte-de ýyrtygyndan düýe ýüňleri çykyşyp duran ýyljak ýorganyň üstüne "patyladyp-patyladyp" urupdyr.

Şol gün heleý öýläni boluberende, aýaly ony uly howsala bilen oýardy. Uly iliň göçe taýýarlyk görýändigini, şu gije ýarymdan agansoň Sarahsa göçüljekdigini habar berdi.

Henizem ukudan açylybilmän, üstüsine "Balsaýatdanam" aýňalybilmän aýak uçda yranjyrap oturan Baky onuň näme diýjek bolýanyny aňşyrmady. Aňşyrjagam bolmady. Hiç hili soragam bermedi. Diňe dodaklarynyň ysgynsyz gymyldysyndan, içinden bir ýerlerden çykýan güňleç sesiň "hüňňüldisinden" çen tutup, aýaly onuň entegem saz çalýandygyny aňdy.

***

Munça bolanyna görä, toýly meseleden gaty bir daşlaşmankak, toý gijesi, toýuň esasy sebäpkäri Çöliniň başyndan geçiren ahwalaty barada hem bäş-üç agyz aýtmagymyz gerek.

Salyr türkmenleriniň özboluşly bir däbi bar, ýagny, toý agşamy deň-duşlary üýşüp gyzyň ýanyna salanlaryndan soň köp wagt geçmänkä, öýlenýän ýigit entegem daşarda garaşyp duran dostlaryna, ganly pamyk görkezmeli. Ol oglanlaram ony ululara hususanda aýallara eltip bermeli. Garaz, şol gyzyň hakykatdan-da gyzlykly gelendigine tutuş oba gözi bilen görmeli.

Eger "abat" çykmasa, onda gyz şol gijäniň özünde yzyna ugradylýar.

Emma käbir ýagdaýlarda şol işiň oglan sebäpli gijikdirilýän gezeklerem bolýar. Şolar ýalyda oglanyň hossarlary gaty oňaýsyz ýagdaýa düşýärler. Eýläk-beýläk urunýarlar, "dogalanandyr, baglandyrlar, diýşip, gyssagara molla gözleşip başlaýarlar. Käbirlerine "baglanan" ýigidi şol gije açmak başardýan bolsa, käbirleriniň tas bir aýa çenli diýen ýaly baglylygyna gezýän halatlaram, hatda öz-özünden namys edip, il- günden utanyp janyna kast edýän pursatlaram bolýar.

Çöliniňkem edil soňkylaryňky ýaly bolmasa-da, garaz, garyndaşlaryna iş-ä boldy. Ilk-ä ilkagşam palaw çekilşik bolanda özüne palaw berilmändigini aýdyp, gyzyň ýanyna girmekden boýun towlady. "Kim palaw iýen bolsa şol giribersin" diýip, "hoňňul-hoňňul" etdi. Soňam zandy gowşaklygyndanmy ýa şeýle owadan gyzdan sussy basyldymy, garaz eýdip-beýdip ýanyna salanlaryndan soňam ganly pamygy wagty bilen deň-duşlaryna çykaryp berip bilmedi. Ýogsam Janguly dagy oňa, öňünden ähli zady düşündirdilerem. Düşünendigini ýa düşünmändigini gaýtalap-gaýtalap soradylaram. Emma o zatlar barybir peýda bermedi. Arasynda Janguly oňa gyjalat berip erbet zatlaram aýtdy. Barybir bolmady. Peýda bermedi. Hä diýmän ulularam sorag-ideg edip başladylar. Netije-de ýagdaý baryp Allamyrat goturyň özüne çenli ýetdi. Onuň: "Hany şol oglanňy... keýini maňa bir görkeziň" diýip, arlaýan sesi gelinli öýüň golaýyndan çykyp ugrandanam dogan-garyndaşlary öňünden ylgaşyp çykdylar-da, ony tutaklap diýen ýaly alyp gitdiler. "Alla kaka gaýgy etme, gorkuly zat ýok, aňyrsy düzüw..." diýşip, köşeşdirdiler.

Doga üçin derhal  molla Ýegenmyrat bilen Eýeberdi ahunyň yzyndan adam iberdiler, gaýrat etsinler-de, gelip açyp bersinler, baglanypdyr" diýdiler. Emma olaryň ikisem eýýäm kelte göçe goşulyp Sarahsa giden ekenler. Bagşyda, Teke han dagynyň ýanynda oturansoň Abyt işana aýtmaga bolsa çekindiler. Kimdir biri: "Aý, ol-a aýdaýanyňda-da bu zatlara goşulmaz" diýdi.

Şondan soň birini bir ýyndam ata mündürip Mätjumanyň ogly Orazmyradyň yzyndan iberdiler.

Şondan gelen dogany tärimden uzadanlaryndan soň ýegen ugurlary ellerini owkalaşyp oturyşlaryna:

–Alla jan, Çöli daýymyňky şu gezek bir bolubilsedir... – diýşip, yzly-zyyna, gezek-gezegine gaýtalaşdylar oturdylar.

Muny çybygy at edip, toýhananyň o çetinden bu çetine, bu çetinden o çetine okkesirme geçýän çagalaram eşitdiler-de, bagşy diňläp oturan märekäniň gapdalyndan geçselerem, tamdyra nan ýapyp oturan aýallaryň deňinden ýa gaýnap duran gazanlaryň başyndan eli susakly aşpezleriň duşundan ötselerem: "Alla jan, Çöli daýymyňky şu gezek bir bolubilsedir" diýşip, şol bir eşiden sözlerini gaýtaladylar ýördüler.

Şeýlelik bilen, dogan-garyndaşlary hernäçe bukjak bolsalaram, şol oňaýsyz waka hemmelere aýan boldy.

Doga täsir etdimi ýa Hudaý bigünä çagajyklaryň dilegini kabul etdimi, Çöliniňki şondan soň hakykatdanam “boldy”. Gyzyň päkligine hemmeler ynandy. Şondan soň Janguly Çölini tärimiň agzyna çagyryp:

–Nahili ekeni?..

Çöli lagar düşen düýe ýaly “wagyr-wugur” etdi.

– Aý, ajykdyzýa-laý...

Janguly turşan ýüzüni gamaşdyryp bir gyra sowdy. Janyýangynly gepledi.

–Şu ikiortada-da damagnyň aladasy-ow, gadyr bilmez anaň ...keýniň çagasynyň... – Soň ol dişini gyjap, otlukly nazaryny gelinli öýe tarap dikdi. – Kime heleý bolandyryn öýdüp gyzyl-çog bolup otursyň, ondan-a git-de uçguryňa boglup öl...

## XVII
## Nazarly mergen

Onuň mesgeni Zurabatdanam, Garadepedenem has ilerräkde, pars obalaryna golaý, awlagly jülgeleriň arasyndaky belent, howaly ýerde, uly ýoluň ugrunda ýerleşýär.

Maşgalasy uly däl. Iki ogly bir gyzy bar. Ulusynyň ady Arslan. Ol eýýäm ýigit çykan. Bu gün-erte öýlendiribermelem. Asla Nazarly mergen şonuň aladasynda gezibem ýör. Garadepede oturan daşgynrak baryndaşlarynyň biriniňkä gyz sorap gudaçylyga-da bardy. Hoş sözem aldy. Basym toýuň sähedem bellenjek. Nazarly mergen toýuň başyny Garadepede, öz obadaşlarynyň arasynda tutup, pars goňşularynyň hatyrasyna yzyny şu oturan ýerinde dowam etdirmekçi. Ýöne, her zat nesibä bagly. Duýdansyz ýüze çykan göç meselesi zerarly ol indi toýy megerem, Sarahsda sowmaly bolaýsa gerek.

Emma ol entek o zatlardan bihabar.

Nazarly mergeniň ikinji ogly Nury ýaňy bir on-onki ýaşlarynda.

Olaryň ikisem dogumly. Işeňňir. Aw-şikär tärlerini gowy bilýärler. Tüpeň atmaga ökde. Kakalary ýaly mergen. Özbaşdak gidip aw awlap geläýdiklerem bolaýýar.

Mergeniň gyzy Nopar ýaňy bir on dördüni dolduryp, on bäşine giden, görmegeý gyz. Ejesi bolmansoň öýüň ähli hysyrdysy şonuň boýnunda. Üç erkegiň naharyny bişirýänem, eşiklerini ýuwýanam, içerini-daşaryny syryp-süpürýänem şol. Şonuň üçinem, agasy Arslanyň basymrak öýlenmegini hemmeden beter höwes edýän şol.

Nazarly mergeniň aýaly Ogultuwak mundan üç ýyl öň, Marydan göçülip gelnen döwürleri ýylan çakyp ýogaldy. Mergen ony öz arabasy bilen Garadepä äkidip, oba mazarystançylygynda jaýlady. Aşyny-suwunam şol ýerde berdi. Ýöne, bu ýere gelensoňam ýan ýoldaşynyň hatyrasyna uly sadaka berdi. Oňa şu töwerekdäki pars obalarynyň ähli ýaşaýjylary diýen ýaly gatnaşdylar. Daşy berkitme galaly, içinden durnanyň gözi ýaly dury hem süýji suw akyp geçýän “Çeşmeli” obasynyň adamlary şol alada-da mergene has hem golaý durdylar. Iň gowy gatnaşýan adamlary hökmünde gelene-gidene dik durup hyzmat etdiler. Şol obanyň

kethudasy mergen bilen saçakly gatnaşyp ýören Seýdylla hanyň hut özi märekä beýemçelik etdi.

Özünden kän kiçidigine garamazdan, Seýdylla han Nazarly mergeni gowy görýär, edil deň-duşy deý sylaýar, üstünden ýoly düşse sowulman, saglyk-amanlyk soraşman geçenok. Käte nökerleri bilen awa çykan wagty Nazarly mergeniňkide düşleýän, hatda ýatyp gidýän wagtlaram bolaýýar. Nazarlynyň özem "Çeşmelä" barsa onuň bilen salamlaşman gaýdanok.

Mergeniň hojalyk ýagdaýam gowy. Mally, harjyly adam. Aw onuň üçin düşewüntli kär. Ol oňa hem iýmit, hem geýmiş bolýar. Awlan haýwanlarynyň etini, derisini, hatda buýnuzlaryna çenli äkidip golaýdaky pars obalarynda ýa-ha satýar, ýa-da hojalygy üçin gerek zatlaryna çalyşýar. Käte Maşada, Tährana aşaýdygam bolaýýar.

Ýaş babatda alanyňda-da ol entek-entekler özüni elden berer ýaly däl. Güýç-kuwwaty ýerinde. Bolaýsa kyrk, kyrk bäş ýaşlarynda. Islese oňa türkmen obalaryndanam, pars obalaryndanam ýan ýoldaşlyk maşgala tapylman durjak däl, ýöne onuň barybir öýlenmek niýeti ýok. Çünki, Ogultuwaga bolan söýgüsiniň öwezini hiý bir maşgalanyň dolup bilmejekdigine ol örän gowy düşünýär.

Ol ony külli salyryň içinden saýlap alypdy. Ýeke bir görk-görmegi däl, eýsem edep-ekramy, gepi-sözi oturşy-turşam Nazarlynyň göwün islegine laýyk gelýärdi. Äriniň ýüzüne gaňrylyp bakmaýardy, awdan ýadap gelende gaşyny çytmaýardy, içerisini daşarysyny, üsti-başyny gap-çanaklaryny hapa saklamaýardy, öýde et porsatmaýardy.

Olaryň toý tutan wagtlary salyrlaryň birinji gezek Zurabatda oturyp giden döwürlerine gabat gelýär. Nazarly şol wagt ýigrimi ýaşlaryndady we Garadepede ata-enesi bilen bile ýaşaýardy.

Öýlenenden soň türkmen däbine görä üç ogluň ulusy hökmünde ata-enesi onuň öýüni başgaladylar.

Ine, şondan soňam aw bilen ymykly gyzyklanmak üçin, Naazarly mergen Garadepeden gaýtdy we şu ýerde mesgen tutdy.

Arasynda Mara gidişlik bolanda, uly il bilen bir hatarda ol hem gitmeli boldy. Ýöne şol ýerde-de ol köp wagtyny Badhyz belentliklerinde aw yzynda geçirdi. Şol hünäre ömrüni baglady.

Çarwaçylyk, daýhançylyk gören adam däl. Çagalaram şeýle.

Parslar bilen goňşy oturansoň ol soňabaka parsça geplemänem öwrendi. Çagalaryna-da "Haýsy halkyň arasynda ýaşasaň, öňi bilen onuň dilini öwrenmelidir" diýdi. Olaram oňa iki aýtdyrmadylar. Gepiň gerdişine görä aýtsak, Nazarly mergen gyzy Noparyň adynam pars aşnalarynyň hormatyna, pars diline ýanap goýdy. Ýagny, Nopar – "now" hem-de "bar" diýen parsy sözlerden ybarat bolup, "täze miwe" diýen manyny aňladýar. Ol sözüň käte "Now bahar" "täze bahar" görnüşinde düşündirilýän wagtlaram bolýar.

Haýsy hem bolsa şol söz şondan soň Nazarly mergeniň üsti bilen, ýagşy başlangyç hökmünde ähli salyrlara geçdi we olar şu günki güne çenli egerde gyz bolsa ilkinji çagalarynyň adyna "nopar", ogul bolsa "akmyrat" goýup gelýärler.

Terbiýe-ahlak, hüý-häsiýet babatda hem Nazarly mergen gaty üýtgeşik adam. Daşyndan göreniňde tutuk, geplemezek, ýöne, ýüzünden nur dökülip dur. Mähirli.

“Ha-ha-haýlap” gülenini gören adam ýok. Gatam gürlänok. Umuman duýgylaryny içinde saklamaklygy başarýan adam. Çagalaryna gezek gelende-de şonuň ýaly. Ol hatda olary ogşanda-da özlerine bildirmän, uklap ýatan wagtlary ogşaýar. Onuň pelsepesi şeýle: “Çaga ata-enesiniň özüni gowy görýändigini duýmalydyr, ýöne, bilmeli däldir. Ata-ene öz çagalaryny gowy görmelidir, ýöne bildirmeli däldir”. Umuman, durmuşdaky ähli zatlar babatda onuň öz ýörelgesi, pikiri, paýhasy bar. Şoňa görä, ulalandan soň onuň oglanlaram özi ýaly gepi-sözi ýerinde, edil uly adam ýaly agras eserdeň bolup ýetişýärler.

Gyzynyň edebi barada hem diňe gowy sözler aýtmak mümkin. Nazarly mergen onuň hem atasy, hem enesi. Nopary göreniňde gadymy oguz gyzlary, düýp terbiýe ýadyňa düşýär.

Nazarly mergen dag içinde ýeke otursa-da, obasyndanam, obadaşlaryndanam arasyny üzenok. Gatnaşygyny kesenok. At tezegini guratman gidip-gelip dur. Awuny ýeke bir pars obalaryna däl, öz obalaryna hem äkidýär.

Umuman türkmenlerem, parslaram, ony goňşy oturan iki halkyň arasyndaky köpri hasap edýärdiler. “Pulhatyna” deňeýärdiler. Ilçi, wekil hökmünde garaýarlar. Ara sähelçe gep-gürrüň düşjek bolsa-da iki tarapam öňi bilen şoňa ýüz tutýar. Han-beglerem ony edil öz biri-birleri hökmünde sylaýarlar.

***

Ýagşu-ýaman her zadyň soňy gelýär, diýleni. Şeýle rahat hem asuda ýaşap ýören Nazarly mergeniňem güni bulaşyp başlady.

...Bir gün ikindinaralar onuň dag daşlaryndan salnan pessejik iki otagly külbejiginiň gapysynda çynmy, ýalanmy, belli däl, özüni Hasan diýip tanadan atsyz-ýaragsyz, daşyndan diýseň pukara hem hor görünýän, bäbekleriniň hanasy çuň, gözleri gamaşyp duran derwişpisint bir adam peýda boldy. Halymsyrap durşuna ýarym parsy, ýarym türki dilde gürledi.

– Men ötermen, iýer-içer ýaly zat berseňiz, töwür galdyryp ýoluma gitjek.

Oturan ýeri ýolugry bolansoň, Nazarly mergeniňkä sowlup, aýak üstünden tomus bolsa bir okara suw içip, gyş bolsa ojak başynda ýylnyp, juda ýadaw bolsalar bir gije myhman bolup gidýänlerem bolman duranokdy.

Pars bolsun, türkmen, kürt ýa azeri bolsun, tapawudy ýok, Nazarly mergen olaryň hemmesinem höwes bilen kabulam ederdi, ugradybam goýbererdi.

Bu geleniň welin daşky sypatyna garamazdan tüýsi bozuk, ýüzi-gözi sowuk göründi. Ol hatda Nazarly mergeniň: “Nireden gelip nirä barýaň? Aslyň nireden? Kimlerden? Haýsy galadan?” diýen soraglaryna hem belli bir jogap berip milmedi. Iň bärkisi töwerekdäki galalaryň, şol galalardaky ady belli adamlaryň atlarynam aýdyp bilmedi. Şol bir sözüni gaýtalap, “haňk-huňk” etdi durdy. Pars dilinde suwara gepläp durandygyna garamazdan, Nazarly mergeniň käbir sözlerine düşünmediksirän boldy. Birsyhly ýüzüni sypajaklatdy. Daş-töweregine garanjaklady. Özüne berlen soraglara dogry jogap beribilmändigine garamazdan, maý tapdygy osmakladyp, ony-muny sorady. Her niçik hem bolsa Nazarly mergen öz edähedini bozmady. Birden, müňkürlik edip günä galaýmaýyn, diýdi-de, ony işikdäki sypanyň üstünde oturdyp çörek berdi. Gapdaly bilen gowurdak, täzeje saglan süýt, gatyk goýdy.

Hasan ilk-ä haýal iýdi. Soňam söz berşi ýaly töwür galdyrdy. Ýöne gidibermedi. Töweregine ýaltaklap oýkanjyrady oturdy. Aşaklyk bilen mergeniň çagalaryny synlady. Nopary dagy gözleri bilen iýäýjek boldy.

Muňa Nazarly mergeniň özündenem beter ogullarynyň gahary geldi. Esasanam uly ogly Arslan kejigip başlady. Ol kakasynyň ýanyna bardy-da, agzyny gulagyna golaýladyp:

– Kaka, gel günä galýanam bolsak şuny irgözinden kowaly-da dynaly-la... – diýdi.

Nazarly mergen welin şonda-da giňlige saldy.

– Elbetde, biçäre däldig-ä belli, ýöne, nämede bolsa bir gezeklikçe myhmançylyk hatyrasyny saklaly – diýdi. – Galanynam görübiris, belki gaýdyp aýak sekmäýedi-dä...

Eýtdi, beýtdi Nazarly mergeniň adamkärçilikginden peýdalanyp Hasan şol gezek ýatyp gitdi. Ýöne uzak gitmedi. Üç-dört günden soň ýene-de geldi. Özem düýbünden başga adam bolup geldi. Üsti-başy gurat. Gepi-sözi hökümli. Atly, ýaragly. Düýnjügem çorbasy akyp, çylpyklap duran gözleri indi ýanyp dur.

Nazarly mergen ilk-ä ony tanamajak boldy, atdan düşüp ýanyna gelenden soň welin takyk jogap sorady.

– Sen, ýigit, rastyňy aýt, kim bolarsyň? Bu daglaryň içinde näme işläp ýörsüň. Gaçgakmyň? Garakçymyň? Ýa gandar bolup iliňden çykdyňmy? Ar-namysa galyp, kasas ýoluna düşdüňmi? Aýt! Aýtsaň gowy görerin, ýagdaýyňa düşünerin, elimden gelse kömek ederin, aýtmasaň gaty görerin, gümana giderin, çünki, men kime duz-çörek, törümden ýatara ýer berýänimi bilmeli.

Hasan atynyň jylawyndan tutup durşuna sowuklaç ýylgyrdy.

– Men ötegçi.

– Sen öňki gezegem şeý diýdiň. Emma ötüp gitmediň, ine, ýene-de geldiň...

– Men seniň dostuň.

– Dogrusyny aýtmaýan adam meniň dostum däldir.

– Dogrymy aýtsam dost bolarmyň?

– Dogryň aňyrsynda gowulyk ýatan bolsa bolaryn.

– Onda bilip goý, şundan şeýläk şu jelagaýyň hojaýyny mendirin.

– Hojaýynlyga ýaman basym ýetişipsiň-le, düýn-öňňünem-ä...

– Alla berse bir günde-de boluberýän ekeni, mergen aga...

– Diýmek onda öz günüňi özüň görerçe bolupsyň-da?

– Şeý diýseňem boljak.

– Onda gaýdyber. Meň gapymy bolsa ömürlik unut.

Hasan şol bir it ýylgyryşy bilen yzyna öwrüldi. Atyna mündi. Mergeniň üstüne abanyp durşuna dişinden syzdyryp gepledi.

– Ýalňyşdyň, mergen aga, gaty ýalňyşdyň. Meni kowmaly däldiň. Dost bolmalydyň. Dost bolan bolsaň rahat ýaşardyň. Hälem bolsa meň ýaňky aýdan sözlerim hakda pikir et, şu töweregiň awlagam, awam, awçylaram maňa degişlidir.

Ol gidenden soň Nazarly mergeniň ýadyna üç-dört gün bäri ýolda-yzda duşýan tanyş-bilişlerinden eşiden gürrüňleri düşdi. Olar täzeden bäri oba arasynda, öri meýdanlarynda ogurlygyň köpelendigi, birnäçe öýlerden bolsa hatda ýatakda duran atlaryň alnyp gidilendigi barada howsalaly gürrüňler aýdýardylar. Köpden

bäri beýle zatlaryň bolmaýandygy, Seýdylla hanyňam telim ýola Maşada gidip gelendigini, birnäçe gezek bolsa özüniň şol ýere çagyrylandygyny, şu mesele bilen Tähranda oturan jenaplaryňam yzygiderli gyzyklanyp durandyklaryny howsala bilen habar berýärdiler. Nazarly mergeniň çagalarynam alyp iň bolmanda wagtlaýynça obalaryň birine siňmegini maslahat berýärdiler.

Hasanyňam şol gürrüňi edilýän ogrulara dahyllydygyna Nazarly mergen dogrusy birbada ynanmajak boldy. Ynanandan soňam ol barada gürrüňleşmek üçin "Çeşmelä", Seýdylla hanyň ýanyna gitmekligi ýüregine düwdi.

Ertir ugraýyn diýip oturan gijesem garaňkylygyň içinden ilk-ä at aýaklarynyň "dükürdisi" soňam Hasanyň sesi eşidildi. Hä diýmänem üç-dört sany atly gapa gelip saklandy. Hasan Nazarly mergenden özleriniň öýe goýberilmegini, aş-suw berilmegini sorady.

Nazarly mergen onuň aýdýanlaryna ünsem bermedi-de, at üstünde oturan ýigitlere ýüzlendi.

– Byradarlar! Hasana-ha öň aýtdym, ine, size-de aýdýan. Men sizden bir döwüm nanymy ýa bir okara çalymy gysganamok. Ýatyp gideniňizem ýokuş göremok. Ýöne, siz kim? Maňa ine, şony aýdyň!..

– Biz siziň bilen dost boljak mergen aga – diýip, ýigitleriň biri seslendi. – Ýadap gelen wagtymyz ýatara ýer berseňiz, naharlasaňyz, oba arasyndaky täzelikleri, gep-gürrüňleri ýetirip dursaňyz bize başga zat gerek-gä.

Nazarly mergen pert-pert gepledi.

– Men ters däl-de, dürs ýolda gezýänleriň dostudyryn. Çagalarymam şeýledir.

Şol wagt bir iş bilen Noparam daş çykdy. Derrewem yzyna girdi. Mergene dostluk teklip eden ýigit ony çalaja hem bolsa saýgarmaga ýetişdi.

– Gowy çagalary bar, diýip, bizem eşitdik. Hasan aýtdy. Şu ýerde bir mergen bar, gowy adam, çagalary özündenem gowy diýdi. Şoň üçinem geldik. Iň bolmanda şu gezeklikçe bir bizi myhman al.

– Men aýtjagymy aýtdym – diýende Nazarly Mergeniň sesi çalarak sandyrady. – Bir zady köp gaýtalaşyp durmagyň bolsa mazasy ýok. Gowusy daglara gidiň, gaýalara siňiň, ýöne... – Nazalry mergen öňküsindenem has saldamly gepledi – ... Ýöne, daglaram diňe mertlere hossar çykýandyr, namarda ogra-jümrä, ejize ganyma goýnundan ýer berýän däldir. Çöl, gyr, suwam şeýledir. Çünki, dagda Dolaýman, suwda Süleýman bardyr. Çölde Hydyr gezýändir. Eýesiz meýdan, soragsyz iş ýokdur. Päli bozuga ne arşda, ne kürsde orun ýokdur. Şonuň üçinem, men sizi öýe-de çagyrman.

Çagyrylmadyk myhmanlar tä, Nazarly mergen gepläp bolýança seslerini çykarman, eýeriň üstünde oýkanjyraşdylar oturdylar. Onuň aýdýanlary bilen ylalaşmaýandyklaryny aňlatmak üçin birsyhly başlaryny ýaýkaşdylar, ýakymsyz ýylgyryşdylar, biri-birlerine syrly hem soragly seredişdiler. Arasynda Hasan ýaragyna ýapyşjak boldy, emma mergeniň iki oglunyňam supadan aýaklaryny sallap, aw tüpeňlerini gujaklap oturyşlaryny garaňkylygam bolsa aňşyrdy-da, elini yzyna çekdi. Göwnüne bolmasa açyk gapydan görünýän öçügsi çyranyň ýagtysyna çala sudury saýgardýan Noparyňam elinde tüpeň bar ýaly göründi.

Şondan soň Hasan hyrçyny dişläp başyny ýaýkady-da, ur-tut atynyň başyny gelen ugruna bakan öwürmek bilen boldy. Beýlekilerem sessiz-üýnsiz onuň yzyna düşdüler.

Özleri gerişden aşyp, ýaňy dogup gelýän aýyň ullakan, gyzgylt hem gorkunç keşbiniň içine siňip, at toýnaklarynyň dag daşlaryna degip edýän "tak-tuk" seslerem doly ýitip gidenden soň Nazarly mergen uludan demini aldy-da, oglanlarynyň ýanyna bardy. Şübheli adamlaryň gidendiklerini aňyp Noparam öýden çykdy.

– Şun-a oňardyň, kaka – diýip, Arslan kesgitli gürledi. – Başda şeýden bolsaň-a hasam gowy bordy.

– Her zadyň öz wagty bardyr, oglum. Eşidişime görä olaryň gözlegi-hä, güýçlümişin welin... Şonda-da... Bu barada men ertir Seýdylla han bilen gürleşip geleýin – Ol nazarymy duýmasyn, diýýän ýaly, aşaklyk bilen gyzynyň ýüzüne seretdi. – Çakym-çak bolsa indi olar bizi bu ýerde ynjaltmazlar. – Mergen uludan demini aldy.– Bize-de oba göçmäge wagt bolaýdy öýdýän.

Çagalarynyň hiç birinden ses çykmady. Bu olaryň üçüsiniňem kakalary bilen ylalaşýandyklarynyň alamatydy.

...Alynmadyk myhmanlar gaýdyp geläýjek ýaly Nazarly mergen uzynly gijäni çirim etmän geçirdi.

Ertesi irden çagalaryna ýol şaýyny tutup oturmaklarny tabşyrdy-da, özi hem-ä tanyş-bilişleri bilen algy-bergilerini hasaplaşmak, hemem hoşlaşmak, şeýle-de aýak üstünden Seýdylla hany görüp gaýtmak üçin iň gowy atlarynyň birini münüp, ýaragyny dakynyp pars obalaryna tarap ugrady.

Obalaryň golaýrakda oturanlaram, ep-esli daşlykda ýerleşenlerem bar. Ýöne dag ýeri bolansoň, iň golaý oba çenlem öwrümli ýollar bilen kä jülgä inip, kä kert gaýalaryň gyrasy bilen ýokary çykyp, kötel ýollardan geçmeli. Üstesine ýol ugrunda her daşyň ýa öwrümiň aňyrsyndan düýnkiler "zompa" çykaga-da, öňüni gabaýjak ýalam bolup dur. Şonuň üçinem, Nazarly mergen tüpeňine ok sürüp, elinde häzirläp barýar. Hüşgärligi elden berenok.

Ýöne, ol özündenem beter öýde galan çagalaryny gaýgy edýär. Ýeke goýup gaýdandygyna ökünýär. "Wah, oňarmandyryn" diýip, pyşyyrdaýar. "Näme, hemmesini yzyňa tirkäp gaýdyberjekmidiň, ýa olar entegem çagamy" diýip, arasynda öz-özüne göwünligem berýär.

Ine-de ol ilkinji pars obasynyň depesinden indi. Aragatnaşyk edýän adamlarynyň öýüne baryp salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy.

Tanyşlary onuň harytsyz gelendigini görüp geň galdylar. Kimde bergisi bar bolsa berip, algysyny soraman, ur-tut ugrajak bolşuny hasam geňlediler. Sebäbini soradylar. Göçmekçi bolýanyny eşidip gynandylar. "Olar ýaly bolsa aýtmaly ahyry diýşip, ýerli-ýerden bergilerini bermäge başladylar. Indiki gezek geleninde hasaplaşaryn diýip, arkaýynlyga salyp duranlaram goňşy-golamlaryndan karz alyp, doly hasaplaşdylar. Umuman onuň geçirimliliginden, aljyraňňylygyndan peýdalanmaga hyýallanan adam bolmady...

Şeýdip, goňşy oturan obalarynyň ählisine aýlanyp çykandan soň, Nazarly mergen "Çeşmelä" tarap ugur aldy.

Obalaryň iň daşam şol. Şeýle-de bolsa gün gaty gijikmänkä Nazarly mergen Seýdylla hanyň derwezesiniň agzynda häzir boldy. Kakdy. Hyzmatkär ýigit ylgap geldi-de at tutdy. Han aganyň bir ýere ugramakçy bolup durandygyny aýtdy.

Oňa çenlem Seýdylla hanyň haýbatly sesi eşidildi.

– Gulam! Dan inja ki hast?[1]

Nazarly margan, agaýy Seýdylla!

Biýa ýid[2]!

Han hakykatdan-da dört-bäş sany serbaz bilen bir ýana atlanjak bolup duran ekeni.

Ol köne dostuny güler ýüz bilen garşylady. Serbazlaryna biraz garaşaýmaklygy tabşyryp myhmany bilen salamlaşdy. Gujaklaşyp görüşdi. Egerde howlukmaç bolmasa işini goýbolsun edip myhman aljakdygyny aýtdy. Gulama mergeniň atyny teblehana eltmekligi, öňüne ot dökmekligi, suwa ýakmaklygy tabşyrdy.

Nazarly mergen garaçyny bilen onuň mürähedinden ýüz öwürdi.

– Ýok, ýok! Ýoluňdan galma. Işiňi irikgä etme... Men özümem gyssagly. Onda-da juda gyssagly.

Şondan soň ol Seýdylla hana Hasan we onuň ýoldaşlary barada gürrüň berdi. Jelagaýda şeýle şübheli adamlaryň peýda bolanlygyndan habarynyň bardygyny ýa ýokdugyny sorady.

– Bar,bar, habarym bar, mergen. Habarym bolansoň ine, nökerlerim bilen atlanjak bolup durun-da. Olar garakçylar. Döwlet derejesindäki jenaýatkärler. Üçüsem golaýda zyndandan gaçypdyrlar. Bäş-on gün biri-birlerinden aýratynlykda ygyp-tozup gezipdirler. Indem birleşipdirler. Özlerini tutupdyrlar. Ogurlyk bilen at, ýarag edinipdirler. Şeýle maglumat bar, ýöne, tapybilemizok. Maşatdan gelibem şu töweregi elek-soňy edip gitdiler. Wagtynda tutulmasalar özleri ýalylary daşlaryna ýygnap köpeläýmeklerem, has howply duşmana, ullakan güýje öwrüläýmeklerem ahmal. – Seýdylla han uludan demini aldy-da ahmyr bilen başyny ýaýkady. – Wah, egerde şu habaryňy bize başda ýetiren bolsadyň onda biz olary şo wagtlar ele salardyk.

Nazarly mergen bar zada özi günäkär ýaly aşak bakdy.

– Näbileýin-dä.. Edil beýledirlerem öýtmedim-dä...

– Zyýany ýok. Geleniň gowy boldy. Özüm habar edeýin diýip ýördüm. Şolary bir ýüzli edýänçäk sen gitde, çagalaryňy şu ýere getir. Ýeke özüň o ýerde oturmak häzirlikçe seň üçin howply.

– Dogry. O hakda men özümem köp pikir etdim. Çagalarym bilenem maslahatlaşdym. Biz ýöne, özümiziňkilere tarap süýşermikäk diýýän. Ymykly. Çünki, çagalaram ýetişdi. Olary ile goşmak gerek. Esasanam...

– Düşünýän, mergen, düşünýän. Dogry pikir. Olaryň aladasyny sen etmeseň kim etsin. Ýöne, howluk...

---

[1] Kim bar ol ýerde, Gulam? (parsça)

[2] Gelsin (parsça)

Nazarly mergen han bilen dostlarça, doganlarça hoşlaşdy-da, atlanmak bilen boldy. Ýolboýam öýi, çagalary, telim gün bäri at tezegini guratman, gelip-gidip ýören garakçylar barada pikir etdi.

Ol diňe öýüne gelip, çagalarynyň aman-esen girip-çykyp ýören diklerini gözi bilen görenden soň köşeşdi. Ýüregi ynjaldy. "Hudaýa şükür" diýip, uludan dem aldy. Öý goşlarynyň aglabasynyň edil aýdyp gidişi ýaly taýýar edilip goýlandygyny görüp begendi. Atyndasn düşüp jylawy öňünden ylgaşlap çykan Nurynyň eline tutdurdy. Ikindiniň kölegesinde "üşäp" duran jürdekden bir jüňňül suw alyp içdi. Azajygyny derläp duran boýnundan guýdy. Kellesinden akytdy. Suw syrygyp onuň öňdenem derläp duran ak köýneginiň arkasyny, döşüni öljüretdi. Oňa çenlem çagalary daşyna üýşdi.

– "Ýagydan ýaý boýy" diýipdirler, taýyn bolan bolsaňyz öňümiz-ä gijedir, ýöne, ertir ir bilen göterileliň.

Şol wagtam Nazarly mergeniň gözi aşaky jülgäniň içi bilen öz öýüni nazarlap gelýän üç sany atla düşdi. Tanajak bolup göreçlerine zor saldy. Usullyk bilen ýerinden turdy. Arslan bilen Nury ikisi kürsäp içeri girdilerde, hersi öz tüpeňlerini alyp çykdylar. Noparam kakasynyň tüpeňini getirip berdi. Gapa tarap ýaňadandan öwrüldem welin, kakasynyň:

– Bular özümiziňkiler ýaly-la – diýen sesini eşidip sakga saklandy. – Ýaraglaryňyzy ýygnaň. – Ol henizem gapyda ýaýdanjyrap duran Nopara tarap gaňryldy. – Al, gyzym, meňkinäm öýe sal.

Gelýänler dogrudanam onuň öz obadaşlary deň-duşlarydy. Bir-ä Meňli han, ikinjisi Gumman, üçünjisi bolsa Pataş. Soňky ikisi ölemen awçy. Maryda oturylýan döwürlerem Nazarly mergen bilen Badhyz taraplaryna gidip aw awlardylar. Telim günläp dagda-düzde ýazy ýatýan gezeklerem az bolmaýardy. Özlerem ol döwürler awy tazy bilen awlaýardylar.

Bir gezek aw wagty, Pataş we onuň tazysy bilen bagly bolup geçen bir waka ýadyna düşende Nazarly mergen özünden biygtyýar çalaja ýylgyranynam bilmän galdy.

...Şonda ilk-ä uzak wagtlap awçylaryň awy oňmady. Awy oňmadyk awçynyňam keýpi özüňize belli. Biri-birlerine igenişip, hüňürdeşip bolup bilenlerini boldular.

Birdenem öňlerinden şahlary burum-burum ullakan dag goçy çykdy. Awçylara gözi düşendenem özüni arkan zyňdy. Bäş awçynyň barysy birden tazysyny boşatdy. Tazylar ýüwrüşip goçuň çykan gaýasyna çykdylar, aňyrsyna geçdiler we ala-goh bolşup entek doly gözden ýitip ýetişmedik göçüň yzyna düşdüler. Kem-kemdenem aralaryny ýygjamlaşdyrdylar.

Goç bir kert gaýanyň gyrasyna baryp durdy. Jabjynyşyp gelýän tazylara tarap gaňrylyp seretdi. Birdenem özüni gaýadan dikbaşaşak goýberdi.

Ähli tazylar kertiň gyrasyna gelip, kürtdürişip durdular welin, Pataşyň tazysy säginjegem bolmady-da, gelşi ýaly özüni goçuň yzy bilen aşaklygyna zyňdy goýberiberdi. Goç-a endigine görä şahynyň üstüne düşdi-de, birki gezek togalanyp, ýüzüniň ugruna turdy ötägitdi. Tazynyň welin daşdan-daşa degip her tikesi gulagy ýaly boldy. Awçylar aýlanyp-öwrülip gelýänçäler onda dem-düýt galmady. Ýatyr, hereketsiz gözlerini giňden açyp.

Esli wagtlap hiç kimden ses çykmady. Ahyram uludan demini aldy-da, ümsümligi Pataşyň özi bozdy.

– Häý, jenewer, saňa näme iki paý berilýämi diýsene, iliň tazysy durdumy, senem duruber-dä...

Ana, şondan soň her kim bir zada bolşundanam beter ilgezek ýapyşyberse, ölüp-öçüberse: “Pataşyň tazysy ýaly bolup, saňa näme iki paý beriler öýdýäňmi?” diýmek ýoň boldy.

Şol söz salyr türkmenleriniň arasynda henizem ýörgünli.

...Nazarly mergen bir wagtlar bolup geçen bu wakany beýnisinden geçirip-geçirmänkä ýolagçylaram gelip ýetdiler. Atdan düşüp mergeniň özi bilenem, çagalary bilenem salamlaşdylar. Hal-ahwal soraşdylar. Supanyň üstünde ornaşdylar.

Nury olaryň atlaryny äkidip teblehanadaky öz atlarynyň ýanynda daňdy. Öňlerine ot dökdi, biraz sowaşansoňlar suw görkezdi. Soň gelip supanyň bir gyrasynda oturdy. Nopar myhmanlara hyzmat etmek bilen boldy. Nahar-şoruň ugruna çykdy.

– Namaşamyň jyny ýaly bolup bizem biwagtyrak geläýdikmi? – diýip, Pataş dostunyň ýüzüne jüýjerildi.

– Ýa-a-a, i-i... Gaýtam gowy boldy geleniňiz. Begendirdiňiz.

Şeýle kyn pursatda, aljyrap otyrkalar tussumandan gelendikleri üçin ýeke bir mergeniň özi däl, çagalaram hakykatdan-da begendiler.

Şondan soň Nazarly mergen olara soňky günleriň wakalary, garakçylar, Seýdylla hanyň olar baradaky aýdanlaryny, şol zatlar sebäplem özleriniň göç üstünde oturandyklaryny, özüne gaty bir mahsus bolmadyk açyklyk bilen gürrüň berdi.

– Munuň gabat geläýşini diýsene – diýip, Meňli han sag eliniň aýasyny çat maňlaýynda oturan Nazarly mergeniň çep egnine goýdy. – Bizem hut şo mesele bilen geldik seň ýanyňa.

– O nahili?

– Häzir ýeke sen däl, uly il göç üstünde. Senem indi Garadepä däl-de, Sarahsa göçmeli.

Meňli han soňky döwrüň syýasy wakalary, göçüň ähli şertleri barada jikme-jik gürrüň berdi. Ertir agşam iki ýerde-de uly toý tutuljakdygyny, şonuň dabarasyna duwlanyp, şol gije kelte göçüň ugradyljakdygyny, uly göçüň bolsa birigün agşam ýarym gijelerden soň ýola düşjekdigini, özüniňem ertirden gijä galman barmalydygyny aýtdy.

Başga-da kän zatlaryň başy agyrdyldy. Ertiriň özünde Garadepede duşuşmagy wadalaşybam hoşlaşdylar.

Göç-gon, toý bilen baglanyşykly aladalarynyň başyndan agdykdygyny bahanalap, Meňli han Nazarly mergeniň ýatyp, ertir irden bile gidibermek baradaky teklibinden çürt-kesik ýüz öwürdi.

***

Öňdenem taýýarlyk görendiklerine garamazdan, Nazarly mergeniň özem, çagalaram uzynly gijäni hysyrdanyp geçirdiler. “Türkmeniň goşuny alybam bolmaz,

zyňybam...” diýişleri ýaly, bir zady alsaň bir zadyň galyp barýan ýaly. “Şüý-ä gerek bolmaz” diýip, zyňýaňam welin, ýene-de eglip alaýasyň gelip dur.

Garaz, bir araba, iki at ýükülik goş saýlanyp alyndy. Daň saz berip ugrandanam Nopary araba mündürip, özleriniňem hersi bir ata atlandylar. Ugrap ýetişmänkälerem külbäniň çat maňlaýyndaky ullakan gara seňňeriň başynda, at üstünde oturan Hasanyň gorkunç hem ebeteýsiz göwresi göründi. Ýanynda-da nökerleri. Özünden başga bäş adam. Hemmesem atly, ýaragly. Görnüşleri hyýrsyz. Ümüş-tamyşragam bolsa ýadawdyklary, uzak bir ýerlerden şöwür çekip gelýändikleri bildirýär.

Hasanyň sesem özi ýaly ýadaw çykdy. Ol indi öňküleri ýaly sözüniň arasyna türküçe garjagam bolmady. Parsça gürledi.

– Mergen aga, ýol bolsun!

Nazarly mergen özüni ýitirmedi. Bir ätiýaç eden zady çagalary gorkar öýtdi. “Ýalt” edip ýüzlerine seretdi. Gorky alamatlary görünmänsoň ynjaldy. Şonuň üçinem arassa pars dilinde diýseň parahat gepledi.

– Hudaý berse bol bolsun!

– Näme, göçýäňizmi?

– Nesip bolsa.

– Bolubermeli ekeniňiz-dä.

– Ol meniň öz işim.

– Bize-de dahylly ýeri bar bolaýmasyn?

– Saňa näme gerek?

Onýança atlylar aşak düşdüler. Göçüň öňüni gabadylar.

– Näme gerekdigini aýdanymyzda beribilermiň?

Nazarly mergen dözümli gepledi.

– Sowul ýoldan!..

– Gaharlanybermäň, mergen aga, ugradaýaly diýip geldik.

– Ugradandan ýoldaş bolmaz, çekil bir ýana.

Hasan atyny mergeniň üstüne debsilejek boldy. Mergen gamçysyny bulady. Howany dilip geçen inçejik “şuwwulda” ürküp at arkan zyňdy. Atdan agman zordan saklanan Hasan atyň öň aýaklary ýere degenden ýapyryldy-da, eýeriň gaşyndan mäkäm ýapyşdy.

– Düýn obalara aýlanyp hasap-hesip geçiripsiň, diýdiler. Belki harjylanansyň?

–Nazarly mergen hiç haçanam harjysyzlykdan kösenen däldir.

Hasan yzgytsyzlanyp başlady.

– Belki onda biziň bilenem hasaplaşarsyň?

– Men beren duzum üçin muzd alamok.

– Sen bizden almaly däl-de, bermeli.

– Meniň saňa bergim ýok.

– Ony özüň gowy bilýänsiň. – Hasan sesini gataltdy. Seýdylla hana düýn biz barada näme diýdiň?

Nazarly mergen usullyk bilen elini ýükli arabanyň üstündäki ýaraglaryň birine ýetirdi. Arslan bilen Nuram şeýtdi. Noparam oturan ýerinde elini ýüküň aşagyna sokdy. “Şakyrt-şark-şurk” etdirip bir wagtyň özünde dört tüpeňiň gulagy gaýtaryldy.

Nazarly mergen Hasandan gözüni aýyrman oturşyna oglanlaryna degişli edip:

– Siz atmaň – diýdi-de, özi dik asmana tarap “güwledip” goýberdi.

San taýdanam, ýürek, tejribe taýdanam bu çöl gurtlaryndan köp-köp asgyndyklaryna ozaldanam gözleri ýetip duran garakçylar ur-tut atlarynyň başyny öwrüp, bu ýerden daşlaşmak bilen boldular. Özlerem näme üçindir ýaňky gelen ugurlaryna tarap däl-de, ýolagçylaryň gitjek ugurlaryna tarap ýöneldiler. Gara deňňere çykanlaryndan soň Hasanyň sesi ýene-de haýbatly eşidildi.

– Bu wagt hasaplaşybilmesegem “Gerdeneýi harda” hasaplaşarys, mergen aga!..

“Gerdeneýi har” ýagny, türkmenleriň aýdyşy ýaly “Eşek geriş” Nazarly mergeniň gitmeli ýolundaky iň bir howply ýer. Iki tarapdanam gelýän ýolagçylar şol gerişden sag-aman geçip bilseler, özlerini barmaly ýerlerine ýetdik hasap edýärler.

“Eşek geriş” hanalarynyň raýyşy allaowarralara çenli elesläp gidýän giň hem uzyn jülgäniň, käbir adamlaryň aýtmaklaryna görä bolsa ene saýyň içinde ýerleşýär. Onuň iki tarapy uçut kert bolup, bir ujy gyradaky baýyrlyklara utgaşyp gidýär. Kertiň özem, üstem edil el bilen örülen ýaly gyýak-gyýak gara daşlardan ybarat. Ýoluň iki tarapyny büräp, ýolagçylaryň üstüne abanyp duran şol iki kertiň aşagy ötük. Edil, kyrk gulaçly guýuny ýatyryp goýan ýaly. Ýolam içinden hemişe buz ýaly sowuk şemal öwsüp duran şol garaňky ötügiň içinden geçýär. Ýokarky daşlaryň döşünden syzyp çykýan damjalardan ýaňa ötügiň içi hemişe “şybyljyrap” dur. Ysy agyr. Dymyk. Şeýle-de garaňky. Şonuň üçinem, bäri çetinden girip tä aňry çetine çykýançalar, ýolagçylardan ses-üýn çykmaýar. Her kim “Alla, Alla” bilen gözüni ötügiň o çetinden görünýän aksowult, ýagty deşige dikip, “çygşyldap” barýar. Şol wagt olaryň gulaklaryna hatda münüp ýa idip barýan atlarynyň burunlarynyň “parryldysam” ýakanok.

Ondan çykanyňdan soň ýoluň günorta tarapy beýik gaýa. Gaýanyň ýüzi kert. Uçut. Ýöne, şoňa çykylýan ýeke-täk ýoda bar. Oňa başdanaýak emedekläp çykmaly. Düşeniňde oturýeriň bilen süýşenekläp düşmeli. Ulagly çykyp bolanok. Garry-gurty, aýal-ebtat hem çykyp bilenok. Ana, şoňa-da “eşek geriş” diýilýär. Bir üstüne çykyp bilseň saňa daş-töwerekden hiç hili howp ýok. On-ýigrimi adam ýerleşip biljek tekiz meýdanda durup, ýoluň iki tarapdan gelýän ýolagçynam paýhynlap durmaly.

Ine, hut şonuň üçinem, Hasan şol ýeriň adyny tutup, Nazarly mergeniň ýüregine howsala saldy.

Ýöne, indi oňa başga ýol ýok. Muňa onuň çagalaram düşündiler. Şonuň üçinem üçüsi ýerli-ýerden:

– Ugraly, kaka... – diýdiler.

Hasanyň haýbatyndan gorkmandyklary üçin Nazarly mergen çagalaryndan köp hoşal boldy. Begendi. Buýsandy.

***

Hasan bu gezek ýalan sözlemändir. Nazarly mergene ol hakykatdan-da “Eşek gerişde” garaşýan ekeni.

Göçli araba uly ala jygyldy hem şakyrdy bilen ötüge girdem welin Hasanyň:

– Duruň! .. – diýen haýbatly sesi eşidildi. – Iki agyz gürrüň bar, mergen aga, onsoň nirä gitrseňiz gidiberiň, ýoluňyz açyk.

Göç durdy. Oglanlar ýaraglaryna ýapyşdylar. Tüpeňlerini gezäp daş-töwereklerine garanjaklaşdylar. Emma gözlerine ilen zat bolmady. Nazarly mergeniňem hiç kime gözi düşmedi.

Ikinji gezek gaýtalanandan soň ýolagçylar ol sesiň öňden, ötügiň o çetinden gelýändigini aňdylar. Diýmek, olar gerişe münmändirler-de, onuň biline dyrmaşyp, ötügi saklapdyrlar.

– Ogullaryňa aýt, mergen aga, ýaraglaryny goşuň üstünde goýsunlar-da, özleri bir gyra çekilsinler. Özüňem şeýt. Düýnki ýygnan pullaryňy, başga-da näme gymmatbahaly zadyň bolsa, olaram goý, gyzyňam, münüp gelýän atlaryňam galsyn şol ýerde. Özüňiz bilen işimiz ýok. Jan dawamyzam ýok. Gidip bilersiňiz. Bir gezek beren duzuň üçin men ony size bagş edýän. Garyndaşlyk açanymyzdan soň hasam gowy gatnaşarys. – Hasan hezil edip güldi. – Aslynda-da salyrlar parslar bilen garyndaş ahyry. Maryda hanlyk süren Baýramaly hanyňam ejesi salyr gyzydy. Adyna Selbi hatyn, kakasyna Şaguly diýerdiler. Baýramaly hanyň özem soň Orazsoltan atly bir salyr gyzyna öýlend-ä... Men bu zatlary düýn bildim. Indi ikimizem...

Hasan sözüni tamamlamanka Arslan bilen Nury ikisi iki ýerden sesiň gelýän tarapyna bakan yzly-yzyna ok atdylar.

Ses bada-bat ýatdy, ýöne, kelemenläp aşak gaýdan-a bolmady. Gaýtam ol ýerden jogap oklary geldi. Özem bir ýa iki däl. Diýmek, olar köplük bolmaly. Muňa ýolagçylar basym göz ýetirdiler. Çünki, gerşiň bilindäki mähnet-mähnet gara daşyň aňyrsyndanam tüpeň sesleri çykdy. Arabadaky atlaram, aýaklarynyň aşagyndaky atlaram aýylganç-aýylganç kişňeşip çarpaýa galdylar. Eýläk-beýläk towusdylar. Araba “alaşakyrdy” bolup kerte uruldy, “jygyldap” atlar bilen bilelikde, o ýan, bu ýan tigirlendi. Ozaldanam garaňky hem dar ötügiň içini bu ýagdaý hasam gorkunç keşbe saldy.

Nazarly mergen ýükli arabany gaýanyň has düýbüne, has garaňkyrak ýerine eltmekligi buýurdy.

– Atyşyb-a alan galamyz bolmaz. Bular biziň çak edişimizden köpräk. Özleräm iňňän berk ýerde ornaşypdyrlar. Şoň üçinem, ähli zatlarymyzy arabamyz bilen bilelikde şu ýerde taşlap diňe münüp gelýän atlarymyz bilen yza süýşmegimiz, ötükden çykyp, gerşiň daşyndan aýlanyp geçmegimiz gerek.

Şondan soň olar gyssagara atlarynyň toýnaklaryna keçe daňdylar. Noparyň aty araba tirkelgidi, onam çözüp şoňa mündürdiler. Nazarly mergen çagalarynyň yza süýşüp ötükden çykanyny garakçylar görmez ýaly, olara tarap yzly-yzyna ok atdy. Penalady. Üstesine araba goşulan atlaram tebil tapyşyp uly goh turuzdylar. Arabany agdardylar. Özlerem ýykyldylar-da, turjak bolup aýaklaryny kakyşdyrdylar, däbşenekleşdiler, haýkyryşdylar, diňe arabanyň oky ýerinden sypandan soň alagüpürdi bolşup, ýerlerinden turdular, ýöne, barybir goşdan boşap bilmediler.

Bu başagaýlykdan peýdalanyp, Nazarly mergeniň özem ötügiň düýbi bilen ýanynlap çagalarynyň giden tarapyna ýöneldi. Hä diýmänem ötükden çykdy, yzlaryndan ýetdi. Belet ýerleri bolansoň ýolsuz ýerden ýol ýasap, kä pese inip, kä beýge çykyp, çagalaryny ýagydan daşlaşdyrdy.

“Eşek geriş” tarapdan welin şondan soňam esli wagtlap başly-barat, aljyraňňy sesler eşidildi durdy. Göçegçileriň gaçandyklaryny olar duýdularmy,

duýmadylarmy, belli däl, ýöne, häzir duýmadyk bolsalaram entegräkden duýarlar. Duýarlaram, gözlege-de çykarlar.

Ýöne, bu eýýäm gaty bir gorkuly däl, çünki, Nazarly mergen çagalary bilen olara açyk meýdanda per bermez. Bir howatyr edýän zady, o-da garakçylaryň sanynyň köpelendigi.

Mazaly ara açanlaryndan soň az-kem dynç aldylar-da, toýnaklaryndaky keçelerini aýryp, atlaryna mündiler. Ýüzlerini Garadepä gidýän ýola tarap öwürdiler. Çünki, başgaça gitmek mümkin däl.

Yzdan kowgy gelmänsoň Nazarly mergen garakçylaryň ýoly kesmek üçin öňe gidendiklerini çaklady. Bu pikirini ol çagalaryna-da mälim etdi. Olaryň hemmesi bir wagtyň özünde diýen ýaly: “Zyýany ýok, uruşarys” – diýdiler. Bu Nazarly mergeniň ýadaw göwresine gurp berdi.

Terslin-oňlyn edilen birnäçe öwrümlerden soň, ýolagçylar ýene-de uly ýola düşdiler. “Eşek geriş” yzda galdy. Garadepe golaýlady. Onuň aňryýanam Zurabat. Şonuň üçinem, garakçylar bäri gaýdaýan bolanlarynda-da bu töwereklerde bulara batyrynyp bilmeseler gerek.

Ýöne, bar zat tersine bolup çykdy. Ýol bilen sähelçe ýöredilerem welin iki taraplaryny ýakalap barýan gaty bir belent bolmadyk baýyrlyklaryň üstünden birnäçe gezek tüpeň sesi çykdy. Entek nämäniň-nämedigini aňşyryp ýetişmänkäler Nazarly mergeniň öz-ä aýagyndan, Arslan bolsa çep omurdyndan ýaralandy. Olaryň ikisem bir wagtyň özünde diýen ýaly, atlarynyň boýnundan gujaklaň ýoluň bir gyrasyna guýlunyp düşdüler.

Nury atyny debsiläp ýoldan çykdy-da, özüni ýere goýberdi. Süýşenekläp baryp ullakan gara daşy penalady. Noparam şeýtdi. Edil şol wagtam üç-dört sany ok daşa degip: “zyň-ň, zyň-ň” etdirdi-de, allaowarralara tarap çawup gitdi.

“Jast-jast” edip, gumak ýola çümýän oklardan ýaňa Nazarly mergen bilen Arslanyň daş-töweregi ýeňiljek tozana gaplandy. Şol tozana duwlanyp olaram togalana-togalana, agdaryla-düňderile Nury bilen Noparyň penalanyp ýatan daşynyň aňyrsyna geçdiler.

Atlar öz erklerine galdy. Olaryň üpküp gaçanlaram, “horguryp” eýesiniň daşynda aýlanyp ýörenlerem bar. Ýöne, gaçanlaram gaty bir uzaga gidenoklar. Iki gözlerem eýelerinde. Garakçylar olary atmadylar. Olja bolar öýtdüler.

Baýryň üstünde aýaklaryny abşardyp duran Hasan ýoldaşlaryna bir zatlar diýip gygyrdy welin, barysy birden “alawagyrdy” bolşup bukudan çykdylar, garasar sürüsi ýaly bolubam göni, ýolagçylaryň üstüne çozdular. Arslan bilen Nurynyň yzyny üzmän atýan oklary olary birbada säginmäge mejbur edenem bolsa, bütinleý saklap bilmedi.

Nazarly mergen eýýämhaçan hereketi haýallan bäbeneklerini agdar-düňder etdirip, örän kynlyk bilen ilk-ä meýdan doňzy dek hiç bir ätiýaçsyz, özlerine tarap düwdenekleşip gelýän garakçylara, soňam çagalaryna tarap seretdi. Görse, Arslanyň ýagdaýy agyr. Özüniňkiçe-de ýok. Atmasynam goýupdyr-da, tüpeňini bir gapdala taşlap, gollarynam giňden serip ýatyr. Gözleri süzük. Hyýalynda henizem atyp ýatandyryn öýdýän bolsa gerek, sag eliniň süýem barmagy mäşe gysýan dek sykylyp-sykylyp gidýär. Nopar bolsa eteginden ýyrtyp alyp onuň ýarasyny daňýar.

– Arslanyň tüpeňini al-da, atyp başla, gyzym! Men gowy, meni alada etme!

Edil awa gidip ýa-da bular ýaly gandöküşikli urşa gatnaşyp ýören bolmasa-da, meşhur mergeniň gyzydygyna, şeýle hem oturan ýerleriniň şony talap edýändigine görä, erkek doganlary bilen bir hatarda Noparam tüpeň atmany aýagy ýer tutup ugran döwürlerinden bäri öwrenip ýördi.

Şonuň üçinem, ol kakasynyň aýdanyny iki gaýtalatmady. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde Arslanyň tüpeňini ýerden göterdi-de, indi has golaýlan garakçylardan atyp başlady. Onuň bu bolşy oňa tarap käte bir gözüniň gyýtagyny aýlap, atyp ýatan mergeni buýsandyrdy. Kem-kemden ysgyny gaçyp barýan ýüreginiň kuwwatyny artdyrdy.

Üç ýerden iňňän mergenlik bilen atylýan oklaryň zarbyna garakçylaryň üçüsi bir wagtyň özünde ýer bagyrtlady. Ýene bir ädim ätdikleri özleriniňem şol güne düşjekdikleriniň gümansyzdygyna gözi ýeten garakçylaryň galanlary sakga saklandylar-da, yzlaryna dönmek bilen boldular. Emma, hamala diýersiň tutuş bir lek goşuna baştutanlyk edýän ýaly henizem baýryň üstünde gykylyklap duran Hasan, haýbat atyp olary yza gaýtardy. Tüpeň çenäp, öňe hereket etmeklerini talap etdi.

Eýýämhaçan ýarysyndanam, gowragy hatardan çykan garakçylar şondan soň öňküleri ýaly süme-sürç däl-de, käte daşdan-daşa, käte bolsa biri-birlerine bukulyşyp, iňňän seresaplylyk bilen öňe süýşüp başladylar.

Olar üznüksiz atýardylar, ok gaýgyrmaýardylar, ýöne, ökdelik bilen atyp bilmeýärdiler. Üstesine Nazarly mergeniň çagalary bilen ýerleşen ýerem berkdi. Penalady. Nyşana almak kyndy. Şonuň üçinem, garakçylaryň atýan oklary sowa geçmeýärdi.

Şeýle-de bolsa...

...Goşaryndanam ýaralanmagy bilen, ozalam özüne zordan erk edip ýatan Nazarly mergen tüpeňini ymykly elinden gaçyrdy. Oňa çenlem garakçylar gelip üstlerine howala boldular.

Garma-gürmeligiň başlananyny, atyşygyň mazaly sabaşyberenini görüp, Hasanam baýyrdan ylgap düşdi-de, bulara tarap gaýtdy. Gelşi ýalam penjelerini ýaýyp Nopara topuldy. Nopar: “Waý!..” diýip, çirkin gygyrdy, elindäki tüpeňiň nilinden tutup, gundagy bilen Hasanyň tumşugyna suňşurdy. Emma ol çalasynlyk bilen urgudan sowlup ýetişdi we Noparyň goltugyndan tutup, gelen ugruna bakan idirdedip ugrady.

Gyz gyssanjyna:

–Waý, dogan!.. Waý, kaka!.. Waý, il-gün!.. – diýip, gygyrdy. Iki ýana urundy. Haraý isledi.

Emma bu wagt Nazarly mergen bilen Arslan-a agyr halda ýatyrdylar, Nury bolsa ýap-ýaňyja sürnüp gelen garakçylaryň biriniň çenemän atan okundan çalarak ýaradar bolupdy we birazajyk aljyraňňylyga düşüpdi.

Nopar bilen tutaklaşyp barýan Hasanyň gözi birdenkä Nazarly mergeniň hem türkmen, hem pars toýlarynda çapylyp, hemişe baýraklar alyp ýören meşhur dor atyna düşdi. Ýoldaşlarynyň birine “üm” bilen şony tutup getirmekligi buýurdy. Getirişleri ýalam böküp üstüne mündi. Gyzam şol at getiren hemşerisiniň kömegi bilen çekip alyp ýüzi aşaklaýyn öňüne kese basdy. Şeýle ýadaw hem ertirden bäri

aç-suwsuzdygyna garamazdan, dor at böwrüne debsilenenden ýaýdan sypan ok ýaly süýndi ötägitdi.

Nazarly mergen barja güýjüni jemläp tirsegine galdy-da, kiçi ogluna tarap gygyrdy.

–A-at!.. gaýrat et oglu-u-m!.. Aýaga, gal-da, daşlaşmankalar a-at!.. – Oglunyň düşünmezlikdenmi, nämemi haýal-ýagallyk edýänini görüp, Nazarly mergen öýkeninden syzdyryp, öňküsindenem has edrenç gygyrdy. – Duşmanyň eline düşenden goý, topraga şam bolsun, a-at...

Nury ahyry dillendi.

–Atymyzy ataýynmy, kaka-a?..

Nazarly mergeniň gözleri hanasyndan çykaga-da patlap ýere gaçaýarly göründi. Damagyna pyçak goýlan garry göhert ýaly "har-har" etdi.

–At gitse geler, namys gitse gelmez, gyzdan a-at!..

Oňa çenli dor atyň öňüne keseleýin basylgy Noparam inçejik goljagazlaryny galgadyp çirkin gygyrdy.

–At jigi-im!.. A-at!.. Menden at!.. meni bu janybaşgalara berip goýberme-e!..

Oglunyň entegem ýaýdanýanyny görüp, Nazarly mergen ömründe ilkinji gezek, ulyili bilen möňňürdi.

–At diýýän men saňa-a!.. At meni namysa goýma-a!.. A-a-at! Atmasaň kyýamat güni ýüzüňi görmen-n! – Nury uýasynyň gök öýme ýaglykly kellesini nyşana aldy. Mäşäni gysdy. Naçarynyň atdan aganyny görmejek bolup, gözlerini ýumdy.

Emma atdan näme üçindir Nopar däl-de, eýeriň üstünde dikgerilip oturan Hasan ellerini kelemenledip gaýtdy. Onsuzam başdakysyna görä bady birneme haýallan at bir gezek öwrüm etdi-de, "hokranyp" yzyna öwrüldi. Nopary ýykmajak bolup, ol haýsy tarapa agsa şol tarapa ýegşerildi. Gyzyň guýlunyp ýere düşmegi bilen o-da durdy. Guýrugyny bulap burnuny "parryldatdy". "Pat-pat" etdirip tezekledi. Tezeklerden ýukajyk bug göterildi.

Nopar ellerine daýanyp ýerinden galdy. Turşy ýalam hossarlaryna tarap ylgady. At hem onuň yzyna düşdi. Iki tirkeş bolup ýykyla-sürşe öňküje gaýdan ýerlerine geldiler.

Edil şol wagtam ileriden bir topar serbaz göründi. Olaryň öňüni çekip gelýän ak köýnek-balagyň üstünden ýeňisz gara gursakça geýnen, başy gara baganadan tikilen zömmük telpekli, ala gözli, burunlak, uçlary jaýtarylyp duran ýogyn çal murtly, mele atly daýaw adam – Seýdylla handy. Öňňin ýanyna baranda Nazarly mergene aýdyşy ýaly, ol birnäçe gün bäri Maşatdan, Tährandan iberilen buýruga görä, özüne degişli çäklerden garakçylary gözläp ýördi. Düýnki alnan maglumatlar boýunça ol Hasanyň öz nökerleri bilen "Eşek gerşine" tarap çekilenini çaklapdy we şol habaryň yzyny çalyp gaýdypdy.

Nazarly mergeniňem şu gün Garadepä gitmekçidiginden çen tutup, Seýdylla han Hasanyň niýetini aňypdy we gyssanmaç ýola düşüpdi.

"Eşek gerşe" gelende ol öz çakynyň çyn bolup çykandygyna düşündi. Çagşap ýatan arabany, dyzap-dyzap halys ysgyndan düşen ýabylary, ötügiň içinde gyzyl-ýaýyrt bolup ýatan öý goşlaryny görüp haýykdy. "Hern-ä jesed-ä ýok" diýip, uludan demini aldy. – diýmek, ölmändirlerem, ele-de düşmändirler".

Şondan bärem onuň at başyny çekmän gelşi. Wakanyň gidip duran ýerine gelende Hasan-a ýaňy bir Nopary öňüne alyp ugrapdy, nökerlerem atlanyp onuň yzyna düşmekçi bolup durdular.

Hasan atdan agansoň olar birbada näme etjeklerini bilmän, asla nämäniň-nämedigine-de, öňden gelýän atlylaryň kim-kimlerdigine-de düşünmän äm-säm bolup durdular. Aljyradylar. Seýdylla hana gözleri düşendenem "gykuwlaşyp" hersi bir ýan dyr-pytrak boldular.

Seýdylla han atyny debsiläp bir kiçeňräk alaňyň üstüne çykdy-da:

–Beýnetud! Hiç kodam häräkät näkonid![1] – diýip, garakçylaryň gaçyp barýan tarapyna bakyp hökümli gygyrdy. Indiki buýrugy bolsa ol öz serbazlaryna berdi. – Begiridäş! Ýekişirä häm räha näkonid!...[2]

Atlaram, özlerem demgir gelýän serbazlar ýekeje öwrüm edenlerinde garakçylaryň barysy bir ýere çugdamladylar. Olar indi başdakylary ýaly köp däl, bolaýsalar bäş ýa dört sany. Nazarly mergeniň çagalary olaryň tas ýarysyndanam gowragynyň janlaryny jähenneme iberipdiler.

Serbazlar garakçylary atdan düşürip gollarynam arkalaryna bagladylar.

Seýdylla han olary iki sany aty-ýaragy gurgun serbazyň öňüne salyp, öz galasyna tarap ugratdy. Hasan ýaraly ekeni, han onam gezek-gez egine göterip alyp gitmekligi garakçylaryň özlerine tabşyrdy.

Ol diňe şondan soň Nazarly mergeniň ýatan ýerine geldi. Mergeniň çagalary bilen düşen bu göz-gülban halyny görüp, erbet gynandy. Gözlerine ýaş aýlandy. atdan düşüp mergen bilen Arslanyň ýanlaryna bardy, ýüz-gözlerini sypalaşdyrdy. Az-owlak suw içirdi. Hem agasyny, hem kakasyny gezek-gezegine gujaklap aglap ýören Nopara göwünlik berdi.

Birdenem onuň gözi bir gyrada tüpeňini gujaklap oturan, göwresi kiçijik, ak saçly kişä düşdi. Ony tanamansoň Nopardan sorady.

–Bu kim?

Seýdylla han elbetde, Nazarly mergeniň ähli çagalaryny tanaýardy, ýöne, ýaňy bir on iki ýaşyny dolduran Nurynyň saçy bu wagt edil, ýetmiş ýaşly gojanyňky ýaly duw-ak. Ýüzi bolsa kül sepilen ýaly göm-gök. Gözleriniň nyşanasy nämälim. Ol asla töwerek-daşyndaky bolup geçýän gymyldy-hereketleri görýäne, duýýana meňzänok. Özem, bütin durky bilen ýanar ot. Kelle welin buz ýaly. Şol beýniniň içinde Nopardan atan okunyň nädip sowa geçendigi baradaky sorag örboýuna galyp dur. Çünki, kakasyndan atyş öwreneli bäri atan okunyň sowa geçen ýeri ýok. Häzir bolsa Nopar hon-ha, gözleriniň öňünde gaýmalaklap ýör! Käte gelip ol ony gujaklaýaram, aglaýaram, bir zatlar diýişdirýärem. Ýöne, Nury onuň näme diýýänini aňşaranok, bolup geçen wakany doly göz öňüne getirip bilenok. "Ýa düýşümmikä? Başym çaşdymyka? Gözüme görünýämikä.." diýen ýaly alasarmyk oýlaram ony alarladyp alyp barýar. Egerde oýa bolsam, onda, diýmek kakamyň ynamyny ödäp bilmändirin-dä? Maşgalamyzyň namysyny gorap bilmändirin-dä?..." diýen ýaly pikirler ony otly tagana mündürip, düşnüksiz bir dünýä tarap alyp gidýär. Gulagyna

[1] Duruň! Biriňizem butnamaň (*parsça*)
[2] Tutuň! Birinem sypdyrmaň (*parsça*)

bolsa kakasynyň: “Atmasaň kyýamat güni ýüzüňi görmen...” diýen ýangynly sözleri gelýär...

Noparyň:

–Bu Nury... – diýip, Seýdylla hanyň soragyna beren jogaby ony çalaragam bolsa özüne getirdi. Ýöne, barybir oý-pikirlerinden aýňalyp bilmedi.

Seýdylla han welin, birbada Noparyň aýdan sözüne ynanamady. Arkan gaýşyp, ýüzün gaýdyp, kä ýapyrylyp, kä oturyp ony kän synlady.

Ahyram:

–Nury-y?.. – diýdi-de, garbap alyp gujagyna gysdy. Ýüzünden-gözünden ogşady. Parsçalap garakçylaryň pederlerine nälet okady. – Wah-wah-wah... Waý-waý-waý....

Oglunyň şeýle ýagdaýa düşenini ýaňy gören Nazalry mergeniň ruhy ahwalyny bolsa ýazyp beýan etmek mümkin däl...

***

Seýdylla han serbazlaryň üç sanysyna Nazarly mergeniň “Eşek gerişde” galan arabasyny, goşlaryny, mallaryny alyp gelmekligi we hemmesini Garadepä eltip gaýtmaklygy özleriniň welin eglenmezliklerini tabşyrdy.

Garakçylary Eýran hökümetiniň degişli edaralaryna basymrak tabşyrmak üçin, özi derhal ýola düşdi. Ugrajak wagty käte bir özüne gelip-gidip ýatan Nazarly mergeniň üstüne abanyp durşuna:

–Hoş gal, byradar... – diýdi. Gözlerinden paýrap dökülen gyzgyn gözýaşlar Nazarly mergeniň gan-gabarçakdan ýaňa tanamaz ýaly bolan ýüzüne damdy. – Razy bol...

Dost mähriniň yssysyna bedeni kuwwatlanan, köňli az-kem karar tapan mergen gözüni açyp bilmese-de, ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny çalaja gymyldatdy.

–Senem razy bol, Seýdylla. Ýagşylykda ýatlaşaly...

Ol bu sözleri ölmi däl-de, öňde duran, belki ölümden-de beter agyr aýralygy göz öňüne tutup aýdýardy. Seýdylla han bolsa dosty bilen ajalyň ara düşerinden gorkup razylaşýardy.

Han özüni bilmän ýatan Arslan bilenem, Nopardyr – Nury bilenem mähriban ata deý gadyrly hoşlaşdy.

Şeýdibem gitdi. Basym serbazlar ýolagçylaryň “Eşek gerişdäki” arabalaryny, goş-golamlaryny, işçi mallaryny alyp geldiler. Nazalry mergen bilen Arslany arabanyň içinde, ýumşajyk düşekçeleriň üstünde ýatyrdylar. Nopar öňküsi ýaly jylawy eline aldy. Nury bolsa arabanyň yzynda, tersine bakyp oturdy. Ol tä gözden ýitýänçä, wakanyň bolan ýerine seretdi oturdy.

Serbazlar olary Garadepä çenli ugratdylar. Obadaşlaryna tabşyrybam yzlaryna dolanmak bilen boldular. Hiç-hili üýtgeşik hereket alada aňmadylar.

Şol wagt Gün ýaşyp, ýaňy bir iňrik garalyp ugrapdy. Garadepede toý uly şowhun bilen gidip durdy. Gije kelte göç ugradylmalydy.

Ýolboýy dymyp gelen Nury welin Garadepä gelenlerinden soňam geplemedi. Soralýan soraglara jogap bermedi. Şo-ol, bir nokada seretdi oturdy. Özem köpçülikden çykyp, bir çet ýere çekiläýenini, pynhan ýerde ýalňyz oturaýanyny kem görmedi. Çünki, emjek çekişen, dar garynda depişen, bir öýde bir ojagyň başynda,

bir atanyň, bir enäniň dyzynda oturyp, gujagynda kemala gelen süýtdeş uýajygyndan çenäp atan wagty onuň ýeke bir saçy çalarman, ýüzi könelmän, eýsem dilem tutulypdy. Özi diri galan hem bolsa ýüregi ölüpdi. Ruhy paralanypdy. Şol pursat ajal bilen namys jan dalaşyna giripdi. Şol dalaş henizem gidip otyr. Olaryň haýsynyň ýeňjekdigi bolsa henizem belli däl. Çünki, Nurynyň gerdenine duýdansyz urlan ýük çaga çekerden agyr, ýüregine urlan zarba çaga çekerden çökder. Iň ýamanam ol öz okunyň sowa geçendigine ynanyp bilenok. Kyýamat magşar güni kakasynyň özüne ýüz bermezinden gorkýar.

Ol iki oduň arasynda galdy. Otlar bolsa biri-birinden gyzgyn.

Hakykatda welin onuň oky sowa geçmändi. Has takygy sowa geçmeli däldi. Ýöne, "Eşek geriş" tarapdan duýdansyz peýda bolan Seýdylla hanyň Nury bilen tas bir wagtyň özünde deýen ýaly atan oky Hasany eýerden agdarypdy we sähelçejik hem bolsa atyň ugruny üýtgedipdi. Şeýdibem, Nopar Allanyň eradasy bilen gyl ýatym beýläk gyşarypdy we öz mähriban jigisiniň atan okunyň öňünden sowlupdy. Nesibe takdyr bilen bir wagtyň özünde hem ölümden, hem bütin maşgalanyň, asyl tutuş taýpanyň, türkmen halkynyň ýüzüni ýere saljak namys belasyndan halas bolupdy.

Göräýmäge hemme zat düzüw, ýerbe-ýer ýaly. Ýöne, munuň şeýledigini Nazarly mergenem, Noparam, Nurynyň özem bilenok. Arslanyň-a asylam o zatlardan habary ýok. Seýdylla han bolsa indi hiç haçan olar bilen ýüzbe-ýüz bolmaz, wakanyň şol tarapyny açyp bermez, şeýlelikde, ol syr tä Kyýamat-Magşar gününe çenli syrlygyna galar. Şonda Nury gözleri bilen: "Kaka, men nyşana dogry atdym ahyry" diýer. Nazarly mergen oňa ynanar. Ynanamazlyk etjek bolsa welin, onuň hakykatdan-da şeýledigine Biribaryň özi güwä geçer.

Nury diňe şondan soň dil açar. Ýeke bir dili däl, özem açylyşar.

## XVIII
## Maman apa

Edil garaşyp ýatan ýaly, toý sowuldam welin, Döwletdurdy tüýdükçi jan teslim etdi.

Onuň iki oglunyň Gün çäş galyberende, eginlerini deňläp, ýüzlerini gündogara tutup çeken iň soňky "waýlarynyň" iniňi tikeneklendiriji sesi hatda harby garnizonlardaky nobatyny ýoldaşyna tabşyryp ýaňy bir süýji uka giden serbazlara çenli aýak üstüne galdyrdy. Zurabatda biriniň ýogalandygyny bütin oba, belki ondanam has uzagrakdaky obalara-da bildirdi.

Jaýlanyş çäresiniň maslahatyny etmek üçin, ekabyrlaryň, işan-mollalaryň, başga-da degerliräk adamlaryň yzlaryndan adam iberdiler. Olar ýap-ýaňyja toýhanadan dargapdylar. Az-owlak dynç almakçydylar. Emma, bular ýaly ýagdaý ýüze çykanda ähli zat gaýra goýulýar.

Şonuň üçinem, üzlem-saplamrak hem bolsa olar uzak garaşdyrman ýygnandylar. Şondan soň tüýdükçiniň işigindäki üçden-dörtden, aýak üstünde ýüzlerini sallaşyp duran adamlaryň "hyşy-wyşylary" kesildi. Olar assa-ýuwaşdan süýşüşip, ekabyrlaryň daşlaryna üýşdiler.

Ýaşulylar ýeke-ýeke girip, merhum bilen hoşlaşyp çykdylar. Boldum edenlerinden soň Teke han tüýdükçiniň uly ogluny bir gyra çekdi.

–Hiý, sargyt eden zady boldumy?

Börtmen gabaklaryny galdyrmän, birsyhly ýere bakyp duran dolmuş, ortadan galarak boýly, burny jaýtygrak ýigit ýadaw halda, güňleç seslendi.

–Boldy.

–Näme diýdi?

–Sarahsa äkidip, Sarahs baba gonamçylygynda jaýlasaňyz rahat ýatardym, diýdi.

–Kakaň haýyşyny kahagatlandyrarys. Ony häziriň özünde, haýal etmän Sarahsa ugradarys. Musurmançylykda gölegçiniň nirä barýandygynyň soralmaýandygyny serbazlaram bilmän duran däldirler, gapdaly bilenem ep-esli adam ugradarys. Özüňem ähli zatlaryňyzy alyp, gidişleýin gidiň. Aşyny-suwunam şol ýerde sowarys. – Teke han edil şol wagt salam berip ýanyna gelen Abyt işana ýüzlendi. – Merhumy ýola taýynlasynlar. Gün gyzmanka ugradalyň.

–Sarahsamy?

–Howwa.

–Bor, han aga.

Teke han ýene-de tüýdükçiniň ogluna ýüzlendi.

–Ýene näme sargyt etdi?

–Bir-ä çykarjak wagtlary, birem jaýlajak wagtlary Gaýyp jesedimiň başujynda oturyp “Eý-hoýy” çalsyn, diýdi. – Yzynam aýtsammykam ýa aýtmasammykam diýýän ýaly ýigit azajyk ikirjiňlenip durdy. – Kyrkym geçýänçä-de her juma gijesi doga okalmazyndan öň “Ymamlary” çalsyn, diýdi.

Teke han bir bada näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Şol wagtam öýden Ýagşygül apa çykdy.

Daşarda ellerini ýeňleriniň içine sokuşyp duranlaryň hemmesi oňa duýgudaşlyk bildirdiler.

–Ýagşygül apa yzy ýarasyn.

–Imany hemra bolsun...

–Bendeçilikdir...

–Alla işidir...

Çümre bürenen donunyň aşagyndan başyna oranan ak dasdarynyň bir gyrasyndan dişläp, egilibräk duran Ýagşygül apa olara pyşyrdap diýen ýaly minnetdarlyk bildirdi. Taňryýalkasyn aýtdy. Soň duranlaryň birinden bir zat sorady. O-da: “Honha” diýip, Teke hana tarap baş atdy. Ýagşygül apa “çygşyl-çygşyl” edip geldi-de, han bilen salamlaşdy. Duýdudaşlyk sözlerinden soň ol usulyk bilen aşak çökdi. Hanyň ýüzüne çekinjeňlik bilen seredip, ýuwaşja seslendi.

–Oglanlar aýtdylarmy?

–Howwa, Ýagşygül apa. Men tabşyryk berdim. Häziriň özünde ugradarys.

Ýagşygül apa öňküsindenem pessaý gepledi.

–Şo diýen ýerinemi?..

–Howwa.

–Heý-wa-a, onda biz näderis?

–Sizem bile gidersiňiz.

–Şömi?

–Howwa. Ogluňyza aýdylandyr, näme etmelidigi. Şonuň aýdany bilen bolberiň.

Ýagşygül apa baş atdy-da, ýerinden turdy. Öýüne girdi. Entegräkdenem onuň: “Wah, jan doganlar, garry bolanda näme gaýdyp gelýämi...” diýen zaryn agysy eşidildi.

Teke hanyň Abyt işana beren görkezmesinden soň, merhumy ugratmak üçin edilmeli aladalaryň ownukly-irili hysyrdylary başlandy. Girim-çykym köpeldi. Her kim öz etmeli işine ýapyşdy.

Teke han baş kazy molla Oraz, baş kethuda Begnazar, Abyt işan dagyny kölegä çekip olary aýak üstünden Döwletdurdy tüýdükçiniň soňky sargytlary bilen tanyşdyrdy. Öten agşamky kelte göç bilen gidendikleri sebäpli Eýeberdi ahun bilen molla Ýegenmyrat häzir bu ýerde ýok.

Döwletdurdy tüýdükçiniň soňky sargydy hiç kim tarapyndan goldanylmady.

–Beýle zat ýeke bir türkmende-hä däl, asla külli musurmanda ýok. Könelerimizem: “Ilden çyksaň çyk, dinden çykma” diýipdirler. Hernäçe kyn hem bolsa, hernäçe ýokuş degse-de o pikire men-ä garşy – diýip, Begnazar tebigy boguk sesiniň badyny zor bilen güýçlendirmek üçin görgüsini görüp durşuna “jygyr-jygyr” etdi.

Ony hemmeler goldadylar. Çekeleşip oturmaklygyň hajaty ýok hasap etdiler. Şonuň bilenem ol mesele çözüldi.

“Bela eke gelmez” diýlişi ýaly, edil şol wagt Garadepedenem bir gyzyl eňek ýaş ýigit at derledip geldi-de, ilk-ä öten agşam kelte göçüň sag-aman ugradyladygyny, indem gijeki boljak uly göçe taýýarlyk görüýändigini, ähli zadyň edil gepleşip goýulşy ýaly kadaly barýandygyny hamala çapyp glene at däl-de, özi ýaly “has-has” edip durşuna daljygyp-daljygyp habar berdi, soňam Nazarly mergeniň bütin maşgalasy bilen başyna düşen ahwalaty gürrüň berdi. Öten agşamdan bäri olaryň agyr halda ýatandyklaryny, kelte göç bilen ugratmaga-da Teke handan biygtyýar ýaşulylaryň aýgyt edip bilmändiklerini aýtdy.

Teke han ilk-ä: “Häýt oňarmandyrlar, aňrujy ýagdaýy bolan bolsa olaram öten agşam ugratmaly ekenler, iň bolmanda bärigem habar etmeli ekenler” diýip, gaharly “hüňürde-di”, soňam, häliden bäri bir çetde sesini çyarman irkiljiräp oturan, iki gün bäri toýuň aladasy bilen uçursyz ýadan Jumadurdy baýa üç-dört adam bilen Garadepä gitmekligi, Nazarly mergeni maşgalasy bilen alyp gaýdyp, Döwletdurdy tüýdükçiniň gölegçileri bilen birlikde Sarahsa ugratmaklygy tabşyrdy. Jumadurdy baý: “Bor, han aga” – diýip, ýerinden turanyndanam:

–Maman apanam alyp git, hem-ä ýaralaryna em eder, hemem mergeniň gandarlaryna gargap berer... – diýdi.

Şular ýaly kyn pursatda-da ýarym degişme bilen aýdylan bu söze hemmeler ýakalaryna busup, ýaşyryn ýylgyrmak bilen oňaýdylar.

Çünki, bir gözi edil Eýran apbasysy ýaly tes-tegelek hem-de ap-ak, abat gözem meniňki bolsun diýer ýaly däl derejede çap-çal hem-de buýr-bulaşyk, şol bolşy bilenem bar zady görýändigine haýran galaýmaly, burny keççert orak ýaly egri, boýy keltejik üstesine-de hor, eňegine jaň dakylan ýaly agzy bir pursatam dek durmaýan ýaşy bir çene baran Maman apa salyrlaryň arasynda ýeke bir güýçli

tebipligi bilen däl-de, eýsem ezber sögünjeňligi, güýçli gargynjaňlygy bilenem giňden meşhurlyk gazanaan zenan hökmünde tanalýar.

Tebiplik derejesi barada aýtsak, ol maryda oturylan döwürlerei goňurly tebip ussa Haýtydan tälim alan. Abraýy uly. Ahallylaryň Gönübek sazandalary ýaly kethudalar bilen bir hatarda sylanýan adam.şoaryň sözi geçen ýerinde onuňkam geçýär. Zerurlyk ýüze çykan wagty islendik baýyň ýa hanyň sürüsine adam iberip, bir ýa iki mal getirdip bilýär. Edil, Gönübegiňki ýaly, onuňkydanam yzyny soraýan ýok.özem öz eden işi üçin zat talap edip duranok. Berseler-ä güzeran üçin az-owlak alaýýar, bolmasa-da oňup ýör.

Gargynjaňlygy, sögünjeňligem kiçi dilden bärde. O zatlar dogrusyny aýtsaň onuň keýpi. Neşesi. Aňyrsynda zat ýok. Il-günem onuň agzynyň ugruna aýdyp ýören zatlaryny hasaba alyp ýa “şüý-ä şeý diýäýdi-ow”, diýip, kine edip ýörenok.

Onsoňam, Abyt işanyň aýdyşy ýaly bokurdakdan bärden aýdylan zadyň güýji bolmaýarmyşyn, edil çäge ýazylan hat ýaly sähelçe ýeliň ýa suwuň badyna bozulyp gidiberýärmişin.

Şol bolşy bilenem ol şeýle bir hyzmata gaýym welin, baran öýi, giren gapysy özüniňki ýaly. Ýatsyrap ýa myhmansyrap oturmasy bolmaz. Toýlarda, tomaşalarda dagy ýaş gelin-gyzlara gaýra dur diýýär. Özüniňem birentek hasap-hon heleýler ýaly çakylyga garaşmasy, çakylyk gelmese: “Çagyrmadylar” diýip, çyşyp oturmasy bolmaz. Göni eňäýer şol tarapa donuny parladyp! Barybam tä märeke sowulýança özem dek oturmaz, beýlekilerem oturtmaz. Keýwanylyk eder. Ony, eýdiň, muny beýdiň” diýip buýruk berer. “Çemçe ýuwsaňyz sapyndan, gazan ýuwsaňyz gapagyndan, tabak ýuwsaňyz daşyndan başlaň” diýip, öwüt berer. Birdenem: “kih-kih” gülerde: “Heý-wa-a, birden ýüreklerine düşäýmäýin men bu mezeň kençinileriň...” diýer-de, bir şorta söz ýa täsin waka aýdyp töweregindäkileri gülüşdirip goýberer.

Ýeke bir öz obasynda däl, goňşy obalara, hatda nesibesi çekip düýbünden ýat obalara barsa-da, Maman apanyň şol bir bolşy. Myhmansyrap oturanyny gören ýokdur. “Garadepede biri dümewläpdir” diýselerem: “Hassanyň halyny soramak sogapdanmyşyn, şoňa sarp eden pursatyň ömrüň üstüne goşulýarmyşyn” diýer-de, şol tarapa jünäberer, baş donuny parladyp. Pylan obada pylany ýogalypdyr diýen hatar bolubam saklap bolanok.

Şonuň üçinem, obadaşlary o barada: “Şuň özi öläýse dagy uly bir pir ölen ýaly bor, Eýranda, Turanda ýasyna gelmedig-ä gamaz” diýen ýaly gürrüňler edýärdiler.

Maman apanyň başga-da gowy taraplary kän. Mysal üçin, şeýle käýinjeňdigine garamazdan, eçilen wagty şeýle bir dili süýji welin, şol gargynjaň garry şü, diýseň adam ynanar ýaly däl.

Mysal üçin, öýüň kölegesinde tikin-çatyna güýmenip oturan wagty, oýnap ýören çagalaryň biri gelip, iňňesine ýüplük sapyp beräýse dagy edil maýa hörelän ýaly: “Janym oşym, hanym oşym, atasynyň goç ogly, Maman enesiniň iner ogly...” diýip, söýgüläp bir ugrar welin, goňşy-golamlara çenli meýmireşip, gözlerini süzübererler.

Ine, birdenem bir zada gahary geler-de, ýerinden towsup turar. “Häýt mysalaň gursun, mysalasy guran juwanamerk! Häýt, seni bir ýerler ýuwutsyn! Hazan urup

mizan çalsyn! Tabydyň ters daňylsyn! Jähennem bol şu ýerden namy-yt!.. Ýogsam ine, çekirdegiňi aýyryn! Üstüňe artlaýyn münäge-de agzyňa süýerin!..” diýip, ýap-ýaňyja-da özüne aýdylýan öwgülere humar bolup duran oglanjygyň üstüne topular. Çaga ondan gaçyp gutulybilse kaýyl geler. Ho-ol, aňyrrak barybam iki eli bilen injiklerini gysymlap, eglip durşuna: “Näme etdimkäm-aý, men...” diýen manyda gözüni jüýjerdip Maman apa tarap naýynjar bakar. Onuň başky aýdan öwgüli sözleri çynymy ýa soňkusy çynymy, bilibilmän kösener. Kimdendir birinden soragynyň jogabyna garaşýan ýaly ýüz-gözüni gymşaýdyp daş-töweregine garanjaklar.

Iliň çagas-a baýaky welin, jyny tutan wagty Maman apa öz agtyklarynam sylap duranok. Olaryň biri ylgap gelip: “Ene süýt içjek” diýäýse dagy: “Bar oglum, gazanda durandyr, özüň aldajyk içäý” diýäýmän ýa özi guýupjyk beräýmän, mazaly gasyn atan garaýagyz ýüzüni bolşundanam beter mojuk görnüşe getirip, dym-ak gözlerinem depesine diker-de: “Hä-äýt, süýnüp, galasyň süýnüp galan namy-yt! Meň näme süýt dükanym bamy saňa batmanlap süýt berer ýaly!..” diýip, ulyili bilen gygyrar. Egerde: “Nan, iýjek” diýäýseler dahy: “Hudaýym nandanyň deşilsin seň, nandany deşilen! Ýaňyja iýdiň ýarty nany, köteni ýaman juwanamerk! Doýmaz-dolmaz Hajymelik!” diýip, zähresini ýarar.

Käwagtam “höre-köşe” edip olaryň haýsam bolsa birine ýumuş buýrar. “Bar, pylanlara baryp gel” , diýer. O-da, “Bor ene” diýäge-de, düňküldäp gidiberse ne ýagşy, bardy-geldi “gitjek däl” diýäýse welin, “hasyr-husur” ýerinden turar-da, köwşüni eline alaga-da: “Şömi? Gitjekgämi? Gitmeseň gitmän geç! Tepgyranyň teýine git! Astananyň aşagyna git! Atamyň aýagujyna git! Gabra git! Gabrystana git! Görüstana git! Gelmeze git! Ýulunmaza git!” diýip, bir ujyndan büküdip başlar welin, öňünde döw musurman durar ýaly bolmaz.

Bir görseňem obanyň bar çagasyny gapysyna üýşürip, gyşyň günüdigine garamazdan, gatadylan gaýmak paýlap otarandyr. Çünki, şol jelegaýlarda şondan başga gyşa gaýmak gatadýan ýok. Ol ony tomus taýýarlap goýýar. Üstünde gaýmak serer ýaly onuň ýöriteleşdirilen gamyşy bolup, oňa: “gaýmak gatar” diýilýär. Ýap-ýaňyja süýdüň ýüzünden syrylyp alnan her biri şapbat ýaly täzeje gaýmaklary Maman apa şonuň üstüne gat-gat edip goýar. Serýär. Şol gaýmaklar kem-kemden gatap, gyşa çenli kitirdäp duran şeýle bir süýji närse bolýar, asyl iýip doýup bolanok.

Öz paýlamaly möhleti gelýänçä, Maman apa ondan hatda öz agtyklaryna-da berenok. Dileselerem: “Iliň çagasy iýende iýersiňiz sizem” diýip, gaýtam ýüzlerinden alýar. Gargynjaňlygam, sögünjeňligem, mähremliligem onuň hut özüne mahsus bolan, häli-şindi gaýtalanyp duran häsiýeti. Ol şolaryň hiç birinem edeýin diýip ýa özüne dereje bilip edenok. Asyl şeýdýändirinem öýdenok.

Ýöne, kä halatlarda, obanyň käbir aýallarynyň onuň gargynjaňlyk häsiýetini ulanaýdyklaram bolaýýar.

Mysal üçin, salyrlaryň Maryda oturýan döwürleri biziň eýýäm tanyş gahrymanlarymyzyň biri Jumasapar bir gün Bakyçylara goşulyp Mary Bakyyna gitdi-de, aýaly Akbikäniň ýüň boýag üçin sargan puluna ýalpyldap duran, iki gulakly täzeje pil alyp geläýdi. Gelşi ýalam Geldimyrat ussanyň ýanyna gidip sapladyp geldi. Daş işikde çommalyp oturşyna getiren harydynyň eýlesine-beýlesine seretdi. “Oňarmansyň, men basym ýüň boýap keçe basjakdym” diýmäge bogny

ysman, boýagsyz galanyna-da içi ýanyp, bir çetde mugryljyrap oturan aýalynyň öňünde günäsini ýuwmakçy boldumy ýa onuň göwnüni götermekçi boldumy, birki ýola dilini ýalmandyryp:

–Hümf-çü-üýf – etidrdi-de, özbaşyna diýen ýaly hümürdenip başlady. – Şu gün wekillerden bir oglan Bakyda ýüň manada ýüz çäkmen aldy. –Aýalynyň özüne üns bermeýänini, aýdýan sözleri bilen gyzyklanmaýanyny görüp, ony özüne imrindirmek üçin başga-da birnäçe gürrüňleriň başyny ayrtdy. – Gaýraly biriniň horjunyny ogurladylar, Ahaldan gelen biri getiren harytlarynyň barysyny bir elden satdy gidiberdi, harjyly adamlar kän-how her ýerde" – diýibem gördi. Onda-da bolmansoň: – Ýadyňa düşýämi, Akbike, Peşanalydan bir Söýün diýip aşnam bardy, ana, araky harasatda şoň tas, gölesi opurlyp kümesi aşagynda galyp ölen ekeni, hälem Hudaý saklapdyr – diýdi. Akbike welin ýuman agzynam açmady. Jumasapara indi gönüläýmekden başga alaç galmady. – Maryň iň ökde piliniň ýasan ussasy şi... – Ol ýerinden turup aýalynyň ýanyna bardy. – Bary-ýogy iki sany ekeni-de, oňňam birin-ä men aldym, beýlekisinem bir saryk oglan aldy. "Akga, men şu ussaň pili diýip Pendiden ýörite geldim, ikisinem özüm alaýaýyn-la, diýip kän özelendi, ýöne, özüň bilýäň-ä, maňa-da gereg-ä... Onsoňam menem bäri-bärden baramog-a... I-i... Şoň üçinem oňa: ýak, berjek-gä, menem şiň gulagyndan çörek iýýän diýdim. Nädipdirin? Oňarypdyrynmy? –Hümf-çü-üýf!..

–Oňarmansyň...

–Beý diýme, boýag, onsoňam seň sargan heleýiň Bakyda ýok ekeni...

–Bazarda-da bir boýag bolmazmy...

Jumasapar tossarylyp oturan aýalynyň ýüzüne jokgarylyp seretdi.

–Näme , gaty gynanaýdyňmy-aý?

–Ý-ak-la, gynanamok-la, men ýöne, öňki piliňem-ä oňuşmazça däldi, diýjek bolýan...

Şeý diýdi-de, Akbike ýerinden turdy. Uludan demini aldy. "Çygşyl-çygşyl" edip öýüne girdi we öz işi bilen boluberdi.

Jumasaparam täzeje pilini işiklerindäki teläryň üstüne okalp goýberdi-de, aýaly eşider ýalyrak edip:

–Agşamlyk gerin. Batmanlardan bir eşek bilen birki günlükde adam söwdasyny edipdim-de, sözünden dänmänkä öň bilenem belleisini edip gaýdaýyn. Puluny soňraga garaşsa-ha münüp geläýmegimem mümkin... – diýdi. –Hümf-çü-üýf...

Öýden ses çykmady.

Şeýdip, Jumasapar-a goňşy oba gitdi. Akbike-de içini dökmek üçin öýaşa goňşusy, deň-duşy özi ýaly güzeranyny pukaraçylyk bilen aýlap ýören, iki gün bärem dümewläp öýden çykman ýatan Gurbanbagty aýak üstünden sorap gaýtmak üçin şonuňka tarap ugrady.

Yzyny ýel çalmanka-da gaýdyp geldi. Gelşi ýalam ini bir zat syzan ýaly "ýalt" edip teläriň üstüne seretdi. Hi-iý" etdirip içini çekdi. Ýakasyny tutdy. Ýüzüni aktam edip daş-töweregine seretdi.

Çünki, ýap-ýaňyja-da şöhle saçmakda Taňrynyň tegelegi bilen bäsleşip ýatan pil ýerinde ýokdy. Ol öýüň daşyndan bir durman dört gezek dagy aýlanyp çykdy. Içinem gördi. Ýok!

Şondan soň ol tä äri gelýänçä içeri bir girip, bir çykyp özünden-özi samrady ýördi. Äriniň şol pili boýaga derek alyp gelenine begenmedik hem bolsa, ýitenine çyn ýürekden gynandy. Çünki, her niçik hem bolsa içerä giren zat öýüň umumy baýlygy hasap edilýär. Şol baýlykda özüniňem hilesiniň bardygyna bolsa Akbike gaty gowy düşünýär.

"Ýa özi men ýokkam gelip, bir ýerde bukup gidäýdimikä?" diýip arasynda özüni köşeşdirjegem boldy, ýöne towga ýükläýmeli bu horaşaja öýüň içinde-daşynda pil bukar ýaly ýer bolmasa näme?

Her niçik hem bolsa Akbike bolan işi goňşy-golamlara duýdurmady. Syr bildirmedi. Jumasaparyň gelýänine gözi düşendenem ylgap öňünden çykdy.

Aýalynyň bir aladasynyň bardygyny aňan Jumasapar, ol özüniň-eşeksiz gelenine gynanýandyr, söwdasy oňan däldir öýdýändir, diýip pikir etdi.

Şonuň üçinem:

–Ýa-a-a, i-i... Gorkma. Söwdam küşat. Eşegi aldym. Ýöne, alyp gaýdy – bilmedim. Çagalarynyň biri bir ýana münüp giden ekeni. Ertir özümiz eltip gaýdarys diýdiler. Berinem haçan pulsaň pulaý, diýdiler – diýip, howlukmaç gelpedi. –Hümf-çü-üýf!..

–Eşegiň bar bolsun seň, pil ýok. – diýip, Akbike ondanam howlukmaç hem howsalaly seslendi. – Ýer ýykyp gözledim, ýok..

–O nähili ýok?

–Ýok-da...

Jumasapar iki elinem uzadyp teläryň üstüni sermeledi.

–I-i... Öz elim bilenjik şu ýerde goýdum-a men ony ýap-ýaňyja... – Öňden şol ýerde ýatan köne pilini, bir dişi döwük demir ýabasyny alyp, hamala şeýdiberse birinden-biri ýalpyldap duran täzeje pile öwrüläýjek ýaly olary telim gezek dagy öwrüp, eýlesine-beýlesine seretdi. Bir külter kendir ýüp ýatyrdy şol ýerde, hatda şoňa çenli agdaryşdyryp aşagyny barlaşdyrdy. – Özüňem öýde... – Birdenem "ziňk" etdirip aýalyna tarap öwrüldi. Ýüzüne jiňkerildi. – Ýa şalkyňy köwşüldedip gitdiňmi bir ýana şu ikortada?..

Piliň ýitenine özi günäkär ýaly ýygryljyrap duran Akbike ysgynsyz seslendi.

–Ýa-ak, giden ýerim ýok. Bar edenim Garbanbagtyň halyny sorap gaýtdym, aýak üstünden. Şu ikortada aldajy alaýmasa adam alara-ha wagt geçenok...

–Wah, başda şoň alnanyna gynanyp, dommarylyp otursyň ýamandy seň... – diýende Jumasaparyň sesi sandyrap çykdy. Süňňem saňňyldady. – Ine, indi maksadyňa ýetdiň. Begende otur...

–Begenip nä... Men-nä...

Şol wagtam ýeňseden "çygşyldy" eşidildi. Hä diýmänem arka ýüzlerinde oturýan, kyrk ýaşlaryndaky goňşusy, garaýagyz, keltejik, tos-togalak, ýüzünde päki çalybermeli ýaňaklary ýalpyldap duran, gaty bir daşa gidäýmese ýa sowuk bolaýmasa ýylyň ähli möwsüminde aýak ýalaňaç gezmäni gowy görýän, hut şonuň üçinem dabanynyň aşagy, ökjesi jaýryk-jaýryk bolup duran Tuwak gyrmyl-gyrmyl edip gaşlarynda peýda boldy. Gele-gelmäne-de är-heleýiň ikisi bilenem çalak-çulak salamlaşyp Akbikeden hamyrmaýa sorady.

Öý eýesi sessiz-üýnsiz içeri girip çykdy:

–Gün göräýmesin gyz, täzeje hamyrturuşdyr, – diýip, köz dege-dege eleme deşik bolan, goňrumtyl ýeňlige dolangy hamyrmaýany goňşusynyň eline tutdurdy. Soňam hiç kim eşitmesin diýýän ýaly alkymyna dykyldy. Ýuwaşja seslendi. – A gyz, ýaňy men ýokkam bize gelen-giden, soran-idän-ä bolan däldir.

–Ýa-ak.., – Tuwak biraz böwrüni diňläp durdy-da, – Ýöne, ýalt-ýult edip ýaňyrak şu ýerden Maman apaň goňşusy Ojuk murdar-a geçip gitdi... Näme Bir zadyňyz nemedipmi? Alnypmy? Ýokmy?..

–Aý, ýok, ýöne, soraýdym – Tuwak gybyrdyklap öýüň aňyrsyna öwrülendenem Akbike hamala ýiten zat iňňe ýaly henizem teläriň üstüni sermeläp ýören äriniň ýanyna bardy – Şoldur. Şol ýer ýuwdandan başga hiç kim däldir. Derrew bar-da, bas üstüni. Tut ýakasyndan. Güm, etmänkä tapdyr. Ertiriň özünde Mara gidip tabşyrmaly ýerine tabşyrar welin, indiki Baky güni öz zadyňy ýene bir gezek satyn alyp gaýtmaly borsuň. Tapmasaň Teke hana aýdaryn, kazy molla Oraza aýdaryn, diýip gyssaberseň garagy akan ýaly çykaryp berer. Öňňil Seýitjan çolagyň geçisini ogurlanynda-da şeýdip tapdyrtdylar-a şoňa. Şonda: “Gaýdyp şular ýaly iş etmen, diýip şolaryň öňünde ant içip, awy ýalap zordan gutulanmyşyn-a...

Ärini giňželejek bolup, Akbike başga-da kän zatlar aýtdy. Jumasapar welin gozganmadam.

–Aý, beýdip bolasy ýok-laý... Bilip-bilmän... Çen bilen... Giden bir pil bolsun-laý... – diýip, şo-ol, ýöwselledi oturdy. – Ýaňy sen dogry aýtdyň, Geldimyrat ussaň dükänyna baryp sähelçe “tark-turk” etdirsem öňkimem hiç neneň däl-laý... sapyny täzeledäge-de, ýüzünem tapladaryn welin, bor durubir... Geldimyrat bolup demriň eline düşen özüň bolma. –Hümf-çü-üýf!..

Şeý diýdi-de, aýalynyň jogabyna-da garaşman, sansyz pilini eline alyp, Jumasapar ýarym günüň içinde indi ikinji gezek Geldimyrat ussanyň ýanyna gitdi.

Akbike kemiş-kemiş edip, tä äriniň garasy ýitýänçä yzyndan garap oturdy. Başda nägile bolanyna puşman etdi. Äriniň düşen gününe gynandy. Ojugyň üstüne baryp dyzabermekden ýüz öwrenine bolsa gahary geldi.

–Ýüzsüz-dä, ýüzi guran, adamyň ýüzüne geliblenok-da, ötsüz-dä, nebsi ýok-da, hojalyk bilen işi ýok-da... – diýip, öz ýanyndan käýindi. Oturdy. Terslin-oňlyn keple diýseň...

Gaýdyp gelenden soň, äriniň elindäki “kakyş-kukuş” edilen köne pili görkezip özüne bir zatlar diýýänine ünsem bermedi-de, nämedir bir zatlar “jazlatmak” üçin Akbike gyrasy gemmijek, kiçijik, çoýun gazanyň abat galan ýekeje gulagyndan tutup, teläryň aşagyndaky otdan ýaňa içi gyzaryp giden, gyralary gap-gara, horaşaja ojaga atardy. Içine azajyk çigit ýagyny guýup köýdürdi. Üç sany kiçijik sogan arçady. Gözüni ýaşardyp oturşyna ýartydan azrak kädem dograd. “Jazyrdadyp” bulaşdyrdy. Aram-aram böwrüni diňläp oturdy. Birdenem göwnüni bire baglan ýaly “zöwwe” ýerinden galdy-da, tutaç bilen tutup, gazany ojakdan düşürdi. Henizem köne piliniň o ýerine, bu ýerine seredip, keýpsiz halda oturan ärine bir zatlar diýjek bolup çemelendi. Ahyram elini silkdi-de, göni obanyň ileri çetinde oturýan Maman apalara tarap ýumlukdy.

Onuň nä hyýala münendigini aňan Jumasaparam dikejegine oturan ýerinden aýaklanmadyk köşek ýaly “tapyr-tupur” edip galdy-da, ellerini kelemenledip bir zatlar diýip gygyrdy. Ýöne, näme diýenini Akbike-hä asylam eşitmedi welin,

özüniňem eşideni-eşitmäni belli däl. Çünki, hernäçe gygyrandyryn öýtse-de, içinden sesi çykmady.

Tomsuň tüp yssysynda epgekli ýele dasdaryny pasyrdadyp barýan Akbike gitdigiçe bat aldy. Ökjesi ýeňledi. Eýýäm pili tapylan ýaly göwnüne giňlik aralaşdy. Güman edilýän, oba belli, tüýkesme ogry Ojuk murdaryň çat maňlaýyndaky goňşusy Maman apalaryň gapysyna barybam:

–Aýuw, Maman apa barmysyňyz-u-uw... Bar bolsaň çyk-u-uw... Bir agyz gep bar-u-uw... – diýip, gygyrdy.

Maman apa öýden çykyp Akbikäni güler ýüz bilen garşy aldy diýseg-ä ýalňyş bolar. Çünki, ol diýseň ýadaw görünýärdi.

Şonuň üçinem:

– Aý, mezez, künti, bolup gelşiň nähili süýr günortan, albassy ýaly bolup? Näbela boldy, ýüzüňde gözüňde gan-kok ýok-la?.. Saglykmy bir özi?...

Akbike gyssagara saglyk-amanlyk soraşansoň işiginde bir zatlara güýmenjirän bolup, özlerine tarap ogryn-ogryn seredýän Ojugam eşider ýaly öňküsindenem has batly gygyrdy.

–Bir eline bismil çykmyş namyd-a meň çalymyň şu günjik Bakydan satyn alyp gelen täzeje piliniň nisini çekipdir. Indi tapylaryndan-a geçdik welin, Maman apa gaýrat et-de bir, şony alan juwanamerke gargap bersene! Ýaman gynanaýdyk-da... Özem meň boýag üçin sargan puluma getirilen pi-il...

Ojugyň häsiýetine belet Maman apa Akbikäniň nyşanasynam, niýetinem bada-bat aňdy. Näme isleýänine-de düşündi. Şonuň üçinem, onuň özünden gaty gygyrmasa pes-ä gygyrmady.

–Häý, ýelni kesilen puşt kençini! Geljegiň bar irgözündenjik gelagaýsaň bolmadymy? Ýap-ýaňyja gargynjymy gutaryp, içeri girip oturşymdy. Men indi siziň piliňizi ogurlan hudaýtarryha näme diýsemkäm? Meýdi yranyp tabydy ters daňylsyn, diýsem-ä o meň günde-günaşa aýdyp ýören zadym, hökmi bolmaz. Günüň gyzaran çagynda meýdiň gyzyl düýäň üstünde gyzaryp gitsin, diýsem o-da maňa gelişjek zat däl. Hiç zat diýmesemem seň boýnuň buruljak. – Maman apa göz astyndan indi birneme howsalasy artyp köwşüniň içine gor guýlan ýaly iki-baka köwejekläp ugran Ojuga tarap ogryn-ogryn garady-da, sesine öňküsindenem beter bat berdi. – Şo pili kim alanam bolsa bar-a, o bar-a, bu bar-a, jan Akbike şol haramydan bolan hern-ä aňyrsy iki güne ýetmän üç köpsün-de, alanja pili bilen gabyrjygy gazylsyn... – Soňky sözleriň barysyny bir demde aýtdy-da, Maman apa ýadawlykdan ýaňa “has-has” edip aşak çökdi. Razy bolandygyny ýa bolmandygyny bilmek üçin oturan ýerinden eňegini taýzardyp Akbikäniň ýüzüne seretdi. – Ine, jan dogan, şüpille-hä mende şundan başga zat ýok. Az görseňem ertir irdenjik gel, şol ýaýdyrgap galany men ed-dil iki günden tamugyň töründe gögerer ýaly ederin... ýurdunda ýel ösdirin...

Akbike ilk-ä öýüne bir girip, bir çykyp, indi öňküsindenem beter “zowzuldap”, tekiz ýerde-de büdräp ýykylyp-sürşüp ýňren Ojuga seredip içini güldürdi, soňam henizem demini doly dürsäbilmän, ap-ak gözlerini özüne dikip oturan Maman apa seredip “ýyrş” etdi.

–Bor, dogan, bor. Az göremok. Taňryýalkasyn. Aýdanyň gelsin. Sag otur, özüňem.

Akbike ertesi irden turup görse, ýitirilen pil işiklerindäki teläriň üstünde, äriniň düýnküje goýan ýerinde goýşy ýaljak ýatyr ekeni. Günüň dogup, barha ýokary galmagy bilen onuňam şöhlesi şo-ol, artdy gitdi oturdy.

***

Ana, Maman apanyň gargynçlary oba arasynda şolar ýaly şöhrata eýe.

Indi onuň tebipçiligi barada hem bir agyz söz aýtmasak tarypymyz kemterräk kakar.

...Zurabada soňky gezek göçülip gelnäýen döwürleri, bir toýda salyr aýallary Teke hanyň öňünden çykyp, dürli sebäplere görä Maşadyň zyndanynda oturan hossarlaryny halas etmegini sorap, oňa agy bilen ýüz tutdular. Arz etdiler.

Teke han olaryň arzlaryny kabul etdi. Kömek etmäge söz berdi.

Şondan soň köp wagt geçmänkä-de, şol mesele boýunça ýanynyň bäş-alty sany atly-ýaragly nökeri bilen Maşada gitdi. Hanyň huzyryna bardy. Ýöne, ol wagt Maşadyň hany Alymerdan han däl-de, şo-ol, salyrlara kömek etjek bolup, işinden aýrylan, soňam nirä gidendigi näbelli bolup galan handy. Ol şol gezegem salyr hanyny kabul etdi . sözüni diňledi. Haçanda Teke han: Egerde zerurlyk ýüze çyksa salyrlaryň öz bendileri üçin pul-mal, altyn-kümüş ýygnamaga hem taýýardyklaryny aýdanda ol iki elini daldaladyp onuň sözüni böldi.

–Hiç zat gerek däl. Egerde salyrlar öňküleri ýaly Horasan goşuny üçin serbazlyga birsyhly adam iberip dursalar, biz bendileri hiç zatsyz hem boşadarys. Ýöne, olaryň Eýran hökümetine mundan buýanky wepalylygyna we onuň tertip-düzgünlerine ygrarlylygyna siz özüňiz jogap berersiňiz.

Teke han razylaşdy.

Ertesi hakykatdan-da bendiler boşadyldy. Olaryň barysy gelip Teke hanyň aýagyna ýykyldylar. Köp-köp alkyşlar aýtdylar. Şolaryň arasyndan bütinleý nätanyş biri Teke hana has ykjam ýapyşdy.

–Han aga, bir çemçe ganymy geçseňiz bir agyz sözüm bar – diýip, hünübirýan aglady. – Aýt diýseňiz-ä aýtjak, bolmasa-da tä ömrüm ötýänçä atly ýöreseňiz-ä üzeňňiňizden, pyýada ýöreseňizem syýnyňyzdan aslyşjak ýörjek...

Teke han ony köp ýalbartmady.

–Bar, geçdim näme günäň bolsa-da. Aýdyber, aýtjak sözüňi.

Nätanyş kemiş-kemiş edip durdy-durdy-da, öňküsindenem güýçli ses bilen möňňürip goýberdi. Hanyň aýagyna ýykyldy. Elinden ogşady. “Hyk-çok” edip zordan gepledi.

–Haknazary öldüren men...

Hanyň ozaldanam akýagyz, nurana ýüzi üç ýuwlan ak esg-ä döndi. Gözleriniň öňünde bolsa, Maryda oturylan döwürleri janlandy.

...Şonda, Bakydan gaýdyp gelýärkä, düşnüksiz ýagdaýda inisi Haknazar öldürilipdi. Näme sebäpden, kimiň öldürendigi bolsa bilinmän galypdy.

Zatlarynyň talanandygyndan, pullarynyň alynandygyndan çen tutup, ol işi eden adamyň garakçy bolaýmagynyň ahmaldygy güman edilipdi. Çünki, ganhor Haknazaryň ýeke gelýändiginden peýdalanyp bukudan atypdyr. Ol hatda onuň atynam almandyr. Ötegçiler üstünden baranlarynda at janawer eýýämhaçan jan teslim eden eýesiniň daşynda “horguryp”, aýlanyp ýören ekeni.

Öz aralarynda hemsaýa hökmünde oturan salyrlaryň, şeýle-de Teke hanyň hut özüniň hatyrasyna, ganhory tutuş Mary ilaty bolup gözlediler, emma netije çykmady.

Ine, indem onuň özi: “Men şol” diýip, Teke hanyň aýaklarynyň arasynda guýlunyp ýatyr. Özem:

–Maňa hiç kim Haknazary öldür, diýmedi. Hakyna-da tutmady. Ol iş saňa ýamanlyk etmek üçin ýörite edilen işem däl. Men asla onuň Haknazardygynam bilemokdym. Seniň iniňdigindenem habarym ýok. Bu bir betbagtçylyk boldy. Ol maňa juda bijaý ýerde duş geldi. Men nebsime buýrup bilmedim. Ýogsam men şol wagt gaty bir azarlam däldim. Men... Men nähak gana galdym. Iki şaýy üçin kimi öldürendigimi bilenimden soňam gorkunjyma göni bäri gaýtdym. Emma bu ýerde-de dek gezmän zyndana düşdüm. O ýerde men... – Ol boşadylan beýleki bendilere bakyp başam barmagyny uzatdy. – Ol ýerde men ine, şular bilen bile oturdym. Bir döwürräk düşdük. Ýöne, bular meniň kimdigimi bilenoklar. Siziňkilerdendirin öýdüp bu gün han menem boşatdy. Meniň aslym, ýurdum öýüm-ilim ýok. Men tüweleý. Özümem gara tüweleý. Maňa bu dünýede orun ýok. Ýöne, jan süýji, ýaşap ýörün. Indi bolsa galan ömrüm size bagly. Ölüme höküm etseňizem, yzyma zyndana dykdyrsaňyzam öz işiňiz...

Teke han eglip egninden tutdy-da, günäkäri aýak üstüne galdyrdy.

–Nähak gan dökeniň günäsi ýolunýan-a däldir... ýöne... men eýýäm seň günäňi geçäýdim-dä... – Teke han agyr dert astynda gurak-gurak ýuwdundy. – Bir sargydym bar, o-da galan ömrüňe meň demim düşýän ýere garaňy salaýma. Ýene bir zat: Meň razy bolmagymy isleseň gaýdyp günä iş etme. Dogry ýola düş. Meni razy etjek bolsaň, öňürti Hudaýy razy et...

Gandaryndan gözýaşyny gizlemek üçin Teke han syýnyny silkip beýlesine öwrüldi. Agyr ýatlamalardan açylyşmak üçin baryp, azat bolan obadaşlarynyň özara gürrüňlerine goşuldy. Olardan kimdir biri günäkäri häziirň özünde jezalandyrmaklygy ýa-da äkidip kazy molla Oraza tabşyrmaklygy teklip etdi. Emma Teke han o zatlaryň hiç birine-de rugsat bermedi.

Henizem şol bir minnetdarlyk sözlerini gaýtalap, hem eglip, hem götinjekläp barýan, ýap-ýaňyja günäsi geçilen ganhor bolsa Maşadyň köp mähelleli köçesine siňip gitdi.

Öňi giç boldy-da, Teke han ýanynyň nökerleri we boşadan bendileri bilen bilelikde şol gije Maşatda galarman boldy.

Giň howluly, gurply bir aşnasy bardy, adyna Nowşirwan duýerdiler. Olar köplükdi. Nowşirwan iň ululary bolup ondan kiçileriniň ady, Nowgurban, Nowjuwan, Nowzyban, Nowryzwan bolup gidýärdi. Hemmesem bir köçäniň ugrunda, bir hatarda oturýardylar. Özlerem diýseň agzybir. Tüýs, “bäş-älty dogana horluk ýaraşmaz” diýleni.

Nowşirwan mylakatly, myhmansöýer, gelim-gidimli adam. Täjir. Söwdasynyň gerimi giň. Şowly. Teke han hern-ä nesibesi çekip Maşada gelse şonuňkyda düşleýär. Asgynjagynyň kändigine garamazdan ol bu gezegem şol edähedinden dänmedi.

Ullakan ala gözli, burunlak, sünnälenip bejerilen inçejik, şar-gara murty ernininiň iki çetini jähekläp aşak gaýdýan, gyrçuw gara sakgally, daýaw, abşanaklap, eginlerini ýaýkyldadyp ýöreýän, birinji gezek görýän adam üçin diýseň haýbatly, hyýrsyz görünýän orta ýaşlaryndaky, azerbaýjan türküsini suwara bolmasa-da, garaz, düşünişerçe bilýän Nowşirwan Teke hany garaşyşyndanam has gadyrly garşy aldy. Ýanyndaky adamlary görüp çytylmady, ýükürgenmedi. Oňa çenli inilerem ýüwürişip geldiler-de, ikiden, üçden bölüşip, Teke hanyň özünden öňňesini alyp gitdiler. Eltip hammama düşürdiler, eşiklerini täzelediler, iýdirdiler, içirdiler.

Nowşirwan Teke hany öz öýüne saldy. Täzeje halynyň üstüne ýazylan ýumşak düşekçäniň üstünde oturtdy. Gapdalyna ýassyk taşlady. Özem onuň gabat garşysynda ýazylan düşekçäniň üstünde oturdy.

–Eşitdik. Şu gün Bakyda gürrüň etdiler. Zurabatdan türkmenleriň hany gelipdir, handan bendilerini sorap alypdyr, diýdiler. Men: Ol meniň byradarymdyr, meňkä gelmän gitmez, özi-de çöh ýahşy adamdyr, diýdim. Şoň üçinem bu gün dükany oglanlaryň birine tabşyryp, Bakydan ir gaýtdym – diýip, endigine görä agzynyň ýetişibildiginden, hezil edip, “gübür-gübür” edip gürledi.

Nahardan soňky mesaýy gürrüňçilikde bolsa ol iki-üç aý mundan ozal, on ýaşlaryndaky gyzjagazy Perişdäniň jaýyň ikinji mertebesine çykjak bolup merduwandan ýykylandygyny we bilini agyrdandygyny şondan bärem ýerinden gozganybilmän ýatandygyny, golaý-goltumdaky tebipleriň biriniňem nepiniň degmändigini, Tährandaky, Maşatdaky hökümet bimarhanalarynyň hekimleriniň bolsa: üç ýyl galman galypda ýatmaly bolar, diýendiklerini, şondan soň bir gutulyp gidermi, diýen soragyna bolsa: ellerini ýaýyp, eginlerini gysyp oňandyklaryny şondan bärem kime ýüz tutjagyny, näme etjegini bilmän, serimsal bolup ýörendigini, ýöne, Marydan ussa Haýty diýip bir ökde tebibiň adyny juda köp eşidendigini, köpleriň şoňa äkidip görkezmekligi maslahat berýändigini howlukman, ýöne, bir demde diýen ýaly gürrüň berdi. Sen özüň nähili maslahat berýäň, çynmy şol ussa Haýtyly gürrüň, diýýän manyda ýanyp duran gözleri bilen Teke hanyň ýüzüne ýiti-ýiti garady. Egerde şol gürrüň çyn bolup, işem bitse hiç hili harajatdan gaçmajakdygyny, ýolundan basylmajakdygyny öwran-öwran tekrarlady.

Mary bilen Maşat aralygy aňy bilen ölçeýän ýaly, Teke han nazaryny jaýyň petigindäki näbelli bir nokada dikip ep-esli oturdy. Birdenem:

–I-i... – diýip, sag eliniň aýasy bilen dyzyna kakdy. – Seň uzak ýoluň ýakyn bolaýmagam ahmal, Nowşirwan. Tebibiň şu töwerekden tapylaýmagam mümkin...

Nowşirwan tutuş göwresi bilen hana tarap owsun atdy.

–O nähili?..

Bizde hut şol ussa Haýtynyň özünden tälim alan bir tebip bar. Özi aýal adam. Ýaşam bir çene baran. Şeýle-de bolsa bu ýagdaýda çagany äkitmeg-ä kyn bolar, ýolam çarkandak. Kötel. Ýöne, ine, şu ýerden bardygym şo tebibi ibärin men seň ýanyňa. Egerde dert oňa-da per bermese, onda ussa Haýtyly meselä-de soň seredibiris. Çagany galyp gider ýaly ederis.

Hanyň beýle ynamly gürläp oturşyna Nowşirwan eýýäm gyzy gutulyp gidene döndi. Begenjine çaga dek elini çarpyp, oturan ýerinde bökejekläp bolubilenini boldy. Aýalyny çagyryp, myhmanyň hoş habaryny oňa-da aýtdy. Ol ärindenem

beter begendi. Iç işikde gözlerine ýaş aýlap durşuna Teke hana köp-köp alkyşlar aýtdy. Bu habary gyzyna buşlamak üçin çykyp gidendenem, Nowşirwan Teke hana:

–Tebibi getirmek üçin näme gerek bor? Arabamy? Düýemi? Atmy? Eşekmi? Haýsy gaýym bolar öýtseň ertir irden alyp gidibereriňiz ýaly şo zatlary men şu gije taýyn edip goýaýyn...

Teke han ilk-ä garysyna galdy. Soňam dikeldi.

–Öz-ä sagdyndyr welin, her niçik hem bolsa aýal adamdyr, ýaňky aýdyşym ýaly ýaşam bir çene baran, oňa at-a çusrak, eşegem ýaltarak bor. Düýäňem leňňerine çydamaz. Şoň üçinem oňa ýagdaý bolsa at goşulgy araba ýa paýtun bolsa gowy bor. “Pah-pah”, Nowşirwan ýaly Maşadyň atly-abraýly iň uly söwdagärleriniň ýanynda paýtun dagy näme! Gerek bolsa ol Zurabada tirkeşi dokuzdan on hatar kerwen ýa kejebe-de ugradyp biljek. Şoň üçinem ol şol bir badyny gowşatman:

–A beli, beli, byradar, beli! Näme diýseň tapylar. Paýtunam tapylar. Sen ýöne näçesiniň gerekdigini aýdaý... O zatlar özümizden bitýä... – diýip, galkyjaklady oturdy.

–Biri bolsa bolýa.

–Çoh ýahşy, çoh ýahşy... Häziriň özünde taýyn ederler. Men diýerem, hamusy olar.

Teke han bir zat ýadyna düşen ýaly:

–Hä-ä... Neme... – diýdi-de, gözlerini Nowşirwanyň çat maňlaýyna dikdi. – Öňünden aýdyp goýaýyn, tebibiň tebipçiligem, adamçylygam gowudyr, aňyrsynda zadam ýokdur, ýöne, “käsip käýinjeň bor” diýlişi ýaly duýman durkaň, birdenkä sögünibermesem, gargynybermesi bardyr, şony göwnüňize almaweriň. Özünedem-ä sargaryn welin, şonda-da... bilip goýsaňyz gowu-da...

Päheý, hanyň aýdyp oturan zadyny! Hassasy gutuljak bolsa Nowşirwan gep eşitmeg-ä däl, tebipden günde ýüz gezek taýak iýmelem bolsa taýýar...

Ol Teke hana-da şeý diýip aýtdy. Muňa olaryň ikisem gülüşdi.

***

Gepiň gysgasy şondan soň köp wagt geçmänkä, üstünde Maman apa joňkarylyp oturan täzeje paýtun Maşadyň köp adamly köçeleriniň biirnde peýda boldy.

Paýtuny sürüp gelýän Nowşirwanyň öz iberen adamsy. Ol ir döwürlerden bäri Maşatda ýaşap, Nowşirwan bilen gatnaşykda ýören, Artykmuhammet atly ýaş ýigit. Asly türkmenleriň nohur taýpasyndan. Onuň borjy Maman apany ynjytman Zurabatdan Maşada getirmek, soňam yzyna eltip gaýtmak. Gaharyny getirmeli däl. Öz-özünden gahar tapyp, gargynyberse, käýiniberse-de çydamaly. Şeýle hem ol iki dile-de suwara ökde bolansoň, tebipçilik eden döwründe Maman apa bilen syrkawyň hossarlarynyň arasynda dilmaçlyk etmeli. Olar ýaly çynlakaý işde Nowşirwanyňky kimin çala we çalgyrt dil bilen oňňut etmek bolmaýar. Çünki, sähelçe säwligiň özem ullakan ýalňyşlygyň üstünden eltäýmegi mümkin.

Şäheriň çetinden girişleri ýaly henize çenli beýle zady görmedik Maman apa gözlerini bolşundanam beter akjardyp üsti-üstüne, şeýle-de biri-birlerine gyslyşyp oturan beýikli-pesli şäher jaýlaryna bakdy-da, öz-özi bilen gepleşýän ýaly ýuwaşja seslendi.

–Munça jemende bolup bu juwanamerkler pohlaryny nirä artýakalar?..Duwlanara ýerlerem-ä ýok...

Artykmuhammet tebip özüne bir zat diýendir öýdüp, atyň jylawuny çekdi-de, çekinjeňlik bilen yzyna gaňryldy.

–Maman daýza maňa bir zat diýdiňmi?

Tebip siltenjiräp beýlesine öwrüldi.

–Sürübersene arabaňy öz ugruňa, seň it diýip adyňy tutýan ýok...

Ol ikisi ýolboýam gepleşmän diýen ýaly geldiler. Artykmuhammed-ä öňünden duýdurylansoň özi bir zat diýmese lak atmady. Ol şeýdip oturansoň Maman apanyňam gadryny gaçyrasy gelmedi. Garaz gepleri alyşmady, sulhlaram.

Maman apanyň ýaňky sözlerinden soňam Artykmuhammet başyny ýaýkap çalaja ýylgyrdy-da, öňki ugruna öwrüldi. "Çüw-w..." diýip, atyň jylawyny silkdi. Gamçysyny galgatdy. Ýöne, çalmady. Çünki, köçeleriň käbir ýerleriniň has darlygy, hereketiniň gürlügi paýtuny gaty sürmäge mümkinçilik bermeýär. Häli-şindi saklanmaly, kä pyýadalara, kä ulaglylara ýol bermeli bolýar. Adamlaryň goh-galmagallary bolsa dik asmana göterilip, hatda sansyz-sajaksyz arabalaryň şakyrdysyndanam güýçli çykýar. Giň sähradan gelen garry zenana bu-da gaty bir ýakyp baranok.

"Alla-Alla" bilen agyr ýol aşan Artykmuhammet paýtuny baryp Nowşirwan söwdagäriň ullakan agaç derwezeli howlusynyň agzynda saklady. Daşdan gelen tebibi söwdagäriň ähli maşgalasy, dogan-garyndaşlary bolup garşy aldylar.

Hä diýmän goňşy-golamlaram üýşüşip geldiler. Uly-kiçi, aýal erkek barysy Maman apanyň daş-töweregini gallaşyp, hümer bolşup durdular. Oňa tarap geň galyjylyk bilen, ýiti-ýiti seredişdiler. Şular ýaly horaşaja, bigörk zenandanam üýtgeşik hünärli adamyň çykyp biljekdigine ynanmaýan ýaly biri-birlerine bakyp pyşyrdaşdylar. Şonça adamyň özüne çenelen nazaryndan sussy basylan Maman apa:

–Hä-ä, eneňizden dogalyňyz bäri adam garasyny gören dälsiňiz.. – diýip, ýuwaşja seslendi. – Elläbem görüň, Aýdan gelen üýtgeşik bir zat, ýa Aýuw dagy bolaýmaýyn men...

Nowşirwan ony öňürti öýe salyp naharlajak boldy. "Ýadap gelensiň, dynjyňy al, syrkawa soň seredersiň" diýdi. Emma ol nahar-şordanam dynç almakdanam kes-kelläm ýüz öwürdi. Häziriň özünde syrkawy görkezmeklerini talap etdi.

–Siziň bu dar şäheriňizde demigip ölesim gelenok, syrkawyňy gördügim beder gitjek yzyma... Ajyksam ýolda-da iýip-içibilýän men.

Artykmuhammet onuň aýdanlaryny gylyny gyşartman öý eýelerine terjime edip berdi. Ýöne, ýylmabyrak, gödegräk ýerlerini aýyrybrak terjime etdi.

Şondan soň Maman apany syrkaw çaganyň ýanyna eltdiler. Garaja galpaklyja balkyldap duran garaja gözleri haraýly bakýan, gaýmak çalnan ýaly akja hem ter ýaňajyklaryndan nur, gabajyklaryndan mähir dökülip duran gyzjagazyň bolup ýatyşy tebibiň ýüregini tisgindirdi.

–Wah, wah, wah! Adyňdan aýlanaýyn perişdejigim! Garaja gözleriňe döneýin, jan oşym. Derde ulaşaýdyňmy? Hany näme bolýa, eneňe aýt, agyrýan ýeiňi görkez...

Ýolboýy gatyrganyp, sögünjiräp gelen kempiriň dilinden bular ýaly süýji sözleriňem çykybiljek ekendigine geň galan Artykmuhammet onam terjime etdi.

Perişdäniň ejesi Aýşa hanym dik duran ýerinden egilip, Maman apanyň egnine elini goýdy.

–Gün-günden solup gidip barýa. Gaýrat ediň... Gadryňyzy bilmek meň bilen...

Maman apa onuň ýüzüne-de seretmän, agzyny-burnuny towlady.

–Suwjarmaňda-da ediler şol edilmeli zatlar, şondan şuňa şü diýip gelen bolsak... Sen ýöne gaýyrrak çekil-de, gyza seredere maý ber maňa. Gowus-a çyk. Hemmelerem çyksynlar.

Artykmuhammet onuň bu sözüniň diňe ikinji bölegini terjime etdi. Şondan soň öýde kim bar bolsa, barysy çykdy. Maman apa syrkaw çaga bilen ikiçäk galdy.

Perişdäniň haly Teke hanyň gelip gidendäkisindenem agyrlaşan ekeni. Aýşa hanymyň aýdyşy ýaly ol hazana giriftar bolup, gün-günden solup barýan nepis bir güle meňzeýär.

Maman apa syrkawyň eşiklerini aýyryşdyrdy. Ilki ýüzün, soň arkan ýatyryp, aýasy bilen garnyny gasygyny, arka-boýnuny, oňurgasyny sypalaşdyrdy, barmaklarynyň ujy bilen gapyrgalarynyň aralaryna basyşdyrdy. Her ýere baranda: “Şu ýeriň agyrýarmy, bu ýeriň agyrýamy, ine, bu ýeriň nädýä, indi nädýä, gaýyrrak bassam nädýä...” diýip sorady. Boldum edenden soň eşiklerini geýdirdi gapa baryp hossarlaryny çagyrdy.

Nowşirwan bilen Aýşa hanym ikisem ýüzlerini aktam edişip içerik gorkuly ätlediler. Olaryň yzy bilen Artykmuhammedem girdi. Üçüsem soragly hem aladaly nazarlaryny tebibe dikip, onuň näme diýerine sabyrsyzlyk bilen garaşdylar. Aýşa hanym bilen Nowşirwanyň-a tutuş göwreleri bilen galpyldaýandyklaram bildirdi. Perişde bolsa gözjagazlaryny bir tebibe, bir ata-enesine dikip, sessiz-üýnsiz ýatyr.

Maman apa el hereketi bilen öý eýelerine “oturyň” diýen yşaraty etdi. Olar oturanlaryndan soň:

–Gyzyňyzyň üç-dört sany oňurgasy ornundan üýtgäpdir – diýip, asuda hiç bir gorky-ürküsiz halda parahat seslendi. –Çagany bükreýdenem, güýlenem, gasygyndaky çişi döredenem şol. – Ol töweregindäkileri haýran galdyryp ýylgyrdy. – Ýöne, gorkmaň. Gaýgam etmäň. Alla bizlik bolsa hassaňyzyň derdi dep bolar.

Tebibiň agzyndan näme çykarka, diýip, agyr alada astynda duran Nowşirwan begenjine gapdalynda duran aýalyny garsa gujaklanynam bilmän galdy. Aýşa hanym bolsa aglady. Soň ikisem baryp Perişdäniň gapdalynda çökdüler. Onuň ýüz-gözünden ogşadylar. Uýalarynyň gutuljakdygyny eşidip, Nowşirwanyň daş işikde heşerenişipjik duran beýleki çagalaram, goňşy-golamlaram, dogan-garyndaşlaram begenişdiler.

Perişdäniň özi hemmedenem beter begendi. Begenjine garaçyny bilen aglady. Akja gollaryny uzadyp ejesiniň boýnundan aslyşdy. Kakasynyň elinden, ýüzünden ogşady. Şondan soň onuň ýüzjagazy jöwherlenen, gözjagazlarynyň röwşeni artan ýaly boldy. Birenaýyja dodaklary Hyradyň pissesi deý çalaja çyzylanda, körpe, guzunyňky ýaly ap-akja dişleri öwşün atyp gitdi.

Maman apa diňe şondan soň arkaýyn oturyp garbandy. Öý eýeleri bilen ondan-mundan gün-güzeran barada arkaýyn gürrüň etdi. Töwürden soň Aýşa hanym bilen Nowşirwany çat maňlaýynda oturdyp, em üçin gerek bolaýjak zatlary ýeke-ýeke sanady.

–Üstünden üç ýyl aşan saryýag, bir sany öň mazaly ulanylan ýag meşigi, çöri gaýnadyp alnan garaýag, ýumurtga ýagyndanam taýýarlabileniňizi taýarlaň-da bir aýlap gyzyňyza günde bir gezekden ýarym käsejig-ä ýag içiriň, günde bir gezegem güneşe çykaryň-da, oňurgasynyň yzaly ýerine ýumurtganyň ýagyny çalyň, ýag meşigini bolsa gasygyndaky çişe daňyň-da, bir aýlap aýyrmaň. Şu zatlary berjaý edip bolanyňyzdan soňam meni çagyryň.

Ýadyndan çykarmazlyk üçin, Nowşirwan aýdylan zatlaýň barysyny jikme-jik kagyza ýazyp aldy. Düşünmedik ýerlerini çintgäp-çintgäp sorady. Ahyram:

–Galan zatlar-a düşnükli welin, şü garaýagy näme etmeli – diýdi.

–Oň bu wagt geregi ýok. Ýöne tapyp goýuň. Gelemde taýýar bolup dursun. – Şeý diýgeç ol etegine ot düşen ýaly "alahasyrdy" bolup ýerinden turdy. – Indi bolsa meni ugradyň.

Eýýämhaçan daş işikdäki köwüşleriň arasynda aýagyny hokgasyna sokjak bolup "hykgyldap" duran, geň häsiýetli bu, tebibi öňüniň gijedigini, atyňam, Artykmuhammediňem ýadawdygyny, ýollaryň bolsa asyl-ha howpsuz däldigini, has beterem "Eşek gerişden" geçmekligiň kyn boljakdygyny aýdyp zordan sakladylar. "Ine, daň ataram welin, ýoluňyz açyk, sizem arkaýyn borsuňyz, bizem" diýdiler.

Ertesi irden Gün dogar dogmazda, Artykmuhammet ony alyp gitdi.

Ýaz pasly bolansoň, şäherden çykyp ilki baýyrlyga, soň kemerli dag gerişlerine aralaşmaklary bilen, howa mazaly üýtgedi. Güläleklerin, dürli dermanlyk otlaryň , akar çeşmeleriň hoştap ysy bilen garyşyp gelýän dag howasy Maman apanyň dar şäherde leji çykan ýadaw göwresine gurp berdi. Artykmuhammet bilen bir zatlar barada gürleşesi geldi. Ýöne, o-da eýýäm öz ýanyndan göwni göterilip, damana ýolundan haýsydyr bir aýdyma hiňlenjiräp otyrdy.

***

Nowşirwan ähli işini terk edip, türkmen tebibiniň "tap" diýip giden zatlarynyň gözlegine çykdy. Maşadyň özünden tapmasa Tährana, ondanam tapylmasa Türkmensähra, Mazendrana, dagda, düzde oturan çopan-çoluklaryň üstüne gitdi, garaz aýdylanlaryň barysyny jemledi. Bir aýlabam şol zatlary ulanmak bilen, tebibiň aýdyp giden emlerini amal etdi. Gyzjagazynyň biliniň göz-görtele gönelip, çişiniň aýrylyp barşyny görüp, çaganyň özündenem beter begendi. Onuň hakykatdanam gutulyp gitjekdigine ynandy. Wagty boluberendenem öňküje paýtunyna ataryp, Artykmuhammedi Maman apanyň yzyndan Zurabada ugratdy.

***

Giden gününiň ertesi gijöýlänler Artykmuhammet Maman apany alyp geldi. Paýtunyň üstünde gözlerini dym-ak edip, kimdir birine içinden gargap oturan tebibi Aýşa hanym götergiläp diýen ýaly düşürdi. Maman apa welin entek ýere-de gonmanka onuň "taňyrýalkasynyny" ýetirdi.

–Waý, goýber meni ýelni keslen. Keçje gyzylbaşyň çagasy! Endam-janymy gök-dalak etdiň-ň...

Artykmuhammed-ä onuň bu sözlerini terjime etmedi, eýýämhaçan tebibiň häsiýetine belet bolan Aýşa hanymyňam ony gaty bir eşidesi gelip durmady. Oňa çenli her ýerden bir basyp Nowşirwanam peýda boldy-da, ikisi iki ýerden Maman

apa begençlerini buşlap başladylar. Gyzlarynyň kän gowulaşandygyny, eden emleriniň ýerine düşendigini uly tolgunma bilen habar berdiler.

–Bilýän-le bir, bilýän... – diýip, hüňürdäp barýan Maman aa bu gezegem öňküsi ýaly göni syrkawyň ýanyna girdi. Özüni ýylgyryp garşylan Perişdäni eglip gujaklady, ýaňajygyndan ogşady.

–Akyllyja gyzym, şekillije gyzym, meniň maşalajak gyzym – diýip, garaçyny bilen söýdi. Birlaý seredip çykandan soňam gyzyň hossarlaryna ýüzlendi. – Aýdanlarym-a aňry ýany bilen ýerine ýetiripsiňiz. Indi bolsa daşardaky ojakda ojar ýakyň-da, közüni demir taba salyp şu ýere getiriň. Köz näçe köp bolsa şonça gowy. Gyzam täzeje, tämiz düşege geçiriň-de, közli tabanyň gapdalynda ýatyryň. Çişiň üstüne ýapan ýag meşigiňizizem aýraýyň. Indi onuň geregi ýok.

Öý eýeleri ýene oňa öňürti iýip-içmekligi, dynç almaklygy teklip etdiler. Ýöne, tebip olara ýeň bermedi. Agzyny-burnuny towlap:

–Näme etmelidiginimi men özüm gowy bilýän, siz ýöne aýdylany ediň basymrak – diýdi.

Ähli zat taýyn bolandan soňam gyzy täze düşegiň üstünde ýüzün ýatyrdy. Oňurgasynyň üýtgän ýerine hamyrdan “ýürek” ýasap goýdu. Içine-de gyralaryny gyrmaladybraga-da garaýag guýdy. Demir tabanyň içindäki gülbüreşip duran çog-gyzyl közleriň birini ataşgir bilen tutup aldy-da, garaýagyň bir barmak boýurak ýokarsynda saklap durdy. Köz köräberse ony gapdalynda duran başga bir boş gaba zyňdy-da başgasyny aldy. Hä diýmänem “ýüregiň” içindäki garaýag “bygyr-bygyr” gaýnap başlady. Tenine ötmeýän borly, gyz asla tisginmedem.

Maman apa zol-zol eglip, gyzyň agzyny ysgady. Garaýagyň ysy gelip ugrandanam:

–Boldy! – diýip, ýuwaşja seslendi. Perişdäniň bilindäki “ýüregi” aýyrdy. Eşiklerini geýdirdi. – Tur, gyzym! – diýdi. Turandan soňam: –Bar, indi oýnaber, joralaryň bilen, emiň-ýumuň şu bolsun – diýäge-de arkasyna çalarak kakyp goýberdi. Gyz gapynyň agzynda gözjagazlaryny tegeleşip duran doganjyklaryna tarap ugrandanam söýünçli seslendi. – Weý, jompuldapjyk barşyňa döneýin, meň perişdejigim..

Gyzlarynyň gutuljakdygyna bireýýäm ynanan hem bolsalar Aýşa hanym bilen Nowşirwan waka beýle çalt tamamlanar, gyzlary göni düşegiň üstünden turup gidiberer öýtmändiler. Şonuň üçinem, olaryň şol wagtky begençleriniň çägini ýazyp beýan etmek mümkin däl.

Sähel wagtyň içinde tutuş howlynyň içi toýhana öwrüldi. Mal soýuldy, gazan ataryldy. Dogan-garyndaş, tanyş-biliş, dost-ýar barysy jem boldy. Her kim Nowşirwany, Aýşa hanymy gutlady. Maman apa alkyşlar aýtdy.

O zatlar hiç. Ol bir begenilen wagty gyzgyny bilen tutulan şagalaň. Esasy toý şondan üç gün soň boldy.

Nowşirwan öňürt-ä uly sadaka berdi. Soňam uly toý tutdy. Oňa ýörite adam iberip Teke hanam çagyrdy.

Ol zatlar kyn bolmady. Ýöne, şol üç günüň içinde Maman apany saklamak welin, Nowşirwan üçin bar zatdan beter kyn düşdi. Ol ony diňe toýdan soň, Teke han we beýleki salyr kethudalary bilen bilelikde ugratdy. Hezzetläp, hormatlap ýola

saldy. Şu çaka çenli özüni Zurabat aralygynda gatnadan paýtuny goşulgy aty bilen bilelikde oňa sowgat berdi.

–Artykmuhammedem bereýinmi? – diýip, Nowşirwan degişdi.

–Güm bolsun-la, jumanamerk – diýip, Maman apa ýüzüni küssertdi. – Başyma ýapaýynmy men ony ýan tazy ýaly edip...

Muňa hemmeler gülüşse-de Artykmuhammediň gahary geldi. Dişini gyjap, ýüz-gözüni çytyp durşy elindäki gamçysy bilen tebibiň ýüzi kessir ýelmäýerli göründi. Ýöne, köpçüligiň içinde, onda-da şeýle sylanýan adamy, Nowşirwanyň eziz myhmanyny beýtmäge bogny ysmady. Kükregini ýaryp barýan hem bolsa, gaharyny ýuwutmaly boldy. Üstesine salyr kethudalary hem:

–Biziň Maman apamyzyň bolşy şeýle, Artykmuhammet, sen ondan gaty görme, gowy gören wagty bize-de aýdýa, şolar ýaly ýakymly sözler... – diýşip, ony ýerli-ýerden köşeşdirmekçi boldular.

Artykmuhammet welin, barybir köşeşmedi. Elindäki gamçyny Nowşirwanyň eline tutdurdy-da, özüniň tebibi Zurabada äkitmejekdigini aýtdy. Ol diňe Maman apanyň özi:

–Ýeri, künti heleý ýaly eşek näzini etme-de, mün paýtuna! Sensiz men "Eşek gerişden" nädip geçeýin. Mert ýigid-ä sen... Çölüň gurdy, uly iliň arkas-a sen... – diýeninden soň doly köşeşdi. Maman apanyň hakykatdan-da aňyrsynda zat ýokdugyna-da diňe şondan soň düşündi.

Oňa çenli Nowşirwan paýtunyň içini her dürli gymmatbaha harytlardan doldurdy. Hojalyk üçin gerek bolan goş-golamlardanam atdy.

Muny görüp Teke han:

–Sen-ä Maman apa Zirewä baryp dükan açybermeli bolduň – diýdi. – Artykmuhammedem dükançy edip al...

Muňa hemmeler gülüşdiler. Aňsat-aňsat gülmeýän Maman apanyň özem güldi. Artykmuhammedem çalarak ýylgyrdy. Nowşirwan bolsa garaçyny bilen:

–Açsa, açybersin. Satyp ýetişse haryt bilen men özüm üpjün ederin – diýdi. Gyzynyň keýik owlagy ýaly deň-duşlary bilen iki-baka bökjekläp ýörşüne gözi düşende bolsa hasam joşdy. – Owal-a Alladyr welin, Maman hanym maňa gyzymy ikinji gezek gaýdyp berdi. Şoň galan ömri üçin men şuňa minnetdardyryn. Şonuň üçinem men muňa hany-manymy tuttuşlygyna bersemem ýaraşman durmaz...

Nowşirwanyň beren zatlarynyň arasynda bir gadak ýaly çaýam bardy. Onuň üýtgeşik ysy dessine Maman apanyň burnuna urdy. Dörüşdirip içi çaýly düwünçegi tapdy. Yzly-yzyna ysgady. Beň ýa şoňa meňzeş zatdyr öýdüp gorkdy. Nowşirwanyň ýüzüne soragly seretdi.

–Munyň näme?

–Ol çaý. Gaýnak suwa atyp içmeli.

Çaý barada elbetde, Maman apa eşidipdi. Ýöne, içip görmändi. Asylam ol wagtlar çaý halk köpçüliginiň içinde meşhur däldi. Diňe baýlar, han-begler içýärdiler. Söwdagärler olara Buharadan, Samarkantdan, Hywadan, Eýrandan getirip berýärdiler. Halk, hususan-da gelin-gyzlar welin tamdyrdan çykan gyzgyn nany suwly çanaga ýaprak-ýaprak edip dograýardylar-da "myžladyp" iýýärdiler, suwunam "hörpüldedip" başlaryna çekýärdiler-de, işli-işlerine tarap turýalar

gidiberýärdiler. Olaryň arasynda: "Baýlar suwy boýap içýämişler" diýen gürrüň bardy. Ýöne, şonuň çaýdygyny welin, soň-soňlar bilip galdylar.

Şonuň üçin Maman apanyňam näbelet atyň sagrysyny sypalasy gelmedi. Agzyny-burnuny towlap, gözünem erbet bir akjartdy-da, elindäki çaýly düwünçegi Teke hana tarap uzatdy.

–Ýazmuhammet, bi siziň içýän zadyňyz ýaly-la?

Teke han garaçyny bilen güldi.

–Saňa-da kem ýakmaz şol bi ýaşdan soň, içiber.

–Näme oýny ba muň?

–Oýny ýok, ýöne ýadawlygyňy aýyrýa.

–Onda-ha bolaýjagam ekeni.

Şeý diýdi-de, ol elindäki düwünçegi paýtunyň içindäki goşlaryň üstüne oklap goýberdi. Özem münmezinden ozal Perişdäni ýanyna çagyryp, ýörite hoşlaşdy. Gujaklap bagryna basdy. Gözlerine ýaş aýlap durşuna:

–Indikille narduwana münmegin gyzym – diýdi. Hamsykdy. – Hoş, sag bol. Işallasa men seň toýuňa-da gelerin.

Perişdejigem aglady. Halasgäriniň boýnundan aslyşyp, goýbermän kän saklady. Ugranlaryndan soňam, Maman apany alyp barýan, yzyna gaýdyşyn Artykmuhammet müner ýaly ýörite sarç at tirkelen paýtun indiki köçeleriň birinden öwrülip, tä gözden ýitýänçä köýnejigini şemala galgadyp eljagazlaryny bulady durdy.

Paýtunyň gapdaly bilen birnäçe atlynyňam goşulyşyp barşy daşyndan seredeniňde gelnaljynyň toý dabarasyna meňzedi.

Howwa, bu waka Maman apanyň dabarasyny dagdan aşyran, abraýyny öňküdenem has artdyran üýtgeşik hadysalaryň diňe biri. Ol hakda ýörite bir kitap ýazsaňam gelişmän durmasa gerek.

***

Agyr hala düşen Nazarly mergeniň maşgalasynyň dadyna-da Maman apa tüýs wagtynda ýetişdi. Teke hanyň Jumadurdy baýa: "Maman apanam alyp git" diýeni gowy boldy. Garakçylara gargap oturşyna Nazarly mergen bilen Arslanyň ýaralaryny ýuwdy, em etdi. Daňdy. Şol hysyrdylardan dynansoň daş-töweregini gallaşyp oturan adamlaryň arasyndan gözleri bilen sermeläp Meňli hany tapdy.

–Ýaralary agyr. Ýöne, ölmezler. Galanam özlerine bagly. Çöl gurtlarydyr, sähel-mähel zada per bermezler.

Jumadurdy baý Meňli hana Döwletdurdy tüýdükçiniň ýap-ýaňyja jan teslim edendigini, onuň irgözinden Sarahsa ugradyljakdygyny, Nazarly Mergenem çagalary bilen bilelikde gölegçilere goşup Sarahsa ugratmaklygy Teke hanyň teklip edendigini aýtdy.

Meňli han makullaýjylyk bilen baş atdy. Az salym böwrüni diňläp oturandan soňam iňläp ýatan mergene tarap baş atdy.

–Maman apanam şulara goşmasag-a bolmaz. Barýançalaram, baranlaryndan soňam seredip durmaly bor...

–Bolýa. – Jumadurdy baý ýerinden turdy. – Men onda ýöräýin. – Onuň bilen bile Maman apa-da ör turdy. Jumadurdy baý dik duran ýerinden oňa tarap elini ýaýdy. – Manam apa sen otur.

–Ýak, Jyma jan, oturmaýyn. Öňi-soňy bile gitjek bolsak men bulara Zirewede goşulaýaryn. Almaly-goýmaly zatlarymam bar.

## XIX
## Göç ýola düşýär.

Salyrlar özlerini hernäçe seresaply alyp barsalaram, garnizonlardaky serbazlar toý gijesi Zurabatdaky hem Garadepedäki bolup geçýän adaty bolmadyk hysyrdylardan, bagşy sesiniň arasy bilen eşidilýän “şakyr-şukurlardan, “takyr-tukurlardan”, howsalaly “haýt-haýtlardan”, “gaýt-gaýtlardan, köne arabalaryň “jygyldylaryndan” mallaryň “güpür-tapyrlaryndan”, tümlükden çykýan howatyrly “hyşy-wyşylardan, topar-topar bolup toýhana däl-de, garaňka siňip gidýän adamlaryň aýaklaryny gorkuly basyşlaryndan çen tutup, obalara bir üýtgeşikligiň aralaşandygyny barybir aňdylar we şol gijäniň özünde aşaklyk bilen Maşada, gübernator Alymerdan hana gyssagly çapar gönderdiler.

Ýöne, Eýranyň daşary razwedka gullugam erbet işlemedi. Olar hatda Zurabatda oturan salyr türkmenleriniň Sarahsa göçmek üçin ors ofiseri, podpolkownik Alyhanow bilen geçiren gepleşikleriniň wagtyna, ýerine çenli öz baýarlaryna beren hasabatlarynda örän takyklyk bilen görkezdiler. Şonuň üçinem, “Salyrlaryň Sarahsa göçmeklerine ýol bermeli däl” diýen görkezme Alymerdan hana serbazlaryň iberen çaparlaryndanam kän öň gelip gowuşdy.

Ýöne, Eýran hökümeti salyrlar beýle çalt hem duýdansyz göteriler öýtmändiler. Üstlerini basara, päsgel berere öňlerini çolara maý bolar öýtdüpdiler. Esasanam olar öz algydarlyklaryna bil baglapdylar. Iň bärkisi olaryň parslar bilen ýarpasyna eken bugdaýlaram agza-burna gelip, bu gün erte oraga garaşyp ýatyrdy.

Elbetde, Teke hanyňam Maşatda şolar ýaly meseleler boýunça “ýörite” işläp ýören adamlary ýok däldi. Şeýle-de Orsyýetiň Tährandaky ilçisi Melnikow hem gol gowşuryp oturmaýardy. Eýran hökümetiniň Köne Sarahsda we Zurabatda oturan, salyr türkmenleri babatdaky edýän her bir hereketi onuň gözünden sypmaýardy.

Şeýlelikde Alymerdan han-a gyssagly suratda salyrlaryň üstüne ýörişe taýýarlanyp başlady, Alyhanow bolsa öň özüniňem salyrlar bilen gepleşip goýşy ýaly, ors hökümetinden derhal Pulhatyna barmak we salyrlaryň sag kenara geçmeklerine ýardam bermek, geçenlerinden soň goraglap Sarahsa eltmek, şol ýerde ýerleşdirmek barada görkezme aldy. Zurabatdan göteriljek gijeleri daň bilen, ýanyna iki ýüz atly kazakdan ybarat goşunynam alyp Sarahsadan çykdy.

***

Yzanda-çuwan bolşup, Döwletdurdy tüýdükçini alyp ugran gölegçilere serbazlar azar bermediler. Asla olar bilen işlerem bolmady. Garadepeden arabaly getirilen Nazarly mergeni hem çagalary bilen bilelikde şolara goşdular. Maman apa-da şolara goşuldy.

Uly göçüň şu gije ugradyljakdygyndan ogryn-dogryn baryp-ha Allamyradyň toýy gijesi habardar bolan halk garaňky düşüp-düşmänkä göçe taýarlanyp başlady. Erewde-berewlik göz-görtele artdy. Kim gamyşyny alyp gitmek üçin kepbesiniň suwagyny aýryp ýör, kimler bilelikde sürmek üçin gapylaryndaky mal-garalaryny bir ýere toplaşdyryp ýörler, käbir aýallar bolsa hem-ä Zurabat bilen hoşlaşyk, hemem Sarahsa sag-aman aşmak üçin bölek-bölek edip, Hudaý ýoluna nan paýlaşyp ýörler. Jumasaparyň aýaly Akbike-de şolaryň biri.

–Zirewedenem dilgir bolmaň, adamlar! Şunça ýyl duzuny iýdik, hor-zar bolsagam üstünde toý tutuduk, önüp-ösdük, mundan buýana bu topragy ýa göreris, ýa görmeris, “Biz senden razy, hoş gal, Zirewe”, diýiň!.. – diýip, ol hatar-hatar syryp, her baran ýerinde şol bir sözüni gaýtalap ýör. Onuň beren bir bölejik nanyndan dadyp:

–Hoş gal, Zirewe... – diýenlerinde aýallaryň bokurdaklary dolup, gözlerine ýaş aýlanýar. Köpüsi bolsa aglaýar. Käbirleri welin, özlerini mert tutup, başlaryny silkip goýberýärler-de:

–Aglamaň, heleýler! Gaýtam begeniň! Şatlanyň! Biz öz ýurdumyza, ata-Watanymyza barýas, horlukdan çykyp barýas – diýip buýsançly seslenýär.

Aglabasy daşy palçyk bilen suwalan ýylgyn ýa gamyş kepbelerde ýaşap ýören pukara halkda dogrusy goş diýer ýaly ullakan bir goşam ýok. Käbirlerinde gara öý bar, olaram beýlekilere görä birneme gurplyrak hojalyklar bolup, ýük urar ýaly birlän-ikilän iş mallary hem bar. Jumadurdy baý ýaly adamlarda araba bar. Paýtun diňe Teke han bilen Maman apada bar. O-da özi gölegçilere goşulşyp gidensoň paýtunyny Jumadurdy baýa goýup gitdi. Ony döwmän, ýençmän Sarahsa aşyrmak, eýesine gowşurmak şonuň borjy. Ulanmak, üstüne adam mündürmek, goş ýüklemek bolýar.

Halkyň aglabasy eşekli, düýeli, ýabyly. Gülberini arkasyna alyp paý-pyýada gitmelileriňem hetdi-hasaby ýok. Çünki, Apbas Mürzäniň çozuşyndan soňraky ýüz beren tükeniksiz göç-gon, uruş, aýraçylyk, tozgunçylyklar, şowsuzlyklar, hususan-da ölüm-ýitim, ýesirlikler zerarly san taýdan azalmaklary salyr ilini şon deý egbarlatdy. Çykgynsyz hem gözgyny hala saldy. Halkyň aňynda diňe öz ata-babalaryna bolan buýsanjy, belent ruhy galdy. Şol wagt bu taýpa türkmeniň iň bir ejiz hem garyp bölegine öwrüldi.

Ol indi baryp özüniň asyrlarboýy arzuwlap gelen arzyly mekanyny ýurt tutunmaly, gaýtadan kök urmaly, ornaşmaly, özüni dürsemeli, dabanyny Sarahsyň bol suwly mes topragyna diräp zähmet çekmeli, gurplanmaly, şeýdibem täzeden aýaga galmaly.

***

... Daň saz berip, ýaňy bir zulmat gyzaryp ugrandanam, şol bir wagtyň özünde hem Zurabatdan, hem Garadepeden agyr göç äpet uly gara aždarha ýaly bolup, demirgazyk sary süýşüp ugrady.

Olar derýanyň çep kenarynda, iki gün bäri mal-garalaryň ýygnanýan ýerinde, Zurabadyň gündogar tarapyndaky pesligiň içinde birleşdiler we wagt ýitirmezlik üçin sessiz-üýnsiz ýollaryny dowam etdirdiler.

Serbazlar olaryň bu hereketlerine hem hiç hili garşylyk bildirmediler. Çünki, salyrlaryň niýeti indi olara belli. Üstesine-de göç baradaky habary ýetirilmeli ýerine ýetirdiler. Borçlaryny berjaý etdiler. Şonuň üçinem olar arkaýyn. Näme çäre görmeli bolsa ýokarkylar górerler. Galyberse-de, göçüň daşy edil goragsyzam däl. Salyrlaryň iň bir edermen ýigitleriniň eli ýarag tutany, at-esbaby bolany bosgunlaryň daşyny gallap, islendik hüjüme taýýar bolup barýarlar. Olar hatda Eýran hökümetiniň Maşatdan geläýmegi mümkin hasap edilýän döwlet goşuny bilen çaknyşmaga-da taýýar.

Ine-de, olar ýaňy bir oruma gelen bir bölek maýsalyk meýdanyň gyrasyndan geçip barýarlar. Ol halkyň nijembir umyt arzuw bilen eken, arly ýyl göz diken rysgaly. Diýmek, halk şu wagt ömürlik Watan diýip, iki günlik rysgalynyň duşundan geçip barýar. Rysgal bolsa hamala: “Meni taşlap gitmäň” diýýän ýaly olara gol bulaýar, haýpy gelýän ýaly başyny ýaýkaýar. Ýuwaşjadan ygşyldaşyp, dostlarça hoşlaşýar.

Olar tä Pulhatyn köprüsine çenli derýanyň çep kenaryny syryp, akymyň ugruna gitmeli we şondan sag kenara geçip Alyhanowyň otrýady bilen duşuşmaly. Ondan aňyrda bolsa olara Köne Sarahs garaşýar.

Ýöne, entek Pulhatyna ýetmänkäler Teke hanyň yzda goýup gaýdan gözegçilerinden biri at derledip geldi-de, Alymerdan hanyň alty ýüz atly esger we iki sany topdan ybarat goşun bilen Pulhatyny nazarlap Maşatdan çykandygy barada öz çawuşlaryndan habar alandyklaryny aýtdy.

Teke han gyssagara öz egindeşlerini daşyna toplap, at üstünde maslahat geçirdi. Maslahata Öwezgeldi batyr ýaly ýaşlardanam gatnaşany boldy. Olar Pulhatyna çenli gitmekligi, gerek bolsa Alymerdan hanyň goşuny bilen söweşmekligi teklip etdiler. Emma maslahat muny göwnemedi. Ol: “Pulhatyna gitmeli däl. Alymerdan hanyň goşuny bilen urşup pida çekmeli däl. Derýadan şu ýerde, urup geçmeli”, diýen netijä geldi. Şeýle-de maslahatyň karar etmegi bilen, halkyň ejiz bölegine ýardam etmek üçin, Hojaş diýen uzynak, ala gözli murtlary jaýtaryp duran burunlak, süňkleri iri, deşli ýigit bilen Öwezgeldi batyryň başlyklygynda elli sany syrdam, saýlama ýigitlerden ybarat halas ediş topary döredildi.

Şondan soň, Teke han göçüň hereketini doly togtatdy. Bir ýere üýşensoňlar öňlerine geçip, ýüze çykan ýagdaýy, şeýle hem maslahatyň gelen netijesini güýçli ses bilen gygyryp köpçülige mälim etdi. Soňundan daş-töweregini gallaşyp duran ekabyrlara ýüzlendi.

–Oglan-uşaklardyr, garry-gurtularyň köpüsini öňki agşam ugradanymyz gowy bolaýypdyr. Ýogsam olar ardurja heläk boljak ekenler.

Teke hanyň beý diýmeginiň sebäbi bardy. Çünki, derýa parahat däldi. Hanasyny dolduryp, käte ondanam çykyp, o ýan, bu ýan çyrpynýan, towlanjyrap ýylan-deý owsun atýan derýanyň goýnuna şol wagt ýürek edip özüňi urmag-a däl, hatda seretmegem gorkulydy.

Düýn öýlän dag içinde dynman ýagyş ýagandygyndan ýolagçylaryň hemmesi habarly. Gabaraly gara bulurlaryň belent-belent dag gerişleriniň üstüne kükreklerini gerip, bagyrlaryny oýkaýyşlaryny olar kesesinden synlapdylar, asmanyň ýüzüni bir zarbada persala edip goýberýän ýyldyrymlaryň ujy ýalaw ýaly dyrnaklaryndan

howatyr edip, oglan-uşaklar dagy öýlerine kürsäp-kürsäp urupdylar, şol zatlaryň zulmuna çydabilmän “ah” çekýän gögüň “gübürdisini” diňläpdiler. “Bärik bir gelmäýbilseýdir” diýşip, Biribardan dileg edipdiler.Zemine sahabat seçýan şol uly ýagmyryň sil suwuna öwrülip, daglaryň ýüzi bilen aşak gaýtjakdygyndanam, derýany doldurdyp Köne Sarahsa, Tejen topragyna tarap akjakdygyndanam habarlydylar. Ýöne, hut ertiriň özünde onuň bilen jan dalaşyna girmeli boljakdyklaryndan welin bihabardylar.

Çünki, gelnen öňki netijä görä, derýa nähili ýagdaýda bolanda-da göç baryp Pulhatyndan geçmelidi, derýadan urup geçmek göz öňüne tutulmandy.

Her niçik hem bolsa ýagdaý şoňa bardy. Derýadan urup geçmek barada buýruk berildi. Tebigat bilen ynsan oglunyň arasyna edil, Magşar dek agyr synag düşdi.

Bir bada hiç kimiň töwekgelçilik edesi gelmedi. Ne ulaglylardan, ne pyýadalardan özüni suwa urmaga milt eden bolmady. Her kim biri-biriniň ýüzüne seredip götinjekledi durdy.

Göçüň ýaýdanýandygyny görüp, Teke han ýene-de öňe çykdy.

–Adamlar! Siz agyr synagyň öňünde dursuňyz. Derýanyň aňyrsynda Watan bar, bärde bolsa ýoksullyk, kemsidilmeler, aýraçylyk bar. Aňry geçsek bize gowy durmuş, ilimiz-günümiz garaşýar. Çünki, külli türkmen şo ýerde. Şol iki çägiň arasynda bolsa ine, möwç urup duran şu derýa bar. Elbetde, ol howply, ýöne, bize bu ýerde galmak ondanam howply. Şoň üçinem bizde başga alaç ýok. – Han ak atyny debsiläp has belent ýere çykdy. – Goş-golamlaryňyzam taşlaň-da, uruň, özüňizi derýa! Gara başyňyzy gutarybilseňiz galannyň bir alajy bolar. Aňry ýüzünde bize ors serkerdesi Alyhan garaşyp dur. Ol bize dosluk goluny uzadýar. Bu ýere bolsa topy-toýhanasy bilen Alymerdan han ýetip gelýär... Ol Pulhatyny eýelär we bizi barybir ondan geçirmez. Uruş etsegem gyrgynçylyk bolar... güýjümiz bolsa pes.

Hanyň aýdan sözleri halka iňňän güýçli täsir etdi. Şol wagtam kethuda Begnazar üzeňňä galdy-da, sag goluny derýa tarap galgadyp, bir wagtlar, edil şu derýanyň boýunda, Pulhatynyň başynda, Hyrat häkimi Soltansöýün Baýkara bilen Myraly şir Nowaýynyň aýdyşygyny ulyili bilen gygyryp, dile getirdi.

–Geçme namart köprüsinden, goý, aparsyn sil seni!!!...

Adamlar duran-duran ýerlerinden, yzanda-çuwan: “Ýa, Alla! Ýa Sarahs baba!... Ýa, Gyzyl Ymam!.. – diýşip, özlerini derýa urdular.

Pokurryk gatyşykly akýan haýbatly sary läbik welin halky ol kenara beýle aňsatlyk bilen geçirmejekdigini turuwbaşdan duýdurdy. Ýaman algydar ýaly goýnuna gireni gujaklap alyp ilk-ä bagryna basdy, soňam ýanbaşyna göterip dikbaşaşak inderdi. Gomlary bilen dolap alyp holtumyna dykdy, äkidip allaowarralardan çykardy, käbirlerini bolsa eltip guýganaklap duran girdabyň içine sokdy.

Adamlaryň gyk-baklaryny, aýallardyr-çagalaryň çyr-çykylyklaryny hasap etmäniňde-de, suwa girmejek bolup galyň-galyň düýeleriň bagyryşýan, atlaryň kişňeşýän, “özüm-ä hiç welin, bulary nädeýin”, diýýän ýaly gözlerini tegeläp gölejiklerine tarap mölerişýän, sygyrlaryň molaşýan, iki baka tazygyşyp ýörüşlerine zaryn-zaryn mäleşýän goýunlaryň, guzularyň, çekreşýän geçileriň, owlaklaryň, hynçgyryşýan eşekleriň sesleri goşulyşyp ol ýagdaýy hasam edrenç görnüşe getirdi.

Göräýmäge derýada ummanlardaky ýaly möwç, lemmer, ýa mähnet tolkun, gom ýok, ýöne, akym welin güýçli. Edil ýeriň bir dilkawja bölegi süýşüp gidip barýan ýaly. Towlanjyraşýan depesi ak köpürjikli, onçakly uly bolmadyk tolkunlar birdenkä ik ýaly pyrlanýarlar-da, sary ýuwdarha dek "haşşyldap" öz oklarynyň daşyndan birnäçe gezek pyrlanýarlar. Birdenem, durmuşdan halys bizar bolan betbagt kişi ýaly "öwhüldeşýärler-de" lagşan göwrelerini "pagşyldadyp" aşak goýberýärler we gömülgeniň çägä gömülişi ýaly ýaryndan gowragy gyrmança bolup duran sap-sary, läbik suwuň içine çümüp gidýärler.

Ýagdaý şeýle bolansoň, duran ýerinden derýa urup, şol deňdenem ol kenara çykybilýän ýok diýen ýaly. Güýçli akym adamlary öz ugruna alyp gidýär. Ellerini dik ýokary tutup, kä çümüp, kä çykyp, her çykanda-da Hudaýy ýa halasgärleriň birini kömege çagyryşyp, gark urşup barýanlaryň hetdi-hasaby ýok. Diňe dogumly gyzlaryň, gelinleriň we ýetginjek ýigitleriň käbirleri öz güýçleri bilen akymy böwsüp, sag-aman sag kenara çykmaklygyň hötdesinden gelýärler.

Olar yzyndan gelýänlere ellerini uzadyp, kenara çykmaklyga kömek edýärler, ýüp zyňýarlar, çekip alýarlar.

Käbir saly gowşagraklary bolsa çykyşlary ýaly sermagallakdan gaýdýarlar, halys tapdan düşen göwrelerini "şalkyldadyp" ýere goýberýärler, birsellem çiňarkan ýa ýüzün düşüp "hählerini" alýarlar, özlerini raslaýarlar. sähel wagtdanam yraň-daraň edişip turýarlar-da, kenary syyrp entirekleşip baryşlaryna öz söýerlerini, hossarlaryny, dogan-garyndaşlaryny gözleýärler. Ysygnsyz hem ýadaw sesleri bilen atlaryuny tutup gygyryşýarlar.

Sag kenaryň böwür berýän ýerleri kert bolup, onuň aşagy boşluk.

Akym aýlap-aýlap adamlaryň köpüsini şol ýere eltýär. Ol ýerden kenara çykyp bolanok. Ýöne, sähelçe hem bolsa çöp-çalamdan ýapyşyp dynç almaga, özüňi dürsemäge maý bar.

Seýrek bolmadyk halatlarda kenar hopýar, "gümmürdäp" aşak gaýdýar. Çünki, derýanyň öz sag kenaryny ýumurmak, hanasyny şol tarapa giňeltmek häsiýeti bar. Ýene bir howply ýeri – kertiň düýbündäki böwürde köplenç "horruldap", "sokurdap" aýlanyp duran, ortasy guýganakly girdap bolýar.

Ol adammy, atmy, eşekmi ýa porrukmy tapawudy ýok, duşundan geçen zady aýlap-öwrüp demine dartyp dur. Şeýle-de bolsa, käbir nesibesi güýçli, maňlaýy daş ýarýan adamlar şondanam diri sypýarlar, ep-esli ýere baransoňlar "zompuldaşyp" çykýarlar, hopugyşyp, ellerini kelemenledişip kenara tarap dyzaşyp başlaýarlar.

Nesibesi ýoklar bolsa şol gidişlerine gidýärler, asla çykmaýarlar, gaýdyp görünmeýärlerem, görünäýenlerinde-de hiç-hili hereketsiz, dirilik alamatlary ýok halda görünýärler, suwuň ýüzünde kä arkan, kä ýüzün ýatyp, kä çümüp, kä çykyp, agdar-düňder bolup baryşlaryna kem-kemden daşlaşýarlar we bütinleý ýitip gidýärler.

Umuman sag kenary nazarlap çep kenardan özüni suwa uranlaryň aglabasy özlerini diňe akymyň ol kenara elterine, güzeriň ýa-da ýalpagrak ýeriň gabat gelerine bil baglaýarlar.

Köplenç şeýle hem bolýar.

Ýöne, şol aldym-berdimli pursatda halas ediş toparynyň bitiren işini welin hiç zat bilen deňäp bolmaz. Olar bosgunlaryň iň bir gowuşgynsyzlaryny, ejizlerini,

düýbünden ýüzüp bilmeýänlerini atlarynyň ardyna ýa öňüne alyp ol kenara geçirýärler we derhal yzlaryna gaýdýarlar, gelip atlaryna sähelçe dynç berenlerinden soň ýene-de şol bir hereketlerini gaýtalaýarlar.

Öňi-ardy adamly ýüzüp barýarkalar sen-men ýok gapdaldan gelip olaryň atlarynyň ýalyndan ýa guýrugyndan aslyşyp gidýänlerem bolýar. Şolar ýalyda ozaldanam gatnaý-gatnaý halys eňki gaçan atlar laky-tak durýarlar we özlerini ol kenara juda kynlyk bilen atýarlar.

Teke han umumy gözegçilik bilen başagaý. Beýleki ekabyrlaram şonuň ýaly.

Abyt işan kenaryň has görnükliräk ýerinde durup, yzyny üzmän Kurany Kerimden keramatly süreleri okaýar.

...Ýaňy bir ýüki ýaran, üstüne köne-küşül keçe bilen içiniň ýüňleri çykyşyp duran ýorgança bökderilgi, burny gara gökje kürrejik gelşi ýaly biri syrtyndan gop beren dek, guýrugyndan ýapyşyp gelýän orta ýaşlaryndaky egni ýagyrnysy şorlap giden köneje alaçaly, başyna sary dasdar oralan, sarymeňizräk, dolmujrak daýza bilen bilelikde ýüzüniň ugruna özüni suwa urdy. Göreni geňler galdyryp, esli ýere çenli ýüzüp gitdi. Birdenem girdaba gabat geldi-de, öýüň içi ýaly ýerde guýganaklap başlady. Her aýlawdan soňam aşaklamak bilen boldy. Ahyram “hokur-hokur” edip duran girdabyň düýbüne gitdi.

Ýa-ha barja baýlygy şol, ýa-da girdap näme, gom näme bilenok, daýza görgülem guýrugyny sypdyrman, kürre bilen bilelikde güw gitdi.

Soň olar bir ýerden çykdylarmy ýa suwuň düýbünde müdimilik galdylarmy, ony bilýän ýok, ýöne, sähelçe wagtdan soň girdapdan taýak atym aňyrrakda dört aýagynam dik ýokary tutup tolkundan-tolkuna geçip, garnyny akjardyp barýan bir malyň şol gökje kürre bolaýmagynyň ahmaldygyny bu hadysa başdan-aýak syn edip duran Teke han çak etdi. Şonuň üçinem, ol ýap-ýaňyja sag kenardan gaýdyp gelen Hojaşa ätiýaçdan şol töwerege aýlanmagyny haýyş etdi.

Emma ne Hojaşyň, ne beýlekileriň gözüne salgy berlen ýerde hiç hili garam-guram görünmedi. Birdenem: “Ine men bärde” diýýän ýaly edil Teke hanyň duran ýerine golaýrakda hälki daýzanyň kellesi göründi. Bir aýlaw edibem, ýene-de ýom-ýok boldy. Gaýdybam görünmedi.

Indi, özüni suwa urubilmän ýaýdanyşyp duran-a ýok. Ýöne, her kim birhiliräk öz alajyny edip, onsoň girýär. Tulum çişirip oturanam bar, hatda ýetginjek oglanlardan balaklaryna ýel berip, çişirip münýänlerem bar. Göç uly bolansoň bir-ä ýaýrawy giň birem üzlem-saplamrak. Her kim kenaryň amatlyrak ýerini peýläp gidip otyr.

Birdenem kimdir biriniň:

–E-eý, Hojaş, gelniň gark boldy-y... – diýen çasly sesi eşidildi.

Hakykatda Hojaşyň gelni ýok. Ol entek öýlenmedik. Ýöne, salyrlaryň öz aýdyşlary ýaly geleşdirilen. Geleşikli. Özem bir çak toý edilmelidi-de, galyň meselesinde düşünişmezlik bolup, gaýra süýşürilip ýördi. Diýmek, gark bolýan onuň gelni däl-de, gelinligi, ýagny geleşiklisi bolmaly. Sesiň gelen ýerine Hojaşa görä-de Öwezgeldi batyr golaýrak durdy. Şonuň üçinem, ol derhal atynyň başyny şol tarapa öwürdi. Ýöne, Hojaş bir demde onuň yzyndan ýetdi-de: “Dur!” diýdi we çep kenar bilen aşaklygyna tarap atyny ýüzün saldyryp gitdi. Ho-ol, aňyrrak barybam aty bilen bilelikde özüni suwa urdy. Möwçleriň arasy bilen gaýdyrylyp

barýan gelinliginiň öňüni çolady. Golaýyna gelendenem garbap alyp atyň öňüne çekdi, sypdyrmazlyk üçin gujaklady. Ejap etdimi, nämemi, gyz şol aralykda-da onuň elinden sypjak bolup dyzady, urundy, kakyndy, elleri bilen ýüzüni tutdy, ýöne, ýigidiň berdaşly gollary ony sypdyrmady. Birneme aňyrrakdanam bolsa ol öz gelinligini sag kenara alyp çykdy.

Ygym-sygym bolşup gyzyň hossarlaram kenara çykdylar. Hojaşa müň kerem sag bolsun aýtdylar. Ejesi görgüli bolsa dyzyna çöküp saçlaryny ýaýyp oturşyna:

–Şu gün alsaňam seňki indi şu gyz, jan Hojaş – diýip, hünübirýan aglady.

Kakasam çöp-çalamdan we läbik suwdan ýaňa çyr-çyrşak bolan ýüzüni iki-baka sypajakladyp durşuna aýalyna tarap barmagyny çommalyp göwünli-göwünsizräge-de:

–Heseliň aýdýany dogry şol... – diýdi.

Hojaş esli wagtdan soň Teke han dagynyň ýanyna gaýdyp geldi.

–Edil şol wagtam kenarda henizem öňki agşamky toýda aýdylan aýdym-sazyň humaryndan çykybilmän hiňlenjiräp gelýän Baky lütjek peýda boldy. Ol Pulhatyndan geçiler diýip arkaýyn bolan bolsa gerek, göçden kän yza galypdyr. Özem ýabysyny idip gelýär. Üstünde-de aýaly. Ol ärine bir zatlar diýip gygyrýar, ýöne ol ony eşidenok. “Paliýilliň-pal, paliýilliň-pal..” diýip, öz ýanyndan, henizem “Balsaýady” çalyp gelşine aşaklyk bilen käte bir daş-töweregine göz aýlaýar. Ýagaýyň öwerlik däldigini, bu kenarda uzak eglenmeli däldigini bütin durky bilen syzýar. Oňa çenli Begnazar atyny debsiläp bardy-da, onuň üstüne abandy.

–“Pylly-pyllyňy” goýda, ur özüňi suwa! Heleýiňe-de özüň jogap berýäň! Bol, çaltrak!

Baky lütjek: “bor, bor...” diýdi-de, ýabysynyň uýanyndan tutup suwa girdi. Aýaly: “Waý!..” diýip gygyrdy, ýöne, elini eýeriň gaşyndan aýyrmady, gaýtam barha berk ýapyşdy. Ýapyrylyp, ýabynyň boýnundan gujaklady. Lagar ýaby gudrat görkezdi diýseňem boljak, ol men diýen atlar bilen bir hatarda eýesiniň ikisinem ol kenara alyp çykdy. Elbetde göreşsiz däl. Bilip etdimi, bilmän etdimi ol akymyň güýçli ýerine, derýanyň ortasyna barýança-ha göni ýüzdu, soňam özüni möwje urdy-da, lemmerleriň arasy bilen hiç hili garşylyk görkezmezden akymyň ugruna bakan gidiberdi. Maman apa ýaly gözleriniň agyny köpeldip barşyna kem-kemdenem sag kenara tarap gyýaklady. Yýandan ýapyşyp, “pyl-pyl” edip barýan Baky kenara çykandan soň ýabysynyň ýalyndan ýapyşyp boýnundan gujaklap aglady. Gaty gygyryp aýtmasa-da:

Her menzilde on jam arpa,<br>Berenlerin halal olsun...

–diýip Göroglynyň öz Gyratyna bagyşlap gaýran namasyna hiňlendi.

Ýere düşüp, “has-has” edip oturan aýalam oňa şol wagt düýn-öňňinki alyjy tapylsa ýabysyny sataýmak hyýalynyňam ýok däldigi baradaky eden gürrüňini ýatlatdy.

–Aç ölýänem bolsak şu ýabymyzy hiç kime satmaly Baky.

–I-i-i... Satyp näme e-e. Satmarys... – diýip Bakam buýsançly gygyrdy. Derrewem sazyna başlady. – Paliýilliň-pal, paliýilliň-pal...

Ýöne ol sazyny basym bes etmeli boldy. Çünki, eýelerine bolan yhlasyny subut etmek üçin ýaby janawer özüniň iň soňkuja kuwwatjygyny sarp edipmi ýa

boljagymy, gulaklaryny sallap, boýnunam aşak egip duran ýerinde birki ýola o ýan, bu ýan yraň atan ýaly etdi-de, “güpürdäp” bir gapdala ýykyldy. “Razy boluň” diýýän ýaly, kellesini galdyryp iň soňky gezek eýelerine seretdi. Şol hem onuň şu garyp ömründe eden ähli hereketleriniň iň soňkusy boldy.

Är-aýal ikisem uly illeri bilen ses edip, özlerini ýalňyz mallarynyň üstüne zyňdylar. Bakynyň sesi hasam naýynjar çykdy.

–Waý-aý, hany-manym aý-a.

Sag kenara çykyp gelýän, orta ýaşlaryndaky bir daýaw aýal olaryň deňinden hatda aýagam çekmän geçip barşyna ýüzüni-gözüni çytyp, garaçyny bilen käýindi.

–Goýuň-a zat görmedik görümsiz masgaralar. Il-günüň içinde ýakynlaryny ýitirip seslerini çykarman gidip barýanlary ba, siziňki näme...

Şondan soň är-aýal ikisem seslerini goýdular. Ýerlerinden turup, sallam-sajak ýola düşüp barýan bosgunlaryň yzyna düşdiler.

Iň soňkularyň hatarynda özüniň kethudalyk edýän kiçijik urugynyň adamlaryny yzyna tirkäp Jumasapar geldi. Onuň öňünde iki eşek. Biriniň üsti ýükli. Ýükleriniň arasynda şo-ol, meşhur ýalpyldawuk pil görünýär. Ikinji eşegiň üstünde Akbike otyr.

Jumasapar öz Noparyndan saýlandy-da, Teke han dagynyň duran ýerine geldi. Elindäki bir ujy çiş ýylgyn taýak bilen kebzesiniň arasyny gaşap durşuna gözlerini gymşaýdyp:

–Ýazmuhammet, mallar bir başybitin derýadan geçdimikä? – diýdi.

Şu aralykda onuň nebsiniň gürrüňini edip durşuna Teke hanyň gahary geldi.

–Mal bilenem işiň bolmasyn, çopan bilenem. Goş-golamlaryňam taşla-da, geç derýadan, gyzylbaşyň elinde ömürlik galmajak bolsaň. – Han ak atyny debsiläp Jumasaparyň toparynyň ýanyna bardy. Gamçysyny derýa tarap çommmaltdy. – Uruň özüňizi suwa!

Han aýtdy, gutardy. Ol-a derýa ekeni, özüňi guýa at diýse-de ataýmaly. Her kim “pat-pat” etdirip elindäki, arkasyndaky, eşekleriň üstündäki goşlaryny bir gyra taşlady. Jumasaparyň özem şeýtdi. Az salym ýaýdanyp durandan soňam ýuwaşlyk bilen aşak egildi-de, goşlarynyň içinden pilini sogrup aldy.

–Ähli goşumy taşlasamam şun-a taşlajak-gä...

Şondan soň Noparyň adamlary ýeke-ýekeden, gorka-ürke suwa girdiler. Gara maly barlar mallarynyň guýruklaryndan aslyşdylar. Eşegi barlar üstüne mündüler. Hatda itleriň boýnundan aslyşyp girenlerem boldy.

Jumasaparam ýükden boşan eşegine mündi-de, aýalyna ýüzlendi. – Ýör, Akbike, sür, tersimiz takdyra ýazylmadyk bolsa hiç zadam bolmaz. Hümf-çü-üýf...

Derýa köşeşdimi ýa gaty ylaýyk ýerine gabat geldilermi, Jumasaparyň Noparynyň tas hemmesi diýen ýaly sag-aman o tarapa geçdi. Orta ýaşdan geçeňkirlänräk bir kişi derýanyň ortasyndaky güýçli akyma düşüp ep-esli ýere çenli “garkyldap” gitdi. Ýöne, onam kän daşlaşmanka yzyndan ýetip Öwezgeldi batyr halas etdi, aňyrky kenara çykardy.

O kenara çykansoň sag-aman geçen garyndaşlaryny tükelläp duran Jumasaparyň elindäki ýalpyldawuk piliň Gün bilen çaknyşyp çykarýan ýiti şöhlesi çep kenarda duran ekabyrlaryň ýüzlerine düşüp, gözlerini gamaşdyrdy.

Jumasaparyň toparynyň arasynda Gülbedenem bar ekeni. Ol elbetde, onuň urugyndan-a däl, ýöne, näme üçindir Zurabada soňky gezek göçüp gelineli bäri şolar bilen hatardaş-a otyr. Bir körümşek ejesi bilen on dört ýaşlaryndaky oglan jigisi bardy, olaram düýnki kiçi göç bilen gitdiler.

Hemmeleri haýran galdyran zat, şol aljyraňňylygyň içinde-de onuň şähdi açyk. Ýüzünde gorky-ürki ýok. Gaýtam toparyň barysy geçip bolýança garaşyp, olara göwünlik berdi durdy.

Özüne gezek gelendenem, üç-dört ädim gaýra tesdi-de, başyndaky ýaglygyny kakyp alyp, biline daňdy, köwüşlerinem şol guşaga gysdyrdy-da, bat bilen ylgap gelip özüni derýa oklady. Ortasyna çenli balyk ýaly ýüzüp gitdi-de, birdenem zym-zyýat boldy. Esli wagtlap görünmedi. Akym äkidendir öýdüp ekabyrlar o ýan, bu ýan garanjaklaşdylar, soň halasgärleriň ýüzlerine seredişdiler, Öwezgeldi batyr bilen Hojaş atlaryny çapdyryp öňe gitdiler, ýöne Gülbeden ekabyrlaram, topardaşlarynam ýene bir gezek haýran galdyryp, edil suwa uran ýeriniň deňinden, aňyrky kenardan çykdy.

Eglip, bir gujakdan az bolmadyk gara saçlaryny elleri bilen sykyp durşuna birgeňsi ýylgyryp ekabyrlara seretdi. Ekabyrlaryňam näme üçindir barysy birden Abyt işanyň ýüzüne seretdiler.

–Akymyň aşagyndan ýüzüp geçen bolmaly... – diýip, Abyt işan ýuwaşja seslendi. Çalajada ýylgyrdy. – Mert maşgala ekeni.

Beýlekilerem:

–Howwa, zora-zor, ökdä-ökde diýmeli – diýişdiler.

Oňa çenli Öwezgeldi batyr bilen Hojaşam atlaryny segredip gaýdyp geldiler.

***

...Şeýdip göç derýadan geçdi. Pidasyz bolmasa-da, esasy iş bitirildi. Bu kyn pursatda her kimiň ykbaly özüniň nesibe takdyryna, dogum gaýratyna, şeýle-de mal-garalaryna bagly boldy.

Ýöne, uly-kiçi, aýal-erkek hemmesine şol wagt güýç-kuwwat beren, ýa öleýin, ýa alaýyn diýip, özleriini däli derýanyň gujagyna okladan gaýratyna galdyran bir zat bardy, o-da Ata-Watana aşmak, mähriban topraga gowuşmak höwesi. Şol isleg, şol arzuw hem olary möwçlerden, lemmerlerden geçip, sag kenara çykmaklyga ýardam berdi.

Öň gepleşip goýulyşy ýaly, bosgunlar sag kenara şol ýerden geçerler öýdüp, Alyhanow öz otrýady bilen Gün guşluga galyberende Pulhatyna geldi.

Gark bolan bosgunlaryň käbirleriniň jesetleriniň kä ýerde bir görnüp gitmekleri, käbirleriniň bolsa köprrüniň hüjrelerine dykyn bolmaklary, şeýle hem Maşatdan gaýdan kowgynyň bosgunlaryň öňüni çolamak üçin hut Pulhatyny nazarlap gaýdandyklary baradaky habaryň gelip ýetişmegi netijesinde Alyhanow salyrlaryň nä güne düşendikleri hakynda dogry netije çykardy we gyssagly suratda sag kenar bilen ýokarlygyna, tä bosgunlar öňlerinden çykýança hereket etmekligi öz soldatlaryna buýurdy. Kazaklar baranda halas bolan bosgunlaryň hemmesi derýanyň sag kenaryna ýygnanyp, öz ekabyrlaryna garaşyp durdular.

Daýaw hem sarç atlar han-begleriň hemmesini baş esen, bagry bitin sag kenara çykardylar.

Alyhanow bosgunlaram, han-beglerem özleriniň taryhy watanlaryna gowuşmaklary, mähriban topraklaryna aýak basmaklary bilen gutlady. Ýitgi çekenlere duýgudaşlyk bildirdi.

–Derýanyň o kenarynda bolsun, Zurabatda ýa Garadepede bolsun, galdyryp gaýdan zatlaryňyzyň ählisini soň gelip alyp gitmäge mümkinçilik dörederis. Bugdaýyňyz barada hem Eýran hökümetiniň wekilleri bilen gürleşeris. Häzir siz esasy etmeli zadyňyy etdiňiz, derýadan, ýagny serhetden geçdiňiz. Indi siz Orsyýetiň raýaty. Sarahsa tarap ýol açyk. Ugralyň.

Agyr göç ýene-de ýola düşdi. Ýöne, olar indi juda ýadawdylar. Egbardylar. Üstesine olaryň köpüsi ýap-ýaňyja ýitiren hossarlarynyň agysynam aglamaly bolýardylar. Iki ýüz sany atly kazak bolsa nyzam bilen olaryň daşyny gorap gelýärdiler.

...Pulhatynyň deňine baranlarynda Eýran tarapdan Alymerdan hanyň goşunam gelip ýetdi.

Alyhanow Teke hana bosgunlary kem-kemden kenardan daşlaşdyrmaklygy tabşyryp, özi kazaklary bilen kenarda galdy. Bosgunlar bilen Eýran goşunynyň arasyna girdi.

Alymerdan hana ýa-ha şa tarapyndan şeýle buýruk berlipdir, ýa-da özi diplomatiýanyň düzgünlerini gowy bilýär, öz goşunynyň san taýdan agdyklyk edýändigine garamazdan, bosgunlar bilen aralykda duran, bary-ýogy iki ýüz atlydan ybarat ors goşunyna garşy hiç hili uruş meýillerini ýüze çykarmady. Pulhatyndan geçmäge milt etmedi. Şol pursat Eýran şasy Orsyýetiň Tährandaky ilçisi Melnikowdan Alyhanowyň öz atlylaryny bosgunlar bilen Eýran goşunynyň arasyndan aýyrmaklygyny talap etdi. Emma Melnikow Ak patyşanyň görkezmelerine we tabşyryklaryna salgylanmak bilen, hususan-da Alyhanowyň kazaklaryňam, bosgunlaryňam eýýäm resmi taýdan Orsyýede birikdirilen toprak üzre ýöräp barýandyklaryny göz öňüne tutmak bilen, onuň şol talaplaryny ret etdi.

Şondan soň Alymerdan han sag kenar bilen derýanyň aşak akymyna tarap, bosgunlary penalap barýan kazaklary esli ýere çenli gözi bilen yzarlap, deňdeş gitdi, kem-kemdenem kenardan daşlaşdy. Arany açdy. Ahyram topy-tophanasy bilen bilelikde kenary ýakalap oturan gür jeňňelligiň içine siňip gitdi.

Şol ýerden ol göni Täze Sarahsa, ýagny, Eýran Sarahsyna bardy we şanyň öňünde hiç hili hyzmat görkezmedik, salyrlary saklamak üçin hiç hili hereket etmedik, çäre görmedik adam hökmünde görünmezlik üçin, “Ruhnabady” orslara beripsiň” diýen bahana bilen, iki sany pars ofiserini tussag etdi hem-de resmi suratda jezalandyrdy.

Alty ýüz serbazdan we iki topdan ybarat goşunyň bary-ýogy ýüz kazakdan ybarat otrýada batyrynyp bilmezligi ors hökümetiniň güýjüni salyrlaryň gözüne Eýran hökümetiniňkiden kän-kän kuwwatly edip görkezdi. Abraýyny artdyrdy. Olaryň her biriniň aňynda: “Ine, bu döwlet bize arka durup biler, ähli bela-beterlerden gorar, hiç kime ynjytdyrmaz” diýen düşünje döretdi.

Ýolda uly ýitgiler çekendiklerine, heläkçiliklere uçrandyklaryna garamazdan, Zurabatdan we Garadepeden Köne Sarahsa göçüp gelen bosgunlaryň öý sany şol wagt 3250-ä, ilat sany bolsa 16.000-e barabar boldy.

Teke han Alyhanow bilen bilelikde olary öz isleglerine, ýagny, her tiräniň öz öňki oturyp giden ýerlerini saýlap-seçmeklerine görä, kowçum-kowçum, oba-oba edip ýerleşdirdi. Hersiniň özüne degişli ekin meýdanlaryny, görkezdi.

Ýap meselesinde bije atyldy.

Şonuň esasynda ýokarky ýap – Ýalawaja, ortaky ýap – Kiçiaga, ilerki ýap – Garamana düşdi. Şonda ýeriň-ýurduň häsiýetine, bereket-sahawatyna görä, il arasynda: "Ýalawaç ýere eýe boldy, Kiçiaga suwa eýe boldy, Garaman pula eýe boldy" diýen nakyl şekilli gürrüň döredi. Munuň manysy şeýleräk: Ýalawaja düşen ýer gowy. Mes. Tekiz. Giň. Kiçiaganyň ýaby göni. Gidişi pesräk. Suwy akgynly. Garamanyň oturan ýeri Eýrana golaý. Serhetdeş. Eýran Sarahsynyň Maşat ýaly uly bazarly şäheriniň alkymy. Söwda-satyk üçin amatly. Üstesine-de Eýran bilen aralygy Weýeňňämden başlap tä Kindiklä çenli bir gezek suwaryp ekibilseň, ähli ekin düme bitýä. "Salyryň baýy Garamandadyr", diýilmegem şonuň üçin.

Gowy ýerleşenlerinden soň, Teke han: "Haýsy milletdendigine, türkmeniň haýsy taýpasyndandygyna garamazdan, kim hünärli bolsa, daýhan bolsa, mirap ýa söwdagär bolsa gelibersin, biz Sarahsda ýurt tutdyk, ýap gazdyk, çil çekdik, ýer kän, suwam kän, ýer diýene – ýer, suw diýene – suw berjek" diýip, çar tarapa jar çekdirdi. Çaparlar gönderdi.

Bu habary eşidip salyrlaryň Eýranda, Owganda, Pendide galan-gaçaklaryndan başga-da dürli milletlerden bolan kän-kän adamlar sarahs topragyna ýygnandylar.

Şeýlelikde, Sarahs topragy bellenen möhletden gijä galdyrylman türkmenleşdirildi, resmileşdirildi. Onuň Aly Hezretleri Beýik imperator Ak patyşanyň Sarahs we salyr türkmenleri babatda, özüniň şol ýerdäki dikmelerine beren buýrugy berjaý edildi.

Şol günüň ertesi, ýagny, Eýranyň Horasan welaýatynyň merkezi şäheri bolan Maşatda oturýan, ýöne, soňky wakalar sebäpli düýnden bäri Täze Sarhasda bolýan gubernator Alymerdan han öz sertibi Bagyr hany Köne Sarahsa, Alyhanowyň ýanyna iberdi.

Ol Alyhanowa öz hojaýynynyň salyr türkmenleri barada ors baýary bilen gürleşmek, pikir alyşmak, düşünişmek isleýändigini aýtdy we iki tarapyňam mertebesine zeper ýetirmezlik üçin, haýsy tarapda, derýanyň çepmi ýa sag kenarynda duşuşsalar gowy boljakdygyny sorady. Ýa-da iki tarap üçinem amatly bolar ýaly aralyk bir ýerde duşuşmalymy?

Alyhanow ýeňijiniň sowukganlylygy bilen Bagyr ghana şeýle diýdi:

–Alymerdan hanyň ýanyna myhmançylyga meniň baranym bilen rus ofiseriniň mertebesi kemelip durmaz.

Şol güniň agşamy ol hakykatdan-da öz ofiserleri bilen Täze Sarahsa, Nusratulmülk Alymerdan hanyň ýanyna gepleşige bardy. Ony pars myhmanparazçylygynyň iň ýokary derejedäki medeniýeti bilen garşyladylar. Hezzet-hormat etdiler. Umumy hem-de syýasy gürrüňlerden soň, Alymerdan han hususan-da, Tejen derýasynyň çep kenarynda, ýagny, Zurabatda salyrlar bilen on müň rus rublyna barabar bolan baha laýyklykda ýarpasyna eken bugdaýlarynyň ykbaly bilen gyzyklandy.

Alyhanow:

–Bize ýap-ýaňyja Marydan habar gelip gowuşdy, onda üç sany teke türkmenleriniň şu ýerde bendilikde ýatnadyklary, şeýle hem şolaryň ýüz düýesiniň alty aý bäri sizde bikanun saklanýandygy aýdylýar. – diýdi. – Egerde, siz tekeleri boşatsaňyz, şeýle hem olaryň düýelerini gaýtaryp berseňiz, derýadan bäri geçen salyrlaryň Zurabada gaýdyp baryp, gyssagara ol ýerde we derýanyň kenarynda galdyryp gaýdan zatlaryny, tazygan mallaryny arabadyr-goşlaryny alyp gaýtmaga, şeýle hem bugdaýlaryny ormaga rugsat berseňiz, salyrlar size bermeli paýlarynyň ýekeje dänesinem kemmezler. Üzlüşerler. Bu olaryň özleriniňem islegleri. Bergilerini hasaplaşman, gaçyp gaýdan adamlar hökmünde görünmekligi olar özleri üçin namys hasap edýärler. Bu ýyl hasaplaşyp bilmeseler, galanyny indiki ýylyň hasylyndan özleri üstüňize eltip bererler ýa-da şu ýere, Eýran Sarahsyna getirerler. Muňa biz güwä geçýäris.

Alymerdan han ors ofiserini üns bilen diňledi we onuň aýdanlary bileen doly razylaşdy. Egerde, agzalan düýeleriň içinde öleni ýa dereksiz ýiteni bar bolsa, onda olaryň her biri üçin segsen rubl tölenjekdigini aýtdy.

Ertesi Alymerdan han Köne Sarahsa, Alyhanowyň ýanyna jogap wiziti bilen bardy. Ony hem döwlet derejesine laýyklykda, resmi suratda garşy aldylar. Saçak ýazdylar, hyzmat etdiler. Gürrüňçiligiň barşynda Alymerdan han düýn söz berşi ýaly, salyrlaryň Zurabada baryp gaýtmaklaryna idin berýän ýazmaça resminama gowşurdy. Düýeler we ýesirler barada hem edil düýnki gepleşişleri ýaly boljakdygyny ýene bir gezek tekrarlady.

Şol söhbetdeşlikde Alyhanow salyr türkmenleriniň Eýran goşunynda gulluk edýän ýigitlerini serbazlykdan boşatmak barada hem gürrüň gozgady.

Alymerdan han oňa hem razy boldy.

Şondan soň ol uzak eglenmedi. Edil garşy alşy ýaly Alyhanow ony gidende-de uly hormat bilen ugratdy.

Şonuň bilenem, olaryň arasyndaky iki gün dowam eden, şahsy hem resmi gatnaşyklary tamam boldy.

Şol günüň özünde Alyhanow Horasan gubernatorynyň beren rugsatnamasynyň gapdalyna salyrlaryň Orsyýede raýat bolandyklary baradaky haty hem goşun, alty ýüz adamdan ybarat uly topary galla ormak üçin Zurabada ugratdy.

***

Salyrlary Köne Sarahsa ýygnamak, Mary bilen bilelikde Pendi ýaýlalarynda oturan saryklary hem öz raýatlygyna almak arkaly, Orsyýet özüniň günorta serhedini Owganystan bilen-ä Şeýhi-Jüneýitde – Guşgyda, Eýran bilen bolsa Köne Sarahsda çäklendirdi. Şeýlelikde ol Hindistandan geçip Owganystanyň üsti bilen türkmen topragyna aralaşmaklygy, owgan serhetini giňeltmek bilen Orsyýetiň Orta Aziýadaky basybalyjylykly hereketlerini mümkingadar aňyrrakda togtatmaklygy, şeýdibem, olary özünden daşlaşdyrmaklygy we şol maksadyna laýyklykda öňi bilen Guşga, şeýle hem Sarahsa gadam basmaklygy köpden bäri arzuw edip ýören iňlis şirine hem dişini görkezdi, ony omzy bilen itip, birneme aňyrrak süýşürdi.

Şeýle-de bolsa ahmyrdan çykmak üçin Angliýanyň iň bolmanda Sarahs babatda serhet dawasyna ýüz urmagy, şol meseläni halkara derejesinde gozgamagy, gorjamagy mümkindi.

Şonuň üçinem, 1884-nji ýylyň 4-nji awgustynda, Orsyýetiň Daşary işler ministrliginiň Aziýa departamentiniň direktorynyň adyna ýazan hatynda Kawkaz harby okrugynyň goşun ýolbaşçysy knýaz Dondukow hem hut şol, meseläni gozgady. Ýagny, ol Zurabatdan Köne Sarahsa göçürilip getirilen salyrlaryň Orsyýetiň raýatlygyna kabul edilendikleri baradaky hakykatyň haýdan-haý döwlet derejesinde resmileşdirilmegini sorady. Bu çäräniň haçanam bolsa, nirede hem bolsa, kim tarapyndanam bolsa serhet dawasy ýüze çykaýan ýagdaýynda Orsyýet üçin resmi tutaryk bolup hyzmat etjekdigini, onuň basybalyjylykly hereketlerini sähelçejik hem bolsa ýuwmarlajakdygyny tekarlady. Şeýle hem ol: Eýran we Owganystan bilen bagly serhetimiziň degişlilikde salyr we saryk türkmenleriniň daşyndan aýlanandygyny şol taýpalaryň özleri tarapyndan raýatlyk sorap ýazan haýyşnamalary arkaly halkara derejesinde resmileşdirip bilsek ne Eýran, ne Owganystan, ne-de şol ikisiniň arasy bilen sokjarylyp gelýän Angliýa hiç haçan biziň bilen serhet dawasyny edip bilmez” diýip, öz iberýän beýleki telegrammalarynda hem öwran-öwran nygtady.

Şol çäräniň özleri üçin hakykatdan-da gaýragoýulmazsyz möhüm meseledigi soňabaka Orsyýetiň harby we syýasy guramalarynyň ählisine mälim boldy. Iş jygba-jyga geldi. Ahyram Ak patyşanyň özüne diredi. Ol bu işi ikielläp goldady we ony haýal etmän durmuşa geçirmek barada degişli edaralara görkezme berdi.

Olaram ony amala aşyrmaklygy eýýäm salyrlar bilen işleşip we dil tapyşyp ýören podpolkownik Alyhanowa tabşyrdylar.

Ol muňa nözüniň öň başlan işiniň dowamy hökmünde uly höwes bilen ýapyşdy. Öňi bilenem salyr ýaşulylary, hususan-da Teke han bilen gürrüňçilik geçirdi. “Şeýle bir möhüm iş bar, netijesi iki tarap üçinem bähbitli”, diýdi.

Kethudalar onuň aýdanlaryna derhal amal etmek bilen boldular. Öňi bilenem üýşüp, Eýran şasynyň Horasandaky dikmesi Ruknäddöwlläniň adyna hat ýazdylar.

Hatyň mazmuny şeýle:

“Lagl-merjenlerden doly aýak tozuňyza başymyz gurban bolsun! Biziň, ýagny, salyrlar jemgyýetiniň ýaşaýjylarynyň arzy-beýanatlary budur ki, biz mundan üç ýyl ozal özümiziň müňlerçe ýyllardan bäri ata-watanymyz bolan Sarahsa göçüp geldik, ýöne, muňa garamazdan, merhum Sypahsalar Horasan hanlarynyň maslahatyna eýerip, bizi güýç bilen Sarahsdan çykardy we Zurabada görürdi. Ine, şondan bärem biz ýersiz-suwsuz, agyr zähmetler we jepalar içinde ýaşap ýörüs. Aňrybaş mätäçlik bizi çar tarapa urunmaga mejbur etdi. Sürmäge sähelçejik mümkinçilik bolan ýerde biz iň bolmanda ýarpy hasyl-a alarys-da, diýen umyt bilen ekin ekdik. Biz muny şu ýylam şeýtdik. Biziň halkymyz bu ýagdaýda mundan artyk ýaşabam bilmez, bu ýerde galybam bilmez. Biz gajar hökümetinden diňe ýagşylyk gördük, şonuň üçinem oňa garşy hiç hili närazyçylygymyz ýok. Geçen ýyl Maşada şalar şasy Nasreddin şa geldi. Öz ulusymyzyň hal-ýagdaýynyň düzedilmegini haýyş etmek üçin biz onuň ýanyna gitdik, emma nebsimiz agyrsa-da, öz arzy-halymyzy onuň aly hezretlerine ýetirip bilmedik. Diňe baş egip oňmaly bolduk. Ýüz tutmak üçin hernäçe jan çeksegem onuň golaýyna goýbermediler, derwezä barýan ýoluň öňüni kesdiler, bagladylar. Size eden öňki şikaýatlarymyz bolsa hiç-hili netije bermedi. Jogapsyz galdy. Oňa derek siz boýy keltejik, ynjyk we dogany-dogana küşgürýän, öz hereketleri bilen biziň ulusymyzyň arasynda agzalaçylyk döredýän

Alymerdan hany başymyza hekem edip goýduňyz. Ol biziň iki sany bigünä kethudamyzy tutup Maşada äkitdi we şol ýerde olary bäş aýlap tussaglykda saklady. Özüniň şolar ýaly eden-etdiliklerini bes etmegini towakga edip, biz Alymerdan hana kän gezekler ýüz tutduk, ýöne, häkimlik güýjünden peýdalanyp ol biziň arzy-şikaýatlarymyza üns bermedi, ahy-nalalarymyzy diňlemedi we kellesine gelenini etdi ýördi. Ol häzirem şeýdip ýör. Biz bu ýerde bäş günlik myhman hökmünde oturanam bolsak, horasan goşunyny öz ýigitlerimiz bilen üpjün etdik, egerde ýokarda aýdylanlar ýaly ýanamalar bolmadyk bolsady, onda biz bu ýerde entegem galardyk we öňkimiz ýaly gulluk ederdik. Ors goşunynyň Sarahsda peýda bolan ilkinji güni, ähli ýaşaýjylarymyz bolup, onuň ýanyna barmak, raýatlyk sorap ýüz tutmak barada biz öňden bäri göwün ýüwürdip ýördük we Hudaýa şükür, ine, bu gün şol maksadymyza-da ýetdik. Mundan buýana biz ors hökümetiniň erkine we häkimligine boýun egeris hem-de olar bilen ylalaşykly ýaşarys. Şundan artyk aýtjak zadymyz ýok. Alla ýaryňyz bolsun...”.

Hat öňürti salyr ýaşulylary tarapyndan parsça ýazylyp, soň molla Sähet tarapyndan ors diline terjime edildi. Hatyň aşagyna salyr kethudalaryndan jemi on bäş adam gol çekdi. Teke han, baş kethuda Begnazar, baş kazy molla Oraz dagylar gollarynyň gapdalyna öz şahsy möhürlerini hem goýdular.

Olar şol bir wagtyň özünde Orsyýetiň raýatlygyna alynmaklaryny sorap Zakaspiý oblastynyň naçalnigi, general leýtnant Komarowyň adyna hem haýyşnama-hat ýazdylar we olaryň ikisinem uly dabara we buýsanç bilen, ors goşunynyň ofiseri, indi özleri bilen işlemäge birneme öwrenişen podpolkownik Alyhanowa gowşurdylar.

Şeýlelikde, salyr türkmenleriniň Eýrandan türkmen topragyna eden taryhy ýörüşleri halkara derejesinde resmileşdirildi.

Bu ýagdaý köpden bäri goňur aýynyň abşanaklap gelip Hindistanda peýda bolaryndan, özi bilen şol ýerde döşleşerinden howatyr edip gelýän iňlis şirine-de kem ýaramady. Guşga, Sarahsa gadam basmakdan, ol ýerleri eýelemekden geçen we özleriniň ençeme wagt bäri göz dikip gelýän topraklaryny şeýle gysga wagtyň içinde ellerinden giderendiklerine garamazdan, “zyýanyň ýarysyndan gaýtmagam bir peýda” diýäge-de, eýerip, häzirlikçe bir gyra çekilip oturyberenlerini kem görmediler, gaýtam Orsyýetiň öz hereketini şol ýerlerde togtadandyklaryna müňde-bir şükürler etdiler. “Öwhüldeşip” dem aldylar. Ýüreklerine sowuk suw urdular. Köşeşdiler. Ynjaldylar.

## XX.
## Epilog

Oguz-türkmen taryhynda görnükli yz galdyran salyr türkmenleriniň gürrüňi edilen “atyň depeli” deý ujypsyzja bölegi bolan, sarahsly salyrlar şeýdip, ors hökümetiniň hut öz bähbidi üçin hem bolsa eden şol taryhy hereketiniň netijesinde öz Ata Watanlaryna gowuşdylar. Ähli türkmen taýpalary bilen bilelikde Orsyýetiň raýatlygyna girdiler. Onuň tertip-düzgünlerini, kada-kanunlaryny döwtalaplyk bilen kabul etdiler. Ony gyşarnyksyz ýerine ýetirmeklige söz berdiler.

Beýleki türkmen taýpalarynda bolşy ýaly, salyrlarda hem bir bada öňki hanlar öz hanlyklarynda galdylar.

Ors hökümeti olara doly erkinlik berdi. Ýer-suw, öri meýdanlary bölünende hem olara iň gowy, suwarymly we mes toprakly ýerleri berdi.

Meňli hanyň ýeke özi Tat ýaba, Teke han bolsa Han ýaba doly suratda eýeçilik etdi.

Şeýlelikde, halk diňe şolara bagly bolup galdy. Şolardan artsa-ha ýerlerini suwaryp bilýärdiler, artmasa-da suwaryp bilmeýärdiler. Şol sebäpdenem olaryň köpüsi ýerlerini satmaga mejbur bolýardylar. Netijede Teke hanyň ýeri 700 gektara, Meňli hanyňky bolsa 800 gektara çenli baryp ýetdi. Üstesine olaryň suwaryş ulgamlaryny arassalamak, gazy-haşar, sürüm, suwaryş işlerini geçirmek, ekinlerini ekip bermek hem halkyň boýnuna düşýärdi. Şol işlere gatnaşmadyk daýhan ýeke bir şol ýyl däl, eýsem soňky ýyllarda hem özüniň suw paýyndan mahrum bolýardy.

Kynçylykly döwürleri agzybirlikde geçiren halk bilen han-begleriň arasyna şeýdip, agzalaçylyk düşýärdi. Halk muňa gynanýardy, patyşa çinownikleri bolsa o zatlara kanagatlanmak duýgusy bilen garaýardylar.

Ýer-suw baýlygyndan başga Teke hanyň şol döwür 5000 goýny, 300 gylýaly, 20 düýesi, Meňli hanyň bolsa 4 000 goýny, 30 düýesi bardy. Sarahsdaky ýaşaýyş jaýlarynyň, kerwensaraýlaryň hem elli ülüşi şol ikisine degişlidi.

Çopanlary bilen bilelikde hasap edeninde, hersiniň takmynan ýetmişe golaý hyzmatkäri bardy.

Umuman, ak patyşanyň agalygy astyndaky döwür olara hoş ýakýardy, hökümleri güýçlüdi, işleri ileridi, söwdalary küşatdy.

Ors çinowникleriniň pikiriçe, şol zatlar türkmen han-begleriniň aňynda: “Bu hökümet biziň üstümizden agalyk etjek, erkimizi elimizden aljak bolýana-ha meňzänok” diýen düşünje döretmelidi. Kalplarynda olaryň adalatly, parahatçylykly syýasaty alyp barjakdyklaryna ynam oýarmalydy. Wagtlaýynça hem bolsa özüni Eýrana, Hywa, Buhara garanda kän-kän oňşukly, adalatly hökümet hökmünde görkezmelidi. Özüne imrindirmelidi. Ýerli halky olaryň eli bilen mazaly agyzdyryklamalydy, şeýdibem, ak patyşanyň bu çöl gurtlaryna düýbünden ýat bolan tertip-kadalaryny hut şolaryň öz eli bilen ornaşdyrmalydy, şeýdibem, bolup biläýjek tolgunşyklaryň öňüni almalydy, nirededir bir ýerde Gökdepe urşunyň gaýtalanaýmazlygyny gazanmalydy.

Bu bir bada şeýle hem boldy. Garaşylan netijänem berdi. Ýöne, ol uzaga çekmedi. Özüniň hakyky keşbini görkezmek üçin, ors hökümeti haýal-ýagallygam edip durmady. Serhet, ýerli halkyň erk-islegleri babatdaky halkara, hat-petek işlerini birýüzli edip bolandan soň ol desbe-dähel uezd, priswawlyk, arçynlyk diýen ýaly öz döwlet gurluşyna mahsus, çet-çemerlere degişli düzümleri döretdi we şolaryň ählisiniň başynda öz adamlaryny goýdy. Ýerli hanlary bolsa, elbetde, onam hälki bir göz üçin, şolaryň kömekçileri edip belledi.

Mysal üçin, Sarahs Tejen uezdine degişli pristawlyk bolup, pristaw naçalnigi-hä patyşa goşunynyň haýsam bolsa bir harby adamsy, Teke han bolsa onuň kömekçisi diýen ýaly bir zat bolup galdy. Netijede beýleki türkmen han-begleri bilen bolşy ýaly, onda hem hiç hili erk-egtyýar galmady. Ähli zady pristaw naçalnikleriniň özleri çözdi. Olar han-beglere hatda sala-da salmaýardylar. Diňe

zerurlyk ýüze çykan halatynda olaryň elleri bilen ot gorsaýardylar. Türkmençilik düzgünleri, şerigatyň kada-kanunlary barha we barha yzky orunlara geçýärdi. Ýagdaý soňabaka şeýle bir derejä ýetdi, özüniň tertip-düzgünli döwletiň raýatlygyna, şol düzgün boýunça utsa-utmasa özüniňem islendik adam bilen hatda han-begler bilenem, arzalaşyp biljekdigine, hanlarda bolsa öňki erk-ygtyýarlarynyň galmandygyna, özleriniň boýun egýän kada-kanunlaryna olaryňam hökmany suratda boýun egmelidiklerine gözi ýeten halk, ýer-suw, öri meýdanlary meselesi boýunça öz hanlary bilen dawalaşyp, sudlaşyp başladylar.

Şeýle ýagdaý Teke han, Meňli han dagylar bilenem bolup geçdi.

Ýöne, ak patyşanyň dikmeleri öz daýanç sütünlerini syndyrmazlyk üçin, barybir halkyň däl-de, han-begleriň arkasyny alýardylar. Arz eden daýhanlary bolsa topalaňçylar, başbozarlar hökmünde tussag edýärdiler. Dürli möhletler bilen bendihanalara salýardylar.

Şeýle-de bolsa, wagtyň geçmegi bilen ýagdaý düýbünden üýtgedi we indi aýaklary mazaly ýer tutan we ony indi özleri üçin gerek däl hasap eden çinownikleriň hut özleri Teke hany iňlis agentleri bilen aragatnaşyga girip, aşaklyk bilen Ak patyşa garşy iş görýän adam hökmünde aýyplap, hertaraplaýyn ýanap başladylar.

Elbetde, ýurtda ymykly ornaşanlaryndan soňam orslaryň iňlislerden beýle ätiýaç edendikleri ýöne ýerden däl. Çünki, serhet meselesinde demlerinden düşen hem bolsalar, olaryň "hor-horlary" welin entek doly ýatmandy. Orslara garşy ýeriň pessi bilen göreş alyp barýandyklaram dogrudy. Baryp-ha Gökdepe urşundanam öň türkmen topragyna öz çawuşlaryny iberip başlan Britan razwedkasy entegem öz matlaplaryndan el çekmeýärdi. Pursaty gutarnykly we hemişelik elden giderendigini duýmaýardy, henizem bolsa orslary ol ýerden kowup, hojaýynçylygy öz eline almaklygyň höwesinden el üzmeýärdi. Bu babatda olar esasanam ýerli halkyň ors hökümetine garşy döräp biläýek nägileliklerine bil baglaýardylar.

Mysal üçin, 1884-nji ýylda Maryda we Ýolötende özüni Syýapuş diýip tanadan, ruhany peýda bolupdy, ýerli ruhanylaryň ähli si bilen diýen ýaly ýakyn aragatnaşyga giripdi, orslara garşy din urşuny alyp barmaklaryny ündäpdi.

Emma onuň asyl-ha ruhany däldigi, ol ýerde britan razwedkasynyň ýumşy boýunça iş geçirip ýörendigi basym belli bolupdy.

1885-nji ýylyň 26-njy ýanwar güni bolsa Tährandaky iňlis missiýasynyň sekretary Stiwens we iňlisleriň Maşatdaky içalysy Mürze Apbas ýetmiş bäş adamdan ybarat kerwene goşulyp Sarahsa gelipdiler. Stiwens şonda hakykatdan-da salyr ýaşulylary, şol sanda Tek han bilenem duşuşypdy. Şol wagt salyrlaryň Zurabatdan ýaňy bir göçüp gelen döwürleri bolansoň, Tek han entek göz üçinem bolsa öz hanlyk ornunda otyrdy. Şol sebäpden onuň iňlis razwedkasy bilen göwnüne hiç zat getirmän, bir taýpanyň doly ygtyýarly hany hökmünde duşuşmagam, myhman almagam, gepleşik geçirmegem bolup biläýjek zat.

Ýöne, aýlawly-öwrümli gepleşikleriň barşynda şol gezek Stiwens barybir Teke handan öz garaşýan jogabyny alyp bilmändi. Türkmen myhmanparazçylygyna hem-de hançylyk düzgünine eýerip, gonaklaryna mynasyp derejede hezzet-hormat edenem bolsa, ähli pikirlerini başdanaýak diňlän hem bolsa, öz gezeginde: "Biz näme ýagşylyk gören bolsak ors hökümetinden gördük. Ol bize kyn günümizde

kömek etdi, ýurdumyza göçüp gelmäge ýardam berdi. Biz oňa ýap-ýaňyja, öz islegimiz boýunça raýat bolduk. Kada-kanunlaryny kabul etdik. Şol kanunlary gürrüňsiz ýerine ýetirmeklige söz berdik. Wepaly hyzmat etjekdigimizem aýtdyk. Ant içmesegem äht etdik. Türkmene ähtiýalanlyk ýatdyr, ol ýagşylyga ýamanlyk edýän däldir, şonuň üçinem, biz janymyzdan geçeris, ýöne ähti-peýmanymyzdan dänmeris” diýipdi.

Çünki, ol wagt salyr iliniňem, onuň kethudalarynyňam, Teke hanyň hut özüniňem ors hökümetinden ýaňa göwünleri bitindi.

Ors baýarlaryna welin, megerem, Teke hanyň Stiwens bilen bolan duşuşygy, onuň bilen geçiren gürrüňdeşliginiň mazmuny aýan bolup, onuň öz aýdan sözleri mälim däl bolan bor-a çemeli özleriniň gabanjaňlyk duýgularyna eýerip, olar şondan soňam oňa dürli-dürli gysyşlar görkezdiler.

Iňlisleriň türkmen topragynda edýän hereketleri welin barha artýardy.

1887-nji ýylda Angliýanyň Hindistandaky kolonial häkimliginiň tagallasy bilen, Ahalteke ülkesine kapitan Batler ýörite iberilipdi.

O’Donowan bolsa baryp-ha Gökdepe urşundanam öň Gürgen ýaýlalarynda bolup, türkmenleriň arasynda ors hökümetine garşy öwüt-ündew işlerini alyp barypdy Gökdepe söweşini Köpetdagyň gerişleriniň üstünde durup synlapdy we ondan soň ol öz işini, tä Orsyýede meýletin birikýänçä Maryda dowam etdiripdi.

Gökdepe galasy synandan soň Tejene bosan türkmenleri orslara garşy gaýtadan aýaga galdyrmak üçinem iňlisler şol ýere öz ofiserler Noparyny iberipdiler.

Şolaryň hemmesem baran ýerlerinde Stiwensiň Teke hana aýdan sözlerini aýdýardylar. “Egerde Angliýa nöker bolsaňyz, biz sizi orslardan gorarys, gulçulykdan halas ederis. Hut şu maksat üçin biziň goşunlarymyz eýýäm Hyrada geldiler we olar şol ýerde yşaratymyza garaşyp durlar. Ondan başga biz size altyn-kümüş, pul kömeginem bereris. Ok-ýarag hakda-ha gürrüňem ýok, siz diňe galkynsaňyz bolýa...” diýýärdiler.

Bu zatlaryň barysy birigip, orslaryň gonjuna gor guýýardy we hakykatdan-da hüşgär bolmaklyga mejbur edýärdi.

Teke hanam olaryň hut şol “hüşgärlikleriniň” pidasy bolupdy.

Öwezgeldi batyryň bir wagtlar, Gyzylgaýadaky aýdan sözleriniň çyn bolup çykandygyna Teke han diňe şondan soň göz ýetirdi. “Häýt, köpeý ogly orsy bizden bir gün öň görenligini bildirdi-ow” diýip, ol ençeme gezek içini gepletdi.

Hut şol zatlaryň netijesi bolsa gerek, 1897-nji ýylda, Teke han hamala şol ýalan hanlygyny hem öz erkine, başga birine tabşyrmak üçin, öňki türkmençilik däbine görä bütin ulusy Sarahs baba gonamçylygynyň golaýyndaky at meýdanyna ýygnap uly sadaka berdi. Özüniň garrap bütinleý tapdan düşendigini, mundan buýana hanlyk edip bilmejekdigini halka aýtdy.

Bu iňlisler bilen duşuşandygy sebäpli ors häkimiýetiniň wekilleri tarapyndan Teke hana soňky ýyllaryň dowamynda edilip gelnen irginsiz ýanamalaryň, gysyşlaryň netijesidi ol şeýlekin hereket edmäge mejbur edilipdi. Çünki, ol wagt Teke han gaty bir garram däldi, bary-ýogy altmyş alty ýaşyndady. Üstesine-de ol tebigaty boýunça-da at münende aýaklary ýere ýetip duran uzynak, daýaw, süňňi sagat, süňki iri adamdy.

Teke hanyň öz hanlygyny ors baýarlarynyň gysyşy astynda, mejbury tabşyrandygyna, häzirki dil bilen aýtsak "saglyk ýagdaýy boýunça öz arzasy bilen" aýrylandygyna ýene bir mysal arkalam göz ýetirmek bolýar.

Ýagny, bu zatlaryň aňrysynda näme-nämeleriň ýatandygyndan, kim-kimleriň durandygyndan bihabar sada halk şonda Teke hana: "Eýle bolsa ýeriňe öz ogullaryňdan birini goýaý" diýipdi. Ol bolsa: "Ýok, goýup biljek däl, sebäbi meniň ogullarymdan baý çykar, ýöne han çykmaz, öňde bolsa kyn günler garaşýar, şonuň üçinem halkyň öňüne bir dogumly adamyň çykmagy gerek, onam, diňe Gara ýüz oňarar" diýip, ornuna özünden ýigrimi ýaş kiçi Meňli hany görkezipdi.

Bu bolsa ors häkimýetiniň Teke handan indi gerek däl, howply adam hökmünde düýp-teýkary bilen dynmak isländigine, seçilşikden öň onuň üstünde mazaly "işländiklerine", asly-ha şol seçilşigem şolaryň özleriniň gurnandyklaryna has takygy gurnadandyklaryna, ornuna Sarahs pristawlygyndaky milisiýanyň ştabs kapitany wezipesinde işläp ýören Meňli hany görkezmekligi öz ogullaryny hanlyga golaýlatmazlygy hem hut şolaryň özleriniň maslahat berendiklerine şaýatlyk edýär.

Ýogsam arkama-arka (Teke han – Nazarmuhammet han – Gutly han – Berdi han), onda-da iň kyn döwürlerde han bolup gelýän nesliň hanlyk daragty gelip-gelip güzeranlary birneme gowulaşansoň, Ata-Watana gowuşylansoň guraýmalymy?

Hanlygyny tabşyrandan soňam Teke han ylaýyk on alty ýyl ýaşady. Ýöne, şol ýyllaryň içinde-de ors hökümeti oňa ýazgynlylyk bermedi. Basyş astynda, göz tussagy hökmünde saklady. Hiç ýana goýbermedi. Bu ýagdaý ors hökümetini özüne iň golaý hossar saýyp, kalbynyň töründe özüni oňa köp-köp ygrarly hasap edip ýören adama iňňän ýokuş degdi. Köp oýlandyrdy. Uzak gyş gijelerini ol geçen günler, halkyň ykbaly barada pikir öwrüp geçirdi. Eden işlerini terezä saldy. Sallarlady. "Ýa halky Zurabatdan getirip ýalňyşaýdymmykam", diýen sorag ony erkine goýmady. Ýöne, birinjiden-ä ýalňyş däldi, her niçik hem bolsa ulus öz taryhy Watanyna gelipdi, mes toprakly, bol suwly ýere ýetipdi. Güzerany gowulaşypdy. Galyberse-de, ol Orsyýetiň düzüminde oturan ýeketäk türkmen taýpasy däldi. Pelegiň çarhyny bolsa tersine aýlap bolmaýar. Her niçik hem bolsa ädilen taryhy ädimiň ähli kynçylykly, nogsanlykly taraplary bilen bilelikde bähbitli taraplaram kändi.

Egerde, şol taryhy ädim wagtynda ädilmedik bolsady, onda türkmeniň iň gadymy taýpalarynyň biri bolan salyr türkmenleriniň şu bölegi hem ýer ýüzüne ýaýran beýleki bölekleri ýaly, Türkmenistanyň çäginden daşarda galardy.

Günüň-gününe, derýanyň çep kenarynda durup, sag kenara delmuryplar bakardy, Watanyň zaryny çekerdi, gözünden ýaş dökerdi, türkmen topragynda ýaşap ýören türkmenlere goşulmaklygyň, olar bilen bile bir döwlet bolup oturmaklygyň bir saçagyň başyna üýşüp, bir ojagyň başyndan örmekligiň arzuwyny ederdi.

Ine, şu oýlar welin Teke hanyň göwnüne sähelçejik hem bolsa teselli berýärdi, kalbyndaky gün-günden güýçlenip barýan harasady köşeşdirýärdi.

Ýöne, telim ýyla çeken tükeniksiz içgepletmeler, gaýgy-gussalar ony barybir alyp ýatdy. Agyr derde uçratdy. Ömrüniň soňky ýyllary bir zat tapynan ýaly boldy we mahal-mahal oturan ýerinden "zöwwe" galyp, öýüň içinde o ýan, bu ýan urunmany, ýüregi howlap kä daşary çykyp, kä içeri girip, kä tärimden ýapyşyp ýaraly ýolbars ýaly nagra çekmäni çykardy. Şolar ýalyda ol öz ýanyndan kimdir

birini ýanyna çagyrdy hyýalynda onuň bilen bir zatlar barada gürleşdi, soň ony kowdy, kimdir birine arz etdi, ahyram laky-tak durdy, özünden-özi ýadap ýykyldy. Agzyndan ak köpük saçyp ýatyşyna kakyndy, titredi. Telim günläbem hiç zada ýaraman hereketsiz ýatdy. Özüne gelenden soňam hiç ýere çykmady. Hiç kim bilen gürleşmedi.

Şolar ýalyda onuň ýanyna köplenç Abyt işan gelerdi we her hili gürrüňler, tymsallar bilen köşeşdirerdi. Göwünlik bereredi.

Käwagtrlar bolsa ellini arka atandygyna garamazda, entegem jahyllyk terzini ýitirmedik Öwezgeldi batyr salam berip gapydan girerdi. Gaşynda oturyp il-günüň ýagdaýy, syýasat, Orsyýetiň halkara ýagdaýyndaky tutýan orny, özüni alyp barşy barada akylly-başly gürrüňler ederdi. Ýöne, bir wagtlar Alyhanowyň öz ýerlerini özlerine paýlap ýören wagty aýdan sözlerini ýatlap, ýaşuyla gyjalat bermeýärdi. "Men aýtdym-a, şeýle bolar diýdim-ä, ine, gördüňmi..." diýmeýärdi. Asla şol zatlary ýatlamaýardam. Çünki, ol zatlar ol wagt eýýäm onsuzam düşnüklidi.

Başga-da gelýän-gidýän kändi. Her niçik hem bolsa halk öz hanyna bolan hormatyny ýitirmeýärdi.

Teke hanyň özi welin ýanyna hiç kimiň gelmezligini isleýärdi. Ýeke bolasy, ähli pikirleri, oýlary bilen dört diwaryň arasynda ýeke galasy gelýärdi. Ýeke bir öýi däl, eýsem bütin dünýä gözüne dar görünýärdi. Ähli zat onuň içini gysdyrýardy. Ýüregini howlukdyrýardy. Bu galagoply hem düşnüksiz dünýeden gidesi, özüni rahatlyk ummanyna urasy gelýärdi. Şol arzyly pursatyň basymrak gelerine garaşýardy...

Onuň bu islegi mazar daşynda ýazylyşyna görä 1913-nji ýylyň ýazynda hasyl boldy. Ony Sarahs baba gonamçylygynda jaýladylar. Meşhur ak atyny bolsa, tabydyna tirkäp öwülýä alyp gitdiler.

Otuzynjy ýyllarda "baý-kulak" bahanasy bilen hossarlary Özbegistana sürgün edilen we şolar bilen bilelikde ömrüniň tas, ähli bölegini diýen ýaly şol ýerde geçirip, diňe M.S.Gorbaçýowyň "üýtgedip gurmak" syýasaty döwründe Watanyna dolanyp gelen, teke hanyň Şajyk atly uly oglundan bolan iň uly agtygy Şamman aganyň beren maglumatlaryna görä, atasynyň maşgala şejeresi şeýleräk:

Aňyrlygyna: Teke han – Nazarluhammet han – Gutly han – Berdi han.

Bärligine: Teke han. Ogullary: Şajyk, Mämmet. Gyzlary: Täç, Sona.

Şajykdan: ogullary – Juma, Şamman, Gumman, Gyzlary: – Ollan, Aman, Sähra, Gurbangül.

Mämmetden üç gyzy bolup, üçüsem ýogalan. Atlary: Aýjemal, Gylyçdurdy, üçünjisiniňkini bilip bilmedik. Ogly – Nobat. Ol biziň maglumat ýygnan döwrümiz (1992 ý.mart) bardy. Biz onuň bilen gürrüňdeş bolduk, ýöne ol atasy barada oňly zat aýdyp bilmedi.

Teke han üç aýal alan: Hurma, Annagül, Ogulgurban.

Hurmadan – Şajyk.

Annagülden – Mämmet.

Annagül kör ekeni. Teke han ony birinji aýaly (Hurma) ýogalandan soň, önelge üçin alýar. O-da ýogalandan soň Ogulgurbana öýlenýär. Ýöne, ondan zat ýok.

Teke hanyň Täç atly gyzyndanam nyşan galmandyr. Sonanyň ykbaly Eýrana tartypdyr. Githä-gitlik döwri adamsy göçýär, o-da şonuň bilen gidýär. Nämesiniň bardygy barada bizde maglumat ýok.

Teke hanyň doglan ýyly biziň hasabymyz boýunça 1831-nji ýyla gabat gelýär. Ýöne, munuň birküç ýaş eýläk ýa beýläk bolmagy mümkin.

Meňli hanyň soňraky ykbaly barada aýtsak, ol hem ors hökümetiniň taryhy wakalarynyň içinden eriş-argaç geçdi. Oňa wepaly hyzmat etdi. On ýedinji ýylyň rewolýusiýasy döwründe ak patyşanyň goşuny gidenden soň, tä gyzyllar gelýänçäler serheti öz jigitleri bilen gorap gezdi. Şondan soňky çylşyrymly wakalar, gowgaly ýyllar ony hem öz çoçgaryna çolaşdyrdy. 1918-nji ýylda bolsa onuň özem, ogullary Baba handyr-Baky hanam gümürtik ýagdaýda ýogaldylar. Ol ganly wakany köpler Eziz handan gördüler. Emma, 1918-nji ýylda, Krasnowodskide, aklar tarapyndan sud edilen wagty Eziz han: “Kimi öldürenem bolsam boýnuma alýan, ýöne Meňli hanam, onuň ogullarynam men öldüremok” diýipdi. Şol suda şaýat hökmünde Meňli hanyň kiçi ogly Esen han hem gatnaşdyrylypdy.

Meňli han ogullaryny ors hökümetiniň uly şäherlerinde okuw jaýlarynda okadyp, bilimli adamlar edip ýetişdirdi. Uly ogly Baba han Peterburgda okady, rus dilini suwara öwrendi. Birinji jahan urşy döwründe patyşa goşunynda gulluk etdi. Şol wagtky çini unter-ofiser. Polşanyň çäklerinde Germaniýa garşy, Ukrainanyň çäklerinde Awstro-Wengriýa garşy söweşdi. Üç sany Georgiý hajynyň doly kaweleri. Oraz serdaryň dosty.

Rewolýusiýadan soň Meňli hanyň nebereleri sowet hökümeti bilen oňuşman Eýrana geçdiler. Olardan önüp-ösenler häzirem Eýranyň Törbetjam diýen ýerinde ýaşap ýörler.

***

Zurabatdan Sarahsa göçülip gelinenden soň halkyň ýagdaýam bolşuna görä garaz, gowulaşdy. Edil han-begleriňki ýaly bolmasa-da, Zurabatdakysy ýaly ýetme-ýykylma-ha bolmady. Durmuş öz akymy bilen birsydyrgyn gitdi oturdy. Hojalyklar ösdi, örňedi, köpeldi. Eýran hökümeti bilen doly hasaplaşanlaryndan soň-a güzeranlary hasam ilerläp başlady. Öz topraklarynyň üstünde olar özlerini kän-kän erkin duýdular.

Biziň tanyşlarymyzdan Abyt işan Sarahsa göçüp gelenlerinden soň köp wagt geçmänkä öýlendi. Hä diýmänem dört ogluň atasy boldy. Çagalaram özi ýaly hatly-sowatly adamlar bolup ýetişdiler. Bir ogly Tejendäki rus mekdebini gutaryp ilki mugallym, soňam rus dilini ganymat bilýändigi üçin, döwlet edaralarynyň birinde dolandyryjy bolup işledi.

Nazarly mergen azajyk ýempeýär diýäýmeseň ýarasyndan gutulyp, şondan soňam telim ýyllap awçylygyny dowam etdirdi. Uly ogly Arslanam gowy bolup gitdi. Ýöne, elinde şikes galandygy zerarly awa ýaramady. Mal bakdy. Öýlendi. Üç çagasy bir ogul, iki gyz ýetişdirdi. Olaram ile-güne goşdy. Nury welin, aýňalyp bilmedi. Dilem açylmady. Gaty bir uzagam ýaşamady. Şol “gojalygy” bilenem gitdi.

Maman apa Sarahsa gelenden soňam on ýyl dagy ýaşady. Tä ölýänçä tebipçiligini dowam etdirdi. Perişdejigi köp ýatlady. “Häý, şoň durmuşa çykanyny görjekdim welin, bolmady-da” , diýip, gözüne ýaş aýlady ýördi. Paýtunynam

daşkyrak garyndaşlarynyň birine berdi-de, özi pyýada gezdi. Ýöne, pahyrdan ne ogul, ne gyz hiç zat galmady. Şol, ýekeligi bilenem ötdi. Ady welin, henize bu güne çenli halk arasynda ýaşap ýör.

Kully köwege täze ýurt hasam düşümli boldy. Bu ýere gelip ol özüni tutdy. Gaty bir baýamasa-da, garaz, orta daýhan derejesine-hä ýetdi. Daýysy Apby bilenem ymykly ýaraşyp, bilelikde bir demir dükanjygynam açdylar-da, güzeranlaryny hasam gowuladylar. Şol dükandan ertir-agşam çykýan çekiç sesleriniň arasy bilen Apbynyň: "Gyňkeýin, aýtsaň-a Apby aýtdy bolýa, aýtmamasaňam içiň ýanyp barýa..." diýýän gyjyrdawuk sesem häli-şindi eşidildi durdy.

Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly, Sarahsa göçüp gelnenden soň, Gülbeden Hudaý diýip ýören zähmetkeş, gara ýer ýaly ýuwaş, öň bir gezek öýlenip durmuşy paşmadyk bir daýhan ýigide durmuşa çykdy. Gowy maşgala, gowy hojalykçy, gowy ene bolup ýetişdi. Ärine ogul, gyz dogrup berdi. Birwagtlar ýeňilkellelik edip süýkenendigi, ony oýnajak bolup özüniň ile gülki bolandygy üçin, gören ýerinde Abyt işandan gaçdy ýördi. Tötänden gabat geläýse dagy utanjyndan ýüzüne seredibilmedi. Abyt işanam ony utandyrjagam bolmady. Gaýtam: "Utanmany başarýan adamda wyždan bardyr" diýip, ony öwgüledi. Uly ildenem Gülbedeni indi ýeňles saýmazlyklaryny, ile goşulandygy üçin ýerli-ýerden goldamaklaryny, bildirkini ýüzüne basyp utandyrmazlyklaryny haýyş etdi. Il-günem şonuň diýeni bilen boldy. Gülbedenem olaryň ynamlaryny ödemek üçin özüni juda edepli, seresaply alyp bardy. Asyl, öňki Gülbeden şü, diýseler tanar ýaly bolmady.

Sarahsa göçüp gelinenden soň görnetin bagty çüwenleriň ýene birem Çöli boldy. Öňi bilen-ä ekiz ogly boldy. Gowy ýeriň maşgalasy bolansoň aýaly oňa ömürboýy ak ýürekden hyzmat etdi, ömürboýy ojagyna wepaly bolup galdy. Oýnatgy-ow şü, diýip, ärine göwniýetmezçilik etmedi. Deň-duşlarynyň üstünden gülenlerini görse ýa eşitse gaty gördi. Gabat gelen ýerlerinde olardan Çölä azar bermezliklerini haýyş etdi.

Olaram gaty bir onuň gaňryşyna gaýdybam durmadylar. "Bor, gelneje" diýdiler. Ýöne, zandyýaman Janguly welin gaýtmyşym etmedi. Çekgä-dartga gelmedi. Bütin deň-duşlary bolup haýyş etselerem "bolýa" diýmedi. Gaýtam barha beter öjükdi. Şonuň üçin Çöliniňem alybilmez awy şol boldy. "Şony bir başymdan sow", diýip, gije-gündiz Hudaýdan dileg etdi. Sähelçe ýoňlanyny eşitse-de: "Gyňkeýiniň çagasy şu gezek bir galmabilseýdir" diýip, Hudaý ýoluna jüp nan sadaka aýtdy.

Onuň dilegleri Biribaryň dergähinde kabul boldumy ýa berilenje mütdeti tamam boldumy, günlerde bir gün Janguly "tapyr-tupur" düşege ýykyldy-da, uzak ýatmanam ýogaldy.

Daňdanaralar şolar tarapdan: "Jag-g-g..." edip köpçülikleýin güýçli ses çykdy welin, telim gün bäri gije-gündiz tamakinçilik bilen şo ýana diň salyp, gapylarynda hekgerilip oturan Çöli "zöwwe" ýerinden turdy-da, düwülgi ýumruklaryny dik depesinde galgadyp, "diriň-diriň" böküp durşuna: "Jan-a-a, jana-a-a... Gyňkeýinleň birinden-ä dyndym..." diýip, ses edýänler bilen deňine gygyrdy. Asyl olar goýanlaryndan soňam goýmady. Egerde aýaly görgüli gelip, ony tutaklap diýen ýaly

öýe salmadyk bolsady, onda onuň haçan goýjagam, asyl-ha goýjakdygy-goýmajakdygam belli däldi.

Gaýtam: “Goýber! Şol apaňy... keýini tabyda ýükläp äkidenlerini gözüm bilen bir göreýin” diýip, arasynda aýalyna-da herreldi. Aýaly has bekine tutup: “Otur! Uly ile masgara bolduň...” diýip, “şyhmütürini” mazalyja towlansoň birneme köşeşdi we ýaňadandan ýerine geçip ýatdy. Şol gezek ol iki gün dagy galman ýatdy, ömürboýy alybilmedik ukusyny aldy. Jangulynyň ýerine-de “üçü” güni, aýak üstünden, onda-da iliň gözi üçin görnüp gaýtdy-da, gelip ýene-de ýatdy.

...Sary maňka görgülem bu ýerde-de il-günüň salyp beren daşy samanly laý bilen suwalan gamyş kepbesiniň kölegesinde oturyp, öten-geçen aýallardan dilene-dilene, ahyram onsy öle batman dünýeden ötüp gitdi.

Umuman, haýsy birini sanap çykjak, hemmesem öz ykballarynyň gerdişine görä, Orsyýetiň syýasatynyň astynda, ähli türkmen taýpalary bilen bilelikde 1914-nji ýyldan başlan, 1918-nji ýyla çenli dowam eden, Birinji jahan urşuny, on altynjy ýylyň gozgalaňlaryny, telpek, öý salgytlaryny, päläni, on ýedinji ýylyň fewral hem oktýabr rewolýusiýalaryny, ýigrimi bäşinji ýylyň kolhoz-sowhoz gurluşyklaryny, 1995-nji ýylyň ýer-suw reformasyny, otuzynjy ýyllaryň tutha-tutluklaryny, 1941-nji ýyldan 1945-nji ýyla çenli çeken Ikinji Jahan urşunyň (Beýik Watançylyk urşy) halka gyrgynçylykdan, weýrançylykdan, tozgunçylykdan başga uly we kiçi açlyk belalaryny hem görkezen hupbatly ýyllaryny başlaryndan geçirdiler. Formal taýdan hem bolsa Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy diýen ada eýe boldy. Döwlete öwrüldi.

SSSR-iň ilkinji hem iň soňky Prezidenti Mihail Sergeýewiç Gorbaçýowyň 1985-nji ýylda yglan eden “Üýtgedip gurmak” syýasatyndan soň Sowet soýuzynyň öz-özünden dargamagy netijesinde bolsa, bütin türkmen halky bilen bilelikde, salyrlaram ýüz ýyldanam gowrak wagt bäri dowam edip gelen baknalykdan çykdylar we sekiz ýüz ýylyň döwletsizliginden soň ýene-de özbaşdak garaşsyz döwlete öwrüldiler. Öň nirä gidýäni belli bolmadyk, ýerüsti hem ýerasty tebigy baýlyklaryna eýe boldular. Öň öz öýlerinde hem ene dillerinde geplemäge ýaýdanyşyp ýören hallaryna, indi türkmen dilini resmi suratda döwlet dili diýip yglan etdiler. Baýdak, gerb ýaly döwlet nyşanlaryny, döwlet gimnini döretdiler.

Biziň onda-munda ygyp-tozup, gara güzeranlaryny zordan aýlap, ýat ýerleriň mysapyrçylygyny çeken, kitabymyzyň içinden eriş-argaç geçen gahrymanlarymyzyň nesillerem häzir ine, şol Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň Sarahs etrapynda sag-salamat işleşip, ýaşaşyp ýörler.

Ata-babalaryndan tapawutlylykda olar indi ähli türkmen halky bilen bir hatarda öňküleri dek garyp çatmalarda, kepbelerde, çalmarlarda, oraçalarda, çürrüjek garaja öýjagazlarda däl-de, “şarňyldaşyp” duran howaly hem päkize, telim otagly gat-gat jaýlarda, bagly-bakjaly howlularda ýaşaýarlar, her dürli daşary ýurt maşynlaryny münýärler. Eşiklerini öňki ýaly çogan gaýnadyp däl-de, gymmatbahaly ýuwujy serişdeler bilen, elleri bilen däl-de kämil kir ýuwujy maşynlar bilen saçlaryny bolsa turşy gatyk bilen däl-de, aňrybaş şampunlar bilen ýuwýarlar. Mekdepden soň gidip Ýokary okuw jaýlarynda okaýarlar, daşary ýurt dillerini öwrenýärler, aspiranturalara, doktoranturalara girip, bilimlerini artdyrýarlar, daşary ýurtlarda okap, dürli ugurlardan güýçli hünärmenler bolup gelýärler. Ylymlaryň

kanditlary, doktorlary, sungat işgärleri, harby adamlar bolup ýetişýärler. Oba hojalyk ekinlerinden ýokary hasyl alýarlar. Ekinlerini Tejen derýasynyň ýokary başyndaky daglaryň arasynda, Eýran Yslam Respublikasy bilen bilelikde, Garaşsyzlyk döwründe gurlan "Dostluk" suw howdanynyň bol suwy bilen suwarýarlar. Ol howdan ozallar Tejen derýasynyň tä Babadaýhan etrabyna çenli akyp gidip, ondanam bisarpa guma siňip gidýän suwuny jylawlady we Sarahsyň ilatyny suw bilen indi gyşyn-ýazyn üpjün edip başlady. Türkmenistanyň Döwlet baýdaklary bolsa dünýäniň ähli döwletleriniňki bilen bir hatarda, Birleşen Milletler Guramasynyň öňündäki meýdançada parlap dur.

Zurabatdan gelenlerinde 16.000 ilaty bolan Sarahs topragynda bu gün 64 000-e golaý adam ýaşaýar.

*2012-2014 ýý.*
*Aşgabat*